# HÄZIRKI ZAMAN TÜRKMEN DILI

## Sintaksis

UOK 802/809
N 44

**Nartyýew N., Penjiýew M., Myradow A.**
N 44 **Häzirki zaman türkmen dili. Sintaksis.** Okuw kitaby. – A.: Ylym, 2002. -352 sah.

Şu okuw kitaby Türkmenistanyň ilkinji hem ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň "Täze bilim" syýasatyna we "Dil hakyndaky" kanuna laýyklykda taýýarlanyldy.

Ol häzirki zaman türkmen diliniň grammatikasynyň sintaksis bölümini öz içine alýar. Işde söz düzümleri, ýönekeý hem goşma sözlemleriň görnüşleri giňişleýin beýan edilýär. Sintaksisiň köp meseleleri: sözlemiň ýaýbaňlandyrylan agzalary, eýerjeňli goşma sözlemler, baglaýjysyz goşma sözlemler we başgalar täzeçe derňelýär.

Kitap türkmen diliniň sintaksisi boýunça yzygiderli hem doly ýazylan iş bolmak bilen, ýokary okuw mekdepleriniň türkmen dili we edebiýaty bölüminiň talyplary, mekdep mugallymlary hem-de türkmen diliniň sintaksisi bilen gyzyklanýanlar üçin ähmiýetli gollanma bolup hyzmat eder.

**KBK 81.2 (tü)**

**© Türkmenistanyň Bilim ministrligi, 2002 ý.**
**© YTÝG-niň "Ylym" neşirýaty, 2002 ý.**

## SÖZBAŞY

Türkmenistanyň ilkinji we ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň başda durmagynda türkmen dili giňden durmuşa ornaşdyrylýar. Türkmenistanyň Garaşsyzlygyndan soň türkmen halky dünýä möçberinde giňden tanalyp ugrady. Mähriban Prezidentimiz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy türkmenlere Garaşsyzlygy hem-de Bitaraplygy alyp berenden soň, türkmen diline bolan garaýyş bütinleý üýtgedi. Öň ulanylyş gerimi daralyp, ýitip gitmek howpuna sezewar bolan türkmen dili Türkmenistan özbaşdaklygyny alandan soň döwlet dili hukugyna eýe boldy. Adalatly Prezidentimiz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy biziň dilimizi, dinimizi, ähli milli mirasymyzy, däp-dessurlarymyzy gaýtaryp berdi.

Türkmen diliniň alty müň ýyllyk taryhy bar. Şol döwrüň içinde ol özüniň durnuklylygyny görkezdi, türkmen halkynyň aňyny, medeniýetini bütewileşdirdi. Türkmen dili Oguz hanyň, Gorkut atanyň, Göroglynyň, Magtymgylynyň, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň dili hökmünde özüni dünýä tanatdy. Türkmen dilini ösdürmekde ýazuwly edebiýatymyzyň, agzeki halk döredijiliginiň, türkmen şiweleriniň belli bahasy ýokdur. Mahmyt Kaşgarynyň "Diwan lugat et-türk", Ýusup Balasagunlynyň "Kutadgu bilik" eserleriniň, Hoja Ahmet Ýasawynyň "Hikmetleriniň" we gadymy türkmen edebiýatyna degişli onlarça ýazuw ýadygärlikleriniň atlaryny tutman geçmek bolmaz. Türkmen dessanlarynyň, aýratyn hem "Gorkut ata", "Görogly", "Oguznama" ýaly şadessanlaryň ähmiýeti has hem uludyr. Türkmen nusgawy edebiýatynyň, hususan-da, Magtymgulynyň dili aýratyn öwrenilmäge mynasypdyr.

Garaşsyzlygymyza eýe bolýançak, türkmen dili gözgyn haldady. Türkmen diliniň ulanylyş gerimi juda daralypdy, hemme ýerd diýen ýaly diňe rus dilinde iş alnyp barylýardy. Şäher ýerlerind ýaşaýan türkmenleriň belli bir bölegi öz ene dillerinde geplemegi w ýazmagy başarmaýardylar. Türkmen diline ýok bolmak howp abanypdy.

Mähriban Prezidentimiz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşyn diňe Garaşsyzlyk halky azatlyga çykaryp biler diýip, Garaşsyzlyg alyp berdi. Şondan hem türkmen diliniň täze eýýamy – Garaşsyzly eýýamy başlandy. Garaşsyzlyk türkmen diline täzeden jan berdi ony öňdebaryjy dünýä dilleriniň hataryna çykardy. Bu zatlary aňyrsynda sarpaly Prezidentimiz Beýik Saparmyr Türkmenbaşynyň Watana, il-güne, öz ene diline bolan çäksiz söýgü hem tagallasy ýatyr. "Watany söýmek dilden başlanýar" diýip, Beýi Saparmyrat Türkmenbaşy hak aýdýar.

Türkmen diline uly sarpa goýýan parasatly Prezidentim Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy özüniň her bir çykyşynda, ylaýta da Ruhnama kitabynda türkmen diliniň gadymydygyny, onuň baý hem şirelidigini, manyly hem çeperdigini öwran-öwran nygtaýar Diliň arassalygyny gorap saklamak ugrunda dyngysyz alada edýär. Ýaşlaryň, talyplaryň arassa, sagdyn geplemeklerini, sowatly jümle düzmeklerini, milli dilimiziň baýlyklaryndan ýerlikli peýdalanmalydyklaryny häli-şindi nesihat edýär. Türkmen diliniň ýaýrawynyň juda giňligini, diňe bir Türkmenistanda däl, eýsem ondan daşarda ýerleşýän ýurtlarda hem türkmen dilinde geplenilýänligini nazarda tutmagy Beýik Serdarymyz gaýta-gaýta sargaýar.

Ýokary mekdepleriň öňünde duryan wezipeleriň uludygyny, okuw sapaklarynyň dünýä ulňülerine laýyk gelmelidigini, munuň üçin ýokary hilli okuw kitaplarynyň döredilmeginiň zerurlygyny Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy her bir çykyşynda belleýär.

Mukaddes Ruhnamada diliň jemgyýetde bitirýän hyzmatyna uly baha berilýär, ol ýürek bilen bir hatarda goýulýar. Beýik Saparmyrat



Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnamasynda türkmen dilini ösdürmek, ony arassa saklamak dogrusynda ajaýyp pikirler aýdylýar.

"Diliň arassalygy Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň ünsünden birjik-de sypmaýar. Diliň arassalygyny saklamak nesilleriň arasyndaky üznüksizligi üpjün edýär we milletiň ömrüni uzaldýar"[1].

Sintaksis boýunça täze okuw kitaby Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň 2002-nji ýylda neşir eden maksatnamasy esasynda ýazyldy. Talyplara we sintaksis bilen gyzyklanýan beýleki ylmy işgärlere ýardam berer diýen niýet bilen käbir meseleler birneme giňräk derňeldi. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň bilim we dil baradaky taglymatlary we mukaddes Ruhnama kitaby işiň bütin dowamynda ýolgörkeziji şamçyrag bolup hyzmat etdi.

Türkmen diliniň ulanylyş gerimini giňeltmek, onuň sözlük düzümini baýlaşdyrmak, grammatiki gurluşyny kämilleşdirmek boýunça uly işler alnyp barylýar. Täze türkmen milli elipbiýine geçilmegi, diliň dürs ýazuw we dogry sözleýiş kadalarynyň düzgünleşdirilmegi, çet ýurt dillerinden geçen düşnüksiz sözlerden diliň sözlük düzüminiň arassalanmagy – bularyň hemmesi diňe Garaşsyzlyk eýýamynda mümkin boldy. Guwançly ýeri, dil gurluşygynda alnyp barylýan deňitaýy bolmadyk abyrsyz işleriň başynda biziň merhemetli Prezidentimiz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy durýar.

Öňki soýuzyň düzüminde dowam eden 70 ýylyň içinde türkmen diline ýeterlik üns berilmedi. Muny ýokary mekdepler üçin türkmen dilinde okuw kitaplarynyň taýýarlanyşynda hem görmek bolýar. Mysal üçin, "Häzirki zaman türkmen dili. Sintaksis" (1962) diýen okuw kitaby bolaýmasa, sintaksis boýunça Garaşsyzlygymyza eýe bolýançak, talaba laýyk ýekeje-de okuw kitaby ýokdy. Ol okuw kitabynyň neşir edileli bäri, 40 ýyl geçip barýar. Şol döwrüň içinde türkmen diliniň sintaksisine degişli ençeme işler edilen hem bolsa, olardaky täze maglumatlary jemläp, işläp, okuw kitaby şekilinde okyjylara ýetirmek mümkinçiligi bolmady. Emma şeýle okuw

[1] **Saparmyrat Türkmenbaşy.** Ruhnama. – Aşgabat, 2001. 175 s.

kitabynyň döredilmegine we onuň neşir edilmegine okyjylar köpçüli sabyrsyzlyk bilen garaşýardy.

Şeýle mümkinçilik diňe Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň zamanynda hasyl boldy. Türkmen diliniň howandary Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň "Täze bilim" syýasatyna we Dil hakyndaky kanunyna jogap edip, dilçi alymlar ýeňil bolmadyk wezipäni öz üstlerine aldylar. Olar okuw kitabyny ýazanlarynda, türkmen diliniň sintaksisi boýunça soňky ýyllarda edilen işleri we häzirki zaman ylmynyň gazananlaryny göz öňünde tutdular. Şeýlelik bilen, eliňizdäki kitabyň birinji neşiri "Häzirki zaman türkmen dili. Sintaksis" (Aşgabat, Ylham, 1998. 336 s.) ady bilen öňki elipbiýde 2000 nusgalykda neşir edildi. Ol ýokary mekdepleriň talyplary, mekdep mugallymlary hem de türkmen diliniň sintaksisi bilen gyzyklanýanlar tarapyndan gowy garşylandy.

Awtorlar topary ýokary mekdepler üçin döwrebap okuw kitaplarynyň ýetmezçilik edýänligini nazarda tutup, bu okuw kitabyny gaýtadan işledi we ony täze türkmen milli elipbiýinde neşire taýýarlady.

Okuw kitabynyň 2-nji neşirine käbir gysgaltmalar, takyklamalar we goşmaçalar girizildi.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň bilim we dil taglymatyndan gelip çykýan wezipeler esasynda "Sözbaşy" täzeden ýazyldy.

Mukaddes Ruhnamanyň dürdäne setirleri kitabyň tutuş süňňüne siňdirildi.

Mysallaryň ep-esli bölegi Garaşsyzlyk ýyllaryna degişli döwrebap sözlemler bilen çalşyryldy.

Edebiýatlaryň üsti täze çykan kitaplar bilen dolduryldy.

Okuw kitabynyň dünýä ülňülerine laýyk bilim bermegini nazarda tutup, oňa käbir jedelli meseleler hem girizildi.

"Düşündirişli we gradasion gatnaşyklar barada" diýen bölüm (ýagny yzygiderlilik gatnaşyklary, mysal üçin: "Täze açylan okuw jaýlaryna **türkmen ýaşlaryny**, ylaýta-da **türkmen gyzlaryny** çekmegiň kyn düşendigi hemmämize mälim bolsa gerek") gaýtalanma berýänligi üçin, işden aýryldy.



"Wagt eýerjeňli goşma sözlem" diýen bölüm täzeden işlenildi.

"Hal eýerjeňli goşma sözlem" we "Netije eýerjeňli goşma sözlem" diýen bölümler kitaba täze goşuldy.

"Giriş" bölümi ep-esli gysgaldyldy.

Eýerjeňli goşma sözlemleriň käbir görnüşleri (aýyrgyç, doldurgyç, habar, maksat eýerjeňli goşma sözlemler we başg.) birneme giňeldildi, täze mysallar bilen üsti ýetirildi.

Çet ýurt dillerinden geçen düşnüksiz adalgalar türkmen sözleri bilen çalşyryldy: "fraza – jümle, konstruksiýa – gurnama, problema – mesele, situasiýa – ýagdaý, pauza – dyngy, melodika – labyz" we başg.

Kitaba syn ýazan alymlaryň eden bellikleri doly öwrenildi we degişli düzedişler girizildi.

Okuw kitabyny çapa taýýarlamakda ýakyndan ýardam beren mugallymlara we alymlara öz minnetdarlygymyzy bildirýäris.

Türkmen dilini öwrenmek we ösdürmek, şeýle hem döwrebap okuw kitaplaryny döretmek ugrunda dyngysyz alada edýän merhemetli Prezidentimiz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşa egsilmez gujur-gaýrat, berk jan saglyk we uzak ömür arzuw edýäris.

## GIRIŞ

Sintaksis grammatikanyň bir bölümi bolup, baglanyşy sözleýşiň gurluşyny öwredýär.

Sintaksis, adatça, iki bölümden durýar:

a) söz düzümi;

b) sözlem.

Şonuň üçin ***söz düzüminiň sintaksisi*** we ***sözlemiň sintak*** diýip hem aýdylýar.

Sintaksis söz toparlarynyň grammatiki hyzmatlaryny öwren bilen hem meşgullanýar. Mysal üçin, **atlaryň sintaksisi**, ***sypatla sintaksisi*** we ş.m.

Diňe bir söz düzümleriniň ýa-da sözlemleriň sintaksisi d eýsem ***tekstiň sintaksisi*** hem bolup biler. Onda söz düzümlerini ýönekeý hem goşma sözlemleriň, şeýle hem goşma sintaktik bitinligi gurluş aýratynlyklary öwrenilmän, baglanyşykly sözleýşiň has ul möçberdäki görnüşleri, ýagny tekstiň gurluşy derňelýär. Tekst bols goşma sözlemlerden hem, goşma sintaktik bitinliklerden hem has uludy Ol gepiň nähili ýagdaýda aýdylýanlygy bilen baglanyşykly bolup, goşm sintaktik bitinligiň çäginden daşa çykýar. Teksti dil hem stil taýdan derňe etmekde oňa degişli aýratynlyklary öwrenmegiň möhüm ähmiýeti ba

Sintaksis öwrenilende, diňe ýazuw edebiýatyndaky mysallar salgylanmak ýeterlik däldir. Munuň üçin janly gepleşigiň sintaksisin hem gowy bilmek gerek. Aslyýetinde sintaksis gözbaşyny janly gepleşikden alyp gaýdýar. Çünki adamlar sözlemler arkaly pikir alyşýarlar. Sözlemleriň aragatnaşyk hyzmaty biçak uludyr.

Dilde dürli sintaktik gurnamalar ulanylýarlar. Olar sözleriň, sö düzümleriniň we sözlemleriň grammatikanyň düzgünlerine laýyklykd



birleşip gelmekleri netijesinde emele gelýärler. Olardan ***söz düzüminiň gurnamasy, ýönekeý sözlemiň gurnamasy, goşma sözlemiň gurnamasy*** ýaly görnüşlerini görkezmek bolar.

Sintaktik baglanyşyk diýlende, söz düzüminiň we sözlemiň bölekleriniň arasyndaky baglanyşygyna düşünilýär. Ol iki hili bolýar:

a) düzmeli baglanyşyk;

b) eýerjeňli baglanyşyk.

***Düzmeli baglanyşyk*** deňdeş agzalary we düzmeli goşma sözlemiň böleklerini baglamaga hyzmat edýär: "Muňa her bir gysym gumy zer, göwher, dür Türkmenistan diýerler! Bu topragyň üsti **hem** hazyna, asty **hem** hazyna, dagy **hem** hazyna, deňzi **hem** hazyna. Bu toprakda ýylyň ähli paslynda önüm önýär, hasyl ýygnalýar, atan her bir dänäň müň bolup gaýdyp gelýär" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

***Eýerjeňli baglanyşyk*** biri beýlekisine garaşly sözleri we sözlemleri baglamaga gatnaşýar. "Bu toprakda kesewini dürten ýeriň bagy-bossan bolýar, ýaýyndan okuňy gaçyrsaň, bu toprak altynbaş bugdaý öndürýär, söz gaçyrsaň, dana pähim bolup galkynýar bu toprak, ýaşasaň, rysgal-bereket bolup göterilýär bu toprak!" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

Sintaktik serişdeler sözlemdäki sözleriň bir-birine baglydygyny bildirýär. Bulara düşüm, degişlilik, köplük, şahs goşulmalary degişlidir. Sözleri biri-birine baglaşdyrmakda bu goşulmalaryň uly ähmiýeti bardyr.

Sözlem agzalarynyň, söz düzümleriniň bölekleriniň arasynda sintaktik gatnaşyklar bolýar. Söz düzümlerinde aýyrgyçly, doldurgyçly we ahwalatly gatnaşyklar ulanylýan bolsa, sözlemlerde şolar bilen bir hatarda, habarly we anyklaýjyly gatnaşyklar ýüze çykýarlar.

Sintaksis janly gepleşik dilini öwrenýänligi üçin, ol heň, dyngy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Heň sözlemde sintaktik many we duýgy – täsir öwüşginini bermek üçin ulanylýar. Heňiň birlikleri hökmünde labyz, deňölçeglilik, gepiň güýçlüligi ýa-da pesligi, çaltlygy, haýallygy, ses öwüşgini, jümle we logiki basymlar gatnaşýarlar.

Heň sözlemiň esasy alamatydyr. Eger heňi aradan aýyrsak, onda beýleki alamatlar bolanda hem, ol sözlem görnüşinde ulanylyp bilmeýär.

Dilde heňiň görnüşleri kändir. Ozaly bilen heň sözl grammatiki taýdan şekillenmegi üçin zerurdyr. Şu tarapdan heň topara bölüp görkezmek boljak:

1) gutaran heň;

2) gutarmadyk heň.

Gutaran heň bolanda, sözlem doly aýdylyp gutarylýar: "B aganyň ogluna Annaguly sölpi diýerdiler. Ol süňklek, garaýagyz, buru bir oglandy" (A.Durdyýew. Saýlanan eserler).

Gutarmadyk heňde aýdylanda, sözlem gutarman, ýen dowam etdirilýär: "– Kaka, tanar gidersiň-dä, gurgunmy öz (H.Saryhanow. Saýlanan eserler).

Aýdylyş maksady boýunça heň habar bermek, buýurm soramak ýaly dürli görnüşlerde bolup biler.

Duýgy aňlatmak gerek bolanda, ýüzlenme heňi ulanylýar.

Goşma sözlemi hasyl edýän bölekleriň arasynda sana degşirme, şertlendirme, düşündirme ýaly heňler duş gelýärler. Bula başga-da, çagyryş heňi, giriş we sokma sözleriň heňleri ulanylýar

Dyngy gep akymynyň wagtlaýyn togtamagyny ýa-da d sebäplere görä arasynyň kesilmegini bildirip, dürli hyzmatlary ýe ýetirýär.

Dyngy sintaktik gatnaşygy boýunça iki topara bölünýär:

sintaktik dyngy;

sintaktik däl dyngy.

Sintaktik dyngy sözlemleriň ýa-da sözlemleriň böleklerini arasynda goýlup, belli bir sintaktik gatnaşyklary ýüze çykarmak üçi hyzmat edýär: "Kerim ol söýgini, ol gudraty daş-töwerekdäki hemme zatda, hemme ýerde: adamlaryň ýüzünde-de, çölüň gözel keşbinde-de haýwanlarda-da, çöp-çalamlarda-da, kesejiklerde-de, daşjagazlarda-d okaýardy" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak); "Söz – ynsanyň miwes Ýöne ol miwe adama Alla tarapyn berilýändir" (Saparmyra Türkmenbaşy. Ruhnama).

Sintaktik däl dyngy dem almak, tolgunmak, logiki (yzygiderl pikirlenmek ukybynyň bolmazlygy) bilen baglanyşykly ýüze çykyp biler "–Şirin, ol öýde ýok. Ol... – diýip, sözüni ýarysyndan kesip durdy (N.Saryhanow. Saýlanan eserler); "Tutuş dessanda Jygaly beg öldi



diýlen ýeri **ýok ahyry... Meger... meger** Jygaly beg "Türkmende ýene bir är ýigit dörär" diýip garaşyp ýörendir!" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

Dyngy sözleri, sözlemleri birleşdirip hem gelýär, olary bir-birinden aýryp hem görkezýär. Şu tarapdan ol iki topara bölünýär:

birleşdiriji dyngy;

bölüji dyngy.

Birleşdiriji dyngy baglaýjylar bilen meňzeş bolup, deňdeş agzalary, baglaýjysyz goşma sözlemleri hasyl edýän bölekleri birleşdirip gelýär.

Bölüji dyngy aýry-aýry sözlemlerden soň goýulýar. Bir sözlem aýdylyp gutarylandan soň, ikinji sözleme geçilýär. Şol aralykda bölüji dyngy goýulýar: "Men size şu ugurdan başga bir gürrüň bereýin. Meniň işim oba gezmek boldy. Garagumuň içleri bilen gezdim. Halk çeper edebiýatyny ýygnaýardym" (N.Saryhanow. Saýlanan eserler).

Duýduryjy dyngy hem bolýar. Ol gepiň dowam edýänligini, yzda bir pikire üns çekilýänligini, deňdeş agzalaryň sanalyp geçilýänligini ýa-da öňdäki sözlemiň ýetmeýän ýerini doldurmak, anyklaşdyrmak we düşündirmek maksady bilen duýduryş berilýänligini bildirýär: "Geň görmeli zat: iş gutaryp barýarka, Şaseneme adamsy telefon etdi" (A.Atajanow. Öz tanyşlaryň).

Dyngy eýe bilen habaryň arasynda hem goýulýar. Habar isimlerden bolup, eýe bilen grammatiki taýdan baglanyşmadyk ýagdaýynda, olaryň orunlaryny çalşyryp aýtmak mümkinçiligi döreýär. Şeýle bolanda, eýe bilen habaryň arasynda dyngy berilýär, ýazuwda bolsa şol ýerde keseçyzyk goýulýar: "Türkmende ulynyň sözi – kiçi üçin perman! Kiçini sylamak – uly üçin parz! (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

Sözlemiň eýesinden öň birnäçe aýyklaýjy agzalar gelende, eýeden soň dyngy berilýär. Şol ýerde säginme barlygyna **aldanyp,** ýazuwda, köplenç, ýalňyşyp, otur **hem** goýýarlar. **Emma hakykatda ol** ýerde otur goýulmaly däldir: "Gorkut atanyň **kitabyny**" okan her bir adam // onda örän sagdyn aňly, giň gözýetimli, akyl-paýhasly, baý, agzybir, edermen oguz begleriniň ýaşaýyş keşplerini görýär" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

Sintaksis morfologiýa bilen ýakyn baglanyşyklydyr. Olaryň i birleşip, grammatikany düzýärler. Morfologiýa söz toparlaryny, ola ýasalyşyny, üýtgeýşini hem-de grammatiki şekillenişini öwrenýän bo sintaksis olary sözlemde birleşdirip, dildäki aýdylyşy ýaly derňeý Morfologiýany gowy öwrenmeseň, sintaksisi hem oňat bilmek müm däl. Mysal üçin, atlaryň häsiýetli aýratynlyklaryny, olaryň düşü degişlilik, san bilen üýtgeýişlerini bilmeseň, olaryň sözlemdäki ýer ýetirýän hyzmatyna düşünmek bolmaz. Sözlemiň eýesini tapjak bols hökmany suratda baş düşümde gelen sözi tanamaly. Aýyrgyçlary bilj bolsaň – sypatlary, ahwalatlary biljek bolsaň – hallary, habary bilj bolsaň, işlikleri öwrenmeli. Şunlukda, sintaksis morfologiýa bil baglaşdyrylyp öwredilende, sintaksisiň çylşyrymly meselelerinden b cykarmak bolar.

Sintaksis fonetika bilen hem ýakyn baglanyşyklydyr. Heň, laby dyngy ýaly köp meselelerde fonetika ýüzlenmeli bolýarys

Sintaksisiň wezipesi söz düzümlerini we sözlemleri, mümk boldugyça, doly öwrenmekden, olaryň gurluş hem many taýdan toparla bölünişini derňemekden, sintaktik gurnamalaryň (konstruksiýany köpdürlüligini ýüze çykarmakdan, olaryň many aňladyjylyk ukyby hem-de duýgy–täsirli we stil öwüşginlerini hasaba almakdan ybaratdy

Türkmen diliniň sintaksisini ylmy taýdan öwrenmekde köp edildi. Bu ugurda önjeýli zähmet çeken alymlardan A.P.Pose luýewskiniň, H.Baýlyýewiň, N.K.Dmitriýewiň, P.Azymowyň A.M.Annanurowyň, M.Hamzaýewiň, G.Saryýewiň atlaryny horma bilen tutmak mümkin.

XX asyryň ikinji ýarymynda türkmen diliniň sintaksisine degişl ençeme işleriň edilendigini, birnäçe jedelli meseleleriň çözülendigin aýtmak gerek. Söz düzümleri, ýönekeý hem goşma sözlemleriň sintaksisi dolurak işlenildi. Ýöne entek türkmen diliniň sintaksisinde we onuň dyngy belgilerinde çözülmeli meseleler hem az däl. Ol meseleler boýunça geljekde ylmy derňewler alnyp barlar.



# SÖZ DÜZÜMI

## SÖZ DÜZÜMINIŇ GÖRNÜŞLERI

Söz düzümi dil biliminde iki hili manyda ylanylýar:

1. Durnukly söz düzümi.
2. Erkin söz düzümi.

**Durnukly söz düzümi** bolanda, aýyklaýan söz aýyklanýan sözüň mydamalyk alamaty bolup gelýär. Bular bir-birinden aýrylyşman, hemişe bile ulanylýarlar we ikisi birlikde täze düşünjäni aňladyp gelýärler. Mysal üçin, "gara bermezlik", "ganat kakmak", "gonjuna gor guýulmak", "aýak sekmek", "bil baglap bolmazlyk" durnukly söz düzümleridir. Bular sözlükşynaslygyň öwrenýän zady bolany üçin, olara ***sözlük*** (leksik) ***söz düzümleri*** hem diýilýär.

**Erkin söz düzüminde** aýyklaýan we aýyklanýan sözleriň jeminden täze many aňlanylman, diňe aýyklanýan sözüň manysy anyklaşdyrylyp görkezilýär. Bu hili söz düzümlerinde aýyklaýan söz aýyklanýan sözüň mydamalyk alamatyny görkezmän, ol diňe şol sözlemde ony aýyklap gelýär. Şonuň üçin onuň aýyklaýjylyk häsiýeti durnukly däldir. Ol her sözlemde üýtgäp biler. Bu hili söz düzümleri sintaksisde öwrenilýänligi üçin, olara ***sintaktik söz düzümleri*** diýilýär: "Dünýäde iň **oňat matalaryň** Merwde, Nusaýda dokalandygy barada taryhçylar gadymyýetde ýazypdyrlar. **Türkmen ýaýlasy** ýüpek matalary, **ýüpek halylary** bilen hem dünýäde meşhurlyk gazanypdyr" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

Şu mysallarda "oňat mata", "türkmen ýaýlasy", "ýüpek haly"

ýaly söz düzümleri erkin bolup, olar dürli-dürli görnüşlerde duş gelýär

Durnukly söz düzümleri bilen erkin söz düzümleriniň utgaş gelmegi hem mümkin. Mysal üçin, "çaganyň dil açmagy" "onuň dilin tutulmagy" ýaly garyşyk söz düzümleri gatnaşýarlar. Şu s düzümleriniň birinji taýy ("çaganyň, onuň") – erkin, ikinji taýy ("d açmagy", "diliniň tutulmagy") bolsa durnuklydyr. Şonuň üçin birin taýyny başga sözler bilen çalşyryp aýtmak hem mümkin, emma ikin taýynyň her biri iki sözden ybarat bolup, many taýdan bitewi durnuk söz düzümleri hökmünde ýüze çykýanlygy üçin, olaryň düzüm bölekleri üýtgedip ýa-da çalşyryp ulanyp bolmaýar.

Sintaksisiň öwrenýäni erkin söz düzümidir. Erkin söz düzüm **iki** we ondan köp özbaşdak many aňladýan sözlerden düzülip, bi beýlekisine eýerip gelýär. Şuňa ***eýerjeňli baglanyşyk*** diýilýär.

## EÝERJEŇLI BAGLANYŞYK

Eýerjeňli baglanyşyk aşakdaky serişdeleriň üsti bilen amal aşyrylýar.

***Analitiki serişdeler arkaly.*** Munda söz düzümini hasyl edýän bölekler sözleriň tertibi, heň **we** kömekçi sözler arkaly baglanyşýarlar "Beýik Biribaryň taryhdaky erkini we eradasyny gürrüňsiz ykrar etmek **bilen** bir wagtda biz geljegiň öz ellerimiz **bilen hem** döredilmelidigini aýtmalydyrys" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

***Sintetiki serişdeler arkaly.*** Munda söz düzümini hasyl edýän bölekler goşulmalar arkaly baglanyşýarlar: "Türkmen aty, halysy, saz gurallary, dutary, şaý-sepleri, alabaý iti, saryja goýny, ak bugdaýy– bular biziň milletimiziň döreden maddy gymmatlyklarynyň esaslary we göze dürtülip duranlarydyr"(Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

***Sintaktik-morfologik serişdeler arkaly.*** Munda sözleriň tertibi, heň, kömekçi sözler we degişli goşulmalar gatnaşýarlar: "Eziz türkmen halkym, şol işleri bitirmek **üçin** oý-pikiri oýarar **ýaly**, ýüregiňde doly ynam bolar ýaly, saňa gollanma bolsun **diýip**, Ruhnama



kitabymy ýazdym, bu gün men özümiň kitabymy saňa teklip edýärin (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

## SINTAKTIK GATNAŞYKLAR

Söz düzümini hasyl edýän bölekleriň arasynda aşakdaky ýaly sintaktik gatnaşyklar ulanylýarlar.

***Aýyrgyçly gatnaşyk.*** Garaşly söz sypatlardan we aýyrgyç bolup gelýän beýleki söz toparlaryndan bolup, aýyklaýan zadynyň hilini, häsiýetini, wagtyny, ornuny we s.m. aýratynlyklaryny görkezmek üçin hyzmat edýär. Bulara ***aýyrgyçly söz düzümleri*** diýilýär: "...**Elli asyrlyk** geçmişimizden türkmene **baý** hazyna, **azym-azym** şäherler, **belent-belent** ymaratlar haraba bolup miras galypdyr" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "**Altyn** asyrda hem, ata- babalarymyz ýaly, **durnukly** şahsyýetler bolmalydyrys. **Durnukly**, **durumly**, **görümli**, **asylly**, **arkaly**, **göwnügiň** şahsyýetler bolmalydyrys" (şol ýerde).

***Doldurgyçly gatnaşyk.*** Garaşly söz doldurgyçlardan bolup gelýär we bir zadyň öz aýyklaýan sözüne bolan gatnaşygyny görkezýär. Bulara *doldurgyçly söz düzümleri* diýilýär: "Hudaý **maňa ýetimlik** bilen birlikde **kemsinmeleri**, **mätäçligi** we **ýalňyzlygy** ýeňip geçmäge beýik ruhy **güýç-kuwwat** hem berdi" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

***Ahwalatly gatnaşyk.*** Garaşly söz ahwalatlardan bolup gelýär we öz baglanýan sözüniň dürli ahwalatyny (hal, wagt, orun, sebäp, maksat we ş.m.) görkezmek **üçin hyzmat** edýär. Bulara *ahwalatly söz düzümleri* diýilýär: "**Dünýäde** iň oňat matalaryň **Merwde, Nusaýda** dokalandygy barada taryhçylar **gadymyýetde** ýazypdyrlar" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Görüp otursam, **Ruhnamany** men **ömürboýy eden** hyýallarym we işlerim bilen ýazan ekenim" (şol ýerde).

## SINTAKTIK BAGLANYŞYGYŇ TÄRLERI

Sintaktik baglanyşyklar sözlem agzalarynyň arasynda ýü çykýarlar. Olary ýüze çykarmaklygyň dürli tärleri bar. Olardan häzi zaman türkmen dilinde ulanylýanlary ýanaşma, dolandyrma w ylalaşma tärleridir

## Ýanaşma

Söz düzüminiň bölekleri ýanaşma täri arka baglanyşanlarynda, hiç hili morfologik serişdeler ulanylmaýarlar. B hili söz düzümlerinde eýerjeňli baglanyşygy ýüze çykarmak üçi sözleriň tertibi we birikdiriji heň hyzmat edýärler.

Ýanaşma täri sözlemde aýyrgyçlar, doldurgyçlar w ahwalatlar bilen olaryň aýyklap gelýän sözleriniň arasynda ýüz çykýar. Aýyrgyçlar aşakdaky sözlerden bolup gelýär:

*sypatlardan*: "**Ýagşy** sözler, **röwşen** jümleler, **şuglal** sözlemler ýürekden çykar hem göni ýürege barar" (Saparmyra Türkmenbaşy. Ruhnama); "**Ýalaňaç, köse, üsti ygalsyz**, çaý çeşmesi az bolan daglardan ata-babalarymyz **durnagöz** suwy eki meýdanyna akdyrypdyrlar" (şol ýerde);

*sanlardan*: "Aňyrsy **5 müň** ýyl mundan ozal milletbaşymyz Oguz han Türkmenden gaýdýan türkmen halky Gündogarda Hindistan, Günbatarda Ortaýer deňzi aralygynda döredilen dünýä gymmatlyklaryna dürli ugurlarda saldamly goşandyny goşdy, öz topragynda Änew, Altyndepe, Marguş, Parfiýa şalygyny, seljuk türkmenleriniň şalyklaryny, Köneürgenç türkmen döwletini – jemi **70-den gowrak** döwlet döretdi" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama);

*atlardan*: "Ruhnama kitaby türkmeniň Altyn asyryndaky maksadynyň hasyl bolmagyny, türkmen ýüreginiň hemişe hyjuwly, aýdyň paýhasly urmagyny üpjün edýän güýç bolmaly" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama);



*çalyşmalardan*: "**Bu toprak** mukaddes, keramatly toprakdyr!" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama);

*ortak işliklerden*: "Bu eýýamyň ruhunda **daş ýaryan, dagy ýykýan** gujur jemlendi (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama);

*işligiň hökmanlyk şekilinden*: "Gulmana bermeli pullaryndan özlerine hem birneme puluň galýanyny bilip, düşeklik üçin bir gülli keçe hem aldylar" (A.Gowşudow. Powestler we hekaýalar).

Ýanaşma arkaly baglanyşýan doldurgyçlar ýeňiş düşümiň goşulmasyz şekilinden bolup gelýär. Olar işiň täsirini geçirýän işlikler bilen ulanylyp, nämälim zady görkezmek üçin hyzmat edýärler: "Üç gün mundan öň siziň yzyňyzdan guma **adam iberdik**"; "Bitewilik milletiň geljegini gurnamaga **esas berýär**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Nuh pygamber neberelerine – ýigitlere **gaýratlylyk, ruhubelentlik, mertebelilik, birsözlülik, işewürlik öwretdi**" (şol ýerde).

Ýanaşma arkaly baglanyşýan ahwalatlar aşakdaky söz toparlaryndan bolýar:

*sypatlardan*: "Biz ata-babalarymyzdan miras galan şanly türkmen ýolumyza guwanmaga, buýsanmaga **doly haklydyrys**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama);

*hallardan*: "Ylymda şeýle bir çekeleşikli, jedelli, çylşyrymly pursatlar bar welin, alymlar şoňa gabat gelenlerinde, **täzeden hyjuwlanýarlar**" (Edebiýat we sungat. 18.05.2001); "Ruhubelentlik **hemişe-de gerek** (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Bizem-ä **biljek, düşünjek bolup, sunça jan edýäris**";

*sanlardan*: "–Biziň urugymyzdan biri karar edilen düzgüne bir **gezek terslik** etse, oňa dil bilen öwüt bermeli. **Ikinji gezek terslik etse**, ýeterlik mukdarda gorkuzmaly we temmi bermeli" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

Ýanaşma arkaly baglanyşýan söz düzümlerinde garaşly söz adatça öz baglanýan sözüniň öň ýanyndan gelýär, emma käbir ýagdaýlarda ýanaşma arkaly baglanyşýan söz düzümleriniň arasyna başga sözleriň girmegi hem mümkin. Başgaça aýtsak, garaşly söz ýanaşma täri arkaly baglanyşanda, öz aýyklaýan sözüniň öň ýanyndan

gelmän hem biler. Şu tarapdan olary iki topara bölüp görkezm mümkin:

1. Berk ýanaşma.

2. Gowşak ýanaşma.

Berk ýanaşmada garaşly söz mydama öz baglanyý sözüniň öň ýanynda gelýär. Ýanaşma arkaly baglanyşýan s düzüminiň arasyna başga agza düşmeýär. Şonuň üçin ol ***berk ýanaş*** bolýar: "Çoşun begleri hem şonuň ýaly öz esgerlerine **ok atmagy**, **segretmegi** we **göreş tutmagy** gowy öwretmelidir" (Saparmyr Türkmenbaşy. Ruhnama).

Gowşak ýanaşma bolanda, baglanyşýan söz düzümlerin arasyna başga sözler girýär. Garaşly söz öz baglanýan sözün gönüden-göni öňünden gelmän, olaryň arasynda beýleki agzal hem gelip bilýär. Şonuň üçin muňa ***gowşak ýanaşma*** diýilýär: "**B gün** şyh Abu Musa Baýezitden **soradylar**" (Saparmyr Türkmenbaşy. Ruhnama); "Şonuň üçinem men ene-atamyň gadyryn **has ir**, **entek** özüm perzent ekläp-saklamankam hem bilýärdim (şol ýerde).

## Dolandyrma

Dolandyrma täri arkaly baglanyşanda, garaşly söz ö aýyklaýan sözi tarapyndan dolandyrylýar we onuň belli bir şekild gelmegi talap edilýär.

Dolandyrma täri arkaly baglanyşýan söz düzümleriniň esasy sözi işliklerden bolup gelende, garaşly söz hereketiň täsir edýän zadyny görkezýär we aşakdaky düşümlerde ulanylýar.

1. Ýeňis düşümiň goşulmaly şekilinde ulanylyp, hereketiň göni täsir edýän zadyny görkezýär. Ol täsirini geçirýän işlikler bilen gelip, mälim zady görkezmek üçin hyzmat edýär: "**Men gojany** kemsiz synlaýaryn"... (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Asyl Çary aga diňe **kakamy** däl, hatda **atamy** hem tanaýan adam bolup çykdy" (şol ýerde).



2. Ýöneliş, wagt-orun we çykyş düşümlerde gelen sözler şol düşümleri talap edýän işlikler tarapyndan dolandyrylýarlar:

garaşly söz ýöneliş düşümde gelýär: "Atylýan oklar meňzeş hem bolsa, diňe käbiri **nyşana degýär**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama):

garaşly söz wagt-orun düşümde gelýär: "**Orta asyrlarda** onlarça seljuk türkmen beglikleri **döreýär**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama):

garaşly söz çykyş düşümde gelýär: "Birden hol goja daglaryň **degresinden** kalbyňy heýjana salyp, daglary owsundyryp, Görogly begiň owazy **gelýär**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Türkmeniň beýik döwletliligi **Oguz handan gaýdýar**" (şol ýerde).

Käte ýöneliş, wagt-orun we çykyş düşümlerde gelen garaşly sözler sypat, hal we aslynda hereket manysy bolan sözler tarapyndan hem dolandyrylyp biler:

"Magtymguly, synam **doly ýaradan**" (Magtymguly. Saýlanan goşgular): "**Aşda batyr**, bak, desterhan örtener" (şol ýerde); "Agaç **iýmişinden belli**, adam – **kylmyşyndan**" (Nakyllar we atalar sözi).

## Ylalaşma

Ylalaşma täri arkaly baglanyşýan söz düzümlerinde garaşly söz öz aýyklaýan sözi bilen şahsda, sanda ylalaşýar. Bularda sintaktik baglanyşyk ikitaraplaýyn häsiýetde bolup geçýär.

Ylalaşma türkmen dilinde eýelik düşümde gelen söz bilen onuň eýelik edýän sözüniň arasynda ýüze çykýar. Eýelik düşümde gelen söz haýsy şahsdan bolsa, onuň aýyklaýan sözi hem şol şahsyň degişlilik goşulmalaryny kabul edip gelýär, şeýle hem olar sanda ylalaşýarlar. Ylalaşma iki görnüşde duş gelýär:

1. Doly ylalaşma.

2. Doly däl ylalaşma.

***Doly ylalaşma*** bolanda, birinji bölegi – eýelik duşu goşulmasyny, ikinjisi bolsa, degişlilik goşulmalaryny kabul edýär: "**Me günüme** düşüp görmedik adam ogly maňa düşünmez" (Saparmy Türkmenbaşy. Ruhnama); "**Seniň kakaň** gahrymandy, hak gahrymandy" (şol ýerde).

***Doly däl ylalaşma*** bolanda, diňe aýyklanýan söz degişli goşulmasyny kabul edip gelýär. Birinji bölek eýelik düşümiň goşulma şekilinden bolup, many taýdan nämälim eýeçiligi bildirýär. Eýe düşümiň goşulmasyz şekiliniň baglanýan sözi hemişe üçünji ýöňkeme bolýar: "Dünýäniň alymlary **ahalteke atlaryna** içgin üns berýärle (Türkmenistan. 22.10.2001); "**Bahar günleri** Goňurdepede **gazu agtaryş işleri** geçirilen mahalynda bürünçden, kümüşden ýasalan zatl üflenip çalynýan **saz gurallary** hem-de köpsanly beýleki zatlar tapyld (şol ýerde).

Türkmen nusgawy edebiýatynyň dilinde pars dilinden geçe izafet arkaly hem söz düzümleriniň baglanyp gelşini görmek bolýar. B türkmen dilindäki eýelik – degişlilik baglanyşygynyň tersine bolýa ýagny eýelik edýän söz – ikinji orunda, degişlilik bildirýän söz bols birinji orunda gelýär: "Urar **bady-hazan** seni" (Dessanlar); "Tiz ýete **bagy-Erem** iline" (şol ýerde); "Saklasyn ýüz müň beladan; Ol **şahy- Süleýman** seni (şol erde); "**Gazaly Medhaljemal** bu türür" (şol ýerde); "**Çarhy-pelek** jebir edip, gözi doldurdy ýaşa" (şol ýerde).

Ylalaşma türkmen dilinde eýe bilen habaryň arasynda hem ýüze çykýar. Eýe bilen habar şahsda, sanda ylalaşýarlar. Eýe haýsy şahsdan bolsa, habar hem şol şahsa degişli goşulmalary kabul edip gelýär. Edil şunuň ýaly, eýe haýsy sanda gelse, habar hem şol sanda ulanylýar: "**Men** adamyň nämedigine gaty ir **akyl ýetirdim**. Käbir **adam bardy**, hoş söz aýdyp, güler **ýüz bererdi**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

Ýöne bular söz düzümi däldir. Eýe bilen habaryň arasynda ýüze çykýan ylalaşma söz düzümini däl-de, sözlemi emele getirýär. Söz düzümi boljak bolsa, eýerjeňli baglanyşyk ýüze çykmalydyr.



# ÝÖNEKEÝ WE ÇYLŞYRYMLY SÖZ DÜZÜMLERI

***Ýönekeý söz düzümi.*** Özbaşdak many aňladýan iki sany sözüň gatnaşmagyndan emele gelen söz düzümine ***ýönekeý söz düzümi*** diýilýär. Söz düzümi iki bölekden duryar. Şolaryň biri – baş söz, ikinjisi hem garaşly söz bolýar. Garaşly söz baş söze baglanyp, şony aýyklap gelýär. Ýönekeý söz düzüminde bir garaşly söz; bir hem baş söz bolýar. Şol ikisiniň birikmeginden ýönekeý söz düzümi emele gelýär. Mysal üçin "köwsarlap gelýän", "gelýän şemal", "gyşaryşyp ýatanlar", "ýatanlaryň üstüne sowurmak", "çalymtyk tozan", "tozan sowurmak" ýaly ýönekeý söz düzümleri aýdylanlary tassyklaýar.

Bir baş söze deňdeş ýa deňdeş bolmadyk birnäçe garaşly sözüň baglanyp gelmegi hem mümkin. Şonuň üçin bular many hem gurluş taýdan çylşyrymly söz düzümleri bolman, diňe özbaşdak ulanylyp bilinýän birnäçe aýry-aýry sözleriň ýanaşyk gelmekligi netijesinde ýüze çykýan ýönekeý söz düzümleridir.

***Çylşyrymly söz düzümi.*** Çylşyrymly söz düzümi ýönekeý söz düzümleriniň we aýry-aýry sözleriň gatnaşmagyndan hasyl bolýar. Olar many hem gurluş taýdan bitewi bolup, tutuşlygyna baş söze baglanyp, şony aýyklap gelýärler. Mysal üçin: "Ýaşy ýetmişden agan", "burny düwünli" diýen ýaýbaňlandyrylan garaşly agzalar "çal" diýen söze, "tozan siňen" diýen sözler hem "sakgalyny" diýen söze baglanyp, çylşyrymly söz düzümini emele getirýärler.

"**Orta boýly** bir gelin" diýen mysalda hem "orta boýly" goşma sypat bolup, böleklere bölünmeýänligi üçin, çylşyrymly söz düzümi hasaplanyp biler. "**Al ýaňakly zenan** ýüzüni aşak saldy" (A.Atajanow. Teke gyzy Tatýana) diýen sözlemde hem "al ýaňakly zenan" diýen söz düzümini çylşyrymly söz düzümlerine mysal hökmünde görkezmek mümkin.

## SÖZ DÜZÜMLERINIŇ TOPARLARA BÖLÜNIŞI

Söz düzümleri baş sözüň haýsy söz toparyndan bolup gelýänligi garap iki topara bölünýär:

1. Isim söz düzümi.
2. Işlik söz düzümi.

***Isim söz düzümi*** bolanda, baş söz isimlerden we atlaşyp gel beýleki söz toparlaryndan bolýar. Garaşly söz islendik söz toparlarynd bolup biler: "gyzgyn **Gün**", "bagyň **güli**", "açylan **gül**", "bagt **ýyldyzy** "garaňky **dünýä**", "ýagtyldýan **Aý**", "on dördi **gije**", "gijäniň **Aýy** "meniň **dünýäm**", "ýagtylyk berýän **güneş**", "meniň **gözüm**".

***Işlik söz düzümi*** bolanda, baş söz işliklerden bolup gelýä Garaşly söz islendik söz toparlaryndan bolup biler: "maňlaýyn **sypalamak**", "elinden **tutmak**", "Günüň astynda **mymyramak** "gözüniň **öňüne gelmek**, "elinden **basyp almak**".



# SÖZLEM

## SÖZLEMIŇ GURLUŞY

Türkmen diliniň sözlem gurluşy uzak asyrlaryň dowamynda birsydyrgyn kämilleşip gelipdir. Ýönekeý sözlemler goşma sözlemlere garanda hem has irki bolup, olaryň ýüze çykyşy we ösüşi diliň döreýşi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Häzirki zaman türkmen dilinde ulanylýan ýönekeý sözlemleriň esasy görnüşlerine türki dilleriň gadymy ýazuw ýadygärliklerinde hem duş gelinýär.

Sözlemiň gurluşy barada gürrüň edeniňde, ozaly bilen habarly gatnaşygyň üstünde durup geçmek gerek, çünki ol her bir sözlemiň merkezini emele getirýär. Habarly gatnaşygy baş agzalar – eýe bilen habar düzýär. Şol ikisi sözlemiň esasy sütünleridir. Olar sözlemiň esasy alamatlary bolup, onuň sözlem görnüşinde ýüze çykmagyny kepillendirýär. Dogrudan hem, eýe bilen habaryň bolmagy köp sözlemler üçin adaty ýagdaýdyr. Meselem: "–At bimazadyr"; "–Gazyg-a ýokdur". Şu sözlemler diňe eýe bilen habardan düzülipdir. Emma eýe we habar diňe ýygnak ýönekeý sözlemlerde däl, eýsem ýaýraň sözlemlerde hem gatnaşýar, olar sözlemiň baş agzalary bolmak bilen, sözlemiň merkezini emele getirýär: "**Türkmen** dönügi ähli zatdan **nejis görýär**, iň soňky **peslik hasaplaýar**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

Ýöne türkmen dilinde hemme sözlemden eýe bilen habary tapjak bolmaklyk hem onçakly dogry däldir. Çünki sözlem diňe habaryň gatnaşmagy bilen hem emele gelip biler. Iň bolmanda, daş görnüşi taýdan eýe sözlemiň içinde gatnaşmaýar. Bu hili sözlemler

dilde ýaňy çykan hadysa bolman, eýsem gadym döwürlerden [illegible]
ulanylyp gelipdir.

Şuňa degişli mysallar häzirki zaman türkmen dilinde näçe diý[illegible]
bar: "Dynç günleri kärdeşler bolup kino **gidýäris**, seýil bag[illegible]
**barýarys**" (P.Azymow. Ömür menzilleri); "–Näme beýle [illegible]
**galdyň**?..." "–Gijöýlänler baýa gahar edip, bazardan çykyp ugrad[illegible]
Şol ugraýşyma hemme zady jähennem edip, göni guma gitjek bo[illegible]
Peşanalydan hem **geçdim**. Ýene-de: "Bu gidişim ýagşy däl, ö[illegible]
çagalar ýaman gaýgy ederler" diýip, yzyma **dolandym**".

Görnüşi ýaly, ýokarda getirilen sözlemlerde eýe gatnaşma[illegible]
diňe onuň haýsy şahsdygy sözlemiň habaryndan aňlanylýar. Şunluk[illegible]
sözlemde baş agzalaryň ikisiniň ýa-da biriniň gatnaşmagy hem müm[illegible]

Sözlemde habarly baglanyşyk eýe bilen habaryň arasynda ý[illegible]
çykýar. Olar sanda, şahsda ylalaşyp gelýärler. Eýe atlardan we atla[illegible]
ýerini tutup gelýän ähli söz toparlaryndan bolup, diňe baş düşüm[illegible]
ulanylýar: "**Men** ulus-ilimi mukaddes saýyp, topragymy keramat k[illegible]
görüp, Watanymy başyma täç eýledim. **Kim** Watanyny depesinde [illegible]
eýlese, **Watany** hem ony başyna täç eýlär" (Saparmyrat Türkmenba[illegible]
Ruhnama).

Habar eýäniň edýän işini, hereketini, kärini, gylyk-häsiýetin[illegible]
onuň ähli alamatlaryny görkezmek üçin hyzmat edýär. Şonuň üçin [illegible]
eýe bilen sanda, şahsda ylalaşýar, belli galypda, zamanda ulanylýa[illegible]
şunlukda, habarlyk, modallyk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagyny üpjü[illegible]
edýär. Habara örän uly hyzmat degişlidir. Ol eýe bilen gönüden-gö[illegible]
grammatiki baglanyşyk saklaýar, hatda eýe sözlemiň içinde bolmady[illegible]
ýagdaýynda hem, onuň barlygyny duýduryp durýar:

**Men aldym**.

**Aldym**.

Birinji mysalda hem eýe, hem habar sözlemiň içinde gatnaşýa[illegible]
bolsa, ikinjide diňe habar bolup, onuň üsti bilen eýe-de aňlanylýar. Ş[illegible]
mysallarda habarly gatnaşyk degişli goşulmalaryň (zaman, şahs, san[illegible]
üsti bilen ýüze çykarylypdyr.

Habarlyk goşulmalary isimleriň hem yzyna goşulyp, olary bell[illegible]
bir zamana, şahsa degişli edip görkezýärler:



| | |
|---|---|
| 1. Men okuwçydyryn | 1. Biz okuwçydyrys |
| 2. Sen okuwçy(dyr) syň | 2. Siz okuwçy(dyr) syňyz |
| 3. Ol okuwçydyr | 3. Olar okuwçydyrlar |

Ýokarky mysallarda habarlyk goşulmalary ulanylýanlygy sebäpli, olaryň sözlem bolup gelýänligine hiç hili şübhe bolup bilmez.

Isimlerde, şeýle hem käbir işlik şekillerinde habarlyk goşulmalarynyň getirilmezligi hem mümkin. Şeýle bolanda, habarly gatnaşyk eýe bilen habaryň arasynda tertip boýunça, heň arkaly ýüze çykarylýar. Mysal üçin, "Men okuwçydyryn" ýerine "Men okuwçy" diýip geplenilýär. Eýsem soňky sözlemde "okuwçy" diýen sözüň habar bolup gelýänligini näme bilen düşündirmek bolar? Many taýdan eýäni häsiýetlendirip gelýär, onuň kärini, näme bilen meşgullanýanlygyny görkezýär. Şekil taýdan subut etmek isleseň, onda habarlyk goşulmalaryny dikeltmek gerek. Mysal üçin, "Men okuwçy" ýerine "Men okuwçydyryn" diýip aýtmak bolar. Habar bolup gelende, islendik isimiň ýa-da şahs görkezmeýän işlik şekilleriniň yzyna "-dyr" goşup görmek mümkin, çünki şol sözler habar bolup gelende, habarlyk goşulmalary bolmasa-da, olary goşup ulanmak mümkinçiligi saklanýar.

Diliň pikir aňlatmak mümkinçiligi çäksiz bolup, ol sözlemleriň gurluşynyň köpdürlüligini ýüze çykarypdyr. Şonuň üçin sözlem gurluşynyň esasy ülňüsi iki agzaly sözlemlerdir diýip hasap etmeklik, hakykatda, sözlemleriň aragatnaşyk mümkinçiliginiň gözgörtele çäklendirildigi bolardy.

Häzirki zaman türkmen dilinde sözlemleriň gurluşy şeýle bir ösüpdir hem kämilleşipdir, hatda ony haýsydyr bir galyba ýerleşdiräýmek hem aňsat däl. Aýratyn hem ýönekeý sözlemiň gurluşy köpdürlüdir. Şonuň üçin ähli sözlemlerden eýe-habary tapjak bolmaklyk hem köp babatda şertlidir we ýasamadyr, çünki diliň sintaktik gurluşy haýsydyr bir öňden tapylan galyba ýerleşerden has çylşyrymlydyr we gapma-garşylyklydyr. Mysal üçin, aşakdaky sözlemlerde eýe bilen habary aýyl-saýyl edip görkezäýmek aňsat däldir: "**Çaýhana**" (A.Durdyýew. Saýlanan eserler); "**Ah, Aýdogdy, Aýdogdy**!" (N.Jumaýew. Aýdogdy Tahyrow); "**Ýogsam**

näme!"; "– **Hümm**, şeýlemi?" (A.Durdyýew. Saýlanan eserle
"– **Akmämmet**! – diýip, gaharly gygyrdy" (A.Gowşudo
Köpetdagyň eteginde); "– **Öwhe-eý, öwhe-eý** – diýip, Welbek a
kör şahyr eginlerini gagşadyp hababaýlady" (Türkmenist
02.05.2002); "– **Aý-how, adamlar**! – diýip, Begmämmet han ýog
gyryljyk sesi bilen hemleli gepledi" (şol ýerde); "– **Eý-ho**! Bu gudr
bir görsediň, han aga!" (şol ýerde); "– **Estagpyrylla, estagpyrylla**
diýip, Hally molla; howpurgap zeýrendi" (şol ýerde); "– **Aperin! Aper**
Bu dünýäniň şohlesi-hä däldir bu närsä" (şol ýerde).

Bularda, görnüşi ýaly, habarlyk goşulmalary ýok. Olary dikeltm
hem bolmaýar. Beýleki sözlemlerde bolşy ýaly, eýe bilen habar
gatnaşygyny ýüze çykarmak mümkin däl. Şuňa esaslanyp, ýokarky ý
sözlemleri, şeýle hem, ümlük, ýüztutma sözlemlerini birnäçe alym
sözlem hataryna goşmaýarlar, olary ***doly däl, gysgalan*** sözlemler ý
da ***sözlem agzasy hasaplanmaýan sözler***, käbir işlerde bolsa ***sözlem***
"deň derejeli" taýy şekilinde seredýärler.

A.A.Şahmatow birdüzümli sözlemleri ikidüzümli sözlemle
gapma-garşy goýmak bilen, ol ýönekeý sözlemleriň toparlara bölünişi
berdi[1]. Şol bölüniş, käbir üýtgeşmeler girizilmek bilen, şu güne çen
ylmy edebiýatlarda giňden ulanylyp gelýär. Bu ýagda
A.A.Şahmatowyň toparlara bölüşiniň artykmaçlygyna şaýatlyk edýä
Emma ol birdüzümli we ikidüzümli sözlemleri grammatiki manylar
boýunça tapawutlandyrman, psihologik aragatnaşyk aňlatmak tä
boýunça bölüp görkezipdir. A.A.Şahmatowyň düşünişi boýunça, he
bir sözlem aslynda ikidüzümli bolupdyr, ýagny her bir sözlemden eý
bilen habary tapmak mümkinçiligini aradan aýyrmandyr. Mysal üçin
"Светает" – "yagtylýar" diýen sözlemde hem eýe, hem habar bi
wagtyň özünde aňlanylýar" diýip görkezýär. Şu bolsa A.A.Şahmatowy
toparlara bölüşiniň gowşak tarapy bolup durýar. Muňa garamazdan
birdüzümli hem ikidüzümli sözlemleriň öz içinde grammatiki gurluşy

[1] **Шахматов А.А.** Синтаксис русского языка. М., Учпедгиз, 1941, С.
30–31.



boýunça toparlara bölünip görkezilmegi we birdüzümli hem ikidüzümli ýönekeý sözlemleriň grammatiki aňladylyşynyň aýrybaşga bolmagy bu toparlara bölünişiň artykmaç tarapydyr. Maksat birdüzümli sözlemleri ikidüzümli sözlemleriň galybyna salmak bolman, ýagny birdüzümli sözlemlerden ikidüzümli sözlemleriň alamatlaryny gözlemek däl-de, eýsem bu sintaktik serişdeleriň her haýsynyň özboluşly gurluş – many aýratynlyklaryny ýüze çykarmakdan ybarat bolmalydyr.

Habarlyk ýok ýerinde, sözlem hem ýokdur, emma bölünmeýän düzümli sözemlerde habarlyk hem bar, grammatiki şekil-de. Ýöne bu hili sözlemlerde habarlyk özboluşly häsiýetde ýüze çykýar. Bölünmeýän düzümli sözlemlerde, ikidüzümli sözlemlerdäki ýaly, eýe we habar açyk şekillenmese-de, sözleýän adamyň hakykata bolan garaýşy açyk aňlanylýar. Munda habarlyk, modallyk degişli sözleriň, heňiň üsti bilen ýüze çykarylýar. Sözleriň, şeýle hem söz sözleminiň grammatiki şekili ýok diýilmegi dogry bolmasa gerek, çünki şekilsiz söz hem, sözlem hem ýaşap bilmeýär. Şonuň üçin söz sözlemlerinde hem, beýleki ikidüzümli sözlemlerdäki ýaly, açyk bolmasa-da, habarlyk hem ýüze çykýar, modallyk hem.

W.W.Winogradow sözlem bilen sözüň arasyny açyp, şeýle diýýär: "Таким образом, значение и назначение общей категории предикативности, формирующей предложение, заключается в отношении содержания предложения к действительности"[1].

Şundan ugur alanyňda, sözlemiň esasy alamaty onuň mazmunynyň hakykata bolan gatnaşygydyr. Şeýle gatnaşyk ýüze çykan ýerinde, şekil görkezijiniň, ýagny habarlyk goşulmalarynyň barlygyna – ýoklugyna garamazdan, olardan eýe we habar ýaly baş agzalary ýüze çykaryp bolýanlygyna ýa-da bolmaýanlygyna seretmezden, olar sözlem hasaplanmalygyr. Dildäki ähli sözlemleriň hemme görnüşlerini "eýe–habar" galybyna getirjek bolup durmaklyk dogry däldir. Çünki munuň

[1] **Виноградов В.В. Основные** вопросы синтаксиса предложения. (На материале русского языка) // Вопросы грамматического строя. – М.: Изд-во АН СССР, 1955, С. 404.

özi, hakykatyny aýtsaň, logikanyň ýetiren zyýanly täsiridir. Ikib grammatika köp babatda logikadan ugur alypdyr, sözlem pikir ýöre meňzeş diýip hasap edilipdir. Eger her bir pikir ýöretmede "субъе "предикат" ýaly agzalar bolýan bolsa, şolary grammatik sözlemlerden hem gözläpdirler. Emma diliň sözlem gurluşynyň özbol aýratynlyklary örän köpdürli bolup, olar logikanyň "gatap ga galybyna ýerleşmeýär. Häzirki zaman türkmen dilindäki ýöne sözlemleriň ähli görnüşlerini hasaba almak, olaryň gur aýratynlyklaryny, mümkin boldugyça, doly ýüze çykarm gaýragoýulmasyz wezipedir.

Indi sözlem bilen sözüň we söz düzüminiň arasyny açjak bo synanyşalyň. Mälim bolşy ýaly, ýönekeý sözlem bir söz görnüşi hem ýüze çykyp biler, söz düzümi görnüşinde hem gelip biler. Daş seredeniňde, bularyň arasynda tapawut ýok ýaly. Ikisi hem şol sözden ýa-da söz düzüminden emele gelýär. Mysal üçin, "bah sözüni alyp göreliň. Ol paslyň adyny bildirýär we at sözi bolup gel Emma "**Bahar**. Älem-jahan gül açýar" diýen mysalda "Bahar" sözlemi bolup gelýär. Ol bahar paslynyň dowam edýänligini aňlad Bular bir-birinden näme bilen tapawutlanýarlar? Heň bilen. Iki mysalymyzda "Bahar" diýen at sözlemi gutarnykly heň bilen aýdyl we sözleýän adamyň hakykata bolan gatnaşygyny ýüze çykarýar, pik duýgy aňladyp gelýär.

Türkmen dilindäki işlikleriň ählisi buýruk heňi bilen aýdyland sözlem bolup gelip bilerler: "Al! Gel! Git! Otur! Tur! Işle! Oka!".

Ähli sözlemden eýäni, habary we aýyklaýjy agzalary tapj bolmaklyk dogry däldir. Sözlemiň aragatnaşyk hyzmaty çäksiz bolu dilde onuň aňladylyşy örän köpdürlüdir. Bu ýerde heňiň hyzmaty hem kembaha garamak bolmaz. Esasy zat sözlemiň gutarnykly heňd aýdylyp, bir pikiri, duýgyny, erk-islegi, soragy... aňlatmagydyr. Ýön heň her näçe ähmiýetli bolsa-da, ony dilden aýra göz öňüne getirme bolmaz. Başgaça aýtsak, sözüň, söz düzüminiň ýok ýerinde, heňi ýeke özüniň etjek işi ýokdur. Diňe dil gabygynyň esasynda, habarly ýüze çykan ýagdaýynda, ol hakyky manysyna eýe bolýar. Mysal üçin "nokat" sözi şeýle alanyňda ýa-da "Sözlemiň soňunda noka



goýulýar" diýlende, bir düşünjäni aňladyp, özbaşdak manyly söz görnüşinde ýüze çykýar.

Şunuň bilen birlikde, "nokat" sözi sözlem görnüşinde ulanylyp, bir gutaran pikiri hem aňladyp gelýär. "Nokat" diýen sözlem nähili heňde aýdylýanlygyna garap pikir, duýgy we sorag aňladyp biler:

Nokat. – Şu nokat.

Nokat! – Nokat goý!

Nokat? – Şu nokatmy?

Nokat?! – Şu nokatmy?!

Häzirki zaman türkmen dilinde käwagtlar bir sesden ybarat bolan sözlerden hem sözlem emele gelýär: "Näme bolupdyr? Ä? ".

At sözlemi bilen söz düzüminiň arasynda hem ýakynlyk bar. Bularyň tapawudy gutarnykly heňde aýdylyp – aýdylmazlygynda we habarlygyň ýüze çykyp – çykmazlygyndadyr. Gutarnykly heň bilen aýdylmadyk mahalynda, "beýleki **bir** ýagdaý", "ýene **bir** ýagdaý", "birinji mesele", "**ikinji mesele**", "geň ýagdaý" ýaly mysallary söz düzümi hökmünde almak bolar. Emma bular gutarnykly heňde aýdylanda, at sözlemi şekilinde ulanylýarlar:

**Beýleki bir ýagdaý.**

**Birinji mesele.**

**Ikinji mesele.**

**Geň ýagdaý.**

**Sözlem söz düzüminden aşakdaky ýaly tapawutlanýar:**

1. Sözlemlerde habarly gatnaşyk ýüze çykyp, onuň esasyny eýe – habar düzýär. Söz düzümlerinde bolsa habarly gatnaşyk bolmaýar. Şunlukda, sözleme habarly gatnaşyk häsiýetli bolsa, söz düzümine habarly baglanyşyk mahsus däldir.

2. Sözlemler söz düzümlerinden mazmun taýdan tapawutlanýarlar. Sözlemler adatça bir zady habar bermek maksady bilen ulanylýarlar. Söz düzüminiň öňünde beýle maksat goýulmaýar. Ol sözlem gurluşyny emele getirmäge gatnaşýar. Şu babatda söz düzümi bilen aýry-aýry sözler birmeňzeş hyzmaty ýerine ýetirýärler. Söz düzüminiň sözlerden tapawudy onuň iki bölekden düzülýänliginden ybaratdyr.

3. Sözlemler aýry-aýry sözlerden hem, söz düzümleriň gatnaşmagyndan hem emele gelip biler. Bu babatda sözlem mümkinçiligi giňdir. Söz düzümi adatça iki sözden ýa-da iki bölekden durýan bolsa, sözlem bir sözden hem, birnäçe sözden hem, hatda birnäçe sözlemlerden hem ybarat bolup biler. Mysal üçin, "Gyş" sözlem bolup biler, emma söz düzümi däldir.

Söz düzümi bolmak üçin azyndan "gyş howasy" ýaly bölegiň gatnaşmagy zerurdyr.

4. Söz düzüminiň bölekleri, esasan, eýerjeňli baglanyşyk (ýanaşma, dolandyrma, ylalaşma) esasynda baglanyşyp gelýän bolsalar, sözlemlerdäki baglanyşygyň häsiýeti oňa garanda has çylşyrymlydyr hem baýdyr. Muny türkmen diliniň serişdeleri doly tassyklaýar. Mysal üçin, eýe bilen habaryň arasyndaky grammatiki baglanyşyk söz düzümlerine mahsus däldir. Türkmen dilinde habarlyk manysy diňe sözlemlerde ýüze çykýar. Goşma sözlemlerde grammatiki baglanyşyk has hem çylşyrymly bolup, olarda köpsanly düzmeli we eýerjeňli baglaýyjylaryň gatnaşýanlygyny hem aýtmak gerek.

5. Sözlem söz düzüminden heň arkaly hem tapawutlanýar. Islendik sözlem habar bermek heňi bilen aýdylýar. Beýle heň onuň sözden we söz düzüminden tapawutlandyryp gelýär.

At sözlemlerinde eýe adatça gatnaşmaýar. Şu hili sözlemlerde eýäniň zerurlygynyň ýoklugy üçin, ol sözlemde ulanylmaýar. Ýöne bu hili sözlemlerde hem birnäçe ýagdaýlarda eýäni dikeltmek mümkin. "Baharyň bir säheri" (Edebiýat we sungat. 10.09.2002) diýen at sözlemini alyp göreliň. Şu ýerde sözlemiň habary bar hem bolsa, sözlemiň içinde ýa daşynda eýe görünmeýär. Sözlemiň manysyndan aňlanylyşyna görä, eýe bilen habaryň manysy bir-birine gabat gelýär. Şonuň üçin hem dil olaryň birini tygşytlap, bir baş agza bilen oňşuk edýär.

Başga bir mysal. Radioda bir ýerden gürrüň berlende, "Aşgabat", "Türkmenabat" "Saýat" görnüşinde ýeriň, şäheriň ady getirilýär. Gepleşigiň haýsy ýerden alyp eşitdirilýänligi mälim edilýär.

Emma Gürgen radiosy edil şu hili ýagdaýda "Gürgen"



diýmän, doly görnüşde "Şu taýy Gürgen" diýip aýdýar. Şu mysaldan görnüşi ýaly, ýokarky sözlemi iki hili aýdanyňda hem, şol bir manyny bermek bolýar:

**Şu taýy Gürgen.**

**Gürgen.**

Şundan ugur alanyňda, at sözlemleriniň käbirinden eýäni tapmak hem mümkin. Ýöne dilde onuň zerurlygy bolmandan soň, "Şu taýy Gürgen" diýmegiň ýerine "Gürgen" diýip hem aýtmak bolar. Şonuň üçin häzirki zaman türkmen dilinde şu hili at sözlemlerinde eýe adatça sözlemiň içinde getirilmeýär. Eger eýe gerek bolsa, onda ony dil saklardy.

Umuman, eýesi nämälim, eýesi umumy we eýesiz sözlemlerden eýäni tapjak bolup azara galyp ýörmeli däl. Çünki dil olaryň eýesini tapylmaz ýaly gizläpdir, umumylaşdyrypdyr ýa-da nämälim edip goýupdyr: "Gapyny **kakdylar, ýumrukladylar**. Bolmady" (Edebiýat we sungat. 22.07.1999); "Şol sebäpli çykalga **tapmaly**! Nädip **tapmaly**?" (şol ýerde).

Dil tygşytlylygy gowy görýär. Şonuň üçin sözleri näçe tygşytlasa, şonça hem sagdynlaşýar. Munuň özi diliň aragatnaşyk hyzmatyndan gelip çykýar. Gepleşikde köp zatlar ýarym agyzdan aňlanylýar, muňa ýagdaý, kontekst, bir zadyň köp gezek gaýtalanmagy, tejribe, aň-düşünje kömek edýär. Bir mysal. Kinofilm üçin bilet satylyp dur. Biziňem gezegimiz gelýär. "–Bir" diýip, pulumyzy uzadýarys. Ol bize bir bilet berýär. Şu ýerde näçe sözüň tygşytlananlygyny aşakda göreliň:

– **Siz maňa bir bilet beriň.**

– **Maňa bir bilet beriň.**

– **Bir bilet beriň.**

– **Bir bilet.**

– **Bir.**

Bir söz bilen düşünişip bolýarka, bäş sözi ulanmagyň nämä derkary bar? Tygşytlylygy dilden öwrenmeli. Ýönekeý sözlemler bir sözden hem bolup biler, birnäçe sözden hem. Ýönekeý sözlemleriň pikir aňladyş ukyby örän giň bolup, ol sözlem gurluşynyň dürli görnüşlerinde öz beýanyny tapýar.

# SÖZLEMIŇ ALAMATLARY

Sözlem bolmak üçin aşakdaky alamatlaryň göz öňü tutulmagy zerurdyr:

1. Sözlem gutarnykly pikir aňlatmalydyr. Ondaky ulanyl sözler şol sözlemden aňlanylýan pikiri doly ýüze çykarmaga ýete bolmalydyr. Şoňa görä sözlemiň üstüni täze sözler bilen doldurma kemeltmek zerurlygy duýulmaly däldir. Eger onuň aňladýan pikiri d hem gutarnykly bolmasa, ol aragatnaşyk serişdesi hökmünde ulany bilmez. Çünki sözlemiň esasy wezipesi adamlaryň arasyn düşünişmegi ýola goýmakdan ybaratdyr. Mysal üçin, "Gijeki maýda ýagan ýagyş daňa golaý diňdi. Çygly şemal asmanyň buludyny ugruna bakan kowup gitdi. Gögüň ýüzi çüýşe ýaly durlandy" di sözlemleriň her biri gutarnykly pikiri aňladýar.

2. Sözlem diňe bir many taýdan gutarnykly bolman, heň taýd hem gutarnykly häsiýete eýe bolmalydyr. Sözlemler gutarnykly heň aýdylýanlygy bilen, söz düzümlerinden tapawutlanýarlar. Şoňa görä h bir sözlem bölüji dyngy bilen beýleki sözlemlerden aýrylýar we h taýdan özbaşdaklygyny saklaýar. Şeýlelikde, sözlemiň ahyry gutarnyk heň bilen aýdylýar. Ol sözlemiň doly gutarýanlygyny, ondan aňry dowam etdirilmeýänligini açyk bildirýär. Sözlemlerdäki heň aýdyl maksady boýunça, esasan, aşakdaky ýaly görnüşlerde duş gelýär:

***habar bermek heňi bilen aýdylýar***: "Onuň işi **galam bile** kagyz bilen. Güni-güzerany azabyna **bagly**. Galamy hemişe **ýonulgy** (Garagum. 2000. №1): "Alnynda aňyrsy görünmez **külpetli, köt menziller**" (şol ýerde): "Ümzügi **ykbala, ýazgyda täleýe sary**" (şo ýerde):

***sorag heňi bilen aýdylýar***: "– Çary aga, atamy özüňi **gördüňizmi?**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama): "– Atam, **näme tanajak bolýaňyzmy?**" (şol ýerde):

***buýruk heňi bilen aýdylýar***: "Ojaklaryňyzyň alawyn **öçürmäň**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

***ýüzlenme heňi bilen aýdylýar***: "Düýelerde sarwan-çopan bolmandyr, her kim atasy Oguz handan galan tagmany urup



Kowupdyr **malyny Garagumuň jümmüşine!**" (Garagum. 2002. №1): "–**Ýeri**, indi muňa **näme diýersiňiz!**" (Türkmen dili.02.05.2001).

Heňiň dilde ägirt uly ähmiýeti bar. Ol sözlemiň şekillenmeginde iň zerur alamatlaryň biridir. Gutarnykly heň bilen aýdylanda, ýeke sözüň hem sözlem bolup bilýänligi şunuň subutnamasydyr:

"Bilmek üç basgançakdan ybaratdyr:

**Sowat**.

**Bilim**.

**Ylym**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

Heň diňe bir sözlemleri bir-birinden aýryp görkezmek bilen çäklenmän, ol aýry-aýry sözleri bitewi sözlem görnüşinde birleşdirmäge hem hyzmat edýär. Şeýlelikde, heňiň ýerine ýetirýän wezipeleri örän köpdürli hem çylşyrymly bolmak bilen, ol birnäçe elementlerden durýar. Olardan esasylary şulardyr:

***Basym***. Bu, esasan, jümle basymy we logiki basym görnüşde ýüze çykýar:

*jümle basymy* **sintagmalarda[1] many babatda has tapawutlanýan sözleriň üstüne düşýär:**

"Ulgam-ulgam gumlaryň // aňňat-aňňat çölleriň //, üstünden taýyp gelýän // pessaý şemal // çaly-çerkezleriň //, çogan-ýowşanlaryň //, gülli-gülälekli gök otlaryň // çygly, // ýakymly ysyny getirdi": "Gozel obada // eli hünärli, // uzyn boýly, // inçesagt, // atýüz, //, bugdaýreňk, // ýaňy göze görnen // belli owadan bir gyzdy. Onuň hoş gylygy, // gözel görnüşi // göreni özüne hyrydar ederdi";

***logiki basym*** sözlemde many babatda has derwaýys hasaplanýan sözleri tapawutlandyryp görkezmek üçin hyzmat edýär: Ol sözlemiň tutuş manysyny kesgitleýär:

1. Myhmanlar **gitdiler**.
2. **Myhmanlar** gitdiler.

---

[1] **Sintagma** gr. sintagma sözünden bolup, "birleşik" diýen manysy bar. Baglanyşýan sözleriň heň birleşigine aýdylýar.

***Dyngy*** biziň gepimizi düzýän sözleri aýry-aýry böleklere bö görkezmek üçin hyzmat edýär. Sözlemler bir-birlerinden bölüji dy bilen aýrylyşýarlar. Dyngy diňe bir sözlemleriň ahyrynda goýulm sözlemiň içinde sintagmalaryň araçägini görkezmek üçin hem ulanyl Goşma sözlemlerde baglaýjy dyngynyň ulanylýanlygyny hem aýt gerek. Ol goşma sözlemiň düzümindäki bölekleri birleşdirmek ü hyzmat edýär.

***Labyz*** heňiň beýgelmegini – peselmegini bildirýär. La sözlemleriň we olaryň bölekleriniň ses gurluşynda aýgytly hyzm ýerine ýetirýär. Onuň kömegi bilen tassyklaýjy hem inkärle sözlemler, habar, sorag, buýruk we ýüzlenme sözlemleri şekillenýär Sözlemde giriş, ýüztutma sözlerini, ümlükleri tapawutlandyrmakda h labyz hyzmaty zerurdyr. Bulardan başga-da, şatlyk, gahar-gaz ýazgarmak, ýaňsa almak ýaly dürli duýgulary ýüze çykarmakda h labyz giňden ulanylýar:

"– Sen näme **ýaltaklap dursuň**? **Näme**, araba **göterm** **öýdýärmiň** ýa-da ýaby **çekmez öýdýärmiň**? **Mün**, derrew arab diýip, oňa hemle urdy";

"– Hiý!.. Heý, hawa, **bir ýaňyja**!.. Birçak dälmidi ýatany **birçak**?..".

Ýokarky mysallardan görnüşi ýaly, heň sözlemiň pik aňlatmagynda, onuň sözlem görnüşinde şekillenmeginde esa alamatlaryň biri bolmak bilen, dürli görnüşde ýüze çykýar.

3. Sözlem gurluş taýdan hem bitewi bolmalydyr. Sözle bolmak üçin diňe bir gutaran heňde aýdylmaklyk ýeterlik däldi Eýsem aňyk dildäki sözleriň şol diliň grammatiki gurluşy esasynd sözlem görnüşinde şekillenmegi zerurdyr. Sözlemler aýry-aýr sözlerden, söz düzümlerinden emele gelýän hem bolsalar, olary baglanyşyksyz toplumy sözlem bolup bilmez. Sözlemdäki sözler bir biri bilen baglanyşykly bolup, belli bir many hem sintaktik hyzmat ýerine ýetirýärler. Mysal üçin, "Soňky wagtlarda Berdiniň başynd pikir-oýlanma kändi" diýen sözlemde birnäçe agza bolup, olary hemmesi many hem grammatiki taýdan baglanyşyp gelipdirler. Şund "pikir-oýlanma" sözlemiň eýesi bolup, "kändi" habar bolup gelýär.



Sözlemiň habary eýäni düşündirip gelýär. "Kändi" diýen habar bolsa "soňky wagtlarda", "başynda" diýen wagt hem orun ahwalatlarynyň üsti bilen düşündirilýär. "Berdiniň" diýen eýelik aýyrgyjy "başynda" diýen ada baglanyp, şony aýyklap gelýär. Şu sözlemde eýe bilen habaryň arasynda habarly gatnaşyk ýüze çykýar, beýleki agzalaryň arasynda bolsa eýerjeňli baglanyşyk ulanylýar. Sözlemiň esasy manysyny "pikir-oýlanma kändi" diýen habarly gatnaşyk aňladýar. Beýleki agzalaryň hemmesi eýe bilen habardan aňlanylýan pikiri anyklaşdyrmak üçin hyzmat edýärler.

Diliň esasy wezipesi adamlaryň arasynda pikir aňlatmagy ýola goýmakdan ybaratdyr. Pikiriň bolsa aýry-aýry sözlemler arkaly ýüze çykarylýanlygy bellidir. Sözlemler öz gezeginde grammatiki taýdan baglanyşyp gelýän sözlerden we söz düzümlerinden emele gelýärler. Şunda olaryň gutarnykly heňde aýdylyp, belli bir pikiri aňlatmagy şertdir. Şu aýdanlarymyzy aşakdaky mysallarda görüp geçeliň: "Bahar her ýurda özüniň aýratyn gözellikleri bilen gelýär. Ol özüniň getiren sowgadyny dumly-duşa jomartlyk bilen seçeläp, dürli nagyşlar bilen dürli görnüşde bezeýär. Ýeriň ýüzi al-ýaşyl bolup, özüniň öwüşginli bezegi bilen bezenýär. Çilläniň zäherinden dyngysyz ýuwutmak bilen, öz görk-görmeginden aýrylyp, har düşen agaçlar boý-kaddyna gök keteni ýapynyp bütin bedenine timar berýär. Baharyň uzak ýerlerden gelýän mylaýym şemalyny dürli otlar dürli reňkde gül bezegli garşylaýar. Güller müşk-anbar ysyny gysganman, dumly-duşa saçalaýar".

Şu mysallarda sözlemleriň hemmesi gutarnykly heňde aýdylyp, belli bir pikiri aňladyp gelýär. Bulardaky sözler çem gelen sözleriň ýönekeý toplumy bolman, eýsem şol sözlem üçin zerur bolan sözleriň grammatiki taýdan belli bir ölçegde baglanyşyp gelmeginiň nusgasydyr. Şunda esasy zat sözlemiň baş agzalarynyň (eýesiniň hem habarynyň) bolmagydyr. Şol ikisi sözlemiň esasy sütünleri bolmak bilen, onuň düýp özenini emele getirýärler. Beýleki agzalar bolsa eýe bilen habaryň daşyna jemlenip, olardan ýüze çykýan pikiri giňeldip, aýyklap gelýärler. Ýokarky mysalyň birinji sözleminiň eýesi "bahar" bolup, "gelýär" onuň habarydyr. Şu sözlemiň aýyklaýjy agzalaryny galdyryp, "Bahar gelýär"

şekilinde ýeke eýe bilen habary ulananymyzda hem, sözlem bolmak galmaýar, esasy manyny özünde saklaýar. Emma, munuň ters sözlemiň içinden eýe bilen habary "sogrup" alaýsak, beýleki agzal hemmesi birigip hem, sözlem bolup bilmeýär. Şu ýerden bolsa söz bolmak üçin eýe bilen habaryň gatnaşmagynyň zerurlygy gelip çyk

Käwagtlar ýeke habaryň özi hem sözlem görnüşinde ulany biler. Mysal üçin, "Gitdim" diýen sözlemde eýe gatnaşmaýar. Ý habaryň özi sözlem bolup gelýär. Emma habaryň üsti bilen eý barlygy duýulýar. Çünki "Gitdi-m" diýen mysalda "-m" birinji şah goşulmasy bolup, birinji şahsyň gidendigini bildirip dur.

Şeýlelikde, sözlem bolmak üçin sözleriň sany esasy hyzm ýerine ýetirmän, eýsem olaryň grammatiki taýdan baglanyşyp gelm zerur şertlerden biridir. Mysal üçin, "Baharyň dürli gülleriniň ys gatyşan ýakymly şemalyny agaçlar hem saz-söhbetde, şadyýan bilen şapyrdaşyp, tagzym bilen baş egşip garşylaýar" diýen sözlem eýe, habar we beýleki agzalar bir-birleri bilen belli terti baglanyşypdyrlar. Eýe habara garanda öňde gelse, habar sözle ahyrynda gelip, oňa gutarnykly häsiýet berýär. Aýyklaýjy agzalar h öz baglanýan sözlerinden öň gelýärler. Eger şu sözlemdäki sözler tertibini üýtgetsek ýa-da olaryň baglanyşyna zeper ýetirsek, sözl gurluşy bozulyp, pikir aňlatmaga zyýan ýetýär.

Sözlemdäki sözleriň azlygy ýa köplügi anyk sözlemiň mazmu bilen baglanyşykly kesgitlenilýär. Munuň özi aňladylýak bolunýan pikir ýagdaýyna görä üýtgäp duryar. Käwagtlar bir söz hem sözlem şekilin ulanylýar. Mysal üçin, "Hawa", "Ýok" ýaly sözler şol durşu gutarnykly pikir aňladyp, sözlem görnüşinde ulanylyp bilerler. Bulard başga-da, "Gyş", "Aýaz" ýaly sözler hem belli ýagdaýda gutarnykl heňde aýdylanda, sözlem görnüşinde ýüze çykýarlar.

4. Sözlemiň esasy alamatlaryndan biri hem habarlykdyr Aslyýetinde sözlem bir zady habar bermek maksady bilen ulanylýar Sözleýän adam öz bilýänini başga birine habar berýär, bilmeýänin sorap öwrenýär, ondan eşidenini başga birine aýdýar. Garaz, sözlemi esasy wezipesi habar bermekdir. Eýä degişli alamatlaryň haba tarapyndan tassyklanmagyna ýa inkär edilmegine ***habarlyk*** diýilýär.



Ol zaman, şahs ýaly işlik şekilleriniň üsti bilen aňladylýar. Sözlemiň esasy alamatlaryndan biri bolup, ol ikidüzümli sözlemlerde hem, birdüzümli sözlemlerde hem tassyklaýjy ýa inkärleýji görnüşlerde ýüze çykýar. Ol nähili şekilde ýüze çyksa-da, ***habarlyk heňi*** bilen berilýär we sözlemiň habarynyň üsti bilen amala aşyrylýar: "**Märeke** göwünsiz **dargady**". (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Ynha, ýazyň şeýle gözel görnüşli paslynda, al-ýaşyl gülälekli giň meýdanyň ortasyndaky ýaşyl donuny ýapynan öwüşginli depäniň üstünde bir **ýigit otyrdy**"; "**Daň atypdy**. Emma **han** çyranyň gapdalynda, ojagyň başynda küçen ýaly bolup, bükülip **otyrdy**. Birden janlanan ýaly seslendi".

5. Modallyk hem habarlyk bilen gös-göni baglanyşykly bolup, sözlemiň zerur alamatlaryndan biri hasaplanýar. Ol sözleýän adamyň habar berýän zadyna bolan gatnaşygyny bildirýär. Sözleýän adam diňe bir zady habar bermek bilen çäklenmän, eýsem oňa özüniň garaýşyny (isleg, gynanç, buýruk, hökmanlyk, begenç, şatlyk we ş.m.) hem siňdirýär. Onsuz sözlem emele gelmeýär. Şuňa bolsa sözlemiň modallygy diýilýär.

Modallyk aňlatmagyň serişdeleri bolup, işlik galyplary, heň, modal sözler we ownuk bölekler hyzmat edýär.

Habar, sorag, ýüzlenme sözlemlerinde modallyk degişli serişdeleriň üsti bilen aňladylýar: "**Ahyry**, Myrat agadan razyçylyk bolmajagyny bilip, birden çym-gyzyl bolup doldy. Onuň tutup oturan eşektaýagyny siltäp alyp, gahar bilen ýere berk dikdi-de:

– Sen biraz **pikirlen**! – diýdi. Kim bilen gepleşýäniňi **ýada** sal! Kim saňa – maşgalaňy kebelek ýaly **başyňdan aýlap, bar**, näme bolsaň, şol bol – diýip, **goýber** – diýýä! Adam kimler bilen **maslahatlaşan bolup otyr-a**!.. Adamyň özüni öldürmeli-le! Sen özüňe-de **seret**, gelýän adamlara-da **seret**! Olar **kim**?.. Sen **kim**?..".

**Bulardan başga-da, modallyk** zaman goşulmalarynyň, modal sözleriň we **sözlemleriň** üsti bilen hem aňladylýar. "**Belki**, bu durmuşda onuň ýüregi **ýarylyp ölendir. Belki**, özünden gidip **çaşandyr**. **Belki hem**, başyndan inýän agyrlyklaryň barysyny mertlik bilen geçirip, çydam berip **ýatandyr**.

– **Hawa**, ynha, şu obada biriniň ogly boldy. Şoňa bir boldumyka, gyz, **ýok**, entek bir ýylam bolanok. Toba, geň göremzok, hiç bir adam çagasyna meňzeýän ýeri **ýok**".

Habarlyk hem modallyk sözlemiň aýrylmaz alamatlary bo pikir aňladyş bilen gös-göni baglanyşyklydyr. Bular bitewi sözle iki tarapy bolmak bilen, biri beýlekisinden üzňe ulanylmaýar. Şo üçin sözleme habarlyk hem modallyk gatnaşyklarynyň ýüze çykm hökmünde garamak mümkin.

Sözlem bolmak üçin ýokarda görüp geçen alamatlaryn gutarnykly pikir aňlatmaklyk, heň taýdan şekillenmek, gurluş bitewi habarlyk we modallyk bir-birleri bilen ýakyn arabaglanyşyklydyr. O bilelikde sözlemleri sözlerden we söz düzümlerin tapawutlandyrmaga kömek edýär.

## SÖZLEMIŇ GÖRNÜŞLERI

Aýdylyş maksady boýunça häzirki zaman türkmen dilin sözlemleri, esasan, dört topara bölüp görkezmek mümkin:

1. Habar sözlemi.
2. Buýruk sözlemi.
3. Sorag sözlemi.
4. Ýüzlenme sözlemi.

Bular gurluşy, heň taýdan aýdylyşy, habarlarynyň şekilleni pikir hem duýgy aňladyşlary boýunça bir-birlerinden tapawu lanýarlar.

## Habar sözlemi

Habar sözlemi bir zady habar bermek maksady bile aýdylýar. Ol tassyklaýjy ýa inkärleýji görnüşlerde bolýar.

Adamlar sözlemleriň üsti bilen hakykata öz gatnaşygyn bildirýärler. Olar bir pikiri tassyklaýarlar ýa-da inkär edýärler. Ş tarapdan sözlemler tassyklaýjy hem inkärleýji sözlemler diýip, ik



topara bölünýärler. Bular şekillenişi we manylary boýunça bir-birlerinden tapawutlanýarlar.

### *Tassyklaýjy sözlemler*

Tassyklaýjy sözlemlerde haýsy-da bolsa bir pikir tassyklanýar. Şonuň üçin bu hili sözlemlere ***tassyklaýjy sözlemler*** diýilýär. Tassyklaýjy sözlemleriň habary işliklerden, atlardan we beýleki söz toparlaryndan bolup, dürli şekillerde gelip biler. Bu hili sözlemlerde "ýok, däl, ne, nede, -ma, -me, -syz, -siz" ýaly inkärleýji serişdeler ulanylmaýarlar. Şoňa görä bularyň aýratyn görkeziji alamatlary ýok. Sözlemde ýokluk serişdeleriniň bolmazlygy onuň tassyklaýjy sözlem bolup gelýänligini bildirýär. Munuň özi **habar, buýruk, ýüzlenme, sorag** ýaly dürli maksatlar üçin aýdylýan sözlemleriň hemmesine degişlidir: "Uzuk obada eli hünärli, uzyn boýly, inçesagt, atýüz, bugdaýreňk, ýaňy göze görnen belli owadan bir gyzdy. Onuň hoş gylygy, gözel görnüşi göreni özüne hyrydar ederdi"; "Yşk söwdasyny unutmak... Gyzgyn mähriň, ýyly duýgynyň şypaly nurundan mahrum bolmak... Hähili agyr dert! Hany, Meňli gyz bilen hut şu oýlukda ikiçäk maýyllaşylan günler? Şahyryň goja kalbyny gobsundyran, onuň duýgy damaryny endireden, aslynda, hut şol, hiç haçan ýatdan çykmajak duşuşyk bolsa bilýärmisiňiz?" (G.Kulyýew. Ýowuz günler).

Tassyklaýjy sözlemleriň habary "-my, -mi" sorag goşulmasyny kabul eden sözlerden bolanda, ol ýokluk şekilde gelende hem, barlyk manyda ulanylyp biler: "Şu niýet bilen barýarkam, ýoluň çatrygynda motosikletli birine **duşaýmanmy**" (Edebiýat we sungat. 12.05.2001); "Özüň **näme** onuň gylygyna **näbeletmi**?" (şol ýerde).

Habar sözleminde adatça heň asuda ýagdaýda bolýar. Şoňa görä bu hili sözlemlerde, köplenç, sözlem agzalary öz orunlaryny üýtgetmän saklaýarlar: "Men siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny **isleýärin**. Türkmen ata-babalarymyz merdana halk bolup, öz geljekki nesillerini enelerimiň göwresindekä **terbiýeläp başlapdyr**. Türkmen çagasy 10–12 ýaşynda kämillige, batyrlyga, milli terbiýä we

uly durmuş gözýetimine **eýe bolupdyr**. Şol sebäplere görä sagdynlygy, akyl päkligi, ýürek arassalygy türkmene ma **bolupdyr**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

Sözlemiň habary işliklerden we beýleki söz toparlary bolup, habar bermegi, tassyklamagy, nygtamagy, çak etmegi we modal manylary aňladyp biler.

1. Sözlemiň habary dürli işlik zamanlaryndan we kem goşulmalaryny kabul eden ýa etmedik her hili söz toparlaryndan b bir zady ýöne habar bermegi, tassyklamagy aňladýar: "Köp wagtl bäri adam garasyny görmedik ýap aralaryndan ýöremek **kynd** tarapdaky raýyşlardan gaçan äpet uly kesekler dagyň daşy ýaly b doňup **gatap galypdyrlar**. Olaryň üstüne sepelän garlar **doňupdyr**. Ýigitleriň aýaklaryndaky ädikleri, çokaýlary aýn ýüzüne basylan ýaly **typyp gidýärdi**. Bu-da **hiçdi**. Iň erbedi, ra gelip urýan şemalyň sesi has **güýjäpdi**. Akbaş-ýandaklaryň balda dutaryň tary ýaly seslenýärdi"; "Obanyň günbatary gözüň ýetdi tekiz **sährady**. Ol tarap ýomutlaryň **mesgenidi**" (G.Kulyýew. Ýo günler); "Entek ýol örän **daş**. Birmeňzeş **gum-gukluk**. Eş aýagynyň sesinden başga ses-üýn ýok" (şol ýerde).

2. Sözlemiň habary "dogry", "hak", "rast" ýaly sözle bolup, bir zady makullamagy aňladýar: "– Berdi, seniň ýa aýdýanlaryň gaty **dogry**" (O.Akmämmedow. Meni ýazgar "Berdiniň çaky **dogrudy** (şol ýerde).

Şunuň manysynda "bolýar", "bolubilýär" ýaly modal ma işlikler hem ulanylyp biler: "Munyň **bolýar**". "Aý, **bolubilýär** (O.Akmämmedow. Meni ýazgaryň).

Makullamagy aňladýan sözlemiň içinde "hawa" sözi getirilýär" "– Aý, **hawa-la**, tüweleme, hasylyň rejesi **go** (O.Akmämmedow. Meni ýazgaryň).

3. Sözlemiň habary şert işliklerinden soň "gerek" sözüniň da ýöneliş düşümde gelen işligiň nämälim şekiliniň yzyndan "çem sözüniň getirilmegi arkaly ýasalýar. Bu hili habar sözlemi çak etm aňladýar: "Muhammediň ýanyna **gelen bolsa gerek** (O.Akmämmedow. Meni ýazgaryň); "– Edýän iş-ä **howlukm**



**bolara çemeli**" (şol ýerde); "Olam şondan **soň oda-köze düşüberen bolara çemeli**" (şol ýerde).

4. Sözlemiň habary işligiň nämälim şekiliniň yzyna "-çy, -çi" goşulmasynyň goşulmagy bilen ýasalyp, many taýdan hyýallanmagy aňladýar: ""Göz agyrysy ýaly bolup, biri gelmänkä, Hojaberdi golagyň sargydyny Muhammede **ýetirmekçidi**" (O.Akmämmedow. Meni ýazgaryň); "Ol başga bir köçe bilen **gitmekçidi**" (Garagum. 2002. №6).

5. Sözlemiň habary hal, şert, nämälim işlik şekillerinden bolup, "bolmak" kömekçi işligi bilen ulanylýar. Many taýdan hereketiň ýüze çykmagynyň mümkinçiligini aňladýar: "Çynyň **edip** ugruna çyksaň, **ýola goýmak bolar**" (O.Akmämmedow. Meni ýazgaryň); "– Seni idelmez ýaly **etce bolar**" (şol ýerde).

6. Sözlemiň habary hal işliklerinden soň "görmek" kömekçi işliginiň getirilmegi bilen ýasalýar, many taýdan synanyşyp görmegi aňladýar: "Atasy bilen hem öz araňyzda **maslahatlaşyp görersiňizdä**...".

7. Sözlemiň habary mälim geljek zaman ortak işliginden soň "bolmak" kömekçi işliginiň getirilmegi bilen ýasalyp, many taýdan bir işi etmäge ymtylmagy, meýil etmegi aňladýar: "Şu ýyl okuwa **gitjek bolýaryn**".

8. Sözlemiň habary öten zaman ortak işliginden soň "bolmak" kömekçi işliginiň getirilmegi bilen ýasalyp, many taýdan göwnüýetmezçiligi aňladýar: "Ol hem il deňinde **gürrüň eden boldy**".

9. Sözlemiň habary "-dyr, -dyr" kem işlik goşulmalaryny kabul eden sözlerden bolup, many taýdan gümansyratmagy aňladýar. Şu hili sözlemlerde "belki", "ähtimal" ýaly gümansyratmagy bildirýän sözleriň hem getirilmegi mümkin: "**Belki**, lotereýa biletleri **bardyr**" (O.Akmämmedow. Meni ýazgaryň).

10. Sözlemiň habary işligiň nämälim şekilinden bolup, "gerek" sözüniň gatnaşmagyndan hasyl bolýar, many taýdan bir işi etmegiň zerurlygyny aňladýar: "Meniň pikirimçe, klubuň içini-daşyny oňat bejerdip **agartmak gerek**" (O.Akmämmedow. Meni ýazgaryň); "Işe

wagtynda **gelmek zerur**", "Muny nähili-de bolsa, garrynyň eli **almak gerek**" (N.Saryhanow. Saýlanan eserler).

11. Sözlemiň habary işligiň hökmanlyk şekilinden bolup işi etmegiň hökman gerekligi aňladylýar: "Diýmek, halk bilen **işle** halka **daýanmaly**. Ony **aýaga galdyrmaly**. Halkyň **agy aglamaly**. Onuň çöken **ruhuny götermeli**. Halky halally agzybirligiň, jebisligiň ýoly bilen **alyp gitmeli**" (Garagum. 2002.

12. Sözlemiň habary "gelmek" işliginden bolýar. Eýesi degi goşulmalary bilen üýtgän "-as, -es" şekili arkaly ýüze çykarylýa ýaýbaňlandyrylan eýe görnüşinde ulanylýar. Many taýdan i bildirýär: "Menem, beýleki eneler ýaly, agtyk söýesim **gelýär, ba** (O.Akmämmedow. Meni ýazgaryň).

13. Sözlemiň habary işligiň şert şekilinden bolup, ikirjiňlen howatyrlanmak ýaly dürli modal manylary aňladyp gelýär: "Şu w gidip, agşam öýüne baryp çagyraýsam" (O.Akmämmedow. M ýazgaryň); "Eger bu wagt ejeme aýtman, iş jygba-jyga gele aýdaýsam. Onda bu-da, ýakasyndan köz atylan ýaly **ör-gök gelse**" (şol ýerde); "Ýöne biz munuň ýokarky gapagyny aýraga bolrak ýarmaň başynda oturaýmasak..." (şol ýerde); "Eger n ejeme meniň halaýanym – Gözel, şoňa söz aýt **diýäýsem**" ( ýerde); "– Berekella, berekella, iş diýeniň hem şeýle **bitiril** (H.Ysmaýylow. Öküz gödek).

14. Sözlemiň habary "-dyr, -dir" kem işlik goşulmasyny ka eden mälim geljek zaman şekilinden bolup gelýär. Many taý sözlemiň eýesiniň şol hereketi ýüze çykarmaga borçludygy aňlanyl Munuň işligiň hökmanlyk şekilinden tapawudy şundan ybarat: işli hökmanlyk şekilinde hereket bize bagly däl zerurlyk arkaly ý çykýan bolsa, "-dyr, -dir" kem işlik goşulmasyny kabul eden işli mälim geljek zaman şekilinde ol içki ynanma netijesinde am aşyrylýar. Mysal üçin, "Men **gitjekdirin**" diýen sözlem bilen "M **gitmelidirin**" diýen sözlemi deňeşdirip göreliň. Birinji sözlem sözleýän adam "gitjekligini" öz ynanjy boýunça aýdýar, emma iki sözlemde onuň "gitmelidigi" onuň ynamyna bagly bolman, eýse obýektiw zerurlyk arkaly üstüne atylýar.



Ikinji ýöňkemede "Sen **gitjeksiň**" görnüşinde ulanylyp, "-dyr, -dir" kem işlik goşulmasy düşürilip aýdylýar.

Üçünji ýöňkemede ulanylanda, hökmanlyk, gümansyratmak ýokundysy bilen aňladylýar: "Aşyr şu gün **geljekdir**".

Habar sözleminiň aňladýan manylary görkezilenler bilen çäklenmeýär. Ol, bulardan başga-da, begenmek, şatlanmak, gaýgylanmak ýaly dürli manylary aňladyp biler: "–Wah, baş goşmaly – diýip, Hojaberdä näler aýtdym-la... – diýip, Meret ýeserje başyny ýaýkap, ellerini **silkişdirýärdi**"; "–Baý, Nepes aga, **hezil-ä berdiň-aýt**".

Gepleşiklerde tassyklaýjy sözlemiň habary işligiň buýruk şekilinde hem bolup biler. Şunda buýruk däl-de, tassyklama aňlanylýar:

– Adamlarda ynsap galmandyr.

– Şony **aýdyň**.

## *Inkärleýji sözlemler*

Inkärleýji sözlemlerde bir pikir tassyklanman, tersine, inkär edilýr. Şonuň üçin bulara ***inkärleýji sözlemler*** diýilýär. Inkärleýji sözlemler ýokluk serişdeleri arkaly ýüze çykarylýar. Olary analitiki hem sintetiki inkärleýji sözlemlere bölüp görkezmek bolar.

### Analitiki inkärleýji sözlemler

Analitiki ýol bilen inkärleýji sözlemler aňladylanda, aşakdaky ýaly serişdeler ulanylýarlar.

1. "Ýok" sözüniň üsti bilen aňladylýar. Bu söz, özbaşdak manyda ulanylyp, sözlemiň habary şekilinde gelýär. Many taýdan bir zadyň ýoklugyny bildirýär: "Indi onuň iki sany körpesinden başga ýürek guwanjy **ýokdy**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Hiç biriniň ýüzünde kir-kimriň alamaty **ýok**" (şol ýerde); "Onuň bu golaýda aşmadyk dagy,

sökmedik jülgesi **ýok**" (şol ýerde); "Aýralyk derdi ýaly agyr der
(şol ýerde).

"Ýok" sözi degişli ýöňkemede üýtgän ortak işligiň s
goşulyp, häzirki-öten zamanlara degişli ýokluk aňladyp gelýär. Ol
zaman türkmen dilinde degişli fonetik özgerişlere sezewar bolup, "
ýok" ýerine "alanok" ýaly gysgalan görnüşinde ýüze çykýar: "
hä, dogrusy, şol adam maşgalanyňam gadyryny bilýändir **öýde**
(G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Näme sesiňi **çykaraňok**?" (şol ý
"Gözel näz-kereşmäni, nepis hereketi özi bilip **ede**
(O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar); "Giň köçä d
gaýralygyna ugran Muhammediň **ökjesi ýere degenokdy**"
ýerde); "Biz-ä heniz onuň aýdan zadymyzyň tersine söz aýda
**eşidemzok**" (şol ýerde).

2. "Däl" sözüniň üsti bilen aňladylýar. Ol habaryň düzüm
gelip, şony inkär edýär. Bu hili sözlemleriň habary ortak işlikle
işligiň hökmanlyk, nämälim, mälim geljek zaman we beýleki
şekillerinden, at söz toparlaryndan bolýar: "Emma men at atlany
öňüne çykyp **ýören adam däl**"(G.Kulyýew. Ýowuz günler);
biçäreleriň güni biziňkiden **gowy däl**" (şol ýerde); "Ilde-günde seň
bolýan gytmy näme, biz-ä seň ýaly masgaraçylyk edeni **görüp-eşi**
**däldiris**"; "Häli razy bolan bolsaň, bu horluklary görmeli däl";
gyz, **beýle däl**, aýdýanyň **näme**?"; "Men şol işe razy däl!" (şol ýer

"Däl" sözi "-my, -mi" sorag goşulmasyny kabul edip gelen
ýokluk bildirmän, şol zadyň şeýledigini tassyklatmagy göz öňünde tut
"Il-ulusy tükeniksiz derde goýýan **öç-duşmançylyk dälm**
(G.Kulyýew. Ýowuz günler).

3. "Ne, ne-de" kömekçisiniň üsti bilen hem ýokluk aňladylý
Bu kömekçi deňdeş agzaly ýönekeý sözlemlerde ýa-da düzmeli goş
sözlemlerde gaýtalanyp ulanylmak bilen, deňdeş agzalary we düzm
goşma sözlemi hasyl edýän ýönekeý sözlemleri baglamaga hyzmat edý
Ol habardan öň gelmek bilen, şondaky hereketi inkär edýär: "Ilat
**ne** mal galypdy, **ne** dehal" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Onuň üç
dünýä haňkaryp ýatan harabaçylyga, baýguş mesgenine dönüpdi, on
**ne** gyzyk görýärdi, **ne** lezzet duýýardy"; "Biçäre **ne** ene mähri



görüpdi, **ne** ata hoşnudyny..."; "Ynha, näçe ýyldyr, bagra batan gara daşy ajy ýaş bilen ýuwýaryn, emma **ne** daş agarýar, **ne** ýürek ýeňleýär".

4. Sorag çalyşmalarynyň üsti bilen hem ýokluk aňladylyp biler: "**Neneň** ýigitligiň ol sapaly günleri ýatdan çyksyn" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Ondan güýçli, ondan täsirli **näme** bolup biler!" (şol ýerde); "Olar beýle hoşbagtlylygy **haçan** görüpdirler!" (şol ýerde); "Bagtyň kör bolsa, dünýä eşretinden saňa ne peýda?" (şol ýerde); "Emma gaçyp **nirä barjak**?" (şol ýerde); "**Kim** tapypdyr, zähmet çekmän, rahaty" (A.Kekilow. Söýgi).

5. Ýaňsa alnyp aýdylanda, barlyk şekilde ulanylsa-da, ýokluk manyda düşünilýär: "Ýeri, nätdiň, şüdügäriňi bassyrdyňmy? – Hawa, **bassyryp bolupsyň**"; "–Hawa, atyp bilýän, men tüpeň atyp, guş hem urdum. – **Urarsyň**"...; – Ýaňyja gyşarypdym weli, irkiläýipdirin. Sona içini çekdi:

– Hiý!.. **Heý, hawa, bir ýaňyja!** Birçak dälmidi ýatanyň, birçak?". "–Aý, eýesi **gelip bolan bolsa gerek?**".

6. Käbir sözler we söz düzümleri özleriniň manysy boýunça inkärleýji sözlemler bolup bilerler. Mysal üçin, biri başarmajak işi barada "Men **eýderin**, men **beýderin** diýip, öwnüp gürrüň berýär. Biz ol işiň hötdesinden gelip bilmejegine gözümiz ýetensoň: "**Düýşüňde**" ýa-da "**Ol dünýäde**" diýip jogap berýäris. Şunuň bilen onuň mahabatly gürrüňini inkär edýäris. Şunuň täsirliligi ýönekeý inkär edenden has güýçlüdir. Şoňa görä, bu çeperçilik serişdesi hökmünde hem ulanylyp biler.

Şu manyda "**Küýzä tüý bitende**", "**Eşegiň guýrugy ýere ýetende**" ýaly durnukly söz düzümleri hem ulanylýarlar.

7. Bir zadyň ýoklugyny has nygtamak gerek bolanda, inkärleýji sözlemiň habary buýruk işliklerinden bolup, "-da, dä", "**göreýin**" ýaly modal manyly sözler we ownuk bölekler bilen ulanylýar: "**Hany, aýagyňy it göreýin. Öňki eliňi uzadan ýeriňden alyp durmaly gara ojaryň dagy ýekejesini tap-da!**" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak); "Hany, sen indi muňa **düşündir-dä**".

## Sintetiki inkärleýji sözlemler

Sintetiki ýol bilen añladylanda, inkärleýji sözlemiň habary ýo bildirýän "-ma, -me, -maz, -mez, -man, -män, -syz, -siz, nä goşulmalaryny kabul edip gelýär: "Onuň üstesine-de **dogurmazakdy**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Ekinler **suwsuz** obalara iberilen çaparlar heniz **dolanyp gelmändiler**" (şol ýerde

Sorag goşulmasy arkaly hem käbir ýerde ýokluga ýakyn añlanylýar: "Dünýäde gyz **gytmy** – biri bolmasa, beýlekisi bo (G.Kulyýew. Ýowuz günler).

Käwagtlar ýokluk añladýan serişdeleriň ikisi hem gatnaş Şunda öňki ýokluk añladýan habar ikinji sapar inkär edilip, bar öwrülýär. Başgaça aýtsak, iki ýokluk barlygy emele getirýär. Şo üçin bu hili sözlemler inkärleýji sözlem bolman, tassyklaýjy sözlem bo çykýarlar: "Bizden seniň edeniňe **däl diýen ýok**" (G.Kulyýew. Ýo günler); "Hawa, tebigat solgundy, öçügsidi, emma **dabarasyz dä** (şol ýerde); "Dogrusy, onuň döwleti **ýok däldi**, öz güni **özün** arkaýyn geçýärdi" (şol ýerde); "Ol (Illi han), gözlerini alakjadyp, ke gabarylyp, özüni ýagyrnysy ýere degmedik **pälwan däldi öýdenokdy"** (şol ýerde).

Emma ýokluk serişdeleriň ikisiniň ulanylmagy hemme w tassyklaýjy sözlemi emele getirmeýär. Mysal üçin, "Ol hiç **jenaýat däl,** kaka sen ol gürrüňlere ynanma" (A.Gowşudow. Saýlanan eser diýen sözlemiň birinji böleginde iki sany inkärleýji serişde: "hiç" h "däl" sözleri getirilipdir. Emma bu ýerde "hiç" sözi "asla" sözü hyzmatyny ýerine ýetirip, inkärlemek düşünjesini has güýçlendirýär

## Buýruk sözlemi

Buýruk sözlemi bir işi buýurmagy, haýyş etmegi, tabşyrma maslahat bermegi we ş.m. añladýar. Görnüşi ýaly, buýruk sözlemin manysy örän giň bolup, ol buýurmakdan başlap, tä ýalbarmaga çen baryp ýetýär. Munuň habar, sorag sözlemlerinden many taýdan esas



aýratynlygy hem buýruk añladýanlygydyr. Şonuň üçin hem muňa ir wagtlardan bäri buýruk sözlemi diýilmegi ýöne ýere däldir. Türkişynaslyk edebiýatlarda hem ol giňden beýan edilýär. Munuň şeýle atlandyrylmagy hakykata has golaýdyr. Çünki buýruk sözleminiň habary işligiň buýruk galypyndan bolup, onuň esasy manysy birine bir işi buýurmakdyr.

Ýüzlenme sözlemi bilen buýruk sözlemi bir zat däldir. Buýruk sözleminiň añladylyşy hem, manysy hem ondan tapawutlydyr. Mälim bolşy ýaly, buýruk sözlemi işligiň buýruk galypynyň gatnaşmagy bilen emele gelip, buýurmagy, tabşyrmagy, haýyş etmegi we ş.m. añladýar. Ýüzlenme sözlemi bolsa duýgy añladýan serişdeleriň we heňiň üsti bilen añladylyp, güýçli duýgulary, içki tolgunmalary: şatlygy, begenji, hasraty we ş. m. ýüze çykarmak üçin ulanylýar. Şunlukda, ýüzlenme sözlemi pikir añladyş maksady boýunça däl-de, duýgy añlatmak boýunça ýüze çykýanlygy üçin, ony bu topardan aýryp, özbaşyna almak zerurdyr.

Buýruk sözleminde heň habar, sorag we ýüzlenme sözlemlerine garanda has belent bolup, kesgitli, buýruk beriji äheňde aýdylýar. Ýöne ol buýruk sözlemleriniň ählisinde birmeňzeş çaltlykda bolman, sözlemleriň many aýratynlyklaryna laýyklykda heň dürli öwüşgin alyp üýtgäp duryar. Sözlem has güýçli heňde aýdylanda, habar birinji orna geçýär: "– **Al, ýanlygyňy!**"; "– **Mün syrtyma!**". Şu hem ony beýleki sözlemlerden, hususan-da, habar, sorag sözlemlerinden tapawutlandyrýan serişdeleriň biridir.

Häzirki zaman türkmen dilinde buýruk sözlemi aşakdaky serişdeleriň üsti bilen añladylyp, dürli manylarda ulanylýar:

1. Buýruk sözleminiň habary işligiň buýruk galybyndan bolup, her ýöňkemesi bir hiliräk many añladýar.

Buýruk şekiliniň ikinji ýöňkemesi aşakdaky ýaly manylarda ulanylýar:

***kesgitli buýurmagy añladýar.*** Üzül-kesil buýurmagy añladanda, buýruk sözlemi örän kesgitli, batly heň bilen aýdylýar: "– Diri galanlarynyň **daşyny gaba**!"

Kesgitli **buýruk** añladanda, habar birinji orna geçip, buýruk sözlemi gaýtalanyp hem ulanylýar:

"– **Sowul** bela! **Sowul** bela!

***ýönekeý tabşyrmagy aňladýar***: "Perman: – Haý, zal... pugtarak **otur**, birden diň arkan **gaýdyberme**!" (G.Kulyýew. Ý... günler);

***sypaýyçylyk bilen ýüz tutmagy aňladýar.*** Muny aňla... üçin ikinji ýöňkemäniň köplügi ulanylýar: "– **Düşüň**, aty daňal... "– Öýdedir, **baryberiň**";

***göwünlik bermegi aňladýar***: "Aý, **gaýrat et**, jan doga...

***ýalbarmagy aňladýar***: "– Janym, ene-ataňa **rehimiň in**...

***ýüz tutmagy, dileg etmegi aňladýar***: "– Ýa, Alla, giňlik...

***arzuw etmegi aňladýar***: "– Hoş onda, sag-aman **gutul**...

***rugsat bermegi aňladýar***: "– Mümkinmi? – diýip so... **Giriberiň** – diýdi";

***haýyş etmegi aňladýar***. "– Ýok, maňa dogrusyny aýd... (N.Saryhanow. Saýlanan eserler); "– Şeýle bolsa, şu iki düýäniň h... birini halasaňyz **alyň-da,** maňa ony **beriň**?" (şol ýerde); "– Haw... siz maňa şu kitabyňyzy **satyň**?" (şol ýerde).

Şularyň soňuna "-da, -dä" ownuk bölegi goşulyp gelende, h... aňlatmak häsiýeti has hem güýçlenýär: "Hany, dogan, bir çäýnek... **ber-dä**?".

***maslahat bermegi aňladýar***: "– Wiý, hanym, çekinmed... **aýdyber**"; "...Orazsoltan, "Bilýän zadym ýok" diýip, **gümürtige sal... bolup oturma.** Göwnüňi **giň tut**";

***öwüt-ündew etmegi aňladýar***: "**Ruhuňyz belent bols... Şadyýan boluň**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnam... "Ojaklaryňyzyň alawyny **öçürmäň**" (şol ýerde).

Düýp işlikden soň modal manysy bolan "-aý, -äý" goşulmasy... goşulyp ulanylmagy hem mümkin. Şunda buýruk manysy birne... gowşap, sypaýyçylyk bilen haýyş etmeklik aňladylýar: "Men özi... daňaryn, ýöne sen maňa gazyk **tapyp beräý**..."; Ynha, kepbämi... aňyrsyndaky ýylgyna **daňaýyň**?.."; "**Öýe giräýiň**...".

Buýruk şekiliniň üçünji ýöňkemesinde üçünji şahsyň bir işi ýer... ýetirmegi ikinji adamyň üsti bilen buýrulýar:

***buýurmagy aňladýar***: "Abdylmejit han Şatyr bege bak... manyly ýylgyrdy-da: – Çagyr, **gelsin**! – diýip buýurdy" (G.Kulyýe...



Ýowuz günler): "Meň zatlarymyň gyrasyndan Hanguly **gelmesin**!" (N.Saryhanow. Saýlanan eserler);

***sypaýyçylyk bilen buýurmagy aňladýar.*** Munuň üçin üçünji ýöňkemäniň köplügi ulanylýar: "Myhmany çagyryň, öýe **girsinler**";

***razylyk bermegi aňladýar***:

– Oglanlaryň biri öýe jogap sorap gelipdir.

– **Gidibersin**;

***jar çekmegi, çagyrmagy aňladýar***: "Kimde-kim düýe ýitiren bolsa, **gelibersin-le, how**! Düýesiniň reňkini, ýaşyny, dişini aýtsyn-da: – meňki – diýip, **alyp gidibersin-le,** how!";

***alkyş-dileg aňladyp gelýär***: "Bar, ilatyň derdine **ýarasyn**! Bar, biriň **müň bolsun**!"; "Hudaýyň özi saňa **garaşyk etsin**"; "Ýoluňyz **ak bolsun**, ýaragyňyz **ötgür bolsun**". "–Uruş **bolmasyn-la**";

***wagyz-nesihat etmegi aňladýar***: "Her kim biziň umumy işimiz, umumy ösüşimiz bilen çyn ýürekden gyzyklansyn. Goý, her kimiň ýüregi, her kimiň beýnisi hemmäniň bähbidi üçin **peýda gözlesin**! Aramyzda ýekeje-de biperwaý, **biparh bolmasyn**!" (N.Jumaýew. Ak derek).

Bulardan başga-da, işligiň buýruk şekili "-gyn, -gin, -gun, -gün; -sana, -sene, -aweri, -eweri, -weri ýaly goşulmalar we "hany", "goý", "bar", "bakaly", "göreli", "-a, -ä" ýaly sözler we ownuk bölekler bilen gelip, dürli modal manylary aňlatmaga hyzmat edýärler.

Buýruk işliginiň ikinji ýöňkemesiniň soňuna "-gyn, -gin, -gun, -gün" goşulmasy goşulyp, bir zady sargamagy aňladýan buýruk sözleminiň habary ýasalýar: "– **Gowşurgyn**, keýigim, kakaň diýenini **etgin**".

Şunuň gepleşik dilinde "Her gün ir bilen **gelginiň**" ýaly, ikinji ýöňkemede ulanylýanlygyna garamazdan, ýene-de ikinji ýöňkemäniň "-iň" goşulmasy goşulyp aýdylyşy hem bar.

Buýruk işliginiň ikinji ýöňkemesiniň **soňuna** "-sana, -sene" goşulyp, igençli buýruk buýurmagy bildirýän buýruk sözleminiň habary ýasalýar: "**Meni bu Ezraýylyň elinden gutarsana**"; "Sakgaldaş, aýdym bilýän bolsaň, ýol ugrunda birki **heňi gaçyrsana**" (O.Akmämmedow. **Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar**).

Şunuň köplügi "gitseňiz-le, barsaňyz-la" görnüşinde aňlad
"–A gyz, ana, **görseňiz-le**!; "–Biderek samahyllaşyp oturma
**goýsaňyz-la**, gyzlar!".

Bular şekil taýdan "-sana, -sene" bilen kän bir m
bolmasa-da, olaryň asly birdir. Çünki türkmen diliniň
şiwe gepleşiklerinde (meselem: salyr, ärsary) "gitsene, bars
sözleri "gitseňe, barsaňa" şekilinde "n" sesi "ň" bilen çalşy
aýdylýar. Şol ses çalşygy häzir hem edebi dilde şu şe
köplük sanynda saklanypdyr. Şunlukda, "-saň-yz-la, -seň-i
goşulmasynda üç sany bölek bolup, "-saň, -seň" bölegi "-sa
sen-e" goşulmasynyň birinji bölegine deň gelýär. Ikinji "-yz,
goşulmasy bolsa bize belli bolan köplük aňladýan könel
goşulmadyr. Iň soňky "-la-le" bölegi bolsa "san-a, sen-ä" şekili
"-a, -e" ownuk bölegine barabardyr. Bularyň "-san, -sen//
-seň" böleginiň aslynda "sen" sözi bilen baglanyşykly bol
mümkin.

1. Buýruk işliginiň ikinji ýöňkemesiniň soňuna "-a
-eweri, -weri" goşulyp, sypaýyçylykly ýüz tytmagy, haýyş et
aňladýan buýruk sözleminiň habary ýasalýar: "– Bike totam, **gelew**
(O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar); "– Oglum, ç
suwuňam **ugruna çykaweri**..." (şol ýerde).

"Hany" sözi sözlemiň başynda gelip, hereketi gyssagly ý
çykarmagy bildirýär: "– **Hany** diňiňe çyk-da, gygyrmaga başla..
"– **Hany** diňiňden aşak düş.." (şol ýerde); "– **Hany** diňläň!".

"Goý" modal sözi buýruk sözleminden aňlanylýan manyny
güýçlendirip, kesgitli netijä gelmegi bildirýär: "**Goý**, ol halkyň gah
gazabynyň, hyjuw-gaýratynyň nämedigini açyk meýdanda görsü
(G.Kulyýew. Ýowuz günler).

"Bakaly", "göreli" ýaly modal sözler hem buýruk sözlemind
ýüze çykýan hereketi synap görmegi aňladýar: **Gelsin bakaly. Gits
göreli.**

"Bar" modal sözi bilen ulanylanda, buýruk sözlemi "**eçilmek**
"**bagyşlamak**" ýaly manylary aňladyp gelýär: "– **Bar**, ilat
derdine **ýarasyn**!"; "– **Bar**, biriň **müň bolsun**!.



2. Buýruk sözleminiň habary işligiň nämälim geljek zaman şekilinden bolup biler.

Munuň ikinji ýöňkemesi geljekde bir işi etmegi birine ýa köpçülige tabşyrmagy aňladýar: "Siz meni bu arzuwlaryma ýetmäge **gaýtararsyňyz**!" (N.Saryhanow. Saýlanan eserler).

Üçünji ýöňkemäniň köplüginde birine bir zady maslahat bermegi bildirýär: "Gerek zadyňy **aýdybirler**..."; "Birneme wagtragynda **gelerler**...".

Nesihat bermegi aňladýar: "Ruhubelentlik ömrüňize **nur-many çaýar**, kyn işiňizi **aňsat eder**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

Bu sözlemleriň habary nämälim geljek zaman işliginiň üçünji ýöňkemesinde ulanylsalar-da, olaryň manysy ikinji ýöňkemä degişlidir.

3. Buýruk sözleminiň habary işligiň häzirki zaman şekilinden bolup, köplük sanyň birinji hem ikinji ýöňkemelerinde, geplenip durlaň wagty, bir işi ýerine ýetirmegiň buýrulýanyny aňladýar: "Häzir **ugraýarys**"; "Eliňizi **galdyrýarsyňyz**"; "Aýaklaryňyzy göni **tutýarsyňyz**!".

4. Buýruk sözleminiň habary işligiň öten zaman şekiliniň köplük sanynyň birinji ýöňkemesinden bolup, bir işi başlamaga buýruk berilýänini aňladýar:

– Gitdik!

– Onda, **gitdik**! (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar).

## Sorag sözlemi

Sorag sözlemi sorag heňi bilen aýdylyp, esasan, bir zady soramagy bildirýär. Sorag sözleminde sorag aňladýan sözler we serişdeler beýleki sözlerden tapawutlanyp, belent heň bilen aýdylýar: "Bu **nä boluş**? Bu **nä halat**? Serwi boý gyzyň röwşen gözleri ony **jadylaýan-a däldir-dä**?"; (G.Kulyýew. Ýowuz günler).

Mysallardan görnüşi ýaly, soragy gönüden-göni öz üstüne a
sözler logiki basym bilen aýdylýar. Logiki basym bilen aýdylýan sö
köplenç halatlarda sözlemiň başyna geçýär. Mysal üçin, "–**Kim**
**aýt ol**?" diýen sözlem düzgün boýunça "–Ol **kimkän aýt**?" şeki
aýdylyp, eýe – birinji orunda, habar hem ikinji orunda gelmeli. E
sorag çalyşmasyna logiki basym düşýänligi üçin, ol öňe geçipdir. "**Se**
düýnki gelen?" diýen sözlemde hem "senmi" diýen sözüň logiki basy
aýdylýanlygy bellidir. Eger bize "düýnki geleni" bilmek gerek bo
onda olaryň ýerini çalşyryp, "Düýnki **gelenmi** sen?" diýip aýdýa
Şunlukda, sözlemiň haýsy ýerinde nygtalyp aýdylýan söz gelse, şol
belent heňde aýdylýar. Ol bolsa, esasan, sözlemiň başynda, ortasy
we ahyrynda gelip biler. Şu tarapdan sorag sözlemindäki heňi üç to
bölüp görkezmek boljak:

1. **Peselýän heň:** "–**Nädäýýäň-aý**, şahyr?" (Türkmenist
02.05.2002); "**Näme üçin** maňa aýtmadyňyz?" (N.Saryhan
Saýlanan eserler); "**Nirä** çykardyňyz?" (şol ýerde); "– **Kim** göze
atjak bolýar?" (G.Kulyýew. Ýowuz günler).

2. **Beýgelip-peselýän heň:** "Oňa **nähili** baha berenler boldy
(N.Saryhanow. Saýlanan eserler); "Wah, sen **nirede** galdyň
(Türkmenistan. 02.05.2002).

3. **Beýgelýän heň:** "Düýn dynç alynýan güni **çykardyňyzmy**
(N.Saryhanow. Saýlanan eserler); "Seniň. ak urpagyň üstünde dy
çöküp, mahmal çägäňe ýüzümi sürtmek ýene nesibämde **barmykan**
(Türkmenistan. 02.05.2002).

Sorag sözlemi dürli serişdeleriň üsti bilen aňladylyp, her h
manylarda ulanylýar.

Sorag "-my, -mi" sorag goşulmasy arkaly aňladylýar. Bu adatç
sözlemiň habarynyň soňuna goşulyp, aşakdaky ýaly manylary aňlady
gelýär:

***gürrüňdeşiniň pikirini öňünden kesgitlemek maksady bile***
***soralýanyny aňladýar***: "– Näme, şolaryň sanyny azaldyp, guzlaýa
goýunlaryň sanyny köpeltmeli **diýjek bolýarmyň**?" (O.Akmämmedow
Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar);



***bir zada begenip soramagy aňladýar.*** Bu sorag şol zady görüp şatlanmagyň netijesinde ýüze çykýar: "–Bike totam, geleweri. Tüweleme, **gezmäge çykaýdyňyzmy**?" (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar); "–Gözel, **geläýdiňmi**?" (şol ýerde);

***şert goýmagy aňladýar***: "–Onda, ýigitler, **gürleşdikmi**? – diýip, Ödemyrat oturanlaryň ýüzüne ýekän-ýekän seretdi" (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar); "–**Gürleşdikmi**?" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak);

***kinaýaly sorag aňladýar***: "–**Şeýlemi**? Diýip, Gözel ýylgyrdy" (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar);

***öz pikiriňi beýan etmek arkaly soramagy aňladýar***: "–Ýaşuly, kem zadyň **barmy**?";. "–Şondan gowy zada **harç etjekmi**?";

***öz pikiriňi tassyklatmak maksady bilen sorag bermegi aňladýar.*** Bu hili sözlemleriň habary barlyk şekilde bolsa – inkärleýji, ýokluk şekilde gelse hem, tassyklaýjy jogaplaryň berilmegini talap edýär: "Heý, Nedir şanyň Mugan çöllerine bakan süren ýigitlerinden dolanyp geleni **boldumy**? Olaryň ata-eneleriniň, çaga-çugalarynyň çeken azaby, döken gözýaşy **ýeterlik dälmi**?" (G.Kulyýew. Ýowuz günler);

***soraga sorag bilen jogap bermegi aňladýar.*** Munuň manysy öň ýanyndaky sorag sözlemine gapma-garşy häsiýetde bolýar:

"– Obamyzda medeni işiň geçirilişini neneň görýäň?

"– Näme, bizde medeni iş **geçirilýärmi**?..." (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar);

***geň galyp soramagy aňladýar***: "Sakgaldaş, diýýäniň näme? Bu wagtam bir aýdym **bolarmy**?" (O.Akmämmedow. Meni ýazgaryň); "Hä, Güldesse, bu **senmidiň**?" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler); "– Hiý, şeýle-de bir şaman ody **bolarmy**?";

***alasarmyk sorag aňladýar.*** Bu hili sorag sözlemi degişli jogap talap etmeýär. Ol bir zat bilen has içgin gyzyklanyp, diňe şonuň bilen gümra bolup oturan wagtyň, daşardan bir habar alasarmyk ýagdaýda gulagyňa ilmegi netijesinde ýüze çykýar: "Olar jarçynyň sesine gulak hem gabartmadylar, diňe çala gulaklaryna ilen sesi

añşyrar-añşyrmaz sözlediler"; "– Arçyn seçilýär **diýdiňizmi?** küştden, arçynyň seçilse..." (A.Gowşudow. Saýlanan eserle[r]

***käýinmegi aňladýar***: "Ine, molla Guty indi uly h[ö] düşüpdir, ol aýagy bişen ýaly, bir ýerde durup bilmän zowzulda[...] Ol şol bolup ýörşüne hem seslenip hüňürdeýärdi: "Aý, molla[...] başyna turşy çykan molla Guty, heý, seniň ata-babaňda ba[...] sagymçysy bolup, bir jyzzyk ýag dişine degreni **barmy**, sen bu [...] görüňe gelýärsiň, tapanjaňy iýip, hemişekiň ýaly, galanyň derweze[...] boýnuňy **uzatman otursaň bolmaýamy**?" diýip, öz-özüne käýin[...] (A.Gowşudow. Saýlanan eserler); "Häý, ýoknasyzlar-a[...] **şeýderlermi**?" (şol ýerde);

***sypaýyçylyk etmegi aňladýar***: "–Turjakmysyňyz, **otur[...] bolmaýamy**?...";

***rugsat soramagy aňladýar.*** Bu hili sözlemiň habary i[...] buýruk şekiliniň birinji hem üçünji ýöňkemeleriniň yzyna [...] -mi" goşulmasynyň goşulmagy bilen emele gelýär: "Men **gireýin[...]** "Aman şähere **gitsinmi**?", "**Mümkinmi**?", "Girmek **barm[...]** "Girmek **bolarmy**?" ýaly şekiller hem ulanylýarlar. Ýöne bu[...] manysy "Men gireýinmi?" sözlemi bilen bir däldir. "Men gireýin[...] diýen sözlemde içki isleg boýunça girmeklik soraşylýar. Emma s[...] getirilen mysallarda diňe girmekligiň mümkin ýa mümkin dä[...] bolýanlygy ýa bolmaýanlygy soraşylýar;

***çintgemegi aňladýar***. Bu hili sorag sözleminde gürrüňdeş[...] berýän soragy ýene-de bir gezek onuň özi tarapyndan hem çintg[...] gaýtalanýar. Şunda ol doly ýa-da doly däl görnüşde gaýtalanyp b[...] Doly görnüşde gaýtalananda, "Ertir şähere **gitjekmi**? di[...] **aýtdyňmy**?" ýa-da "– Ertir şähere **gitjekmi**? – diýip **soradyňm[...]** ýaly "diýip" sözi bilen baglanyşyp, doldurgyç eýerjeň sözlemi şekili[...] ýüze çykýar. Baş sözlemiň habary bolsa "aýtdyňmy, soradyňmy" ý[...] sözlerden bolýar.

Doly däl görnüşde gaýtalananda, sorag sözleminden çintgelm[...] zerur hasaplanýan söz ýa söz düzümi alynýar:

– Seni... **haýsy** wezipä iberdiler?

– Hä, **menimi**?..." (N.Jumaýew. Ak derek).



Şunuň "-myka, -mikä" görnüşinde "-ka, -kä" goşulmasy bilen ulanylyşy hem bar. Bu many taýdan "-my, -mi" goşulmasyndan tapawutlanýar, bir zadyň ikirjiňlenip soralýanlygyny bildirýär: "Eýsem gara güne gutarmak, ykbal şcmalyna üýtgemek **ýokmuka**? (G.Kulyýew. Ýowuz günler); – Hany, "Bu ýyl daýhanlara pagtalyk beriljekmiş" diýýärler-le, bu **dogrumyka**? – diýip, eliniň ýeňsesi bilen eňeklerini gazaşdyrdy"; "Bular kakamy **agtarýarmykalar**? Kakam o ýandan **gaýtdymyka**?".

Sorag sözlemi "-da, -dä, -la, -le, -a, -ä, -ow" ýaly ownuk bölekler bilen aňladylýar. Bular sözlemiň habarynyň soňuna goşulyp, gümansyratmak, çak etmek, nygtamak, teýeneli soramak ýaly dürli modal manylar bilen baglanyşykly sorag aňlatmak üçin hyzmat edýärler:

***gümansyratmagy bildirýänler***: "–Eje, armaweri, gaty **ýadaýan-a dälsiň-dä**?";

***çak etmegi bildirýänler***: "Agşam ýagyş **ýagandyr-la**?" "Ilerki ýaba suw **gelendir-ä**?";

***nygtamagy bildirýänler***: "– Be... bazar gününe ýetişmeli bolsa, onda häzir **ugrabermeli-dä**?..." (N.Jumaýew. Ak derek); "– Onda biz **goňşy ekenik-dä**?" (şol ýerde);

***takyklamagy bildirýänler***: "– Ýaňy oglanlar: "Gözenekden bir atly geçdi diýdiler welin, şol Siz **ekeniňiz-dä**?...";

***teýeneli soramagy bildirýänler:*** "– Onda sen, şeýdilip, il masgarasy edilmegiň **tarapdary-da**?" (Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar); "– Ýaman aňsat **baýapsyňyz-la**?" (şol ýerde);

***ýatlamagy bildirýänler***: "– Ýeri, onsoň, Gajar aga, ol ýoldaşlaryň näme bolanlygyny **aýtmadyň-la**?..." (A.Gowşudow. Saýlanan eserler);

***öz pikiriňi paýlaşmagy bildirýänler***: "– Soňrak howa **açyljag-a**?". (A.Gowşudow. Saýlanan eserler);

***ynam etmegi bildirýänler.*** Munda sözleýän adam öz berýän soragyny ynam bilen aýdýar. Şoňa görä bu hili sorag sözleminiň jogaby, köplenç, tassyklaýjy häsiýetdedir: "– Obamyzdaky hol **Jully kör-ä tanaýansyňyz**? – Hawa, hawa, tanaýarys – diýşip, oglanlar ýerli-ýerden seslendiler" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler);

*soraşmagy bildirýänler*: "–Onda maşyny garažda go[...]da?";

*howatyrlanmagy bildirýänler*: "–Men bagtsyzlyga[...] **bolýan-a däldirin-dä?**" (N.Jumaýew. Ak derek);

*gynanmagy bildirýänler*: "Derkar jöwenligiň arasynda[...] nirädir howlugyp barýarka, şu ýerde suw tutup ýören Mere[...] duruzdy-da, gynanç bilen kellesini ýaýkap:

– Nyýazguly **nädäýipdir-ä**? Ynanar ýalam däl[...] (N.Jumaýew. Ýuwaş gelin);

*ýalbarmagy bildirýänler*: "Emma Annaguly ýaba mün[...] gorkdy:

– Kaka, idip **äkidäýeýin-le** – diýip, kakasyna ýa[...] (A.Durdyýew. Saýlanan eserler);

*sorag-ýüzlenme bildirýänler*: "–Onda gyzyň ýitmegi[...] **günäkär-dä?**";

*ýazgarmagy bildirýänler*: "–Aý, zaňňarlar, onda[...] gizläniňiz **dutar-da?** – diýýär" (Kemine. Saýlanan eserler).

4. Sorag çalyşmalarynyň we hal sözleriniň üsti bilen sorag sö[...] aňladylýar. Sorag çalyşmalaryna we hal sözlerine "kim", "näme", [...] "näçe", "näçenji", "haçan", "näwagt", "niçik", "neneňsi", "näme [...] "näme sebäpli" ýaly sözler degişlidir. Muny aňlatmakda bulary[...] haýsynyň öz aýratynlygy bar.

"Kim", "näme", "nire" sözleri atlary çalşyryp gelip, şolara d[...] soragy aňladýarlar. Şonuň üçin bular degişlilik, san, düşüm goşulm[...] bilen üýtgäp bilerler.

"Kim", esasan, adamlara degişli ulanylýar: "Emma ol [...] eýesi **kim** boljak? **Kim** onuň üstünde oturjak. "Meniň **kimim** b[...] "– Eýsem **kim** borsuňyz?".

"Näme" sorag çalyşmasy adamlardan beýleki zatlar [...] ulanylýar: "Ejeň bilse **näme diýer?**"; "Be, men **näme** diýerk[...] (O.Akmämmedow. Meni ýazgaryň).

"Näme // nä" sözleri atlara baglanyp hem gelip bi[...] "– **Näme** habaryňyz bar?"; "Myrat, haýwanda **näme** ýazyk ba[...] "– **Näme** bolupdyr, **näme** habar bar?.."; "– O **nä** habar?..".



"Näme" sözi atlary çalşyryp gelmän, ýeke sorag aňlatmak üçin hem ulanylyp bilner. Mysal üçin, "–Oňa şek barmy **näme?**" diýen mysalda sorag "-my" goşulmasynyň üsti bilen aňladylýan hem bolsa, "näme" sözüniň getirilmegi bilen o has hem nygtalýar. Sorag sözleminde "näme" sözi, köplenç, sözlemiň başynda gelýär: "**Näme**, il-gün seniň ýatdygyňy bilmeýärmi?" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

"Nire" sözi ýer-ýurt, orun-tarap bilen baglanyşykly soragy aňladýar: "Hany, ejeň **nirede?**"; Ýer-ow, Muhammet, ugur **nirädir?**" (O.Akmämmedow. Meni ýazgaryň).

"Hany" sözi hem "nirede" sözüniň manysynda gelip, sorag çylyşmasynyň ýerini tutup biler: "Ony öz süýdi, maňlaýynyň deri bilen öndürip-ösdüren mähriban ene **hany?**"; "Ony görende, ýitirip tapan ýaly boýnuna bökýän jigisi **hany?**"; "**Hany** Kerim?".

Bir sözlemde "hany" we "nirede" sözleriniň ikisiniň ulanylyşyna hem duş gelinýär: "–Eje, **hany** kakam **nirede?**" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak).

"Naçe", "näçenji" sözleri sanlary çalşyryp gelip, şolara degişli soragy aňladýarlar. Bulardan "**näçe**" sözi – **mukdary**, näçenji" bolsa tertibi bildirip gelýär: "Sen şu ýylyň içinde **näçe** kitap okadyň?": "Gözel **näçenji** klasda okaýar?".

Sözleýiş dilinde "näçenji" sözi "**näçinji**" ýaly "i" sesi bilen aýdylýar.

"Haçan", "näwagt" sözleri wagta dahylly soragy aňladýarlar "**Haçan geldiň?**".

"Haýsy" sözi atlary sypatlandyryp gelýän sözleri çalşyryp, şoňa degişli soragy aňladýar: "**Haýsy** tarapa sürmeli?". Emma "nähili", "niçik" "neneň // neneňsi" ýaly sözler atlara hem, işliklere hem baglanyp bilerler: "– Sen şuňa **neneň** dözüp bilýäsiň?"; "Remezan aganyň şu ýagdaýyny görüp durubam, men **nähili edip** bu ýerde arkaýyn oturyp bilerin?"; "– **Neneňsi** baýadyňyz?"; "**Nähili** ..

Sorag aňladýan ýokarky sözleriň hemmesiniň asly "nä // ne // ni" bölegine syrygýar. Bu bolsa gadymy sorag aňladýan serişde bolup, haýsy söz toparyna degişli sorag aňlatjak bolsa, şol sözler bilen goşulyşyp, her dürli sorag çalyşmalarynyň ýüze çykmagyna getiripdir.

"Nädip" şekilinde ulanylýan hal sözi hem aslynda "ne edip>n
görnüşinde goşma sözleriň gysgalmagy netijesinde emele gelipdi
"–Arma, gazy bilen **nädýäsiň**?" diýen mysalda hem "ne"
çalyşmasy bilen "etmek" işligi bütinleý bitişip gidipdir. Oňa garam
bu söz hem sorag aňlatmak üçin hyzmat edýär hem-de işliklik nyş
saklap, degişli zaman, ýöňkeme bilen üýtgäp gelýär.

Sorag aňladýan "nä // ne" sözi häzirki türkmen edebi di
kän ylanylmaýar. Diňe gepleşik dilinde "Seň **nä** işiň bar?", "
boluş?"; "Muňa **ne** döw çaldyka?" ýaly sözlemlerde duş gelýär.
XVIII–XIX asyr türkmen edebiýatynyň dilinde ol işjeň ulanylyp

"Diýdim: "Gökden agyr, ýerden mert **nedir**?
Derýadan baý **nedir**, daşdan saht **nedir?**
Otdan ýakyjyrak, buzdan sert **nedir**.
Zäherden ajyrak **nedir** bu jana?"

*(Magtymguly. Saýlanan ese*

Sorag sözlemi türkmen nusgawy edebiýatynyň dilinde
manydaky soragy aňlatmaga gatnaşýarlar.

Magtymgulynyň dilinde käte sorag sözlemi "ne" s
çalyşmasy bilen hem berilýär. Şunda özi sorag goýup, ö
jogap berýär. Şeýle usul bilen döreýän sorag sözlemi çeper
serişdesi hökmünde filosofik düşünjäniň ýüze çykarylma
kömek edýär:

"Magtymguly, bu **ne** jaýdyr,
Ajap bir kerwensaraýdyr.
Dünýe bir loly heleýdir,
Bir gün seni guçar gider"

*(Magtymguly. Saýlanan eser*

"Ne" sorag çalyşmasy häzirki zaman türkmen dilinde e
doly könelişmän, şygryýetiň dilinde häli-şindi ulanylýar:

"Bu gum
**Ne** gum?!



Garagummy?
Garagum!
Garagumuň gara güni sowuldy"

*(A.Annadurdyýew. Zer ýapraklar).*

"Nä" sözi "bilmek" işligi bilen hem goşulyşyp ulanylýar: "–Men **näbileýin**?" (O.Akmämmedow. Meni ýazgaryň).

Gepleýiş dilinde "ne" sorag çalyşmasy geň galyp soramagy hem bildirýär: "–Muhammet jan, **bu** gün **ne** öwünjeň bolupsyň?" (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar).

"Näme üçin", "näme sebäpli" sözleri bir zadyň sebäbini soramagy aňladýarlar: "**Näme üçin** gideňok?"; "**Näme sebäpli gijä** galdyň?"; "Bagşyçylyk etmeýän bolsaň, **näme üçin** dutar göterýäň?".

"Näme" sözüniň bir özi hem sebäp aňladyp biler: "– **Näme,** oglan, hat getirip bermäňi kesäýdiň?" (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar); "**Näme**, ýöne dymyp dursuň?" (şol ýerde).

Ýokarda görkezilenlerden başga-da, sorag çalyşmalarynyň gatnaşmagy bilen dürli modal manylary aňladýan sorag sözlemleri emele gelip bilerler:

***sala salmagy aňladýan sorag sözlemi:*** "Mämmetnazar aga, indi sen bagtyňy lotereýa biletini satyn alyp barlaýsaň **nädýär**?" (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar); "Sakgaldaş, şu aýdymy bes edäýsek **nähili** bolarka?.." (şol ýerde);

***maslahat soramagy aňladýan sorag sözlemi***: "Men **haýsy** okuwa girsemkäm"; "Men öňürti **kim bilen** gürrüňleşeýin. – Hany, bu ýyl miraplygy kimiň ýakasyndan iltäris?..";

***gürrüňdeşiň pikirini soramagy aňladýan sorag sözlemi:*** "Obamyzda medeni işiň geçirilişini neneňsi görýäň? (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar);

***netijesi nämälim sorag sözlemi:*** "Hany göreli bakaly, bu oglanlar **nähili** netije çykararlarka? (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar); "– **Nädemizde** medeni işi oňat ýola goýup bilerkäk?.." (şol ýerde);

***teýeneli sorag sözlemi*.** Munda sorag berýän adam
soramaýar. Eýsem ol sorag arkaly ýüregindäki teýenes
çykarýar: "Nurgözel ellerini öňlügine süpürip, stoluň ýany
duranda, adamsy kinaýaly ýylgyryp, oňa seredende, peronyň u
lödere teýeneli sorag ýalydy.

– Bu **näme**? – diýip, adamsy soranda, Nurgözel dili
ýaly, sesini çykarybilmän durdy. Soňra bolsa:

"–Siňek – diýip dillendi" (N.Jumaýew: Ýuwaş gelin)

5. Sorag sözlemi sorag heňi bilen aňladylýar, "–Wi
edeýin...?"; "–Aý inerler-le, ýükleri näme bolmalydyr? Do
"–Ýeri, Bäşim, indiki **maslahat**?".

Şu mysallarda sorag diňe heňiň üsti bilen aňladyl
köplenç, diňleýän adam bir zady oňly eşitmese ýa ger
aňşyrmasa, şony has anyklamak maksady bilen ikinji gezek şol s
sorag heňinde gaýtalaýar. Şoňa görä şol bir sözlemiň özi habar
heňi bilen aýtsak – habar sözlemi, sorag heňi bilen aýtsak hem
sözlemi şekilinde ulanylyp biler:

Myhmanlar ýaňyja **ugrady**.

Myhmanlar ýaňyja **ugrady**?

Şu sözlemleriň gurluşynda, agzalarynda hiç bir hili ta
bolmasa-da, olaryň aňladýan manysy dürlüdir. Birinji söz
myhmanlaryň ýaňyja ugranlygy ýöne habar berilýän bolsa, ikinji söz
olaryň ýaňyja ugranlygy çintgelip soralýar. Şunda sözlemleriň
aňlatmakdaky aratapawudy gönüden-göni heňiň üsti bilen ýüze ç
Umuman aýdanyňda, sorag heňi sorag sözlemleriniň hemmesi
häsiýetlidir. Bu ýerde bolsa ol sorag aňlatmagyň ýeke-täk serişde

## Ýüzlenme sözlemi

Ýüzlenme sözlemlerinde pikir bilen bir hatarda duýgy
aňlanylýar. Ol sözleýän adamyň içki duýgusyny (begenç, şatlyk, ga
hasrat, gahar, käýinç we ş.m.), başga birine bolan garaýş



(göwnüýetmezçilik, ýaňsa almak, igenmek, makullamak we başg.) bildirmek üçin hyzmat edýär.

Ýüzlenme sözlemi belent duýgy bilen aňladylýar: "–Waý, **kaka**, ejemi **çilim tutaýdy**!.."; "**–Päheý-de däninim!** (G.Kulyýew. Ýowuz günler).

Türkmen diline degişli ýazylan işlerde şu ýüzlenme sözlemi buýruk sözlemi bilen goşulyp berilýär. Emma hakykatda ýüzlenme sözlemi bilen buýruk sözlemi bir zat bolman, bular manysy boýunça hem, aýdylyşy boýunça hem bir-birinden tapawutlanýarlar. Buýruk sözlemi buýurmagy, tabşyrmagy, haýyş etmegi we ş.m. aňladyp, buýruk heňi bilen aýdylýar. Ýüzlenme sözlemi bolsa begenmegi, gynanmagy, şübhelenmegi, ýaňsa almagy we ş.m. aňladyp, duýgy heňi bilen ýüze çykarylýar. Ol manysy, aýdylyşy, şekillenişi boýunça özboluşly aýratynlyklara eýedir. Şuňa görä ýüzlenme sözlemi duýgy aňlatmak boýunça sözlemleriň aýratyn bir görnüşi hökmünde öwrenilmäge mynasypdyr.

Ýüzlenme sözlemlerinde esasy orun duýgy heňine degişlidir. Şonuň üçin hem haýsy sözlem belent duýgy bilen aýdylsa, ol habar sözlemimi ýa sorag sözlemimi, ýa-da buýruk sözlemimi, parhy ýok, ýüzlenme sözlemi görnüşinde ýüze çykyp biler:

"Suw – janlanyş!

Suw – dirilik!

Suw – ýaşaýyş!" (Garagum. 2002. №6).

Şunlukda, heň sözlemleriň aýdylyş maksadyny tapawutlandyrmaga gatnaşýan hemişelik serişdedir. Mysal üçin, aşakdaky sözlemler gurluş hem düzümi boýunça bir-birinden hiç bir tapawutlanman, şol bir sözleriň gatnaşmagy bilen emele gelen bolsalar hem, heň taýdan tapawutly aýdylýanlygy üçin, dürli manylarda ulanylýarlar.

Gijräk gelerler.

Gijräk gelerler!

Gijräk gelerler?!

Gijräk gelerler?

Şu sözlemleriň birinjisi – habar, ikinjisi – buýruk, üçünjisi – sorag-ýüzlenme, dördünjisi hem sorag sözlemidir.

Duýgy añlatmak diñe heñiñ üsti bilen amala aşyrylman, ... bilen bir hatarda, ýörite duýgy añlatmak üçin hyzmat edýän seri... hem ulanylýarlar:

1. "Nähili", "neneñsi", "nä // ne" ýaly sorag çalyşmal... kömegi bilen ýüzlenme sözlemi añladylýar. Many taýdan ... tolgunmany bildirýär:

şatlyk duýgusy bilen tolgunmagy añladýar: "Dünýä ... ajaýyp! Söýýän ýürek üçin durmuş **nähili** gözel!" (N.Jum... Ak derek);

hasrat duýgusy bilen tolgunmagy añladýar. "**Nähili** şum y... (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Bu **nähili** ýowuz ykbal! (şol ýe...

Şu hili sözlemleriñ öñünden duýgyny güýçlendirmek ma... bilen "gör" sözi hem getirilýär: "**Gör,** nähili ters ykbal, nähili agyr ... (G.Kulyýew. Ýowuz günler).

2. Ýüzlenme sözleminiñ habary şert işliklerinden b... howatyrlanmak, şübhelenmek, ikirjiñlenmek ýaly manylary añla... "Eger men ejeme meniñ halaýanym "– Gözel, şoña söz aýt **diýäýs**... (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar); "Eger bu ... ejeme aýtman, iş jygba-jyga gelende **aýdaýsam**! Onda bu... ýakasyndan köz atylan ýaly bolup **ör-gökden gelse**! "Şony gapy... getirmersiñ!" diýip **nadaralyk etse**!" (şol ýerde); "Indi bu... göýdükdirmän **alyp çykyp bolaýsa**!" (şol ýerde); "Birde... **gelmese**!" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak).

Şunuñ "-dyr, -dir" kem işlik goşulmasyny kabul edip ulany... görnüşi hem azrak duş gelýär. Many taýdan birhili howatyr et... añladýar.

3. Ýüzlenme sözleminiñ habary işligiñ şert şekilinden bo... "nätjek" ("nädersiñ") sözi bilen ulanylýar. Many taýdan okünm... haýran galmagy we ş.m. añladýar: "Şoñ öýi **bolsa nätje**... (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar); "Ol bireý... **giden bolsa nätjek**?!" (şol ýerde); "Edil **üstünden baraýan bols**... **nätjek**! Ol kakasynyñ hyrly dolduryşyna köp syn edipdir, emma däri... kadaly guýum ölçeginiñ barlygyna **düşünmeýän bolsa nädersi**... (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).



4. Ýüzlenme sözleminiñ habary işligiñ şert şekilinden bolup, işligiñ nämälim geljek zaman şekiliniñ ikinji ýöñkemesinde gelen "nädersiñ" sözüniñ getirilmegi bilen ýasalýar. Many taýdan buýsanmagy, söýünmegi añladyp gelýär: "–**Nädersiñ,** indi Japbaklaryñ oraçasy nandan dolaýsa!".

5. Ýüzlenme sözlemi "ine", "ine gerek bolsa" ýaly görkezme manysy bolan sözleriñ gatnaşmagy bilen añladylyp biler. Many taýdan garaşylmadyk bir zada güýçli begenmegi ýa gynanmagy añladýar: "Ýapbak şatlygyndan ellerini çarpdy: "–**Ine, gerek bolsa** saña hoşa!".

6. Ýüzlenme sözlemiñ habary **işligiñ** şert şekilinden bolup, "-dy, -di" kem işlik goşulmasyny kabul edip gelýär. Many taýdan arzuw etmegi añladýar: "Ah, samolýotda **uçup görsedim**! Bulutlaryñ deñinden aşaga **seretsedim**! Aşgabady **aýlansadym**!" (N.Jumaýew. Ýuwaş gelin).

7. Ýüzlenme sözleminiñ habaryna derek "-dyk, -dik // -lyk, -lik" goşulmasyny kabul edip, degişlilik hem ýeñiş düşüm bilen üýtgän sypatlar ulanylýarlar. Sözlemiñ logiki taýdan eýesi bolmaly söz bolsa eýelik düşümde getirilýär. Many taýdan bir zada haýran galmagy añladýar: "Munuñ **süýjüdigini**!"; "Bu çaganyñ **akyllydygyny**!"; "– Baý, eje, seniñ **dowulçydygyñy**!".

Bu mysallarda bir zadyñ hilinc, häsiýetine üns çekilýär we ol geñ galyjylyk bilen bellenilip geçilýär. Emma "Bu atyñ **çapaýşyny**!" ýaly mysallarda hereketiñ ýüze çykyşyna üns çekilip, şoña haýran galynýanlygy bildirilýär. Bu hili sözlemleriñ logiki eýesi eýelik düşümde gelen sözlerden bolýar.

Logiki habar bolup degişlilik hem ýeñiş düşüm goşulmalary bilen üýtgän iş atlary ulanylýar.

Şu hili sözlemlerde ýeñiş düşümde gelen sözüñ bolmagy aslynda geçirýän işlikleriñ bolanlygyna şaýatlyk edýär. Ol "gör", "görsene" geçirýän işlikler bolup, sözlemiñ habary şekilinde ulanylypdyr. Mysal üçin, häzir hem sözlemiñ manysyna zeper ýetirmezden, ýokarky sözlemi "Bu atyñ çapaýşyny **görsene**!" ýaly ulanmak mümkin. Ýöne şu hili mysallarda "**gör**", "**görsene**" işlikleri özleriniñ hakyky söz manysyndan

daşlaşyp, şol zadyň hilini, häsiýetini ýa-da hereketiň ýüze çyk
görkezmegi aňlatman, eýsem geň galmak duýgusyny bildirmäge h
edýär. "Çapaýşyny" bolsa ýeňiş düşümde ulanylýan göni obý
Şoňa görä sözlemde esasy manyny öz üstüne alýan göni obýekt o
galdyrylyp, hakyky manysyny ýitiren sözlemiň habary bolsa
kemden sözlemden düşüp galmaga mejbur bolupdyr.

8. Ýüzlenme sözleminiň habary "diý", "diýsene" ýaly sö
getirilmegi bilen aňladylýar. Şunuň gurluşy başganyň gepi şek
baglanyşýan eýerjenli goşma sözlemleriň gurluşyny ýada salýar.
bu hili sözlemlere eýerjeňli goşma sözlemler şekilinde garamak
bolmaz. Çünki bu sözlemlerde baglaýjylyk hyzmatyny ýerine ýeti
"diý", "diýsene" sözleri öz hakyky manysynda gelmän, duýgy aňla
üçin hyzmat edýärler. Şoňa görä bulary ýüzlenme sözlemlerini
görnüşi hökmünde öwrenmek dogry bolar. Many taýdan bu hili sözl
begenmegi, ahmyr etmegi, üstünden gülmegi, ýaňsa alm
göwnüýetmezçiligi, güýçlendirmegi aňladyp gelýär: "Aýraty
Göwheriň beren gürrüňleri **diýsene**!"; "– Guba düýe biderejik b
gitdi **diý**! "Üýşüp ýatan bir petde kagyza gitdi" **diý**!" (N.Saryh
Saýlanan eserler); "Wah, ses diýip, onda ses bolsa **diýse**
(O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar); "Tüýs mugal
diýip şoňa **diýäýseň**".

9. Sözlemiň habaryndan soň "ahyry, ahbetin" sözler
getirilmegi bilen bir zady ýürekden syzdyryp, ynandyryp aýtm
ýalbarmagy bildirýän duýguly sözlem aňladylýar. "Heniz saňa hiç
diýenoklar **ahyryn**!" (O.Akmämmedow. Jezalandyrylma
jenaýatçylar); "Biziň ýanymyza-da gelip, "armaweri" diýerler **ahbet**
(şol ýerde).

10. Ýüzlenme sözlemi diňe duýguly heňde aýdylmak ark
hem emele gelip biler. Bu gurluşy boýunça habar, sorag, buý
sözlemlerinden tapawutlanmaýar. Emma bu meseläniň daş
tarapydyr. Hakykatda bolsa, bu hili sözlemler duýguly heňde aýdylm
bilen, heň hem many taýdan olardan büs-bütin tapawutlanýarlar. My
üçin, "Garaşýaryn!" (N.Jumaýew. Ak derek); "Göwnüme bolsa, g
bütin gije garaşýan ýaly!" (şol ýerde); "Men onuň keşbine, on



sesine, onuň her bir gymyldysyna **belet**! Biz ýüz ýyl görüşmän tapyşan ýaly, ömrümizde ilkinji gezek gujaklaşdyk!" (şol ýerde); "–Gar **ýagypdyr**! Erikleriň üstüne gül **ýagypdyr**! Bir äňetsene: gül **ýagypdyr**!" (şol ýerde) diýen sözlemleriň daşky görnüşi habar sözleminden onçakly tapawutlanmaýar. Şulary asuda, aram heňde aýtsak, olar habar sözlemi şekilinde ulanylyp bilerler. "Selbim!! Saňa näme **boldy**!.. (N.Jumaýew. Ak derek) diýen sözlemiň gurluşy bolsa sorag sözlemini ýatladýar. Emma hakykatda bu sözlemde sorag aňlatmak maksat edinilmän, eýsem, şonuň üsti bilen sözleýän adam öz içki tolgunmasyny, gynanjyny äşgär edýär. Elbetde, has içgin syn edeniňde, ýokarky sözlemleriň birnäçesinde duýguly heňden başga-da duýgy aňlatmaga hyzmat edýän "göýä, ýaly" meňzetme kömekçileriniň, "bütin gije", "ilkinji gezek" ýaly güýçlendiriji sözleriň we "Gar **ýagypdyr**! Erikleriň üstüne gül **ýagypdyr**!" ýaly gaýtalanýan sözleriň gatnaşýanlygyny aňmak bolýar. Bu serişdeler ýüzlenme sözlemleriň häsiýetli alamatlaryndan biri bolmak bilen, sözlemden aňlanylýan duýgyny güýçlendirip gelýärler. Emma bular beýleki sözlemlerde hem ulanylyp biler. Şoňa görä olar ýüzlenme sözleminiň kesgitleýji alamatlary hasaplanyp bilmezler. Galyberse-de, "Garaşýaryn!" ýaly sözlemlerde duýguly heňden başga hiç hili duýgy aňladyjy serişdäniň gatnaşmaýanlygyny bellemek mümkin.

Şunlukda, ýokarky sözlemleriň ýüzlenme sözlemi hasaplanmagynda duýguly heň kesgitleýji serişdedir.

Ýokarda görkezilenlerden başga-da, ýüzlenme sözlemi duýguly sözleriň: ümlükleriň, modal sözleriň, ownuk bölekleriň getirilmegi, sözleriň ýa-da sözlemleriň gaýtalanyp ulanylmagy, sözleriň orunlarynyň üýtgemegi we şular bilen birlikde, duýguly heňde aýdylmagy bilen emele gelip, örän köp dürli manylarda ulanylýarlar:

***käýinmegi bildirýänler:*** "**Päheý**, muňa seret" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "**Wah**, içimi ýakmasana!" (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar); "**Wah**, men bir dynman geçen boldum!" (şol ýerde);

***ökünmegi bildirýänler***: "**Wah**, bagt diýilýän zat güýç-gaýrata berilýän bolsa bolmaýarmy!" (G.Kulyýew. Ýowuz günler);

*alkyş aýtmagy bildirýänler*: "–**Haý, berekella, g**
(G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Eden hezzetiňe **taňryýalk**
(O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar);

*ynam edip aýtmagy bildirýänler*: "–Ýok, eje, şol **m**
seniň gelniň **bolar**! (O.Akmämmedow. Jezalandyryl
jenaýatçylar); "–Kitap elden **çykmaz**!" (N.Saryhanow. Sa
eserler);

*ýaňsa alyp aýtmagy bildirýänler*: "–Maksadyňa **ýe**
(O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar); "–Hym!
özüň **akylly ýigit**?!"; "–**Heý**, ýigid-ä näçe bildow…";

*öwünmegi bildirýänler*: "**Baý**, eje, şu gün **işledi**
(O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar);

*eýmenmegi, howatyr etmegi bildirýänler*: "Onsoň **dat**
günüme! (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar); "
işim gaýtdy!"; "–**Wah**, işim gaýtdy!.." (A.Gowşudow. Saý
eserler);

*gynanmagy bildirýänler*: "**Wah**, ilde belli bir maşgala
"– **Ah**, onuň ýaly maşgala tapyl nirede, gyz!";

*taryp etmegi bildirýänler*: "Onuň **süýji dilliligini,**
goýaý!";

*arzuw-dileg etmegi bildirýänler*: "**Belki**, Hudaý, onuň öw
**doldurаýady-da**!"; "Belki, düz **bolaýady-da**";

*gargynmagy bildirýänler*: "– Heý, ylahym, **atyň baş**
**iýsin**!"; "Hernä eýgilik garasyny **görmäsiň-dä**!";

*igenmegi bildirýänler*: "– Aý, bäbejik **bol-a**!";

*berk ýazgarmagy bildirýänler*: "–Sen şähere gidýä
sakgalyňy syrypsyň, sen **azgyn**!";

*kinaýa almagy bildirýänler*: "Ýagşy, bu **günä dälm**
Näme üçin dädem olara "**günä**" diýip düşündirmeýä!";

*nägilelik bildirýänler*: "– **Päheý**, biz näme malymyzd
başymyzdan geçip, biziň agamyz öldürilipmi näme?" ("Görogly");

*ynam etmezligi bildirýänler*: "– **Aý, näbileýin**?..";



*duýgudaşlygy bildirýänler*: "–**Wah**, şony aýtsana! Bilmeýäni kemem däl, ýogsam **dat** Selbiniň gününe!" (N.Jumaýew. Ak derek);

*mahabatlandyrmagy bildirýänler*: "–**Bol-bol**, şu wagt Orazgözel **bol-da**!";

*görkezmegi bildirýänler*: "**Ine**, aýtmasaň!";

*begenmegi bildirýänler*: "Ine, Durdymyrat hem **geldi**!" (N.Saryhanow. Saýlanan eserler);

*ah çekmegi bildirýänler*: "**Leýla**!.. **Leýla**!" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "**–Eý-ý-ý!.. Ýazgyt! Ýazgyt!..**".

Şu mysallardan belli bolşy ýaly, sözleriň we sözlemleriň gaýtalanyp ulanylmagy duýgy aňlatmagyň bir ýoly hökmünde ýüze çykýar:

*makullamagy bildirýänler*: "**Ine**, munyň boldy! (N.Saryhanow. Saýlanan eserler),

*ýigrenmegi bildirýänler*: "Ýüzi-gözi **bir eýmenji**!" (N.Saryhanow. Saýlanan eserler);

*ýalbarmagy bildirýänler*: "– **Waý**, başyňyza **döneýin**!"; "– **Waý**, bir goýnam **bereýin**!";

*zeýrenmegi bildirýänler*: "– **Wah**, näme **diýeýin**, näme **aýdaýyn**!..";

*göwnüýetmezçiligi bildirýänler*: "– **Wiý**, müňa **seret-le**, bu-da mugallym! Ýedini gutaryp bolupdyr alym!.." (A. Kekilow. Söýgi);

*şatlanmagy bildirýänler*: "– **Baý**, bu gün **hezillik boldy-ow**! **Hezillik**!!!";

*haýran galmagy bildirýänler!*: "– **Bä**, Anna **mert eken-ow**!"; "– **Bä-äý**, bu zalywad-a biziň işimizi **görd-ow**! Biz ertirden bäri iki sany adamyň yzyny yzarlap gelýäs weli, bu "äpet adam-a" olary bäşe daga eltäýd-ow!" (Ç.Aşyrow. Yzçy);

*ak pata bermegi bildirýänler*: – Işleriňi Alla **oňarsyn, balam**! Il – günüňem **bagtynyň açyldygy bolsun**!" (Garagum. 2002. №6).

## EDEBIÝAT


**Saparmyrat Türkmenbaşy**. Ruhnama. – Aşgabat, 200

**Azymow P.** Türkmen diliniň meseleleri. – Aşgabat: Ylym 36–43 s.

**Аннануров А.** Вопросы синтаксиса в плане пере русского на туркменский язык. – Ашхабад: Туркменгос 1956. С. 5–69.

**Арутюнова Н.Д.** Предложение и его смысл. Ло семантические проблемы. – М.: Наука, 1976.

**Ачилова Г.** Словосочетание с эпитетом в совреме туркменском языке // Изв. ТФАН СССР. 1949. №4.

**Ачилова Г.** Определительные словосочетан современном туркменском языке. – Ашхабад: Магарыф,

**Açylowa G.** Häzirki zaman türkmen dilinde degi kategoriýasy // SSSR YA-nyň TF-nyň habarlary. 1943. №3.

**Açylowa G.** Häzirki zaman türkmen dilinde epitetler // S YA-nyň TF-nyň habarlary 1943. №4.

**Баскаков А.Н.** Словосочетание в современ турецком языке. – М.: Наука, 1974.

**Баскаков Н.А.** Историко-типологиче характеристика структуры тюркских язы Словосочетание и предложение. – М.: Наука, 1975.

**Дмитриев Н.К.** Основные вопросы туркменс синтаксиса. Строй тюркских языков. – М.: ИВЛ, 1962 395–430.

**Guzuçyýew T.** Türkmen diliniň ýazuw ýadygärliklerinde ýön sözlemler. – Aşgabat: Ylym, 1984.

**Кононов А.Н.** Грамматика современного турецк литературного языка. – М. – Л.: Изд-во АН СССР, 1956.

**Myradow A.** Häzirki zaman türkmen dilinde habar sözlem Aşgabat, 1990.

**Myradow A.** Häzirki zaman türkmen dilinde buýruk sözle TCCP YA-nyň habarlary. Gum. ylyml. seriýasy. 1991. №2. 46–69





**Мурадов А.** Структурно-семантическое исследование простого предложения в современном туркменском языке: Автореф. докт. дис. – Ашгабат, 1991. С. 60.

**Myradow A.** Häzirki zaman türkmen dilinde sözlemleriň aýdylyş maksady boýunça toparlara bölünişi // TCCP YA-nyň habarlary. Gum. ylyml. seriýasy. 1991. №4. 87-89 s.

**Myradow A.** Ýönekeý sözlemleriň semantik taýdan toparlara bölünişi. – Aşgabat, 1991.

**Nartyýew N.** Häzirki zaman türkmen dilinde sözlem gurluşy // TCCP YA-nyň habarlary. Jemg. ylyml. seriýasy. 1977. №2. 71–77 s.

**Nartyýew N.** Häzirki zaman türkmen dilinde goşma sözlemiň gurluşy. 1 bölum. Giriş we düzmeli goşma sözlem. – Aşgabat, 1980. 34–45 s.

**Nartyýew N.** Garaşsyzlygyň miweleri. 1991–2001. – Türkmenabat, 2002.

**Nartyýew N., Myradow A.** Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy we türkmen dili // Türkmenistanda ylym we tehnika. 2002. №3. 13–20 s.

**Пешковский А.М.** Русский синтаксис в научном освещении. 7-е изд.– М.: Учпедгиз, 1956.

**Потебня А.А.** Из записок по русской грамматике. – М.: Учпедгиз, 1958.Т. 1–2.

**Поцелуевский А.П.** Избранные труды. – Ашхабад: Ылым, 1975. С. 167–290.

**Saryýew G.** Söz düzümleri. A.M. Gorkiý adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň ylmy ýazgylary. Filologiýa ylymlarynyň seriýasy. XIX [1] goýberiş. – Aşgabat, 1967. 13–17 s.

**Saryýew G.** Işlik söz düzümleri // A.M. Gorkiý adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň ylmy ýazgylary. Filologiýa ylymlarynyň seriýasy. 64-nji goýberiş. – Aşgabat, 1971. 62–84 s.

**Saryýew G.** Sözlemde sözleriň baglanyşygy // TCCP YA-nyň habarlary. Jemg. ylyml. seriýasy. 1971. №3. 52–59 s.

**Saryýew G.** Türkmen edebi dilinde söz düzümleri. – Aşgabat, 1972.

**Saryýew G.** Türkmen filologiýasy fakultetiniň studentleri üçin "Häzirki zaman türkmen dilinde ýönekeý sözlemler" diýlen bölüm boýunça metodik görkezme. – Aşgabat: TDU, 1980.

**Шахматов А.А.** Синтаксис русского языка. 2-е изд. – М.: Учпедгиз, 1941.

Türkmen diliniň grammatikasy. II bölüm. Söz düzüminiň we ýönekeý sözlemiň sintaksisi. – Aşgabat: Ylym, 1977.

**Täçmyradow T.** Çylşyrymly degişlilik söz düzümleri // Daşhowuz döwlet pedagogik institutynyň alymlarynyň ýazgylary. 2-nji goýb. – Daşhowuz, 1959.

**Täçmyradow T.** Ýönekeý degişlilik söz düzümleriniň komponentleriniň arasyndaky baglanyşyk // TSSR YA-niň habarlary. Jemg. Ylym. seriýasy. 1960. №1.

**Täçmyradow T.** Häzirki zaman türkmen dilinde ýönekeý degişlilik söz düzümleri // TSSR YA-niň Dil bilimi institutynyň işleri.– Aşgabat, 1962. 4-nji goýb.

Häzirki zaman türkmen dili. Sintaksis. – Aşgabat, 1962.

**Виноградов В.В.** Основные вопросы синтаксиса предложения (на материале русского языка) // Вопросы грамматического строя. – М.: Изд-во АН СССР, 1955. С. 389–435.

**Ybraýymow A.** Ýönekeý sözlemleriň tipleriniň pikir aňladyş maksady boýunça bölünişleri // TDU-nyň ylmy ýazgylary. 16-njy goýberiş. – Aşgabat, 1959. 19–44 s.



# SÖZLEM AGZALARY

## Umumy maglumat

Sözlem agzalary many we grammatiki taýdan özara baglanyşyp, gutarnykly pikir aňladýan sözlemi hasyl edýärler. Adamlaryň bir-birleri bilen pikir alyşmagyny ýola goýmakda sözlemlere uly orun degişlidir. Sözlemler bolsa öz gezeginde sözlem agzalarynyň belli bir tertipde baglanyşyp gelmegi arkaly emele gelýärler. Şonuň üçin sözlem agzalarynyň şekillenişini, olaryň sözlemdäki hyzmatyny bilmegiň uly ähmiýeti bar.

Sözlem agzalarynyň söz toparlary bilen hem ýakyn baglanyşygy bardyr. Eýe adatça atlardan ýa-da adyň ýerini tutup gelýän sözlerden bolup, baş düşümde getirilýär. Habar bolmak, köplenç, işliklere mahsusdyr. Sözlemiň habary şahs görkezýän işliklerden ýa-da habarlyk goşulmasyny kabul eden beýleki söz toparlaryndan bolup gelýär. Aýyrgyçlar – sypatlardan, doldurgyçlar – zat aňladýan sözlerden, ahwalatlar bolsa hal-ýagdaý bildirýän sözlerden bolýarlar. Sözlem agzalary hyzmatyna garap iki topara bölünýärler:

1. Sözlemiň baş agzalary.
2. Sözlemiň aýyklaýjy agzalary

Baş agzalar sözlemiň esasy sütünleri bolmak bilen, onuň özenini emele getirýärler. Aýyklaýjy agzalar eýe bilen habaryň daşynda jemlenip, olaryň aňladýan pikirini aýyklap gelýärler. Şunlukda, baş agzalar (eýe, habar) sözlemi hasyl etmäge gatnaşýan bolsalar, aýyklaýjy agzalar (aýyrgyç, doldurgyç, ahwalat) olardan aňlanylýan pikiri aýyklap gelmek üçin hyzmat edýärler.

## Eýe

Eýe baş agzalaryň bir görnüşi bolup, habar berilýän zady kimdigini, nämedigini, niredigini we näçedigini bildirýär. Ol garaşly bolmadyk agzadyr. Eýe sözlemde diňe baş düşümde gelýär we habar tarapyndan aýyklanýar. Ol "kim?" näme? "nire?", "näçe?" diýen soraglara jogap bolýar.

Sözlemiň eýesi atlardan, çalyşmalardan we atlaşan beýleki söz toparlaryndan bolup bilýär.

**1. Atlardan:** "**Türkmen** taryhda müňlerçe ýylyň dowamynda türkmen atly beýik milleti döretdi (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Türkmeniň **ýoly** arassa ýoldur" (şol ýerde); "Goja **tüýdükçi** soňra saz çalmagy Ýazgeldiden haýyş etdi. **Baky aga** onuň eliniň, dutardan heňowaz alşynyň baky aşygydy" (Garagum. 2000. №8); "**Serdaryň saglyk ýoly**" bada-bat halkymyzyň söýgüsini gazandy" (Garagum. 2001. №1); "Gülsenem daýzanyň mylaýym **sesi**, **hamraklygy** Röwşene ejesini ýatlatdy" (şol ýerde).

Edil atlar ýaly, düşüm, degişlilik, san goşulmalary bilen üýtgäp bilýänligi üçin, iş atlaryny, işligiň nämälim şekilini hem şu topara goşmak mümkin:

***iş atlaryndan***: "Kiçigyryň bu **ýörişi** Gylyja ajaýyp bir mukamyň bir ýakymly öwrümjigi ýaly täsir ederdi" (N.Hojageldiýew. Gülle degen sünbüller); "Häzir Semender gyzylyň **bolup oturyşy** dag daşynyň üstünde oturan bürgüde çalym edýärdi" (Garagum. 2001. №1);

***işligiň nämälim şekilinden***: "Hatda bulary **esaslandyrmak**, **subut etmek** hem gerek däl, bularyň özleri mesaňa göze dürtülip durlar" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Zeleliň ýaryndan **gaýtmak** peýda" (Nakyllar we atalar sözi); "Bir **doýmak** – çala baýamak" (şol ýerde); "Saňa **dynç alma** ýok"; "Garaz, bu gije maňa **ýatuw** ýokdur" (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar); "Maňa azajyk wagt hem bolsa **oturuw** ýok" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler); "Öten-geçenleri ýatlamak, olara **hormat goýmak** her bir ynsanyň mukaddes borjudyr" (Garagum. 2001. №1).

**2. Çalyşmalardan:**

*at çalyşmalaryndan*: "**Biz** türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyklaryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "**Siz** ony aýdýarsyňyz... **Men** size şu ugurdan başga bir gürrüň bereýin" (N.Saryhanow. Saýlanan eserler); "**Ol** bu gün ir oýandy" (Garagum. 2000. №8); "**Men** eýýäm ugramakçy" (Garagum. 2001. №1);

*sorag çalyşmalaryndan*: "–Size **kim** gerek?" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "**Näme** bar" (şol ýerde);

*görkezme çalyşmalaryndan*: "**Bu** ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "**Bu** juda uly ynam, ýokary baha" (Diýar. 2002. №6);

*özlük çalyşmasyndan*: "Kim öz raýatyna zulum etse, öz gabryny **özi** gazar" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Olaryň şertine göra, Amerikada türkmen dilinden sapak berjek mugallymyň **özi** iňlis dilini suwora bilmeli" (Diýar. 2002. №6);

*nämälim çalyşmalaryndan*: "**Kimse** pil aldy, **kimse** palta ýapyşdy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler);

*san çalyşmasyndan*: "Şularyň **barysy** Selbini elmydama şübheçilik, müňkürlik, hüşgärlik ýagdaýda ýaşamaga mejbur edýärdi" (N.Jumaýew. Ak derek); "Seljuk türkmenleriniň döwleti dagap ugransoň, sowatly atabegleriň **birnäçesi** özbaşyna döwlet–atabeglik döredipdir" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

**3. Atlaşan beýleki söz toparlaryndan:**

*atlaşan ortak işliklerden*: "**Giden** getirer, **oturan** nyrh sorar (Nakyllar we atalar sözi); "**Gezen** – derýa, **oturan** – gümra" (şol ýerde); "Bir akylsyza akyl berenden, kap dagyny iňňe bilen **un eden** ýagşydyr" (Nakyllar we atalar sözi);

*atlaşan geljek zaman işliklerinden*; "**Geljek** bolsa türkmene ýagty şuglasyny saçýar" (Türkmenistan. 07.05.2002);

*atlaşan öten zaman işliklerinden*: "Tüweleme, **ýadadymy** –

ýaltandymlary ýok" (Edebiýat we sungat. 12.11.1975);

***atlaşan işligiň şert şekilinden***: "Özüňe belli, pully adamy **etsem – petsemi** köp bolýar" (Tokmak. 1975. №6);

***atlaşan sypatlardan***: "**Işsiz** gelip, işliniň işini galdyrar" (Nakyllar we atalar sözi); "**Arkaly** daga kişňär" (şol ýerde); "**Aç** daş çykar, **ýalaňaç** iç girer" (şol ýerde); "**Ýalaňaç** suwdan gaýtmaz" (şol ýerde);

***atlaşan sanlardan***: "**Birinjisi** – adamyň entek öz-özüni bilmeýän döwri, **ikinjisi** bolsa özüni bilip başlandan soňky döwri öz içine alýar" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Ýetginjeklerden **biri** oba baka ylgady..."(G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Üçüň **biri** han ýarar" (Nakyllar we atalar sözi);

***atlaşan baglaýjylardan***: "**Üçüsem** iňlisçe suwara" (Diýar. 2002. №6); "–Ýör, onda, Semender aga, **ikimiz** bäş-on minut gezelenç edeli" (Garagum. 2001. №1); Elbetde, bir **emmasy** bardyr-da (B.Hudaýnazarow. Gumlular); "Munuň bir **emmasy** bar bolaýmasyn" (N.Jumaýew. Ak derek).

Käwagtlar aýry-aýry ýönekeý sözlemleriň, hatda tutuş goşma sözlemleriň hem atlaşyp eýe hyzmatynda gelmegi mümkin: "Şonda şuňa adam iberdip, çagyrdyp getirdip, "**geldiň**" ýok, "**gitdiň**" ýok, "**atdan düşseň at tutaýyn**" ýok, meni äsgermän gidiberdi-ow" ("Görogly"); "**Bilemok** – müň belany başdan sowar" (Nakyllar we atalar sözi).

Eýe düzümi boýunça aşakdaky ýaly toparlara bölünýär.

***Sada eýe***. Ol diňe bir sözden emele gelýänligine görä *sada eýe* diýilýär: "Garaşsyzlyk alnandan soň, Aşgabat ýaly şeýle çalt özgeren, özüni täzelän başga bir **şäher** barmyka?" (Edebiýat we sungat. 18.10.1996); "**Saz** barha batlanýar, diňlediginçe süňňüňe ornaýar" (Garagum. 2000. №8); "**Gün** guşluklar bolup gidipdir" (Garagum. 2000. №10); "Munuň bu ýerde **dostlary**, **ýoldaşlary**, **arkadaşlary**, **kärdeşleri** biçak köpdi" (Garagum. 2000. №7).

***Goşma eýe***. Ol tutuşlygyna bir many aňladýan goşma işliklerden bolup gelýär: "Derýaguly aganyň tekliplerini **çykyp gepleýänler** goldadylar" (N.Jumaýew. Ak derek); "**Gama batmak** kyn däldir" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Pakyra **jebir etmek** – ajy zäherden" (Magtymguly. Saýlanan eserler); "Akylsyza **akyl bermek** hebesdir" (Nakyllar we atalar sözi): "Onsoň maňa şol bäsleşikde **ýeňiji bolmak** kyn düşmedi" (Diýar. 2002. №6).

***Düzümli eýe***. Many taýdan berk baglanyşykly söz düzümlerinden emele gelen eýelere *düzümli eýe* diýilýär. Bularyň her biri öz manysyny belli bir derejede saklaýan hem bolsa, olary ýekelikde ulansaň, özbaşdak eýe bolup bilmeýärler. Şonuň üçin bu hili sözler tutuşlygyna düzümli eýeleriň içinde öwrenilýär. Olar durnukly söz düzümlerinden, ýzy sözsoňy kömekçili atlardan we ýekelikde ulanylanda, manysy anyk bolmadyk sözleriň gatnaşmagyndan hasyl bolýarlar: "Obanyň **ýokary** hem **ýeňse gapdallary** ownujak ýaplyk, joýalyk bolup, **ýeriň ýüzi** petir bezelen ýaly çukanak bolup görünýärdi": "Aýralygyň arany bölenine **üç aý çemeleri** bolupdy..." (N.Jumaýew. Ak derek): "Bu öýleriň **gaýra başkysy** Jemallaryňkydy" (N.Saryhanow. Saýlanan eserler): "Onuň gözleriniň **bir ýany** aňrysyna gözýetmez Hazar deňzinde bolsa, **ikinji ýany** ýzda galan Amyderýa baryp ýetdi".

## Habar

Habar eýe dogrusynda bir zady habar berýär. Ol eýäniň edýän işini, gylyk-häsiýetini, kesp-kärini, gelip çykyşyny we ş.m. bildirýär. Grammatiki taýdan habar eýä bagly bolýar. Ol eýe bilen şahsda, sanda ylalaşýar. Habar şahs görkezýän şekillerden bolýar.

Habar haýsy söz toparyndan emele gelýänligine garap aşakdaky ýaly toparlara bölünýär:

**Işlik habary**. Habar bolmaklyk ozaly bilen işlik galyplaryna (mälim, buýruk, şert, isleg we başg.) mahsusdyr. Işlik galyplary asyl, ýasama, goşma işliklerden emele gelip, barlyk, ýokluk şekillerinde ulanylýarlar we sözlemde mydama habar bolup gelýärler:

***mälim galybynda***: "Bular görşüp, ikisi hem aşak **oturdy**": "Märekäniň gopgun-gowgasy çar tarapa **owazlanyp gidýär**..." (G.Kulyýew. Ýowuz günler): "– Ynha, şahyry **getirjekler**" (şol ýerde): "Saçak–türkmeniň agzybirliginiň nyşany, ol daşynda türkmenleri jem **eýleýär**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama):

***buýruk galybynda***: "**–Geçiň, oturyň**! – diýip, hana golaýynda ýer görkezdi" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "–Hym, ýene bir gezel **okaň**" (şol ýerde); "Isleseňiz, bile **gideliň** ..." (şol ýerde); "Özüňiz **tapyň.** Özüňiz **boluň**..."

***şert galybynda***: "**Gören bolsaňyz**, hany **aýdyň bakaly**..." (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "**Barsam**, Käbäni **görsem**" (Magtymguly);

***isleg galybynda***: "Men size şu ugurdan başga bir **gürrüň bereýin**" (N.Saryhanow. Saýlanan eserler);

***hökmanlyk galybynda***: "Indi türkmenler öz ýakasy,öz eli bilen täze çatynja ýaly öýüni **dikeltmeli**, güzeranyny **oňarmaly**, durmuşyny ýola goýup, ekin-dikiniň, **mal-garaň bilen bolmaly**..." (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

**Isim habary**. Işlikden beýleki söz toparlaryndan bolan habara *isim habary* diýilýär. Bu habarlyk goşulmalaryny kabul edip hem, etmän hem gelip biler. Bular habarlyk goşulmalaryny kabul edende hem, etmände hem, barybir, habar bolup gelýärler. Olaryň habar bolup gelýänligini sözlem agzalarynyň eýeleýän orny we heň aýratynlygy açyk bildirýär. Isim habary aşakdaky söz toparlaryndan bolup gelýär:

***atlardan***: "Ol **baý ogludy**. Ýöne bir baý **ogly hem däl**, Adna serdaryň **ogludy**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Şatyr begiň galasynyň ähli ilaty bireýýäm süýji uka gidip, galanyň içi-daşy **dymdyrslykdy**" (şol ýerde);

***sypatlardan***: "Söz ýürekden çyksa – **güýçli**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Paýhasly söz **bakydyr**" (şol ýerde); "Göwni baýyň sözi – **jaý**" (şol ýerde); "Ýakaly don ýamamaga **ýagşy**" (Nakyllar we atalar sözi);

***sanlardan***: "Geçiň **üç** – sözüň puç; geçiň **ýüz** – sözüň düz" (Nakyllar we atalar sözi);

***çalyşmalardan***: "Ol näzenin **kimkä**?" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Meňliniň garaňky öýde dula gysylyp töweregine diň salyp oturmagynyň sebäpleriniň biri hem **şudy**" (T.Taganow. Dürler hazynasy);



***hallardan***: "Şolaryň şu gije Türkmensähra dolanmaklary **ähtimal**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Meniň ylmy dünýägaraýşym welin **başgaçarak**" (Edebiýat we sungat. 08.11.1976);

***"bar, ýok" ýaly modal sözlerden***: "Onuň bolsa atasyndan galan bir sany garry gylýalyndan başga hiç zady **ýokdy**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Emma dünýä malyndan doýmak **barmy**?" (şol ýerde); "Haýsy ýurt ösýän bolsa, şol ýurtda agzybirlik **bardyr**!" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama);

***işligiň nämälim şekilinden***: "–Islegim – ýene **okamak**"; "–Öňde bir aýal: "Orak ormak – **oýnamak**, döwek döwmek – **at münmek**, öküz sürmek – **baryp gelmek**, haý-haý çaýkanjyrap, un **elemek**" diýipdir...".

Sözlemiň habary atlaşan ümlüklerden hem bolup biler: "–Ýigit, biz "**he" däl**".

Sözlemiň habary isimlerden bolup, eýäni gaýtalap gelýän bolsa, öňündäki aýyklaýan sözi bilen birlikde habar edilip alynmalydyr. Çünki bularda esasy manyny birinji söz aňladýar: "– Wah, balam, öňki aýaly obada özüni aldyran, at-abraýyny gorap oturan **oňat aýal**".

Habar düzümi boýunça sada, goşma we düzümli görnüşlerde bolup biler.

***Sada habar*** bir sözden emele gelýär: "Türkmen halky agzybirlikden **başlanýandyr**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Mähri eje **mamlady**" (Garagum. 2001. №4); "Gyz derrew içerik **sümüldi**" (şol ýerde); "Adamyň beýikligi özüni açmakdan özüne akyl ýetirmekden, öz dünýäsini açyp bilmekden başlanýar! Özgä akyl ýetirmek, özgä baha bermek **aňsat**, iş özüňi **tanamakda**! Şonuň üçinem dana ata-babalarymyz "Özüni tanan weli **diýendirler**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

***Goşma habar*** goşma işliklerden, durnukly söz düzümlerinden bolup, tutuşlygyna bir many aňladýar. Olary bölüp ulansaň, habaryň manysyna zeper ýetýär: "Aýdyjy akmak bolsa, diňleýji **dana gerek**" (Nakyllar we atalar sözi); "Hasaply dost **uzaga gider**" (şol ýerde); "Watany mukaddeslige göterip, Watan üçin ölen ýigidiň ölmez-ýitmez bolýandygyna bütin durky bilen ynanan halk nädip **edermen**

**bolmasyn!**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Şol mümkinçiligi **amal etmesek**. Allanyň öňünde **günäkär bolarys**" (şol ýerde); Ýazguly **doňňara daş bolup galdy**" (Garagum. 2001, №4); "Araba tigirlenip **ýola düşdi**" (şol ýerde); "Obadaşlaram deň-duşlaram ondan barha **arany açdy**" (şol ýerde); "Ol **içigip giden ýaly boldy**" (şol ýerde).

Goşma habar ortak işliklerden we ýöneliş düşümde gelen işligiň nämälim şekilinden bolup, "ýaly", "çemeli" sözsoňulary we gaýdym derejede gelen "görünmek", "duýulmak" kömekçi işlikleri bilen ulanylýar. Many taýdan eýäniň hereketi açyk göz öňüne getirilmänsoň, bir zada meňzedilip, çen bilen kabul edilip alynýanlygyny bildirýär. Şu hili goşma habaryň birinji bölegi many taýdan meňzetme ahwalatyna hem ýakyn duýulýar:

***ortak işliklerden***: "Kän ýyllar elden-ele geçip **okalan bolara çemeli**..." (N.Saryhanow. Saýlanan eserler);

***işligiň nämälim şekilinden***: "Onuň ýüki her hili kagyz we her hili suratlar, ýene **şoňa meňzeşler bolmaga çemeli göründi**" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

***Düzümli habar*** sada we goşma işlikleriň gatnaşmagyndan emele gelip, dürli kömekçi işlikler bilen bile ulanylýar. Düzümli habaryň esasy sözi hal işliklerden, işligiň nämälim şekilinden we azrak ortak işliklerden bolup gelýär. Olar özleriniň asylky manysyny saklap, habaryň düzüminde üýtgemän gelýärler. Kömekçi işlikler bolsa özleriniň asylky manysyny belli bir derejede ýitirip, dürli grammatiki manylary aňlatmak üçin hyzmat edýärler ýa-da esasy işlik bilen ugurdaş ýüze çykýan hereketleri görkezmek üçin ulanylýarlar: "Türkmen ruhy öz kenarlaryndan daşyna agdy-da, yslam dünýäsine **ýaýrap gitdi**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Bu ýeňiş olara ata ýurduny ömürlik **gaýdyp berýär**" (şol ýerde); "Emma elipbiýimiz bolsa, öz daşky durşuny üýtgetdi we biziň günlerimize eýýäm türkmen halylarynyň nagyşlary görnüşinde **gelip ýetdi**" (şol ýerde); "Adamlar **turmak bilen boldular**" (şol ýerde); "– Eý, Allam, bulaň sany günsaýyn **köpelip gidip otyr**" (Garagum. 2001, №4).



## EÝE BILEN HABARYŇ YLALAŞMAGY

Türkmen dilinde eýe bilen habar şahsda, sanda ylalaşýarlar. Eýe haýsy şahsdan bolsa, habar hem şol şahsa degişli goşulmalary kabul edip gelýär. Edil şunuň ýaly, eýe haýsy sanda gelse, habar hem şol sanda ulanylýar: "**Biz** şu agzybirligimiziň **gadyryny bilmelidiris**, ony **goramalydyrys**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "**Men** ömrümi şu topragy söýmeden **başladym**, **men** şu topragyň goýnuna söýgi bolup hem **dolanaryn**" (şol ýerde).

Ýöne üçünji şahsda sanda ylalaşmaklyk birinji hem ikinji şahslardaky ýaly berk däldir. Çünki türkmen dilinde birnäçe ýagdaýlarda eýe üçünji şahsda, köplük sanda gelse-de, habar birlik sanda ulanylýar.

1. Eýe jansyz zatlardan bolanda: "Goňşularynyň melleginde bolsa akly-gyzylly **almalar sallanyşyp duranmyş**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Beýik-beýik pygamber **tymsallary** Oguz handan **gaýdýar**, dana-dana **rowaýatlary** Oguz handan **gaýdýar**" (şol ýerde).

2. Köplük sanda gelen eýe böleklere bölünmän, olaryň hereketleri tutuş zat hökmünde göz öňünde getirilende: "Otlyny **halamaýanlar** hem bardyr..." (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "**Adamlar hil-hil, dürli-dürli bolýan**" (şol ýerde); "Zeminde ýaşap ýören ähli **janly-jandarlar, haýwanlar pikirlenip hem bilýär, gürläp hem**!" (şol ýerde).

Eger köplük sanda eýäniň hereketleri aýry-aýrylykda göz öňünde getirilýän bolsa, onda sözlemiň habary köplük sanda ulanylýar: "– Ejiz we güýçsüz bendeleri gaty **ynjytmazlar**. Sebäbi **garynjalar** agzybirlik bilen gaplaňy ýa-da arslany **güýçden gaçyryp bilerler**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "**Tümenbegleri, müňbegleri** we **ýüzbegleri** owal-ahyr **geler-giderler**" (şol ýerde).

3. Sözlemiň habary işligiň gaýdym derejesinden bolanda: "Milletiň ähli **maddy** we **ruhy barlygy** – **dili, dini, medeniýeti, döwletliligi, jemgyýeti** – bary şol özeniň üstünde **gurnalýar**" (Saparmyrat **Türkmen**başy. Ruhnama).

4. Eýäni sanlar ýa-da san çalyşmalary aýyklap g
"**Üç sany** ýer urup, ýetim galan **dogan bolupdyr**" (Sapa
Türkmenbaşy. Ruhnama); "Dünýäde **üç hili adam** bolýandy
ýerde).

5. Habar isimlerden, modal sözlerden bolup ge
"Gelinlerem **allanämemiş**, günleri **bal bilen ýag ýaly**
(Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

Sözlemiň habary şahs görkezýän goşulmalary kabul
gelende, eýe bilen habar diňe bir sanda däl, eýsem şahsd
ylalaşmaýar: "Onda şeýle **sözler bardy**" (Saparmyrat Türkme
Ruhnama); "Ol **edep-kadalar** şulardan **ybarat**" (şol ýerde); "M
taryhy mazmunyndaky gaýtalanmaz mukdar utgaşmalaryň
**teswirleri gerek**" (şol ýerde); "Öz beýikliginem, pesligine
üstünliginem, ejizliginem, öz danalygynam, nadanlygynam **bil**
(şol ýerde); "**Olar** başy ak telpekli, egni gyrmyz donly **ýigi**
**naçar**" (Garagum. 2000. №1).

## SÖZLEMIŇ AÝYKLAÝJY AGZALARY

### Aýyrgyç

Aýyrgyç sözlemiň aýyklaýjy agzalarynyň bir görnüşi bo
atlara we atlaşyp gelen beýleki söz toparlaryna baglanýar. Ol bir za
hilini, häsiýetini, mukdaryny we ş.m. bildirýär. Aýyrgyç mydama d
ýaly öz baglanýan sözünden öň gelýär. Ýöne sözleýiş dilinde we go
setirlerinde eýelik düşümde gelen at aýyrgyjynyň ornuny üýtgedip
baglanýan sözünden soň gelmegi hem mümkin: "Gijeler ýatyrmaz z
**kiçiniň**" (Türkmen halk aýdymy).

Aýyrgyç haýsy söz toparyndan emele gelýänligine ga
aşakdaky ýaly toparlara bölünip biler.

***Sypat aýyrgyjy***. Aýyrgyç bolup gelmeklik söz toparlaryn
içinde has köpräk sypatlara mahsusdyr. Sypatlaryň ähli görnüşl
atlaryň öňünden gelip, ýanaşma arkaly olara baglanýarlar. Syp



aýyrgyjy asyl, ýasama we goşma sypatlardan bolup, many taýdan reňk, hil, ýagdaý, gylyk-häsiýet, tagam, göwrüm-ölçeg, orun, wagt ýaly atlara degişli dürli alamatlary görkezip gelýär: "**Galyň**, **çygly**, **agras** bulut elýeter ýerde sallanyp durdy" (Garagum. 2001. №1); "**Iň uly** derýalar **kiçijik** çeşmelerden gözbaş alyp gaýdýar. **Batly** siller **owunjak** damjalardan başlanýar" (Garagum. 2002. №6); "**Duýdansyz** bir waka Begenji dünýä gamyndan halas etdi" (G.Kulyýew. Ýowuz günler).

"Bar, ýok" sözleri hem syrat aýyrgyjy şekilinde gelip bilerler: "Ilki bilen biz **ýok** zadyň däl-de, **bar** zadyň gadyryny bilmegi başarmalydyrys" (Nesil. 18.04.2002).

***San aýyrgyjy***. Bu sanlaryň ähli görnüşlerinden bolup biler. San aýyrgyjy bir zadyň mukdaryny, tertibini görkezmek üçin hyzmat edýär: "Gaplaňla töwerekdäki gökleň obalaryndan **üç ýüze golaý** atly üýşüpdi" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Tüweleme, gol doly maşgalam bar. **On bir** çagam – **alty** ogul, **bäş** gyz" (Türkmenistan. 07.05.2002); "– Elbetde, **üç** gyzym bar" (Diýar. 2002. №6); "Gaýratly gallaçylarymyz **2 million 300 müň tonna** bugdaý taýýarladylar" (Mugallymlar gazeti. 12.07.2002).

***Çalyşma aýyrgyjy***. Çalyşmalaryň ähli görnüşleri aýyrgyç bolup gelýärler: "**Şu** bagtyň gadyryny bil, Türkmen! Beýik Taňra daýanyp, **şu** günüňi gora, Türkmen!" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); – **Bu** derejä neneň ýetdiň?" (şol ýerde); "**Nätüýsli** süýji saz ekeni!" (Garagum. 2000. №8); "**Her** molla öz bildigini okar" (Nakyllar we atalar sözi); "Bu goja Zemindäki **ähli** janly-jandaryň, ösüp oturan **barça** ösümlikleriň ýaşaýşy suw bilen" (Garagum. 2002. №6).

***Işlik aýyrgyjy***. Ortak işlikler we işligiň hökmanlyk şekili sözlemde işlik aýyrgyjy bolup gelip bilerler. Bular öz baglanýan sözlerini hereket taýdan aýyklap gelýärler:

**ortak işliklerden:** "Kesearkaçdan **ugran kerweniň** esasy ýüki päkize teke halysy, şaý-sepleri, keteni, gaýry mata-marlaklar bolsa, Lebapdan **ugran kerweniň** ýüki pagta, ärsary, gyzylaýak, beşir halysy bolupdyr" (Garagum. 2002. №1); "Semender gyzyl gowuk dölede **saňňyldap duran ala** sygryň öňüne bir desse jöwen palajyny atdy" (şol ýerde );

**işligiň hökmanlyk şekilinden**: "Ýagny **edilmeli** ähli i
**ýetilmeli** ähli maksatlaryň düşnükli tertibi bolmalydyr" (N
18.04.2002); "Wagt ikindine golaýlap ýördi, garaşylýan myhmany
**geläýmeli** wagtydy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler).

*At aýyrgyjy*. At aýyrgyjy atlardan we at hyzmatynda
beýleki sözlerden bolýar. Ol aýyklaýan zadynyň nämeden **edilen**
bildirýär: "Asman **gurşun** göwüsbendini göterip bilmän, **ýe**
golaýlaşan ýalydy"; "**Demir** halkalary bolsa mydama kümüş
ýaldyrap durýardy"; "Egninde Tarhanyň mele çäkmeni bardy,
astyndan ýaşyl reňk **ýüpek** köýnegiň jezwerlenen ýakasy görünýä
(G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Aýagynda burny jaýtaryp dura
köwüş bardy" (şol ýerde).

*Eýelik* **aýyrgyjy**. Eýelik düşümde gelýänligi sebäpli, sözü
manysynda öz aýyklaýan sözüne eýelik edýär. Şonuň üçin muňa **e**
**aýyrgyjy** diýilýär: "Garaşsyzlyk türkmen **milletiniň ykbalyny**
özgertdi, gutarnykly kemala getirdi" (Saparmyrat Türkmenb
Ruhnama); "**Biziň milletimiziň gözbaşynda Oguz ha**
**durandygyny** öwran-öwran gaýtalamagymyň esasy **sebäbi b**
mundan bäş müň ýyl owal **Oguz hanyň** türkmenleri milli-syý
bitewiligé **öwürmegiň hötdesinden** gelenligirdir" (şol ýer
"**Duşmanyň** özi gylyç syryp gelipdi" (G.Kulyýew. Ýowuz günler)

Atlaşan beýleki söz toparlary hem eýelik düşümde gelip bile
"Onýança **gaýtawul berijileriň** toparlaryndan, **gözaradakyla**
tarapyndan atylýan oklar hem öz netijesini berip ugrady".

Eýelik aýyrgyjy eýelik düşümiň goşulmasyz şekilinden h
bolýar. Onuň baglanýan sözi bolsa üçünji şahsyň goşulmasyny ka
edip gelýär. Bu hili aýyrgyç öz baglanýan sözi bilen dolandyrma arka
baglanyşýar. Many taýdan nämälim, umumy eýeçiligi bildirý
"**Türkmen** topragynda dönüge **lagnat** daşy atylýar" (Saparmyr
Türkmenbaşy. Ruhnama).

Eýelik düşümiň goşulmasyz şekilinde atlaşan işlik şekilleri he
gelip bilýär: "Ykbal maňa iki sany müňýyllygyň sepgidinde türkme
**baştutan bolmak** paýyny berdi" (Saparmyrat Türkmenbaş
Ruhnama).



*Meňzetme aýyrgyjy*. Meňzetme aýyrgyjy "ýaly, kimin, dek" sözsoňulary bilen baglanyşyp, aýyklaýan zadynyň nämä meňzeýänligini bildirýär: "Ilerden bir **dag ýaly gara** bulut abanyp turupdy"; "Howla çykyp, **buz ýaly** suw bilen ýuwundy"; "**Aşgar ýaly** gök çaý, seleň howa onuň sada göwnüni has hem göterýärdi, diline ýeňillik berýärdi" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "**Onuň ýaly** söwer ýaryň bolsa, dünýäde başga näme gerek?" (şol ýerde).

*Hakyndalyk aýyrgyjy*. "Hakyndaky, baradaky" sözsoňular bilen baglanyşyp, gürrüňiň näme hakdalygyny bildirýär: "Meýletin **şereket hakyndaky** mesele, ýokardan çözülip gelýänçä, esli wagt geçdi" (Garagum. 2000. №9); "Bu söweşler **baradaky** ajy ýatlamalar onuň kalbynyň çuňňur bir ýerinde göwher daşy "Kimin gymmaty bilen goş basyp ýatyrdy" (Garagum. 2001. №1).

## Doldurgyç

Doldurgyç aýyklaýjy agzalaryň bir görnüşi bolup, işliklere, hal-ýagdaý bildirýän sözlere we sypatlara baglanyp gelýär.

Ol hereketiň täsir edýän zadyny görkezmek üçin hyzmat edýär. Ol göni hem gytak görnüşlerde bolup biler. Şu tarapdan doldurgyç iki topara bölünýär:

1. Göni doldurgyç.
2. Gytak doldurgyç.

*Göni doldurgyç* bolanda, hereket gönükdirilen zadyna gönüden-göni täsir edip, bütin dolulygy bilen ýüze çykýar. Göni doldurgyç ýeňiş düşümiň goşulmaly we goşulmasyz şekillerinde ulanylýar. Şonuň üçin muňa *ýeňiş doldurgyjy* hem diýilýär. Ol, esasan, işiň täsirini geçirýän işliklere baglanyp gelýär.

Ýeňiş düşümiň goşulmaly şekili arkaly ýüze çykýan göni doldurgyç atlardan, çalyşmalardan we atlaşyp gelen beýleki söz toparlaryndan bolup, mälim zady görkezmek üçin hyzmat edýär. Şonuň üçin ýeňiş düşümiň goşulmaly şekilinde gelen zatlar mälim düşünjäni

aňladýan has atlardan, at hem görkezme çalyşmalaryndan, **deg**
goşulmalaryny kabul eden sözlerden we ş.m. bolup gelýärl
dolandyrma arkaly baglanyşýarlar: "**Ýaşaýşy, durmuşy,**
**çagalaryňyzy** söýüň!" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "A
**Watany, ene topragy**, keremli **ýurduňyzy** söýüň!" (şol ýerde); "S
suwdan mädesi ganan janawar küdä bakan dyzady, **jylawyny** çeki
Güne ýanan gury ota **agzyny** urdy, **ony** gütürdedip iýmäge d
(G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Müňýyllyklaryň dowamynda türkm
**dinini, dilini**, milletiniň **arassalygyny** saklap, özboluşly **däbini, p**
halal milli **gylyk-häsiýetlerini** döretdiler" (Saparmyrat Türkmen
Ruhnama).

Ýeňiş düşümiň goşulmasyz şekilinde gelen göni doldu
ýanaşma arkaly baglanyşyp, nämälim zady görkezmek üçin ulany
Şonuň üçin ol mydama öz baglanýan sözüniň öň ýanyndan gelýär: "B
Taňry bize ümmülmez **ýer-suw** beripdir, ýerasty, ýerüsti **ba**
beripdir..." (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Men **çö**
bişirýändirin" (Garagum. 2002. №6).

***Gytak doldurgyç*** hereketiň doly täsirine düşmeýär. G
doldurgyç ýöneliş, wagt-orun we çykyş düşümlerde gelen sözlerden bo
yzy sözsoňuly ýa-da sözsoňusyz ulanylýar, olar aşakdaky ýaly topar
bölünýär.

***Ýöneliş doldurgyjy***. Ýöneliş düşümde gelen sözlere *ýön*
*doldurgyjy* diýilýär: "Oturanlaryň barynyň nazary **Illi hana bak**
öwrüldi" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Illi han içiniň **ýeline** çy
bilmedi, **Tarhanyň üstüne** azgyryldy" (şol ýerde); "Bu **topraga,**
**diýara** beýik Allatagalanyň nazar salan diýary Türkmenistan – Garaş
baky Bitarap Türkmenistan diýerler!" (Saparmyrat Türkmenbaş
Ruhnama); "Emma Juma onuň **hemlesine** ähmiýet bermed
(G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Jumanyň **gepe** goşulmagy Illi ha
ýakmady" (şol ýerde).

***Orun doldurgyjy.*** Wagt-orun düşümde gelen sözlerden bolýa
"Näzirki döwürde hem türkmen bedeniniň sagdynlygyny we berkligi
saklamak üçin **iýmekde, içmekde** çeniňi bilmelidir" (Saparmyra
Türkmenbaşy. Ruhnama).



***Çykyş doldurgyjy.*** Çykyş düşümde gelen sözlerden bolýar: "Ata-babamyz **Oguz handan, oguzlardan, parlardan, seljuklardan,** köneürgençli **türkmenlerden** galan at-owaza biziň üçin elýetmez genji-hazyna, olardan galan ruhy miraslar bahasy bolmadyk baýlykdyr" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

***Bilelik doldurgyjy.*** Gytak doldurgyç "bilen" sözsoňusy arkaly aňladylýar. Onuň bilen ulanylýan sözleri eýelik düşümiň goşulmaly ýa goşulmasyz şekilinde gelýär.

Bilelik doldurgyjy iki hili manyda ulanylýar:

***a) bilelikdeligi görkezýär:*** "Begenç soňky ýyllarda ýalňyz bir **arzuw-isleg bilen** ýaşaýardy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Ol bireýýäm ýigitligiň mestana döwrüne gadam goýupdy, ýüregi söýgi mähriniň beýik **duýgusy bilen** dem alýardy" (şol ýerde); "Ölseňem, gyzgyn **ýürek,** sap **mähir bilen** ölen ýagşy" (şol ýerde);

***b) hereketiň nähili gural arkaly ýerine ýetirilýänligi aňlanylýar:*** "Haty öz **eli bilen** ýazdy"; "Olar ertir gaza başlanlarynda, gijeki gardan soň doňan ýeriň ýüzüni **palta bilen, küdüň bilen** ýardylar".

***Hakyndalyk doldurgyjy:*** "hakynda // hakda, dogrusynda // dogruda, barasynda // barada" sözsoňulary arkaly baglanyşýan gytak doldurgyç gürrüňiň näme hakynda barýanlygyny bildirýär: "Ýok, aslynda **dönük hakda** ýeke söz hem ýok. Ol eserlerde namartlyk tankytlanýar, gorkaklyk köteklenýär, emme **dönüklik barada** weli ýeke setir ýok" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Türkmeniň dogana sarpa **goýşy hakynda** bir ýowuz hekaýat bar" (şol ýerde).

***Esaslaýjy doldurgyç.*** "Boýunça" sözsoňusy bilen baglanyşyp, esaslanmagy bildirýär: "Hemmesi **kada-kowahat boýunça** ýerbe-ýer boldy".

***Sebäp doldurgyjy.*** "Üçin, üstünde, sebäpli, zerarly, diýip" ýaly sözsoňular arkaly baglanyşýar. Hereketiň kim sebäpli, näme sebäpli edilýänligini bildirýär: "Adamyň känligi, assyrynlyk bilen çekilýän **çilimler zerarly** jaýyň howasy agyrdy" (G.Kulyýew. Köpetdagyň aňyrsynda); "Ol öz aýdan **gepi üçin** bela galdy" (şol ýerde); "**Şol sebäpli** wagtynda gelip bilmedim". (şol ýerde); "Men-

menlik näme diýip adamyň başyna bela detirýär?" (Saparmyr Türkmenbaşy. Ruhnama).

***Maksat doldurgyjy***. "Üçin, ugrunda" sözsoňulary bil baglanyşyp, hereketiň kim üçin, näme üçin edilýänligini bildirýä "Saglyk ýolunyň özboluşly, ruhuňy göteriji lezzetini **duýmak** üçi paýtagtymyzyň ýaşaýjylary hem, myhmanlary hem bu ýola gezele edýärler" (Garagum. 2001. №1); "Biziň, ata-babalarymyz **hakyk ugrunda** göreşipdirler".

***Meňzetme doldurgyjy***. "Ýaly, kimin, dek" sözsoňularyny getirilmegi arkaly emele gelýär. Ol hereketiň nämä meňzedilýändigi bildirýär: "Şeýle gudratly toprakda ýaşaýan türkmeniň baş **Köpetdagy** buşançly, ruhy **Jeýhun** derýasy ýaly möwçli, kalb **Sumbar jülgesi ýaly** owadan bolmazmy?!" (Saparmyra Türkmenbaşy. Ruhnama); "Oglanlar **bahar sili ýaly** bir boşanyp, bi çyrpyndylar" (Garagum. 2000. №8).

## Ahwalat

Ahwalat aýyklaýjy agzalaryň bir görnüşi bolup, hereketi neneňsi ýüze çykýanlygyny, onuň ýagdaýyny, şertini, wagtyny, ornuny sebäbini, maksadyny, ölçeg – mukdaryny we ş.m. bildirip gelýär. Ol işliklere, hallara we sypatlara baglanýar.

Ahwalatlar aňladýan manylary boýunça aşakdaky ýaly toparlara bölünýärler.

**Hal ahwalaty**. Hereketiň neneňsi ýüze çykýanlygyny bildirýär. Ol aşakdaky sözlerden emele gelýär:

***hallardan***: "Biçäre, iki derde **birden** sataşdy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Ol Leýlanyň golundan **şapba** tutup, uly otaga girdi..." (şol ýerde); "Soň özüniň kimdigini **başdan-aýak** gürrüň berdi" (şol ýerde); "**Mahal-mahal** ýanan är doý nagrasy bar diýdiler" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Gülsenem daýza öýe **howlukmaç** girip gitdi" (Garagum. 2001. №1); "Saz **birdenem**" togtady" (Garagum. 2000. №8); "Surnaýyň çirkin sesi **gaýtadan** ýaňlandy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler): "**Mydam** al-asmanda parlar tuglary" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama): "Il-gün **başgaça** pikir eder" (Garagum. 2001. №4): "Pöwhe ýigit sesine ses goşulýandygyny görüp monça boldy. **samsyklaç** güldi" (G.Kulyýew. Ýowuz günler):

***sypatlardan:*** hil sypatlary işliklere baglanyp. şolary aýyklap gelende. sözlemde hal ahwalaty bolup gelýärler: "Häzirki zaman dünýäsinde wagt örän tiz geçýär. munuň özi geçmişiň we geljegiň bakylygynyň arasyndaky pursatdyr ýöne ol pursat **ýerlikli we paýhasly** ulanylan wagtynda. ykbal çözüji. hökmürowan pursatdyr" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama): "Onuň üçin bolsa. ilkinji nobatda. **sagdyn** pikirlenmek gerek" (Nesil. 18.04.2002):

***hal işliklerden***: "Ylaýta-da Tarhan biagyrylyk bilen **jak-jaklap** gülýärdi" (G.Kulyýew. Ýowuz günler): "Gürrüňini **üns edip** diňlänsoňam. ýene köp **pikirlenip** oturdy": "Ol göwünli-göwünsiz **keseribräk**. aşak oturdy": "Oturanlar **wakyrdaşyp** gülüşdiler" (G.Kulyýew. Ýowuz günler): "Ejemden galan ol ýylgyryşlar meniň hazynam. meniň baýlygym. ol ýylgyryş ýaly eziz zady men dunýaden **zer döküp** satyn alyp bilmerin. **haýyş edip, ýalbaryp-özelenip** alyp bilmerin. **agtaryp tapyp** bilmerin" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama): "**Ýylgyryp** gürleşiň" (şol ýerde).

***"bilen" sözsoňy kömekçisiniň ulanylmagy arkaly***: "Leýla dalize çykyp. **ýeňillik bilen** dem aldy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler): "Ony **assyrynlyk bilen** almaly": "Mätı pälwan darykman. **göwnügiňlik bilen** jogap berdi" (G.Kulyýew. Ýowuz günler):

***"ýagdaý, görnüş, şekil, düzgün, surat, hal" ýaly sözler wagt-orun düşümde getirilmegi arkaly***. Olaryň bile ulanylýan sözleri bolsa sypatlardan. ortak işliklerden bolup gelýär: "Ol **agyr ýagdaýda** sozlemäge başlady": "Ynha. **şeýle ýagdaýda** ýarym aý çemesi geçdi": "Adamlar ýaraglaryny **harby düzgünde** bir-birine söýeşdirip goýdular": "Şahyr esli wagt **alasarmyk ýagdaýda** bıalaç oýurganyp oturdy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler): "Perman hiç haçan dostuny **beýle halda** görmändi"(şol ýerde).

**Orun ahwalaty**. Hereketiň ýüze çykýan **ornuny**. nirä gönükdirilenligini. nireden çykanlygyny görkezýär. Ol aşakdaky sözlerden bolup gelýär:

*ýöneliş düşümdäki sözlerden*: "**Bedirkent galasyna** çapa yzyndan çapar gelýärdi"; "Seljuk Türkmen döwletiniň serhetleri hyta diwarlaryndan başlap, **Müsüre, Kiçi Aziýa, Kawkaza** çenli bola aralygy öz içine alypdyr" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

*wagt-orun düşümdäki sözlerden*: "**Älemde** hiç zat tötänleý bolanok, emeli ýa-da tebigy heläkçilik bir döwlete ýa-da millete gelende onuň sebäbi bolmaly" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Begen Kemerli dagyndan göz alyp, Gürgene şaglap akýan **ýabyň boýunda** salkyn **saýada** maslahatyň tizräk gutararyna garaşyp ýatyrdy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler);

*çykyş düşümdäki sözlerden*: "**Golaýdan eşidilen** wagyrdy Magtymgulyny geçmişiň çalpawyndan çekip aldy…" (G.Kulyýew. Ýowuz günler);

*sözsoňularyň getirilmeginden*: "Ol **öýlerine bakan** atyny gamça basypdyr…"; "**Deryanyň üstünden** öwüsýän sowuk şemal dem almagyňy kynlaşdyrýardy"; "Gylyçly garaňky **öýüň içinde** biygtyýar pikirlenmäge mejbur boldy";

*orun görkezýän hallardan*: "Içerden nämedir bir zat çeneli zyňlan bolmaga çemeli" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Emma wagtynda jür horazlaryň **ondan-mundan** ýaňlanyp eşidilýän sesi daňyň saz beri ugranlygyna şaýatlyk edýärdi…" (şol ýerde); "**Ol bu ýerde** şeýle zady üstünden bardy".

**Wagt ahwalaty**. Hereketiň ýüze çykýan wagtyny bildirýär. O aşakdaky sözlerden bolup gelýär:

*wagt görkezýän atlardan, hal sözlerinden*: "Abadan ilki ýagşy görmedi, emma onuň agyryly damarlaryny sypalap, ýüregine ýetende, birhili ýumşaşyp, gürrüňe başlady"; "**Bu mahal** Abadanyň ölüm ýassygyna baş goýan kakasy gözüniň öňünden gitmedi"; "**Onýança** Tarhan agaçlygy böwsüp çykdy…" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Ýigitler **şol gije** ýatmadylar diýen ýalydy" (Garagum. 2000. №8); "**Indi** ony biziň sesimiz-de, agymyz-da oýadyp biljek däldi" (Türkmen gündogary. 11.01.1997); "**Birbada** onuň gözleri garaňkyrap gitdi" (Garagum. 2002. №6).

*wagt-orun düşümdäki sözlerden*: "Ussa **geçen ýylyň Sanjar**



**aýynda** kümüş dükanynyň gapysyna iň soňky gezek gulp urupdy"; "**Gorkut aýynyň ýigrimi altysynda** gijaralar tükeniksiz giden aňňat-aňňat gumuň içi bilen birtopar atly günbatar tarapa barýardy";

*ýöneliş düşümdäki sözlerden*: "**Alp Arslan aýynyň altysyna** toý etjek"; "Garaşsyzlyk aýynyň **ýigrimi ýedisine** Garaşsyzlyk toýy boljak";

*çykyş düşümdäki sözlerden*: "Hawa, gürrüňiň ýakymsyz boljagyny ol **eýýämden** duýýardy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Sadabyň bulanyk kalbynda **başdan** dörän şübhe barha güýjeýärdi" (şol ýerde);

*sözsoňularyň ("öň, soň, çenli, deňeç, bilen, içinde…") gatnaşmagyndan*: "**Agşama çenli** salym kändi, telim mertebe der sowatsa boljakdy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "**Günortanlyk çaý-nahardan** soň her kim işli-işine dagady" (Garagum. 2000. №10); "**Säher bilen** güneşli daşaryny synlamak diýseň lezzetlidi" (Garagum. 2001. №6).

**Sebäp ahwalaty**. Hereketiň ýüze çykmagynyň sebäbini bildirýär. Ol aşakdaky sözlerden bolup gelýär:

*sebäp görkezýän hal sözlerinden*: "Ýöne ol maslykmyka diýip, **bilmezlikden** böwrüne depäýipdirin…" (Edebiýat we sungat. 16.10.1976);

*"sebäpli // sebäpden, üçin, netijesinde, ötri, üstünde" ýaly sözsoňularyň we sözsoňulaşan sözleriň getirilmegi arkaly*: "**Şol sebäpden** ömrümiň ahyrynda saňa bir ýatdan çykmaz ýaly ýagşylyk etmek meniň mydam kalbymda"; "**Şol sebäpden** ol: – Siz biraz rahatlanyň – diýdi" (şol ýerde); "**Ondan ötri** sizem meni bir masgaraçylyga iteklejek bolup oturmaň…";

*hal işliklerden*: "Ahyry halkyň irginsizligine **çydaman**, bulary kepile berdiler";

*ýöneliş düşümde gelen sözlerden*: "Ol **gorkusyna** ýeňsä çekildi";

*çykyş düşümde gelen sözlerden*: "Garşy Gylyçlynyň ýüzüne seredip, ýene **utanjyndan** ýere seredýärdi"; "Orazsoltan ejäniň **utanjyndan** ýüzüniň ýedi gat derisi düşdi"; "Wah, onda ol **begenjinden** çaga kimin bökjeklärdi…" (G.Kulyýew. Ýowuz günler);

***çykyş düşümde gelen sebäp ahwalaty "ýaňa" sözi bilen he-*** ***ulanylýar***: "Häkimiň **gahar-gazapdan ýaňa** içini it ýyrtýardy, dem demine zordan sygýardy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler): "**Begenjinden ýaňa** uçaýjak boldy" (A.Atajanow. Teke gyzy Tatýana).

**Maksat ahwalaty**. Hereketiň näme maksat bilen ýüze çykarylýanlygyny bildirýär. Ol aşakdaky sözlerden bolup gelýär:

***ýöneliş düşümde gelen atlardan we işligiň nämälim şekilinden***: "Magtymguly arkaýyn **gürleşip oturmaga** wagt ýoklugyn bilýärdi" (G.Kulyýew. Ýowuz günler): "Durdy başga hiç bir ugur tapman Gylyçlynyň ýanyna **maslahatlaşmaga** ugrady";

***"üçin, ugrunda" sözsoňularynyň getirilmegi arkaly***: "Siz hyzmat etmekden, altyn ýaşaýyşda **ýaşamak** üçin edýän öz işimden çäksiz lezzet alýaryn" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama): "On ahyryna çenli **aňlamak, özleşdirmek, deňeşdirmek, şekillendirip salmak uçin ýyllar**, döwürler gerek bolsa gerek" (Garagum. 2000 №9): "Bu dünýäde her bir ynsan öz at-abraýyny **saklamak ugrunda çalyşýar**";

***"maksady bilen, niýeti bilen" diýen sözleriň getirilmegi arkaly***: "Onuň sözüne has açygrak **düşünmek maksady** bilen... sorady";

***hal işliklerden***: "Ak saçly eneleň ýanyna bardym / **Biljek bolup** şol günleriň geçişin" (Garagum. 2000. №1);

***"ýaly" sözsoňusy nämälim geljek zaman ortak işligi bilen ulanylýar***: "Dutaryň ýaňyna **gygyrar ýaly** ýanamaçy bagşy-da tapyldy".

**Mukdar ahwalaty**. Hereketiň ýa alamatyň mukdaryny-ölçegini bildirýär. Ol aşakdaky sözlerden bolup gelýär:

***mukdar görkezýän hallardan***: "Gyz, ejesiniň dilegini eşidip **birsalym** sesini çykarman, ýüzüni aşak salyp durdy": "Şahyr käsesini boşadyp, çäýnegi bir gapdalda goýdy-da, ýüzüni aşak salyp, **birsellem** oýurganyp oturdy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler): "– Men şu gün **bir az** dem-dynç aljak" (şol ýerde):

***sanlardan***: "– **Müň** ýaşa, Juma jan, **müň** ýaşa! – diýip, onuň mawy gözlerine minnetdarlyk bilen garady" (G.Kulyýew. Ýowuz günler): "Men seniňkä **ýüz** geldim, sen meniňkä **birem** baraňok";



***sanlar bilen atlaryň tirkeşip gelmeginden***. Sanlar ölçeg, mukdar, dereje görkezýän atlar bilen bile ulanylýarlar: "Her günde **dört sagatdan**, hepdede **bäş gezek** okadýaryn" (Diýar. 2002. №6); "Emma ol bokurdagyny arassalan kişi bolup **birki gezek** ardyndy-da, sesini kadalaşdyrdy".

## Anyklaýjy

Anyklaýjylar atlardan ýa-da atlaşan sözlerden bolup, many taýdan meňzeş başga bir ady anyklap hem atlandyryp gelýärler. Türkmen diline degişli edilen işlerde anyklaýjylar at aýyrgyjy hökmünde berilýär. Emma at aýyrgyjy bilen anyklaýjylar bir zat däldir.

At aýyrgyjy bir zadyň alamatyny görkezýär: "**agaç** çemçe, **demir** gapy, **kümüş** sagat". Anyklaýjylar bir zadyň hem alamatyny görkezýär, hem ony atlandyrýar: "**Molla** Kemine"; "**Alym** agronom".

At aýyrgyjy öz aýyklaýan sözi bilen jebis eýerjeňli baglanyşygy emele getirýär, emme anyklaýjy agza öz anyklaýan sözi bilen erkin baglanyşykda bolýar. Şonuň üçin anyklaýjy söz düzüminde esasy sözi galdyryp hem ulanmak bolýar, emma at söz düzüminde at aýyrgyjyna esasy sözden aýryp ulanmak mümkin däl. Mysal üçin, "Magtymguly Pyragy" diýmän, ýöne "Pyragy" diýip hem ulanyp bileris, emma "altyn sagat" diýeňde, "altyn" sözüni "sagat" sözünden aýry ulanmak bolmaýar.

Türkmen dilinde anyklaýjylar baglanyşýan sözleriniň öňünden hem, soňundan hem gelip bilerler:

***Öňünden gelşi:*** "**Ýazyjy** Ata Gowşudow, **tankytçy** Ata Kerimow, **mugallym** Amanow".

***Soňundan gelşi:*** "Kadyr **mugallym,** Agajan **bagşy**, Garly **ussa**".

Anyklaýjylar ýygnak we ýaýraň görnüşlerde ýüze çykyp bilerler. Ýygnak görnüşinde bolanda, bir sözden ýa-da bölünmeýän söz düzüminden **emele gelýär**: "**Halypa** mugallym".

Ýaýrañ görnüşde gelende, birnäçe sözüñ gatnaşmagynda emele gelýär: "**Ýokary derejeli halypa, fizika mugallymy Muhammet Işangulyýew**".

Anyklaýjylar iki topara bölünýär.

1. Aýratynlanan anyklaýjylar.

2. Aýratynlanmadyk anyklaýjylar.

Aýratynlanan anyklaýjylar adatça öz baglanýan sözlerinden soñ, ikinji orunda gelýärler.

Aýratynlanan anyklaýjylar heñ taýdan has tapawutlandyrylyp aýdylýanlygy bilen häsiýetlenýär.

Aýratynlanmadyk anyklaýjylar heñ taýdan tapawutlanmaýarlar: "Dabarada mekdebiñ **kärdeşler arkalaşygy guramasynyñ başlygy** Gül Saparowa, **ýokary derejeli taryh mugallymy** Täşli Ataýew, **türkmen dili we edebiýaty mugallymy** Patma Ataýewa we başgalar çykyş edip, halal zähmet bilen maksatnamany dabaralandyrjakdyklaryny aýtdylar" (Mugallymlar gazeti. 07.05.1997).

Anyklaýjylar, beýleki tarapdan, düşündirijilere hem takyklaýjylara çalym edýär. Bularyñ hemmesini (anyklaýjy, düşündiriji, takyklaýjy) bir zat hökmünde derñeýänler hem, olaryñ arasynda tapawut goýýanlar hem bar. Her niçik-de bolsa, anyklaýjylary düşündiriji we takyklaýjy sözler bilen gatyşdyrmak bolmaz.

Takyklaýjy bolanda, esasy sözden añlanylýan many umumyrak bolup, ol has dar düşünje arkaly takyklanylyp görkezilýär. Meselem: ses **(fonema)**, many **(semantika)**, heñ **(intonasiýa)** we başg.

Düşündirijilerde haýsydyr bir sözüñ ýa-da sözleriñ manysy düşnüksizräk görlüp, ol başga söz bilen has ýönekeýräk edilip düşündirilýär: "predikatiw (habarly) gatnaşyk".

Anyklaýjylar baş sözüñ alamaty bolup gelýärler, emma takyklaýjy hem düşündiriji sözler alamat görkezmeýärler. Şu tarapdan hem soñkular anyklaýjylardan tapawutlanýarlar.



# SÖZLEMIÑ GRAMMATIKI TAÝDAN BAGLANYŞMAÝAN AGZALARY

## Giriş sözler

Giriş sözler sözlemiñ baş agzalaryna hem, aýyklaýjy agzalaryna hem girmeýär. Olar özboluşly sözlem agzasy hökmünde ulanylyp, tutuş sözleme modal many berýär.

Giriş sözler sözlemiñ ähli ýerinde gelip bilýär:

*sözlemiñ başynda gelşi*: "**Şeýlelikde**, bäş-alty aýyñ içinde özüñ bir çekeneli adam bolarsyñ. "**Ana**, şol döwletiñ geldigi bor". "**Ynha, şeýlelikde**, obanyñ ýedi-sekiz sany ýaşulusy bütin bir ilatyñ ummasyz köp zadyny harç etmäge özara razylaşdy";

*sözlemiñ ortasynda gelşi*: "–Hä, jan dogan Ogulnäzik, Gylyçly bilen gaçjak bolmadyk bolsañ, **belki**, seni başga bir ýere çykaryp goýbererdiler – diýdi"; "Eger onuñ biziñ diýenimizi etjegine gözüm ýetýän bolsa, **diýmek**, başga ýol agtarmak gerek";

*sözlemiñ ahyrynda gelşi*: "Aşygyna gowşan magşuk mysaly, nar topraga göwün berdi, **elbetde**" (Edebiýat we sungat. 11.07.1986).

Giriş sözler aşakdaky ýaly manylarda ulanylýarlar:

*ynam etmegi bildirýärler*: "**Elbetde**, bu zatlara çuññur seredende, hakyky günäkär galyñdyr"; "Biz mundan beýläkde dilimiziñ arassalygyny saklamalydyrys. **Elbetde**, halkara adalgalary bolar. Ýöne türkmençe berip bolýan düşünjeleri olaryñ dilimize ýat, gelişmeýän galyby bilen almaly däldiris" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "**Elbetde,** bu işleri günübirin ýola salmaly" (Garagum. 2002. №6);

*şübhelenmegi bildirýärler*: "**Belki**, Aman jan hem geler"; "**Megerem**, şu arza onuň (Mämmet Halnazarowiçiň) soňky ýigrimi ýyllykda öz eli bilen dolduran ilkinji kagyzydy" (Garagum. 2002. №6);

*tassyklamagy bildirýärler*: "– **Hawa**, bu habary men Annajemalyň hut özünden eşitdim"; "– **Hawa**, bu işiň ýene bir tarapy bar"; "Deňiz suwy, **dogrudanam**, Muhammetgulynyň ruhuny göterdi";

*inkär etmegi bildirýärler*: "–Aý, **ýok-la**, ýöne şol ýerde bir garyndaşymyz bar welin, şonuň: "Sähetli diýen goňşym bar" diýeni ýadymda galypdyr." (Mugallymlar gazeti. 24.07.1996);

*çak etmegi bildirýärler*: "**Çakym**, ýerini üýtgetjek bolýarlar" (A.Atajanow. Teke gyzy Tatýana);

*netije çykarmagy bildirýärler*: "**Diýmek**, sen öz sözüň eýesi ekeniň?!";

*kanagat etmegi bildirýärler*: "Nuralynyň, **şükür**, kem zady ýok" (A.Atajanow. Teke gyzy Tatýana);

*ökünmegi bildirýärler*: "**Arman**, bu barada oýlanmaga Nuralynyň wagty ýok" (A.Atajanow. Teke gyzy Tatýana);

*görkezmegi bildirýärler*: "**Ynha**, şu düşünje bilenem ärler aýallara garaýarlar"; "**Ine**, bu söz makul";

*gepiň gerdişine görä aýtmagy bildirýärler*: "**Aýdan ýaly**, Gaýgysyz köp salam aýtdy" (A.Atajanow. Teke gyzy Tatýana);

*pikiriň tertibini bildirýärler*: "Näme üçin damara gan agram salýar? Onuň sebäbi köp. **Birinjiden**, göwnüňe gaty degilmek, **ikinjiden**, göwnüçökgünlik, **üçünjiden**, howsala düşmek, **dördünjiden**, nerwiňe ýa bedeniňe çakdanaşa zor salmak, **bäşinjiden**, howanyň birden sowamagy ýa gyzmagy";

*pikir ýüwürtmegi bildirýärler*: "**Diýeli**, onuň bilen sanly minut duşuşdyňam-da" (G.Kulyýew. Emiriň ilçisi);

*biriniň pikirine esaslanmagy bildirýärler*: "**Siziň çeniňize görä**, olar Daşoguza haçan bararlar?";

*üns çekmegi bildirýärler*: "Öňki hojaýyny hernäçe: "Ýaka gaýyşly ala şeýtandyr bu" diýse-de, **sered-ä**, edil gulagy deşilen ýaly" (Türkmen gündogary. 24.12.1993).



## Ýüztutma sözler

Ýüztutma sözleri birine ýüzlenmegi aňladýar we çagyryş äheňi bilen aýdylýar. Ol, köplenç şahs, we zat aňladýan sözlerden bolup gelýär. Ýüztutma sözi sözlemiň başynda, ortasynda we ahyrynda ulanylyp biler:

*sözlemiň başynda*: "– **Atam**, näme, tanajak bolýaňyzmy?" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "– **Çary aga**, atamy özüňiz gördüňizmi?" (şol ýerde); "– **Daýza**, size kim diýip ýüzlenmeli?" (Mugallymlar gazeti. 24.07.1996);

*sözlemiň ortasynda*: "– Tanajak bolýan, **ogul**, tanajak bolýan, arman, gözler çöňňelipdir" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "– Rast urduň, **türkmen**, rast urduň" (şol ýerde); "– Begenjiň nähililik bilen şu güne çenli ýetenligini, **Magtymguly aga**, şu oturanlarymyzyň barymyz bilýäris" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "– Al el degmedik perimden, **oglan**, başyňa täç edin!" (Edebiýat we sungat. 16.10.1989);

*sözlemiň ahyrynda*: "– Hä, wiý, bagyşlaň, **daýza**" (Mugallymlar gazeti. 24.07.1996); "– Hawa, toýa barýarys, **gyzym**"(şol ýerde);

"Meniň bir bedew atymbar, seýisläp ber, Jygaly beg!
Meniň bir däli göwnüm bar, seýikläp ber, Jygaly beg!
Göroglynyň düýrme gyljyn, jyzaňy ber, Jygaly beg!
Başym goýup söweşer men, jygaňy ber, Jygaly beg!"
(Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

**Gurluşy boýunça ýüztutma sözleri bir sözden we birnäçe sözüň gatnaşmagynda emele gelip biler**:

*bir sözden*: "– **Inim**, käbir adam soraşyberseň gaty görýär" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "**Türkmen**, ruhuňy belent tut, eden işiňi halal et, baýa, baýat ýurduňy!" (şol ýerde); "– **Balam**, ilkinji iş günüňizde gize dert bolmaýyn" (Garagum. 2002. №6);

*birnäçe sözden*: "**Eziz türkmen**, özüňe hökümdar bol, özüňe erk edip bilseň, islendik işiň hötdesinden gelip bilersiň" (Saparmyrat Türkmenbaşy. **Ruhnama**); "Ýollaryňyz aýdyň, erteleriňiz ýalkymly, geljegiňiz şuglaly, eýýamyňyz altyn bolsun, **gadymy hem müdimi türkmenim!**" (şol ýerde).

Ýüztutma gözleriniň aýyrgyçlary her söz üçin aýry-aýrylykda

ulanylýar: "**Gerçek** ýigit, **goç** ýigit, oýlan, parasat eýle, Türkmeni beý edip biljek diňe türkmendir!" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

Ýüztutma sözüniň aýyrgyçlary deňgeş, manydaş hem bol bilerler: "Goja dünýä bildirer meň gelenim / **Jennetim, behişdim, uçmahym daglar**!" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

Ýüztutma sözler, beýleki sözlem agzalary ýaly, deňdeş hem bolup biler: "Zähmet ýeňşiňiz gutly bolsun, **edermen daýhanlar, mülkdarlar we kärendeçiler**!" (Mugallymlar gazeti. 12.07.2002).

## Ümlükler

Ümlükler sözlem içinde gelende, beýleki agzalardan hem taýdan tapawutlanyp, olara goşulman gelýärler. Ümlükler bilen sözlemiň beýleki agzalarynyň arasynda many hem heň taýdan baglanyşyk bar hem bolsa, bularyň arasynda göze görnüp duran sintaktik baglanyşyk (ýanaşma, dolandyrma, ylalaşma) ýokdur. Şonuň üçin ümlükler hem grammatiki taýdan baglanyşmaýan sözlem agzalarynyň içine girýär.

Ümlükler, esasan, içki duýgy aňlatmak üçin hyzmat edýärler. Olar şatlanmagy, begenmegi, haýran galmagy, ör-gökden gelmegi, gynanmagy, hoşamat etmegi, ýalbarmagy, ýüztutmagy, gaharlanmagy, käýinmegi we başga-da onlarça many aňladyp gelýärler:

*nalamagy aňladýanlar*: "– **Eý-waý**, ýetiň-eý. – **Waý-eý**, nädeýin-eý?!";

*göz degmezligi aňladýanlar*: "– **Tüweleme**, aýagy düşümli bolsun";

*mahabatlandyrmagy aňladýanlar*: "– **Baý**, siz baty ekeniňiz";

*toba etmegi aňladýanlar*: "**Toba**, geň taň göremzok…";

*howatyrlanmagy aňladýanlar*: "– **Waý, waý**, Muhammet jany kakasy näme bar?" (A.Durdyýew. Saýlanan eserler);

*arman çekmegi aňladýanlar*: "**Ah**, hany dor alaşa? **Arman**, meniň aýagym duşakly";

*geň galmagy aňladýanlar*: "– **Bä**, Altynam gelipdir, munam görmek bar ekeni" (A.Durdyýew. Saýlanan eserler).



## SÖZLEMIŇ ÝAÝBAŇLANDYRYLAN AGZALARY

### Umumy maglumat

Sözlemiň ýaýbaňlandyrylan agzalary mazmun taýyndan sözleme ýakyn bolup, sözlemde ikinji derejeli merkezi emele getirýärler. Bularyň öz içlerinde logiki eýesi logiki habary we aýyklaýjy agzalary bolýar. Şunlukda, ýaýbaňlandyrylan agzalarda iki taraplaýyn baglanyşyk ýüze çykýar: bir tarapdan, bular tutuşlygyna sözlemiň habaryna ýa-da başga bir agzasyna baglanyp gelýän bolsalar, ikinji tarapdan, öz içlerinde bir-birlerine baglanyşýarlar.

Sözlemiň ýaýbaňlandyrylan agzalary hökmünde, köplenç ortak işlikler, iş atlary, hal işlikler, azrak habarlyk manysy bolan isimler we "bar, ýok" ýaly modal sözler ulanylýarlar. Bular özlerine baglanýan sözler bilen birlikde sözlemiň habaryna ýa başga bir agzasyna baglanyp, şony aýyklap gelýärler.

Sözlemiň ýaýbaňlandyrylan agzalary logiki taýdan eýerjeň sözlemlere laýyk gelýärler. Şunuň özi gürrüň edilýän öwrümleri eýerjeň sözlemlere ýakynlaşdyrýar. Emma grammatiki taýdan bular ýönekeý sözlemiň çäginden çykyp bilmeýärler. Şoňa görä bu hili öwrümler sözlemiň ýaýbaňlandyrylan agzalary hökmünde seredilmelidir.

Ýaýbaňlandyrylan agzalar sözlemiň haýsy agzasy bolup gelýänligine garap ýaýbaňlandyrylan eýe, ýaýbaňlandyrylan habar, ýaýbaňlandyrylan aýyrgyç, ýaýbaňlandyrylan doldurgyç we ýaýbaňlandyrylan ahwalat ýaly birnäçe görnüşde ýüze çykýarlar.

## Ýaýbaňlandyrylan eýe

Ýaýbaňlandyrylan eýäniň logiki habary atlaşan ortak işliklerden, iş atlaryndan, işligiň nämälim şekilinden bolup, baş düşümde ulanylýar. Logiki eýesi bolsa eýelik düşümiň goşulmaly ýa goşulmasyz şekilinde gelen sözlerden bolup, degişlilik goşulmalaryny kabul edip gelýär.

1. Ýaýbaňlandyrylan eýäniň logiki habary sypatlardan, atlardan, modal sözlerden bolup, degişli ýöňkemede üýtgäp "-dyk, -dik // -lyk, -lik" goşulmasyny kabul edip gelýär:

*sypatlardan*: "Aýrylyşanlaryndan soň, üçüsiniň hem ýüzlerini aşak salşyp gidip baryşlaryndan **bularyň hemmesiniň ýürekleri doludygy** bildirýärdi";

*atlardan*: "Elbetde, **munuň okuwçy gyzyň düzme ýazyşyna guwanmakdan ýaňa dörän ýylgyryşdygy** juda ikuçludy" (B.Hudaýnazarow. Gumlular);

*modal sözlerden*: "Üzüm iýseň, **düýbüniň çöpi barlygy** onuň ýadyndan çykmaýardy" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak).

Ýaýbaňlandyrylan eýäniň merkezi "barlygy-ýoklugy" görnüşinde tirkeşdirilip hem ulanylýar.

2. Ýaýbaňlandyrylan eýäniň logiki habary atlaşan ortak işliklerden, "az, köp" ýaly sözlerden bolup, degişlilik goşulmalaryny kabul edip gelýär:

*atlaşan ortak işliklerden*: "**Bezirgeniň gideni** görünmez, **geleni** görner" (Nakyllar we atalar sözi).

*"az, köp" ýaly sözlerden*: "**Agyz köpi** aşa ýakyn, **eliň köpi** işe" (Nakyllar we atalar sözi).

3. Ýaýbaňlandyrylan eýäniň logiki habary iş atlaryndan bolup, "-yş, -iş, -uş, -üş, -ýyş, -ýiş" we degişlilik goşulmalaryny kabul edip gelýär: "**Adamyň döwletli güni dogan çagasyny gowy görşem üýtgeşik bolar** ekeni, **malyny gowy görşem**" (N.Hojageldiýew. Gülle degen sünbüller).

4. Ýaýbaňlandyrylan eýäniň logiki habary işligiň nämälim şekilinden, iş atlaryndan bolup, "-mak, -mek, -ma, -me" we degişlilik goşulmalaryny kabul edip gelýär:

*"-mak, -mek" bilen gelşi*: "Ellerimiziň şu günki etjek işleriniň aňymyzda **çyzgysynyň bolmagy** hökmandyr" (Nesil. 18.04.2002); "Meniň aýdanlarymyň hakdygyna seniň ynanmagyň gerek"; "**Şoňa düşünmegimiz** gerek" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak);

"Öwez oglum, bu meýdana gireňde,
**Ozal sypaýçylyk etmegiň** gerek.
Eger sypaýçylyk başa barmasa,
**At başyn dönderip gaýtmagyň** gerek"
(*"Görogly"*);

*"-ma, -me" bilen gelşi*: "– **Kiçijik janawere** şunça odun ýüki ýükläp, **ony ýene urmaň** näme? – diýip, Ependä ýüzlenipdir" (Mugallymlar gazeti. 25.12.1996); "Men ýetginjekkäm, **käwagt bir gygyraýmam bardy**" (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar); "**Oturyşykda şol oturyşygyň keýpine şärik bolmak üçin birki ýüz gram içäýmesem** bardy" (şol ýerde); "**Käte şunuň ýaly giçden soň çagyryşaýmalary, gijäniň bir wagtyna çenli pessaýrak-pessaýrak gürrüň edişäýmeleri** ýok däldi" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak).

5. Ortak işlikler, sypatlar, "bar, ýok" sözleri atlaşyp, baş düşüm şekilinde gelýärler we ýaýbaňlandyrylan eýäniň logiki habaryny emele getirýärler:

*atlaşan ortak işlikler*: "**Derdi bolmadyk** derman ýzlamaz" (Nakyllar we atalar sözi); "**Süýtde agzy bişen** suwy üfläp içer" (şol ýerde); "**Ýylan çakan kendirden gorkar**" (şol ýerde); "**Atasy bolmadyk** bir gün aglar, **enesi bolmadyk** müň gün aglar" (şol ýerde);

*atlaşan sypatlar*: "Ilçilikdir: "**Agzy açyk** aç ölmez"; "**Bilegi zor** birin ýykar, **bilimi zor – müňüni**" (Nakyllar we atalar sözi);

**atlaşan "bar, ýok"** sözleri: "**Şonuň üçinem baryň bilen ýoguň** des-deňdir" (Edebiýat we sungat. 08.11.1976).

6. Ýaýbaňlandyrylan eýäniň logiki habary nämälim geljek zaman ortak işliginden bolup, "-lyk, -lik" we degişlilik goşulmalaryny kabul edip gelýär:

"Ol öýünde aýalyna igendi:

– Sen heleý-de bir zady aýdýa goýberiberýäň, ogluň şol bor-da, **kişiniň gapysyndan bararlygyň** barmy?" (A.Durdyýew. Saýlanan eserler); "Berdi aganyň ýüzünden gar ýagýar, **serederligi** ýok" (şol ýerde).

Mollanepesiň dilinde nämälim geljek zaman ortak işlik şekili "-lyk, -lik" goşulmasyny kabul etmän hem gelýär:

"Hoş gal indi, ilim-günüm,
**Bu menzilde durarym** ýok"
(*Mollanepes. Zöhre–Tahyr*).

7. Ýaýbaňlandyrylan eýäniň logiki habary "-as, -es" goşulmasyny kabul eden iş atlaryndan bolup, degişli ýöňkemede üýtgäp gelýär we "gelmek", "ýok" hem-de azrak "bar" sözleri bilen bile ulanylýar: "Näme üçindir, **Muhammediň öýe gidesi gelenokdy**" (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar); "**Meniň rahat ýatasym gelýär**" (N.Jumaýew. Uruş ody); "**– Wah, muňa gep düşündirip bolasy** ýok-la" (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar); "**Ah, munda para berip, janyňy saklap bolasy** ýok-la" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak). "**Unaş peýda edesi** ýok" (şol ýerde); "**Ol ýatdan çykasy ýok-la**" (şol ýerde); "**– Bizi beýle niçik terk edesiň** bar? / Bu ýol beýhudadyr, **sen gidesiň** bar" (Magtymguly. Saýlanan eserler).

8. Ýaýbaňlandyrylan eýäniň logiki habary işligiň hökmanlyk şekilinden bolup, degişli ýöňkemede üýtgäp, "-dyk, -dik goşulmalaryny kabul edip gelýär: "Ýöne, haýsam bolsa, **olaryň birini saýlamalydygym** ýadyma düşdi".



## Ýaýbaňlandyrylan habar

Ýaýbaňlandyrylan habar baş sözlemiň habary hyzmatynda gelýän ortak işlik, iş at öwrümlerinden, "bar, ýok" ýaly sözlerden bolýar:

*ortak işliklerden*: "– O nähili bütinleý, amanadyny tabşyrdygy **öldügi bolar-da** – diýýär" (Mugallymlar gazeti. 25.12.1996); "Meniň-ä **bar islegim – seniň dişiň ýylgyrany**" (şol ýerde); "Garybyň bir doýany **– baýany**" (Nakyllar we atalar sözi); "Garybyň tapdygy – **ýabynyň çapdygy**" (şol ýerde); "Men indi Annam jana ýüzüň üstünde burnuň bar diýsem, Maral jany öz perzendim hökmünde öpmesem – **ene bolmadygym!...**"; "Şol kitaby soramasaň, **akyl etdigiň**" (N.Saryhanow. Saýlanan eserler); "Bu sanalgy ömrümde şöhratyň kemter bolsa, **işiň gaýtdygy**" (Edebiýat we sungat. 08.11.1976); **"Onda men saňa dost bolmadygym"** (Ý.Mämmediýew. Ene toprak);

*ýaýbaňlandyrylan habaryň merkezi "bar, ýok" ýaly modal sözlerden bolup, "-dyk, -dik // -lyk, -lik"* goşulmalaryny kabul edip gelýär we degişlilik goşulmalary bilen üýtgeýär: "**– Wah, Satybaldyýewiň ýoklugy-da** – diýip, kellesini ýaýkady" (N.Jumaýew. Uruş ody);

*"-lyk, -lik" goşulmasy atlaryň yzyna hem goşulyp gelip biler:* "Baýdak ýaly bolansoňam, **şol oglanlygy bu gyzyň**" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak);

*logiki habar iş atlaryndan bolup gelýär:* "**Aşgabady Amanyň birinji gezek görşüdi**"; "**– Waý, meniň haçanky gelşim**" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak);

*ýaýbaňlandyrylan habar işligiň nämälim şekilinden hem bolup bilýär:* "Gyzy gozgalaňa salan zat gaçmak, gyrylmak bolman, ýigidiň **gaýdyp gelmezligi, ondan hiç bir habar bolmazlygy boldy**".

## Ýaýbaňlandyrylan aýyrgyç

Ýaýbaňlandyrylan aýyrgyjyň logiki habary ortak işliklerden, işligiň hökmanlyk şekilinden, "bar, ýok" ýaly modal sözlerden bolup, baş sözlemiň atdan bolan agzasyna baglanyp gelýär we onuň ýaýbaňlandyrylan aýyrgyjy şekilinde ulanylýar.

1. Ýaýbaňlandyrylan aýyrgyç öz aýyklaýan sözi bilen ýanaşyk gelmek arkaly baglanyşýar. Bu hili ýaýbaňlandyrylan aýyrgyçlaryň logiki eýesi üçünji ýöňkemede, baş düşüm şekilinde gelýär. Ýaýbaňlandyrylan aýyrgyjyň logiki habary sypatlardan, ortak işliklerden bolup, öz baglanýan sözüniň sypatyny, gylyk-häsiýetini, ortak işliklerden bolanda, belli bir zamana dahylly hereketini bildirip gelýär:

*sypatlardan:* "Torba-çuwaldan tärimleri görünmez ýaly bezelip, içi haly düşekden doldurylan alty ganat ak öýüň çep dulunda **egni keteni köýnekli, alny egmeli, gollary bilezikli** ýaş gelin uz ýaşynyp, süýnüp-sarkyp, zülpüni sypalap otyrdy"; "Görogly ýeňsesine seretse, **on sekiz örüm saçy ýere ýetip, olaryň hem ujy goçuň şahy ýaly yzyna gaýdyp duran, ýüz-gözüne polat suwy berlen dek** bolup, bir gelin üstüne abanyp dur" ("Görogly"); "**Sagrysy gümmezläp duran, inçe billi, uzyn aýak, däh diýende honda düşýän ýüwrük** atlar siziň ýaranyňyz bolsun, il-ulusyň bähbidini, gorap gezýän ýigitleri Hudaýym maksat myradyna ýetirsin" (şol ýerde).

*ortak işliklerden:* "**Özi ýykylan** oglan aglamaz" (Nakyllar we atalar sözi); "**Bili bükük, ýagyrnysy tüňňerip duran**, sesi boguk goja hasasyny tyrkyldadyp, gapynyň agzyna geldi-de, ahuna bakyp, gaharly gepledi" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Bu eýýamyň ruhunda **daş ýarýan, dagy ýykýan** gujur jemlendi" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

2. Ýaýbaňlandyrylan aýyrgyjyň logiki habary atlardan, ortak işliklerden bolup, "ýaly, dek" sözsoňulary bilen ulanylýar. Many taýdan ýaýbaňlandyrylan meňzetme aýyrgyjy bolup gelýär:

*atlardan:* "...**Lebleri lagyl dek, dişleri dür dek** Leýli gyz Kaýsa muhubbet peýda kyldy" (Andalyp. Leýli–Mejnun); "Sygyrýatagyna ýabşyrylyp salnan, üsti ýandakly, ot-çöpli tamjagazda iki sany semiz tokly bilen **guýrugy elek ýaly** ak goýun bir-birlerine gysylyşyp, myslaşyp ýatyrdylar" (Garagum. 2001. №1);



*ortak işliklerden:* "**Hünji düzülen ýaly** owadan harplar bilen ýazylan hasap-hesipde ýekeje ýalňyşam ýokdy" (Garagum. 2001. №1).

3. Ýaýbaňlandyrylan aýyrgyjyň logiki habary ortak işliklerden bolup, wagt görkezýän "-daky, -däki" goşulmasyny kabul edip gelýär. Many taýdan, sözlemiň atdan bolan agzasyna baglanyp, şony wagt taýdan aýyklaýar: "**Bu ýüz-keşbi nurana, bereketli adamyň iki oglunam Aşgabada çagyraýjakdygyny eşidendäki** gopan ýüregi henizem ýerine gelmänligi üçin, ol tutuş süňňi bilen sandyrap durdy" (Garagum. 2001. №1).

Şu hili ýaýbaňlandyrylan aýyrgyçlaryň logiki habarynyň soňuna "-daky, -däki" goşulmasy goşulmadyk ýagdaýynda, sözlemiň atdan bolan agzasy bilen ortak işlik şekilinde gelen "etmek" işligi arkaly baglanyşyp biler: "**Düýnki goýun seçilip durka eden** gürrüňi ýadyna düşdi".

4. Ýaýbaňlandyrylan aýyrgyjyň logiki habary eýelik düşümde gelmek bilen, baş sözlemiň atdan bolan agzasyna baglanyşýar. Bu hili ýaýbaňlandyrylan aýyrgyçlaryň gurluşy hem öňdäki ýanaşyk gelmek arkaly baglanyşýan ýaýbaňlandyrylan aýyrgyçlardan onçakly tapawutlanmaýar. Bularyň hem logiki eýesi baş düşüm şekilinde, üçünji ýöňkemede gelip, logiki habar bolsa atlaşyp gelen sypatlardan, ortak işliklerden, modal sözlerden bolýar. Ýöne bularyň bir aýratynlygy, ýaýbaňlandyrylan aýyrgyjyň logiki habarynyň aýyklaýan at sözi galdyrylyp, ony sypatlandyryp gelýän söz onuň ýerini tutýar we eýelik düşümde ulanylýar. Many taýdan baş sözlemiň eýesine ýa-da atdan bolan başga bir agzasyna baglanyp, şoňa eýelik edip gelýär:

*sypatlardan:* "**Başy** eseniň maly bitin" (Nakyllar we atalar sözi); "**Sowady köpüň** ýoly köp" (şol ýerde);

*ortak işliklerden:* "**Tomus depesi gaýnamadygyň** gyş gazany gaýnamaz" (Nakyllar we atalar sözi); "**Kiçisi bolmadygyň** ulusy bolmaz" (şol ýerde); "**Desgasy bolmadygyň** dessinesi bolmaz" (şol ýerde); "**Ajysy bolmadygyň** süýjüsi bolmaz" (şol ýerde); "**Buharada maly bolanyň** munda garny dok" (şol ýerde); "**Gyşy gyşsyramadygyň** ýazy ýazsyramaz" (şol ýerde);

• *modal sözlerden*: “**Akyly ýoguň** ýakyny ýok” (Nakyllar w atalar sözi); “**Eli baryň** dili bar, mydama-da puly bar” (şol ýerde); “**Aty baryň** ganaty bar” (şol ýerde).

5. Ýaýbaňlandyrylan aýyrgyjyň logiki habary işligiň nämäli geljek zaman şekilinden bolup, “ýaly” sözsoňusy arkaly sözlemiň atda bolan agzasyna baglanyşýar. Many taýdan öz baglanýan at sözünde aňlanylýan düşünjäniň näme maksat bilen edilýänligini bildirýä “**Talyplar özbaşdak okar ýaly** şert döredilmelidir. **Okuwçylar** ö **wagtynda mekdebe geler ýaly** çäreler işlenilip düzüldi”.

6. Ýaýbaňlandyrylan aýyrgyjyň logiki habary mälim gelje zaman ortak işliginden bolup, “güman” sözüni aýyklap gelýär, sözlemi habary “bar” sözünden bolup, “-my, -mi” sorag goşulmasyny kab edýär. Many taýdan hereketiň öňüni alyp bolmajaklygy aňlanylýa “**Onsoň ony duruzjak** gümanyň barmy?” (O.Akmämmedow Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar); “**Şol sebäpli ýabyň suwuny peseljek** gümany ýok ahyryn...” (şol ýerde); “**– Indi söndürip bilje** gümanlary barmy?...” (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

7. Ýaýbaňlandyrylan aýyrgyjyň logiki habary ortak işliklerde bolup, “-dyk, -dik // -lyk, -lik” goşulmasyny kabul edip gelýär. Bu şek degişli ýöňkemede, eýelik düşümde üýtgäp, öz baglanýan at sözün ýaýbaňlandyrylan eýelik aýyrgyjy bolup ulanylýar: “**Öňräk goňş obadan gumlularyň biriniň heniz ýetişmedik gyzyny asla öz de duşy bolmadyk ammarçy adama berendiginiň** gürrüňi bütin etra ýaýrapdy” (B.Hudaýnazarow. Gumlular).

## Ýaýbaňlandyrylan doldurgyç

Ýaýbaňlandyrylan doldurgyjyň logiki habary atlaşan orta işliklerden, iş atlaryndan bolup gelýär. Ýaýbaňlandyrylan doldurgyjy logiki eýesi eýelik düşümiň goşulmaly ýa goşulmasyz şekilind getirilýär. Şoňa görä onuň baglanýan logiki habary degişlili goşulmalaryny kabul edýär.



### *Ýaýbaňlandyrylan göni doldurgyç*

1. Ýaýbaňlandyrylan göni doldurgyjyň logiki habary atlaşan ortak işliklerden, işligiň nämälim şekilinden we “bar, ýok” ýaly modal sözlerden bolup, degişli ýöňkemede üýtgän “-dyk, -dik// -lyk, -lik” goşulmasyny kabul edip ýa etmän, ýeňiş düşümde gelýär:

*ortak işliklerden*: “Şahyr **ikindin namazynyň wagty gelenligini** duýýardy, emma agyr pikirleriň täsirinden sypyp bilmän, obaçylygyň üsti bilen Soňudaga bakan biperwaý nazar salyp, şol bir duran ýerinden gozganman durdy” (G.Kulyýew. Ýowuz günler); “Öz okadýan dersine şöýgi döredip bilmedik adamdan **hakyky mugallymyň çykmaýandygyny** alymlar aýdypdyrlar” (Diýar. 2002. №6);

*işligiň nämälim şekilinden*: “Mundan ep-esli wagt ozal “Edebiýat we sungat” gazetiniň şol wagtky redaktory Hojamyrat Goçmyradow bilen redaksiýanyň bölüm müdiri Meret Haladow ikisi **meniň Mäti Kösäýew barada giňişleýin ýatlama ýazmagymy** haýyş edipdi” (Edebiýat we sungat. 20.12.1996);

*modal sözlerden*: “Emma Gylyçlynyň ýüzüne seredenden, **näme-de bolsa, bir aýratyn hekaýat bardygyny** aňlady”; “**Öňde bir guýy barlygyny Kerim eşidipdi**” (Ý.Mämmediýew. Ene toprak); “Ol **töwerekde bir üýtgeşiklik barlygyny** derrew aňlady” (şol ýerde).

2. Ýaýbaňlandyrylan göni doldurgyjyň logiki habary atlardan, atlaşan ortak işliklerden bolup, ýeňiş düşümiň goşulmaly we goşulmasyz şekilinde ulanylýar. Bu aslyýetinde ýaýbaňlandyrylan aýyrgyçdyr. Ýöne onuň aýyklaýan atlary galdyrylyp, işliklere baglanyp gelýänligi üçin, atlaşma esasynda ýaýbaňlandyrylan doldurgyç görnüşinde ýüze çykýar:

*ýeňiş düşümiň goşulmaly şekilinde*: “**Işi gaýdany** düýäniň üstünde it ýarar” (Nakyllar we atalar sözi); “**Hudaý urany** pygamber hasasy bilen dürter” (şol ýerde);

*ýeňiş düşümiň goşulmasyz şekilinde*: “Oturyp-turşy edaly / **Gaşlary galam** islärin” (Magtymguly. Saýlanan eserler); “Gaşyny çytman oturan / **Gözleri gülen** islärin” (şol ýerde).

### *Ýaýbaňlandyrylan gytak doldurgyç*

1. Ýaýbaňlandyrylan gytak doldurgyjyň logiki habary ortak işliklerden, isimlerden, iş atlaryndan, "bar, ýok" ýaly modal sözlerden bolup, köplenç, "-dyk, -dik // -lyk, -lik" goşulmasyny kabul edip gelýär we degişli ýöňkemede, ýöneliş, wagt-orun hem çykyş düşümlerde ulanylýar:

**Ýöneliş düşümde:**

***ortak işliklerden:*** "– Aý, eje Ýesergül **daýza biziň pulumyzyň köpelýändigine** görüplik edýändir,.." (Mugallymlar gazeti. 25.12.1996);

***isimlerden:*** **"Ölümiň nämedigine, şondan ýowuz aýralygyň ýokdugyna** pederiňi ýitirip göz ýetirýär ekeniň" (Türkmen gündogary. 11.01.1997); "**Il-günüň toý-ýasyny** sowuşmak barada beren pentleriniň ýöne ýere däldigine göz ýetirerçe boldum" (şol ýerde);

***işligiň nämälim şekilinden:*** "**Günüň geçmesine, daňyň atmasyna** garaşmak onuň üçin güzap boldy" (Edebiýat we sungat. 18.01.1971).

**Wagt-orun düşümde:**

***iş atlaryndan:*** "**Obanyň oturyşynda** kän üýtgeşiklik ýokdy".

**Çykyş düşümde:**

***ortak işliklerden:*** "Olar öz aladalary bilen şeýle bir gümra boldular, hatda **gijäniň çaka baranyndan, daşarda ýyldyrym çakyp, gök gürläninden, ilki jala gelip, soňuny gür ýagşa berenliginden** hem olaryň habary ýokdy" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak).

***işligiň nämälim şekilinden:***

*modal sözlerden:* "**Şeýleräk gürrüňler barlygyndan** biz hem habarly, Kerim..." (Ý.Mämmediýew. Ene toprak).

2. Ýaýbaňlandyrylan doldurgyjyň logiki habary atlaşan ortak işliklerden, sypatlardan bolup, ýöňeliş düşümde ulanylýar:

*atlaşan ortak işliklerden:* "**Garrylykdan akylym çaşyp gidene** meňzeýän..." (A.Gowşudow. Saýlanan eserler);



*atlaşan sypatlardan:* "**Garny doka** bela ýok" (Nakyllar we atalar sözi).

3. Ýaýbaňlandyrylan doldurgyjyň logiki habary, sypatlardan bolup, "-lyk, -lik" hem degişlilik goşulmalaryny kabul edip gelýär we "hakynda" sözsoňy kömekçisi bilen ulanylýar: "Albina **häzir özüne beriljek jaýyň oňatlygy, ýaramazlygy hakynda** pikir etmäge ýetişmeýärdi" (R.Allanazarow. Ýazyjynyň gyzy).

## Ýaýbaňlandyrylan ahwalatlar

Ýaýbaňlandyrylan ahwalatlar baş sözlemiň habaryna ýa işlikden bolan agzasyna baglanyp, şony wagt, orun, sebäp, maksat... taýdan aýyklap gelýärler. Öz baglanýan sözlerini haýsy tarapdan aýyklaýanlygyna garap, bulary aşakdaky ýaly toparlara bölüp görkezmek mümkin.

### *Wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalaty*

Wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalaty baş sözlemden aňlanylýan hereketiň wagtyny bildirip gelýär.

Türkmen dilinde wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatyň şekillenişi we aňladýan manysy gaty giňdir:

1. Wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary öten zaman ortak işliklerinden bolup, degişli ýöňkemede, wagt-orun düşümde getirilýär. Many taýdan wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatyndaky hereket bilen ýönekeý sözlemdäki hereket bir wagtda, ugurdaş ýüze çykýar: "**Gün hanjary gökden ýere inende/** Güne garşy dogan Aýy gözel sen" (Magtymguly. Saýlanan eserler); "**Juma bärden ylgap baranda,** atlylar köne jardan çykyp, kötel ýol bilen ýokarlygyna, oba bakan galyp ugrapdylar" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "**Eşek garybyň elinde, göç bolanda,** pile meňzär" (Nakyllar we atalar sözi); "**Baldyrlary sazak ýaly ýigitler bil tutuşanda-da, kelläni kellä uranda-da,** şahlaryndan ot syçradýan mähnet goçlar

**orta çykanlarynda-da, gojalar keçe-keçe bilen düzzüm tutduranda-da, ýaş-ýeleňler ýaglyga towsanda-da,** garaz, toýdaky hezillikler hergiz ýatdan çykar ýaly bolmady" (Garagum. 2000. №8).

Wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary birlik san üçünji ýöňkemede, wagt-orun düşümde gelende, ýokarky mysallarda görnüşi ýaly, edebi dilde, köplenç, gysgalan görnüşde ýöňkeme goşulmasy galdyrylyp ulanylýar.

1. Wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary ortak işliklerden bolup, wagt bildirýän "wagt, mahal" ýaly sözleriň degişli ýöňkemede getirilmegi arkaly şekillenýär. Many taýdan ýaýbaňlandyrylan ahwalatdaky hereketiň ýüze çykýan wagty ýönekeý sözlemdäki hereket hem amala aşyrylýar: "Şeýle hem bolsa **ýüreginiň ýeli içine sygmadyk wagty,** oňa käýinýärdi" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "**Ilkinji gar ýagan güni,** biri-birini garyň ýagmagy bilen gutlapdyrlar" (Garagum. 2002. №6); "**Okaýan wagtyň**, adamda täze-täze pikirler, hyjuwlar oýanýar" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "**Bu gün ikindi ýerine baran mahaly** obanyň orta gürpündäki demirçi ussanyň bolgusyz dükanynyň töwereginde janly hereket başlandy" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

"Gün" sözüniň üçünji ýöňkemede çykyş düşümde getirilmegi hem mümkin: "Türkmen golaýda söweş boljagy ýa üç-dört günden söweşe **ugraljagy mälim bolan gününden**, ozalky iýýäninem iýmeýär" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

Azrak ýerde wagt görkezýän "haçan" hal sözüniň getirilmegi hem mümkin: "**Haçan Baba soldat gaharly sözüni soňlan wagty** Garly ussa durup bilmedi..." (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

2. Wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary öten zaman ortak işliginden bolup, degişli ýöňkemede, çykyş düşümde getirilýär. Many taýdan wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatyndaky hereket ýüze çykandan, ýönekeý sözlemdäki hereket hem amala aşýar: "**Bularyň çetinden gireniňden,** üsti gök demir bilen örtülen ullakan beýik bassyrma gözüň ilýärdi" (şol ýerde); "**Her gezek**



„**Öňneregine!" diýip gygyrandan,** atlaryň özi loňkuldaşyp başlaýardy" (H.Ýsmaýylow. Öküz gödek).

4. Wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary düýp işliklerden bolup, degişli ýöňkemede üýtgän "-dyk, -dik" goşulmasynyň kömegi bilen şekillenýär. Many taýdan ýaýbaňlandyrylan ahwalatdaky hereket ýüze çykdygy, ýönekeý sözlemdäki hereket hasyl bolýar: "Onuň ýadyna, **şu kitaby görüp bildigi,** guba düýe düşýär" (N.Saryhanow. Saýlanan eserler); **Men bir üfledigim,** seň ýelek ýaly gaýyp gidersiň" (N.Jumaýew. Ýeňiş ýyllarynyň hekaýaty); "**Gije gözümi ýumdugym** – ýene-de Selbi..." (N. Jumaýew. Ak derek); "**Gurtgeldi şundan soňky wagtlaram işden sypyndygy**, çagalardan habar tutup durýardy" (Garagum. 2001. №4).

"Şol ýolda-da saňa göz gypan bagta,
**Biperwaý bakdygyň – ol** eýýäm ýokdur"
(*B.Hudaýnazarow. Döwrüň depesindäki adam*).

5. Wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary işligiň häzirki zaman şekiliniň isimleriň hem modal sözleriň yzyna "-ka, -kä" goşulmasynyň goşulmagy bilen ýasalýar. Many taýdan ýaýbaňlandyrylan ahwalatdaky hereketiň dowam edýän wagtynda, ýöhekeý sözlemdäki hereketiň ýüze çykýanlygy aňlanylýar: "**Ugrajak bolup durkalar**, Bäşimiň gözi obadaşy Yklyma düşdi" (Garagum. 2000. №9).

Şu "-ka, -kä" goşulmasy işligiň hökmanlyk, geljek zaman şekilleriniň yzyna hem goşulyp gelýär. Munda ýaýbaňlandyrylan ahwalatda ýüze çykmaly ýa-da çykjak hereketiň belli bir sebäbe görä başa barmanlygy aňlanylýar: "**Ata ne bir okajakka**, mümkinçiligi bolmandyr. **Durdy ugramalyka,** zerur işi çykypdyr".

6. Wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary öten zaman ortak işliklerinden bolup, "badyna // bada, dessine" sözleriniň getirilmegi bilen aňladylýar. Many taýdan ýaýbaňlandyrylan ahwalatdaky **hereket ýüze** çykan badyna, ýönekeý sözlemdäki hereketiň amala **aşýanlygy** düşünilýär: "**Arryklaç aç sygyr eýesini gören badyna**, içini çekip kokrandy hem-de açgöz ala gözlerini olhenç

mölerdip, ota gaty işdämen topuldy" (Garagum. 2001. №1). **Gülälek gapyny açan bada, Gypjak** kürsäp, içerik girdi" (H.Ysmaýylow. Öküz gödek).

7. XVIII–XIX asyr türkmen edebiýatynyň dilinde **wagt** ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary düýp işlikleriň soňuna "-gaç, -geç" hal işlik şekiliniň goşulmagy bilen emele gelýär. Many taýdan ýaýbaňlandyrylan ahwalatdaky hereketiň ýüze çykmagy bilen bir wagtda, ýönekeý sözlemdäki hereketiň hem bolup geçýänligi aňlanylýar:

"**Nazarym ýetişgeç,** ol tört merdana,
Köňlüm joşa geldi, başym gerdana"
(*Magtymguly. Saýlanan eserler*);

"**Güwşlüler eşitgeç,** bary ker boldy"
(*Magtymguly.Saýlanan eserler*).

8. Wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary degişli ýöňkemede, çykyş düşümde gelen öten zaman ortak işliklerinden bolup, "soň // soňra" sözsoňulary bilen ulanylýar. Many taýdan wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatyndaky hereket ýüze çykarylandan soň, ýönekeý sözlemdäki hereket amala aşýar: "**Emma täleý azaşandan soň,** neneň edip duşuşjak?" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "**Ol özüniň töweregine höwesjeň boýdaşlarynyň ýygnanandygyny göreninden soň,** onuň süýem barmajygy göze ilmez çaltlyk bilen hereket edýärdi" (H.Ysmaýylow. Öküz gödek); "**Olar aňyrrak çekilensoňlar**, söňky sözleri Bäşim gowy eşidip bilmedi" (Garagum. 2000. №9); "**Töwir galdyrylansoň**, uly-uly baýlar ýogyn-ýogyn gägirişip, dünýä gürrüňine başlady" (Edebiýat we sungat. 22.02.2002); "**Esli salym ýörelenden soň,** görgi baryny görkezen çöketlik gutardy, kem-kemden ýokary galýan baýryň etegine çykyldy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler).

9. Wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary degişli ýöňkeme bilen üýtgeýän "-aly, -eli" şekilini kabul edip gelýän işliklerden bolup, "bäri" sözsoňusy bilen ulanylýar. Many taýdan ýaýbaňlandyrylan ahwalatdaky hereket ýüze çykandan soň, ýönekeý sözlemdäki hereketiň näçe wagtlap dowam edýändigi aňladylýar: "...**Öýlerinden getiren habaryny maňa aýdalyň bäri,** men şol işiň ugrunda"; "**Şol pikir başyna gireli bäri,** gijeler uklap bilmeýärdi".

Şunuň manysynda degişli ýöňkemede, çykyş düşümde **gelen ýa gelmedik** öten zaman ortak işligi "bäri" sözsoňusy bilen ulanylýar: "**Ýangynly waka bolanyndan bäri,** iki-üç gün geçipdi, Garly ussa bazara çykdy" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler); "**Goşundan gaýdyp gelenimden bäri,** ýarym aý geçdi" (N.Jumaýew. Ak derek).

Wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatynda "bäri" sözsoňusynyň azrak ýerde getirilmezligi hem mümkin. Ýöne munuň bilen wagt aňlatmaklykda hiç-hili üýtgeşiklik ýüze çykmaýar: "**Men özümi bilip başlanym,** adymy gyzym diýip tutardy".

10. Wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary "-ýança, -ýänçä // -ynça, -inçä // -manka, -mänkä // -man, -män" ýaly hal işlik şekillery arkaly baglanyşýar.

Wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary "-ýança, -ýänçä // -ynça, -inçä" hal işlik goşulmasynyň üsti bilen şekillenýär. Many taýdan ýaýbaňlandyrylan ahwalatdaky hereket ýüze çykýança, sözlemdäki hereket bolup gutarýar: "Tutuş maşgala, **tä maşynyň garasy ýitýänçä**, myhmanyň yzyndan garap galdylar" (Garagum. 2001. №1); "Şundan soň gürrüň, **barýançalar**, şu babatda gitdi" (Garagum. 2000. №9).

XVIII–XIX asyr türkmen edebiýatynyň dilinde şunuň "-gynça, -ginçe" şekiline duş gelinýär: "**Ömrüm tamam bolgynça,** men senden geçmesmen"... (Mollanepes. Zöhre–Tahyr).

Wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary "-manka, -mänkä" hal işlik goşulmasynyň goşulmagy bilen ýasalýar. Many taýdan ýaýbaňlandyrylan ahwalatdaky hereket ýüze çykmanka, baş sözlemdäki hereket amala aşyrylýar: "**Günorta bolmanka,** ol gelip ýetdi"; **Bular çopanlaryň goşuna ýetmänkäler,** ýolda düşlediler".

Şu hili wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatlarynyň logiki habary hal işligiň barlyk we ýokluk galyplarynyň tirkeşdirilip getirilmegi bilen hem emele **gelýär. Munda** ýaýbaňlandyrylan ahwalatdaky hereket

ýüze çykyp-çykmanka, baş sözlemdäki hereketiň çaltlyk bilen bolup geçýänligi belli bolýar: "**Maýyň ilkinji güni gözýetimiň aňyrsyndan özüniň güler ýüzüni görkezip-görkezmänkä,** Kerim syçrap ýerinden turdy" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak); "Mahlasy, çaganyň äkidenlerinden bir hepde geçip-geçmänkä, Bäşim oba eňdi" (Garagum. 2000. №7); "**Oturylyp-oturylmanka,** orta çaý geldi" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak); "**Heniz gündogar gyzaryp-gyzarmanka,** ak öýleriň tüýnüginden çykyp ugran tüssä gözi düşüp, olaryň eýelerini şeýle ir turmaga mejbur edýän zadyň nämeligine akyl ýetirip bilmedi" (şol ýerde).

Edil şu manyda nämälim geljek zaman işliginiň barlyk we ýokluk galyplary hem tirkeşdirilip, wagt-orun düşümde ulanylýarlar: "**Gün dogar-dogmazda,** şähere ugradyk"; "**Myhmanlar geler-gelmezde,** gurçuklara ýaprak berdik".

Wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary hal işliginiň "-man, -män" goşulmasyny kabul edip gelýär. Bu many taýdan "-manka, -mänkä" goşulmasyna ýakyn bolup, şunuň gysgalmagy netijesinde emele gelen bolmagy mümkin: "**Salym geçmän,** galan atlylar hem nobatma-nobat dereden derjiräp çykdylar" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "**Wagt geçmän,** beýlekiler hem geldi, çaý başynda agşamyň gyzykly söhbedi başlandy" (şol ýerde).

11. Wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary degişli ýöňkemede, çykyş düşümde gelen nämälim geljek zaman işliginiň ýokluk galypyndan bolup, "öň, ozal" ýaly sözsoňularyň getirilmegi bilen şekillenýär. Many taýdan sozlemdäki hereket ýaýbaňlandyrylan ahwalatdaky hereketden öň bolup geçýär: "Halk bagşymyz Sahy aganyň aýdym-saz edip bermäge obamyza özi **gelmezinden öň,** onuň ussatlyga ýetişen halypa bagşydygy lebap iline ýaýrady".

## *Orun ýaýbaňlandyrylan ahwalaty*

Orun ýaýbaňlandyrylan ahwalaty sözlemdäki hereketiň ýüze çykýan ornuny görkezýär.

Orun ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary ortak



işliklerden, "bar, ýok" ýaly modal sözlerden bolup, degişli ýöňkemede, wagt-orun düşümde gelen "ýer" sözi bilen ulanylýar: "**Är gezen ýerinde,** är gezer"; "**Küş diýilmedik ýerde** küşşerme" (Nakyllar we atalar sözi).

Şunuň şekillenişi ýaýbaňlandyrylan aýyrgyçlara hem ýakyndyr. Mälim bolşy ýaly, ýokarky hili orun ýaýbaňlandyrylan ahwalatly ýönekeý sözlemlerde ýaýbaňlandyrylan ahwalatyň logiki habary ortak işliklerden bolup, degişli ýöňkemede, wagt-orun düşümde gelen "ýer" sözüni aýyklap gelýär. Şu tarapdan ol ýaýbaňlandyrylan aýyrgyçly ýönekeý sözlemlere meňzeşdir. Ýöne bu taýda "ýer" sözüniň anyk mana eýe däldigini, şonuň üçin hem özbaşdak ulanylyp bilinmeýänligini aýtmak gerek. Onuň anyk manysy özünden öň gelýän sözler bilen birlikde ýüze çykýar. Şunlukda, "ýer" sözi orun ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň düzüm bölegi şekilinde duýlup, ondan aýry ulanylmaýar we ikisi birlikde sözlemiň esasy merkezinden aňlanylýan hereketiň ornuny bildirýär. Şu bolsa bulary ýaýbaňdyrylan aýyrgyçlardan tapawutlandyryp gelýär. Ýaýbaňlandyrylan aýyrgyjyň aýyklaýan sözi galdyrylyp ulanylanda, orun görkezýän "ýanynda" sözsoňusynyň üsti bilen hem orun ýaýbaňlandyrylan ahwalaty aňladylyp biler: "**Başy agyrmaýanyň ýanynda,** başym agyrýar diýme" (Nakyllar we atalar sözi).

## *Hal ýaýbaňlandyrylan ahwalaty*

Hal ýaýbaňlandyrylan ahwalaty baş sözlemdäki hereketiň nä halda ýüze çykýanlygyny bildirýär. Şunda ýaýbaňlandyrylan ahwalatdaky hereket ýönekeý sözlemdäki hereketden öň ýüze çykýar, ýönekeý sözlemdäki hereket bolsa onuň esasynda, netijesinde amala aşýar.

Hal ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary aşakdaky ýaly aňladylýar.

1. Hal ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary hal işligiň "-yp, -ip, **-up, -üp, -p**" goşulmasynyň goşulmagy bilen emele gelýär. Bularyň baş düşümde gelen özbaşdak logiki eýeleriniň bolmagy hem, bolmazlygy hem mümkin:

***özbaşdak logiki eýesi bolanlar:*** "**Gün ikindi ýerin ýakynlap,** agşam salkyny düşüpdi"; "Üstünden sowuk suw guýlan ýa **inleri dagyrdap,** pagyş-para boldy";

***özbaşdak logiki eýesi bolmadyklar:*** "**Ýaz şemaly mylaýymlanyp,** haýsy ugurdan össe-de, jana şypa berýär" "**Topragy ýyladan Günüň howry artyp,** gerişleri-de gyzdyryp başlady"; "A **ýeňlip,** gola düşer, **guş ýeňlip** – tora" (Nakyllar we atalar sözi).

Häzirki zaman türkmen dilinde hal işlik öwrümleriniň manysy çäksiz giňdir. Olar aşakdaky ýaly manylary aňladyp bilerler:

***birleşik gatnaşygyny aňladýanlar:*** "**Miweli baglar gülläp,** bägüller pyntyk ýaryp ugrady" "**Dürli guşlaryň saýramasy göwünleri göterip,** ýerde-de, asmanda-da olaryň owazy artdy"; "**Gitjek gidip,** galjak galdy" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak); "Ondan soň ýene üç **çagalary bolup,** olar hem ýaş wagtlarynda keselläp ölüpdir" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler); "**Hä diýmän, öňlerine saçak atylyp,** çaý çekildi. Bir tarapdan bolsa, **goýun öldürilip,** gazan ataryldy"; "**Ýöne gaharjaňlygy artyp,** käýinji köpelipdi" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler);

***bölünişik-sanama gatnaşygyny aňladýanlar:*** "**Ony kim ýykyp,** kim düzetmedi?" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "**Kimseler bukulyp,** kimse at uşlar / Abraý tapmasa paýa seretmez" (Magtymguly. Saýlanan eserler);

***garşylyk gatnaşygyny aňladýanlar:*** "Garşysyndaky ýandagy görmän, kesekiniň mellegindäki otuň gürrüňini eder" (Garagum. 2000. №1).

2. Hal ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habarynyň hyzmatynda azrak ýerde işligiň nämälim şekili ulanylyp, "bilen" sözsoňusy arkaly baglanyşyp biler. Bularyň özbaşdak logiki eýesiniň bolmagy hem, bolmazlygy hem mümkin:

***özbaşdak logiki eýesi bolanlar:*** "Emma aýazly gijeleriň başlandygyna görä, ol çaýhananyň hem gyzygy gaçmak bilen, her gün Gurban bagşynyň töweregine üýşýänler hem seýrekleşene meňzeýär";

***özbaşdak logiki eýesi bolmadyklar:*** "**Edil şol wagt çaýçy bir çäýnek çaý getirmek bilen,** ony agyr pikirinden oýardy".



3. Hal ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary sypatlardan bolup, ýanaşyk gelmek arkaly sözlemiň işlikden bolan agzasyna baglanýar. Bular daşky görnüşi taýyndan ýaýbaňlandyrylan aýyrgyçlara meňzeş duýulsalar hem, işliklere baglanyp gelýändikleri bilen olardan tapawutlanýarlar. Many taýdan sözlemdäki hereketiň neneňsi ýüze çykýandygyny bildirýärler: "Ürgün çägede **arkaň ýükli ýöremek kyndy**"; "**Kimiň eli gaňrakly, kimiň eli pürli ýylgyn çybykly,** goýunlary seçmäge başladylar"; "Damarlarynda gaýrat ganynyň möwç urmagyna garamazdan, birbada endamy dyglap gitdi, göni gabadynda pilçeleri somalyşyp duran arryk, garaört pyýada, **boýny tanaply, iki eli arkasyna daňylgy,** gözgyny halda süýnüp ýatyrdy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler).

4. Hal ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary öten zaman ortak işliklerinden bolup, çykyş düşümiň goşulmasyny kabul edip gelýär we "beter" sözi bilen ulanylýar. Many taýdan ýönekeý sözlemdäki hereketiň neneňsi, nä derejede ýüze çykýandygyny deňeşdirmek arkaly görkezýär: "Emma şeýle bolsa hem, adamlaryň deminden tam **peç ýakylandan beter** gyzypdy" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler); "Zyba bolanda, Aganyýazlar **ogullary bolandan beter** begendiler" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak).

5. Hal ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary degişlilik goşulmasyny kabul eden öten zaman ortak işliklerinden bolup, "bilen" sözsoňusy arkaly baglanyşýar, many taýdan hal ýaýbaňlandyrylan ahwalatyndaky hereketiň ýüze çykmagy bilen, onuň baglanýan sözlemindäki hereketiň amala aşyrylýandygy aňlanylýar: "**Howa mazaly ýagtylany bilen**, birmeýdan ümsümlik aralaşan ýaly boldy" (H.Ysmaýylow. Öküz gödek).

## *Sebäp ýaýbaňlandyrylan ahwalaty*

Sebäp ýaýbaňlandyrylan ahwalaty sözlemiň habaryna ýa-da işlikden bolan agzasyna baglanyp, şonuň sebäbini bildirip gelýär. Ol aýyklaýan sözi bilen aşakdaky ýaly baglanyşýar.

1. Sebäp ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary degişli

ýöňkemede üýtgän ortak işliklerden bolup, "üçin, sebäpli" sözsoňularynyň gelmegi bilen baglanyşýar: "**Kakasy gözüni alardyp seredeni üçin,** sözüni şol ýerde kesdi" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler); "**Suw şeýle joşany üçin,** üç ýyl mundan öňki edişi ýaly Garrybendi ýykyp, Jangutaranyň ugry bilen bütin suwy sowup gide howatyry hem ýok däldi"; "**Ol, köplenç, meýdanda ulalyp-ösenli sebäpli,** hamyr ýugurmak, çörek bişirmek onuň üçin täze bir zat däldi" (şol ýerde); "**Şu zatlary etmänim üçinem,** agşam ol meniň düýşüme girdi ahyry..." (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

Şu hili ýaýbaňlandyrylan sebäp ahwalatlarynyň logiki habarynyň soňuna "-lyk, -lik // -dyk, -dik" goşulmasy goşulyp hem ulanylýar. Sebäp ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary işliklerden bolmadyk ýagdaýynda, ýokarky aýdylan şekillerde "bolmak" işligi getirilýär: "**Ol şeýle daýaw, bitenikli bolanlygy üçin,** aşagyndaky eşek zordan görünýärdi" (H.Ysmaýylow. Öküz gödek); "**Oglanlaryň arasynda hemişe egni gysyk bolanlygy üçin,** Batyr onuň arkasyny tutardy" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak).

2. Sebäp ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary "-lyk, -lik // -dyk, -dik" goşulmasyny kabul eden ýa etmedik öten zaman ortak işliginden bolup, degişli ýöňkemede, çykyş düşümde getirilýär: "**Iň soňunda, ýylanyň on-on bäş santimetrlik öňünde ysgyndan düşüp, dört aýagyny hem gerip, hereketsiz ýatandan,** onuň böwrüni müňküldedýänligi hem şeýle bir bildirmeýärdi".

3. Sözlemdäki hereketiň sebäbi açyk bilinmedik wagtynda sebäp ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary degişlilik hem çykyş düşüm goşulmasyny kabul eden işliklerinden bolup, "-my -mi" sorag goşulmasy bilen ulanylýar: "**Giçläp gelen myhmanyň ýüzi çyranyň şöhlesinden sowarak bolanlygyndanmy, ýa gözüniň üsti bilen daňylgylygyndanmy,** bada-bat tanap bilmedi".

4. Sebäp ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary degişli ýöňkemede, çykyş düşümde üýtgän öten zaman ortak işliklerinden bolup "soň" sözsoňusy bilen ulanylýar: – **Juma, sen birnäçe gün bäri öýüň barmanyňdan soň,** men saňa näme bolduka diýip gaýtdym (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).



Şunda degişlilik hem çykyş düşümiň goşulmalary galdyrylyp, ýaýbaňlandyrylan sebäp ahwalatynyň logiki habary, köplenç, gysgalan görnüşde ýüze çykýar. Şu hili sözlemler daşky görnüşi taýdan ýaýbaňlandyrylan wagt ahwalatly sözlemlere meňzeş hem bolsa, sebäp aňladyp gelýänligi bilen, olardan tapawutlanýarlar: "**Onuň möhümi bitmänsoň,** ol gahar-gazap bilen doldy; "**Çerkez işan ýatansoň,** ony soramaga gelip-gidip durýan adam köp boldy"; "**Ýakyn töwereklerinde diňläp oturan şübheli adam bolmansoň,** bular usullykdan gürleşip başladylar"; "**Gözleri ýiti bolansoň,** gözýetim onuň daşyny gaty uzakdan aýyldy".

5. Hal işlikleri hem sebäp ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary hyzmatynda gelip biler: "Men ulus-ilimi **mukaddes saýyp,** topragymy keramat **kibi görüp**, Watanymy başyma täç eýledim" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Bäşim bu gezek hem Çarylar bilen gaýynlarynyň arasynda gatnap, üç-dört gün eglendi" (Garagum. 2000. №7).

Sebäp ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary hal işlikleriniň ýokluk galypyndan hem bolup biler: "– Eý, Mejnun, sen çöllerde guşlar, keýikler bilen dem alyp gezersen, emma men seniň yşkyňa duşalym bäri, **açyk ah çeke bilmän,** içimde derdi-yllat galdy" (Andalyp. Leýli–Mejnun).

6. Sebäp ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary "-dyk, -dik, -duk, -dük // -lyk, -lik, -luk, -lük" goşulmasyny kabul eden ýa etmedik ortak işliklerinden bolup, degişli ýöňkemede, ýöneliş düşümde "görä" sözsoňusy bilen ulanylýar. Many taýdan baş sözlemdäki hereketiň ýüze çykmagynyň sebäbini, delilini görkezmek bilen bir hatarda, baş sözlemdäki hereketiň oňa esaslanýandygyny hem aňladýar: "– **Biziň bilen bir jan, bir ten bolup, duldegşir goňşy oturandygyňyza görä,** beýik döwletiň adamsy bolanlygyňyz üçin, bize ýamanlyk zat etmejekdigiňize gözümiz ýetýär" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak).

## *Maksat ýaýbaňlandyrylan ahwalaty*

Maksat ýaýbaňlandyrylan ahwalaty logiki hereketiň nämä maksat bilen edilýändigini bildirýär. Ol aýyklaýan sözi bilen aşakdaky ýaly baglanyşýar:

1. Maksat ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary nämälim geljek zaman ortak işliginden bolup, "ýaly" sözsoňusy arkaly ýönekeý sözleme baglanyşýar. Bu hili maksat ýaýbaňlandyrylan ahwalatlary logiki habarynyň şekillenişi taýdan meňzetme ýaýbaňlandyrylan ahwalatlaryna ýakyn duýulsalar-da bularyň manysynda meňzetmeklik bolman, maksat aňlanylýar: "– Geljek ýyllarda suw gytçylyk etmez **ýaly**, Türkmen kölünde ýygnanan şor suwy arassalap, yzyna–ösen obalarymyza, täze özleşdiren ýerlerimize alyp gaýdarys" (Garagum. 2002. №6).

2. Maksat ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary hal işliklerinden bolýar. Şunda hal işliginiň esasy sözi mälim geljek zaman ortak işliginden bolup, "-yp, -ip, -up, -üp, -p" hal işlik goşulmasyny kabul edip gelen "bolmak" kömekçi işligi bilen ulanylýar: "Işanyň aýaly. **äriniň buýran işini bitirmän gelmejek bolup,** ep-esli eglendi"; "**Şonuň üçin-de, ony hiç kime tanatmajak bolup,** ýüzüne doly ürpünjek atyp gezmäni oňa maslahat berdi"; "**Her kim öz ýaryşdaşyndan galmajak bolup,** bar güýjüni tijäp işleýärdi" (Edebiýat we sungat).

3. Maksat ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary ýöneliş düşümde gelen işligiň nämälim şekilinden bolýar: "**Hemranyň janyn almaga** ýar gyrmyzy geýinipdir" (Halk aýdymy).

## *Şert ýaýbaňlandyrylan ahwalaty*

Şert ýaýbaňlandyrylan ahwalaty sözlemdäki hereketiň ýüze çykmagynyň ýa çykmazlygynyň şertini bildirip gelýär. Şert ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary aşakdaky ýaly aňladylýar:

1. Şert ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary degişli ýöňkemede, wagt-orun düşümde gelen öten zaman ortak işliklerinden



bolup biler: "**Daň bilen Türkmenabatdan seredende,** Köýtendagyň garyny görmek bolýar. **Gönüsinden çykanda,** bir sagatda şähere barmak mümkin".

Şunuň ýasalyşy wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalaty bilen meňzeş bolsa-da, manysyndan wagt aňlanylman, eýsem köpräk sözlemdäki hereketiň ýüze çykmagy üçin nähili şertiň goýulýanlygy belli bolýar, Şu hili ýaýbaňlandyrylan ahwalatlaryň logiki habary goşulmasyny kabul edip gelýär: "**Wah, ol gelenliginde,** beýle zatlar boljakmy?".

2. Şert ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary hal işliginiň ýokluk şekilinden bolýar: "**Ýer doýman,** är doýmaz" (Nakyllar we atalar sözi); "**Päl azman,** bela gelmez" (şol ýerde); "**Çykdajy çykman,** girdeji girmez"(şol ýerde); "**Kişi sözlemeýen,** syry paş bolmaz" (Magtymguly. Saýlanan eserler); "**Ýöne öz otumyzy özümiz iýmän,** mal toýnagyny sekdirmejegimizi bilip goý" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak); **Ol gabarylman,** kim gabarylsyn?" (A.Durdyýew. Saýlanan eserler).

## *Gaýdym ýaýbaňlandyrylan ahwalaty*

Gaýdym ýaýbaňlandyrylan ahwalatyndan garaşylýan pikir ýönekeý sözlemde ýüze çykman onuň tersine gaýdýar. Şonuň üçin bular ýaly sözleme **gaýdym ýaýbaňlandyrylan ahwalatly sözlem** diýilýär. Gaýdym ýaýbaňlandyrylan ahwalaty öz aýyklaýan sözi bilen aşakdaky ýaly baglanyşýar:

1. Gaýdym ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary degişli ýöňkemede, wagt-orun düşümde gelen öten zaman ortak işliklerinden bolup, "-da, -de", "hem" ownuk bölekleri bilen ulanylýar. Şular wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatyna ýakyn duýulsa-da many taýdan ýönekeý sözlemdäki pikir ýaýbaňlandyrylan ahwalatyň tersine gaýdýar. Şonuň üçin gaýdym ýaýbaňlandyrylan ahwalaty bolýar: "Bu zatlary **aýtmaňyzda-da,** biz hemme zada taýyn" (Edebiýat we sungat. 22.02.2002); "Sebäbi sustuň pes bolsa, janyň **sagat bolanynda-da,** sen hassasyň" (Nesil. 18.04.2002).

Öten zaman ortak işliginden soň degişli ýöňkemede, wagt-orun düşümde, yzy "-da, -de, hem" ownuk bölekli "wagt" sözüniň getirilmegi bilen hem gaýdym ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň habary şekillenip biler: "**Ýatan wagtynda-da,** ol telpegini çykarmaýardy"; "Ol onuň ýanyny alyp oturmady".

2. Gaýdym ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary degişli ýönkemede, wagt-orun düşümde gelen öten zaman ortak işliklerinden bolýar. Bular logiki habarynyň aňladyşy taýdan wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatyndan birjik-de tapawutlanmaýarlar. Diňe ýaýbaňlandyrylan ahwalat bilen sözlemiň arasyndaky gatnaşygy olaryň gaýdym ýaýbaňlandyrylan ahwalaty bolýanlygyny bildirýär: "**Çerkez işan ömründe bir adama ýüz tutanda,** onuň möhüminiň bitmedik ýeri bolmandy"; "**Ýogsam men ýeke özümiň ot bolup ýanyp duramda,** çabratjak ýerim barmy näme?".

3. Ýaýbaňlandyrylan ahwalatyň logiki habary degişli ýöňkemede ýöneliş düşümde gelen işligiň nämälim şekilinde bolup, "seretmezden" sözsoňusynyň ulanylmagy bilen aňlanylýar: "**Içerde adam köp bolmagyna seretmezden,** pessaýrak hümür-sümür bilen Abdyl işanyň wala-walasyndan başga zat eşidilenokdy" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak); "**Oturgyç hödür edilmegine seretmezden,** Atanyýaz arkasyny gapa berip, iç işikde oturdy" (şol ýerde).

Ýaýbaňlandyrylan ahwalatyň logiki habary ortak işliklerden bolanda, "-lyk, -lik // -dyk, -dik" goşulmasyny hem kabul edip biler: "**Bellenen möhletden on-ýigrimi gün geçenligine seretmezden,** olaryň biri-ýarymyndan başga geleni bolmady" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak).

4. Gaýdym ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary degişli ýöňkemede gelen öten zaman ortak işliginden bolup, "bilen, hem // bilenem" sözsoňusy bilen ulanylýar: "**Harjyny döwlet çekeni bilenem,** birbada hemme kişiniň islegini berjaý edip bolaýýarmy?".

5. Gaýdym ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary "-yp, -ip, -up, -üp, -p" goşulmasyny kabul eden hal işlik şekilinden bolup, "hem" sözüniň gysgalan görnüşi bilen bile ulanylýar:



"**Nesiminiň derisini soýubam,**
Alyp bilmändirler onuň erkini"
(*Edebiýat we sungat.* 13.01.1982).

## *Meňzetme ýaýbaňlandyrylan ahwalaty*

Meňzetme ýaýbaňlandyrylan ahwalatly sözlemlerde hereket ýaýbaňlandyrylan ahwalatdaky herekete meňzedilýär. Meňzetme ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary aşakdaky ýaly emele gelýär:

1. Meňzetme ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary ortak işliklerden, "bar, ýok" ýaly modal sözlerden bolup, "ýaly" sözsoňusy bilen ulanylýar: "Daragyň birsydyrgyn sesi, **bedew atyň toýnak kakyşy ýaly**, garypja öýümizde ýaňlanyp durandyr" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Hazap işlenen kagyzlara göz gezdirende, **Röwşeniň guşy uçan ýaly** begende" (Garagum. 2001. №1); "**Ýalaw ýaly palta goýäki jigeriniň düýbündäki damary çapýan ýaly**, ýüregi sanjyp-sanjyp gitdi" (Garagum. 2001. №4). "Bossantäç, **erbet habar eşiden ýaly**, ýaman tisgindi" (şol ýerde).

Meňzetme ýaýbaňlandyrylan ahwalatynda, "ýaly" sözsoňusyndan başga-da, "edil, misli, göýä, göýä diýersiň" ýaly sözler hem gelýärler. Bular meňzetmäni aňladýan analitiki serişdeler bolmagyna garamazdan, sözlemde baglaýjylyk hyzmatyny ýerine ýetirmän, has köpräk stilistik serişde hökmünde ulanylýarlar. Şoňa görä olary galdyranymyzda hem, meňzetme ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň baglanyşygy bozulmaýar. Şeýle-de bolsa, meňzetmäni has anyklaşdyryp, güýçlendirip görkezmek üçin "edil, misli" göwnüýetmezçilik, ýaňsa almak ýaly modal manylary aňlatmak üçin "göýä, göýä diýersiň, hamala diýersiň" ýaly serişdeleriň many-stilistik ähmiýeti uludyr. "Bu gürrüň şol günüň ertesi, **edil pagta ot düşen ýaly,** bütin oba ýaýrady"; "Köpçülik, **misli arynyň öýjügi gorjalan ýaly,** hüwläp galdy"; "Çagalar akar suwuň keýpine **göýä kakalary bazardan gelýän ýaly,** şowhun edýärdiler"

(Ý.Mämmediýew. Ene toprak); "**Göýä diýersiň agyr heläkçil birdenkä üstüni basan ýaly,** elleri-aýaklary, bütin durky sandyr sandyr edýärdi" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "**Misli goltugyny astyndan howa şary goldaýan ýaly,** aýagy ýere ilmeýä (N.Jumaýew. Ak derek).

2. Käwagtlar "ýaly" sözsoňusyndan soň "bolup" hal işligi he getirilýär. Emma munuň bilen ýaýbaňlandyrylan ahwalatyň manysyn uly özgeriş ýüze çykmaýar. Şoňa görä bulary hem meňzetm ýaýbaňlandyrylan ahwalatlarynyň hatarynda öwrenmek bola "Onýança Işan **aýagyna tok basylan ýaly bolup,** togalanyp gald da, işige garşy maýtyklap ugrady"; "**Ýüregi ýarylan ýaly bolup** ýerinden turan Jemal arassalap duran piti gazanyny elinden gaçyrd (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

3. Meňzetme ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary atlaryndan bolup biler: "**Gündizine janyna rahatlyk tapmaý ýaly,** gijesine-de ruhy bulaşykdy..." (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "**Bi atä-eneden önen maşgala özleriniň daş görnüş sypatlarynda de bolmaýşy ýaly,** olar içki gylyk häsiýetlerinde we dünýägaraýyşlarynda da deň bolmaýar" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

Şular käbir ýerde meňzetme düşünjesi bilen birlik deňeşdirme gatnaşygyny hem aňladýarlar. Şunda deňeşdirmä görkezmek üçin "ondanam köp" ýaly sintaktik serişdeler ulanylýa "...**Ýokary çölüň oty kän bolşy ýaly,** nogsany ondanam köp (Ý.Mämmediýew. Ene toprak").

## *Deňeşdirme ýaýbaňlandyrylan ahwalaty*

Deňeşdirme ýaýbaňlandyrylan ahwalaty sözlemdäki hereke deňeşdirýär, haýsynyň artyklygy ýa kemligi, gowulygy ýa erbetli ýüze çykarylýar. Deňeşdirme ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logi habary aşakdaky ýaly emele gelýär:

1. Deňeşdirme ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki haba köplenç, degişli ýöňkemede, çykyş düşümde gelen öten zaman ort işliklerinde bolup, ýönekeý sözlem bilen goşulmalar ark



baglanyşýar: "**Öňüm gelenden,** soňum gelsin" (Nakyllar we atalar sözi); "**Diş dişe degenden, daş daşa degsin**" (şol ýerde); "**Gyzaryp tenim görnenden,** agaryp ýamam görünsin" (şol ýerde); "**Arym köýenden,** imanym köýsün" (şol ýerde); "**Iň bolmanda, şu wagşylaryň elinden heläk bolanymdan, döwlet syryny duşmanyň eline berenimden,** atdan ýykylyp ölenim has ibalydyr diýip hasap etdi" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak).

Şu mysallarda ýaýbaňlandyrylan ahwalatyň özbaşdak logiki eýesi bolup, ol eýelik düşümiň goşulmasyz şekilinde gelipdir. Aşakdaky mysallarda deňeşdirme ýaýbaňlandyrylan ahwalatlarynyň özbaşdak logiki eýesi ýokdur: "**Ýoksuz bolandan,** ýok bol" (Nakyllar we atalar sözi); "**Pulsuz bazara barandan,** köpensiz göre gir" (şol ýerde); "**Akylsyz baý bolandan,** akylly gedaý bol" (şol ýerde); "**Gulatynyň saýasynda bolandan,** bürgüt penjesinde galan ýagşydyr" (şol ýerde); "**Berimsiz baýlara barandan,** keremli daglara bar" (şol ýerde); "**Müsürde şa bolandan,** öz iliňde geda bol" (şol ýerde); "**Arpanyň dänesi bolandan,** ýagşynyň ýamany bol" (şol ýerde); "**Ýatyp galandan,** atyp gal" (şol ýerde); "**Gaçan bilen gaçandan,** kowan bilen kowan ýagşy" (şol ýerde).

2. Deňeşdirme ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary "-ýança, -ýänçä" hal işlik goşulmalaryny kabul eden işliklerden bolup, degişli ýöňkemede üýtgäp gelýär: "**Ýüz teňňe puluň bolýança,** ýüz dostuň bolsun" (Nakyllar we atalar sözi) "**Alyp asgyn bolýançaň,** berip ökde bol" (şol ýerde); "**Betlagam äre barýançaň,** gazylgy göre bar" (şol ýerde).

## *Mukdar ýaýbaňlandyrylan ahwalaty*

Mukdar ýaýbaňlandyrylan ahwalaty sözlemdäki düşünjäniň mukdaryny bildirýär. Ol öz aýyklaýan sözi bilen sintetiki, analitika-sintetiki tärler arkaly baglanyşýar:

1. Häzirki zaman türkmen dilinde düýp işlikleriň soňuna degişli ýöňkemede üýtgän "-dygyça, -digiçe" hal işlik goşulmasynyň goşulmagy bilen, mukdar ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki

habary emele gelýär we goşulmalar arkaly ýönekeý sözlem baglanyp gelýär. Şunda ýaýbaňlandyrylan ahwalatdaky hereket nähi derejede össe, ýönekeý sözlemdäki hereket hem şol ölçegde ösýä Şunlukda, ýaýbaňlandyrylan ahwalat sözlemdäki hereketiň ösüşin kepillendirmek bilen, onuň ölçegini-mukdaryny hem bildirip gelýä Şonuň üçin, bu hili sözlemleri hem mukdar ýaýbaňlandyryla ahwalatly sözlemleriň içinde öwrenmek dogry bolar: "**Ol ýüregin dökdügiçe,** durkundaky ýadawlyk kem-kemden ýitip barýardy"; "**Säher wagty ýakynlaşdygyça,** guşlaryň gürküldisi artýardy; "**Si hakda oýlandygymça,** köp zatlar ýadyma düşýär".

2. Şu hili sözlemlerde mukdar ýaýbaňlandyrylan ahwalaty ýönekeý sözlem bilen baglamak üçin, sintetik serişdelerden, ýagn goşulmalardan başga-da, mukdar gatnaşygyny bildirýän "näçe-şonç // şonça-da // şonça hem" ýaly baglaýjylar hem ulanylýarlar. Şunu özi bu kysymly sözlemleri mukdar ýaýbaňlandyrylan ahwalatly sözlem hasaplamaga doly esas berýär: "**Ol näçe köp seretdigiçe,** Gülälek **şonça** hem owadan we näzik bolup görünýärdi" (H.Ysmaýylow. Öküz gödek).

3. Mukdar ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň logiki habary düý işlikleriň soňuna degişli ýönkemede üýtgän "-dyk, -dik" goşulmasynyň goşulmagy bilen emele gelýär we "saýy" sözsoňu bilen ulanylýar: "Wagt **geçdigi saýy,** onuň gahary artýardy".



# SÖZLEMIŇ DEŇDEŞ AGZALARY

## Umumy maglumat

Sözlemde sintaktik taýdan birmeňzeş hyzmaty ýerine ýetirýän sözlere *deňdeş agzalar* diýilýär: "**Köne Buhara-da, Täze Buhara-da** yzda galdy" (G.Kulyýew. Emiriň ilçisi); "Ol **rus, iňlis, pars** dillerini gowy bilýärdi" (şol ýerde).

Deňdeş agzalaryň hemmesi bir söze baglanyp, şony haýsy-da bolsa bir ugur boýunça aýyklap gelmelidir. Eger olaryň baglanýan sözleri aýry bolsa, olaryň şekilleri bir bolanda hem, deňdeş agza bolup bilmeýär. Mysal üçin, "Ilatyň şahsy durmuşynyň, medeni derejesiniň gowulaşýandygy özbaşdaklygyň, erkinligiň miwesi diýip düşünilýärdi" diýen sözlemde "durmuşynyň" we "medeni derejesiniň" diýen eýelik aýyrgyçlary deňdeş agza bolup, olaryň ikisi hem "gowulaşýandygy" diýen söze baglanýar. Emma eýelik düşümde gelen "ilatyň" diýen söz "şahsy durmuşynyň" diýen söze baglanýanlygy sebäpli, deňdeş agza bolup bilmeýär. Degişlilik goşulmasyny kabul edip gelende, eýelik aýyrgyçlary bir-birine hem baglanyşyp bilerler. Ýöne olar deňdeş agza hasaplanmaýarlar, sebäbi biri beýlekisiniň içine girýär.

Birmeňzeş şekilde gelip, şol bir söze baglananda hem, dürli ugurdan aýyklaýan bolsa, deňdeş agza hasaplanyp bilmezler. Bularyň deňdeş agza bolýanlygyny ýa-da bolmaýanlygyny bilmek üçin, olaryň arasynda "we" baglaýjysyny goýup görmek bolar. Eger "we" baglaýjysyny goýup ulanyp bolmaýan bolsa, onda olary deňdeş agza hasaplamak bolmaz: "Nan berilýän **dükanyň gabadynda, köçäniň burçunda** orta ýaşly bir zenan agyr ýitgä sezewar bolan ýaly, horkuldap-horkuldap aglaýardy" (G.Kulyýew. Emiriň ilçisi).

Şu mysalda "dükanyň gabadynda" we "köçäniň burçunda" diýen sözler deňdeş agza bolup bilmezler, çünki bularda orun ahwalatlarynyň soňkusy öňküsiniň manysyny anyklaşdyrýar.

"Myrat aga **çöl-beýewanda garaňky gijäniň içinde ýekeden-ýeke** eşejigini dikgirdedip sürüp barýar" diýen sözlemde hem "çöl-beýewanda" we "garaňky gijäniň içinde" diýen sözler deňdeş agza bolup bilmeýärler. Çünki bularyň birinjisi öz baglanyşýan sözüni orun taýdan aýyklap gelýän bolsa, ikinjisi ony wagt taýdan aýyklaýar.

Şeýle hem stilistik maksatlar üçin ulanylýan gaýtalamalary deňdeş agzalar bilen garyşdyrmak bolmaz: "Özem içmekçidenem **gorkmady**, Garryçyrlada goş basan galtamanlardanam **gorkmady**" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy).

## DEŇDEŞ AGZALY SÖZLEMLERDE BAGLANYŞYK

Deňdeş agzalar öz aralarynda heňiň we düzmeli baglaýjylaryň üsti bilen baglanyşýarlar.

### Heň arkaly baglanyşýan deňdeş agzalar

Deňdeş agzalar sanama heňi arkaly baglanyşýarlar. Şunda ugurdaş manyly düşünjeler birdeň ölçegde sanalyp görkezilýär: "Türkmende tohum atlary ýetişdirmek gadymdan gelýän mekdep, **her seýsiň, her urugyň, her obanyň, her taýpanyň** at ýetişdiriş usullary bolup, aňsat-aňsat ol syr kesekä açylmandyr" (Garagum. 2002. №1); "Hakyky türkmen öz eginbaşyna **üns bermelidir**, özüni pähime laýyk **bezemelidir**, onuň daş keşbi hemişe görmegeý bolmalydyr" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Ýurdumyzyň baýlyklary hakda gürrüň berenimde, **lälezar baharlaryň türkmen ýaýlasynda şoh bolşy, nebit burawlarynyň işleýşi, ak sähralarda owlak-guzularyň ýaýnaýşy hakdaky** ýazgylary görkezýärin (Diýar. 2002. №6).



### Düzmeli baglaýjylar arkaly baglanyşýan deňdeş agzalar

Häzirki zaman türkmen dilinde deňdeş agzalary baglamak üçin ugurdaşlygy, bölünişigi we garşylygy görkezýän düzmeli baglaýjylar hyzmat edýärler

#### 1. *Ugurdaşlygy görkezýän baglaýjylar arkaly baglanyşýan deňdeş agzalar*

Ugurdaşlygy görkezýän düzmeli baglaýjylar we baglaýjy sözler häzirki zaman türkmen dilinde örän köp bolup, olaryň aňladýan manylary we ulanylyşy dürli-dürlüdir. Emma olaryň hemmesi deňdeş agzalaryň many taýdan ugurdaşlygyny bildirýänligi üçin, bir toparyň içinde öwrenilýär.

Deňdeş agzalary baglamak üçin aşakdaky ýaly ugurdaşlygy görkezýän düzmeli baglaýjylar we baglaýjy sözler ulanylýarlar.

*"We" **baglaýjysy*** häzirki zaman türkmen edebi dilinde seýrek ulanylýanlygy bilen häsiýetlenýär. Aýratyn hem, çeper edebiýatyň dilinde "we" baglaýjysy örän az duş gelýär: "Guşlar tudy özleriniňki hasap edýän bolmaga çemeliler, çünki olar meýdanda uçup-gonup ýadanlaryndan soň, mydama şu agajyň başynda jemlenýärler **we** jürküldeşýärler".

"We" baglaýjysy deňdeş agzalaryň iň soňkusynyň öň ýanyndan gelip, olaryň ondan artyk dowam etdirilmeýänligini aňladýar: "At sandyrady, kişňedi we çyrpyndy".

"We" baglaýjysynyň "-u" görnüşi hem bar. Ol köplenç, "ir-**u** giç" "ertir-**u** agşam" ýaly garşylykly many aňladýan tirkeş sözleri baglap gelýär. Şeýle hem, ol deňdeş agzalaryň arasynda ulanylýar: "Ol **maňlaýyndan-u iki böwründen** urulýan tolkünlara-da aşa çaýkanjyrap durman, ýüzjek ugruny dogry saýlap, parahat ýüzýärdi" (Ç.Aýtmatow. Ak gämi); "Ýaraglary hem **gapdalynda-u ýassygynyň aşagynda**" (Ý.Mämmediýew. Şapak).

"***Hem" baglaýjysy*** hyzmaty boýunça "we" baglaýjysyna ýakyn bolup, ondan has ýörgünli ulanylýanlygy bilen tapawutlanýar. Bu baglaýjy ýekelikde hem, gaýtalanyp hem gelip bilýär.

Ýekelikde ulanylyşy: "Ýusubyň kakasy **hem** ejesi ir ýogaldy".

"Hem" baglaýjysy deňdeş agzalary jübüt-jübütläp hem baglap gelýär. Şunda "hem" baglaýjysy her iki deňdeş agzanyň arasynda ulanylyp, olary jübütläp gelýär. Jübütlenip gelýän deňdeş agzalar bolsa öz aralarynda sanama heňi bilen aýdylyp, belli ölçegde sanalyp görkezilýär: "Soňra gaýyklar san-hasapsyz **goýun hem geçileri, düýe hem ýabylary, sygyr hem eşekleri** Amyderýanyň sag kenaryndan çep kenaryna geçirmek bilen boldular".

"Hem" baglaýjysy ugurdaşlygy bildirýän deňdeş agzalary baglap gelmek bilen, köplenç, deňdeş agzalaryň öňünden ýa yzyndan gaýtalanyp ulanylýar:

öňündan gaýtalanyp ulanylyşy: "Ine, bu ýerde, nirededir Garaçägäniň gaýralarynda ulurak agylyň içi ýaly bir bölejik çägäniň üstünde **hem** adam yzy, **hem** möjek yzy galypdyr" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy); "Has dogrusy, **hem** maslahat, **hem** haýyş bilen gelipdir" (şol ýerde); Kalbynda **hem** şatlyk duýgusy, **hem** birhili gaýgy şöhlelendi" (A.Atajanow. Teke gyzy Tatýana).

Şunuň "hem-ä, – hemem" (hem+hem) görnüşinde ulanylyşy hem bar: "**Hem-ä** ýetişibildiginden çilim çekýärler, **hemem** sögüşýän ýaly, gaty-gaty gepleşýärler" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy);

Yzyndan gaýtalanyp ulanylyşy: "Bu topragyň üsti hem hazyna, asty hem hazyna, dagy hem hazyna, deňzi hem hazyna" (Garagum. 2002. №4); "Baryp, entek Gün guşluk mahallary Merhemet agany **hem**, Ker bagşynyň **hem** öýlerini çözüp, Atgyrlana göçjek bolýandyklaryny Akybaýa aýdanlarynda, ol bu habary juda biperwaýlyk bilen kabul etdi" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy); "Gün meýdanda üýşmek-üýşmek bolup duran gawunlaryň ysy burnuňa urup, agzyňy suwardýardy, mähnet-mähnet garpyzlaryň arasynda tes-tegelek ala-mulasy **hem** süýri ak reňklisi **hem**, şar garalary **hem** bardy" (şol ýerde).



"Hem" baglaýjysy gysgalan görnüşde ulanylýar: "**– Gelnem** (gelin hem). **ogul hem** sag-aman gezip ýörmi?–diýip, ol ilkinji soragyny berdi": "**Ýüzem, gözem, kellesem, kiçijikdi**" (A.Atajanow. Teke gyzy Tatýana).

"Hem" baglaýjysy "hem-de", "hemem" (hem+hem) görnüşlerinde "hem", "-da, -de" baglaýjylary bilen goşulyşyp hem ulanylyp biler:

*"hem-de" görnüşinde:* "Şol sebitlerde süýji suwly guýynyň çykmazlygy **hem-de** dowar bakar ýaly öri meýdanynyň gyltyzlygy soňky on ýylda Atgyrlanyň gugaryp galmagyna getiripdi" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy); Ogullarynyň iň ulusy **hem-de** iň agrasy, has takygy, has gödegrägi Mürçäniň öz inisine mähremligine Şekil eke monça boldy" (şol ýerde);

*"hemem (hem+hem) görnüşinde:* "Özüni adalatyň wekili hasaplaýan adamyň beýtmegi Allanyň **hemem** onuň Hydyr görnen çöldäki şekili bolan özüňiziň öňüňizdäki günäsini has-da agraldýar" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy);

"***hemem" baglaýjysy***. Deňdeş agzalaryň iň soňkusynyň öň ýanyndan gelip, olaryň ondan aňry dowam etmeýänligini bildirýär, ýagny deňdeş agzalary "soňlap" gelýär: "Bary-ýogy üç adamdy: baş hasapçy Allaguly aga, Näzik **hemem** Taňňy" (Mugallymlar gazeti. 24.11.1985).

"Hem" baglaýjysy deňdeş agzalardan öň gelende, özüniň durnuklylygyny mydama saklaýar. Munda "hem" baglaýjysy diňe bir deňdeş agzalary baglamak bilen çäklenmän, eýsem olaryň her birini nygtap hem gelýär. Şonuň üçin deňdeş agza näçe bolsa, şonça hem gaýtalanýar: "**Hem**" giýewim, **hem** oglum... (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy); "Bu **hem** dil öwrenmäge, **hem** halkyň ruhy gymmatlygy bilen içgin tanyşdyrmaga kömek berýär" (Diýar. 2002. №6); "Biziň **hem** zähmetsöýer, **hem** şahandaz halkymyz bar" (Edebiýat we sungat. 21.II.1981); "Gyz **hem** gyzardy, **hem** ýylgyrdy" (S.Öräýew. Oba oglany).

Şu **baglaýjy "hem-ä** – hem-de" görnüşinde hem duş gelýär: "Onuň üstesine-de, **hem-ä** paýyş-paýyş sögýärdiler, **hem-de**

ädikleriniň ökjeleri bilen ýaşulynyň böwrüne depýärdiler" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy).

"Hem-ä, hemem" görnüşinde: "Akyl terezisi" **hem-ä** oýlanmaga mejbur edýär, **hemem** türkmene mahsus gylygy – sabyr-kanagatly bolmagy öwredýär" (Türkmen gündogary 10.07.1992).

Şunuň "hem-ä, hem, bir seretseňem" (bir seretseň hem) ýaly görnüşde gaýtalanyp ulanylyşy hem bar: "Indi ol gapdalynda özi bilen egni deňläp duran Akybaýa **hem-ä** ätiýaçlyrak, **bir seretseňem** uýalybrak seredýärdi" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy).

***"-da, -de" baglaýjysy*** deňdeş agzalaryň many taýdan ugurdaşlygyny bildirýär. Ol ýekelikde hem, gaýtalanyp hem ulanylýar.

***Ýekelikde ulanylyşy:*** "...Ol gabagyny haýal galdyrdy-**da**, ýiti göreçlerini düşbülik bilen ýylgyrtdy" (G.Kulyýew. Emiriň ilçisi); "Ol jübüsinden könelişen gazetleri çykardy-**da**, ümsümligi bozdy" (şol ýerde); "Men käsämi çaýdan doldurdym-**da**, penjirä golaý süýşdüm" (şol ýerde); "Ol deldi-**de**, dynç almak bilen boldy".

***Gaýtalanylyp ulanylyşy:*** "Bu ýerde işden soň pagtaçylar-**da**, maldarlar-**da**, işçi gullukçylar-**da**, mekdep okuwçylary-**da** ýygnandylar" (Mugallymlar gazeti. 07.10.1983); "Şonda biz bedeni saglygyna-**da**, pikir sagdynlygyna-**da**, işjeňlige-**de**, güýje-**de** eýe bolarys, maksada-**da** ýeteris" (Nesil. 18.04.2002).

Şu baglaýjy manysy ýakyn sözleriň arasynda gelip, olardan tirkeş sözleri ýasaýar: "Il bilen gelen toý-**da** baýram, gyk-**da** bakyzan-**da** çuwan...".

***"Bilen" sözi*** öz baglanýan sözünden soň gelende – sözsoňy, deňdeş agzalaryň ýanynda gelende bolsa, baglaýjy hyzmatynda ulanylýar:

***sözsoňy bolup gelşi:*** "Meniň beýnime **omaça bilen** urlan dek boldy..." (G.Kulyýew. Emiriň ilçisi); "Jenap ilçi wagonda bir **harby bilen** gürleşip otyr ekeni" (şol ýerde);

***baglaýjy bolup gelşi:*** "**Gije bilen gündiz** onuň ýanynda öz manysyny ýitirdi"; "Agşam, ýazlagçy obanyň ortasynda çaga-çugalaryň nähilidir bir oýun oýnaýan sesleri ýatyşandan soň, Merhemet



agalaryň gapysynda çökerilýän **düýäniň ýňryljyramasy bilen kimiňdir assaja ardynjyramasy** eşidildi" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy); "Tejen bilen Garaçägäniň ortaragynda ýerleşýän şol toýda bagty synap görmegä tõwekgelçilik edesiniň gelýändigini Mürçe kakaşyna-da duýdurmandy" (şol ýerde); "Tebigy betgelşikligiň üstüne onuň gödekligi bilen biçak gedemligi goşulyp, ony deň-duşlaryndan ýmykly çetleşdirdi" (şol ýerde); "Obalaryň garawullary sandan galan iki-ýeke garrylar bilen eýesiz galan itler boldi".

***Gaýtalanyp ulanylýan "ne-ne" baglaýjysy*** ugurdaş many aňladýan deňdeş agzalary inkärläp gelýär: "Emma ertesem, birigünem **ne** Şerapat, **ne** Hemra gara berdy" (Edebiýat we sungat. 14.11.1986).

Şu baglaýjynyň dürli görnüşde ulanylyşyna duş gelinýär:

***"ne, ne-de" görnüşinde:*** "Ol öňki bolşundan **ne** garrapdy, **ne-de** ýigdelipdi"; "Özem **ne** begendi, **ne-de** käýindi" (Mugallymlar gazeti. 24.11.1985); "Onuň ölümine goja **ne** gynandy, **ne-de** begendi";

***"ne, ne-de" bir" görnüşinde:*** "**Ne** aňňyryp bilýäň, **ne-de** bir – depip" (Edebiýat we sungat. 14.11.1986);

***"ne-hä, ne-de" görnüşinde:*** "Emma indi Gyrmyzy **ne-hä** soraga jogap berýärdi, **ne-de** başyny ýaýkaýardy" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy);

***"-dyr, -dir" goşulmasy*** mydana jübüt deňdeş agzalary baglamak üçin hyzmat edýär: "**Ýazyjydyr hudožnikler** bu gün iş kabinetinden çykdylar" (Edebiýat we sungat. 21.10.1986); "Adatça ýaş-ýeleňler gelin toýunda öýüň tärimi bilen gamşynyň arasyna duýdurman girip, **ýigitdir gelniň** gürrüňini diňlegiç bolýarlar" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy).

Eger deňdeş agzalar ikiden köp bolsa, onda "-dyr, -dir" baglaýjysy olary jübüt-jübütden baglap gelýär: "Goňşy obalardan hakyna tutma işçi gözläp ýören, **düýedir goýun** satyn aljak bolup ýören, **çelekdir bedre, urgandyr gazan** gözläp ýören del adamlar köpeldi" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy); "Jeýhun-a baýaky, **Murgapdyr Tejen, Etrekdir Gürgen, Sumbar...**" (Ý.Mämmediýew. Şapak).

Bu baglaýjy serişde agzalaryň iň soňkusynyň öň ýanynda hem getirilýär. Munda deňdeş agzalaryň ondan artyk dowam etdirilmeýänligi aňlanylýar: "Howudyň iki gapdalyndan mis tüňçe, gara kündük, **çelekdir bedre asylgydy**" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy).

***"-dyryn diýdi, -dirin diýdi" görnüşinde*** ulanylýan çylşyrymly baglaýjy serişde hem bar. Bu adatça deňdeş adam atlary bilen ulanylyp, olaryň ýigrenç bilen heçjiklenip geçilýänligini bildirýär. Munuň baglaýjylyk roly bilen bir hatarda stilistik hyzmaty hem uludyr: "Tanasaňyz tanamasaňyz, **Şyhmyrat döwdürin diýdi, Gurban ýelekdirin diýdi, Täçmyrat pirdirin diýdi, Çopan kirdirin diýdi, Aman perraçdyryn diýdi,** birneme asylyşmanam durmadylar" (Ý.Mämmediýew. Şapak).

***"-my, -mi" sorag goşulmasy*** hem deňdeş agzalaryň yzyna goşulyp, her haýsy bilen gaýtalanyp ulanylanda, baglaýjy serişdäniň hyzmatyny ýerine ýetirýär: "Şu ýylyň baharynda bolan guzudan başlap, guýrugy gapak ýaly öweje çenli, ýaşajyk çebişden şahy burum-burum tekä çenli dürli ýaşly, dürli-dürli tagmaly **dowarlarmy,** köşekli **düýemiň,** gamyşgulak **atmyň,** Kesearkaçdan getirilen **haly, kilimmi,** dagyň aňyrsyndan getirilen mawut **parçalarmy,** horjun-horjun düwünçeklerdir düwür-düwür ak nabatly ýelýyrtan **ýaglyklarmy,** Tejeniň halta-halta sary kaky bilen küýze-küýze **toşabymy,** garaz, toý gatanjy diýlip getirilen zatlar gündogaryň uly-uly bazarlaryna çykarylýan harytlary ýadyňa salýardy" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy).

"-my, -mi" goşulmasy jübüt-jübütden ulanylýan deňdeş agzalaryň arasynda gelip, olaryň saýlama häsiýetde jübütleşip gelýänligini bildirýär. Şu tarapdan bular bölünişigi görkezýän "ýa, ýa-da" baglaýjylaryň, hyzmatyna hem meňzeşdir: "**Çuwalmy torba, halymy palas, tumarmy gönjük, dagdanmy asyk** – asyl aýal-gyzlaryň boýdur başynda ýekeje ýyldyrdy goýman, barjasyny syryp-süpürip, jöwendir arpa gylçyga çalyşmaly welin, agyr märekäni ýowuz belaň demine düşürmeli däl" (Türkmen gündogary. 08.01.1993).

***"-ly, -li" baglaýjy*** serişdesiniň ulanylyşy hem çäkli bolup, azrak ýerde iki sany deňdeş agzany baglamaga hyzmat edýär. Bular mydama diýen ýaly birlikde ulanylýanlygy üçin tirkeş sözlere ýakynlaşyp gidipdir. Ýöne bularyň her biri özbaşdak manysyny saklap gelýänligi üçin, tirkeş sözlerden tapawutlanýarlar. Aslynda bu baglaýjy "bilen" (birlen) sözüniň gysgalmagy netijesinde emele gelipdir. Muny "Saýatly – Hemra" (Saýat ile Hemra) sözleriniň mysalynda görmek mümkin.



Häzirki zaman türkmen edebi dilinde "-ly, -li" baglaýjy serişde hökmünde azrak duş gelýär: "Onsoň **ejeli gyz** birhowa diňdiler" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy).

***"Diýermiň, diýermiň" baglaýjy söze*** gaýtalanyp ulanylmak bilen, deňdeş agzalary baglamaga hyzmat edýär. Many taýdan deňdeş agzalar ýeke-ýekeden heçjiklenýär: "Munuň nili **diýermiň,** çekeri **diýermiň,** çakmagy **diýermiň** – hemme ýeri edil suwdan çykan ýaly!"; "Inžener **diýermiň,** poruçik **diýermiň,** alyp-ýolup barýan işewür söwdagär **diýermiň,** garaz, kükürtli depeleriň töweregi jygyllyk bazaryna döndi" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy).

Şunuň "diýjekmi, diýmejekmi" görnüşinde gaýtalanyp ulanylyşy hem bar: "Aýdymçy **diýjekmi,** sazanda **diýjekmi,** artist **diýjekmi,** garaz, adyny tutan talantyň şu ýerde bar" (S.Öräýew. Oba oglany).

***"Diýmän – diýmän" baglaýjy sözleri*** hem garşylykly many aňladýan deňdeş agzalary baglamak üçin hyzmat edýär: "Uly **diýmän,** kiçi **diýmän** – hemmesi aýak üstünde" (Radiodan. 03.11.1985).

***"Bolsun–bolsun" baglaýjy sözleri*** gaýtalanyp ulanylmak bilen parh goýmazlyk ýaly manylary aňladyp gelýär: "Merdan **bolsun,** Ahmet **bolsun,** tapawudy ýok, beýleki adamlar ýaly işini oňarsa bolýar".

***"Birem" (bir hem) baglaýjy sözi*** deňdeş agzalaryň arasynda gelip, şolary özara baglap gelýär we heçjiklemek, sanamak ýaly many ýokundysyny berýär: "Näzik derden ýaňa süllümbaý bolan Taňňa, **birem** bu ýagdaýy synlap oturan baş hasapça seretdi" (Mugallymlar gazeti. 24.02.1985).

Şu baglaýjy *"bir-ä – birem"* **görnüşinde** gaýtalanyp hem ulanylýar. Munda deňdeş agzalar has güýçli heçjiklenýär: "–Adamlar, meniň bir ejiz tarapym bar, olam **bir-ä** göwnümi gozgamadyk sazy çalyp bilemok, **birem** gözümi ýaşartmadyk aýdymy aýdyp bilemok" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy).

"**Bir tarapdan – beýleki tarapdan**" diýen baglaýjy sözler hem deňdeş agzalaryň arasynda gelip, olary bir-birine baglamaga hyzmat edýärler, şol bir wagtyň özünde hem olaryň tertibini bildirip gelýärler: "**Bir tarapdan,** Nyýazmämmet büküriniň, **beýleki tarapdan,** Akybaýyň adynyň tutulmagy Haltäjiň öýüniň töweregine ýoňsuz märekäni toplady" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy).

## 2. *Bölünişigi görkezýän baglaýjylar arkaly baglanyşýan deňdeş agzalar*

Bular bölünisik gatnaşygy esasynda baglanyşýarlar. Bölünişigi görkezýän baglaýjylara we baglaýjy sözlere aşakdakylar degişlidirler.

*"ýa, ýa-da" baglaýjysy* ikuçlulygy bildirýär. Ol ýekelikde hem, gaýtalanyp hem ulanylyp bilner.

Ýekelikde ulanylyşy: "Soňra gullukdaş ýoldaşym hut şu günüň özünde, **ýa** ertir kursdaşlarynyň gözlegine çykmakçydygyny aýtdy".

Şunuň "ýa bolmasa" görnüşinde ulanylyşy hem bar: "Ýöne biri hem ejizläp iňlänok, **ýa bolmasa** gözüne ýaş aýlanok" (Edebiýat we sungat. 06.07.1984).

Bu baglaýjy gaýtalanyp ulanylanda, aşakdaky görnüşlerde ýüze çykýar:

*"ýa – ýa" görnüşinde:* "Liminadça **ýa** bardyr, **ýa** ýokdur (Edebiýat we sungat. 18.01.1976); "**Ýa** alaýyn, **ýa** öleýin..."; "Tatýana **ýa** ymykly başlar, **ýa** bütinleý taşlar" (A.Atajanow. Teke gyzy Tatýana);

*"ýa – ýa – ýa" görnüşinde:* "ýa pelteli çyranyň kör ýşygynda bir zat öryändir, **ýa** iýýändir, **ýa** deri eýläp oturandyr" (Mugallymlar gazeti. 15.04.1992);



*"ýa – ýa-da" görnüşinde:* "– Sen meni **ýa** şu ýerde at, **ýa-da** Kasym dagynyň bolýan ýerlerinden geçir";

*"ýa -ýa bolmasa"* görnüşinde:

"**Ýa** gitmän bir ýerde bukup ýatandyr,
**Ýa bolmasa** orta çöle çykypdyr"
("*Saýatly–Hemra*");

*"ýa-ha – ýogsamam" görnüşinde:* "**Ýa-ha** özüňe ynanylan wezipäniň hötdesinden gelmeli, **ýogsamam** wezipäňi tabşyrmaly";

*"ýa-ha – ýogsa-da" görnüşinde:* "**Ýa-ha** ýadawlykdan soň beýniňe dynç berjek bolanyňda, **ýogsa-da** goşgynyň ýşgyna düşeniňde, şeýle tebigaty kömege çagyrýarsyň" (Edebiýat we sungat. 02.03.1984);

*"ýa-ha - ýa-da - ýa-da - ýa-da" görnüşinde:* "Görüp otursam, olaryň hersi bir künjekden gelen, özlerem keýpine däl-de, **ýa-ha** nähak ýekirilip, **ýa-da** özi bimazalyk edip, **ýa-da** sütem görüp, **ýa-da** şuňa meňzeş bir sebäp bilen gelen bolara çemeli" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy).

*"ýa" baglaýjysy* deňdeş agzalary jemläp hem gelýär. Şonda onuň öň ýanyndakylar heň arkaly baglanyşýarlar: "Barsaň, hödürsiz gaýtarmaz: bir gysym gowurga tapar, bir döwüm gurt uzadar **ýa** bir çemçe ýarma uzadar" (Mugallymlar gazeti. 15.04.1992).

*"Kä – kä" baglaýjysy* gezekleşmegi bildirýär. Ol mydama gaýtalanylyp ulanylýar: "Arkaç mukamynyň" tanyş äheňi gapydan **kä** çykyp, **kä** girip, byzbydyklap ýören Şekil ejäni-de doňduryp goýdy" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy); "Şondan soň portfelimi, öňki ýaly, bir elimde sallap ýöremän, **kä** gujagyma, **kä** goltugyma gysyp, howlukmaç ädimläp gitdim" (S.Öräýew. Oba oglany); "**Kä** göçgün, **kä** gamgyn, **kä** belent, **kä** pessaý" (Garagum. 2000. №8).

"Kä – kä" baglaýjysy **"ýa-da" baglaýjysy** bilen hem ulanylýar. Şunda "ýa-da" baglaýjysy deňdeş agzalaryň arasynda gelip, ikuçlulygy bildirýär. Şeýlelikde, deňdeş agzalaryň arasynda gezekleşme hem ikuçlulyk gatnaşyklary aňlanylýar: "**Kä** goşgy

düzýärdi, **kä** öňki ýazan setirlerini okap çykýardy, **ýa-da** düz[...] setirlerini saza geçirýärdi".

Şu baglaýjynyň ***"käte – käte" görnüşinde*** ulanylyşy he[...] bar: "Pasyllar adamy **käte** kölegä süýşmäge, **käte** güneşi gözlemä[...] mejbur edýär" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy); Onuň agysy **kä**[...] güýjäp, **käte** böwşeňleýärdi" (şol ýerde); "Gyşyň kyrkçillesinde Garagumuň üstüne ak çäge bolup ýapylan galyň garyň üstünde sykylyk atýan çapgyn şemally günleriň birinde ýalňyz bir atly **käte** gola çümüp, **käte** depä dyrmaşyp barýardy" (şol ýerde).

Bu baglaýjy ***"kä - kä - kä - käte bolsa" görnüşinde*** köp gezek gaýtalanyp hem ulanylyp biler: "Ol indi **kä** ogullarynyň, **kä** agtyklarynyň, **kä** gyzynyň ýanyna, **käte bolsa** atasynyň öýüne gidip lezzet almagyň ýaşlaryna ýetipdi" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy).

***"Ha–ha" baglaýjysy*** gaýtalanyp ulanylýar we hereketiň gezekleşikli ýüze çykýandygyny bildirýär: "Edik onuň gözüniň öňünde **ha** salgyma öwrülýärdi, **ha** gara agaç ýaly, günäni özüne jemläp sömelip durdy" (G.Şamyýew. Köýen ýyllar).

"Ha – ha" baglaýjysy deňdeş agzalardaky hereketleriň haýsy biri ýüze çykanda hem, tapawudynyň ýoklugyny bildirýär: "**Ha** Gül perimi tapsam gerek, **ha** ýolunda janymy bersem gerek!.." (Şabende. Gül–Bilbil); "Ýöne näme **ha** ynan, **ha** ynanma, onuň bilen üýtgeýän zat ýok" (Edebiýat we sungat. 10.01.1986); "şondan soň **ha** ynan, **ha** ynanma, asyl işim oňuna boldy-da gidiberdi" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy); "**Ha** ýagşy gör, **ha** ýaman, ençe waspyň diýer men" (Kemine. Saýlanan eserler).

***"Bir – bir" baglaýjy sözi*** gaýtalanyp ulanylýar we deňdeş agzalaryň gezekleşikli ýüze çykýandygyny bildirýär: "Onuň eli işe baranokdy, **bir** daşary çykyp, **bir** içeri girip, näme etjegini bilmän heläk bolýardy" (G.Kulyýew. ýowuz günler); "Mekdebiň okuwçysy **bir** köpeldi, **bir** azaldy" (A.Atajanow. Teke gyzy Tatýana); "Soňra kellesini **bir** sagyna, **bir** çepine öwürdi" (Ý.Mämmediýew. Şapak); "Ýiti gözleri şonda **bir** ýagtyldy, **bir** garaldy" (şol ýerde); "Omaryň ýüzi **bir** gyzardy, **bir** bozardy" (G.Kulyýew. Emiriň ilçisi). "Gül meňzi **bir** agardy, **bir** gyzardy" (Garagum. 2002. №5).



Şu baglaýjynyň häzirki zaman türkmen dilinde dürli görnüşlerde ulnylyşyna duş gelmek bolýar:

***"bir – bir-de" görnüşinde:*** "A-how, adamlar diýip, **bir** bize, **bir-de** zala ýüzlenip gepleýärdi" (Edebiýat we sungat. 09.12.1981);

***"bir- birem" görnüşinde:*** "**Bir** Näzige, **birem** käsä seretdi" (Mugallymlar gazeti. 24.02.1985); "Iner pälwan bilen Tumar ikisi **bir** Mädeminiň hereketine, **birem** "GAZ-ige" syn edýärdi" (Edebiýat we sungat. 01.03.1985);

***"bir-ä – birem" görnüşinde:*** "Akat **bir-ä** başlygyň ýüzüne, **birem** oturanlaryň ýüzüne taýly gezek seretdi" (Edebiýat we sungat. 21.01.1986); "Düýe maly hiç haçan **bir-ä** aryny köýdürýän däldir, **birem** ýadyndan çykarýan däldir" (H.Meläýew. Tylla teňňeler);

***"bir-de – bir-de" görnüşinde:*** "Hyýal – Akpamygyň kökesi ýaly, **bir-de** dagdan çykýar, **bir-de** deňizden" (Edebiýat we sungat. 23.02.1985);

***"bir – bir – bir – birem" görnüşinde:*** "**Bir** Kerbagşa, **bir** Merhemet aga, **bir** aýallara, **birem** oraçalara gözüni elek-çelek aýlap duran ýigit atdan düşmäge-de utanyp, müýnürgeýäne meňzeýärdi" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy);

***"birden-ä – birdenem" (birden hem) görnüşinde:*** "...örän uzak bir ýerde **birden-ä** ýitýän, **birdenem** ýene ýüze çykýan geň ýyldyzy synlady" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy);

***"bir görseň – bir görseň" görnüşinde:***

"**Bir görseň** gülüp dur güneşli Gün deý,
**Bir görseň** buluda dulanyp bakýar"
(*Türkmenistanyň aýallary*);

"**Bir görseň** ondan çykýar, **bir görseň** – mundan" (A.Gowşudow. Perman);

***"bir görseň – bir görseňem" görnüşinde:*** **Bir görseň** ýylgyrýardy, **bir görseňem** gaşlaryny habardar edijilik bilen çytyp, gaharly hemle urýardy" (Edebiýat we sungat. 05.01.1982); "**Bir görseň** ýylan bolup, **bir görseňem** garlawaç bolup görnerdi"

(S.Öräýew. Oba oglany); "**Bir görseň**. oňa telefon edip, bir ýerle gitmegi haýyş edip durandyrlar, **bir görseňem** iş kabinetine, öýüne baryp, ony myhmançylyga alyp gitjek bolup durandyrlar" (Mugallymlar gazeti. 02.08.1993);

***"bir görseň – bir görseň" görnüşinde:*** "**Bir görseň** ýüzüni garaňka tutup, köneje tamynyň opurylan ýerlerini suwap durandyr, **bir görseň** Aýyň aýdyňyna kerpiç guýup ýörendir" (Mugallymlar gazeti. 15.04.1992); "Ol **bir görseň** ekerançylyk meýdanynda aýlanyp ýörendir, **bir görseň** bagbanlaryň işine seredip ýörendir, **bir görseň** mallaryň arasynda aýlanyp ýörendir (A.Gowşudow. Köpetdagyň eteginde);

***"bir görseň-ä – bir görseňem" görnüşinde:*** "Ol adam **bir görseň-ä** diwana, **bir görseňem** sag";

***"bir görseň – bir seretse-de" görnüşinde:*** "**Bir görseň** olyzlar täze ýalydy, **bir seretseň-de** zordan sudury galan köne yzlardy" (H.Meläýew. Tylla teňňeler);

***"bir seretseň – bir seretseňem" görnüşinde:*** "Gabaklarynyň pökgüligi **bir seretseň** ýadawlykdan ýaly, **bir seretseňem** asly bolşy ýaly" (N.Hojageldiýew. Bagyşla, ýarym); "Başlyklyk etme **bir seretseň,** juda ýeňil, **bir seretseňem** öňküden agyr bolupdyr" (B.Hudaýnazarow. Yzçynyň gözleri);

***"bir seretseň – birdenem" görnüşinde:*** "Gözleri hem, **bir seretseň-ä** otlukly ýiti görünýär, **birdenem** küteksi, gamly görünýär" (N.Hojageldiýew. Bagyşla, ýarym).

***"Hala – hala" baglaýjy*** sözi hem deňdeş agzalary baglap gelýär. Munuň manysy "ha – ha" baglaýjysynyňka meňzeşdir: "**Hala** ýokuş gör, **hala** geň gör, ýöne şeýle edilip ýaradylypdyr" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy).

Şunuň ***"hala – hala-da" görnüşinde*** ulanylyşyna hem duş gelinýär: "**Hala** çyn bil, **hala-da** ýalan" (Mugallymlar gazeti. 29.02.1984).

***"Isle – isle" baglaýjy sözi hem "hala – hala" baglaýjy*** sözi bilen manydaşdyr: "Maňa kim bolanyň parhy ýok, **isle** ussa bol, **isle** demir ýolda işle" (B.Hudaýnazrow. Suwuň ysy).

Şunuň ***"isle – isle-de" görnüşi*** hem bar:



"**Isle** zenan adam, **isle-de** erkek –
Sözledesim gelýär,
Sözläsim gelýär"
(*Edebiýat we sungat.* 14.12.1977).

### 3. *Garşylygy görkezýän baglaýjylar arkaly baglanyşýan deňdeş agzalar*

*Garşylygy görkezýän baglaýjylara* ***"emma", "ýöne", "ýogsam // ýogsamam" degişli*** bolup, deňdeş agzalaryň arasynda garşylyk gatnaşygyny aňlatmaga hyzmat edýärler.

***"Emma" baglaýjysy:*** "Seniň çakylygyňa men keýpihon giderdim, *emma men özerkli adam däl ahyryn*".

***"Ýöne" baglaýjysy:*** "Ýakasyndan ebşitläp silterledi, **ýöne** urmady" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy).

***"Ýogsam // ýogsamam" baglaýjysy:*** "Şol ikarada ýoldaşy ýa dosty gabat geläýse, gyz bilen aragatnaşygynyň ýagdaýyna seredip, onuň bilen tanyşdyrýar, **ýogsamam** (ýogsa+hem+hem) uzak gürleşip, gyzy garaşdyryp duranok-da, edeplilik bilen hoşlaşýar" (Mugallymlar gazeti. 15.04.1992).

# DEŇDEŞ AGZALARYŇ GÖRNUŞLERI

## Umumy maglumat

Deňdeş agzalar sözlemiň eýesi, habary, aýyrgyjy, doldurgyjy we ahwalaty şekilinde gelip bilerler. şu tarapdan olary aşakdaky ýaly toparlara bölüp görkezmek boljak.

***Deňdeş eýeler***: "Geçmişe nazar aýlanyňda, aglaba özara **aňşyksyzlyklar, dana-jenjeller** suw üstünde döräpdir" (Garagum. 2002. №6); "Soňra **çekdirme, buglama, gömme, keýik etinden tamdyra ýapylan kebap, palaw** – adyny tutan tagamyň ýzy üzülmän geldi durdy" (Edebiýat we sungat. 22.02.2002); "Çaky, howa juda sowuk bolany üçin, ahli **öýlerde akbaş, ýandak, gowaça çöpi, sazak, selin** ýakylýardy" (Garagum. 2001. №1).

Deňdeş agzalaryň öňünden aýyklaýjy agzalaryň getirilmegi hem mümkin: "–Watanymyzyň **boz toprakly sähralaryndaky** alyslara uzaýan gowaçaly, gallaly meýdanlar, **ir-iýmişli, gawun-garpyzly bossanlar, owlak-guzuly sonar-ýaýlalar** halkymyzyň bu günki beýik bagtynyň ýakymly alamatydyr" (Garagum. 2002. №6): "Türkmenlerde guýy gazyp, **teşneleri gandyrmak, ýollar çekmek** iň bir sogap işleriň biri hasap edilýär" (Garagum. 2001. №1): "**Mes erkekleriň lummurdysy, gamyşgulak, ahalteke atlarynyň gysgajyk kişňemesi, düýeleriň bozlamasy, eşekleriň aňňyrmasy, goýun-guzularyň mälemesi** bir-biri bilen garyşyp çykardy" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy).

***Deňdeş habarlar***: "Türkmen, tapawut goýmazdan, ähli adamlar bilen **dogruçyl bolmalydyr, kezzaplyk etmeli däldir, ýalan sözlemeli däldir, göriplik etmeli däldir,** utanjaňlyk, ýumşaklyk, mähremlik oňa ýaraşýan ahlak sypatlaryndandyr" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama): "Çünki eneler bizi ak süýt berip **ulaldypdyrlar, ekläpdirler, saklapdyrlar, kemala getiripdirler**" (A.Durdyýew. Saýlanan eserler).

Deňdeş habarlarda kem işlik goşulmasy ýa-da kömekçi işlik iň soňky habar bilen ulanylýar: "Şeýle bolýan bolsa, terbiýeçi ýokary derejede **adamkärçilikli, paýhas-parasatly, berk häsiýetli, päk ahlakly, ruhy dünýäniň ussady bolmalydyr**": "Ol **asmanyň älemgoşary, ýer ýüzüniň gülälegi, meniň kitabymyň bezegidi!**".

***Deňdeş aýyrgyçlar***: "Men **bilimli, sowatly** adamlara aýratyn sarpa goýýaryn" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Türkmenistan **ylym adamlarynyň, danalaryň danyşmentleriniň, şahyrlaryň** mesgenine öwrülipdir" (şol ýerde).

***Deňdeş doldurgyçlar***: "Belki-de, ol-da toýnak **tapyrdysyndan,** gamçy **şyrpyldysyndan** heder edendir"; "Ol henize çenli **daýhanlaryndan, çopan-çoluklaryndan** bular ýaly gaýtawul görmändi": "Eýsem-de bolsa, **murtlary, gaşlary** entek gyrawladyp bilmeýärdi"; "Olar ahyrkyja **at-arabalary, eli ýarag tutanlaryň hemmesini** şol ýere iberilmegini talap edýärdiler".

***Deňdeş ahwalatlar***: "Ellä golaý adam **gülşüp, degşip, goh turzup,** köne tamy ýykmaga başlady": "Otly **agyr-agyr dem alyp, haslap, badyny gowşatman** barýardy".

Deňdeş agzalaryň her biri aýratynlykda nygtalyp görkezilende, köplenç, olaryň hemmesiniň şekil taýdan meňzeş bolmagy mümkin: "**Gijede, gündizde** Mährijemaly ýeke görmek, oňa ýekelikde duşmak mümkin bolmaýardy".

Ýöne deňdeş agzalaryň her biri aýratyn nygtalyp görkezilmedik ýagdaýynda sözleri tygşytlamak maksady bilen sözsoňular **deňdeş agzalarynyň** her biri bilen däl-de, iň soňkusy bilen ulanylýar: "**Her kim** öz alan zadynyň **gymmaty** hem-de **mukdary bilen** öwünýärdi".

## DEŇDEŞ AGZALARDA JEMLEÝJI SÖZLERIŇ ULANYLYŞY

Jemleýji sözlere "hemme", "ähli" ýaly san çalyşmalary, "bular", "şular" ýaly görkezme çalyşmalary hem-de mukdar, topar we çen-takmyn sanlary, şeýle hem söz düzümleri degişli bolup, olar deňdeş agzalardan öň ýa-da soň gelýärler.

Jemleýji sözler deňdeş agzalardan öň gelende, onuň yzyndan iki nokat goýlup, soňra deňdeş agzalar sanalyp gözkezilýär:

***"hemme zat":*** "**Hemme zat:** daş-töweregiň üsti nagyşly ak çägesi, ösüp öturan sazak-selinler, gandym-çerkezler, bir wajyp habara garaşýan ýaly, agyr oýa batyp diň salýardy" (H.Meläýew. Tylla teňňeler);

***"ähli zadymyzy":*** "Ýene biraz sabyr et, onsoň **ähli zadymyzy:** şu oturgyçlary-da, hol sandyklary-da, bazadaky ýüklerimizi-de, ýabylarymyzy, düýelerimizi – **hemmesini** otla salarys-da, ýola düşeris".

Şu sözlemde deňdeş agzalaryň hem öňünden, hem soňundan jemleýji sözler getirilipdir. Bular deňdeş agzalary has berk çugdamlap görkezmek üçin ulanylan bolmagy mümkin.

***"Ähli döredijilik işgärleri üçin"***: "Häzir oba durmuşy **ähli döredijilik işgärleri üçin:** ýazyjy üçin-de, hudožnik üçin-de, kino işgäri üçin-de iň bir derwaýys tema bolup durýar" (Edebiýat we sungat. 06.01.1992).

Jemleýji sözler deňdeş agzalardan soň gelende, deňdeş agzalaryň yzyndan keseçyzyk goýulýar:

***"hemme"***: "Daglar, düzler, çuňňur gollar – **hemmesi** galyň garyň aşagyndady" (B.Hudaýnazarow. Yzçynyň gözleri); "Garaçägelileriň ulusy-kiçisi, erkegi-aýaly – **hemmesi diýen ýaly** myhmanlaryň hyzmatynda" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy); "Gaýgy-gussa, ünji alada – **hemmesi** unudyldy" (G.Seýitmädow. Öçmejek ýyldyzlar); "Heniz myhmanlaram, öý eýelerem – **hemmesi** aýak üstünde durdy" (A.Gowşudow. Perman); "Uly-kiçi, garry-ýaş – **hemmeler** aýak üstünde" (Edebiýat we sungat. 21.11.1981); "Onuň gazaply tebigaty sen uly bol, kiçi bol – **hemmeleriň** çydamyny synaga salýar" (B. Hudaýnazarow. Yzçynyň gözleri): "Şol wagtlar meniň bilen bile işleýän Meret Sopyýewem, Gylyç Orazowam (Gylyç neresse Aşgabatda ýer ýranand ýogalypdy). Bäşim Ataýewem – **hemmämiz** oňa ýüzlenerdik" (Edebiýat we sungat. 06.01.1982):

***"bary" // "barysy"***: "Onuň sýužetem, wakalaram – **barysy** toslama" (Edebiýat we sungat. 26.02.1982): "At, öküz – **bary** döwege goşulypdyr" (G. Kulyýew. Emiriň ilçisi):

***"bular"***: "Iki ýüze basalykly dowar, köşekli-köşeksiz alty düýe, aýagulagy at – **bular** onuň saýlan ýolunyň, tutan maksadynyň başky şeýtelleridi" (B. Hudaýnazarow. Suwuň ysy):

***"tutuş"***: "Aňňatlar hem tümmejikler, ot-çöpler – **tutuş** çöl garaňka gark bolupdyr:

***"bu zatlar"***: "Ajy aýralyk, ýetmezçilik, açlyk, horluk, ölüm – **bu zatlar** meniň üçin ýat zatlardy" (A.Gurbanow. Şol agşam):

***"bu dördüsi":*** "Berdi aga, Gurban daýy, Jepbar aga, Soltan aga – **bu dördüsi** öz aralarynda gyzykly gürrüňe meşguldylar".

Deňdeş agzalar sanalyp gutarylmaýan ýagdaýynda, olaryň ýene-de dowam edýänligini bildirmek üçin deňdeş agzalardan soň köpnokat goýulýar: "**Tüwi, ýag, käşir, sogan, gawun...** garaz, toý-tomaşa gerek zatlaryň **hemmesi** ötlem- ötlem jaýlaryň, howlularyň içi bilen bu ýere çekildi".

## Aýratynlanma

Sözlemde belli bir sintaktik özbaşdaklyk almak **üçin** sözlem agzalarynyň, ylaýta-da, aýyklaýjy agzalaryň many hem heň taýdan bölünip aýrylmasyna ***aýratynlanma*** diýilýär. Aýratynlanan agzalar aýdylan pikiri **takyklamak**, hereketi anyklaşdyrmak, şahsy ýa-da bir zady has çuň **häsiýetlendirmek** hem-de sözleme täsirli öwüşgin bermek maksady bilen **ulanylýar**. Aýratynlanan agzalar sözlemiň başynda gelmedik ýagdaýynda, aýratynlanmanyň öň ýanynda owaz beýgelýär

hem dyngy goýulýar. Heň-many bölegi (sintagma) üçin jümle basym hem häsiýetlidir. Ýazuwda aýratynlanan agzalar otur we keseçyzyk bilen aýrylyp görkezilýär. Aýratynlanan agzalar aýyrgyçly söz düzümlerini emele getirmeýärler. Bular bir zady goşmaça tassyklamak ýa-da inkär etmek arkaly habarly gatnaşyklary emele getirýärler. Şunuň netijesinde aýratynlanan agzalar manysy hem heň taýdan aýdylyşy boýunça eýerjeň sözlemlere ýakynlaşýarlar. Olar eýerjeň sözlemler bilen aýrylyşmadyk agzalaryň sepgidinde duran aralyk hadysadyr.

Aýratynlanma sözleriň tertibi, ýaýraň häsiýete eýe bolmagy, takyklaýjy ýa-da düşündiriji häsiýetiniň bolmagy, many ýüküniň ýetik bolmagy, sözlemiň agzalaryndan bilgeşleýin bölünip aýrylmagy ýaly birtopar häsiýetli alamatlary bilen aýratynlanmadyk agzalardan tapawutlanýar.

"Aýratynlanan aýyklaýjy agzalar" diýen adalgany ilkinji gezek A.M.Peşkowskiý "Rus sintaksisi ylmy röwüşde" (1914) diýen işiniň üsti bilen ylmy dolanyşyga girizipdir. Oňa çenli "aýratynlanma" diýilýän sintaktik hadysa "gysgalan eýerjeň sözlemler" hökmünde seredilipdir. A.H.Wostokow "Rus grammatikasy" (1831) diýen işinde eýerjeň sözlemleri "doly" hem "gysgalan" diýen toparlara bölüp, "doly eýerjeň sözlemleri" çalşyp gelýän aýratynlanan agzalary "gysgalan eýerjeň sözlemler" hökmünde düşündiripdir.

"Doly eýerjeň sözlemleriň" habarlary şahs görkezýän işlik şekillerinden, "gysgalan eýerjeň sözlemleriň" habarlary bolsa şahs görkezmeýän işlik şekillerinden – ortak işliklerden, hal işliklerden, iş atlardan bolup gelýänligi dogrusynda I.I.Dawydow "Rus diliniň umumy deňeşdirme grammatikasynyň tejribesi" (1852), F.I.Buslaýew "Rus diliniň umumy deňeşdirme grammatikasynyň tejribesi" (1858) diýen işlerinde gürrüň berýärler. Olar öz işlerinde eýerjen sözlemler bilen hal işlik, ortak işlik we iş at öwrümleriniň arasyndaky many ýakynlygyny nazarda tutup, bularyň ikisini hem şol bir zat diýip düşündiripdirler.

Emma meselä logiki taýdan däl-de, grammatiki taýdan çemeleşseň bularyň bir-birlerinden tapawutly sintaktik düşünjelerdigine göz ýetirmek kyn däl. Onuň üçin meseläniň diňe



many tarapyny alman, eýsem diliň sözlem gurluşyny esas edip almak gerek.

A.A.Potebnýa "Rus grammatikasy boýunça ýazgylardan" (1888) diýen işinde bu meselä täzeçe çemeleşipdir. Ol "gysgalan eýerjeň sözlemler" diýen nazaryýete bütinleý garşy durdy. A.A.Potebnýa "gysgalan eýerjeň sözlemler" diýilýän ortak işlik, hal işlik we iş at gurnamalarynyň aslynda gysgalmak netijesinde emele gelmändigini, olaryň doly eýerjeň sözlemler ýüze çykmazyndan öň hem ulanylyp gelendigini taryhy deliller arkaly subut edýär. Onuň pikiriçe, sözlem boljak bolsa, hökmany suratda onuň habary şahs görkezýän işlik şekillerinden bolmalydyr. Şahs görkezýän işlik şekilleriniň goşulmalarynyň bolmazlygy hem mümkin. Ýöne şonda-da habarlyk goşulmasyny ("-dyr") goşmak mümkinçiligi saklanmalydyr. Meselem: "Ol okuwçy" – "Ol **okuwçydyr**".

A.M.Peşkowskiý aýratynlanan aýyklaýjy agzalar barada düýpli iş etdi, olaryň häsiýetli alamaty hökmünde hem aýratynlyklaryny görkezdi. Aýratynlanan aýyklaýjy agzalar, onuň pikiriçe, heň taýdan bölünişmesine ýeterlik üns bermedi. Onsoňam, A.M.Peşkowskiý sintaktik hadysalary morfologik adalgalar bilen ("aýratynlanan sypatlar", "aýratynlanan hallar") atlandyryp, öz ulanan "aýratynlanan aýyklaýjy agzalar" diýen adalgasyna garşy gidýär.

Aýratynlanma barada L.A.Bulahowskiý, L.W.Şerba, W.W.Winogradow dagy hem köp iş etdiler. L.A.Bulahowskiý aýratynlanan agzalaryň esasynda heň alamatyny goýdy. Aýratynlanma düşünjesini L.W.Şerba, gepiň sintagmatik taýdan agzalara bölünmegi bilen baglanyşdyrýar. W.W.Winogradow bolsa aýratynlanan agzalary kesgitlemekde many hem şekili alamatlary birikdirip, olary giňişleýin düşündirýär. Onuň pikiriçe, aýratynlanan agzalar diňe aýyklaýjylara däl-de, eýsem baş agzalara hem mahsusdyr. Sözüň giň manysynda aýratynlanma beýleki sözlem agzalaryndan bölünişip aýrylan takyklaýjy, düşündiriji we birikdiriji sözleri öz içine alýar.

Sözlemiň aýratynlanan agzalary türki dillerde soňrak öwrenilip başlapdyr. Oňa degişli aýry-aýry dillerde kandidatlyk dissertasiýalary goralypdyr. Olardan A.Z.Abdullaýewiň "Azerbaýjan dilinde

"aýratynlanma" (Baku, 1953). H.Baltaýewanyň "Häzirki zaman özbek edebi dilinde sözlemiň aýratynlanan bölekleri" (Daşkent, 1959) diýen kandidatlyk dissertasiýalaryny görkezmek bolar.

Aýratynlanma meselesiniň üstünde görnükli türkişynaslar N.K.Dmitriýew, A.N.Kononow, E.I.Ubrýatowa, M.B.Balakaýew, M.F.Çernow, K.Z.Ahmerow we beýlekiler iş alyp barypdyrlar. Türki dillere degişli ýazylan grammatikalaryň köpüsinde sözlemiň aýratynlanan agzalaryna ýörite orun berilýär.

Türkmen dili barasynda aýdylanda, sözlemiň aýratynlanan agzalary käbir işlerde ýatlanyp geçiläýmese, mekdep grammatikasynda, ýokary okuw jaýlary üçin ýazylan okuw kitaplarynda öz beýanyny tapyp bilmändir.

Türkmen dilinde sözlemiň aýratynlanan agzalary dogrusynda Amanmyrat Annanurowyň "Rus dilinden türkmen diline terjime etmek planda sintaksis meseleleri" (Aşgabat, 1956) diýen işinde rus dili bilen deňeşdirip gürrüň edilýär.

Türkmen dilinde sözlemiň aýratynlanan agzalarynyň barlygy dogrusynda N.K.Dmitriýew " Türkmen sintaksisiniň esasy meseleleri" (Строй тюркских языков – М.: ИВЛ, 1962. С. 395–430) diýen işinde ýatlaýar. M.Hudaýgulyýew bilen B.Hojaýewiň "Sowet döwründe türkmen edebi diliniň käbir meseleleri" (Aşgabat, 1967) we M.Şöýegowyň "Sowet döwründe türkmen edebi diliniň sintaktik sistemasynyň ösüşi" (Aşgabat, 1991) diýen işlerinde hem sözlemiň aýratynlanan agzalary hakynda käbir maglumatlar berilýär.

A.Garaýew türkmen dilindäki anyklaýjylary derňände, şolar bilen baglanyşykly "aýratynlanan anyklaýjylary" hem öwrenipdir.

Bulardan başga-da, sözlemiň aýratynlanan agzalary "Rus we türkmen dilleriniň deňeşdirme grammatikasynda" (Aşgabat, 1977) beýan edilipdir. Ýöne ol işde aýratynlanan agzalar göýä rus diliniň täsiri arkaly ýüze çykan hadysa hökmünde seredilipdir. Emma bu pikir bilen ylalaşmak kyn. Çünki sözlemiň aýratynlanan agzalaryna V asyra degişli gadymy türki ýazuw ýadygärlikleriniň dilinde hem gabat gelinýär.

Şunlukda, sözlemiň aýratynlanan agzalaryna degişli käbir



ownuk-uşak bellikleriň edilenligine garamazdan, şu mesele tä soňky wagtlara çenli türkmen dilinde işlenilmän gelde.

Şu çylşyrymly mesele diňe soňky döwürde ylmy derňewiň öwrenýän zady boldy.[1] Sözlemiň aýratynlanan agzalary häzirki wagtda türkmen edebi dilinde özbaşdak sintaktik dereje hökmünde giňden ulanylýar.

Sözlemiň aýratynlanan agzalaryny tanamak, olaryň tebigatyny açyp görkezmek, olara ýakyn bolan beýleki sintaktik derejelerden tapawutlandyrmak aňsat iş däldir. Birnäçe sintaktik derejeler, deňdeş agzalar, giriş hem sokma gurnamalar, şeýle hem ýüztutma sözler bulara gaty ýakyndyr. Şu hili sintaktik birlikler sözlemiň düzümine girip, bir tarapdan, onuň möçberini giňeldýärler, beýleki tarapdan, sözlemiň manysyna täsirini ýetirýärler.

Aýratynlanan agzalary aýratynlanmadyklardan tapawutlandyryp görkezmek hem ähmiýetlidir. Olar bir-birinden hem many hem grammatiki taýdan tapawutlanýarlar.

Many taýdan sözlemiň aýratynlanan agzalary goşmaça many aňladýanlygy, stil taýdan labyzlylygy, sintaktik taýdan ähmiýetliligi we belli bir derejede özbaşdaklygyny saklaýanlygy bilen häsiýetlenýärler.

Grammatiki taýdan sözlemiň aýratynlanan agzalary heň we ölçeg-labyzly aýratynlyklary hem-de baglanyş tärleri bilen tapawutlanýarlar. Sözlemiň aýratynlanan agzalary adatça takyklaýjy hem düşündiriji gatnaşyklary aňladyp gelýärler. Aýratynlanan agzalar heň taýdan sözlemiň beýleki agzalaryndan bölünip, özbaşdak sintaktik gurnama görnüşinde aýdylýanlygy sebäpli, olar köplenç ýagdaýlarda ýazuwda otur arkaly aýrylyp görkezilýärler.

Aýratynlanan agzalar bilen anyklaýjylaryň arasynda hem meňzeşlik bar. Beýleki agzalaryň aýratynlanyp gelşi ýaly, anyklaýjylar hem aýratynlanyp bilýärler. Eýsem olary takyklaýjylardan hem düşündirijilerden nähili tapawutlandyrmaly? Olaryň her haýsy bir maksat

[1] Ходжаев Х.О. Обособленные члены предложения в современном туркменском языке. – Ашхабад: Ылым, 1996.

üçin hyzmat edýär – şundan hem ugur almaly. Takyklaýjy takyklaýan sözüniň manysy bilen meňzeş hem bolup biler, ondan dar düşünjäni hem aňladyp biler. Ýöne birnäçe ýagdaýlarda takyklaýjy ulanylmaýanda hem, takyklaýan sözüniň manysy düşnüksiz bolup galmaýar. Düşündirijilerde hem meňzeş zatlar gatnaşýarlar, ýöne munda düşündiriji söz öň ýanyndaky sözüň manysyny açyp görkezýär, ony diňleýjä düşnükli edýär.

Şeýlelikde, takyklaýjylar, düşündirijiler alamat görkezmeýärler. Anyklaýjylar bolsa alamat görkezýändikleri bilen häsiýetlenýärler, olar mydama esasy sözüň alamaty bolup gelýärler. Takyklaýjylar hem düşündirijiler öz degişli sözlerinden soň gelip, şolaryň manysyny takyklamak, düşündirmek üçin hyzmat edýärler.

Aýratynlanan düşündiriji sözlerde "aýratyn-da" "ylaýta-da", "has takygy" ýaly ýörite sözler ulanylyp olar umumy bilen hususynyň arasyndaky gatnaşygy görkezmek üçin peýdalanylýar.

Aýratynlanan agzalaryň düzüminde "hatda", "şol sanda", "ylaýta-da", "mysal üçin", "mundan başga", "üstesine" ýaly ençeme ýörite sözler ulanylyp, olaryň manysy tutuş sözlemiň manysy bilen sepleşip gidýär.

Häzirki zaman türkmen dilinde iki hili aýratynlanma gabat gelýär: many we grammatiki. Many arkaly ýüze çykýan aýratynlanma durnukly häsiýete eýe däldir. Ol aýratynlanýan agzlaryň manysyna daýanýanlygy üçin, belli-belli ýagdaýlarda ýüze çykyp hem biler, çykman hem. Ol "ýaly", "kimin", "dek" söçsoňulary bilen ulanylýan deňeşdirme we "aýratyn-da", "ylaýta-da", "şol sanda", "hatda" ýaly sözler ulanylýan düşündirme, güýçlendirme gurnamalarynda duş gelýär.

Türkişynaslykda aýratynlanma meselesine dürlüçe çemeleşýärler. N.K.Dmitriýew häzirki zaman türki dillerinde sözleriň terslin baglanyş tertibi, daşky dilleriň täsirini ýa-da şygryýeti göz öňünde tutmasaň duş gelmeýär diýip hasap edýän bolsa, A.N.Kononow janly gepleşik dilinde sözleriň "adaty" tertibiniň bozulmagynyň ýygy-ýygydan duş gelýänligini, munuň bolsa aýratynlanmanyň ýüze çykmagyna şert döredýändigini belleýär.



A.Z.Abdyllaýew hem azerbaýjan dilinde, şeýle hem türki dillerde aýyrgyjyň öz aýyklaýan sözünden öň gelýänligini nygtaýar.

Türkmen dilinde hem aýyrgyçlar adatça öz baglanýan sözlerinden öň gelýärler, ýöne onuň käbir görnüşleri aýratynlanma zerarly soň hem gelip bilerler. Meselem: "**Elleri pilli-kätmenli** adamlar işe ugradylar" diýen sözlemdäki ýaýbaňlandyrylan aýyrgyç aýratynlanyp, öz baglanýan sözünden soň hem gelip biler: "Adamlar, **elleri-kätmenli,** işe ugradylar".

Aýratynlanma hökmany we hökmany däl diýen toparlara bölünip hem öwrenilýär. Ýöne aýratynlanan gurnamalaryň aglaba köpüsi hökmany häsiýete eýe bolup, diňe onuň az bölegi hökmany däldir.

Aýratynlanan agzalar sintaktik hyzmaty boýunça aýratynlanmadyklardan tapawutlanýarlar, olar sözlemde belli bir stilistik hyzmaty ýerine ýetirýärler. Oňa mysal edip,aýryp görkezmek, takyklamak, anyklaşdyrmak, giňeltmek ýa-da daraltmak, düşündirmek şeýle hem güýçlendirmek ýaly dürli stilistik hyzmatlary görkezmek bolar.

Aýratynlanan agzalar düzümi boýunça ýygnak hem ýaýraň görnüşlerde ýüze çykyp biler. Ýygnak görnüşinde ýüze çykanda, özbaşdak, manyly sözlerden ýa-da sintaktik taýdan bölünmeýän söz düzümlerinden bolup gelýär: "Onuň aradan çykanlygy barada metbugatda gysgaça omür beýany – **nekrologam** çap edilmedi" (Edebiýat we sungat. 24.01.1997).

Ýaýraň aýratynlanan agzalar bir sözden däl-de, birnäçe sözleriň gatnaşmagyndan hasyl bolýalar: "...Muhammet Nepesow ýyl ýarym töweregi, ýagny **1935-nji ýylyň Ruhnama aýyndan 1936-njy ýylyň Bitaraplyk aýyna çenli** işläpdi" (Edebiýat we sungat. 20.12.1996); "Mäti molla 1984-nji ýylyň Nowruz aýynyň 11-ine, ýagny **segsenden has geçib-ä däl, 78 ýaşynam doldurman gurban boldy**" (Edebiýat we sungat. 24.01.1997); "Kösäýew şol gün, ýagny **1984-nji ýylyň Nowruz aýynda Köşi obasynyň ilersindäki Mahmyt işan gonamçylygynda dostlarynyň, işdeş ýoldaşlarynyň, şägirtleriniň hoşlaşyk sözleri aýdylman jaýlanyldy** (Edebiýat we sungat. 24.01.1997).

## Aýratynlanan agzalaryň görnüşleri

Aýratynlanan agzalar haýsy agzadan bolanlygyna garap aşakdaky ýaly toparlara bölünýär.

### *Aýratynlanan eýe*

Eýe aýratynlanan ýagdaýynda, ol aýratynlanan anyklaýjy görnüşinde ýüze çykýar. Aýratynlanan anyklaýjy bir sözden hem bolup biler, tutuş söz düzüminden hem: "1932-nji ýylda pedkombinat ýatyrylyp, onuň düzümine girýän okuw jaýlary, **şol sanda** mugallymçylyk institutam, özbaşdak işläp başlapdy" (Edebiýat we sungat. 20.12.1996); "Instituty diňe bir ýaş mugallymlary däl, **hatda gartaňlary-da** talyplary ýanlaryna alyp, eşek arabaly ýol sökmeli bolýardy" (Edebiýat we sungat. 27.12.1996).

Aýratynlanan anyklaýjy sözlemde hereketi ýüze çykarýan eýe bolup gelýär. Şonuň üçin muny aýratynlanan doldurgyçlar bilen gatyşdyrmaly däl. Bularda hereketi doldurgyçlar däl-de, sözlemiň eýesi ýüze çykarýar: "Şondan soň asuda döwür, **ýagny arkaýynçylyk döwri başlanýar**". (Türkmen gündogary. 11.01.1992); "Ynha, Türkmenbaşy aýynyň 12-si – **Hatyra güni geldi**" (Türkmen gündogary. 11.01.1997).

### *Aýratynlanan habar*

Aýratynlanan habarlary deňdeş habarlar bilen gatyşdyrmak bolmaz. Deňdeş habarlarda aýyklaýjylyk häsiýet ýokdur, olaryň hemmesi hem many taýdan meňzeş hyzmaty ýerine ýetirýärler. Emma aýratynlanan habar öň ýanyndaky habaryň manysyny açyp görkezýär, ony düşündirýär, takyklaýar. Ol köplenç, "has takygy", "ýagny" ýaly ýörite sözler bilen öň ýanyndaky düşündirýän sözi bilen baglanyşýar ýa-da bularyň arasynda düşündiriji dyngy goýlup aýdylýar, ýazuwda bolsa, köplenç, keseçyzyk ýa-da otur goýulýar, käbir wagtlar aýratynlanýan habaryň ýaýyň içine alnyp berilmegi hem mümkin: "Onuň ilat arasynda ýörgünli ady (lakamy) Arçyn, has dogrusy, **Arçyn agady**" (Edebiýat we sungat. 10.01.1997); "Elbetde, köpçülik işini talyplaryň birentegi ýerine ýetirýärdi, ýagny **işjeň hataryndadylar**" (Edebiýat we sungat. 20.12.1996); "Olaryň okuwa ýetişikleri-de oňatdy, **zarpçy edilýärdiler**" (şol ýerde); "Ýaňky ýaşulularyň biri Gowky aga **(familiýasy ýadymda ýok),** beýlekisi Begaly agady, **Begaly Poladow** (Edebiýat we sungat. 10.01.1997); "Kösäýewlere gelip gidýänleriň biri-de Durun obaly Arçyn agady, ýagny **Annaberdy Geldiýewdi** (Edebiýat we sungat. 10.01.1997).

### *Aýratynlanan aýyrgyç*

Türkmen dilinde aýyrgyç öz aýyklaýan sözünden adatça öň gelýär. Aýyrgyçlar öz aýyklaýan sözleri bilen bilelikde söz düzümini emele getirýärler. Olaryň manysyna gowy düşünmek üçin diňe aýyrgyçlary öz baglanýan sözlerinden bölüp alman, eýsem olary tutuşlygyna derňemek, olaryň özara baglanyş tärlerini ýüze çykarmak ähmiýetlidir.

Aýratynlanan aýyrgyjyň has köpräk takyklaýjylyk häsiýeti bar. Aýyrgyjyň manysy takyk bolmasa, aýratynlanan aýyrgyjyň üsti bilen onuň manysy takyklanýar: "Aýaly öz äriniň, ýagny **Oblonskiniň** olaryň öýünde ýaşaýan fransuženka-guwernantka bilen zynagärlik aragatnaşygynda bolandygyny bilip, özüniň mundan buýana adamsy bilen bir öýde ýaşap biljek däldigini ärine yglan etdi" (L.N.Tolstoý. Anna Karenina).

Aýratynlanan agzalary baglamak hem many gatnaşygyny ýüze çykarmak bilen birnäçe ýörite sözler ulanylýarlar. Olara "hatda", "şol sanda", şeýle-de", "has takygy", "ylaýta-da", "dogrusy", "ýagny" sözleri degişli bolup, bularyň her biri üýtgeşigräk many aňladýar: "Elbetde, men bu ýerde özümiň instituta okuwa gelen wagtymdaky, ýagny 1931-nji ýylyň Ruhnama aýyndaky ýagdaýyň gürrüňini edýärin" (Edebiýat we sungat. 20.12.1996); "Men bu taryhy şahs barada okan ylmy makalalarymyň, **şeýle-de** çeper eserlerimiň täsiri bilen bir zada göz ýetirdim" (Türkmen gündogary. 07.10.1997).

Aýratynlanan sözüň manysy takyklanýan sözüne garanda dar hem bolup biler, giň hem: "Maşgala agzalarynyň, **aýratyn-da olaryň erkek göbeklisiniň** maşgaladaky agzybirligi berjaý etmeklige özleriniň

wezipesi edip goýmaklary gerek" (Edebiýat we sungat. 10.01.1997); "Onuň – **agzybirligiň** her bir maşgaladan başlanmagy zerur" (şol ýerde); "Şol döwürlerde Aşgabat şäherinde resmi gulluk wezipesindäki adamlar, käbir kärhana **(meselem, dokma we ýüpek fabriginiň)** işçileri we okuwçylary bolaýmasa, türkmenlerden öýli-işikli ýaşap ýörenleri seýrek duş gelýärdi" (Edebiýat we sungat. 10.01.1997).

### *Aýratynlanan doldurgyç*

Doldurgyçlar tä soňky wagtlara çenli türkmen dilinde ahwalatlardan aýrylman, bularyň ikisine bir zat hökmünde garalyp gelindi. Emma soňky wagtlarda bu ikisiniň arasy açylyp, hersi öz ýerinde öwrenilmäge başlandy.

Doldurgyçlar atlardan, sanlardan, çalyşmalardan, atlaşan dürli söz toparlaryndan bolup, sözsoňuly we sözsoňusyz gytak düşümlerde üýtgän sözlerden bolup gelýär. Şu babatda doldurgyçlaryň morfologik görkezijileri ikinji orna geçip, birinji nobatda olaryň manysyna hem sintaktik hyzmatyna üns bermeli bolýar.

Türkmen dilinde doldurgyçlar adatça göni, gytak hem sözsoňuly diýen ýaly toparlara bölünilip öwrenilýär.

Aýratynlanan doldurgyçlar hem takyklaýjy we düşündiriji häsiýete eýe bolýarlar. Bular hem "hatda", "aýratynam", "ýlaýta-da", "şol sanda", "hususan-da", "has takygy", "ýagny" kimin ýörite sözler bilen ulanylýarlar: "Indi direktoryň esasy orunbasary, **ýagny institutyň okuw müdiri hakynda** aýtsam, ol wezipede institut gurlandan başlap, üýtgewsiz bir adam işläpdi" (Edebiýat we sungat. 20.12.1996); "30-njy ýyllarda mugallym, soňra oba hojalygynda dürli kärlerde, **hatda esli ýyl oba arçyny hem bolup** işläpdi" (Türkmen gündogary. 21.12.1996).

### *Aýratynlandyrylan ahwalatlar*

Ahwalatlar, köplenç hallardan, hal işliklerden, ortak işliklerden we beýleki söz toparlaryndan bolup, işliklere we käbir isimlere baglanyp



gelýärler. Ýöne ahwalatlaryň morfologik alamatlaryny mydama görkezmek ýeňil düşmeýär. Şonuň üçin ahwalatlary doldurgyçlardan tapawutlandyrmaly bolanda, beýleki alamatlary bilen bir hatarda, has köpräk olaryň many tarapyna üns bermeli bolýar: "Başlangyç döwürde, ýagny **anagen döwründe** saç has işjeň ýagdaýda emele gelýär" (Türkmen gündogary. 11.01.1997).

Aýratynlandyrylan ahwalatlar many taýdan wagt, orun, sebäp ýaly ençeme toparlara bölünip biler.

**Wagt aýratynlanan ahwalaty:** "Arzuwlar hasyl bolsun, **togsan ýedide!**" (Mugallymlar gazeti. 01.01.1997); "Gadym zamanlarda, **ýagny çozha-çozluk, alamançylyk, talaňçylyk döwründe** haýsydyr bir galany basyp alan duşman, onuň içindäki zenanlara ýüzlenipdir": (Edebiýat we sungat. 17.01.1997); "Biz oglankak, **baryp-ha ellinji ýyllardanam ozal** könelişen adamlar: "Dokluk belasy açlyk belasyndan has aýylganç" diýen ýaly sözleri aýdardylar" (şol ýerde).

**Orun aýratynlanan ahwalaty:** "Şonuň üçinem ilerik, biziň köçelerimizden hem giň bolan köçä, **ýagny Görogly köçesine** çykmaly bolupdyk" (Edebiýat we sungat. 10.01.1997).

**Sebäp aýratynlanan ahwalaty:** "Okuw ýükümiz agyr, **üstesine-de maşgala eklemek aladamyz bolany sebäpli,** köp halatlarda biz onuň çakylygyna baryp bilmän, ötünç soraýardyk" (Edebiýat we sungat. 10.01.1997).

## Sözlemde sözleriň tertibi

Türkmen dilinde sözlem agzalarynyň belli bir tertibi bar. Eýe habara garanda birinji orunda gelýär. "**Sona** ýanlygyň aýranyny çaýkap, pişegiň badyny barha güýçlendirdi"; "**Ýigit** alaşany gezerine sürüp gelýärdi, hataryň ýeňsesini syryp geçmekçidi".

Eger sözlemde eýäni aýyklap gelýän sözler bar bolsa, olar sözlemiň eýesinden öň gelýär. Şeýle bolanda hem, eýe habara garanda önde durýar: "Onuň gupbasynyň ýokarky **güberçegi** öýüň gamşy

bilen deňeşip dur. Börüginiň etegindäki **sümsüleler** ikibaka ýranyşyp bir-birine çaknyşýar-da, çala şyňňyrdaýar. Ýarymgyrma teletiň köwşüň üstündäki kiçijik **ökjeler** agarýar".

Habar eýäni aýyklap gelýändigi üçin, eýeden soň, tutum sözlemiň ahyrynda ulanylýar we sözlemi tamamlap gelýär: "Sowal jogap Gaýyp üçin örän **oňaýly boldy**"; "Derwezäniň çalaja kakylmagy Näzigiň derdini öňküdende **artdyrdy**".

Aýyrgyçlar öz aýyklaýan sözlerinden öň gelýärler: "**Bu topragyň mawy** asmanyna toýnuk gurup durnalar geler, guba gazlar bilen gözleriň ýagyny **iýip barýan**, ýüregini **daglap barýan älemgoşar ýaly owadan** ýazlar geler!" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "**Bu topragyň** asmanyndan owsun atyp, **ýagyşly-ýagmyrly, ýyldyrymly** bulutlar gelip, **türkmeniň** ýurduny läle-reýhan kylar" (şol ýerde).

Ýöne stilistik maksatlara görä, eýelik aýyrgyjynyň soňdan gelmek häsiýeti hem bar.

"Ýokary derejede, has täsirli beýan edilende, eýelek aýyrgyjynyň öz baglanýan sözünden soň gelmek häsiýeti hem bar: "Gorkut ata ýaly il-ulusa kethudalyk edip, agzybirligi berkarar edýän gojalarymyz bar **biziň**! Pyragy ýaly jöwher, zehinli, almaz aňly dana-dana adamlarymyz bar **biziň**"! (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama):

Aýyrgyçlaryň goşulma arkaly baglanyşmaýanlary mydama diýen ýaly öz baglanýan sözleriniň öň ýanyndan gelýär. Morfologik taýdan şekillenenleri bolsa öz baglanýan sözünden uzakda hem gelip biler, ýöne şonda hem olar öz baglanýan sözünden öň gelýärler.

Doldurgyçlarda hem şeýle düzgün saklanýar. Olar hem öz "dolduryan" sözlerinden öňde gelýärler. Hiç bir hili goşulma kabul etmedikleri bolsa öz baglanýan sözüniň edil öň ýanyndan gelýär: "Ol görgüli kakamyň yzyny derňäp, Aşgabada iki ýola **hat** ýazyp **maglumat** sorapdyr" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

Ahwaljatlar hem öz baglanýan sözlerinden öň gelýärler. Tertip boýunça wagt, orun ahwalatlary tutuş sözleme degişli edilip ulanylanlarynda, köplenç, sözlemiň başynda getirilýär: "**Bu gün** onuň



çoluk tutjak gysga bazar günüdi"; "**Birnäçe günden bäri** bu pikir ýigidiň ruhuna ruh goşýardy"; "**Ilki agşamdan bäri** Kasymy synlap oturan Pirguly aganyň ynjalygy gaçypdy"; "**Bu wagtlar** Kasym işlerini bitirip, merdiwan bilen ýokary çykdy. **Bu ýerde** onuň alty sany atlysynyň her birisi bir gözarany aýeläp, gündogara – goňşylar bilen aralykdaky garly meýdana syn edip ýatyrdy".

Sözleriň tertibi logiki basym bilen baglanyşykly üýtgäbem biler. Türkmen dilinde logiki basym bilen baglanyşykly aýdylýan söz habaryň öň ýanyndan getirilýär: "– Ony meniň ýanyma çagyryň" diýen sözlemde "meniň ýanyma" diýen sözler habaryň öň ýanyndan gelýänligi üçin, has nygtalyp görkezilýär. Eger şuny üýtgedip, "– Meniň ýanyma ony çagyryň" diýip aýdaýsak, onda logiki basym "ony" diýen sözüň üstüne düşýär. Şeýlelikde, sözleýän adamyň öz öňünde goýan maksadyna laýyklykda sozleriň tertibi hem üýtgäp biler.

Sözlemde sözleriň tertibiniň üýtgedilip aýdylyşyna hem duş gelinýär. Ol köplenç, habaryň ýeriniň üýtgemegi bilen ýüze çykýar. Sözleýiş dilinde käbir sözlemlerde, ylaýta-da buýruk, ýüzlenme, sorag sözlemlerinde sözlemiň habary logiki basym bilen aýdylyp, birinji orna süýşýär, eýe bolsa ikinji orunda galýar: "Bu toprak guba çöllerinde Hydyr gezen, dumanly daglarynda Kowus gezen, möwçli deňzinde Kyýas gezen **türkmen topragy bu**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Keremli erenler – pirler gezen, Türkmeniň ojagy deý mukaddes, lebzi ýaly halal, buýsanjy ýaly beýik, ynamy ýaly keramatly **Türkmenistandyr bu**" (şol ýerde).

Şygryýetde eýe bilen habaram orunlaryny çalşyp gelýän halatlaryna häli-şindi duş gelinýär:

"**Amanat** – adama berilen **ömür**.
**Amanat** – gazylyp alynýan **kömür**.
**Amanat** – örülip dökülen **saçlar**.
**Amanat** – dürdäne nünji beý **dişler**"

(Garagum. 2000. №1).

# EDEBIÝAT


**Saparmyrat Türkmenbaşy.** Ruhnama. – Aşgabat, 2001.

**Annanurow A.** Türkmen nakyllarynda we atalar sözünde sözleriň tertibi. – Труды института языка и литературы АН ТССР, вып. 2. Ашхабад, 1957.

**Баскаков Н.А.** Предложения с развернутыми членами в каракалпакском языке. – Исследования по сравнительной грамматике тюркских языков. Часть 1. Синтаксис. – М.: Изд-во АН СССР, 1961.

**Çaryýew M.** Türkmen dilinde giriş sözlemler – TSSR YA-nyň habarlary. Jemg. ylyml. seriýasy, 1963. №2.

**Çaryýew M.** Türkmen dilinde giriş sözler we giriş söz düzümleri. – TSSR YA-nyň habarlary. Jemg. ylyml. seriýasy, 1964. №3.

**Çaryýew M.** Türkmen dilinde ümlükleriň sözlemden daşary ýagdaýdaky sintaktik funksiýasy. – TSSR YA-nyň habarlary. Jemg. ylyml. seriýasy, 1964. №4.

**Çaryýew M.** Türkmen dilinde ýüztutma sözleriň leksika-grammatiki taýdan aňladylyşlary. – TSSR YA-nyň habarlary. Jemg. ylyml. seriýasy, 1964. №4.

**Çaryýew M.** Türkmen dilinde ýüztutma sözleriniň gurluş aýratynlyklary. – TSSR YA-nyň habarlary. Jemg. ylyml. seriýasy, 1964. №4.

**Дмитриев Н.К.** Основные вопросы туркменского синтаксиса. – Строй тюркиских языков. – М.: ИВЛ, 1962. С. 395–430.

**Джумаева С.** Главные члены простого предложения в современном туркменском языка. АКД. – Ашхабад, 1971.

**Garaýew A.G.** Anyklaýjylar aýyrgyçlaryň özboluşly görnüşidir. – Türkmenistanyň halk magaryfy, 1990, №2. 62–65 s.

**Garaýew A.G.** Anyklaýjylaryň semantik-funksional aýratynlyklary. – TYA-nyň habarlary. Guman. ylyml. seriýasy, 1992. №2. 60–67 s.

**Garaýew A.G.** Türkmen dilinde anyklaýjylar. KDA. – Aşgabat, 1993. 23 s.

**Guzuçyýew T.** Türkmen diliniň ýazuw ýadygärliklerinde sözlemiň baş agzalary. – Aşgabat: Ylym, 1992.

**Guzuçyýew T.** Türkmen diliniň ýazuw ýadygärliklerinde ýönekeý sözlemiň aýyklaýjy agzalary. – Aşgabat: Ylym, 1993.

**Guzuçyýew T.** Türkmen dilinde ahwalatlar meselesi. – Türkmen dili hem edebiýaty, 1993. №4. 47–49 s.

**Ходжаев Х.О.** Обособленные члены предложения в современном туркменском языке. – Ашхабад: Ылым, 1996. С. 157.

**Hojaýew H.** Aýratynlandyrylan agzalary öwretmek. – Türkmen dili hem edebiýaty, 1995. №3. 39–41 s.

Häzirki zaman türkmen dili. Sintaksis. – Aşgabat, 1962.

**Jumaýewa S.** Türkmen dilinde sözlemiň eýesiniň atlardan bolup gelşi. – TSSR YA-nyň habarlary. Jemg. ylyml. seriýasy, 1970. №4.

**Jumaýewa S.** Sözlemiň baş agzalarynyň ylalaşygy. – Türkmenistanyň halk magaryfy, 1970. №7.

**Jumaýewa S.** Türkmen dilinde sözlemiň habary hakynda käbir maglumat. – TSSR YA-nyň habarlary. Jemg. ylyml. seriýasy, 1970. №6.

**Jumaýewa S.** Türkmen dilinde ýönekeý sözlemiň baş agzalarynyň orny. – TSSR YA-nyň habarlary. Jemg. ylyml. seriýasy, 1971. №3.

**Nartyýew N.** Häzirki zaman türkmen dilinde sözlemiň ýaýbaňlandyrylan agzalary, – TSSR YA-nyň habarlary. Jemg. ylyml. seriýasy, 1975. №5. 68–74 s.

**Nartyýew N.** Häzirki zaman türkmen dilinde ýaýbaňlandyrylan ahwalatlar. — TSSR YA-nyň habarlary. Jemg. ylyml. seriýasy, 1976. №1. 68–75 s.

**Поцелуевский А.П.** Основы синтаксиса туркменского литературного языка. – Избранные труды. – Ашхабад: Ылым, 1975. С. 167–268.

**Saparow H.** Sözlem agzalarynyň tertibi. – Türkmenistanyň halk magaryfy, 1971. №2.

**Saparow H.** Ýönekeý sözlemlerde ahwalatlaryň orny. – TSSR YA-nyň habarlary. Jemg. ylyml. seriýasy, 1971. №4.

**Şyhyýewa O.** Deňdeş eýeleriň häsiýetleri barada. – Türkmen sowet dil biliminiň ösüşiniň käbir meseleleri. – Aşgabat, 1972. 107–112 s.

**Şyhyýewa O.** Deňdeş doldurgyçlaryň käbir aýratynlyklary barada. – Türkmen diliniň we dialektologiýasynyň problemalary. – Aşgabat, 1973. 68–72 s.

**Şyhyýewa O.** Sözlemiň deňdeş aýyklaýjy agzalaryny jemleýji sözler. – Türkmen diliniň we dialektologiýasynyň käbir problemalary.– Aşgabat, 1976. 77–81 s.

**Şyhyýewa O.** Deňdeş agzaly ýönekeý sözlemler bilen düzmeli goşma sözlemleriň özara meňzeşligi we tapawudy barada käbir bellikler. – Türkmen diliniň aktual problemalary. – Aşgabat, 1984. 104–113 s.

**Şyhyýewa O.** Türkmen dilinde sözlemleriň deňdeş ahwalatlary barada käbir bellikler. – Известия АН ТССР. Сер. общ. наук, 1985. №1. С. 75–81.

**Шыхыева О.** Функционирование однородных членов предложения в туркменском литературном языке. АКД. Ашхабад, 1993. С. 29.

**Şyhyýewa O.** Türkmen dilinde sözlem agzalarynyň hatarynda ýüze çykýan düşündirişli we gradasion (yzygiderlilik) gatnaşyklary barada. – TYA-nyň habarlary. Guman. ylyml. seriýasy, 1985. №6.

**Şyhyýewa O.** Sokma sözler. – Halypa, 1995. №5.

**Виноградов В.В.** Основные вопросы синтаксиса предложения (на материале русского языка). – В кн.: Вопросы грамматическая строя – М.: Из-во АН СССР, 1955.



# ÝÖNEKEÝ SÖZLEMIŇ GURLUŞY

## Umumy maglumat

Ýönekeý sözlemde bir sany habarly gatnaşyk bolýar, şonuň üçin oňa *ýönekeý sözlem* diýilýär: “**Şally ahun** damak ýyrtyp **gygyrypdy**” (G.Kulyýew. Ýowuz günler); “**Şahyryň sözleri** serdaryň tenine ýylan zäheri bolup **çaýyldy**” (şol ýerde).

Aýyklaýjy agzalaryň gatnaşyp – gatnaşmazlygyna garap ýönekeý sözlemler iki topara bölünýärler:

1. Ýygnak ýönekeý sözlem.
2. Ýaýraň ýönekeý sözlem.

***Ýygnak ýönekeý sözlem*** diňe baş agzalardan hasyl bolýar. Munda aýyklaýjy agzalar bütinleý gatnaşmaýar: “**Tarhan dowam etdi**” (G.Kulyýew. Ýowuz günler). “**Sazanda ykjamlandy**” (Garagum. 2000. №8).

***Ýaýraň ýönekeý sözlemde*** bolsa, baş agzalardan başga, aýyklaýjy agzalar hem gatnaşýar: “**Şahyr** säginmän **jogap berdi**” (G.Kulyýew. Ýowuz günler); “**Töwerekdäkiler** ony **köşetmäge durdular**” (şol ýerde); “Illi hanyň möle **gözleri petredi**” (şol ýerde). “Hawa, Türkmen **halkymyz** täze eýýama – XXI asyra **gadam goýdy**” (Garagum. 2000. №1).

Baş agzalaryň doly gatnaşyp – gatnaşmazlygy boýunça hem ýönekeý sözlemler iki topara bölünýärler:

1. Ikidüzümli sözlem.
2. Birdüzümli sözlem.

## Ikidüzümli sözlem

Ikidüzümli sözlem bolanda, baş agzalaryň (eýe, habar) ikisi hem sözlemde gatnaşýar: "**Ykbal** maňa iki sany müňýyllygyň sepgidinde türkmene baştutan bolmak paýyny **berdi**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

Ikidüzümli sözlemleri habarlarynyň häsiýetine, ýagny haýsy söz toparyndan bolup gelenligine garap iki topara bölmek bolar:

1. Ikidüzümli işlik sözlemi.
2. Ikidüzümli isim sözlemi.

## Ikidüzümli işlik sözlemi

Ikidüzümli işlik sözleminiň habary işliklerden bolýar. Şonuň üçin bulara ***ikidüzümli işlik sözlemi*** diýilýär.

Häzirki zaman türkmen dilinde ikidüzümli işlik sözleminiň habary bir sözden we birden artyk sözleriň birikmeginden emele gelýär. Şuňa görä bu hili sözlemleri iki topara bölüp derňemek oňaýlydyr:

1. Sada habarly ikidüzümli işlik sözlemi.
2. Goşma habarly ikidüzümli işlik sözlemi.

### 1. *Sada habarly ikidüzümli işlik sözlemi*

Bu hili sözlemleriň habarlary aşakdaky ýaly şekillenýär:

1. Işlik zamanlary ikidüzümli işlik sözleminiň sada habary hyzmatynda iň köp ulanylýan şekildir. Bular birlik we köplük, barlyk ýa-da ýokluk şekillerde gelýärler. Şeýle habarlar özlerinden aňlanylýan hereketi belli bir zamana degişli edip görkezýärler:

*işligiň häzirki zaman şekilinden bolan* sada habarly ikidüzümli işlik sözlemi many taýdan umumy bolýan gymyldyny, adat boýunça gaýtalanyp duran ýa-da hut şu wagt bolan hereketi bildirýär: "Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrligi Gypjakdaky Türkmenistanyň Prezidenti S.A.Nyýazow adyndaky dokma toplumynda öndürilen önümleriň Täze ýyl söwda satuwyny **geçirýär**. Önümler dokma toplumynyň Gypjakdaky we Aşgabatdaky "Altyn Asyr" haryt zynatlyk merkezindäki firma dükanlarynda satylýar" (Türkmenistan. 31.12.2001); "Balyk suwda **ýaşaýar**"; "Agaç dikligine **guraýar**" (Dana sözler);

*geljek zaman şekilinden bolan* sada habarly ikidüzümli işlik sözlemi many taýdan geljekde ýüze çykjak hereketi görkezýär. Bular iki görnüşde duşýar:

*mälim geljek zamanyň üsti bilen emele gelýän* ikidüzümli işlik sözlemi: "Men senden bir zat **sorajak**" (A.Durdyýew. Saýlanan eserler); "Biz muny düýpde **oturtjak**" (şol ýerde);

*nämälim geljek zamanyň üsti bilen emele gelýän* ikidüzümli işlik sözlemi: "Hakykat polady **ýarar**" (Nakyllar we atalar sözi); "Ulynyň diýenini **etmedik uwlar**" (şol ýerde);

*işligiň öten zaman şekilinden bolan* sada habarly ikidüzümli işlik sözlemi birlik we köplük sanda, barlyk we ýokluk şekilde gelýär. Many taýdan öň bolup geçen hereketi aňladýar: "2001-nji ýyl! Sen bagtly ýyl bolup her birimiziň ykballarymyza **girdiň**! Beýik Garaşsyzlygymyzyň şanly on ýyllygyny biz sende **belläp geçdik**. Ikinji on ýyllyga **gadam basdyk**. Geçen ýyllar üýtgeşik wakalar, täzelenişler, özgerişler, ösüşler bilen **bezeldi**" (Türkmenistan. 31.12.2001).

Bu topardaky ikidüzümli işlik sözleminiň habary "-my, -mi, -myka, -mikä" sorag goşulmasyny-da kabul edip gelýär: "– Ogul, sen biziň çagyryş hatymyzy **aldyňmy**?" (A.Durdyýew. Saýlanan eserler).

Işligiň öten zaman şekiliniň kömegi bilen deňdeş habarly ikidüzümli işlik sözleminiň emele gelşi hem bar: "Siz azat bolan türkmen halkyny ruhy we öňe ilerlemegiň belentligine alyp geldiňiz, onuň öňünde Altyn asyryň gapylaryny giňden **açdyňyz**" (Türkmenistan. 31.12.2001).

2. Işligiň isleg şekili birlik we köplük sanda ikidüzümli işlik sözleminiň sada habary hyzmatynda ulanylýar. Many taýdan islegi, soramagy, haýyş etmegi aňladyp, hereketiň geljekde ýüze çykjagyny bildirýär: "Men **ugraýyn**"; "Beýleki tarapdan, ýokarky maddy gymmatlyklaryň – döredijilik netijeleriniň taryhy ýaşyna **aň edeliň**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

3. Işligiň buýruk şekili degişli ýöňkemede ikidüzümli işlik sözleminiň sada habary hyzmatynda ulanylýar. Many taýdan buýrugy, haýyş etmegi, ýalbarmagy, soramagy aňladyp, geljekde ýüze çykjak hereketi bildirýär: "Sen hem bu yssyda meýdanda ýanyp-bişip ýöreniňden, meniň ýanyma **geläý**" (Türkmen halk ertekileri); "Eziz ildeşlerim, emma siz jahankeşde dälsiňiz, siz bu topraga **zyýarat ediň**, geçip giden beýik-beýik pirleriň, serdarlaryň, ata-babalaryň gadamlaryny **togap kylyň**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

4. Işligiň şert şekili ikidüzümli işlik sözleminiň sada habary bolup gelýär.

Işligiň şert şekili barlyk galypda degişli ýöňkemede, kem işlik goşulmasy bilen ulanylýar:

"Semawarym **bolsady**,
Gaýnap sesi **gelsedi**.
Gök çaý içip otyrkam,
Boýdaşlarym **gelsedi**"
(*Läleler*).

Işligiň şert şekili ýokluk galypda degişli ýöňkemede, kem işlik goşulmasy bilen ulanylýar:

"Bu daglar **bolmasady**,
**Geýenim** solmasady.
Meniň joram, aý gyzlar,
Aýralyk **bolmasady**"
(*Läleler*).



## 2. *Goşma habarly ikidüzümli işlik sözlemi*

Häzirki zaman türkmen dilinde ikidüzümli işlik sözleminiň goşma habarlary aşakdaky ýaly şekillenýär:

1. Bu topardaky sözlemleriň habarynyň iki sözi hem işliklerden bolýar. Olaryň bir sözi öňünden gelip, öz yzyna işligiň dürli şekillerini kabul edýär. Beýlekisi soňundan gelip, öňdäki işlige kömekçilik hyzmatyny ýerine ýetirýär. Şol kömekçilik hyzmatynda gelýän işlikler goşulmalar bilen üýtgäp, goşma habardan aňlanylýan düşünjäni belli bir zamana, şahsa degişli edip gelýär.

Ikidüzümli işlik sözleminiň goşma habary hereketiň ýüze çykyşynyň dürli döwürlerini aňladýarlar:

***hereketiň başlanyşyny görkezýärler***: "Agşamyň garaňkysy gatyşybildigi, myhman ýeriminiň alty ganatly öýüne oba adamlary **üýşüp başlady**" (N.Saryhanow. Saýlanan eserler);

***hereketiň dowamlylygyny görkezýärler***: "Ine, şol söz üçin Altynyň ejesi Altyny doganynyň ogluna **saklap geldi**" (A.Durdyýew. Saýlanan eserler); "Türkmenistan kuwwatly öküz şekilli bolup, Hazar deňzine maňlaýyny **diräp dur**... Köşgüň sag gapdalynda "sary öküz" Ýer togalagynyň şekilini depesine **göterip dur**..." (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

***hereketiň gaýtalanýanyny görkezýärler***: "Alymlar, professorlar hepdeden-hepdä biziň obamyza **gelip durýarlar**" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler);

***hereketiň bolup gutaranyny görkezýärler***: "Ol oba adamlarynyň salgy beren gyzly öýleriniň baryna **baryp çykdy**" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

Ikidüzümli işlik sözleminiň goşma habary hereketiň häzir bolanyny, şonuň dowamlylygyny bildirýär. Käte bolsa bular sözlemiň eýesine mahsus bolan bir ýagdaýy, alamaty aňladýar. Şeýle habarlaryň ilki sözi hal işlik formasyndan bolup, anyk häzirki zaman aňladýan kömekçi işlikler bilen ulanylýar:

***"durmak" kömekçi işligi bilen ulanylyşy:***

"...Elektropoýezdler minutsaýyn iki ýana **geçişip dur**"; "Onuň gözleri **ýanyp dur**"; "Berdiniň ýüzi **gülüp dur**"; "Elleri atyşgiriň sapy ýaly **sandyrap dur**"; "Goşun **ugrajak bolup dur**"; "Meleguşuň diriň-diriň bökeni heniz hem meniň gözümiň öňünde **aýlanyp dur**...";

***"oturmak" kömekçi işligi bilen ulanylyşy:*** "Görogluny ýetmezräge-de **kowup otyr**" (Görogly); "Gandym pagta çigidiniň künjarasyny soka salyp, gütledip **döwüp otyrdy**";

***"ýatmak" kömekçi işligi bilen ulanylyşy:*** "Il seňňere **gabalyp ýatyr**" (A.Gowşudow. Perman); "Begenç Kemerli dagyndan göz alyp, Gürgene bakan şaglap akýan giň ýabyň boýunda salkyn saýada maslahatyň tizräk gutararyna **garaşyp ýatyrdy**" (G.Kulyýew. Magtymguly); "Ot ýatyrylman **tohumlap ýatyr**" (A.Gowşudow. Perman);

***"ýörmek" kömekçi işligi bilen ulanylyşy:*** "Sen bolsaň onuň duzuny **iýip ýörsüň**!"; "Senem ele düşmejek perizadyň yzyna düşüp, eneň-atańdan **gaçyp ýörsüň**". "Birnäçe adam çyn sözlemän, ýalan-ýaşryk, kezzapçylyk bilen **gün görüp ýörýä**"; "Häzir-de ol süýşüp gelýän eýmenç apatyň öňünde pidakärlerçe janyny orta goýup, gorkuly **gadamlar basyp ýördi**"; "Ýalaňaçlanyp goýlan Meleguş giň ädimler bilen gazygynyň daşynda **aýlanyp ýördi**".

Ikidüzümli işlik sözleminiň goşma habary ýüze çykýan herekete sözleýjiniň her hili garaýşyny aňladýar. Şeýle goşma habaryň, ilki sözi hal, şert, häzirki ýa-da öten zaman ortak işlik şekilleriniň birinde bolýar. Olary manylary boýunça aşakdaky ýaly toparlara bölmek mümkin:

***hereketiň ýüze çykmagynyň mümkin ýa mümkin dälligini aňladýar:*** "– Hojam aga doga-da **ýazyp bilenok**" (N.Saryhanow. Saýlanan eserler); Men ol haty gözüm düşen dessine **okap bildim**" (şol ýerde); "Başlangyç klasyň okuwçylary bu mysaly **çözup bilmez**"; "Islendik pikirleri, düşünjeleri köre-körlük bilen kabul etmek, ruhy zeper **ýetirip biler**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama);

***göwnüýetmezçiligi aňladýar:*** "Ol özüniň gyz çykaranyny maňa **aýtmadyk boldy**" (N.Saryhanow. Saýlanan eserler); "Hoşgeldi **gaharlanan boldy**" (A.Gowşudow. Köpetdagyň eteginde); "Hoşgeldi bolsa göýä hiç zatdan habarsyz ýaly bagşy **diňlän bolýar**" (şol ýerde);



***hyýallanmagy aňladýar:*** "Ýerinden **galmakçy boldy**";

***adaty hereketi aňladýar:*** "Ol gerek şaýlaryny bazar nyrhy bilen şondan **alýar eken**" (Ö.Abdyllaýew. Ýüregiň emri bilen)"; "Ol awtomaşyna-da **bolýar eken**" (şol ýerde).

2. Bu topardaky sözlemleriň habaryny emele getirmäge esasy sözi isimlerden bolan goşma işlikler gatnaşýar. Şunda goşma habaryň bir bölegi isimlerden bolup, öňden gelýär. Ikinji bölegi işliklerden bolup, soňdan gelýär. Şeýle sözler many taýdan baglanyşyp, tutuş bir düşünjäni aňladýarlar we ikidüzümli işlik sözleminiň goşma habaryny düzýärler.

Ikidüzümli işlik sözleminiň goşma habary hyzmatynda isimler dürli kömekçi işlikler bilen ulanylýarlar:

***"bermek" kömekçi işligi bilen:*** "Men size bu ugurdan başga bir **gürrüň bereýin**" (N.Saryhanow. Saýlanan eserler);

***"galmak" kömekçi işligi bilen:*** "Men onuň yhlasyna **haýranlar galdym**" (N.Saryhanow. Saýlanan eserler);

***"etmek" kömekçi işligi bilen:*** "Onsoň ol ýüzüni çytybraga-da sözüni **dowam etdi**" (N.Saryhanow. Saýlanan eserler); "Olar iliň mähir bagynda goralan, ösdüren göz guwanjyny, gyzyl gülüni basalap **torç edýärler**".

3. Ikidüzümli işlik sözleminiň goşma habary üç sözüň birikmeginden düzülýär. Olaryň esasy sözi hyzmatynda goşma işlikler gelýär. Kömekçi işlik hyzmatynda bolsa dürli sözleriň ulanylmagy mümkin:

***"ugramak" kömekçi işligi:*** "Ol buýruga tiz gopup, işe ýürekli ýapyşmaga adat **edinip ugrady**" (A.Durdyýew. Saýlanan eserler);

***"bilmek" kömekçi işligi:*** "Ata bu ýagdaýa **garap durup bilmedi**";

***"eken" kem işligi:*** "– Adamlar **hil-hil bolar eken**"; "Adamzadyň ganymy **garrylyk bolar eken**";

***"ýok" modal sözi:*** "Aý, ussa Pirgula şägirt bolan **hor bolasy ýok-la**";

***"däl" modal sözi:*** "– Gözelim, hiç bir ynsan gaýgy-gamy özüne **diläp alýan däldir**"; "Indi bular-a **derde ýarajak däl**" (Ö.Abdyllaýew.

Ýüregiň emri bilen); "Biz ata-eneden geçirimliligi talap edip, belki, öte **geçýän däldiris**" (A.Kekilow. Syrylan bulut).

4. Ikidüzümli işlik sözleminiň goşma habary belli bir wagty hem aňladyp gelýär. Şeýle habarlaryň grammatiki eýesi, köplenç "wagt, gün, gije, aý" ýaly sözlerden bolýar: "Wagt **ýassydan agyp ýördi**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Wagt **ikindine golaýlap ýördi**" (şol ýerde).

5. Ikidüzümli işlik sözleminiň goşma habary hyzmatynda idiomatik ýa-da durnukly söz düzümleri ulanylyp, bir bitewi düşünjäni aňladýarlar:

***"götermek" işligi bilen:*** "Ol ony silterläp ýykdy-da, **ökje göterdi**"; "Meret ýoldan sowlup, ekinleriň içi bilen oba tarap **ökjäni göterdi**";

***"bolmak" işligi bilen:*** "Heniz uruş görmedik, aldanyp getirilen türkmen atly ýigitleriniň köpüsi bolsa birinji gün möýüň çagasy ýaly **duw-dagyn boldy**"; "Siziň ýaşlykdan başlap çeken ýüküňizi, belki, daglar-daşlaram göterip bilmän, ýegşerip, **ýer bilen ýegsan bolardy**";

***"etmek" işligi bilen:*** "Şonluk bilen, şu işi Abadan **depmehalal etdi**"; "Söýgi muhabbet, gözel maksat gara çadyra dolanan apat gorkyny **ýer bilen ýegsan etdi**";

***"galmak" işligi bilen:*** "Jigitleriň barysy atlarynyň başyny çekip, **doňan ýaly bolup galdy**";

***"gitmek" işligi bilen:*** "Biçäre gyz armanlyja **gözüni açyp gitdi**"; "Bu mahal Altynyň ölüm ýassygyna baş goýan kakasy **gözüniň öňünden gitmedi**".

## Ikidüzümli isim sözlemi

Ikidüzümli isim sözleminiň habary isimlerden bolýar. Şonuň üçin bulara ***ikidüzümli isim sözlemi*** diýilýär.

Ikidüzümli isim sözleminiň habary bir sözden hem, birden artyk sözlerden hem bolup biler. Şuňa görä bu sözlemleri hem iki topara bölmek mümkin:



1. Sada habarly ikidüzümli isim sözlemi.
2. Goşma habarly ikidüzümli isim sözlemi.

### *1. Sada habarly ikidüzümli isim sözlemi*

Bu hili sözlemleriň habary bir sözden emele gelen isimlerden bolýar. Şunda atlar, sypatlar, çalyşmalar, hal we beýleki isimler habar hyzmatynda gelýärler. Olar eýäniň kim we nämedigini, sypatyny, mukdaryny ýa-da başga bir alamatyny bildirýärler.

Bu topardaky ikidüzümli isim sözleminiň manysy-da, gurluşy-da bir-birlerinden tapawutlanýar.

Atlar ikidüzümli isim sözleminiň sada habary bolup gelýär. Şunda olar eýäniň kimdigini, nämedigini, kärini eýä degişli bolan başga bir aýratynlygy bildirip, birlik we köplük sanda ulanylýarlar:

***birlik sanda ulanylyşy:*** "Munuň ady – **Nurulla**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Demini alan goşa çäýnegiň çaýyny derçiräp içýän – **Mama**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Her kimiň öz dogan jaýy özüne – **Müsür**" (Dana sözler); "Atyň atasy – **arpa**" (şol ýerde); "Aty saklamak – **döwlet**" (şol ýerde); "Umuman, hemmesem oňat **oglanlar**" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak).

Bularyň kem işlik goşulmasyny kabul edip gelşi-de bar: "Türkmeni türkmen etjek **türkmendir**!" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Okamak, öwrenmek durmuş hakda has düýpli **oýlammakdyr**" (şol ýerde); "Okamak, öwrenmek Beýik Allatagalanyň **alkyşydyr**" (şol ýerde).

### *2. Goşma habarly ikidüzümli isim sözlemi*

Bu hili sözlemleriň habarlary iki we ondan artyk sözleriň özara baglanyşyp gelmeginden ybarat bolýar. Goşma habaryň iki sözi hem atlardan ýa-da isimlerden bolýar. Şunda at, sypat, san, çalyşma we hal sözleri eýerjeňli baglanyşyk esasynda biri-birleri bilen

baglanyşýarlar. Şeýle habarlaryň her bir sözi özbaşdak manyly sözler bolsalar-da, sözlem içinde olar ýekelikde alnanda, eýä degişli bolan bir alamaty anyk görkezip bilmeýärler. Şonuň üçin hem şeýle sözler birigip, tutuşlygyna ikidüzümli isim sözleminiň goşma habary hyzmatynda gelýärler we eýe dogrusynda bir zady anyk görkezýärler.

1. Ikidüzümli isim sözleminiň goşma habarynyň iki sözi hem atdan bolup gelýär: "Ol **Oraz serdardy**".

2. Ikidüzümli isim sözleminiň goşma habarynyň esasy sözi atdan, garaşly sözi hem sypatdan bolup gelýär: "Emma häzir bu gelniň gijäniň içinde beýdip barmagy sähra jereniniň şähere gelmeginden hem **geň hadysady**"; "Aýyň ýigrimisi türkmen üçin **belli bir gün**"; "Adam eli – **gyzyl gül**"; (Dana sözler); "Dostsuz başym – **duzsuz aşym**" (şol ýerde).

3. Ikidüzümli isim sözleminiň goşma habarynyň soňky sözi atdan bolup, garaşly sözi sandan hasyl bolýar: "Guduzlan itiň ömri **kyrk gün**" (Nakyllar we atalar sözi); "Kärendäniň bahasy **bäş müň manat**"; "Şu günüň gün tertibinde durýan wezipe – **birinji mesele**" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak).

4. Ikidüzümli isim sözleminiň goşma habarynyň garaşly sözi eýelik düşümde gelýär. Soňky sözi atlardan bolup, ol degişlilik goşulmalaryny kabul edýär. Şu hili sözlemleriň eýe we goşma habar tarapy, köplenç, bir-birlerine deň gelýär: "Halkyň gaýgysy – **meniň gaýgym**"; "Seniň balkyldaýan gara gözleriň – **garaňky göwnümiň yşygy**"; "Köpüň dilegi – **kölüň suwy**" (Nakyllar we atalar sözi); "Adam balasy – **iliň lälesi**" (Dana sözler); "Iki adam – **bir adamyň Hudaýy**" (şol ýerde); "Dost – **dostuň aýnasy**" (şol ýerde); "Haýbat – **zoruň ýary**" (şol ýerde); "Ylym – **akylyň ýary**" (şol ýerde); "Dil – **ýüregiň açary**" (şol ýerde).

## Birdüzümli sözlem

Birdüzümli sözlemde baş agzalaryň haýsy-da bolsa biri, adatça habary gatnaşýar: "Özüňden ulyny **sylarlar**".



Sözlemiň habarynyň haýsy söz toparyndan bolup gelýänligine garap birdüzümli sözlemleri iki topara bölüp görkezmek boljak:

1. Birdüzümli işlik sözlemi.
2. Birdüzümli isim sözlemi.

### 1. Birdüzümli işlik sözlemi

#### *Eýesi mälim sözlem*

Eýesi mälim sözlem bilen eýeli sözlem bir zat däldir. Meselem:

"**Aşyr** bäşinji klasda okaýar.
**Olar** şähere gitmeli.
Täze güýç bilen okuwa **başlarys**"[1].

Şularyň başky ikisi, hakykatdan hem, ikidüzümli – eýeli hem habarly sözlemlerdir. Üçünji bolsa eýesi mälim sözlem bolup, birdüzümli sözlemlere degişlidir, çünki bu sözlemde şekil taýdan eýe gatnaşmaýar, ýöne onuň barlygy we haýsy şahsdygy açyk belli bolýar. Şonuň üçin bu hili sözlemlere ***eýesi mälim sözlem*** diýip at berilýär.

Ýöne eýesi mälim sözlemi eýesi galdyrylan doly däl sözlemler bilen gatyşdyrmak bolmaz. Eýesi mälim sözlemiň eýesi sözlemiň habaryndan, ýagny şahs görkezýän goşulmalardan aňlanylýar. Meselem: "– Bä, hany bäri **al,** bir **göreýin-le!**" diýen sözlemde eýäniň haýsy şahsdygyny habar görkezip dur. Ony hiç bir kynçylyksyz dikeltmek mümkin: "– Bä, hany **(sen)** bäri **al**, **(men)** bir **göreýin-le**".

Doly däl sözlemlerde galdyrylan eýäni diňe kontekstden ýa-da umumy ýagdaýdan bilmek mümkin. Eger öň ýanyndaky

---

[1] Azymow P., **Baýlyýew H., Çaryýew M.** Türkmen dili. – Aşgabat: Magaryf, 1985. 121 s.

"Pyçaklaryňyz jöwhermi?" diýen sözlemi aýyrsak, aşakdaky sözlemleriň eýesini anyklamak mümkin däldir:

– **Jöwher.**

– Sapar, seňkem jöwhermi?

– **Jöwher.**

– **Jöwher bolsa bolýa.**

Eýesi mälim sözlemde şekil taýdan eýe sözlemiň içinde gelmeýär, ýöne onuň barlygy sözlemiň habaryndan mälim bolýar. Şonuň üçin bu hili sözlemlerde, hakykatyna garanyňda, sözlemiň eýesi bar. Emma ol sözlemde gönüden-göni gatnaşmaýar: "Özümiň göwnüm küýsäp, milletime Ruhnama kitabyny **bagyşlaýaryn**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Diňe bir sapaklaryma degişli kitaplary okamak bilem çäklenmän, türkmen taryhyna degişli gyt kitaplary hem ürç edip **okardym**" (şol ýerde). "Näçe ýyldyr, mähir ýylylygyny görmän, ruhsuz ten bolup **gezdim**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "– Näme beýle **saňňyldaýarsyň?**" (şol ýerde); "– Hany, ondan soň **dostlaşypdyňyz ahyryn?**" (şol ýerde).

## *Eýesi nämälim sözlem*

Eýesi nämälim sözlemde eýäniň kimdigi, nämedigi açyk görünmeýär ýa-da ony mälim etmek göz öňünde tutulmaýar. Şu hili sözlemlere ***eýesi nämälim sözlem*** diýilýär.

Türkmen dilinde eýesi nämälim sözlemiň habary aşakdaky ýaly görnüşlerde gelýär:

1. Eýesi nämälim sözlemiň habary häzirki, öten hem nämälim geljek zaman şekilleriniň üçünji ýöňkemesinden bolup, köplük sanda getirilýär: "Onuň haýyşyny **kanagatlandyrdylar**" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak); "Tiz-tiz **habar alyp durýarlar**". "Obanyň günbatar çetinde uly öwlüýä bolup, oňa her juma güni uzak ýerlerden **zyýarata gelerdiler**"; "Çyrany **ýakdylar**" (N.Jumaýew. Ýuwaş gelin); "Geçinem öz aýagyndan **asarlar,** goýnam" (Nakyllar we atalar sözi).

Şu hili sözlemleri eýesi galdyrylan doly däl sözlemler bilen gatyşdyrmak bolmaz. Eýesi galdyrylan doly däl sözlemlerde eýe öň



ýanyndaky sözlemden, kontekstden ýüze çykarylýan bolsa, bu hili sözlemlerde eýe kontekstden aňlanylmaýar. Umuman, onuň barlygy duýulýar. Ýöne onuň kimdigi, nämedigi açyk görünmeýär. Eýsem onuň görünmeginiň hajaty hem ýok. Çünki bu ýerde mesele eýe barada däl-de, has köpräk – habarda. Şonuň üçin hereketiň kim tarapyndan ýüze çykarylýany nämälim bolup galýar. Mysal üçin, "**Ol** eşiklerini oturgyja **taşlady.** Ýüz görülýän ullakan aýnanyň öňüne baryp, özüne seredip **güldi**" diýen mysalda eýe getirilmese-de, onuň kimdigi, nämedigi öň ýanyndaky sözlemden aýan bolýar. Emma "Tiz-tiz **habar alyp durýarlar**" diýende bolsa, sözlemiň eýesiniň kimdigi açyk belli bolmaýar, öň ýanyndaky sözlemden hem aňlanylmaýar. Şu hili sözlemlerde habar köplük sanda ulanylsa-da, eýäniň birlik sanda bolmagy hem mümkin. Munuň özi hem onuň nämälimdigini bildirýär.

2. Eýesi nämälim sözlemiň habary işligiň nämälim geljek zaman şekilinden bolup, köplük sanda, üçünji ýöňkemede ulanylýar. Many taýdan birine öwüt bermegi aňladýar: "Wagtynda **habar tutarlar**. Biderek **gezmezler**"; "Birneme wagtragynda **gelerler**"... "Arzylanýan ýeriňden **gitmezler**". Şu hili sözlemlerde logiki eýe aňlanylýan hem bolsa, ol grammatiki taýdan habar bilen ylalaşmaýar. Şoňa görä bu hili sözlemler hem eýesi nämälim sözlemlere goşulyp biler. Bular nakyllarda, atalar sözünde köp duşýar: "Her ýurduň towşanyny öz tazysy bilen **awlarlar**".

Sözleýän adam ikinji şahsyň adyndan hem özi barada gürrüň berip biler. Şunda ol ikinji şahsa degişli işlik şekillerini ulanýar. Şu hili sözlemler hem, grammatiki eýe bilen logiki eýäniň deň gelmeýäni üçin eýesi nämälim sözlemleriň hatarynda öwrenilip biler: "Ol aýak çekdi-de, agras dem alyp, öz-özüne sowal berdi"; "Kime **ýüz tutjak,** kimden pena **gözlejek?**"; "Şeýle talyplara diýseň **guwanýarsyň,** ösüp gelýän ýaş nesli okatmak we terbiýelemek işinde olara uly üstünlikler **arzuw edýärsiň**".

Sözlemiň habary ikinji ýöňkemede gelen buýruk işliklerden hem bolup biler. Many taýdan belli bir netijä gelmegi, aýgyt etmegi aňladýar. "Indi **ber habaryňy**, näme iş etmeli? (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

4. Sözleýän adam üçünji şahsyň adyndan hem öz pikirini aýdyp biler. Şunda eýesi nämälim sözlemiň habary üçünji ýöňkemede, köplük sanda gelen işligiň häzirki zaman şekilinden bolýar. Many taýdan buýurmagy, tabşyrmagy, öwüt-ündew etmegi aňladýar: "Saňa näçe sapar **aýdýarlar**, gaýdyp şu mesele bilen ýüz tutma diýip". Şunuň özi, hakykatyna garanda "Saňa näçe sapar aýdýaryn…" görnüşinde birlik sanda, birinji ýöňkemede ulanylmaly. Emma bu ýerde sözleýän adam özüni görkezmezlik maksady bilen, köpçüligiň adyndan üçünji ýöňkemä degişli edip gürleýär. Şeýlelik bilen, sözlemiň hakyky eýesi grammatiki taýdan görünmeýär we eýe bilen sözlemiň habary ylalaşmaýar. Şoňa görä bu hili sözlemler eýesi nämälim sözlemlere mysal bolup biler.

5. Haýsydyr bir zat ýa biriniň ady bilen tanyşdyrylanda, "diýmek" işligi häzirki we nämälim geljek zaman şekilleriniň üçünji ýöňkemesinde, köplük sanda ulanylýar. Şunuň "diýip tutardylar" ýaly ulanylyşy hem bar. Munda sözlemiň habary köplük sanda, üçünji ýöňkemede gelýänine garamazdan, eýesi nämälim bolup galýar: "– Eý, Garaja batyr! Saňa **ýüregi kereplän bende diýerler**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Adyma **Gulamaly diýýärler**" (şol ýerde); "Biziň obamyzyň iň garrylaryndan birine **Nyýazmyrat diýerdiler**". (A.Gowşudow. Saýlanan eserler). "Saňa köpçülige syrtyny diräp, batyrlyk satýan **namart diýerler**! (Edebiýat we sungat. 02.02.2002); "Oňa **Narmämmet aga diýýärler**" (Türkmenistan. 07.05.2002).

6. Eýesi nämälim sözlemleriň habary işligiň şert-arzuw şekilleriniň ikinji ýöňkemesinde gelen sözlerden bolup biler. Many taýdan sözleýän adamyň bir zady arzuw edýänligi aňlanylýar. Sözlemiň habarynyň ikinji ýöňkemede bolmagyna garamazdan, onuň mazmuny birinji ýöňkemä degişlidir: "Şu wagt bir gawun **iýseň**!"; "Uly şäherlere gezmäge **gitseňdiň**!".

Eýesi nämälim sözlemleriň habary gönüden-göni eýäni görkezip bilmeýär. Aslyýetinde sözlemiň eýesi habaryň şekiline görä bolmaly hem bolsa, ol sözlemde anyk görkezilmeýär. Doly däl sözlemlerdäki ýaly, ony kontekstden ýüze çykarmak hem mümkin däl.



7. Eýesi nämälim sözlemiň habary üçünji ýöňkemede, birlik sanda gelen işligiň nämälim geljek zaman şekilinden bolýar. Many taýdan gürrüň berýän adam öz adyny orta goýup, mahabatlandyryp, şonuň adyndan sözleýär. Şunda sözlemiň grammatiki eýesi logiki taýdan sözleýän adamy bildirýär: "Päheý, bulaň aýdýanyna sered-ä. "Näderisdenem" bir gürrüň bormy? Atanyýazyň jany sag bolsa, zady gaýgy etmäň. Ýene **düzeder**" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak).

8. Işligiň nämälim geljek zaman şekili köplük sanda, üçünji ýöňkemede ulanylyp, eýesi nämälim sözlemiň habary bolup gelýär. Bu 2-nji punktda görkezilen bilen şekil taýdan meňzeş bolsa-da, manysy boýunça ondan tapawutlydyr. Ol geljekde edilmeli işi görkezip, öwüt bermek manysynda ulanylýan bolsa, bu ýerde däp boýunça gaýtalanyp duran adaty hereket aňlanylyp, ony ýüze çykarýan şahsyň kimdigi belli edilmeýär: "Her ýurduň towşanyny öz tazysy bilen **awlarlar**"; "Goýnam öz aýagyndan **asarlar,** geçinem"(Nakyllar we atalar sözi).

## *Eýesi umumy sözlem*

Sözlemiň habaryndan aňlanylýan hereket hemme şahslar ücin umumy bolýar. Şu hili sözleme ***eýesi umumy sözlem*** diýilýär. Eýesi nämälim sözlemde eýe açyk görkezilmeýän bolsa, eýesi umumy sözlemde ol umumylaşdyrylan görnüşde berilýär. Munda hereketi ýüze çykarýan şahsyň barlygy açyk görünýär – üç ýöňkemede gelen at çalyşmalarynyň her biri şeýle eýe bolup biler. Eýesi umumy sözlemiň habary aşakdaky şekillerden bolmagy mümkin.

1. Eýesi umumy sözlemiň habary işligiň hökmanlyk şekilinden bolýar: "…Ýagyny ýarpy ýoldan **gaýtarjak bolmaly**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Ertiriň **gamyny etjek bolmaly**" (şol ýerde); "**Çilim çekmeli däl**" (şol ýerde).

Eýesi umumy sözlemiň habary işligiň hökmanlyk şekilinden bolup gelende, many taýdan bir işi etmegiň hökman gerekligi aňlanylýar. Ýöne şunda ol hereketi ýüze çykarmaly şahsy açyk görkezmeýär. Sözlemiň habary bolsa şahs görkezýän goşulmalary

kabul etmeýänligi üçin, şol durşuna hereketi ýüze çykarýan şahsy görkezmäge ukypsyz bolýar: "Ýeri, indi **nätmeli**?" (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar); "Ýöne nähili **jogap bermeli**?" (şol ýerde); "**Nätmeli**? **Nätmeli**?.." diýip, dykyn alyp duran gaýgy-hesretler zerarly gygyranyny Gözeliň özi hem aňmady" (şol ýerde); "Eýse **näme etmeli**? (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Salgyt tölemek üçin puly nireden **tapmaly**?" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler);

Şu şekil "Men **okamaly**", "Sen **ýazmaly**" diýen ýaly ikidüzümli sözlemlerde, "**Ondan** düýn hat **aldym**. Şu gün Aşgabatdan **ugramaly**" diýen ýaly eýesi galdyrylan doly däl sözlemlerde hem ulanylýar. Emma olaryň habarynyň meňzeşligine esaslanyp, bu hili sözlemlere eýesi umumy sözlem hökmünde garamak bolmaz.

2. Eýesi umumy sözlemiň habary işligiň buýruk şekilinden bolup, birlik sanda, ikinji ýöňkemede ulanylýar. Göräýmäge, sözlemiň eýesi ikinji şahs ýaly, emma sözlemiň manysy saňa-da, maňa-da, oňa-da degişli. Şonuň üçin hem *eýesi umumy* diýilýär. Bu hili sözlemler, köplenç, atalar sözünde, nakyllarda duş gelýär: "Berimsiz baýlara barandan, keremli daglara **bar**" (Nakyllar we atalar sözi); "Bu günki işiňi ertä **goýma**" (şol ýerde); "Giç **ýat-da**, ir **tur**, alty pişegi artyk **ur**" (şol ýerde); "Süýtsüz **mäleme**" (şol ýerde).

3. Eýesi umumy sözlemiň habary üçünji ýöňkemede gelen işligiň nämälim geljek zaman şekilinden bolýar. Ol şekil taýdan üçünji şahsa laýyk gelse hem, ondan aňlanylýan pikir hemme şahslar üçin umumydyr. Bularyň nakyllarda, atalar sözünde ýörgünli ulanylmagynyň sebäbi hem şonuň üçindir: "Üwemän **öwser**, dokaman **garyşlar**" (Nakyllar we atalar sözi); "Jüýjäni güýz **sanarlar**" (şol ýerde).

4. Şert işlik şekili hem eýesi umumy sözlemleriň habary bolup gelýär. Ol sözlemde şert eýerjeň sözleminiň habary şekilinde ýüze çykýar. Şekil taýdan bu hem ikinji ýöňkemede ulanylýar, ýöne many taýdan hemme ýöňkemä degişlidir: "Abraý **aljak bolsaň**, artyk işle". (Nakyllar we atalar sözi); "Ýygmasaň – ýygnamarsyň" (şol ýerde);

5. Eýesi umumy sözlemiň habary işligiň nämälim geljek zaman şekiliniň ikinji ýöňkemesinden bolýar. Bu hem öwüt-ündew bildirýän nakyllarda, atalar sözünde ulanylýar: "Göçen yurduň gadyryny



goňaňda **bilersiň**"; (Nakyllar we atalar sözi); "Az-az öwrenip **ussa bolarsyň**. işlemeseň – **hassa bolarsyň**"(şol ýerde); "It ýyly ekeniň doňuz ýyly **orarsyň**"(şol ýerde); "Halky ýersiz soýma – **hor bolarsyň**; "gatygy ýersiz **dökme**. – zar bolarsyň" (şol ýerde).

6. Eýesi umumy sözlemiň habary "diýjek", "aýtjak" ýaly işligiň nämälim geljek zaman şekilinden hem bolup biler. Bu hili sözlemler sorag sözlemi şekilinde ikinji adama gönükdirilýän hem bolsa, olaryň mazmuny hemme şahs üçin umumydyr. Many taýdan haýran galmagy, lapykeçligi bildirýär: "Şu edip ýören em-ýomlaryna Sary körüň özi hem: "Al-arwahlara şu öýüň daşyndan kowýandyryn" diýip ynanýardy. Ýeri, bu bolşa, näme **diýjek**, näme **aýtjak**?" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler); "Ýeri, şeýle aýala näme **diýjek**?" (N.Jumaýew. Ýuwaş gelin).

7. Işligiň nämälim geljek zaman şekili ikinji ýöňkemede sorag goşulmasyny kabul edip, eýesi umumy sözlemiň habary bolup gelýär. Many taýdan sorag äheňli inkär etmegi bildirýär: "Heý, günde-günaşa kino gideli diýip duran aýal bilen medeniýetli **durmuş gurarmyň**?" (N.Jumaýew. Ak derek).

8. Işligiň buýruk şekili ikinji ýöňkemede gelende, eýesi umumy sözlemiň habary bolup biler. Bu hem sorag sözlemi görnüşinde ulanylyp, many taýdan synanyşyp görmegi aňladýar: "On alty ýaşyndan aşak çagalary gijeki seansa goýbermeýändiklerini bilmeýän aýala **gep düşündir hany**?" (N.Jumaýew. Ak derek). Bu hili sözlemleriň manysynda hem synanyşyp görmek bilen bir hatarda inkär etmek güýçli duýulýar.

9. Eýesi umumy sözlemiň habary "diýseňiz-le" görnüşinde ulanylyp, üns çekmek, tassyklatmak ýaly modal manylary aňladyp gelýär: "Meniň zannyýamanlygymy **diýseňiz-le**!".

10. Eýesi umumy sözlemleriň habary buýruk işliginiň ikinji ýöňkemesinde gelen "bakmak", "görmek, "seretmek" ýaly işliklerden bolýar. Olaryň baglanýan sözleri bolsa sanalan işlikleriň talap edýän düşümlerinde getirilýär. "Bakmak", "seretmek" işlikleri türkmen dilinde hakyky manysynda ulanylanlarynda, bir zadyň ýöneliş düşümde gelmegini talap. edýärler. "Görmek" işligi bolsa bir zadyň ýeňiş

düşümde gelmegini isleýär. Many taýdan bu hili sözlemlerde bir zada köpçüligiň ünsi çekilýär. Sözlemiň habary ikinji ýöňkemede bolsa-da, sözlemden çykýan many belli bir ýöňkemä degişli bolman, umumy köpçülige gönükdirilendir: "Şoňa görä hem bu hili sözlemleriň eýesi umumy bolup, sözlemiň içinde ulanylmaýar: "Bu han bolan ýigide **bak-a**! Munuň edýän işine **bak-a**!" ("Görogly"); "– Päheý, munuň aýdýanyna **seret-le**..." (A.Gowşudow. Saýlanan eserler); "Päheý, muňa **sered-ä**" (şol ýerde); "Heý öňde-soňda ilde-günde görlen zatmy? **Eset** muňa" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak); "– Päheý, kakama **seret-le**, indi senem şol gürrüňlere ynanýarmyň?" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

## *Eýesiz sözlem*

Eýesiz sözlemde hereketi kimiň ýüze çykarýany aňlanylmaýar. Hereket öz-özünden bolup geçýär. Onuň eýesiniň bolmagy sözlemiň gurluşyndan talap edilmeýär. Şu hili sözlemlere ***eýesiz sözlem*** diýilýär. Eýesiz sözlemleriň ýüze çykmagy adamzadyň pikirlenişiniň we sözlem gurluşynyň ösmegi bilen baglanyşyklydyr.

Eýesiz sözlemler habarynyň şekillenişi boýunça aşakdaky görnüşlerde bolup biler.

1. Eýesiz sözlemiň habary geçirmeýän işlikleriň soňuna "-yl, -il, -ul, -ül, -l" gaýdym derejesiniň goşulmasynyň goşulmagy bilen ýasalýar: "Gije **ýatylmady**". Şu hili sözlemlerde eýe talap edilmeýär. Munda hereket haýsy-da bolsa adamlaryň özüne bagly bolmadyk sebäbe görä amala aşyrylýar, ýagny tebigy zeruryýetçilik arkaly adamlaryň işi etmäge borçly bolanlygy aňlanylýar.

"Uzyn gije **ýöreldi**. Daňa ýakyn **ýatyldy**. Ertir ir bilen **turuldy**" ýaly sözlemlerdäki hereketi logiki taýdan kimiň ýüze çykarýany aňlananda-da, grammatiki taýdan sözlemiň eýesi görünmeýär. Has takygy, eýäniň bolmagy göz öňünde hem tutulmaýar. Sebäbi bu sözlemlerdäki hereketler eýäniň islegine, meýline bagly bolmadyk sebäbe görä ýüze çykýanlygy üçin, onuň eýesi sözlemde



getirilmeýär. Şunlukda, eýäniň bolmazlygy tötänlik bolman, eýsem sözlemiň gurluşyndan gelip çykýan hakykatdyr.

Gaýdym derejesiniň goşulmasy azrak ýerde geçirýän işlikleriň soňuna hem goşulýar. Ýöne munda olar ýekelikde ulanylman, öň ýanyndaky söz bilen bilelikde alnyp, ikisi bir many aňladýar. Şoňa görä bulary hem, tutuşlygyna alanyňda, geçirmeýän işlikleriň hataryna goşmak bolýar: "...Soňra **göreş tutduryldy, at çapdyryldy**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler).

2. Azrak ýerde "-yn, -in, -un, -ün, -n" işligiň gaýdym derejesiniň goşulmasynyň goşulmagy bilen hem eýesiz sözlemiň habary ýasalyp biler. Mysal üçin, "Gaharlanyp turup gitse – **yzyndan gülünjek**, dutardan **ýapyşsa** – eline kakyljak" (G.Kulyýew. Ýowuz günler) diýen sözlemde "yzyndan gülünjek" eýesiz sözlemiň habary bolup, "-yn, -in, -un, -ün, -n" goşulmasynyň gatnaşmagy bilen emele gelipdir. "Eline kakyljak" diýen habar bolsa "-yl, -il, -ul, -ül, -l" goşulmasynyň kömegi bilen ýasalypdyr. Bularyň haýsy goşulmanyň üsti bilen sekillenmegine garamazdan, olaryň aňladýan manysy bir bolup, ikisi hem eýesiz sözlemiň habaryny emele getirýärler. Aslynda şu goşulmalaryň ikisiniň bir bolaýmagy hem ähtimaldyr.

3. Eýesiz sözlemiň habary hal işliklerden bolup, "bolmak" kömekçi işligi bilen ulanylýar. Many taýdan bir işi edip boljakdygy ýa bolmajakdygy sözleýjä dahylsyz çözülýär. Şunlukda, ol hereketiň ýüze çykmagynyň bize bagly bolmadyk mümkinçiligini bildirip gelýär. Şonuň üçin sözlemiň grammatiki eýesi hereketi ýüze çykarmaga gönüden-göni gatnaşmaýar.

Eýesiz sözlemiň habary adatça işligiň nämälim geljek zaman we azrak beýleki şekilleriniň üçünji ýöňkemesinde gelip, birlik sanda ulanylýar. Sözlemiň habarynyň üçünji ýöňkemede, birlik sanda ulanylmagy hem ýöne ýere däldir. Sebäbi üçünji ýöňkeme şahs görkezýän goşulmalardan azat bolany üçin, sözlemiň eýesiniň barlygy we belli bir şahsa degişlidigi aňlanylmaýar. Sözlemiň habarynyň birlik sanda ulanylmagy, ýagny köplük sanyň goşulmasyny kabul etmezligi hem hut şunuň bilen baglanyşyklydyr. Eger sözlemiň habaryny köplük sanda getirsek, hereketiň köp adama degişlidigi belli boljak. Şonuň

bilen her sözlemiň eýesiniň kimligi aňlanyljak. Emma bu sözlemlerde beýle maksat goýulman, diňe hereketiň ýüze çykyp-çykmazlygynyň bize bagly bolmadyk mümkinçiligi göz öňünde tutulýar: "Bir günde Moskwa **baryp hem gelip bolar**"; "Bu ýoldan maşyn **sürüp bolmaz**"; "– Ony **görüp bolmazmyka**, Jora?; "Dogrudan-da, onuň kimdigini **anyklap bolaýsady**..."; "Çary bolanda, bular ýaly işi **öwretmeli bolmazdy**..."; "Niçezar beýdip **gün görüp bolar**?"; "Onsoň meniň paýtunymy hem **bejermeli bolupdyr**, şony hem bejer...".

4. Eýesiz sözlemiň habary işligiň nämälim geljek zaman şekilinden bolup, "ýaly" kömekçisi bilen ulanylýar. Many taýdan bir işi etmegiň mümkinligi ýa dälligi aňlanylýar: "Onuň odundan ýaňa başyňy ýerden galdyrar ýaly däldi" (Türkmenistan. 07.05.2002); "...Hiç bir zady **geň-taň görer ýaly däl**" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

5. Eýesiz sözlemiň habarynyň esasy sözi "ir, giç" ýaly wagt aňladýan hal sözlerinden bolup, "bolmak" kömekçi işligi bilen ulanylýar: "– Wagtynda aýlanmasaň, soň-a **giç bolar**" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak).

Eýesiz sözlemler bilen doly däl sözlemleriň arasy gaty ýakyndyr. Käwagtlar bularyň arasyny açmak hem kyn düşýär. Aşakdaky mysallarda ýagdaý şeýledir. Bular daşdan göräýmäge, eýesiz sözlemlere çalym edýär, emma sözlemiň habaryndan eýe talap edilýär. Şonuň üçin olary doly däl sözlemleriň içinde öwrenmek dogry bolsa gerek.

Bu hili sözlemleriň habary "dolmak" işliginden we "doly" diýen sypatdan bolup, "öýüň işigine çenli", "nirä seretseň" ýaly ölçeg aralygyny bildirýän sözler bilen ulanylýar: "...Öýüň işigine çenli jemendeden **doldy**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler).

Şu mysallaryň birinjisinde eýe gatnaşmaýar, emma ony sözlemiň manysy boýunça dikeltmek mümkin: "...Öýüň işigine çenli (bolan aralyk) jemendeden **doldy**" diýip, aýtmak bolýar.



## 2. Birdüzümli isim sözlemi

### *At sözlemi*

At sözlemleri, esasan, hiç bir hili zaman goşulmalaryny kabul etmän gelýär. Emma sözlenip durlan wagta degişli bolany üçin, zaman goşulmasyny kabul etmän gelende hem, onuň häzirki zamany aňladýany belli bolýar. Mysal üçin, "Gije" diýen sözlemi alyp göreliň. Şu sözlem gürrüň edilip durlan wagtyň gijeligini bildirýär. Şu hili at sözlemlerinde anyk wagty görkezip gelýän "häzir", "şu wagt" ýaly sözleriň hem ulanylmagy mümkin. Bular sözlemden aňlanylýan wagty has anyklaşdyrmak üçin hyzmat edýärler: "Häzir **gije**".

Türkmen dilinde at sözlemlerini ulanylyşy boýunça, esasan, üç topara bölüp görkezmek boljak;

1. Hakyky at sözlemi.
2. Durmuşy at sözlemi.
3. Görkezme at sözlemi.

Bular bir-birlerinden gurluşy, ulanylyşy we aňladýan manylary boýunça tapawutlanýarlar.

**1. Hakyky at sözlemi.** Bu hili sözlemler her atlardan bolup, ýerleriň, ýurtlaryň, gazet-jurnallaryň, edaralaryň we ş.m. atlaryny öz içine alýar: "Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty". Bular gutarnykly heňde aýdylyp, belli bir pikir aňladýan sözlemlerdir.

Hakyky at sözlemleri, ylaýta-da gazet-jurnallarda, radioda bir ýerden habar berlende, alyp eşitdirilende, köp ulanylýar. Şunda habar berilýän, ýeriň mekany "Bu ýeri Aşgabat" diýlip, doly görkezilip durulmaýar-da, ýöne "Aşgabat" diýlip gürrüňe başlanyberilýär.

Käwagtlarda at sözlemi ikidüzümli ýönekeý sözlem şekilinde hem duş gelmegi mümkin: "Nurmyrat Saryhanow, Ýaragynyň ýgtyýary elinde" ýa-da "Onuň kakasy – Ýarnepes". Eýsem bularyň ikidüzümli ýönekeý sözlemlerden näme tapawudy bar? Bularyň tapawudy bir zadyň adyny görkezip gelýänliginden ybaratdyr. Şoňa

görä bularyň eýesi, habary we beýleki agzalary, adatdaky sözlemlerdäki ýaly, erkin häsiýetde bolman, hemmesi bitewi bir zat şekilinde duýulýarlar.

Elbetde, hemme has atlary at sözlemi hökmünde kabul etmek bolmaz. At sözlemi bolmak üçin, bir zadyň adyny bildirmekden başga-da, sözlem şekilinde gutarnykly heňde aýdylyp, belli bir pikir aňlatmagy zerurdyr.

**2. Durmuşy at sözlem.** Bu hili at sözlemleri durmuş wakalaryny, ýagdaýlaryny, olaryň bolup geçýän ornuny, wagtyny we ş.m. görkezmek üçin hyzmat edýärler. Olar aňladýan manylary boýunça aşakdaky ýaly toparlara bölünip bilerler:

***wagt bildirýän at sözlemi.*** Bu hili at sözlemleriniň habary wagt görkezýän sözlerden bolup, dürli görnüşlerde duş gelýärler: "**Tomus aýlary**. Giňişlik! Seniň nazaryňy hiç bir tebigy böwet bilen çäklendirmeýän asman dek giňişlik!" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak);

***orun bildirýän at sözlemi.*** Bu hili at sözleminiň habary orun bildirýäŋ at sözleriniň gatnaşmagy bilen emele gelýär: "**Saýat**";

***duýgy bildirýän at sözlemi.*** Bu duýgy aňladýan serişdeleriň ulanylmagy we ýokary duýgy bilen aýdylmak arkaly emele gelýär: "Nähili **agyr dert** (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "**Meňli gyz!**" (şol ýerde); "–...**Ýalan. Töhmet**!". "Nähili **şum ykbal**!" (şol ýerde); "Nähili **hoş habar**!" (şol ýerde); "– Gör, nähili **gowy atlar**?.." (A.Gowşudow. Saýlanan eserler); "**Ajaýyp säher**!" (N.Jumaýew. Ak derek); "– **Namyrat geçen balam**..." (A.Gowşudow. Saýlanan eserler); "Ah!.. **Meniň maňlaýym**!.." (şol ýerde).

Ýaňsa almak, inkär etmek, ýazgarmak ýaly manylary aňladýar: "**Nähili akmaklyk**!" (P.Azymow. Ömür menzilleri). "**Ugrarly dost, ygrarly dost**! Nireden ygrarly dost bolýarmyşyn!" (şol ýerde).

**3. Görkezme at sözlemi.** Munda durmuş hadysalary, dürli zatlar görkezilýär. Onuň üçin "ine", "ynha" ýaly görkezme manysy bolan modal sözler ulanylýarlar: "**Ynha**, meniň, gören günlerim...": "– **Anha, köwşüň**!"; "**Ine**, biziň düşen ýagdaýymyz!".



At sözlemlerini baş düşümde gelen düşünjeden tapawutlandyrmak gerek. At sözlemi bir gutaran pikiri aňladýan bolsa, baş düşümde gelen söz bir düşünjäni aňladýar:

"**Aksent**! Bu – örän aýrylmazak tebigy kesel" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak); "**...Moskwa uniwersiteti**! Men seni baky unutmaryn" (N.Jumaýew. Ak derek); "**Gitmek**! Bu gör nähili elhenç" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak); "**Mugallym**!" Gör nähili belent we hormatly at! (H.Ysmaýylow. Öküz gödek).

## *Söz sözlemi*

Söz sözlemi barada käbir işler edilen hem bolsa, entek ol türki dillerde, şeýle hem türkmen dilinde ýönekeý sözlemiň örän az işlenen bölümi hasaplanylýar. Aslynda söz sözlemini sözlem diýip hasap etmelimi ýa dälmi diýen mesele hem örän jedellidir. A.M.Peşkowskiý "hawa", "ýok", "elbetde" ýaly jogap sözleri sözlem diýip hasap etmeýär, olary diňe jümle ("фраза"), "intonasion birlik" diýip atlandyrýar.

"Вводные частичные слова могут употребляться и в качестве ответа: *Ты был там*? – **Да**; *Видел его*? – **Нет**; *Пойдешь еще раз*? – **Конечно** и т. д. Неверно было бы считать такие одиночные слова и сочетания предложениями, хотя бы и неполными. Это только фразы, т.е. интонационные единицы, но не грамматические"[1].

Söz sözlemi bir sözden ýa-da bir söz görnüşinde duýulýan söz düzüminden ybarat bolup, tutuş sözlem görnüşinde gutarnykly heňde aýdylyp, bir pikir aňladyp gelýär. Şonuň üçin muňa söz sözlemi diýilýär. Söz sözlemi "hawa", "ýok", "elbetde", "şübhesiz", "bolýar", "me" "ine" ýaly azrak sözlerden bolup, tassyklamak, inkär etmek, makullamak, razylyk bermek, görkezmek, hödürlemek, ähmiýet bermezlik, sorag, raýdaşlyk bildirmek, ynam etmek ýaly dürli modal manylary aňlatmak üçin ulanylýar.

---

[1] **Пешковский А.М.** Русский синтаксис в научном освещении. Изд. 7-е. – М. Учпедгиз. 1956. С. 410–411.

Söz sözlemi bir sözden ybarat bolýany üçin, eýe-habar ýaly agzalara bölünmeýär. Şonuň üçin bu, at hem ümlük sözlemleri ýaly birdüzümli sözlemleriň içinde aýratyn häsiýete eýedir. Ýöne ol hem ümlük sözlemlerinden modal many aňladýanlygy bilen tapawutlanýar. Söz sözlemi doly däl sözlemler bilen hem garyşdyrylmaly däldir. Doly däl sözlemlerde galdyrylan agzany ýüze çykarmak mümkin bolsa, söz sözlemini ondan artyk giňeltmek bolmaýar. Şonuň üçin ol doly sözlemdir.

Söz sözlemi aňladýan manylary boýunça aşakdaky ýaly bolup biler.

*Tassyklamagy aňladýan söz sözlemi:*

"– Oňat edipsiň. Özüň barladyňmy?

– **Hawa**" (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar);

"– Be...maňa – "Gelsin" diýdimi?

– **Hawa**.

*Inkärlemegi aňladýan söz sözlemi:*

"Name, ol gyrnak gelip, seniň ýüregiňi bulaýdymy?

– **Ýok**";

"– Näme, goşgy ýazypmydyňyz?

– **Ýok-la**. Goşgy näme işlesin" (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar).

*Razylygy aňladýan söz sözlemi:*

"Gara. **Bolýar how,** jan doganlar, **bolýar...**" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler);

"– **Bolýar onda.** Göter, Muhammet jan" (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar).



*Ähmiýet bermezligi aňladýan söz sözlemi:*

"**Owarram...**" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler); "Jähennem": "**Hiç**" (şol ýerde).

*Hödürlemegi aňladýan söz sözlemi:*

"Aman jübüsinden bir hat çykardy-da:

– **Me** – diýip, ejesine berdi";

"Nurtäç – **Me**, suw" (A.Durdyýew. Saýlanan eserler);

"– **Me**, çörek!" (N.Jumaýew. Ýeňiş ýylynyň hekaýaty);

"– **Me!** " (H.Ysmaýylow. Öküz gödek).

*Görkezmegi aňladýan söz sözlemi:*

"Mugallym:

– **Ine** – diýip, gapdalyndaky depäni görkezdi".

"– **Ine**, Ejegyz jan – diýip, Meret ýabyň aňyrsyna geçdi" (A.Durdyýew. Saýlanan eserler).

"– **Hon-ha!** Ýumrulan jaý – diýip, Gajar şäheriň çetindäki äpet harabalyga baka goluny uzatdy" (N.Jumaýew. Ýeňiş ýylynyň hekaýaty).

– **Ynha!** – diýip, Çaryýar elini köne oba tarap uzadýar" (H.Ysmaýylow. Öküz gödek).

*Makullamagy aňladýan söz sözlemi:*

"Han dawany bes edeli diýen äheňde giň göwrümlilik bilen şeýle diýdi:

"– **Şeýle diýsene, beg**";

"– Heý, şonuň bolmasa seni otla mündürjek gümanlary barmy, oňa bilet diýýärler, pugta sakla!

– **Wiý, heýlemi**." (A.Durdyýew. Saýlanan eserler).

*Sorag aňladýan söz sözlemi:*

– **Näme, näme?**";

"– Ä – diýip, Şamyrat aga gözüni petredip, içip oturan käsesini ýere goýdy" (N. Jumaýew. Ýuwaş gelin).

*Ynam etmegi aňladýan söz sözlemi:*

"– Siziň aýdyşyňyza görä, Mäti Rahmanyň ýetmezini düzetdirmek mümkin, şeýlemi?

– **Şübhesiz!..**

"– Weý – weý, Kerim janyň aýdýanyna seret-le! **Gürrüňi näme?** (Ý.Mämmediýew. Ene toprak).

*Nebsagyryjylyk aňladýan söz sözlemi:*

– Juma, hökman bararyn. (Pauza).

– **Biçäre...** öýlerimiz ýashana boldy..." (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

*Ökünmegi aňladýan söz sözlemi:*

"Emma onuň pähimli hümürdisini redaktor eşitmedi.

– Ýöne weli çynaryň kölegesinde gün agýança ýatýan bolsaň, talantyň has-da "joşardy...". **Haýp!**".

*Geňirgenmegi aňladýan söz sözlemi:*

"– **Aý ýog-a**" – diýip, Jemşit begendi. (N.Jumaýew. Ýuwaş gelin).

*Şert etmegi aňladýan söz sözlemi:*

"– Ýeri, at oýnatmasana.

"– **Dogrym**" (A.Durdyýew. Saýlanan eserler);



"– Aý, ýog-a?

"– **Walla, dogrym**" (A.Durdyýew. Saýlanan eserler);

"– Bu-ýa aşyk bolýana ogşaýa, haw! **Walla!**" (N.Jumaýew. Ýeňiş ýylynyň hekaýaty);

"– **Walla**" (H.Ysmaýylow. Öküz gödek).

## Ümlük sozlemi

Ümlük sözlemi köp işlerde söz sözlemiň içinde derňelýär, şonuň bir görnüşi hasaplanylýar. Ýöne ümlük sözlemi diňe ümlüklerden bolup, duýguly many aňladyp gelýänligi bilen söz sözlemlerinden tapawutlanýar.

A.M.Peşkowskiý ümlükleriň sözlem bolup bilýänligini inkär edýär, ol muny ümlükleriň düşünje däl-de, duýgy aňladýanlygy bilen düşündirýär[1]. Birnäçe işlerde bolsa ümlük sözlemleri sözlem däl-de, sözlemiň deň derejeli taýy (ekwiwalenti) hökmünde ulanylýarlar diýip görkezýärler. Ýöne köp işlerde ümlükleriň sözlem şekilinde ulanylýanlygy bellenilýär.

Ümlük sözlemi içki joşguny: begenji, gynanjy, käýinmegi, hoşallyk bildirmegi we ş.m. aňladýan ümlüklerden hem ümlük manyly sözlerden bolup, özüne has bolan heň bilen aýdylýar. Ol gurluşy boýunça bir sözden, söz düzüminden ybarat bolup biler. Mysal üçin, "– **Elhepus! Toba**" diýen sözlemleriň her biri bir sözden düzülipdir. "– **Es-salamin aleýküm**..."; "– **Wa-leýküm es-salam**..." ýaly sözlemler bolsa tutuş söz düzüminden emele gelipdir.

Ümlük sözlemleri içki duýga baýlygy we zat aňlatmaýanlygy bilen, at sözlemlerinden tapawutlanýar. Ümlük sözlemleriniň özüniň has bolan manysy bar. Ol bolsa bir söz düzümi bilen bütin içki begenji, gynanjy, käýinji, nalyşy, gorkyny, hoşallygy we ş.m. ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

Ümlük sözlemleri aňladýan manylary boýunça aşakdaky ýaly bolup biler.

---

[1] **Пешковский А.М.** Русский синтаксис в научном освещении, Изд.7-е, – М.: Учпедгиз, 1956. С. 411.

### *Gynanmagy bildirýän ümlük sözlemi:*

"Şol oý-pikir bilen içinden gürruň edip, birden hem daşyndan, özünden-özi, uzyndan-uzyn çekip, düşnüksiz: "**Hüm-m...**" edip, başyny aşak-ýokary ýaýkady: "**Aý, bolýa-da...**"; "**Ah!** Meniň hem dokmam özüme sep bolýan bolsa bolmaýamy..."; "**Aý, bolýa-da!..** Atañ mydama çopançylykda, özüň çopan gyzy..."; "Çary: – **Wah!..** – diýip, agdarylyp düşdi"; "**Ah!** öldümi?..; "Ýumruk ýaly ogluny ýurtda taşlap gidipdir... -**Wah!..**"; "**Waý, eje jan, eý**"; "**Wah, seretsene!.. Hiý, görsene!..**"; Ýarym-ýaş bolup: "**Arman, pelek! Dat, pelek!..**" diýip, zaryn owaz bilen pessaýja hiňlendi"; "Ol ýüregine ot düşüp; "**Ah!.. meniň günüm!.. Perýat..**" – diýip, iki eli bilen köýneginiň ýakasyndan berk tutup, ýokary galdy"; "Weli aga – Nätjek, az pul däl, gynanmaýyn diýseň-de bolanok. **Juk, juk, juk,.. wah,** Kakajanam gelmed-ä, şonuň bilen milisiýa giderdik".

### *Begenmegi bildirýän ümlük sözlemi:*

"– **Ýaş-şa!** – diýip, çagalar el çarpyşyp gygyryşdylar..." (H.Ysmaýylow. Öküz gödek);

"– **Heýjanelek!** Bizde indi bir übtügem günä galmaz...";

"– **Ur-ra-a!**";

### *Käýinmegi bildirýän ümlük sözlemi:*

"**Heý, peläked-eý...**" diýip, köwşüne käýinjiräp, yzyna tagaşyksyz dolandy";

"Paltasy daşa degen Şyhym:

– **Merez et, ýeňiýoluk haramzada!** – diýip, erbet käýindi";

"**Päheý!**".



### *Sögünmegi bildirýän ümlük sözlemi:*

– **Haz-zalym!**"[1] (H.Ysmaýylow. Öküz gödek);

"– Eý, Oraty! – diýip, Rejep ýylgyryp, oňa tarap ugrady.

– **Eý, waý, zalywat..**, Irejep Ketjal!

Oraty eşegini saklap, ynanjagyny ýa ynanmajagyny bilmän, akylly ja gözlerini tegeläp seretdi:

"– **Haz-zalym**";

"– **Haz-zalymjyk!** Ynha, men otumy düşürip geleýin.

### *Hoşlaşmagy bildirýän ümlük sözlemi:*

"– **Ýagşy, bolýa,** onda, Subhan aga. **Hoş wagtyňyz.**; "– **Hoş onda**" (şol ýerde); "– **Bolýa**, **sag bol**!.."; "**Bolýa, hoş wagtyň**..."; "Kasym ýerinden turdy:

– Ýagşy, onda sag-aman oturyň"; "**Hoş wagtyň!**";

"– **Hoş** diýdi...".

### *Hoşallyk bildirýän ümlük sözlemi:*

"– **Sag bol,** ýaşuly – diýip, Halmyradow arabanyň üstünden elini uzadyp, ýaşulynyň elini gysdy";

"– **Taňryýalkasyn**";

"– **Sag bol, Jora**";

"Tarhanyň joşguny içine sygmady.

Ol:

– **Aý, sag bol-a,** Juma jan! Ýoksullyk gursun. Adam barynyň dilini kössekleýän ýoksullyk dälmi? – diýip gygyrdy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler):

"– **Sag boluň,** Magtymguly aga!

– **Merhaba!** Sag boluň (şol ýerde).

---

[1] "**Haz-zalym**" aslyýetinde "Haý zalym" sözlerinden gelip çykan bolmagy mümkin (**Red.**).

***Salamlaşmagy bildirýän ümlük sözlemi:***

"Bu adam myhmanhana gözi düşen badyna, howlukmaç "**Salawma**.." diýip, salamyny soňlamanka, sag aýagyny aman-sag içeri atdy"; "Soňra ýektaýynyň egnini götermän:

– **Essalawmaleýkim** – diýip, iki elini uzadyp, myhman bilen görüşmäge ugrady"; "– **Salawmaleýkim**" (O.Akmammedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar); "Salam, Gözel!" (şol ýerde);

"– **Salam helik**".

"– **Helik salam**";

"– **Salawmaleýkim**, Meret aga!

– **Waleýkim essalam!** Saglykmy, sag-gurgunlykmy?

– **Şükür**".

***Toba etmegi bildirýän ümlük sözlemi:***

"– Eý, **toba!**" (O.Akmammedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar); "Bu nä boldugy! **Toba-tagsyr**..." (şol ýerde); "... – Baý, **Hudaý-eý**!.. Toba-tagsyr-eý... – diýip, iki eli bilen agzyny tutdy"; "Maral eje:

– **Toba, toba** – diýdi-de – Näme tapdyň? – diýip sorady". (N.Jumaýew. Ýuwaş gelin).

***Gygyrmagy, oýatmagy bildirýän ümlük sözlemi:***

"– **Ehä-äý! Ehä-äý...**".

***Boýun synmak, sypaýyçylyk aňladýan ümlük sözlemi:***

"**Baş üstüne!**" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak);

"– **Lepbeý, aga**".

***Alkyş etmegi bildirýän ümlük sözlemi:***

"**O, brawo! Afferin!** – diýip, mister Dewis keýpihonluk bilen belledi" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak);



"– **Tüweleme!**

**Berekella**, oglanlarym! (A.Durdyýew. Saýlanan eserler);

"– **Be - berekella!**";

Tarhan ýerinden towsup turup, Jumanyň alkymyna bardy, dutaryň sapyndan ýapyşdy-da:

– **Müň ýaşa,** Juma jan, **müň ýaşa!** – diýip, onuň mawy gözlerine minnetdarlyk bilen garady". (G.Kulyýew. Ýowuz günler);

– **Aý, berekella, aý, berekella.** (H.Ysmaýylow. Öküz gödek).

"– **Berekella, berekella, tüweleme?** – diýip gaýtalaýardy (şol ýerde);

"– **Maşalla!** Örän dogry boýun alyş" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak);

"Oklaryň hatasyz degendigini bilip:

– **Maşalla! Maşalla!** – diýip gygyryşdylar" (şol ýerde).

***Çagyrmagy bildirýän ümlük sözlemi:***

"– **A ha-a-ha-aw**!"

***Geň galmagy bildirýän ümlük sözlemi:***

"– **Kerim**".

"– **Wiý-ý**" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak); "**Baý-baý-ow!** Her dört hepde bäş gezek, her gidende hem, üç gün ýatyp gelýär" (H.Ysmaýylow. Öküz gödek);

"– **Baý-ba!**

– **Bä** – diýip, Gajar sesini süýndürdi. – Men-ä seni adamyň ýuwaşy öýdýärdim" (N.Jumaýew. Ýeňiş ýylynyň hekaýaty);

***Gorkmagy bildirýän ümluk sozlemi:***

"– **Waý**.." "**Eý-waý-eý-ý! Taňrydan tapanlar - eý-ý**";

"– **Waý.., kyýamat..**";

"– **Waý!** Bu ne belady..." (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

*Delalat gözlemegi bildirýän ümlük sözlemi:*

"– **Eý-waý, ýetiň-eý. Waý-eý, nädeýin-eý**"

"– **Waý, aga-eý! Jan aga-eý. Beýtme-eý, goýber-eý!**". "**Dat!** Dadyma ýetiň!";

*Nalamagy bildirýän ümlük sözlemi:*

"**A -a - ý!..** ömrümiň güli açylman soldy-da... **Arman, pelek! Dat, pelek!..**".

*Taryp etmegi bildirýän ümlük sözlemi:*

"**Pah-pah!** ".

## Ýüztutma sözlemi

Ýüztutma sözlemi[1] türkmen diline degişli edebiýatlarda ýörite sözlem görnüşinde agzalmaýar. Bu hili sözlemleriň baş hem ýeketäk agzasy bolup, ýüztutma sözleri hyzmat edýärler. Many taýdan bular igenç, gynanç, gyjalat, gahar-gazap we ş.m. aňladyp gelýärler.

şunlukda, sözlem agzalary bilen grammatiki taýdan baglanyşmaýan sözler: ümlukler, ýüztutma, jogap, giriş sözleri aýratyn heň bilen aýdylanda, gutarnykly pikir aňladyp, sozlem görnüşinde ulanylyp bilerler. şuňa görä ýüztutma sözleriniň gatnaşmagy bilen emele gelýän sözlemleri hem, häzire çenli özbaşdak sözlem görnüşinde seredilmeýänine garamazdan, beýleki sözlemleriň hatarynda orun berip, ýönekeý sözlemleriň bir görnüşi hökmünde öwrenmek gerek.

---

[1] Ylmy edebiýatlarda muňa **wokatiw sözlem** diýilýär. Wokatiw latynça vosativus sözünden bolup, çagyryş düşümi giýen manyny aňladýar. Ol ýüztutma sözlerinden emele gelýär. Şonuň üçin ony **ýüztytma** sözlemi diýip atlandyrýarys.



Ýüztutma sözleri sözlem görnüşinde ulanylanda, ümlükler we beýleki duýgy aňladýan sözler bilen gelip, dürli heňlerde aýdylyp, aşakdaky ýaly manylary aňladýar.

*Ýüzlenmegi aňladýan ýüztutma sözlemi:*

*ýönekeý ýüzlenmegi aňladýar*: "Ýigit onuň gozgalaňa düşenini saýgardy-da, onuň galagoplugyny ýazmak niýeti bilen:

– **Sona**... – diýdi";

*ynamly ýüzlenmegi aňladýar*: "– **Adamlar** – diýen ynamly ses yzky hatarlary-da köşetdi"; "– **Ah-ow, Illi han!** Sen Tarhanyň üstüne gaty sürnüberme" (G.Kulyýew. Ýowuz günler);

*şatlyk duýgusy bilen ýüzlenmegi aňladýar*: "...– Heý janyňa döneýin, **dor alaşa!..**";

*gahar-gazap duygusy bilen ýüzlenmegi aňladýar*:

– **Heý, murdar tulalar!**

*gynanç duýgusy bilen ýüzlenmegi aňladýar*: "– **Ömrümiň güli, balam! Maksat-myradym, balam! Bigapyl ýatan balam!**"; "Köçäni dolduryp barýan jyňňyrdylara märekäniň içinden ýaňlanyp çykan ses goşuldy:

– **Bala-am!**";

"– **Wah, Baýram, Baýram!** – diýenini ol duýman-da galdy. – Sen näme üçin beýdýärsiň?" (N.Jumaýew. Ak derek); "Kerim haşlap aşak oturdy. Ol öler ýaly ýadapdy. Demi-demine ýetişenokdy. Ýüzi-gözi gara gan bolan Zyba gelip, Kerimiň egnine özüni goýberdi:

– **Kerim!..**" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak); "Onýança gyzyna gözi düşen Ogulhan:

– **Balam!** – diýip, onuň üstüne topuldy. – **Wah, hor bolan balam, har bolan balam!** Saňa bu ýaralaryˇ haýsy eli kesilen saldy?" (şol ýerde);

*ýalbaryp ýüzlenmegi aňladýar*:

"– **Pirim, sadagaňyz gideýin!..** ";

*soragly ýüzlenmegi aňladýar*:

"– **Anna! Aý, Anna!..**".

*Çagyrmagy aňladýan ýüztutma sözlemi:*

*ýönekeý çagyrmagy aňladýar*:
"**– Gurban!**" (A.Durdyýew. Saýlanan eserler);
*gygyryp çagyrmagy aňladýar*:
– **Ke-ri-im**" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak);
"**– Kerim...**" (şol ýerde)
"Meňli diňe:
– **Bibijemal** – diýip gygyrdy ";
"**– Muhammet jan-a!**" (A.Durdyýew. Saýlanan eserler);

***Delalat gözlemegi aňladýan ýüztutma sözlemi:***

"– **Waý, il-gün!** – diýip, uly ili bilen gygyryp aglaýardy".

***Igenmegi aňladýan ýüztutma sözlemi:***

"**– Aý, zaňňar Görogly, Görogly zaňňar!** Men seniň üçin mal gazanypmydym, dünýä gazanypmydym, indi sen öz alajyňy özüň görmejekmi, zaňňar?" ("Görogly");

***Gyjalat bermegi aňladýan ýüztutma sözlemi:***

Onda biri bu ýandan çykyp:
"**– E-eý, ýigitler, ýigitler** – diýdi" ("Görogly").

***Geň galmagy aňladýan ýüztutma sözlemi:***

Bir adam öz ýoldaşyny uzak wagtyň dowamynda görmän, birden oňa sataşsa, onuň bu ýerlere neneňsi düşenine geň galyp: "**– Bä, Aman!**" diýip, içki begenjini daşyna çykarýar. Munuň manysy "– Bä, Aman, sen nädip geläýdiň" diýen sözlemiň manysyna deň gelýär. Diňleýji tarapyndan şeýle hem düşünilýär "**– O-how, Baýram!** Sen-ä üýtgäp gidipsiň – hiç tanar ýaly-da däl! – diýip, Jepbar onuň bilen gadyrly görüşdi" (N.Jumaýew. Ak derek);



"**– Hi-i Nataşa?..** Bu senmidiň asyl?" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak).

***Ýokuş görmegi aňladýan ýüztutma sözlemi:***

"**– Muhammet!** Diýýäniň näme?"
Şu sözlemi aýdýan adam öz degişli bir ýakymsyz zat aýdylyp başlanda, sözleýän adamy saklamak maksady bilen ýuwaşrak, emma kesgitli, duýduryjy äheňde oňa ýüzlenýär. Onuň äheňinden şol barada gürrüň edilmeli däldigi aňlanylýar.

***Begenmegi aňladýan ýüztutma sözlemi:***

Birine uzak wagtlap garaşyp durkaň, birden görnäýse ýa-da duşuşygyň has dartgynly pursatlarynda begenmekden onuň adyny aýratyn bir duýgy bilen tutanyňy bilmän galýarsyň. Munuň manysy "Seni hem bir görmek bar ekeni!" diýen sözlemiň manysyna barabardyr: "Bir eli çemodanly, beýlekisi elýaglykly Baýram nälaç görnüşde ikirjiňläp durdy. Selbi hem garaňkyda gözlerini naýynjar uçgunakladyp, bir eli bilen beýlekisini owkalaýardy. Iki döş birden galyp, birden düşýärdi: ýürekleriň gürsüldisi, demleriň alnyşy eşdilýärdi. Ýüreklerde ýyldyrym çaltlygynda nähilidir aýgytly güýçler toplanyp, daşary böwsüp çykmaga häzirlenýärdi...
– **Selbi!**
– **Baýram!**
Iki ses birden çykdy, iki göwre birden herekete geldi" (N.Jumaýew. Ak derek).

***Geňirgenmegi aňladýan ýüztutma sözlemi:***

Duýdansyz ýagdaýda bir tanaýan adamyň öňünden çykanda, oňa geňirgenip, adyny tutup soraýarsyň. Onuň manysy "Bu senmi? Sen bu ýerlerde näme işläp ýörsüň?" diýen sözlemleriň manysyna ýakyndyr: "Ýigide gözi düşende, ol sakga aýak çekdi-de, begenjini içinde saklap bilmän:

– **Meýlis?** – diýip, geňirgäp seslendi" (N.Jumaýew. Ýuwaş gelin).

***Ýadyna salmagy aňladýan ýüztutma sözlemi:***

Öň gören adamyňa ikinji sapar duşanyňda, onuň ýüz-keşbine seredip, öň göreniňi hakydaňa getirýärsiň we onuň adyny ýaňy huşuňa getirýän şekilde aýdýarsyň: "Komandir Durdymyradyň ýüzüne seredip, derrew tanady.

"– **Durdymyrat...**" (A.Durdyýew. Saýlanan eserler).

***Soň bilip galmagy aňladýan ýüztutma sözlemi:***

Gurrüň berýän adam öz ýakyn görýän adamsy bilen uzak wagt duşuşman, birden oslagsyz ýagdaýda duşuşanda, ony birbada tanap bilmeýär. Soň ol özi birbada tanyşlyk berenden soň, onuň adyny tutup, ikinji sapar görüşýär. Munuň manysy "Bu asyl şenmi?" diýen sözlemiň manysyna ýakyndyr:

"– **Be**, inim, men seni tanamadym-la, sen kim bolarsyň? - diýeninden, ol ýigit ýylgyrdy.

– Kaka, tanar gidersiň-dä, gurgunmy özüň?

– **Oh, oglum** – diýip, Berdi aga ikilenç Annaguly bilen ýene görüşdi" (A.Durdyýew. Saýlanan eserler); "Atlylar salam berdiler. Atanyýaz "Aleýkim essalam" diýdi-de, seresaplyk bilen olara golaýlaşdy. ýüzlerine ýiti-ýiti seretdi. Birdenem:

– **Ih, Garabaý!** Bu senmidiň asyl? Äl-aýt, bolsa-da, gökden düşdüňmi, nätdiňmi? – diýdi-de, ylgap baryp olar bilen görüşdi" (Ý.Mämediýew. Ene toprak).



# DOLY WE DOLY DÄL SÖZLEMLER

## Umumy maglumat

Sözlem agzalarynyň doly gatnaşyp-gatnaşmazlygyna garap ýönekeý sözlemleri iki topara bölüp görkezmek mümkin:

1. Doly sözlem.
2. Doly däl sözlem.

Doly sözlemde hemme agzalar doly gatnaşýar. Munda ýetmeýän ýa-da galdyrylan agza duýulmaýar. Şonuň üçin muňa ***doly sözlem*** diýilýär.

Doly sözlem aýdylyş maksadyna görä – habar, buýruk, sorag, ýüzlenme, düzümine görä ýygnak, ýaýraň, eýeli, eýesiz, eýesi nämälim ýaly dürli görnüşlerde ýüze çykyp biler: "Adamyň beýikligi özüni açmakdan, özüne akyl ýetirmekden, öz dünýäsini açyp bilmekden başlanýar! Özgä akyl ýetirmek, özgä baha bermek aňsat, iş özüňi tanamakda! Şonuň üçinem dana ata-babalarymyz "Özüňi tanan weli" diýendirler" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Menem oturaýyn" (Garagum. 2002. №6); "Siz perişde bolaýmaň, balam!" (şol ýerde); "– Bu derejä neneň ýetdiň?" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Dünýä nireden başlaýar?" (şol ýerde); "Saklanany saklaryn diýipdir Alla" (Garagum. 2002. №6).

Doly sözlem bolmak üçin sözlemiň ähli agzalarynyň: eýe, habar, aýyklaýjy agzalarynyň hemmesiniň şol sözlemde gatnaşmagy zerur diýip düşünýärler. Ýok, beýle däl. Bir sözlemde ähli agzalaryň gatnaşmagy hökman däl. Bu zerurlyk arkaly çözülýär. Eger sözlemde aýyklaýjy agzalaryň gatnaşmagy zerur bolsa, olar gatnaşyp bilerler. Eger-de olaryň zerurlygy bolmasa, sözlem ýeke eýe bilen habardan hem düzülip biler. Munuň bilen ol doly sözlemlikden aýrylmaýar. Çünki bu sözlemde başga agzalaryň geregi ýok. Başgaça aýtsak, sözlemiň galdyrylan agzasy

duýulmaýar. Şonuň üçin bu hili sözlemler hem doly sözlem hasaplanmalydyr. Hatda sözlemiň eýesi bolmadyk ýagdaýynda hem doly sözlem bolup biler. Mysal üçin, "Güýzüň açyk günleriniň biridi" diýen sözlemde grammatiki eýe ýok. Emma, şuňa garamazdan, ol doly sözlem. Sebäbi munda eýe galdyrylmandyr.

Doly däl sözlemde haýsy-da bolsa bir ýa birnäçe agzalar galdyrylyp ulanylýarlar. Olaryň galdyrylyp ulanylýanlygy bolsa şol sözlemden ýa-da kontekstden aňlanylýar. Şu hili sözlemlere ***doly däl sözlem*** diýilýär:

"– Ok-ýaraglaryny aldyňyzmy?

– **Aldyk**".

Şunda, hakyna garanda, "– Biz ok-ýaraglaryny aldyk" diýip jogap bermely. Emma sözlemiň eýesi, aýyklaýjy agzalary galdyrylyp, diňe habaryň ulanylmagy bilen jogap gaýtarylypdyr.

"– Atlarynam tutduňyzmy?

– **Tutduk**" diýip, jogap berilmegi hem şunuň ýalydyr. Başga bir mysal:

"– Ruhdan düşmezliginiň sebäbi nämekä?

– **Ýnanç**".

Sözlemleriň ikinjisinde "ruhdan düşmezliginiň sebäbi" diýen sözler galdyrylypdyr.

Näme üçin doly däl şözlem dilde ulanylýar? Munuň pikir aňlatmaga zyýany ýokmy? Eger doly däl sözlemiň pikir aňlatmaga zyýany bolsa, dil onuň ýaly sözlemleriň ulanylmagyna ýol bermezdi. Şoňa görä doly däl sözlemleriň dilde ulanylmagy pikir aňlatmaga birjikde zyýan bermän, tersine, pikiriň has aýdyň ýüze çykmagyna kömek edýär.

## *Doly däl sözlemleriň döreýiş çeşmeleri*

Doly däl sözlemleriň ýüze çykmagynyň düýp sebäplerini yzarlamak gyzyklydyr. Olaryň esasyraklary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Doly däl sözlemleriň ýüze çykmagy kohtekste baglydyr. Mysal üçin, "– Çilburça eltip bilersiňizmi?" diýen sözlemde "Siz" hem "ýangyç" sözleri galdyrylypdyr. Emma "siz" sözi galdyrylanda hem, onuň barlygyny habary bildirýär. Şonuň üçin bu eýesi mälim sözlemlere degişlidir. Ýöne sözlemiň göni obýektiniň galdyrylmagy sözlemiň doly däldigine güwä geçýär.

Şu ýerde göni doldurgyç bolup gelýän "ýangyç" sözi öň ýanyndaky sözlemlerde getirilýär. Şoňa görä şol bir sözi ikinji gezek gaýtalap oturmagyň hajaty ýok. Ýokarky sözleme jogap bolup gelýän "**– Bilerin**" diýen sözlemde bolsa birnäçe agzalar galdyrylyp, diňe habaryň düzüm bölegi bolup gelýän "bilmek" kömekçi işligi saklanylypdyr. Ýeke şonuň özi hem bütin doly sözlemiň ýerini tutup gelýär. Sebäbi galdyrylan sözler öň ýanyndaky sözlemden görnüp dur. Şuňa görä doly däl sözlemleri kontekstden daşarda ulanmak bolmaýar.

Doly däl sözlemler, köplenç, iki ýa köp adamyň arasynda bolup geçýän gepleşikde (dialogda) ulanylýarlar. Ol adatça, sorag-jogap häsiýetde taýly görnüşde ulanylýan sözlemleriň jogap bölegine mahsusdyr. Sebäbi sorag sözleminden belli bolan sözler jogap sözleminde galdyrylyp aýdylýar. Munda haýsy sözüň galdyrylmalydygy we haýsy sözüň galdyrylman getirilmelidigi soragyň goýluşyna bagly bolýar. Soragyň maksadyna görä ol dürli hili bolup biler: sözlem tutuşlygyna ýa-da sözlemiň belli agzalaryna degişli sorag aňlatmagy mümkin. Sözlem tutuşlygyna sorag aňladanda, "hawa, ýok" ýaly sözlemleriň üsti bilen biragyzdan hem jogap bermek bolýar. Eger sorag sözlemiň belli bir agzasyna gönükdirilen bolsa, onda şol logiki basym bilen aýdylyp, oňa jogap bolup gelýän sözüň getirilmegi zerur hasaplanylýar:

"– Goňşy, siziň adyňyz **kim** bolmaly?

– **Öwez**.

– Aýalyňyzyň **ady**?

– **Şeker**".

Şu mysallarda sorag habara garadylyp goýlupdyr. Şoňa görä jogap sözleminde hem diňe şol soralýan zada jogap berlipdir. Beýleki sözler bolsa sorag sözleminden aňlanylýany üçin, jogap sözleminde getirilmändir. Eger şuny doly aýtjak bolsak: "– Meniň adym Öwez bolmaly", "– Aýalymyň ady Şeker bolmaly" diýip, şol bir mälim zatlary iki gezek heçjiklemeli bolardyk.

Sorag orun ahwalatyna degişli hem goýlup biler. Munda soraýan adam üçin hereketiň nirede bolup geçýäni gyzykly:

– **Haýsysynda** işleýärsiňiz?

– **Ikinji SMU-da.**

– **A men dördünjide.**

Aşakdaky mysallarda bolsa soraýan adam hereketiň bolup geçen wagtyny bilmek isleýär. Ondan özgesi soragçy üçin mälim. Şoňa görä jogap berýän adama diňe hereketiň bolup geçen wagtyny aýdaýmak galýar:

"– Sähediň brigadasynyň gowaçasyny **haçan** görüpdiň? – diýip sorady.

– **Düýn**" (N. Jumaýew. Ak derek).

Sorag berýän adam öz pikirini tassyklatmak maksady bilen, soragy tutuşlaýyn häsiýetde hem goýup biler. Şunda onuň pikiri tassyklanýar ýa-da inkär edilýär. Munuň üçin tassyklaýjy ýa inkärleýji serişdeler ulanylýarlar:

"– Ýagny mekdebiň tejribe uçastogy uçastok dälmi näme? – diýip, Mämiýew özüni saklap bilmän, ýene-de söz gatdy.

– **Elbetde, däl**" (N. Jumaýew. Ak derek).

Sorag-jogap alşygy monolog häsiýetde hem duş gelýär. Munda sözleýän adamyň özi hem sorag goýýar hem onuň jogabyny berýär. Jogap böleginde sorag sözlemindäki belli sözler gaýtalanman, diňe soragyň gönüden-göni talap edýän jogap sözi doly däl sözlem görnüşinde getirilýär: "Ýeri, indi ölermiň-ýitermiň, nä alaç edersiň? **Hiç zat**" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler); "Olaryň öňünden çykjak kim bar? **Hiç kim**" (şol ýerde).

Doly däl sözlemler beýan etme görnüşde düzülen sözlemlerde hem ulanylýar: "Dogrusy birnäçe adamlar-a ony çaýkawragam görjek bolýarlar. Ol biugram däl. Jalataýrak" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak); "Batyr zor. Ýöne birtöwra, ynanjaň adam" (şol ýerde). Şu mysallarda soňky sözlemleriň eýesi galdyrylyp ulanylypdyr. Emma onuň eýesiniň kimligi öň ýanyndaky sözlemlerden aňlanylýar. Kontekste gürrüňiň şol bir adam barada gidýäni belli. Şonuň üçin yzky sözlemlerde öňden belli sözleriň getirilmezligi mümkin. Munuň ozi sözlemleriň söz sanyny azaldyp, pikiri has ýygjam hem aýdyň beýan etmäge mümkinçilik döredýär.

2. Doly däl sözlemleriň ýüze çykmagyna dürli ýagdaýlar sebäp bolýar. Olaryň manysyna hem şol ýagdaýlar arkaly düşünilýär. Mysal üçin, N.Jumaýewiň "Ak derek" powestinde Baýram Selbä sabyrsyzlyk bilen garaşýp dur. Şol wagt Selbiniň gelşini we onuň Baýram tarapyndan garşylanyşyny awtor şeýle suratlandyrýar: "Uzakdan tamyň aňyrsyndan çykyp, gök köýnekli bir gyz sowuldy. **Selbi!**" (N.Jumaýew. Ak derek) ýa-da: "Ine, gulaga çala ilýän çygşyldy eşidildi-de, atlas köýnek pasyrdady... **Selbi!**" (şol ýerde). Şu mysallaryň ikisinde hem "Selbi!" diýen sözlem doly däl sözleme degişli bolup, belli bir ýagdaýda ýüze çykýar. Şunuň manysy "Selbi gelýär!" diýen sözlemiň manysyna barabardyr. Ol ýokarky ýagdaýda şeýlie hem düşünilýär. Bu ýerde düşüp galýan sözüň nämeligi doran ýagdaýdan açyk mälim bolýar. Elbetde, munda duýgy heňiniň hem ep-esli roly bardyr.

Ýokarky mysallarda sözlemiň habary galdyrylypdyr. Emma edil şonuň ýaly ýagdaýda sözlemiň eýesiniň galdyrylmagy hem mümkin. Mysal üçin, şol agzalan eserde şeýle setirler bar: "Birdenkä golaýjakda şygyrdy eşidildi... **Gelýär!..**" (N.Jumaýew. Ak derek). Munda hem şol ýagdaýdan Selbiniň gelýänligi aňlanylýar. Ýa-da A.Gowşudowyň "Iň soňky arçyn" powestinden arçyn seçilýän ýagdaýa degişli mysaly alyp göreliň:

"Soň ol sesini peseltdi-de:

– Aly jenap, ak patyşanyň ak ýürekli hyzmatçysy Gulmany arçyn seçmegiňizi teklip edýärin – diýip, edil buýruk beren ýaly edip aýtdy.

Gulmanyň topary:

– **Gulman! Gulman!** – diýip gygyryşyp, telpeklerini göge zyňyşdylar" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler):

"Gara buganyň toparyndan kimdir biri:

– **Gara buga!** – diýip gygyrdy" (şol ýerde).

Şu mysallarda: "– Gulman! Gulman!" we "– Gara buga!" diýen sözlemler doly däl sözlemlerdir. Olaryň manysy sol ady tutulan adamlar saýlansyn, bolsun diýmekdir. Emma bu sözlemlerde "seçilsin", "bolsun" ýaly sözler getirilmändir. Olary getirmegiň hajaty hem ýok. Çünki şol wagtky ýagdaý gürrüňiň näme hakynda barýanyny açyk aňladyp bilýär. Ýöne bu hili sözlemleri ýüztutma sözler bilen, ylaýta-da, ýüztutma sözlemler bilen gatyşdyrmak bolmaz. Sebäbi bularda birine ýüz tutulmaýar. Eýsem onuň ady diňe buýruk heňi bilen aýdylýar. Buýruk

heňi bilen ýüzlenme heňi bolsa birmeňzeş däldir. Mysal üçin: "– **Paýtun, paýtun!** – diýip gygyrypdyr" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler) diýen sözlemde "– Paýtun, paýtun!" doly däl sözlem bolup, buýruk heňi bilen aýdylýar. Şunuň manysyny doly sözlem bilen berjek bolsak, "– Paýtuny örän tiz getiriň!" diýmeli bolardyk. Emma munuň ýaly uzyn sözlem bilen bermäge pursat bolmany üçin, onuň aňlatjak manysyny güýçli heň öz üstüne alypdyr. Şeýlelikde, tutuş sözleme derek ýeke sözüň getirilmegi bilen çäklenilipdir. Şu ýerde "paýtun" sözüniň iki gezek gaýtalanmagy hem ýöne ýere däldir. Şunuň bilen ýagdaýyň örän galagopludygy gyssanmaçlygy aýratyn nygtalyp görkezilýär. Bu hem güýçli buýruk heňiň üstüne ýetne bolýar. Emma bu hili sözlemleri: "Jemal bolsa: – **Waý, il-gün!** – diýip, uly ili bilen gygyryp aglaýardy" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler) ýaly mysallar bilen birmeňzeş hasaplamak bolmaz. Munda "– Waý, il-gün!" diýen sözlem ýüztutma sözlemi bolup, ýüzlenme heňi bilen aýdylýar. Many taýdan birine gynançly ýüzlenmegi, kömek soramagy aňladýar.

3. Doly däl sözlemleriň ýüze çykmagy heň bilen hem gös-göni baglanyşyklydyr. Heň köp halatlarda düşüp galýan sözleriň öwezini doldurýar. Muny bilmek üçin aşakdaky nakyllary we atalar sözüni öz heňinde aýdyp görmek bolar: "Adam arasyny söz bozar, **gara dagy – ýel**. Adam dilinden tapar, **haýwan – pälinden.** Ädikçiniň ädigi bitmez, **çopanyň – tüýdügi**" (Nakyllar we atalar sözi). Şu mysallaryň ikinji böleginde haýsydyr bir sözüň ýetmeýänligi bildirýändir. Şol ýetmeýän sözüň ýerini heň eýeleýär. Ýazuwda bu hili ýagdaýlarda sözleriň düşüp galmagy netijesinde ýüze çykýan "boşlugy" aňlatmak üçin kese çyzyk goýulýar.

4. Käwagtlar doly däl sözlemlerdäki ýetmeýän agza sözlemiň manysyndan, onuň ulanylyş aýratynlygyndan, hakyky gatnaşykdan hem aňlanylýar. Mysal üçin, "Gorkak!" – diýip, onuň öz-özüne gahary geldi" (N.Jumaýew. Ýuwaş gelin) diýen sözlemleri alyp göreliň. Şunda "Gorkak!" diýen sözlemi doly däl sözlem hasaplamak bolar. Şu ýerde "gorkak" sözlemiň habary şekilinde ýüze çykýar. Sözlemiň grammatiki eýesi ikinji şahsdyr. Şuny "Sen gorkak!" ýaly aýtmak mümkin. Çünki sözleýän adamyň özi kesede durup, başga birine (ikinji adama) käýeýän mysalynda öz-özüne käýinýär. Şunlukda, sözlemiň grammatiki eýesi ikinji şahs hem bolsa, onuň



logiki eýesi birinji şahsdyr, sözleýän adamyň özüdir. Onuň özi gürrüňiň janly şaýady bolany üçin, diýilýän zadyň özüne degişlidigi bellidir. Şonuň üçin bular ýaly ýerde "men" ýa "sen" sözleriniň getirilmegi artykmaçdyr. Şu bolsa doly däl sözlemleriň döremegine sebäp bolýar.

5. Doly däl sözlemleriň ýüze çykmagy sözlem gurluşy, sözleriň grammatiki gatnaşygy bilen düşündirilip biler. Mälim bolşy ýaly, sözlemleriň gurluşy we sözlem agzalarynyň logiki gatnaşygy belli kadalara eýedir. Şol kadalar nusga şekilde bolup, birmeňzeş sözlemleriň hemmesini öz içinde ýerleşdirýär. Şonuň ýaly, sözlem agzalarynyň grammatiki gatnaşygy hem kesgitli kanunlara eýerýär. Şu esasda hem käbir sözleriň galdyrylyp ulanylanyny olaryň ýanaşyk gelýän sözlerinden, has dogrusy, baglanyşýan sözlerinden aňlamak bolýar. Çünki olar bir-biri bilen grammatiki taýdan baglanyşyp gelýäni üçin biri ikinjisiniň bolmagyny talap edýär, ikinjisi birinjini isleýär. Bular belliräk sözler we şekiller bolup, bir-birlerini mydama küýsäp durýarlar. Şoňa görä bu hili ýygy baglanyşykly sözleriň birini aýtsak, eýýäm ikinjisi gözümiziň öňüne gelýär. Şunuň ýaly sözlemlerde degişli agzalaryň galdyrylyp ulanylmagy hem şonuň üçindir. Indi bu aýdanlarymyzy mysallar bilen düşündireliň: "– Taňyş sagat! **Bu nähili saňa?!**" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak). Şu mysaldaky "Bu nähili saňa?!" diýen sözlem, hakykatyna garanda, "Bu nähili saňa düşdi?!" şekilinde aýdylmaly. Şu sözlemde şonuň ýaly habaryň bolmalydygy ýöneliş düşümde gelen "saňa" diýen sözden duýulýar. Elbetde, bu ýerde duýguly-sorag heňiň hem kontekstdir ýagdaýyň hem gatnaşygynyň bardygyny inkär etmek bolmaz. Sebäbi bular bir-biri bilen örän içgin baglanyşykly bolany üçin, olar ýekelikde kän ulanylmaýarlar. Şoňa görä heň kontekst, ýagdaý azda-kände doly däl sözlemleriň köpüsinde duýulmagy mümkin. Mysal üçin, "Men öýden geldim" diýmegiň ýerine "Men öýden" diýip aýdýarys. Şunda "geldim" diýen söz aýdylmanda hem, onuň manysy "öýden" sözüniň üsti bilen aňlanylýar. Çünki çykyş düşüm hereketiň çykyş nokadyny görkezmek üçin hyzmat edýär we şol şekili talap edýän işlikler bilen ulanylýar. Emma şu mysalda heňiň hem, ýagdaýyň hem ep-esli täsiri bar. Bulardan başga-da, käbir sözlemlerde habaryň manysy aýyklaýjy agzalardan gönüden-göni aňlanylmagy mümkin. Şeýle bolanda, onuň galdyrylyp ulanylmagy kanunalaýykdyr. Mysal üçin, "–Köpçüligi beýle başagaý etmek **näme üçin**?" diýen sözlemde "näme üçin" sorag çalyşmasy

"gerek" sözüniň ýerini tutup gelipdir. Şonuň üçin "gerek" sözüni sözlemde getirmänimizde hem, onuň manysy ýanyndaky sözlerden düşnüklidir.

6. Doly däl sözlem ýşarat etmek, aýlap düşündirmek arkaly hem ýüze çykyp biler. Munda adatça sözlemler üzlem-saplam görnüşde, gysga, iş salyşmaýanlar üçin düşnüksizräk häsiýetde düzülýärler. Gürrüňiň näme barada barýany, öň ol hakda agzalmasa-da, gürrüňdeşleriň ikisi üçin hem belli bolýar. Çünki şol waka olaryň ikisiniň hem başyndan geçipdir ýa-da şol ugur boýunça ikisiniň arasynda bir umumylyk bar. Ynha, şol birleşdiriji umumylyk bolsa olaryň bir-birine düşünmegini üpjün edýär. Şunlukda, olar özara (gizlin) düşünişmek maksady bilen doly däl sözlemlerden peýdalanýarlar. Mysal üçin, H.Ysmaýylowyň bir feletonynda hammamçy aýalyň para alýany hammama düşüp çykan iki sany adamyň gürrüňiniň üsti bilen tankyt edilýär:

"– **Näçe?** – diýip sorady.

– **Ýigrimi**.

– **Köp beripsiň,** men ony on manat bilen oňdurdym" (H.Ysmaýylow. Öküz gödek).

Şu sözlemleri doly sözlem görnüşinde ulananymyzda, birinji sözlem "Oňa (hammamçy aýala) näçe pul berdiň?", ikinji sözlem hem "Men oňa ýigrimi manat pul berdim", üçünji sözlem bolsa "Sen oňa puly köp beripsiň..." ýaly aýdylmaly. Emma gürrüňiň näme barada gidýäni gürrüňdeşleriň ikisi üçin hem düşnükli bolany üçin, doly sözlem şekilinde ulanmaga zerurlyk duýulmaýar.

7. Doly däl sözlemlerde galdyrylan agzalaryň öwezi ümlemek, salgy bermek, görkezmek ýaly her dürli hereketleriň üsti bilen doldurylýar. Şeýlelik bilen, bu alamatlar doly sözlemleriň ýüze çykmagynyň sebäpkäri bolup duýulýarlar: "Salamlaşykdan soň kellesi bilen ata baka ümläp, Şamyrat aga:

– **Şu – diýdi**" (N.Jumaýew. Ýuwaş gelin).

Mysalda bellenen "şu" sözi doly däl sözlem görnüşinde ýüze çykýar. Şuny doly sözleme öwürsek, "At – şu" şekilinde aýdylardy. Emma sözlemiň eýesi, ýagny "at" ümlenip görkezilýär. Şonuň üçin onuň getirilmegi hökman däl.



## *Doly däl sözlemleriň görnüşleri*

Doly däl sözlemler haýsy agzalaryň galdyrylyp ulanylýandygyna garap, birnäçe görnüşde ýüze çykyp biler.

### Eýesi galdyrylan doly däl sözlemler

Eýesi galdyrylan doly däl sözlemler habar, buýruk, sorag, ýüzlenme sözlemlerinden bolup biler. Bu hili sözlemleriň eýesi, köplenç, öň ýanyndaky sözlemlerden ýa-da, umuman, gürrüňiň gidişinden, ýagdaýyndan belli bolýany üçin, onuň galdyrylyp ulanylmagy hiç bir hili düşünişmezlik döretmeýär:

– Tüpeňli känmi?

– **Kän**.

Şu sözlemleriň ikinjisinde eýe ulanylmandyr. Sebäbi öňündäki sözlemde "tüpeňli" barada gürrüň gidýäni üçin, ikinji sapar gaýtalanmakdan saklanylypdyr. Emma munuň özi sözleme hiç bir hili düşünişmezlik salman, gaýta, bir sözüň iki gezek gaýtalanmagyndan dyndarypdyr, sözlemiň has gysga we sygşykly bolmagyny üpjün edipdir.

Başga bir mysal: "Emma gapynyň agzynda özi ýaly ýaş maşgalanyň ýylgyryp duranlygyny görüp köşeşdi. **Kimkä**?" (G.Kulyýew. Ýowuz günler).

Şu sözlemleriň soňkusynda eýe galdyrylypdyr. Emma eýäniň kimligi öň ýanyndaky sözlemden aňlanylýar. Şol sözlemdäki "ýaş maşgalanyň" diýen sözler eýäni bildirip gelýär. Ikinji sözlemde şol "ýaş maşgala" dogrusynda gürrüň gidýär. Şonuň üçin ol ikinji sözlemde getirilmändir.

Ýene bir mysal: "– Nökerlere şeraby köp bermäň. **Ynha, sähelçe wagtdan ýola düşmelidirler**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler). Şu sözlemleriň ikinjisiniň eýesi taşlanylypdyr. Emma şonuň eýesiniň "nökerlerdigi" öň ýanyndaky sözlemden görnüp dur.

Käwagtlar sözlemiň eýesi öň ýanyndaky sözlemden aňlanylman, umuman, gürrüňiň gidişinden, ýagdaýyndan hem duýlup biler. Mysal üçin, salamlaşylanda, hal-ýagdaý soralýar. Şonda ýaşkiçi ýaşula: "– Sizdendir" diýip jogap berýär. Şu ýerde gürrüňiň soraşmak barada gidýäni bellidir.

Nahar almaly ýa sözlemeli bolanda hem, "– Sizdendir" diýilýär. Emma sözlemiň eýesi aýdylmasa-da, oturanlaryň hemmesi üçin düşnükli: "Emma myhman açyk göwnünden has berk: "– **Sizdendir** – diýensoň, Subhan gaty: – Amanlykmydyr? – diýip, ýaşululyk görkezdi".

## Habary galdyrylan doly däl sözlemler

Habary galdyrylan doly däl sözlemler dilde azrak duş gelýär. Çünki habar sözlem agzalarynyň içinde iň durnuklysy bolup, ol aňsat sözlemden düşürilmeýär. Ýöne sözlemiň habary ön ýanyndaky sözlemiň habary bilen meňzeş bolup, ikinji sapar gaýtalanmaly bolsa, şol halatda ikinji sözlemiň habary galdyrylyp biler:

– Häzir näçe çaga bar?

– **On bir sany**;

Nireden gelýärdiňiz?

– **Iberilen ýerimizden!**

Mundan başga-da, düzmeli goşma sözlemleri hasyl edýän ýökeneý sözlemleriň habarlary meňzeş sözlerden bolup gelende, ikinji sözlemiň habary taşlanylýar. Bu köplenç nakyllarda, atalar sözünde duş gelýär: "Akmak aşda belli, ýigit işde belli, är – söweşde"; "Akylsyz ýaş ýok, **bahasyz – iş**"; "Aty döwek garrydar, ýigidi – orak"; Döwletli aşynda belli, **bidöwlet – işinde**"; "Iş akyly tapar, **akyl – işi**"; "Ogly eklän tanar, **aty – saklan**"; "Ökünçsiz iş bolmaz, **ahmyrsyz – uruş**"; "Pylan ýerde bakyr bar, **barsaň – takyr**" (Nakyllar we atalar sözi).

Sözlemiň habary gürrüňiň gidişine, ýagdaýyna, wagtyna, şertine garap hem galdyrylyp biler. Mysal üçin, öýde myhmanlara garaşyp oturan bolsak, şonda daşdan biri "Geldiler" diýip, habar berýär. Oturanlar üçin kimiň geleni eýýäm belli. Şu hili pursatda "Myhmanlar geldiler" diýip oturmagyň geregi ýok.

Käwagtlar sözlemiň habary bütinleý taşlanylanda hem, onuň manysy aňlanylýar. Bu, köplenç, däp boýunça häli-şindi gaýtalanyp duran sözlemlerde duş gelýär. Mysal üçin: "Baýram bilen **gutlaýaryn!**" ýa-da "Täze ýyl bilen **mübärekleýärin!**" diýmegiň ýerine, ýöne "Baýram bilen!" ýa-da "Täze ýyl bilen!" görnüşinde habar bütinleý ulanylmaýar. Şu hili sözlemlerde "gutlaýaryn" ýa-da



"mübärekleýärin" sözleri galdyrylanda hem, olaryň gutlag sözüdigi aňlanylýar.

Sözlemiň **habary** goşma işliklerden bolanda, kömekçi işligiň galdyrylyp ulanylyşy hem bar. Mysal üçin, halk arasynda "Toý mübärek bolsun!" diýmegiň ýerine "**Toý mübärek!**", "Et ýagly bolsun!" diýmegiň ýerine "**Et ýagly!**" şekilinde aýdylyşy hem giň ýaýrapdyr.

Umuman, sözlemiň habary aýdylmanda hem, onuň manysy göz öňüne gelýän bolsa, habaryň galdyrylyp ulanylmagy bütinleý kanunalaýyklydyr. Mysal üçin: "Hawa, indi ýaňky maşgalany **almak hakynda**" diýen sözlemde "gürrüň edeliň" ýa-da "durup geçeliň" diýmäninde hem, gutarnykly heňde, olaryň manysy göz öňüne gelýär.

"– Şeýle günde saglykdan **ne peýda!**" diýen sözlemde hem "bar" sözi galdyrylypdyr. Sebäbi bu sözlem ýokluk düşünjäni aňladýany üçin, barlyk şekildäki habaryň gatnaşmagy zerur däl.

## Aýyrgyjy galdyrylan doly däl sözlemler

Türkmen dilinde aýyrgyjy galdyrylan doly däl sözlemler hem bar. Bularda, köplenç, eýelik aýyrgyjy galdyrylyp ulanylýar.

Eýelik aýyrgyjynyň düşürilmegi sözlem gurluşyna hem-de pikir aňlatmaga zyýan ýetirmeýär. Çünki galdyrylan agza öň ýanyndaky sözlemlerden belli bolýar:

Hawa, **sebäbinem aýdyň**. Ýok, **birem ýok**. Belli bir **ugurutgasy ýok**.

## Doldurgyjy galdyrylan doly däl sözlemler

Käbir sözleriň doldurgyjy galdyrylyp hem ulanylyp biler. Munuň üçin öň ýanyndaky sözlemde şol doldurgyjyň bolmagy zerurdyr. Galdyrylyp ulanylýan doldurgyç öň ýanyndaky sözlemde gelýäni üçin, onuň manysy gürrüňdeşlere belli. Şoňa görä hem ol ikinji gezek gaýtalanman, soňky sözlemde galdyrylyp ulanylýar:

– Men **çaý** içdim, oglum.

– Menem **içdim**.

– **Ony** menden soramaň. **Ýüregimden soraň**.

– Häzir näçe **düýe ýangyç** tapyp berip bilersiňiz?

– **Näçe diýseňiz tapyp bereýin**.

Galdyrylan doldurgyç gürrüňiň gidişinden, ýagdaýyndan hem aňlanyp biler. Mysal üçin: "– **Soraşyň**" diýen sözlemde nämäniň soraşylýany", aýdylmasa-da, "hal-ahwal" soraşmak barada gürrüň gidýäni duýulýar.

## Ahwalaty galdyrylan doly däl sözlemler

Sözlemiň ahwalaty hem öňki sözlemden mälim bolsa, galdyrylyp ulanylyp biler:

– **Henizem** otyrmyň?

– **Otyryn**.

## Birnäçe agzalary galdyrylan doly däl sözlemler

Sözlemiň ýeke eýesi habary ýa aýyklaýjy agzalary galdyrylman, eýsem birnäçe agzalarynyň-da birbada galdyrylyp ulanylmagy mümkin. Eger ikinji sözlemde birnäçe agza gaýtalanjak bolsa, zerurlyk bolmadyk ýagdaýynda, olaryň hemmesi galdyrylyp ulanylýar:

– **Ýagny şol gyzyň üstünde ýigidiň başyna neneňsi günleriň düşendigini özüňiz** bilýärsiňiz ahyry.

– **Bilýän**.

– **Däde, ertir bazarda onuň ata süýrediljegi** çynmy? – diýip sorady.

– **Çyn** – diýip, jogap berdi.

"**Dogan, dolanan, kowum-garyndaş saňa** nirede **gerek**? Elbetde, Watanyň üstüne agyr howp abananda, **başyňa agyr gün düşende**" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

Käwagtlar belli sebäbe görä sözlemiň bir böleginiň aýdylman galdyrylýan halatlary hem bolýar. Ol, köplenç, galdyrylan sözler sözleýän adam üçin düşnükli bolanda ýa-da onuň aýdylmagy gelşiksiz saýylanda, ýa-da ýakymsyz habary mälim etmäge dili barmadyk ýagdaýynda, ýa bolmasa öň bir wagt aýdan sözi ýadyna düşende, sözlemi doly aýtmaklygyň zerurlygy bolmadyk pursadynda galdyrylyp ulanylýar. Emma



nämäniň galdyrylany diňleýji üçin, köplenç, halatlarda düşnükli bolýar.

Şunuň ýaly sözlemlerde heňiň aýratyn hyzmaty bardyr. Çünki habar berilýän zat şatlyk heňi bilenmi, gaýgyly heň bilenmi – dürli hili heň bilen aýdylyp, galdyrylan agzalaryň, iň bolmanda, umumy ugruny mälim edýär. Mysal üçin: "Telpek basan adam gaýgyly gözlerini galdyrdy we ol: – Gelneje, kysmat, başa näme gelse, çydamaly-çekmeli – diýip sakanaklady. Soň ol:

– Myrat… – diýip sakyndy" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

Şunda Myrada degişli bir ýakymsyz habaryň mälim ediljek bolunýanlygy sözlemiň gaýgyly heňde aýdylmagyndan hem mälim bolýar. Hatda sözleýän adamyň daşky keşbi, ýüz görnüşi hem ("Telpek basan adam gaýgyly gözlerini galdyrdy…") şol barada habar berip biler.

Galyberse-de, öň ýanyndaky sözlemlerden hem ("– Gelneje, kysmat, başa näme gelse, çydamaly-çekmeli…") erbet habaryň aýdyljaklygy azda-kände ýaňzydylýar. Şonuň üçin bu hili sözlemleriň manysy hem umumy kontekstden kän daşa çykyp bilmeýär. Ýöne käwagtlar şol birbada aýdylyp bilinmedik sözlemiň dowamy soň bir ýerde aýdylmagy hem mümkin. Şunluk bilen, öňki gutarylmadyk sözlemiň manysy açylyp, gutarnykly sözleme öwrülýär. Mysal üçin, aşakdaky sözleme öňde ýatlanan sözlemiň dowamy diýip düşünmek gerek: "Ol adam azajyk sägindi we:

– **Gutarypdyr** – diýip, çep eli bilen öz maňlaýyny tutdy" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

Galdyrylan sözleriň manysy bolsa öňki sözlemlerden aňlanylýar: "Ýok, bu nähoşlugyň alamaty däl. Ejemiň aýdanlary… Hut şoldur" (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar). Şunuň özi "ejemiň aýdanlary bolaýmasyn" görnüşinde ulanylmaly. Emma "bolaýmasyn" diýen söze dili barman, "ejemiň aýdanlary…" diýip, sözlemiň habaryny galdyryp ulanypdyr. Şu hili sözlemler aýdylanda, gutarylmadyk sözlem şekilinde yzynda bir zat bar ýaly, üzük, gutarylmadyk heň bilen aýdylýar. Ýazuwda bolsa galdyrylan sözlere derek köpnokat goýulýar. Munuň ýaly üzük sözlemleri doly däl sözlemler bilen gatnaşdyrmak bolmaz. Çünki doly däl sözlemler düzümi boýunça doly bolmazlygyna seretmezden, gutaran heňde aýdylýarlar. Emma ýokarky ýaly üzük sözlemler heň taýdan gutarnykly häsiýete eýe däldir.

## EDEBIÝAT


**Saparmyrat Türkmenbaşy**. Ruhnama. – Aşgabat, 2001.

**Azymow P.** Türkmen diliniň meseleleri. – Aşgabat: Ylym, 1969. 36–43 s.

**Аннануров А.** Вопросы синтаксиса в плане перевода с русского на туркменский язык. – Ашхабад: Туркменгосиздат, 1956.

**Баскаков Н.А.** Историко-типологическая характеристика структуры тюркских языков. Словосочетание и предложение – М.: Наука, 1975.

**Виноградов В.В.** Основные вопросы синтаксиса предложения (на материале русского языка). В кн.: Вопросы грамматического строя. – М.: Изд-во АН СССР, 1955.

**Дмитриев Н.К.** Основые вопросы туркменского синтаксиса. Строй тюркских языков. – М.: ИВЛ, 1962. С. 395–430.

**Guzyçyýew T.** Türkmen diliniň ýazuw ýadygärliklerinde ýönekeý sözlemler. – Aşgabat: Ylym, 1984.

**Кононов А.Н.** Грамматика современного турецкого литературного языка. – М. – Л.: Изд-во АН СССР, 1956.

**Myradow A.** Türkmen dilinde doly däl sözlemiň gurluşy. – Türkmen diliniň we dialektologiýasynyň problemalary. – Aşgabat, 1974.

**Myradow A.** Eýesi galdyrylan doly däl sözlemler. // Türkmenistanyň halk magaryfy, 1975. №3. 81–89 s.

**Myradow A.** Häzirki zaman türkmen dilinde doly däl sözlemleriň döreýiş çeşmeleri. – Aşgabat, 1975.

**Myradow A.** Doly däl sözlemleriň manysy. – Türkmen diliniň we dialektologiýasynyň problemalary. – Aşgabat, 1976. 98–101 s.

**Мурадов А.** Неполное предложение в современном туркменском языке: Автореф. канд. дис. – Ашхабад, 1977.

**Myradow A.** Häzirki zaman türkmen dilinde doly däl sözlemleriň gurluşy. – Aşgabat, 1981.





**Myradow A.** Häzirki zaman türkmen dilinde ikisostawly sözlem. – Aşgabat, 1990.

**Myradow A.** Häzirki zaman türkmen dilinde birsostawly işlik sözlemi. – Çärjew, 1990.

**Myradow A.** Häzirki zaman türkmen dilinde birsostawly isim sözlemi. – Aşgabat, 1990.

**Myradow A.** Ýönekeý sözlemiň strukturasy we onuň öwrenilişi. – Aşgabat, 1991.

**Nartyýew N.** Häzirki zaman türkmen dilinde sözlem gurluşy. // TSSR YA-nyň habarlary. Jemg. ylyml. seriýasy. 1977. №2. 71–77. s.

**Nartyýew N.** Häzirki zaman türkmen dilinde goşma sözlemiň gurluşy. I bölüm. Giriş we düzmeli goşma sözlem. – Aşgabat, 1980. 34–35 s.

**Пешковский А.М.** Русский синтаксис в научном освещении. 7-е изд. – М.: Учпедгиз,1956.

**Потебня А.А.** Из записок по русской грамматике – М.: Учпедгиз. Т. 1-2. 1956.

**Поцелуевский А.П.** Избранные труды. – Ашхабад: Ылым, 1975. С. 187–290.

**Сарыев Б.** Номинативные предложения как один из типов односоставных предложений. // Вопросы советской тюркологии. Материалы IV Всесоюзной тюркологической конференции. – Ашхабад, 1984. С. 156–157.

**Сарыев Б.** О терминах односоставных предложений. // Материалы V Республиканской научной конференции. – Ашхабад, 1985.

**Сарыев Б.** Структурно-семантические модели (ССМ) глагольного односоставного предложения. // Научно-технический прогресс и общество. – Ашхабад, 1986. С. 271–272.

**Saryýew B.** Bir sostawly sözlemleriň iki sany konstruksiýasy hakynda // TSSR YA-nyň habarlary. Jemg. ylyml. seriýasy. 1986. №6. 85–90 s.

**Saryýew B.** Bir sostawly sözlemler türkmen dilindäki ýönekeý sözlemleriň özbaşdak tipidir // TSSR YA-nyň Jemg. ylyml. seriýasy. 1987. №2. 68–75 s.

**Сарыев Б.** Односоставные предложения в современном туркменском языке: Автореф. канд.дас. – Ашхабад, 1988. С. 25.

**Saryýew G.** Türkmen filologiýasy fakultetiniň studentleri üçin "Häzirki zaman türkmen dilinde ýönekeý sözlemler" diýlen bölüm boýunça metodik görkezme. – Aşgabat: TDU-nyň neşirýaty, 1980.

Türkmen diliniň grammatikasy. I bölüm. Söz düzüminiň we ýönekeý sözlemiň sintaksisi. – Aşgabat: Ylym, 1977.

Häzirki zaman türkmen dili. Sintaksis. – Aşgabat, 1962.

**Шахматов А.А.** Синтаксис русского языка. 2-е изд. – М.: Учпедгиз, 1941.

# GOŞMA SÖZLEM

## Umumy maglumat

Sözlemler gurluşyna görä iki sany uly topara: ýönekeý hem goşma sözlemlere bölünýärler. Sözlemiň esasyny habarly gatnaşyk düzýän bolsa, ýönekeý sözlemde şol bir sany bolýar we sözlemiň merkezini emele getirýär. Ol sözlemiň esasy ölçeg birligi hökmünde hyzmat edýär we onuň sözlem görnüşinde ýüze çykmagyny kepillendirýär. "**Howa maýlady. Maşyn** garaňkylygyň içine **siňip gitdi.** Indi meniň **ýüregim** abat motor ýaly parahat **gürsüldeýärdi. Beýnim** çölüň howasy ýaly **tämizdi**" (N.Jumaýew. Ýuwaş gelin).

Adatça ýönekeý sözlem – sada pikiri, goşma sözlem çylşyrymly pikiri aňladýar diýip düşündirýärler. Emma munuň özi onçakly dogry däldir. Çünki ýönekeý sözlemiň hem örän çylşyrymly pikiri aňladyp gelýän halatlary seýrek bolmaýar. Munuň özi aýratyn hem deňdeş we ýaýbaňlandyrylan agzaly ýönekeý sözlemler üçin häsiýetlidir: "**Magtymguly** baryp, ýabynyň boýnuny, ýagyrnysyny sypalaşdyrdy, ýalyna ilen çöp-çalamlary **aýryşdyrdy.** Agylyň gapdalynda ýatan keçäni alyp, onuň üstüne **atdy,** biline **çeki çekdi, irişmeledi.** Soňra öýüň gapdalynda ýatan orak bilen ýüpi **aldy-da,** ýabyny idip, ilerligine – Gürgen derýasyna bakan **ugrady.**

**Gürgen** obadan atgaýtarym **uzaklykdady.** Derýa bilen obanyň aralygynda gündogardan günbatara süýnüp gidýän **alaň bardy.** Alaňy iki böwsüp, derýa bakan kötel **ýol gidýärdi.** Ýol bilen aşak inen **ýeriň** birwagtlar joşup akan, emma häzir taňkyrap ýatan köne

**jardy.** Jardan üç-dört ädimlikde bolsa **Gürgen derýasy** towlanjyrap **akýardy**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler.)

Şeýle-de bolsa, bular sözlemiň maýasynyň birdigi bilen häsiýetlenýärler. Deňdeş habarlar hem bir eýäni aýyklap gelýänligi üçin, aýratyn merkezi emele getirip bilmeýärler. Şunlukda, ýönekeý hem goşma sözlemleriň aratapawudy olaryň gurluşyndadyr.

Emma goşma sözlem birnäçe ýönekeý sözlemlerden düzülip, olaryň jeminden hasyl bolan bitewi bir pikiri aňladýar. Şunlukda, ýönekeý sözlemlerde bir habarly gatnaşyk bar bolsa, goşma sözlemlerde şunuň ýaly gatnaşyk birden köpdür. Başgaça aýtsak, ýönekeý sözlemlerde bir merkez bolsa, goşma sözlemlerde şonuň ýaly merkez birnäçedir. Şonuň üçin hem goşma sözlemleri ýönekeý sözlemlerden tapawutlandyrmakda, ozaly bilen, sözlemdäki habarly gatnaşygy ýüze çykarmak gerek. Eger sözlemde bir habarly gatnaşyk bar bolsa, ol ýönekeý sözlem bolýar. Eger şunuň ýaly habarly gatnaşyklar birden köp bolsa, onda biziň iş salyşýanymyz goşma sözlem bolup çykýar: "Daşarda **şagallar** tukat **uwlaşýardy; mör-möjekler** galagoply **jürrüldeýärdi,** nähilidir bir **haýwan ýa guş** naýynjar **seslenýärdi. Jemşidiň dem alşy** Selbiniň gulagynda "has-has" edip **ýaňlanýardy,** hatda deminiň **ýylysy-da duýulýan ýalydy**" (N.Jumaýew. Ýuwaş gelin). "Ikindin çaglary giň meýdanda **apy-tupan turdy, naýzalar** batyrgaý **galkdy, gylyçlar** gaýduwsyz **ýalpyldady.** Salym geçmän bolsa, **bedewler garpyşdy, göwreler çaknyşdy,** gara **ýer** gyrmyzy gana **boýalyp başlady.** Hut şol wagt **Abdylmejit han** pyýada serbazlarynyň hem baryny öňe **sürdi,** Çagyllynyň içinde-de **harasat güýjedi.** Türkmenleriň **ýitgisi köpelip başlady, ýagdaýy agyrlaşdy**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler.).

Ýokarky mysallaryň her biri goşma sözlem bolup, olary emele gitirmäge birnäçe ýönekeý sözlemler gatnaşypdyrlar. Olaryň her haýsynyň öz eýesi, habary bar. Şu bolsa olaryň her birine aýratyn sözlem hökmünde garamaga mümkinçilik berýär. Şeýle-de bolsa, bulary gutarnykly pikir aňladýan ýönekeý sözlemler bilen birmeňzeş diýip bolmaz. Sebäbi bular gutarnykly heňde aýdylyp, özbaşdak ulanylman, goşma sözlemiň içinde gelýärler. Şoňa görä olar many,



heň, grammatiki taýdan özbaşdaklyklaryny belli bir derejede ýitirip, goşma sözlemiň düzüm bölegi şekilinde ulanylýarlar. Şunlukda, goşma sözlem many, heň hem grammatiki taýdan bitewidir. Eger şeýle bolmasa, goşma sözlemiň dilde geregi hem bolmazdy. Onda sözlemleri goşup, birikdirip ulanman, olary aýratynlykda ulanybermeli bolardy. Emma goşma sözlemler diliň, pikirlenmäniň ösüşi netijesinde zerurlyk arkaly ýüze çykypdyrlar. Olar çem gelen sözlemleriň mehaniki suratda birleşdirilmegi arkaly däl-de, eýsem many, heň hem grammatiki taýdan sözlemleriň içki baglanyşygy esasynda düzülýärler. Muny olaryň manysynda, heň hem grammatiki taýdan baglanyşynda açyk görmek bolýar. Galyberse-de, bularyň gurluşynda hem umumylyk bar. Goşma sözlemiň umumy aýyklaýjy agzalary ýönekeý sözlemleriň her birinde aýratyn ulanylman, ikisi üçin hem birden hyzmat edýärler. Mysal üçin: "**Ýigidiň** ykbaly keçdi, bagty şordy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler) ýa-da "**Onuň** keýpi kökdi, wagty hoşdy" (şol ýerde) diýen goşma sözlemlerde "ýigidiň" we "onuň" diýen eýelik aýyrgyçlary sözlemleriň ikisine-de degişlidir "**Magtymgulynyň ýaraly kalbynda** harasat gopdy, süýtdeş doganyny görmek umydy möwç urdy (G.Kulyýew. Ýowuz günler) diýen sözlemde "Magtymgulynyň ýaraly kalbynda" diýen sözler sözlemleriň ikisi üçin hem ortalykdyr.

Şu pähimlere esaslanyp, birnäçe işlerde goşma sözlemiň düzüm böleklerini "sözlem" diýip atlandyrmakdan saklanýarlar we olary "bölek" ýa-da "komponent" ýaly sözleriň üsti bilen aňladýarlar. Emma weli bularyň hemmesiniň hem şol bir zat üçin ulanylýanlygy bellidir. Ony nähili atlandyranyňda hem, manysy üýtgemeýär. Ýöne goşma sözlemi hasyl edýän bölekleri "sözlem" ýa-da "ýönekeý sözlem" diýip atlandyrmakdan gaça durmaklyk onçakly dogry däldir. Çünki goşma sözlemiň aýry-aýry ýönekeý sözlemleriň birleşmeginden emele gelýänligi subut edilen zatdyr. Onsoň hem, goşma sözlemi emele getirýän bölekler ýöne bir "bölek" ýa "komponent" bolman, özbaşdak eýeli-habarly sözlemlerdir, goşma sözlemiň maýalarydyr. Olar goşma sözlemiň düzüminde gelenlerinde hem, grammatiki we heň taýdan bütinleý sözlemlik ukybyny ýitirmeýärler. Şonuň üçin hem bularyň sözlem diýlip atlandyrylmagy diňe bir amaly taýdan

oňaýly bolmak bilen durman, eýsem nazary taýdan hem dogrudyr.

Goşma sözlemiň atlandyrylyşy hem jedellidir. Şu ýerde "goşma sözlem" diýen adalganyň A.M.Peşkowskiý tarapyndan ýazgarylýanlygyny ýatlamak gerek. Ol muny "goşma sözlem" diýen adalganyň "birnäçe sözlemi bir sözlem bilen atlandyrýanlygy we şunuň bilen hem bulam-bujarlyk döredilýänligi"[1] bilen esaslandyrýar. A.M.Peşkowskiý bu adalga derek "goşma bitinlik"(сложное целое) diýen adalgany öňe sürýär. Birnäçe işlerde, aýratyn hem irki döwürde çykan işlerde goşma sözlemler "период" sozüniň üsti bilen atlandyrylypdyr. Emma "период" hazirki wagtda köp edebiýatlarda belli ölçegde, sazlaşykly heňde aýdylýan sözlemleriň özboluşly düzümini aňladýar. Şunlukda, bu adalga goşma sözlemden başgarak manyda işledilýänligi üçin, sözlemiň manysynda ulanylyp bilmez. Şeýle-de bolsa, häzirki wagtda hem "период" adalgasynyň, umuman, goşma sözlem manysynda ulanylyşyna azrak duş gelinýär. Goşma sözlemiň birnäçe ýönekeý sözlemleriň jeminden emele gelen çylşyrymly sintaktik birligi aňladýanlygy üçin, onuň goşma sözlem diýip atlandyrylmagy maksadalaýykdyr. Ol gurluşy boýunça ýönekeý sözleme garşy goýulýar. Goşma sözlemiň gurluşy ýönekeý sözleme garanda has çylşyrymlydyr we pikir aňlatmak taýyndan köptaraply hem ýaýbaň häsiýete eýedir. Goşma sözlemi hasyl edýän ýönekeý sözlemleriň manysy aýratynlykda göz öňüne gelmän, olaryň hemmesi grammatiki, heň we many taýdan berk baglanyşyp, tutuş, çylşyrymly pikiri aňlatmak üçin hyzmat edýärler. Sözlemleri bir-birine baglamak üçin heň, baglaýjylar, baglaýjy sözler we beýleki grammatiki serişdeler ulanylýarlar. Şulardan heň hemme sözlemlerde baglaýjy serişde hökmünde gatnaşýar. Ýöne birinde ol – esasy, beýlekisinde kömekçi hyzmaty ýerine ýetirýär.

Goşma sözlemleri hasyl edýän ýönekeý sözlemleriň özara baglanyşy birmeňzeş däl. Bularda, esasan, üç hili grammatiki baglanyşyk bolýar: 1) düzmeli; 2) eýerjeňli; 3) baglaýjysyz. Şular diňe sözlemleri bir-birine baglamak bilen çäklenmän, eýsem olardan birleşik, bölünişik, garşylyk, sebäp, netije ýaly dürli many gatnaşyklarynyň ýüze çykmagyny hem üpjün edýärler. Şeýlelikde, goşma sözlemler grammatiki taýdan neneňsi baglanyşýanlygyna garap üç topara bölünýärler:

1. Düzmeli goşma sözlem.
2. Eýerjeňli goşma sözlem.
3. Baglaýjysyz goşma sözlem.

---

[1] **Пешковский А. М.** Русский синтаксис в научном освещении. Изд. М.: Учпедгиз, 1956. С. 455.

## DÜZMELI GOŞMA SÖZLEM

### Umumy maglumat

Düzmeli baglaýjylar arkaly baglanyşýan goşma sözleme *düzmeli goşma sözlem* diýilýär.

Adatça düzmeli goşma sözlemler deňhukukly ýönekeý sözlemleriň birleşip gelmekleri arkaly emele gelýärler, bularyň her birini özbaşdak ulanmak mümkin bolýar diýip aýdýarlar. Şunuň özi onçakly dogry däldir. Çünki düzmeli goşma sözlemleri hasyl edýän ýönekeý sözlemleriň hyzmatlary bütinleý birmeňzeş däldir, has beteri hem, olary özbaşdak ulanmak bolmaz. Dogry, bularyň biri beýlekisine tabyn bolman, her haýsy belli bir derejede özbaşdaklyklaryny saklaýarlar. Şu babatda olaryň düzüm bölekleri ýönekeý sözlemlere gaty ýakyndyr. Emmá munuň özi düzmeli goşma sözlemleri hasyl edýän ýönekeý sözlemleriň arasynda hiç bir hili umumylyk ýok diýildigi däldir. Eýsem olaryň manysynda içki taýdan wagt, orun, netije, şert ýaly dürli gatnaşyklaryň barlygy äşgär duýulýar. Düzmeli goşma sözlemleri hasyl edýän ýönekeý sözlemleri baglap gelýän düzmeli baglaýjylary aýtmanymyzda hem, bularyň düzüm bölekleri heň, sözlük düzümi, sintaktik gurluşy, habarlarynyň şekillenişi we tertibi boýunça hem özara baglanyşyklydyr. Düzmeli goşma sözlemiň düzüm bölekleri üçin umumy bolan aýyklaýjy agzanyň başda ulanylmagy hem şunuň şaýadydyr: "**Bu gije** gabrystanlykda boldular, emma gözlerine uky gelmedi" (Mollanepes. Zöhre-Tahyr); "**Garly ussa howlyň derwezesinden içine ätlän badyna,** jaýlaryň biriniň işigi giňden açyldy we ýüpekli hywa donuny egnine ýasgynjak atan Gulman baý eýwana çykdy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler).



Şu mysallardaky "bu gije" hem "Garly ussa howlyň derwezesinden içine ätlän badyna" diýen sözler düzmeli goşma sözlemleriň iki bölegi üçin hem umumy aýyklaýjy agza bolup, sözlemleriň ikisinde ýüze çykýan hereketiň bir wagtda bolup geçýänligini bildirýärler. Şonuň üçin hem olar düzmeli goşma sözlemiň her böleginde getirilmän, diňe birinji sözlemiň başynda getirilmek bilen çäklenilýär. Bular sözlemleriň manysyna zyýan ýetirmän, eýsem olary köpsözlülikden dyndyrýarlar, sözleri tygşytlap, sözlemiň has ýygjam hem düşnükli bolmagyny üpjün edýärler. Galyberse-de, umumy agzalar düzmeli goşma sözlemiň düzümine girýän ýönekeý sözlemleriň many taýdan baglanyşyklydygyny görkezmäge hyzmat edýärler.

Düzmeli goşma sözlemleri hasyl edýän ýönekeý sözlemleriň arasyndaky arabaglanyşyk ýörite ulanylýan düzmeli baglaýjylardan başga-da, "heniz, indi" ýaly wagt görkezýän hal sözleriniň getirilmegi bilen hem aňladylyp biler: "Badyna kakylman mekdep ýyllaryny geçiren mekdep okuwçylary, **heniz** hem sport meýdançasyna ýygnanyşýardylar"; "Obanyň çörek garasyny görmän, ýüzleri çişip başlan ysgynsyz daýhanlary Garlynyň ussa kümesine **heniz** hem ýygnanyşýardylar, emma **indi** olar gürrüňlerini bolsady ekişmekden başlaýardylar".

Düzmeli goşma sözlemleri emele getirmäge gatnaşýan ýönekeý sözlemleriň biri beýlekisine büs-bütin garaşly bolmasa-da, olaryň sözlemlerdäki hyzmatlary deňdeş agzalaryňky ýaly däldir. Deňdeş agzalar haýsy-da bolsa bir söze baglanyp, şony birmeňzeş aýyklap gelýärler. Emma düzmeli goşma sözlemiň düzümindäki ýönekeý sözlemler, köplenç, biri-biri bilen many taýdan baglanyşykly bolýarlar we olaryň hemmesi, deňdeş agzalary ýönekeý sözlemlerde we deňdeş eýerjeňli goşma sözlemlerde bolşy ýaly, haýsy-da bolsa bir söze ýa sözleme baglanyp, şony deňdeşlik esasda aýyklap gelýärler.

Düzmeli goşma sözlemlerde, köplenç, birinji sözlem ikinjä we soňky sözlemlere garanda özbaşdaklygyny saklaýar hem soňky sözlemlerdäki pikiriň ýüze çykmagyna esas bolup hyzmat edýär. Ikinji we soňky sözlemler şuňa laýyklykda birinji sözlem bilen berk baglanyşykda bolýar. Muny "Alty-ýedi gün geçenden soň, Gurduň

endamyndaky çişler gaýdyşdy **we** ökjesi ýeňläp başlady" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler) diýen düzmeli goşma sözlemiň mysalynda görmek bolar. Şunda birinji sözlemdäki hereket ýüze çykandan soň, şonuň netijesinde ikinji sözlemdäki hereket amala aşýar.

Düzmeli goşma sözlemler baglanyşy taýdan deňdeş agzaly ýönekeý sözlemlere meňzeşdir. Şolardaky ulanylýan baglaýjylar, esasan, düzmeli goşma sözlemlerde hem gelýärler. Onda bulary biri-birinden nähili tapawutlandyrmak bolar? Munuň üçin deňdeş agzaly ýönekeý sözlem bilen düzmeli goşma sözlemleri deňeşdirmek peýdalydyr. Düzmeli baglaýjylar deňdeş agzaly ýönekeý sözlemde hem ulanylýandygy üçin, köplenç, düzmeli goşma sözlemleri olardan tapawutlandyrmak kyn düşýär. Mysal üçin: "Bekmyrat baýlar bolsa, **ne** Allanyň buýrugyny tutýar, **ne-de** adamzadyň düzgünini tutýar" diýen sözlem daşdan seredäýmäge, "**Ne** tende kuwwat bar, **ne** içde jan bar / Bu işde **ne** sud bar, bilmen, zyýan bar" (Magtymguly. Saýlanan eserler) diýen sözleme çalym edýär. Sebäbi bularyň ikisi hem "ne – ne-de" baglaýjylarynyň üsti bilen baglanyşyp gelýär. Emma bu sözlemleriň birinjisi, deňdeş agzaly ýönekeý sözlemdir. Ikinjisi bolsa, özbaşdak eýeli-habarly goşma sözlemdir.

Başga mysal: "Tarhan Leýlanyň sesinden bir zat barlygyny aňdy, **emma** tüňçäni taşlamady, darykman, töweregine garanjaklady" (G.Kulyýew. Ýowuz günler) diýen sözlem bilen "Köse ýuka dodagyny gaharly ýalap, Tarhanyň jogabyny berjek boldy, **emma** ýaşuly ondan öňürti gürrüňe goşuldy" (şol ýerde) diýen sözlemi deňeşdirip görüň. Şularyň ikisinde hem baglaýjylyk hyzmatyny "emma" sözi ýerine ýetirip gelýär. Ýöne birinji sözlemde ol – deňdeş agzalary, ikinji sözlemde bolsa ýönekeý sözlemleri baglaýar. Sebäbi birinji sözlemde birnäçe deňdeş habar bolup, olaryň hemmesi bir eýä baglanýarlar. Ikinji mysalda bolsa özbaşdak eýeli-habarly iki sany ýönekeý sözlem bolup, "emma" sözüniň üsti blen baglanyşypdyrlar. Şuňa görä bularyň birinjisi – ýönekeý sözleme, ikinjisi bolsa düzmeli goşma sözleme mysal bolup bilerler.

Şunlukda, bularyň arasyny açmak üçin daşky meňzeşlige



ýagny baglaýjylaryň birligine esaslanman, olaryň her haýsynyň özbaşdak eýesiniň, habarynyň barlygyna ýa ýoklugyna göz ýetirmek gerek. Eger düzmeli baglaýjylar arkaly baglanyşýan taraplaryň her biriniň özbaşdak eýesini, habaryny tapmak mümkinçiligi bolsa, onuň ýaly sözlemleri deňdeş agzaly ýönekeý sözlem däl-de, düzmeli goşma sözlem hasaplamak bolar.

Düzmeli goşma sözlemiň, düzümine girýän sözlemler ýygnak, ýaýraň, doly däl, birdüzümli, ikidüzümli, eýeli, eýesiz, eýesi nämälim ýaly ýönekeý sözlemleriň gurluşyna degişli ähli aýratynlyklary özlerinde saklaýarlar. Ýöne bulardaky ýönekeý sözlemler özbaşdak ulanylman, olaryň manysy hemmesiniň jeminden gelip çykýar. Başgaça aýtsak, goşma sözlem böleklere bölünmän, manysy, grammatik gurluşy we heňi boýunça bitewi bolup, tutuşlygyna bir many aňladýar.

Düzmeli goşma sözlemde ýönekeý sözlemler düzmeli baglaýjylaryň üsti bilen baglanyşyp gelýärler. Düzmeli baglaýjylar grammatiki serişde bolup, belli bir derejede özbaşdaklygyny saklaýan ýönekeý sözlemleriň arasynda gelýärler we şolary bir bitewi goşma sözlem şekilinde sepleşdirmäge hyzmat edýärler. Düzmeli goşma sözlemlerde baglaýjylar ugurdaşlyk, bölünişik we garşylyk esasynda ýönekeý sözlemleri bir-birine baglaýarlar. Şunuň bilen birlikde, düzmeli goşma sözlemi hasyl edýän ýönekeý sözlemler heň arkaly hem biri-biri bilen baglanyşýarlar. Bularda iki hili heň – sanama we degşirme heňleri bolýar.

Sanama heňi ugurdaşlygy we bölünişigi görkezýän baglaýjylar arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlemlerde ulanylýar: "Emma onuň gapy tarapynyň ganaty heniz hem laýdan bolman, şol dükan ilki tutulandaky çöp-çalam goýlup suwalan köne ganatydy **we** gapysy hem tagtadan gabsa bolman, şol başky oturdylan köne ergenekdi" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler); "**Ýa-ha** taryh beýle haýal ýörişi bu giňişlikde dünýäden doýan ýaly äwmän ýören düýelerden alypdyr, ýa-da düýeler taryhdan alypdyr" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy).

Garşylygy görkezýän baglaýjylar arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlemlerde ýönekeý sözlemleri baglamak üçin degşirme heňi gatnaşýar: "Adama ganat berilmändir, **emma** ylym bilen ähli ganatlylardan

has ýokary galmaga akyl-paýhas beripdir" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Içi-daşy bezemen, kaşaň jaý ýagşydyr, **emma** içinde ýürekdeşiň bar jaý has ýagşydyr. Jennet ýaly owadan ýurtlar ýagşydyr, **emma** öz ýurduň, ata Watanyň has ýagşydyr" (şol ýerde).

Ýöne düzmeli goşma sözlemlerde ulanylýan sanama hem degşirme heňleri sözlemleri baglamagyň ýeke-täk serişdesi bolman, eýsem has köpräk düzmeli baglaýjylaryň gapdalynda ulanylýan kömekçi serişdelerdir. Şonuň üçin düzmeli goşma sözlemlerde esasy grammatiki serişde düzmeli baglaýjylar hasap edilmelidir. Muňa düşünmek üçin "Gün gyzaryp ýerine giripdi, **emma** heniz garaňky düşmändi, älem ýagtydy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler) diýen düzmeli goşma sözlemi mysal alyp göreliň. Şunda "emma" baglaýjysy düzmeli goşma sözlemiň iki böleginiň arasynda gelip, olaryň arasyndaky garşylygy has aýyl-saýyl görkezmäge hyzmat edýär. Emma şol baglaýjyny taşlap aýtsak, öňki many gatnaşygy açyk duýulmaýar we sözlemiň manysyny her tarapa çekelemäge, dürlüçe düşünmäge ýol galýar.

Düzmeli baglaýjylar eýerjeňli baglaýjylardan tapawutlanyp, baglaşdyrýan taraplarynyň ikisine hem deň derejede dahyllydyr. Mysal üçin, "Ýagyş ýagdy **we** ýel turdy" diýen düzmeli goşma sözlemde "we" baglaýjysy ýönekeý sözlemleriň ikisi bilen hem deň derejede gatnaşyk saklaýar. Şonuň üçin bu hili sözlemleriň gurluşyna zyýan ýetirmezden "Ýel turdy **we** ýagyş ýagdy" ýaly, olaryň ýerlerini çalşyryp ulanmak hem bolar. Ýöne munda many taýdan yzygiderlilik bozulýar we sözlemiň manysyna belli bir derejede şikes ýetýär. Birinji mysalda ilki bilen ýagyş ýagyp, soň ýel turan bolsa, ikinjiden, munuň tersine, öň ýel turup, onuň yzyndan ýagyş ýagýar.

Düzmeli goşma sözlemi hasyl edýän ýönekeý sözlemleriň ýerlerini çalşyp bolmak mümkinçiligini A.M.Peşkowskiý[1] düzmeli goşma sözlemleri eýerjeňli goşma sözlemlerden tapawutlandyrmagyň esasy şertlerinden biri hasaplaýar. Emma munuň özi, ýokarky mysallardan görnüşi ýaly, ýasamalykdan halas däldir we sözlemiň

[1] **Пешковский А. М.** Русский синтаксис в научном освещении. Изд.– М.: Учпедгиз, 1956. С. 455.



manysyna uly zyýan ýetirip biler. Şonuň üçin hem bu ýörelge düzmeli goşma sözlemleri eýerjeňli goşma sözlemlerden tapawutlandyrmakda kesgitleýji alamat hökmünde kabul edilip bilinmez.

Dogry, käbir ýagdaýlarda, mysal üçin, "Şu gün şeýle güýçli şemal turar **ýa-da** zor ýagyş ýagar" ýaly ikuçly, deňdeş sözlemlerde ýerini çalyşmak mümkin. Olaryň haýsyny öňde ýa yzda goýanymyz bilen sözlemiň manysynda üýtgeşiklik ýüze çykmaýar. Şonda hem "şu gün" diýen wagt ahwalatynyň birinji sözlemiň başynda gelmegi muňa ýol bermeýär. Emma ýönekeý sözlemleriň ýerlerini üýtgetjek bolsak, barybir, ikisi üçin hem umumy bolan aýyklaýjy agzanyň tutuş sözlemiň başynda gelmegi şertdir. Çünki ol diňe bir sözleme degişli bolman, düzmeli goşma sözlemiň iki bölegine hem degişlidir.

A.M.Peşkowskiý düzmeli goşma sözlemi eýerjeňli goşma sözlemlerden tapawutlandyrmagyň ikinji alamaty hökmünde baglaýjylaryň düzmeli goşma sözlemiň her böleginde gaýtalanyp ulanylmagyny ýa-da olaryň hiç birine hem degişli bolman, aralykda gelýänligini belleýär. Bu pikiriň birinji bölegi bilen razylaşmak boljak. Çünki düzmeli baglaýjylaryň düzmeli goşma sözlemiň her böleginde gaýtalanyp ulanylmagy we sanama heňde aýdylyp, birnäçe tirkeş sözlemleriň tirkeşdirilip getirilmegi düzmeli goşma sözlemleriň häsiýetli aýratynlyklaryndan biridir: "Onuň **ne** duz-tagamy bar, **ne-de** tagam-lezzeti bar, hiç zady ýok" (A.Gowşudow. Mähri–Wepa); "– **Ýa** siziň gözüňize görnen bir keramatdyr, **ýa-da** siz oglanjygyň ýalan sözlerine ynanypsyňyz, **ýa hem bolsa** şol dagyň başynda ozaldan ýöriş edip ýören esgerler bardyr-da, Wepa şolara duşandyr – diýip ynanmady" (şol ýerde).

Baglaýjynyň ses taýdan düzmeli goşma sözlemi hasyl edýän ýönekeý sözlemleriň iki tarapyna hem goşulman gelýär diýen pikirini türkmen diliniň mysallary tassyklamaýar. Mysal üçin, iň bir aralykda durýar diýlip hasap edilýän "we" baglaýjysy hem türkmen dilinde "Gün çykdy / we howa maýlady" görnüşinde ikinji sözlem bilen bile aýdylýar.

Düzmeli baglaýjylar goşma sözlemleriň birinji böleginiň

yzyna hem tirkelip gelýärler. Şunda onuň yz ýanyndan dyngy berlip, şol ýerde hem ýazuwda otur goýulýar: "Obada aşaklykdan bir hymyr-symyr gürrüň bar ýaly boldy **welin,** men aňyrsyna ýetip bilmedim"; "Meýdandaky suwly bugdaý hasyllary ýygnaldy-**da**, indi dagdaky düme ýazlygy ýygnamak nobaty geldi" (A.Gowşudow. Mähri–Wepa).

Birnäçe baglaýjylar bolsa ikinji sözlemiň öň ýanyndan gelýärler we şonuň bilen goşulyp aýdylýar. Şu hili baglaýjylar arkaly baglanan goşma sözlemlerde dyngy birinji sözlemden soň, baglaýjylaryň öň ýanyndan goýulýar. Ýazuwda ol otur bilen bellenilýär: "Ol (Kelje) kel hem däldi, **emma** oňa şol at has bolup galdy" (A.Gowşudow. Mähri–Wepa); "Oraz girjigiň kiçi oglam gelipmişin, **emma** ulusyndan derek ýokmuşyn" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Öýleriň käsinde ýylpyldap, çyra ýanýardy, **emma** galapynyň gapysy boşlaňdy, içerden hümmürdisi gelmeýärdi" (şol ýerde).

Düzmeli goşma sözlemleri eýerjeňli goşma sözlemlerden tapawutlandyrmakda goşma sözlemi hasyl edýän ýönekeý sözlemleriň özara gatnaşygynda gelip çykýan mana esaslanmak hem ýeterlik bolmaýar. Çünki eýerjeňli goşma sözlemlerdäki many gatnaşyklaryň köpüsiniň düzmeli goşma sözlemlere hem mahsuslygyny aýtmak gerek.

Şunlukda, düzmeli goşma sözlemleri eýerjeňli goşma sözlemlerden tapawutlandyrmagyň esasy serişdesi olaryň baglanyş usullarydyr.

## Düzmeli goşma sözlemleriň toparlara bölünişi

Düzmeli baglaýjylaryň hyzmatyna garap, häzirki zaman türkmen dilindäki düzmeli goşma sözlemleri aşakdaky ýaly toparlara bölüp görkezmek boljak.



## Ugurdaşlygy görkezýän baglaýjylar arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlem

Bu hili goşma sözlemleriň düzüm bölekleri ugurdaşlygy görkezýän baglaýjylar arkaly baglanyşýarlar. Häzirki zaman türkmen dilinde ugurdaşlygy görkezýän baglaýjylar onçakly köp däldir. Bulara "we, hem, -da, -de, ne – ne" baglaýjylary we olaryň dürli görnüşleri degişlidir.

### *"We" baglaýjysy arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlem*

"We" baglaýjysy, esasan, ugurdaş manyly sözlemleri baglamaga hyzmat edýär. Ol düzmeli goşma sözlemlerde gaýtalanyp ulanylmaýar.

Häzirki zaman türkmen dilinde "we" baglaýjysy arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlemlerden aşakdaky ýaly many gatnaşyklary aňlanylýar:

*ýönekeý sözlemlerdäki hereketler bir döwürde bolup geçýär*. Şunda wagt görkezýän umumy anyklaýjy agzalaryň gatnaşmagy zerurdyr: "**Uzak gije** ýel boldy **we** ýagyş ýagdy";

*ýönekeý sözlemlerdäki hereketler wagt taýdan yzygiderli bolup geçýär*: "Şol minutda birdenkä it arkasyndan aýrylyp, ýüki ýeňlän ýaly boldy **we** söze salym geçmänkä, itiň gyryljak uwlan, aýylganç sesi çykdy" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler);

*ikinji sözlemdäki hereket birinji sözlemdäki hereketiň esasynda ýüze çykýar, şonuň netijesi hökmünde duýulýar*: "Gündogardan sowuk batly şemal ösýärdi **we** ýapraksyz ýalaňaç agaçlaryň çygar çybyklary şowlaýardy" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler);

*birinji sözlemden ikinji sözlemdäki hereketiň sebäbi aňlanylýar*: "Onuň agzyndan çykýan gelşikli jümleler, sada hem düşnükli sözler, öz durmuşlaryndan alnan ýönekeý mysallar kolhozçylaryň aňynda ornaşýardy **we** olar dykgat bilen onuň sözlerini diňleýärdiler" (A.Gowşudow. Köpetdagyň eteginde);

*ikinji sözlem birinji sözlemiň sebäbini bildirýär*: "Her nämede bolsa, garakçylaryň kim bolmagy **we** ezýakanyň garakçylardan nämä biliginiň barlygy hiç kime mälim bolman galdy **we** beýle zatlar hakynda oýlanýan hem ýokdy" (A.Gowşudow. Mähri–Wepa);

*ikinji sözlem birinji sözlemdäki pikiriň üstüni ýetirýär, birikdirme gatnaşygyny aňladýar*: "Bu üç ýaraly hem indi birneme daýanypdylar **we** ölümden gutulanlarynyň şatlygy-da bulary göterýärdi, olar geçelgä çenli goldawsyz ýöräp bardylar" (A.Gowşudow. Mähri–Wepa).

### *"Hem" baglaýjysy arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlem*

"Hem" baglaýjysy hyzmaty taýdan "we" baglaýjysyna ýakyn bolup, köplenç, ugurdaş manyly sözlemleri baglamak üçin ulanylýar. "Hem" baglaýjysy arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlemlerden aşakdaky ýaly many gatnaşyklary aňlanylýar:

*ýönekeý sözlemlerdäki hereketleriň bir döwürde ýüze çykýanlygy aňlanylýar*: "Gije gök gübürdedi **hem** ýyldyrym çakdy";

*ýönekeý sözlemlerdäki hereketler wagt taýdan belli yzygiderlilikde ýüze çykýar*. Şu hili sözlemlerde yzygiderliligi aňlatmak üçin "yzy bilen" diýen ýaly leksik serişdäniň hem ulanylmagy mümkin: "Şol halatda wezir oýandy, **yzy bilen** patyşa **hem** ukudan oýandy" (Mollanepes. Zöhre–Tahyr);

*birinji sözlemdäki hereket esasynda ikinji sözlemdäki hereket ýüze çykýar*: "Leýli geçdi, sen **hem** andan geç imdi" (Andalyp. Leýli–Mejnun);

*ikinji sözlem birinji sözlemiň netijesi hökmünde ýüze çykýar*: "– Gulman biragyzdan arçynlyga seçildi, seçgi işi **hem** tamam boldy" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler);

*birikdirme gatnaşygyny aňladýar*. Şu hili düzmeli goşma sözlemleriň ikinji bölegi goşmaça many aňladýar. Birinji bölegi bolsa many taýdan özbaşdak bolup, ikinji sözleme kän bir mätäçlik çekmeýär: "Şum rakyplar bir söz eneme aýtmyş, **hem** ata-enemiz maňa gahr etmiş" (Andalyp. Leýli–Mejnun).



*"hem" baglaýjysy gysgalan görnüşde ýüze çykýar*; "**Aýdylmaly zatlaram** aýdylyp ugrady, **aýdylmasyz zatlaram** dile alynýardy" (Garagum. 2001. №11).

*"hem" baglaýjysy düzmeli goşma sözlemi emele getirýän ýönekeý sözlemleriň her birinde hem getirilip biler*. Şunda ýönekeý sözlemleriň deňdeşligi has güýçlenýär. Many taýdan deňdeş sözlemlerdäki wakalar has nygtalyp, sanalyp geçilýär. "Hem" baglaýjysy nygtalýan sözden öň ýa soň getirilip ulanylýar: "Bu **hem** dil öwrenýänlere peýdaly, **hemem** (<hem+hem) öz Baýdagyňy, Gerbiňi başga bir ýurtda görmek juda ýakymly" (Diýar. 2002. №6).

### *"-da // -de" baglaýjysy arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlem*

Türkmen dilinde "da //-de" baglaýjysy birinji sözlemiň yzyna goşulyp, ikinji sözlemi şonuň bilen baglamaga hyzmat edýär. Onuň kömegi bilen baglanyşýan düzmeli goşma sözlemlerden aşakdaky ýaly many gatnaşyklary aňlanylýar:

*ýönekeý sözlemlerdäki hereketleriň wagt taýyndan belli yzygiderlilikde ýüze çykýanlygyny bildirýär*: "Meýdandaky suwly bugdaý hasyllary ýygnaldy-**da**, indi dagdaky düme ýazlygy ýygnamak nobaty geldi" (A.Gowşudow. Mähri–Wepa);

*degşirme gatnaşygy aňlanylýar*: "Menä-hä seredýän welin, ýer gaty-**da**, gök yrag-ow" (Ý. Mämmediýew. Ene toprak);

*hutma-hutluk gatnaşygy aňlanylýar*: "Onuň eşeklä göwni ýetmezdi, atlyň-**da** oňa göwni ýetmezdi" (A.Durdyýew. Saýlanan eserler);

*"-da//-de" baglaýjysy, düzmeli goşma sözlemiň düzüminde näçe ýönekeý sözlem bolsa, şolaryň her birinde hem getirilip bilner*. Şunda ol baglanýan sözüniň, köplenç, eýäniň yzyna tirkelip gelýär we many taýdan "hem" baglaýjysyna meňzeş bolup, öz bile ulanylýan sözlerini nygtap gelýär: "Emma onuň aýagynda indi zynjyr-**da** şagyrdamaýardy, agyr künde-**de**. Süýrenip asylyşmaýardy" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler);

*birinji sözlemiň soňuna goşulyp gelýän "-da//-de" baglaýjysy garşylykly many aňladýan sözlemleri hem baglap biler.* Bu hili sözlemleriň habarlary gapma-garşy manyly we şekillerden bolup gelýärler: "Umyt bar-**da**, ynam ýok" (Garagum. 2000. №1); "Hawa, ýangyny döretmek aňsat-**da**, öçürmek muşakgatly" (Garagum. 2001. №4).

*birinji bölekden ikinji bölekdäki hereketiň sebäbi aňlanylýar:* "Goýnuň öler-**de**, çöregiň bitin galarmy?".

### *"Ne–ne" baglaýjysy arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlem*

Bu baglaýjy her sözlemde gaýtalanmak bilen, ugurdaş manyly sözlemlerden aňlanylýan hereketleriň hiç biriniň hem ýüze çykmaýanyny bildirýär: "Emma häzir **ne** garyp-gasarlyk göze ilýärdi, **ne** garaňky kapaslyk syzylýardy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "**Ne** il görsün, **ne** it üýrsün!" (G.Gurbansähedow. Toýly Mergen).

Şu baglaýjynyň "ne//ne-de, ne-hä – ne-de" görnüşinde ulanylyşy hem bar:

*"ne – ne-de" görnüşinde ulanylyşy:* "Onuň **ne** duz-tagamy bar, **ne-de** tagam-lezzeti bar, hiç zady ýok" (A.Gowşudow. Mähri-Wepa);

*"ne – hä//ne-de" görnüşinde ulanylyşy:* "**Ne-hä** haýady bardyr, **ne-de** köçesi bardyr"; "Ýogsam **ne** sen öz syryň üstüni açyp bilersiň, **ne-de** biz seniň islegiňe düşünip bileris".

## Bölünişigi görkezýän baglaýjylar arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlem

Düzmeli goşma sözlemi hasyl edýän ýönekeý sözlemlerdäki hereketleriň haýsy-da bolsa biri ýüze çykýar ýa-da gezekleşikli ýagdaýda bolup geçýär. Bulary baglamak üçin "ýa //ýa-da, kä // käte" ýaly bölünişigi görkezýän baglaýjylar hyzmat edýärler. Bu baglaýjylaryň häsiýetli aýratynlygy "ýa // ýa // ýa, ýa // ýa-da, kä // kä, kä // käte" görnüşinde gaýtalanyp ulanylmagydyr. Şonuň üçin bularyň kömegi bilen baglanyşan düzmeli goşma sözlemleriň düzümi ýönekeý sözlemlerden düzülýärler we olaryň habarlary adatça meňzeş şekillerde ulanylýarlar.



### *"Ýa // ýa-da" baglaýjysy arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlem*

"Ýa // ýa-da" baglaýjysy bölünişigi görkezýän düzmeli goşma sözlemleri baglamaga hyzmat edip, ýönekeý sözlemlerdäki hereketleriň birden-biriniň ýüze çykmalydygyny ikuçly edip görkezýär. Bu baglaýjynyň iki hili ulanylyşyny görmek bolýar:

*iki sany ýönekeý sözlemiň arasynda gelip, olary bir-birine sepleşdirmek üçin hyzmat edýär we birden artyk gaýtalanmaýar:* "Siziň maňa başga tabşyrygyňyz bamy, **ýa-da** men ötägideýinmi?!" (Garagum. 2002. №5).

*bu baglaýjy her sözlemde gaýtalanyp ulanylýar:* "**Ýa-ha** hüý-häsiýetini haladylar, **ýa-da** bagty göterildi..." (Garagum. 2001. №4).

### *"Kä // käte" baglaýjysy arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlem*

Bu baglaýjy düzmeli goşma sözlemi hasyl edýän ýönekeý sözlemleriň her birinde gaýtalanyp ulanylmak bilen, olardaky hereketleriň gezekleşikli ýüze çykýanlygyny bildirýär: "**Kä** Zöhräniň goly Tahyryň boýnunda, **kä** Tahyryň goly Zöhräniň boýnunda erdi" (Mollanepes. Zöhre–Tahyr).

### *"Bir seretseň // bir seretseň" baglaýjysy arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlem*

"Bir seretseň // bir seretseň" diýen baglaýjy sözler hyzmaty boýunça "kä // käte" baglaýjysyna ýakyn bolup, her sözlemde gaýtalanyp gelmek bilen, gezekleşmegi aňladýan düzmeli goşma sözlemleri baglaýarlar:

"**Bir seretseň** söýüp ýören ýalydyň,
**Bir seretseň** oýnap ýören ýalydyň,
**Bir seretseň** bulaň ikisi-de däl,
Ýöne ony gynap ýören ýalydyň"

(*B.Hudaýnazarow. Döwrüň depesindäki adam*).

## Garşylygy gorkezýän baglaýjylar arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlem

Garşylygy bildirýän baglaýjylar arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlemler degşirme heňi bilen aýdylýanlygy üçin, mydama iki bölekden ybarat bolýarlar. Bular aşakdaky ýaly baglaýjylaryň üsti bilen baglanyşýarlar.

### *"Emma" baglaýjysy arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlem*

"Emma" baglaýjysy ikinji sözlemiň öň ýanyndan gelip, birinji sözleme garşylykly many aňladýar. Munuň kömegi bilen barlanyşýan düzmeli goşma sözlemlerden aşakdaky ýaly manylar aňlanylýar:

*gapma-garşylykly many aňlanylýar*. Şu hili sözlemleriň habarlary, köplenç, gapma-garşy many aňladýan sözlerden bolup gelýär: "Biziň ýerimiz köp, **emma** bol suwumyz ýok..." (A.Gowşudow. Saýlanan eserler); "Göni gabadynda ýumşak körpeçe, ýüpek ýorgan, per ýassyk ýatyrdy, **emma** olaryň Jeren üçin gadyr-gymmaty ýokdy" (G.Kylyýew. Ýowuz günler);

*garşylyk-degşirme gatnaşygy aňlanylýar*: "Men atamyň ogludyryn, **emma** sen binamyssyň" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler);

*garşylyk-gaýdym gatnaşygy aňlanylýar*: "Bu günler sowap barýan güýz günleridi, **emma** biz gije uly ot ýakman, gündiz uly tüsse çykarman mydar edýärdik" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler);

*ikinji sözlemden birinji sözlemiň tersine many çykýar*: "Birdenkä onuň sesi tapba ýatdy, **emma** çaga-çuganyň gykylygy gopdy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler);

*düzmeli goşma sözlemiň birinji bölegindäki hereketiň ýüze çykmagyna ikinji bölegindäki hereket ýol bermeýär*: "Oglan dyzynyp sypjak boldy, **emma** ol goýbermedi";

*birinji sözlemdäki hereket amala aşyp gutarmanka, ikinji sözlemdäki hereket başlanýar*: "Daş obalara iberilen çaparlar heniz dolanyp gelmändiler, **emma** ýaşulularyň maslahaty eýýäm başlapdy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler);

### *"Weli // welin" baglaýjysy arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlem*

"Weli // welin" baglaýjysy birinji sözlemiň yzyndan gelip, şonuň bilen goşulyşyp aýdylýar. Munuň kömegi bilen baglanyşýan düzmeli goşma sözlemlerden aşakdaky ýaly many gatnaşyklary gelip çykýar:

*iki sözlem bir-biri bilen garşylykly deňeşdirilýär*: "– Menem garagoldym **welin,** Jully kör menden hem bäş beter, tüýs garagol eken" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler);

*birinji sözlemdäki düşünje, umuman, tutuşlygyna makullanýar, ýöne ikinji sözlemdäki düşünje ondan çykgyt edilip, onuň garşysyna goýulýar*: "Howa-da sowuk **welin,** ukudan oýanan adam has üşek bolýar, meniň dostum gagşaýardy" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler);

*birinji sözlemdäki hereketiň başa barmanlygy ikinji sözlemden aňlanylýar*: "– Şonda iki tarapynyň hem dawasyny özüm ýatyrýardym **welin,** olam bolmady!..";

*garşylyk-gaýdym gatnaşygy aňlanylýar*: "...Köp düşündirjek boldy **welin,** hiç bolar ýaly däl" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

*ikinji sözlemden garaşylýan netije ýüze çykmaýar*: "Gylyçmyrat ogul bäbejige garaşypdy **weli**, ýene gyz bäbejigi ele alaýdylar" (Garagum. 2000. №1).

### *"Ýöne" baglaýjysy arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlem*

"Ýöne" baglaýjysy ikinji sözlemiň başynda gelip, birinji sözleme garşylykly many aňladýar:

*ikinji sözlem birinji sözlemiň garşysyna goýulýar*: "Otlyny halamaýanlar hem bardyr, **ýöne** wagonda yrgyn atyp, pikirler ummanyna gark bolup, görmedik ýerleriňi, ýurtlaryňy görüp, tomaşa edip ýol sökmegiň aýratyn lezzeti bardy" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama);

*ikinji sözlemde birinji sözlemdäki hereketiň sebäbi düşündirilýär*: "–Ýok, daýza, tanryýalkasyn. Duzuny dadaýyn, ýöne çörek işdäm ýok" (Garagum. 2002. №6).

*birinji sözlemdäki hereketiň ýüze çykmagyna ikinji sözlem päsgel berýär*: "Men sözümi eýýäm gögerdýärdim, **ýöne** başga bir mesele çykaýdy";

*birinji sözlemde aýdylan pikir, umuman, makullanýar, ýöne ikinji sözlemde ondan çykgyt edýärler*: "– Kaka, bu aýdanlaryň dogry, **ýöne** patasyny almalymy – almasyzmy?" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler); "Garaşsyzlygyň 10 ýylynda ýurdumyzda jemgyýetçilik gatnaşyklary düýpli özgerdi, **ýöne** raýatlaryň hukuklarynyň ýolbaşçysumaklar tarapyndan garaw görmezden kemsidilen sowet eýýamynyň galyndylary entek özüniň bardygyny duýdurýar" (Mugallymlar gazeti. 03.04.2002).

*ikinji sözlem birinji sözlemiň öwezini doldurýar*: "Elbetde, bu söweşde ölen-ýitenimiz köp bolýar, **ýöne** tutuşlaýyn gyrylmak hem bala-çagalary ýesir galdyrmak howpundan gutularys" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler);

*"ýöne" baglaýjysy hemme ýerde öňdäki sözleme garşylykly many aňlatman, käbir sözlemlerde "diňe" sözüniň manysynda gelip, öňdäki sözlemden çykgyt edilýänini hem bildirýär*: "– Päliňiz pes bolsun, **ýöne** buýsançly başyňyz garly daglar ýaly belent bolsun!" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama);

*"ýöne" baglaýjysy "weli // welin" bilen bileleşip, "ýöne weli // ýöne welin" görnüşinde hem ulanylýar*. Bularyň kömegi bilen baglanyşan düzmeli goşma sözlemler garşylyk-çykgyt etmek ýaly manylary aňladyp gelýärler: "Olaryň yzymdan näme diýenini bilemok, **ýöne weli** gürrüň soňunda bar" (N.Saryhanow. Saýlanan eserler).

### *"Bolsa" baglaýjysy arkaly baglanyşýan düzmeli goşma şözlem*

"Bolsa" baglaýjysy ikinji sözlemiň içinde gelmek bilen, degşirme gatnaşygyny aňladýan düzmeli goşma sözlemleri baglamaga hyzmat edýär. Bu baglaýjy aslyýetinde şert işlik şekilinde gelen "bolmak" kömekçi işliginden emele gelipdir[1]. Häzirki zaman türkmen dilinde bu öz hakyky manysyndan daşlaşyp, baglaýjy söze öwrülip gidipdir. Onuň kömegi bolen baglanyşýan düzmeli goşma sözlemlerden aşakdaky ýaly many gatnaşyklary aňlanylýar:

*ikinji sözlem birinji sözlemiň garşysyna goýulýar*. Şunlukda, ýönekeý sözlemleriň özara gatnaşygyndan gapma-garşylyk aňlanylýar: "Adam ýogalyp, jesedi ýere siňýär, onuň kalby **bolsa** hakyda ýollary arkaly nesilleriniň aňyna siňýär" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama);

*ugurdaş many aňladýan sözlemler degşirilýär*: ýönekeý sözlemler wagt taýyndan degşirilýär. Şu hili düzmeli goşma sözlemleriň düzüm böleklerinde "düýn–bu gün" ýaly taýly, wagt gatnaşygyny bildirýän sözleriň bolmagy häsiýetlidir: "Düýn oňuň göwnüne Baýram degdi, bu gün **bolsa** – mähriban atasy" (N.Jumaýew. Ak derek);

*birikdirme-bölünişik gatnaşygy aňlanylýar*: "Daşaýagyň birnäçe pikirdeş ýaranlary töwella-tagsyr bilen ony öňki ornunda oturtdylar, komandir, **bolsa** oňa käýinç yglan etdi" (Edebiýat we sungat. 22.02.2002).

*"bolsa" baglaýjysy deňdiş sözlemleriň iň ahyrkysynda gelip, olary soňlaýar we düzmeli goşma sözlemi "ýapýar"*: "Möýüň güýçli

---

[1] **Hojaýew B.** Häzirki zaman türkmen dilinde öz hakyky manylaryndan daşlaşan şert formasyndaky sözler we söz düzümleri. Dil we edebiýat institutynyň işleri. I goýberiliş – Aşgabat: Ylym, 1956. 55 s. **Hamzaýew M.** Türkmen diliniň morfologiýasynyň we sintaksisiniň meseleleri. – Aşgabat. Ylym, 1969. 202 s.

ýaragy – kerep, arynyňky – zäher, sowuk urşuň gahrymanlarynyňky – wodorod bombasy, namardyňky **bolsa** töhmet...” (N.Jumaýew. Uruş ody).

### *“A” baglaýjysy arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlem*

“A” baglaýjysy hem ulanylyşy boýunça “bolsa” baglaýjysyna meňzeşdir. Ýöne ol, “emma” baglaýjysy ýaly, ikinji sözlemiň başynda gelýär: “Sapar dagy derýanyň boýuna çykypdy, **a ol** şol wagt tolkunlaryň arasynda käte bir gaýyp görünýärdi” (Ö.Abdyllaýew. Gowgaly günler); “Ýagşy, çakladyňam, hasapladyňam, **a** ýitgini nädip haklamak bolar!” (B.Hudaýnazarow. Döwrüň depesindäki adam).

### *“Eýsem // eýsem-de bolsa” baglaýjylary arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlem*

“Eýsem // eýsem-de bolsa” baglanyşýan ikinji sözlemiň başynda gelip, onuň birinji sözleme garşylykly many aňladýanyny bildirýär: “...Gaýdym derejesinde sözlemiň eýesi gowşak (passiw) bolýar, ýagny gymyldyny ýerine ýetirmeýär, **eýsem** ol başga biriniň ýerine ýetirýän gymyldysynyň täsirine sezewar bolýar[1]: “Çerkeziň sözi Mele baýy gowşatdy, **eýsem-de bolsa** birden ýan bermegi ol ýokuş gördi”.

### *“Ýogsa // ýogsam, bolmasa // bolmasa-da” baglaýjylary arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlem*

“Ýogsa // ýogsam, bolmasa // bolmasa-da” baglaýjylarynyň kömegi bilen baglanyşýan düzmeli goşma sözlemlerden garşylyk we şert aňlanylýar. Many taýdan birinji sözlemdäki hereket ýüze çykmasa, baş sözlemdäki hereketiň hem başa barmaýanlygy düşünilýär: ”Ķemrysgala bir zat tapylar, **ýosgam** Hydyr göreniň bilen çaşaýmalymy?”; “– Alan suwlaryňyzy şu adamlara gaýtaryp beriň..., **bolmasa** böwedem açylmaz, suwam akmaz...”.

---

[1] **Çaryýarow B.** Häzirki zaman türkmen dilinde işlik derejeleri. – Aşgabat, 1958.



## EDEBIÝAT


**Saparmyrat Türkmenbaşy**. Ruhnama. – Aşgabat, 2001.

**Azymow P., Baýlyýew H.** Türkmen diliniň grammatikasy. II bölüm. Sintaksis. – Aşgabat: Türkmenistan, 1969.

**Аннануров А.** Вопросы синтаксиса в плане перевода с русского на туркменский язык. – А.: Туркменгосиздат, 1956.

**Баскаков А.Н.** Сложносочиненные союзные предложения в современном турецком языке // Советская тюркология. 1970. №3. С. 17–32.

**Hamzaýew M.** Türkmen dilinde soýuzsyz düzmeli goşma sözlem. II goýberiliş. – Aşgabat, 1957. 122–132 s.

**Hamzaýew M.** Türkmen dilinde soýuzly düzmeli goşma sözlem. III göýberiliş. – Aşgabat, 1959. 54–78 s.

**Hamzaýew M.** Türkmen diliniň morfologiýasynyň we sintaksisiniň meseleleri. – Aşgabat: Ylym, 1969.

**Nartyýew N.** Düzmeli goşma sözlemiň tapawudy// Aşgabat, 1974. №7. 56–60 s.

**Nartyýew N.** Goşma sözlemiň, gurluşy. Türkmen diliniň we dialektologiýasynyň käbir meseleleri. – Aşgabat, 1976. 32–38 s.

**Nartyýew N.** Häzirki zaman türkmen dilinde goşma sözlemiň gurluşy. I bölüm.– Aşgabat, 1980.

**Нартыев Н.** Строй сложного предложения в современном туркменском языке: Автореф. докт. дис. – Баку, 1984. С. 37–40.

**Нартыев Н.** Строй сложного предложения в современном туркменском языке: Дис. на соиск. учен. степ. докм. филол. наук. – Чарджоу, 1986. С. 34–102, 288-291.

**Nartyýew N.** Ylmyň gazananlaryny praktika çuň ornaşdyrmaly. – Aşgabat, 1989. 72–76 s.

**Нартыев Н.** Строй сложного предложения в современном туркменском языке. – Ашхабад: Ылым, 1988.

**Nartyýew N., Berdiýew D.** Häzirki zaman türkmen dilinden praktiki işler. – Aşgabat, 1972.

**Nartyýew N., Berdiýew D., Myradow A.** Dyngy belgiler we olara degişli gönükmeler. – Aşgabat, 1993.

# EÝYRJEŇLI GOŞMA SÖZLEM

## Umumy maglumat

Eýerjeňli goşma sözlemleri kesgitlemek türki dillerde iň kyn hem jedelli meseleriň biridir. Nähili sözlemi eýerjeň sözlem hasaplap bolar? Eýerjeň sözlem bolmak üçin neneňsi şertleriň göz öňünde tutulmagy zerur? Has takyklap aýdanyňda, şahs görkezmeýän şekiller: ortak işlikler, hal işlikler, iş atlary eýerjeň sözlemiň habary bolup bilerlermi? Ynha, şu meseleler boýunça türkişynaslaryň arasynda dürli pikirler, her hili garaýyşlar bar.

Eýerjeňli goşma sözlem meselesi boýunça türki dillerde dowam edýän garaýyşlary, esasan, üç sany uly topara bölüp görkezmek mümkin.

Birinji toparyň tarapdarlary N.F.Katanow, N.I.Aşmarin, W.A.Gordlewskiý we başgalar şahs görkezmeýän şekilleri: ortak işlikleri, hal işlikleri, iş atlaryny we beýleki habarlyk manysy bolan isimleri hem "bar, ýok" ýaly modal sozleri, özbaşdak eýesiniň barlygyna ýa ýoklugyna seretmezden, eýerjeň sözlem hasaplaýarlar.

Ikinji toparyň tarapdarlary A.N. Samoýlowiç, N.K.Dmitriýew, N.Z.Gajyýewa we başgalar, özbaşdak eýesi bolanda, ýokarky hili öwrümleri eýerjeň sözlem hasaplamak bolar diýen pikire eýerýärler.

Üçünji toparyň tarapdarlary N.P.Dyrenkowa, A.N.Kononow, N.A.Baskakow, M.Ş.Şiralyýew we başgalar eýerjeň sözlem bolmak üçin habarynyň şahs görkezýän şekilde gelmegi zerurdyr diýen ýörelgeden ugur alýarlar.

Şunlukda, türkişynaslykda eýerjeňli goşma sözlem meselesi boýunça, esasan, üç ýol aýrylýar. Birinji ýolda ortak işlik, hal işlik, iş at öwrümleriniň hemmesi eýerjeň sözlem hasap edilýär. Şunda ol öwrümleriň grammatiki aýratynlyklaryna esaslanmazdan, sözlemiň esasy özeni bolan eýe – habar ýaly grammatiki düşünjeleri hasaba almazdan, diňe logiki taýdan pikir ýöretmä laýyk gelýänligi üçin, olary eýerjeň sözlem hasaplaýarlar. Eger şu ýol bilen gitseň, onda ähli ýaýbaňlandyrylan agzalary eýerjeň sözlem hasaplamaly bolýar. Olardan grammatiki eýäni hem habary tapmak mümkinçiligi bütinleý aradan aýrylýar. Eýerjeň sözlem bilen sözlem agzalarynyň aratapawudy ýitýär. Şeýlelikde, sözlemiň grammatiki gurluşy bilen iş salyşmagymyzyň ýerine onuň manysy bilen gyzyklanmaly bolýarys. Sözlemleriň manysy bolsa hemme diller üçin umumydyr. Sonuň üçin bu ýol bilen gidilende, dilleriň milli aýratynlyklary äsgermezlik edilýär, hemme diller üçin umumy bolan "logiki ugur" dabaralanýar.

Ikinji ýolda, her niçik-de bolsa, sözlemiň özbaşdak eýesiniň bolmagy talap edilýär. Bu ýol öňkä garanda ibalyrakdyr. Ýöne weli bu meseläni çözmän, has hem çylşyrymlaşdyrdy, ony köp babatda şertli, içki taýdan gapma-garşylykly edip goýdy. Çünki eýerjeň sözlem meselesi "özbaşdak eýesi bolmaly" diýen ýörelge bilen çözülmeýär, gaýta, öňküsinden hem beter bulaşdyrylýar.

Üçünji ýoluň tarapdarlary türki dillerdäki eýerjeň sözlemleri kesgitlemäge çemeleşenlerinde, şol dilleriň grammatiki gurluşyndan ugur alýarlar. Olar sözlemiň ýa öwrümiň manysyny däl-de, grammatiki gurluşyny esas edip alýarlar. Sözlemi logiki taýdan däl-de, grammatiki taýdan kesgitleýärler. Grammatiki taýdan sözlem bolmak üçin habarynyň şahs görkezmelidigini, habarlyk, modallyk, zaman ýaly düşünjeleri ýüze çykaryp bilmelidigini şert edip goýýarlar.

Türkmen dilinde alymlaryň eýerjeňli goşma sözlemler meselesine degişli pikirlerini jemläp, meselä nähili nukdaýnazardan çemeleşýänlikleri boýunça olary, esasan, iki topara bölüp görkezmek boljak.

Birinji toparyň tarapdarlary (M.Geldiýew. A.Alparow we başg.) ortak işlik, hal işlik, iş at öwrümleriniň, özbaşdak eýesi bolsa-da, bolmasa-da, eýerjeň sözlem hasaplaýarlar.

Ikinji toparyň tarapdarlary (A.P.Poseluýewskiý. M.Hamzaýew

we başg.) özbaşdak eýesi bolan ýagdaýynda ýa-da baş düşüm şekilinde eýesi bolsa, ortak işlik, hal işlik, iş at öwrümlerini eýerjeň sözlem diýip ykrar edýärler. Eýe tarapyny göz öňünde tutmanymyzda, şahs görkezmeýän şekilleriň "habar hyzmatynda gelip bilýänligi" babatynda iki toparyň pikiri hem meňzeşdir. Emma bularyň habar diýýänleri sözüň hakyky manysynda habar däldir, eýsem ol logiki habardyr. Munda sözlemiň grammatiki gurluşi bilen däl-de, onuň manysy bilen iş salyşýarlar. Şonuň üçin bu garaýyşlaryň ikisi hem grammatiki taýdan dogry däldir, bular, has takygy, grammatikada köneden däp bolup galan logiki garaýşyň ýüze çykmasydyr.

Biz bu meselede üçünji garaýşy – eýerjeň sözlem bolmak üçin habarynyň şahs görkezýän şekillerden bolmagy hökmany şertlerden biridir diýen pikiri goldaýarys. Şu esasda hem şahs görkezmeýän şekilleriň (ortak işlikler, hal işlikler, iş atlary we beýleki isimler hem modal sözler) eýerjeň sözlemi emele getirmek mümkinçiligini inkär edýäris.

Näme üçin ortak işlik, hal işlik, iş at öwrümlerini eýerjeň sözlem hasaplamaýarys? Munuň özi şol öwrümleriň tebigaty bilen, olaryň sözlemde ýerine ýetirýän hyzmaty bilen düşündirilýär. Çünki olaryň hiç biri hem "arassa işlik" däldir. Ortak işlikler hyzmaty boýunça sypatlara ýakyn bolup, atlary aýyklap gelýärler, sözlemde şolaryň aýyrgyjy şekilinde ýüze çykýarlar. Hal işlikler, hallar ýaly, sözlemde ahwalat manysynda ulanylýarlar. Iş atlary bolsa, edil atlar ýaly, düşüm, degişlilik, san goşulmalary bilen üýtgäp, atlar nähili hyzmaty ýerine ýetiren bolsa, olar hem şol hyzmaty ýerine ýetirýärler.

Sözlem bolmak üçin grammatiki eýäniň we habaryň zerurlygyny A.A.Potebnýa görkezipdi: "Для нас предложение немыслимо без подлежащего и сказуемого, определяемое с определительным, дополняемое с дополнительным не составляют для нас предложения. Но подлежащее может быть только в именительном падеже, а сказуемое невозможно без глагола Verlum finitum, мы можем не выражать этого глагола, но мы чувствуем его присутствие, мы различаем сказательное (предикативное) отношение ("бумага бела") от определительного ("белая бумага")[1].

A.A.Potebnýanyň şu sözleri diňe bir rus diline degişli däldir. Ol umumy dil bilimi nukdaýnazardan sözlemi aýyrgyçly hem doldurgyçly söz düzümlerinden tapawutlandyryp geçýär. Munuň üçin sözlemiň şahs görkezýän habarynyň bolmalydygyny, eýesiniň bolsa gönüden-göni baş düşümde gelmelidigini aýratyn nygtaýar. Çünki rus diliniň sintaksisiniň taryhynda sözlemiň eýesi baş düşümden beýleki düşümlerde hem gelip biler diýen nädogry garaýyşlar bolupdyr.

Şeýle garaýyşlar, logiki esasda ýüze çykmagyna seretmezden, türkmen dilinde hem bar. Mysal üçin, "Bä, **onuň ýakymsyzdygyny**"[2]; "**Erediň** şu wagt **geläýşini**!"; "**Onuň şol gidişi**"; "Bu **goýnuň soýarlygy ýok**"[3] ýaly sözlemlerde grammatiki taýdan eýe bolup bilmeýän şekil – eýe, habar bolup bilmeýän şekil hem habar bolup gelýär[4] diýip aýdylýar. Emma bu sözlemlerde "eýe bolup gelýär" diýilýän sözleriň eýelik düşümde gelýänligi äşgärdir. şonuň üçin bularyň eýe bolman, eýelik aýyrgyjy bolup gelýänligini aýtmak gerek.

Şol kitapda sözlemiň eýesiniň eýelik düşümde ulanylmagyna eýerjeň sözlemlerde hem ýol berilýär. Birnäçe mysal: "**Erediň** obadan gelen güni, men onuň bilen tanyşdym"[5]; "**Munuň** işeňňirligi, atyjylygy we tertip-düzgüni gowy saklaýanlygy üçin, (ony) derrew komsomola göterdiler"[6]; "**Döndiniň** çeper okaýşy ýaly, Sülgün hem okap bilýär"[7]; "**Biziň** ol hakda mesele gozgamandygymyzy sen oňat bilýärsiň"[8].

---

[1] **Потебня А.А.** Полн. собр. соч. Мысль и язык. Изд. 5-е. Госиздат Украины, 1926. С. 110.
[2] Häzirki zaman türkmen dili. Sintaksis. – Aşgabat, 1962. 192 s.
[3] Şol ýerde, 193 s.
[4] Şol ýerde, 191–192 s.
[5] Şol ýerde, 265 s.
[6] Häzirki zaman türkmen dili. Sintaksis. – Aşgabat, 1962. 192 s.
[7] Şol ýerde, 279 s.
[8] Şol ýerde, 289 s.

Şu hili sözlemlerde eýerjeň sözlem diýlip berilýän öwrümleriň eýesi edilip, "Merediň", "munuň", "Döndiniň", "biziň" ýaly eýelik düşümde gelen sözler alynýarlar. Eýsem şular eýe bolup bilermi? Bular eýe däl-de, eýelik aýyrgyçlarydyr. Olar hereketi gönüden-göni ýüze çykarmaga gatnaşman, eýsem olara eýelik edip gelýärler. "**Howa** maýladygy, gar eräp başlar"; "**Daň** atdygy, biz ýola düşeris"[1] ýaly sözlemlerde gelen "howa", "daň" sözleri hem eýelik düşümiň goşulmasyz şekilinde ulanylýarlar. Çünki olaryň baglanyşýan sözlerindäki degişlilik goşulmalary bularyň eýelik düşümde gelýänligini tassyklaýar. Şonuň üçin bulary "**Howanyň** maýladygy", "**daňyň** atdygy" ýaly hem aýtmak bolar. Munuň özi bu hili öwrümlerde eýe-habar gatnyşygynyň ýüze çykmaýanlygyny açyk görkezýär. Bular sözlem boljak bolsa, habary şahs görkezýän şekilde gelip, eýesi hem baş düşümde ulanylmalydyr.

Ortak işlik, hal işlik we iş at öwrümleriniň M.A.Kazembekiň, W.A.Gordlewskiniň işlerinde "gysgalan eýerjeň sözlemler", A.P.Poseluýewskiniň işinde "potensial sözlemler", "Häzirki zaman türkmen dili. Sintaksis" okuw kitabynda "doly däl" we "potensial eýerjeň sözlemler" ýaly atlandyrylmagy ýöne ýere däldir. Bular birwagtlar grammatikada güýçli ornaşan "logiki ugruň" galdyran mirasydyr. Bu işlerde eýerjeň sözlemiň gurluşy, onuň eýesiniň, habarynyň grammatiki taýdan şekillenişi nazarda tutulman, logiki taýdan eýerjeň sözleme ýakyn gurnamalaryň (hal işlikleriň, ortak işlikleriň, iş atlarynyň) manysyna esaslanylyp, olar "gysgalan", "doly däl" we "potensial eýerjeň sözlemler" diýen ýaly her dürli at bilen eýerjeň sözlem hasaplanýar. Käbir işlerde bolsa bularyň özbaşdak eýesiniň barlygyna salgylanyp, eýerjeň sözlem bolýanlygyny delillendirmäge synanyşýarlar. Emma weli bu garaýyşlaryň ikisi hem meselä logiki taýdan çemeleşýänligi, sözlemiň esasyny düzýän grammatiki eýäni we grammatiki habary hasaba almaýanlygy üçin, dil biliminde makullanyp bilinmez. Şu ýerden bolsa diliň sözlem gurluşyny logiki esasda däl-de, grammatiki esasda öwrenmeli diýen netije gelip çykýar.

---

[1] Şol ýerde, 270 s.



## Eýerjeňli goşma sözlemiň gurluşy

Eýerjeňli baglanyşyk esasynda düzülip, biri beýlekisine garaşly ulanylýan sözlemlere ***eýerjeňli goşma sözlem*** diýilýär. Eýerjeňli goşma sözlemlerde adatça biri baş pikiri aňladyp, garaşly sözleme garanda özbaşdak häsiýete eýe bolýar. Muňa ***baş sözlem*** diýilýär. Beýlekisi bolsa grammatiki hem-de many taýdan garaşly bolup, oňa eýerip gelýär. Oňa ***eýerjeň sözlem*** diýilýär: "– Meniň atym çapara gitjek bolsa, şonuň bilen meniň körpe oglum gitsin, atym näme bolsa, goý, oglum hem şonuň bilen bile bolsun..." (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

Eýerjeňli goşma sözlemlerde adatça eýerjeň hem baş sözlemleriň hyzmatlary meňzeş bolmaýar. Baş sözlem esasy hyzmaty ýerine ýetirýän bolsa, eýerjeň sözlem oňa garaşly bolup gelýär. Baş sözlem eýerjeň sözleme garanda many taýdan hem, grammatiki taýdan hem özbaşdak häsiýete eýedir. Eýerjeň sözlem bolsa, munuň tersine, baş sözleme tabyn ýagdaýda ulanylýar. Onuň wezipesi – baş sözlemdäki pikiri aýyklamak, şonuň wagtyny, ornuny, sebäbini... görkezmek. Şeýlelikde, baş sözlemde esasy pikir ýüze çykýan bolsa, eýerjeň sözlemdäki pikir aýyklaýjy häsiýetdedir. Ýöne weli eýerjeňli goşma sözlemiň ähli görnüşleriniň gurluşy we eýerjeň sözlemiň baş sözleme bolan gatnaşygy birmeňzeş däldir. Eýerjeňli goşma sözlemiň näçe görnüşi bolsa, olaryň özara mynasybetinden gelip çykýan grammatiki we many gatnaşyklary hem dürli-dürlüdir. Hatda, şol bir topara girýän eýerejeňli goşma sözlemleriň tebigaty hem käbir halatlarda bütinleý aýrybaşgadyr. Şonuň uçin hem baş sözlem esasy pikiri aňladýar, eýerjeň sözlem garaşly pikiri aňladýar diýen düşünje hem örän şertlidir.

Mälim bolşy ýaly, şert, gaýdym eýerjeňli goşma sözlemleri B.A.Bogorodiskiý[1] düzmeli we eýerjeňli sözlem baş sözleme garaşly bolman, baş sözlem hem eýerjeň sözleme baglydygyny belleýär.

---

[1] **Богородицкий А.В.** Общий курс грамматики. Изд. 5-е, переработанное. – М., 1935. С. 229.

Bularyň birinji bölegi şert aňlatsa, ikinji bölegi ondan çykýan netijäni bildirýär. Şunlukda, goşma sözlemiň iki bölegi hem bir-biri bilen berk baglanyşykly bolup, biri beýlekisiz ulanylyp bilmeýär.

Eýerjeň sözlem baş sözleme tutuşlygyna ýa-da onuň belli bir agzasyna baglanyp gelip biler. Eýerjeň sözlem baş sözleme tutuşlygyna baglananda, onuň habarynyň üsti bilen tutuş sözlemi aýyklaýar: "Il-gün maňa **garaşyk etmese**, meniň **derdime ýanmasa**, men näme üçin onuň derdine ýanmalymyşym" (G.Kulyýew. Ýowuz günler).

Eýerjeň sözlem baş sözlemiň belli bir agzasyna baglanyp, ony aýyklap gelşi taýdan aýyklaýjy agzalara meňzeşdir. Mysal üçin, "Birden Nataşanyň kellesine olara hökman **kömek bermek gerek** diýen pikir geldi" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak) diýen sözlemde aýyrgyç eýerjeň sözlemi baş sözlemiň "pikir" diýen at sözüni aýyklap gelipdir. Eýsem munuň aýyrgyçlardan näme tapawudy bar? Munuň aýyrgyçlardan tapawudy sözlem görnüşinde ýüze çykýanlygydyr.

Aýyklaýjy agzalaryň öz baglanýan sözünden öň gelşi ýaly, eýerjeň sözlemler hem türkmen dilinde köpräk baş sözlemden öň gelýärler: "Ýöne düýe ýüki näçe köp **göterse-de**, eşegiň ýanynda onuňam kemçiligi ýok däl"; "Ata ýomudyň getiren habary Adna serdara onçakly **täsir etmese-de**, töwerekdäkileriň depesinden gara daş bolup indi" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Dünýäde seniň üçin haýsy **gowy bolsa**, men şoňa taýýar" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak); "Şol gyz ahyrynda menden başga **adamyňky bolar** öýdemok" (şol ýerde).

Eýerjeň sözlem baş sözlemiň içinde hem gelip biler: "Gulman arçyn, **myhmanlar geler** öýdüp, şu gürrüňi aýdypdy" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler); "Zyba munuň üçin hökman Kerimi **habardar etmeli** diýip hasaplady" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak); "Buzdan sowuk dünýäde, **ýüregiň yssysy bolmasa**, ýaşamak kyn düşýär" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

Eýerjeň sözlem baş sözlemden soň hem gelýär. Munda ol baş sözlem bilen eýerjeňli baglaýjylar arkaly baglanyşýar: "Onuň häzirki aýdany hakykata golaýdy, **sebäbi** gäwüşemegiň zerurlygyny Babalynyň özi-de syzýardy".



Eýerjeň sözlemiň habary şahs görkezýän şekillerden bolup gelýär. Şoňa görä türkmen dilinde eýerjeň sözlemiň habarynyň, köplenç, işligiň şert şekilinde ulanylýanlygy geň däldir. Çünki işligiň şert şekili hereketiň haýsy şahs tarapyndan ýerine ýetirilýänligini görkezmäge ukyplydyr.

Häzirki zaman türkmen dilinde aýry-aýry grammatiki şekilleriň dürli hyzmaty ýerine ýetirip gelýänligi üçin, käbir wagtlarda eýerjeň sözlemleriň diňe habarynyň şekillenişine esaslanyp, olaryň manysyny kesgitlemek ýeterlik bolmaýar. Mysal üçin, "Garry **oýnasa**, gaý turar" diýen goşma sözlemde "-sa" şert işliginiň goşulmasy şert eýerjeň sözleminiň habaryny ýasap gelýär we eýerjeňli goşma sözlemden şert gatnaşygy aňlanylýar. Emma "Men öýümize gaýtjakdyr diýip, begenjime ylgap **gelsem**, ejem öýüň ortasynda ýeke özi dik duran ekeni" diýen mysalda şert işligi köpräk wagt gatnaşygyny aňladýar. "Näme dilegiň **bolsa**, çekinmänjik sorabergin..." diýen goşma sözlemde bolsa işligiň şert şekili doldurgyç eýerjeň sözlemini baş sözleme baglamaga hyzmat edýär. Edil şunuň ýaly, işligiň şert şekili eýe, habar, aýyrgyç, orun, mukdar ýaly dürli eýerjeňli goşma sözlemleri baglamakda hem işeňňir gatnaşýar. Şuňa görä eýerjeňli goşma sözlemler kesgitlenende, diňe eýerjeň sözlemiň habarynyň şekillenişine esaslanman, eýsem sözlemiň bütin gurluşyny, eýerjeň hem baş sözlemleriň özara mynasybetinden gelip çykýan many gatnaşygyny hem göz öňünde tutmak gerek.

Eýerjeň sözlemleriň habary gurluşy boýunça sada we goşma görnüşlerde ýüze çykyp biler. Käbir halatlarda, tutuş sözlem eýerjeň sözlemiň habarynyň esasy sözi bolup gelýär: "Olaryň seň bilen **gowurgam gatdy edibilseler**, armanlary barmy..." (Ý.Mämmediýew. Ene toprak) diýen sözlemde "gowurgam gatdy" şekil taýdan eýeli-habarly sözlem görnüşinde ýüze çykýar. Emma munuň özi diňe daşdan seredeniňde şeýledir. Hakykatda bolsa, ol mazmun taýdan sözlemlik düşünjesini ýitirip, habaryň düzüm bölegi hökmünde hyzmat edýär. Şonuň üçin, sözlem derňelende, diňe onuň daşky görnüşine, şekil tarapyna esaslanylman, eýsem mazmun bilen şekiliň bitewiliginde seredilmelidir.

Eýerjeňli goşma sözlemleriň düzümine girýän ýönekeý sözlemler gurluşyna görä, doly, doly däl, ýygnak, ýaýraň, eýeli, eýesiz, eýesi nämälim ýaly dürli görnüşlerde bolup biler. Mysal üçin, "Häkim her näçe **çydamsyran bolsa-da**, damarlarynyň gany barha gyzýardy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler) diýen eýerjeňli goşma sözlemde eýerjeň sözlem hem, baş sözlem hem doly ýaýraň, iki düzümli ýönekeý sözlemlerden bolup gelipdir.

"Mal eýesine çekmese, şumluk" (Nakyllar we atalar sözi) diýen sözlemde bolsa eýerjeň sözlem doly ikidüzümli bolsa-da, baş sözlemiň eýesi galdyrylyp ulanylypdyr. Şunda "Mal eýesine çekmese" diýen eýerjeň sözlem baş sözlemiň hem eýesi şekilinde duýulýar.

"**Eliň gijäberse**, golaý-goltumdaky atyzlara ders hem dökmek bolýar" diýen eýerjeňli goşma sözlemde eýerjeň sözlemiň eýesi manysy taýdan umumy bolup, baş sözlemiň eýesi ýokdur.

Eýerjeň sözlemiň eýesi baş düşümde gelmelidir. Çünki türkmen dilinde sözlem bolmak üçin baş düşümde gelen eýäniň bolmagy şertdir. Şu bolsa diňe ýönekeý sözlemlere degişli bolman, goşma sözlemlere hem degişlidir. Munuň özi eýerjeň sözlemleriň habarynyň şahs görkezýän şekillerden bolup gelýänligi bilen baglanyşyklydyr. Sebäbi şahs görkezýän şekiller eýäniň baş düşümde gelmegini talap edýärler. Mysal üçin, "Aý **aýdyň bolsa**, hasam oňat görünýärdi" diýen goşma sözlemde eýerjeň sözlemiň habary şahs görkezýän şert işliginden bolup, onuň eýesi hem baş düşümde gelipdir.

Eýerjeň sözlemiň habary şahs görkezýän şekillerden bolýanlygy üçin, ol eýäniň kimligini açyk görkezmäge, ukyplydyr. Şonuň üçin eýerjeňli goşma sözlemlerde eýäniň galdyrylyp ulanylmagy hem mümkin: "Kem **işleseň** – keserler, ýaltanyp ýatsaň – gysarlar" (Nakyllar we atalar sözi); "Sähetli gün **iýmlemeseň**, bisähet gün at tapdyrmaz" (şol ýerde).

Eýerjeňli goşma sözlemlerde eýerjeň hem baş sözlemleriň her haýsynyň özbaşdak eýesi bolmalydyr diýen düşünje nädogrudyr. Eýerjeňli goşma sözlemlerde eýerjeň hem baş sözlemleriň özbaşdak eýesiniň bolmagy hem, bolmazlygy hem mümkin. Mysal üçin, "Hatarda **ner bolsa, ýük** ýerde **galmaz**" (Nakyllar we atalar sözi) diýen goşma sözlemde eýerjeň hem baş sözlemleriň ikisiniň hem özbaşdak eýeleri bar.



Emma "Az **işleseň**, igenç alarsyň, **ýatsaň** – käýinç" (Nakyllar we atalar sözi); "Az-az öwrenip ussa bolarsyň, **işlemeseň** – hassa bolarsyň" (şol ýerde); "Röwşen Semender gyzyl bilen onçakly **sohbetdeş bolmasa-da**, türkmen daýhanynyň şu gün nähili gün-üzeran görýänine açyk göz ýetirdi" (Garagum, 2001. №1); "Pil näçe **uly bolsa-da**, adamdan gaçyp gutulmaz" (Garagum. 2000. №1); "Adna serdar töweregindäki agraslygy **syzsa-da**, ajy hakykaty äşgermezlige saldy, temegini ýokary tutup, ulumsylyk bilen jogap berdi" (G.Kulyýew. Ýowuz günler) diýen ýaly goşma sözlemlerde eýerjeň hem baş sözlemler üçin umumy eýäniň hyzmat edýänligi bellidir. Emma sözlemiň esasyny habar düzýäni üçin bu hili sözlemleri eýerjeňli goşma sözlem hasaplamakda ýa hasaplamazlykda eýäniň hiç bir hili dahyly ýokdur.

## Eýerjeňli goşma sözlemleriň baglanyş tärleri

Eýerjeňli goşma sözlemlerde baglanyşyk üç hili: analitiki; sintetiki; analitika-sintetiki ýollar bilen amala aşyrylýar.

***Analitiki eýerjeňli goşma sözlemlerde*** eýerjeň sözlem bilen baş sözlemiň arasyndaky sintaktik gatnaşyk analitiki serişdeler: eýerjeňli baglaýjylar, baglaýjy sözler arkaly ýüze çykarylýar:

1. Eýerjeňli baglaýjylara "çünki, sebäbi, diýip, diýen" ýaly sözler girip, eýerjeňli goşma sözlemlerde baglaýjyly baglanyşygy ýüze çykarmak üçin ulanylýar: "Dogry, howsala-da düşmeli däl, **sebäbi** ynam diýlen zat bir günüň işi däl"; "Ok içinden geçip, Jully ölendir **diýip** güman etdim" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

2. Sorag çalyşmalary eýerjeň sözlem bilen baş sözlemiň arasyndaky mynasybeti bildirmek üçin hyzmat edýär. Bular goşma sözlemde iki hili hyzmaty ýerine ýetirýärler: bir tarapdan, eýerjeň sözlemiň belli bir agsazy bolup gelýärler; ikinji tarapdan, baglaýjy söz

hökmünde eýerjeň sözlemi baş sözleme baglamak üçin hyzmat edýärler. Bularyň baglaýjylardan esasy tapawudy hem şundan ybaratdyr. Mysal üçin, "Bu halatda onuň başyndan **neneňsi** oý-pikirler gelip geçdi, ony bilmek kyndy" diýen eýerjeňli goşma sözlemde eýerjeň sözlem baş sözlem bilen gytak sorag sözlemi şekilinde "neneňsi" diýen baglaýjy sözüň üsti bilen baglanyşypdyr.

***Sintetiki eýerjeň sözlem baş sözlem*** bilen degişli goşulmalar, ýanaşma, dolandyrma we sözlemleriň tertibi ýaly baglaýjy serişdeler arkaly baglanyşýar. Bular adatça eýerjeň sözlemiň habarynyň belli bir şekilde gelmegi arkaly baglanyşýanlygy zerarly, grammatiki baglanyşygyň has ysnyşyklylygy we eýerjeň hem baş sözlemleriň tertibiniň has durnuklylygy bilen häsiýetlenýärler. Olary nähili serişdäniň üsti bilen baglanyşýanlygyna garap aşakdaky ýaly toparlara bölüp görkezmek mümkin:

1. Sintetiki eýerjeň sözlemiň habary işligiň şert şekilinde gelmegi arkaly baş sözlem bilen baglanyşýar: "Aýdylýan sözler **meňzeş hem bolsa**, täsiri üýtgeşik. Atylýan oklar **meňzeş hem bolsa**, diňe käbiri nyşana degýär" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Perzent edep **görmese**, edep görkezmez" (şol ýerde).

2. Eýerjeň sözlemi baş sözleme baglamakda "-my, -mi" sorag goşulmasynyň hem işjeň ulanylýanlygyny görkezmek gerek: "Ol şu ýatyş telpegini **geýdimi**, onda onuň keýpiniň, ýoklugynyň hem şähdiniň açyk däldiginiň alamaty boldugydy, ony oglanlar gaty gowy bilýärdiler" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

3. Eýerjeň sözlem baş sözlem bilen ýanaşma arkaly baglanyşýar. Şunda olaryň ýanaşyk gelýän işlikleriniň hem aýgytlaýjy hyzmaty bardyr: "– Kaka, senem, garrap **ýörsüň öýdýän**" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak).

Şu mysalda "Kaka, senem garrap ýörsüň" diýen sözlem eýerjeň bolup, baş sözlem "öýtmek" (oý etmek) işligine ýanaşyk gelmek arkaly baglanyşýar.

4. Eýerjeň sözlem baş sözlem bilen dolandyrma arkaly baglanyşýar. Şeýle bolanda, eýerjeň sözlemiň baglanýan sözi üçünji ýöňkemede ulanylýar: "Ejesiniň ýanyna häli ýeteris, şindi ýeteris



**tamasyny** edip oturan Akmyradyň umydy kem-kemden üzüldi" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak); "Şonuň üsti bilenem özleriniň üsti açylar **gorkusy** barmyş" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

5. Eýerjeň sözlem bilen baş sözlemiň arasyndaky baglanyşygy ýüze çykarmakda sözlemleriň tertibi möhüm ähmiýete eýedir. Türkmen dilinde eýerjeň sözlemler has köpräk aýyklaýjy agzalaryň baglanyşyny ýada salýanlygy üçin, adatça baş sözlemden öň gelýärler. Munuň özi goşulmaly baglanyşygyň hemme görnüşleri üçin umumydyr: "Otly sürüp bilýäniň **çynyň bolsa**, has gowy. **bolmasa-da** başga kişiň sürýän otlusynyň üstünde ýykylman **oturyp bilýän bolsaň** – olam ganymat" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy).

***Analitika-sintetiki eýerjeňli goşma sözlemde*** eýerjeň sözlem bilen baş sözlem bir wagtyň özünde hem analitiki, hem sintetiki tärler arkaly baglanyşýar. Mysal üçin: "**Eger-de** dünýä boýunça gözelligiň, kämilligiň baýdagy **döredilmeli bolsa**, şol baýdak türkmeniň nepis halysy bolar! **Eger-de** dünýä boýunça ýyndamlygyň, gözelligiň, arassalygyň nusga keşbi **döredilmeli bolsa**, ahalteke bedewiniň keşbini almaly bolar!" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama) diýen eýerjeňli goşma sözlemlerde "eger-de" baglaýjysy analitiki serişde bolsa, "döredilmeli bolsa" diýen işligiň şert şekilindäki "-se" goşulmasy sintetiki serişdedir. Ýöne bularyň ikisiniň hyzmaty bir däldir. Şunda eýerjeň sözlemi baş sözleme baglamakda "eger-de" diýen eýerjenli baglaýja garanda sözlemiň habary bolup gelýän "gezse" şert işliginiň ähmiýeti uludyr. Şu sözlemde "eger-de" sözüni galdyryp ulananymyzda hem, baglanyşyk bozulmaýar, aňladyljak pikire onçakly zyýan ýetmeýär. Şeýle edilende, işligiň şert şekili sintaktik baglanyşygy ýeke öz üstüne alýar we analitika-sintetiki baglanyşygyň ýerini sintetiki baglanyşyk tutýar. "Eger-de" baglaýjysy bu sözlemden aňlanylýan şerti has hem güýçlendirip gelmek bilen, baglaýjy serişdeliginden has köpräk stilistik serişde hökmünde ulanylýar.

Analitika-sintetiki eýerjeňli goşma sözlem, bir tarapdan, taýly görnüşde ulanylýan baglaýjy sözleriň, ikinji tarapdan, işligiň şert şekiliniň gatnaşmagy bilen aňladylýar. Baglaýjy sözler taýly görnüşinde ulanylanda, eýerjeň sözlemde "kim?", "nirede?", "näçe?", "neneňsi?"

ýaly sorag çalyşmalary getirilýärler, baş sözlemde bolsa şolara jogap edip, "şol", "şonda", "şonça", "şonuň ýaly" görkezme çalyşmalary ulanylýarlar. Şunlukda, "kim – şol", "nirede – şonda", "näçe – şonça", "neneňsi – şonuň ýaly" kimin taýly görnüşde ulanylýan baglaýjy sözleriň birinji bölegi sorag aňlatsa, ikinji bölegi oňa jogap bolup gelýär. Ýöne baş sözlemdäki görkezme çalyşmalarynyň manysy anyk däldir. Olaryň manysyny anyklamak üçin eýerjeň sözlemler hyzmat edýärler: "Kim deňlik ýolundan dogry ýörese, **onuň** ýoly şumluga barmaz" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Biz öz urkmendigimizi **näçe** çuňňur, **näçe** düýpli aňlasak, **şonça-da** türkmenligimiz berkär" (şol ýerde); "Endigine laýyk ýaramazlygy **näçe** köp etse, müýni, yzasy **şonça-da** aýdyň ýüze çykar" (şol ýerde).

## Eýerjeňli goşma sözlemleriň toparlara bölünişi

Eýerjeňli goşma sözlemleri toparlara bölmek kyn meseledir. Bu mesele diňe bir türkmen dilinde ýa türki dillerde däl, eýsem uzak döwürler dowamynda işlenip gelýän rus dilinde hem iň bir jedelli meseleleriň biri bolmak bilen, häzire çenli gutarnykly çözülen däldir. Eýerjeňli goşma sözlemleri toparlara bölmek boýunça dürli garaýyşlar bar. Olary, esasan, üç topara bölüp görkezmek boljak.

Birinji toparda eýerjeň sözlemler sözlem agzalarynyň mysalynda derňelýär. Bu toparyň başyny başlanlardan has görnüklisi F.I.Buslaýew bolup onuň toparlara bölüşi XIX asyryň ortalaryndan başlap, tä biziň günlerimize çenli üsti ýetirilip, käbir üýtgeşme girizilip ulanylyp gelýär.

Ikinji toparda eýerjeň sözlemleriň şekil görkezijisi hasaba alnyp, şonuň esasynda toparlara bölünip görkezilýär. Bu garaýyş XX asyryň 20-nji ýyllarynda ýüze çykypdyr. Onuň tarapdarlary A.M.Peşkowskiý, M.N.Peterson, L.A.Bulahowskiý we beýlekilerdir. Ol garaýyş şol döwürde az wagtlyk birinji toparlara bölünişi gün tertibinden aýyrdy.

Üçünji toparda eýerjeňli goşma sözlemleriň gurluş–many gatnaşyklaryna esaslanylyp toparlara bölünýär. Muňa ilkinji synanyşyk



eden B.A.Bogorodiskiý bolup, soňra ol pikir N.S.Pospelowyň işlerinde täzeçe beýanyny tapýar.

Şularyň içinde has köp ýaýrany birinji toparlara bölüniş bolup, ol okuw kitaplarynda we ylmy edebiýatlarda has giň ornaşdy. Ýöne häzirki wagtda bularyň üçüsiniň hem ulanylyşyny görmek bolýar.

Eýerjeň sözlem baş sözleme baglanyp, şoňa garaşly bolup gelýänligi üçin, grammatiki taýdan belli bir hyzmaty ýerine ýetirýär. Ol goşma sözlemiň düzüminde gelende, özbaşdak sözlem şekilinde ýüze çykman, grammatiki taýdan baş sözleme baglanyp, onuň düzüm bölegi bolup gelýär. Diňe bir eýerjeň sözlem baş sözleme garaşly bolman, baş sözlem hem pikir aňlatmak boýunça eýerjeň sözleme mätäçdir. Şonuň üçin bularyň arasynda berk grammatiki baglanyşyk bolup, ol goşma sözlemleriň düzüm böleklerini bir bitewi sözleme birleşdirýär. Eýerjeň sözlem baş sözlemiň aýry-aýry agzalaryna ýa-da tutuş sözleme baglanyp, şolary aýyklap gelşi taýdan sözlem agzalaryna meňzeşdir. Mysal üçin, ýönekeý sözlemlerde eýe, habar, aýyrgyç, doldurgyç, ahwalat ýaly agzalar bar bolsa, eýerjeňli goşma sözlemlerde hem eýe, habar, aýyrgyç, doldurgyç, ahwalat ýaly eýerjeň sözlemler ulanylýarlar. Çünki sözlem agzalarynyň we eýerjeň sözlemleriň ýerine ýetirýän hyzmatlarynda hem baglanyş tärlerinde belli bir derejede umumylyk bardyr. Şoňa görä eýerjeň sözlemleri sözlem agzalarynyň mysalynda toparlara bölmek käbir kemçilikleriniň barlygyna garamazdan, häzirki wagtda hem ulanylýar.

Elbetde, eýerjeň sözlemleriň hyzmaty we aýratyn-da olaryň baglanyş tärleri hemme babatlarda sözlem agzalaryna deň gelýär diýmek bolmaz. Tersine, sözlem agzalary bilen eýerjeň sözlemleriň arasynda käbir meňzeşligiň bar bolmagyna garamazdan, bularyň arasynda duýpli tapawutlar hem bar. Eýerjeňli goşma sözlemleriň baglanyş ýollary, sözlem agzalarynyň baglanyşyna garanda has çylşyrymlydyr we köptaraplydyr. Ýönekeý sözlemiň agzalary adatça ylalaşma, ýanaşma, dolandyrma tärleri arkaly baglanyşýan bolsalar, eýerjeňli goşma sözlem dürli baglaýjylar, goşulmalar we baglaýjylar-goşulmalar arkaly baglanyşýar. Munda hem eýerjeňli baglaýjylar, baglaýjy hyzmatynda gelýän sözler, baglaýjy dyngy hem-de ýanaşma, dolandyrma ýaly dürli

serişdeler gatnaşýarlar. Mysal üçin, "çünki", "sebäbi", "sebäbi näme diýseň" ýaly birnäçe eýerjeňli baglaýjylaryň ýönekeý sözlemlerde gabat gelmezligi hem şunuň üçindir.

Eýerjeňli goşma sözlemleri toparlara bölmegiň haýsy-da bolsa bir ýörelgesini alanyňda hem, dillerde, şeýle hem, umumy dil biliminde olaryň nähili görnüşleriniň bolup bilýänligi baradaky mesele, olaryň gurluşyny hem mukdaryny takyklamak bilen baglanyşykly köp meseleler boýunça türki dillerde, şonuň ýaly hem türkmen dilinde ýeke-täk gutarnykly pikir ýok. Mysal üçin, hut azerbaýjan diliniň mysalynda ýazylan işlerde hem eýerjeňli goşma sözlemleriň sany dürlüçe kesgitlenilýär. M.Ş.Şiralyýew azerbaýjan dilinde eýe, habar, aýyrgyç, doldurgyç, hal, ölçeg hem dereje, deňeşdirme, wagt, orun, sebäp, maksat, netije, şert, gaýdym ýaly 14 dürli eýerjeňli goşma sözlem bar diýen netijä gelýär. N.Z.Gajyýewa bolsa azerbaýjan diliniň sintaksisine degişli geçiren derňewinde eýerjeňli goşma sözlemiň eýe, habar aýyrgyç, doldurgyç, wagt, sebäp, netije, orun, maksat, hal, ölçeg hem dereje, deňeşdirme, şert, gaýdym, otnositel ýaly 15 görnüşini belleýär. A.Z.Abdyllaýew bolsa azerbaýjan dilinde eýerjeňli goşma sözlemlere degişli ýazan doktorlyk dissertasiýasynda eýerjeňli goşma sözlemiň eýe, habar, aýyrgyç, doldurgyç, wagt, orun, sebäp, maksat, mukdar, hal deňeşdirme, dereje, şert, netije, degşirme, birikdirme ýaly 16 görnüşiniň barlygyny takyklaýar.

Eýerjeňli goşma sözlemleriň sanynyň şol bir dilde dürlüçe kesgitlenmegi, bir tarapdan, eýerjeňli goşma sözlemleriň tebigatyny aýdyňlaşdyrmaga awtorlaryň dürli nukdaýnazardan çemeleşýänligi bilen baglanyşykly bolsa, ikinji tarapdan, ol ýa beýleki eýerjeňli goşma sözlemiň aýratyn toparda öwrenilmegi ýa-da öwrenilmezligi barlagçylaryň şahsy garaýşynyň dürlüliginden gelip çykýar.

Eýerjeňli goşma sözlemleriň şekillenişi we görnüşleri hemme dillerde birmeňzeş däldir. Şoňa görä eýerjeň sözlemiň haýsy-da bolsa bir ýa birnäçe görnüşiniň bir dilde bolup, beýleki dilde bolmazlygy hem mümkin. Emma sözlem agzalary bilen kybapdaş ýüze çykýan eýe, habar ýaly eýerjeňli goşma sözlemlerde belli bir umumylygyň bolmagy tebigydyr. Gynansak-da, şular ýaly umumy meseleler boýunça hem alymlaryň pikiri birikmeýär.



Şu ýerde eýe, habar eýerjeňli goşma sözlemleri eýerjeňli goşma sözlemiň görnüşleri diýip hasaplamalymy ýa dälmi diýen sorag ýüze çykýar. Hemme dillerde (rus, türkmen, türki diller we başg) diýen ýaly eýe eýerjeňli goşma sözlemiň bellenýänligine garamazdan, A.A.Reformatskiý eýerjeň sözlemleriň aýyklaýjylyk häsiýetini göz öňünde tutup, eýe eýerjeňli goşma sözlemiň bolmagynyň bütinleý mümkin däldigini aýdýar. Muny ol eýäniň ýeke-täk aýyklananlygy, hiç wagt aýyklaýjy hyzmatynda ýüze çykyp bilmeýänligi bilen düşündirýär.

Emma hakykatda, eýerjeň sözlemler köplenç, ýönekeý sözlemlerdäki agzalaryň hyzmatyny gaýtalap gelýänligi üçin, sözlemiň beýleki agzalaryna taý gelýän eýerjeň sözlemleriň ulanylyşy ýaly, onuň eýesi şekilinde duýulýan eýerjeň sözlemler hem bar. Olar gönüden-göni baş sözlemiň eýesi şekilinde gelýär ýa-da ondaky eýäniň manysyny açyp görkezýär. Şonuň üçin bu hili sözlemleri *eýe eýerjeňli goşma sözlem* diýip atlandyrmak dogrudyr.

E.A.Grunina özbek dilindäki eýerjeňli goşma sözlemleriň sintaksisini derňände, eýerjeň sözlemleri toparlara bölmekde olaryň sintaktik hyzmatyna we manysyna esaslanmagyň hem-de ýönekeý sözlem agzalary bilen degşirip öwrenmegiň özüni ödemegi-hä beýlede dursun, eýsem onuň zerurlygyny nygtap geçýär. Munuň özi, onuň pikiriçe, bir tarapdan, ýönekeý hem goşma sözlemleriň arasyndaky umumylygy ýüze çykarmaga kömek etse, ikinji tarapdan, olaryň her biriniň häsiýetli aýratynlygyny görkezmäge mümkinçilik berýär. Ol şol esasda özbek dilindäki eýerjeňli goşma sözlemleri: 1) ahwalat; 2) aýyrgyç; 3) doldurgyç; 4) eýe eýerjeňli goşma sözlemler diýip, dört topara bölüp görkezýär. Emma ol habar eýerjeňli goşma sözlemi hasaba almaýar. Muny ol, birinjiden, sözlemiň, habarsyz ulanylyp bilinmeýänligi we ikinjiden, eýerjeň sözlemiň diňe görkezme çalyşmadan bolan habary anyklap gelýänligi sebäpli, habar eýerjeň sözleminiň bolup bilmejekdigi bilen düşündirýär.

A.A.Reformatskiý munuň tersine, eýe eýerjeňli goşma sözlemiň bolmagyna garşy çyksa-da, baş sözlemiň habarynyň galdyrylan ýagdaýynda, habar eýerjeň sözleminiň bolmagynyň mümkinligini ykrar edýär. Habar eýerjeňli goşma sözlemiň bolup

bilýänligi rus, özbek, tatar, azerbaýjan dillerine degişli edilen işlerde hem görkezilýär. Soňky pikir bilen ylalaşmak gerek. Çünki eýerjeň sözlemler sözlem agzalaryna kybapdaş ýüze çykýanlygy üçin, habar eýerjeň sözleminiň bolmagy hem kanunydyr.

Düşündirme sözi – sözlem agzasy we duşündirme sözlemi eýerjeň sözlemiň bir görnüsi hökmünde käbir işlerde görkezilýär. Giriş hem sokma sözleri sözlem agzasy hökmünde garalýanlygy üçin, giriş hem sokma sözlemleri bolan gürnamalar hem grammatiki taýdan baglanyşmaýan gurnamaly goşma sözlemler ady bilen goşma sözlemiň aýratyn bir görnüşi hökmünde, düzmeli hem eýerjeňli goşma sözlemleriň hiç haýsyna-da goşman, özbaşyna bir topar edilip öwrenilse, oňat bolar.

Türkmen dilinde eýerjeňli goşma sözlemleriň toparlara bölünişine gelenimizde, şeýle ýagdaýy görýäris. M.Geldiýew, G.Alparow tarapyndan ýazylan "Türkmen diliniň grammatikasynda" (Aşgabat, 1929) eýerjeň sözlemler "şert sözlemi", "wagt sözlemi", "sebäp sözlemi" "rewiş (hal) sözlemi", "meňzetme sözlemi" diýlip, 5 topara bölünip öwrenilipdir.

1935-nji ýylda çykan, H.Derýaýewiň grammatikasynda eýerjeňli goşma sözlemler: 1) hal sözlemi; 2) şert sözlemi; 3) wagt sözlemi; 4) meňzetme sözlemi; 5) sebäp sözlemi; 6) gaýdym sözlemi diýip, 6 topara bölunipdir.

P.Azymow bilen H.Baýlyýewiň grammatikasynda (Aşgabat, 1939) türkmen dilindäki eýerjeňli goşma sözlemleriň wagt, sebäp, şert, gaýdym, meňzetme, hal ýaly 6 görnüşi alnypdyr.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili kafedrasy tarapyndan taýýarlanan "Konspektde" eýerjeňli goşma sözlemleriň 7 görnüşi: wagt, hal, sebäp, meňzetme, şert, garşylykly, deňeşdirme eýerjeň sözlemleri görkezilýär.

P.Azymow, G.Sopyýew, Ý.Çöňňäýew tarapyndan mugallymçylyk mekdepler üçin ýazylan okuw kitabynda bolsa eýerjeňli goşma sözlemleriň 8 görnüşi: wagt, orun, sebäp, şert, garşylykly, hal, meňzetme, deňeşdirme eýerjeňli goşma sözlemler barada maglumat berilýär.

TDU-nyň türkmen dili bölüminiň soňky goýberen "Häzirki zaman türkmen dili. Sintaksis" (Aşgabat, 1962) diýen kitabynda eýerjeňli goşma sözlemleriň sany "wagt, netije, hal, sebäp, meňzetme, şert, garşylykly, deňeşdirme, orun, mukdar, eýe, aýyrgyç, doldurgyç eýerjeň sözlemleri" diýlip, 13-e ýetirilipdir.



Görnüşi ýaly, türkmen dilindäki eýerjeňli goşma sözlemleriň öwrenilişinde hem toparlara bölünişinde ösüş barlygy duýulýar. Öňki işler bilen deňeşdirilende, "Häzirki zaman türkmen dili. Sintaksis" diýen kitapda eýerjeňli goşma sözlemleriň görnüşleri birneme dolurak berlipdir.

Eýerjeňli goşma sözlemleri toparlara bölmekde şular ýaly dürli pikirleriň bolmagy, bir tarapdan, şu meseläniň türki dillerde we türkmen dilinde, şeýle hem dil biliminde ýeterlik öwrenilmänligini görkezse, ikinji tarapdan, käbir eýerjeňli goşma sözlemleriň anyk dillerde entek kemala gelmek döwrüni başdan geçirýänligini aňladýar.

Eýerjeň sözlemleriň ýerine ýetirýän sintaktik hyzmatyna we manysyna, ýagny olaryň baş sözleme neneňsi baglanyşýanlygyna hem ondan gelip çykýan many aýratynlyklaryna esaslanyp, häzirki zaman türkmen dilindäki eýerjeňli goşma sözlemleri 16 topara bölup görkezmek mümkin: eýe eýerjeňli goşma sözlem; habar eýerjeňli goşma sözlem; aýyrgyç eýerjeňli goşma sözlem; doldurgyç eýerjeňli goşma sözlem; wagt eýerjeňli goşma sözlem; hal eýerjeňli goşma sözlem; netije eýerjeňli goşma sözlem; orun eýerjeňli goşma sözlem; sebäp eýerjeňli goşma sözlem; maksat eýerjeňli goşma sözlem; şert eýerjeňli goşma sözlem; gaýdym eýerjeňli goşma sözlem; mukdar eýerjeňli goşma sözlem; meňzetme eýerjeňli goşma sözlem; degşirme eýerjeňli goşma sözlem; düşündirme eýerjeňli goşma sözlem.

## Eýerjeňli goşma sölemleriň görnüşleri

### *Eýe eýerjeňli goşma sözlem*

Eýe eýerjeň sözleminiň hyzmaty baş sözlemiň eýesi bolup gelmekden ýa-da onuň eýesiniň manysyny anyklaşdyrmakdan ybaratdyr.

Ol baş sözlem bilen aşakdaky serişdeler arkaly baglanyşýar:

1. Eýe eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen gytak sorag sözlemi şekilinde sorag çalyşmalary arkaly baglanyşýar. Munda eýerjeň sözlem – birinji orunda, baş sözlem hem ikinji orunda gelýär. Baş sözlemiň eýesi "ol" görkezme çalyşmasyndan bolup, eýerjeň sözlemi çalşyryp gelýär. Eýerjeň sözlem baş sözlemiň eýesi hyzmatynda gelýän görkezme çalyşmasynyň manysyny açyp görkezýär: "Häzir ajal **kimiň** ýakasyndan öňürti tutjak, **ol** mälim däl...".

2. Eýe eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "-my, -mi" sorag goşulmasy arkaly baglanyşýar. Şunda eýerjeň sözlemiň habary sorag goşulmasyny kabul edip, barlyk hem ýokluk şekillerinde gaýtalanyp ulanylýar: "Talyplar **gulak asýamy-asmaýamy**, perwaýyna hem däl" (G. Gurbansähedow. Toýly Mergen).

Eýe eýerjeňli goşma sözlem gurluşy boýunça aýyrgyç, doldurgyç, habar eýerjeňli goşma sözlemlere hem meňzeşdir. Ýöne munuň soňkulardan aýratynlygy baş sözlemiň eýesini anyklap ýa-da şonuň ýerini tutup gelýänliginden ybaratdyr.

3. Eýerjeň sözlemiň eýesi "kim, näme, haýsy" ýaly sorag çalyşmalaryndan, baş sözlemiň eýesi hem olara jogap bolup gelýän "ol, şol" kimin görkezme çalyşmalaryndan bolýar. Eýerjeň sözlemiň habary adatça işligiň şert şekilinde ulanylýar. Many taýdan baş sözlemiň eýesi eýerjeň sözlemiň üsti bilen anyklaşdyrylýar: "**Kim soňa galsa**, şol garaşsyn"; "Kim şuňa **ynanmaýan bolsa**, ol halkyň güýjüne-de ynanýan däldir"; "**Haýsysy kuwwatly bolsa**, uzak döwrüň çaknyşygynda **şol** ökde çykar"; "Gazana **näme guýulsa**, çemçä-de **şol** iler".

4. Baş sözlemiň habary işligiň gaýdym derejesinden bolup, eýerjeň sözlem tutuşlygyna onuň eýesi şekilinde gelýär. Ol başganyň gepi görnüşinde şekillenip, baş sözlem bilen "diýip, diýlip" baglaýjy sözleriniň üsti bilen baglanyşýar: "Ýagşydan at galar **diýlip**. ýöne ýerden aýdylmaýar"; "Mundan, beýläk dartmaga ysgynymyz ýok **diýlip** aýdylýar, sen düşünmedik bolýarsyň..." (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

5. Eýe eýerjeň sözlemi öz aýyklaýan sözi bilen ýanaşyk gelmek arkaly baglanyşyp biler. Şunda baş sözlemiň habary "diýmek" işliginiň gaýdym derejede getirilmegi arkaly emele gelýär: "Mundan añryk pyýada gitmeli **diýildi**".

6. Eye eýerjeňli goşma sözlemiň "ki" baglaýjysy arkaly baglanyşyp azrak mukdarda XVIII asyr türkmen edebiýatynyň ýazuw ýadygärliklerinde duş gelýär:

"Magtymguly, her kim işin sap etmez;
Maglumdyr **ki,** ahyretden howp etmez"
(*Magtymguly. Saýlanan eserler*).

## *Habar eýerjeňli goşma sözlem*

Habar eýerjeň sözlemi baş sözlemiň habarynyň anyk manysyny ýüze çykarmak üçin ulanylýar. Habar eýerjeň sözlem baş sözlem bilen aşakdaky ýaly baglanyşýar:

1. Habar eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen sorag çalyşmalary arkaly baglanyşýar. Baş sözlemiň habary wagt-orun düşümde gelen "şol" görkezme çalyşmasyndan bolup, onuň manysy eýerjeň sözlemiň üsti bilen anyklanýar: "Zyýany ýok, gep **onda däl**, iş olar bilen haçan synanyşmaly, **ana, şonda**".

2. Eýerjeň sözlem baş sözlem bilen "-my, -mi" sorag goşulmasy arkaly baglanyşýar. Eýerjeň sözlem gytak sorag sözlemi görnüşinde ulanylyp, baş sözlemiň görkezme çalyşmasyndan bolan habarynyň manysyny anyklap gelýär: "Dogry, olaryň jigit durmaklarynda-da bir maksat bar, ýöne şol maksat olaryň özlerine **peýdalymy–zyýanlymy,** ana, iş **şonda**".

3. Baş sözlemde "kim, kimiň" sorag çalyşmalary, eýerjeň sözlemde bolsa "şol, şonuňky // şoňky" ýaly dürli şekillerde gelen görkezme çalyşmalary ulanylýarlar: "– Adamlar, şu geýimler **kimiňki** bolsa, biziň ogrymyz **hem şol bolmaly**" (N.Pomma. Düýe ýuwudan bokurdak); "**Ýoldaşy kim** bolsa, gandaryňyz **şol** diýipdir" (Ý.Mämmediýew. **Ene** toprak); "Mal kimiňki? **Kime** nesip etse, **şonuňky" diýlen** babalar sözi ýönelikden aýdylan däldir...".

4. Habar eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "kimde – şonda" arkaly baglanyşýar: "Gökje monjuk **kimde**, meniň göwnüm **şonda**" (Türkmen nakyllary).

5. "Hanjadan – şondan" baglaýjy sözleri hem habar eýerjeň sözlemini baş sözlem bilen baglanyşdyryp biler: "Aýalyň **hanjadan** bolsa, gel-gidiň **şondan**" (Nakyllar we atalar sözi).

## *Aýyrgyç eýerjeňli goşma sözlem*

Häzirki zaman türkmen dilinde aýyrgyç eýerjeň sözlemi, köplenç, baş sözlemiň atdan bolan agzasyna baglanyp, şonuň aýyrgyjy şekilinde duýulýar. Mysal üçin, "Çarynyň işi üçin özüni tussag etmäge gelendirler **diýen** pikirden başga zat kellesine gelmedi" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak) diýen goşma sözlemde "Çarynyň işi üçin özüni tussag etmäge gelendirler" – aýyrgyç eýerjeň sözlemi bolup, "diýen" baglaýjysy arkaly "pikir" sözüne baglanyp, şonuň aýyrgyjy bolup gelýär.

Aýyrgyç eýerjeň sözlemi baş sözlemdäki görkezme çalyşmasyndan bolan aýyrgyjyň ("şeýle") manysyny anyklamak üçin hem hyzmat edip biler: "Kim talantly bolsa, kim galplyk etmese, wyždany arassa bolsa, ana, men **şeýle** adamlara razylyk bermäge mydama taýyn".

Şu sözlemde "şeýle" diýen duýduryjy söz "adamlar" diýen adyň aýyrgyjy bolup gelýär. Ýöne onuň manysy şu durşuna anyk däl. Şunuň manysyny açyp görkezmek üçin yz ýanyndaky aýyrgyç eýerjeň sözlemi ulanylýar. Şunlukda, aýyrgyç eýerjeň sözlemi baş sözlemiň aýyrgyjy şekilinde gelýär ýa-da baş sözlemdäki aýyrgyç eýerjeň sözlemini çalşyryp gelýän mynasybetli sözüň manysyny anyklaşdyrmaga hyzmat edýär.

Häzirki zaman türkmen dilinde aýyrgyç eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen aşakdaky tärler arkaly baglanyşýar:

1. Aýyrgyç eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "-my, -mi" sorag goşulmasy arkaly baglanyşýar. Mysal üçin, "Sen **ýaşmy – ýaş dälmi, onuňam** parhy ýokdur" diýen sözlemiň birinji bölegi gytak sorag



gurnamasy bolup, baş sözlem bilen "-my, -mi" sorag goşulmasy arkaly baglanyşypdyr. Aslyýetinde bolsa "**Sen ýaşmy – ýaş dälmi? Onuňam** parhy ýokdur" ýaly gytak sorag sözlemi bilen oňa jogap bolup gelýän sözlemiň gatnaşmagyndan emele gelipdir.

2. Aýyrgyç eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen sorag çalyşmalary arkaly baglanyşýar. Şunda eýerjeň sözlem gytak sorag sözlemi görnüşinde ýüze çykýar: "**Kim** mamla, **kim** bimamla – netijesini derňew görkezer…" (G.Gurbansähedow. Toýly Mergen).

3. XVIII asyr türkmen edebiýatynyň dilinde "kim" sorag çalyşmasy baglaýjy sözüň rolunda gelip, atlary çalşyrmak üçin hyzmat edipdir. Ýöne munuň örän seýrek ulanylanlygyny bellemek gerek: "Her kişi, **kim** ýamanlykny kast eýlär / Iki dünýä öz işine kest eýlär" (Magtymguly. Saýlanan eserler); "Ne gamy bar ol kişiniň, **kim** seniň dek ýary bar" (Andalyp. Saýlanan eserler).

4. Eýerjeň sözlem baş sözlem bilen "haýsy – şol, kim – şonuň // soň, kimiň – şonuň, nähili – şol" ýaly taýly görnüşde ulanylýan baglaýjy sözler arkaly baglanyşýar. Şunda "haýsy, kim, kimiň, nähili" sorag çalyşmalary – eýerjeň sözlemde, olara jogap bolup gelýän "şol, şonuň / soň" ýaly görkezme çalyşmalary hem baş sözleme ulanylýarlar. Olaryň anyk manysy eýerjeň sözlemleriň üsti bilen açylyp görkezilýär. Eýerjeň sözlemiň habary işligiň şert şekilinden bolýar:

"Haýsy – şol" baglaýjy sözleri arkaly: "Ýöne bir zat aýtmak bolar, "**haýsy** eserde şu günki durmuşyň ýüregi batly urýan bolsa, **şol** eser agramlydyr" (Edebiýat we sungat); "Bir oglan **haýsy** oýny oýnaly diýse, sen **şol** oýnuň başga hili görnüşini tapar ekeniň" (şol ýerde); "**Haýsy** maşgala agzybir bolsa, **şol** maşgala döwletlidir" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

"**Haýsy** oba agzybir bolsa, halky bagtyýardyr" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama) diýen mysalyň ikinji böleginde "şonuň" diýen görkezme çalyşmasy getirilmändir.

"Kim – şonuň // şoň" baglaýjy sözleri arkaly: "**Kim** iki gezek ýyksa, **şonuň ýeňdigidi**" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak); "**Kim** hajyk-hujuk etse, sen **şoň** adamsy" diýýär" (şol ýerde).

"Näne hakda – şolaryň" baglaýjy sözleri arkaly: "Garaz, **näme hakda** gürrüň gozgalsa, **şolaryň** wideoýazgylaryny ulanýaryn" (Diýar. 2002. №6).

"Hähili – şol" baglaýjy sözleri arkaly: "Ýagdaý **nähili** soragy agzyma salsa, menem **şol** soragy size berýän...".

"Kimiň – şonuň" baglaýjy sözleri arkaly: "**Kimiň** goýny ýüz – **onuň** gepi düz, **kimiň** goýny elli – **onuň** gepi belli" (Nakyllar we atalar sözi). Munda işligiň şert formasynyň ýerini intonasiýa tutýar.

Şu hili eýerjeň sözlemler gepleýiş dilinde baş sözlem bilen "nähili – şonuň ýaly // şonuň ýaly hem" kimin taýly görnüşde ulanylýan baglaýjy sözleriň üsti bilen hem baglanyşýarlar. Bular many taýdan iki sany zadyň deňeşdirilmegini, biriniň beýlekä meňzedilmegini bildirip gelýär. Bu hili goşma sözlemlerde "nähili – şonuň ýaly // şonuň ýaly hem" kimin baglaýjy sözler atlary aýyklap gelýänligi bilen, meňzetme eýerjeňli goşma sözlemlerden tapawutlanýarlar: "Sen **nähili** geýim geýseň, men hem **şonuň ýaly** geýim geýerin"; "**Nähili** adam bolsa, **şonuň ýaly** hem hormaty bar".

5. Aýyrgyç sözlemi baş sözlem bilen "diýen", "diýlen" baglaýjy sözleri arkaly baglanyşýar.

Aýyrgyç eýerjeň sözlemleri aslyýetinde başganyň gepi şekilinde şekillenýänligi üçin, adamlaryň duýgy, pikirlenme, gepleýiş agzalarynyň işi bilen dahylly bolan "umyt, karar, mesele, bahana, habar, pikir, gorky, netije, niýet, tama" ýaly belliräk at sözlerini aýyklap gelýärler:

"umyt" sözüni aýyklap gelşi: "Söýgi ýodajygy has-da giňär, uzalar, ýagtylar diýen **umyt** ony höweslendirdi":

"karar" sözüni aýyklap gelşi: "Garyndaşlary Merediň jaýlanan ýerine gitmeli diýen **karara** geldiler" (Edebiýat we sungat. 10.03.1996):

"mesele" sözüni aýyklap gelşi: "Men şol ahun bilen haram haýsy, halal haýsy, hak näme, nähak näme diýlen **mesele** hakynda gürrüň açaýyn";

"bahana" sözüni aýyklap gelşi: "Köneden sowatly, baý-gulak diýen **bahana** bilen, niçe bir adamlary uzak ülkelere sürgün etdiler, sen oňa düşünmelisiň":



"habar" sözüni aýyklap gelşi: "Ol demir ýola işçilige girmekçimiş diýen **habar** hem ýaýrady" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler): "Sary baýyň üç aýaly adamsy bilen nikasyny bozanmyş diýen mojuk **habar** Mülk obasynda Ýer yranyp, tam ýykylandaky ýaly tükeniksiz gep-gürrüňe sebäp boldy" (Türkmenistan. 05.04.2002):

"pikir" sözüni aýyklap gelşi: "Birden Nataşanyň kellesine olara hökman kömek bermek gerek diýen **pikir** geldi" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak):

"gorky" sözüni aýyklap gelşi: "Birwagtdan soň bolsa döwlen, ýenjilen ýerim ýokmuka diýen **gorky** bilen ýuwaşlyjakdan ýerinden galdy" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak):

"netije" sözüni aýyklap gelşi: "Özüniň gitjekligi hakynda bir zat aňlandyr diýen **netijä** geldi" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak):

"niýet" sözüni aýyklap gelşi: "...Diňe şunuň ýaly toslama hasaplary işläp bilýänler hem öz ýanyndan önsün diýen **niýet** bilen okatdy..." (A.Gowşudow. Saýlanan eserler):

"tama" sözüni aýyklap gelşi: "Onda-da onuň okuwa kabul edilerin diýen inçe **tamasy** bardy" (O.Akmämmedow. Meni ýazgaryň).

6. Aýyrgyç eýerjeň sözlemi başganyň gepi şekilinde ulanylanda, öz aýyklaýan sözünden öň gelip, baş sözlemiň atdan bolan agzasy bilen dolandyrma arkaly baglanyşýar. Şunda olaryň baglanýan sözleri üçünji ýöňkemede ulanylýar. Aýyrgyç eýerjeň sözlemi duýgy, pikir, gep ýaly düşünjeler bilen baglanyşykly ulanylýan "habar, gürrüň, ses, tama" kimin azrak at sözlerini aýyklap gelýär:

"habar" sözüni aýyklap gelşi: "Uruş ýatdy **habary** tiz wagtda bütin dünýä ýaýrady":

"gürrüň" sözüni aýyklap gelşi: "Gelin geljek **gürrüňi** bir aýdan bäri bar":

"ses" sözüni aýyklap gelşi: "Oba arasynda kem-käs gürrüň geçiripsiňiz **sesi** bar-la":

"Tama" sözüni aýyklap gelşi: "Ejesiniň ýanyna häli ýeteris, şindi ýeteris **tamasyny** edip oturan Akmyradyň umydy kem-kemden üzüldi": (Ý.Mämmediýew. Ene toprak).

7. Aýyrgyç eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "ýagny" baglaýjysy arkaly baglanyşýar. Şunda aýyklanýan at sözüniň öňünden "şeýle bir" diýen duýduryjy sözler gelip, olar aýyrgyç eýerjeň sözleminiň baglanýan sözüne ünsi çekýär: "**Şeýle bir** zada ünsüňizi çekmekçi, **ýagny** Jeýms Beýkeriň Türkmenistana gelmegi bütin dünýäniň ünsüni özüne çekdi" (Telewideniýeden. 06.02.1992).

8. Aýyrgyç eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen 3-nji ýöňkemäniň goşulmasy (-y, -i, -sy, -si) arkaly baglanyşýar:

"Agalar, bir peri gördüm,
**Saçy** aýagyna düşmüş"
*(Halk aýdymy).*

Şu mysalda "bir peri" diýen nämälim at sözüni aýyklap, şonuň aýyrgyjy bolup gelýär.

Aýyklanýan at sözüniň öňünden "ol" diýen görkezme çalyşmasy hem gelip biler. Munda ol aýyklanýan söze üns çekýär hem-de aýyrgyç eýerjeň sözlem bilen gatnaşyk saklanýar:

"**Ol** ýigitler görde ýagşy,
**Başy** gowgaly bolmasa"
*(Magtymguly. Saýlanan goşgular).*

9. Aýyrgyç eýerjeň sözlemini baş sözleme baglamak üçin 3-nji ýöňkemäniň goşulmasyndan başga-da "weli" baglaýjysy hem ulanylyp biler: "Käbir adam bardyr **weli**, **ýanynda** otursaň turasyň gelmez" (H.Diwangulyýew. Çuwal bagşy).

Şu mysalda "adam" sözüni "käbir" diýen nämälim san çalyşmasy aýyklap gelýär, olaryň hakyky manysyny yz ýanyndaky aýyrgyç eýerjeň sözlemi açyp görkezýär.

10. "Ki" baglaýjysy hem aýyrgyç eýerjeň sözlemini baş sözleme baglamaga hyzmat edýär: "Ýaňsylamakda, degişmekde agzyňdan şeýlekin sözler çykyp biler **ki**, ol sözler saňa günä gazandyrar". Mahmyt Zamahşary" (Mugallymlar gazeti. 28.12.2001).



"Dünýäde bagtlydyr diňe **ol** kesler.
**Ki** öz çöregini dost bilen iýer"
*(Nyzamy Genjewi).*

## *Doldurgyç eýerjeňli goşma sözlem*

Doldurgyç eýerjeň goşma sözlemi baş sözlemiň işlikden bolan agzasyna baglanyp, şonuň doldurgyjy şekilinde ulanylýar ýa-da baş sözlemdäki görkezme çalyşmalaryndan bolup gelen doldurgyjy anyklamak üçin hyzmat edýär.

Doldurgyç eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen aşakdaky tärler arkaly baglanyşýar:

1. Doldurgyç eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen sorag çalyşmalary arkaly baglanyşýar. Şunda doldurgyç eýerjeň sözlemi gytak sorag sözlemi görnüşinde ýüze çykyp, eýerjeňli goşma sözlemiň emele gelmeginde esasy serişdeleriň biri bolup hyzmat edýär: "Köp sözleýip, çykmaz derde duşup men / Lukman **haýsy**, derman **haýsy** bilmedim" (Magtymguly. Saýlanan eserler).

2. Doldurgyç eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "-my, -mi" sorag goşulmasy arkaly baglanyşýar. Şunda doldurgyç eýerjeň sözlemi gytak sorag sözlemiň görnüşinde ýüze çykýar: "Ol: gaharly **aýtdymy** ýa gaharsyz **aýtdymy,** aňşyryp bilmän, aşak oturdy".

3. Doldurgyç eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "kime – şony, näme – şony, nämäni – şony" ýaly baglaýjy sözler arkaly baglanyşýar:

"kim – şony" diýen baglaýjy sözler arkaly: "**Kim** Watany depesine täç eýlese, Watany hem **ony** başyna taç eýlär" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

"nämä – şony" diýen baglaýjy sözler arkaly: "Kysmatda **näme** bolsa, **şony** görmek gerek" (H.Ysmaýylow. Öküz gödek):

"nämäni – şony" diýen baglaýjy sözler arkaly: "özüň **nämäni** aýtsaň, gulagyň **şony** eşider" (Nakyllar we atalar sözi).

4. Doldurgyç eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "diýip", "öýdüp" baglaýjy sözleri arkaly baglanyşýar. Şu baglaýjylar aslyýetinde başganyň gepini awtoryň sözi bilen baglamak üçin hyzmat

edýär. Emma soňy bilen iki sözlemiň arasynda gelýänligi sebäpli, asylky özbaşdak manysyndan daşlaşyp, baglaýjy sözlere öwrülipdirler. Şunda baş sözlemiň habary "aýtmak, öwretmek, hasap etmek, hasaplamak, göwnüne getirmek, kellesine getirmek, çaklamak, düşünmek, güman etmek, pikir etmek" ýaly belliräk işliklerden bolup gelýär:

"aýtmak" işliginden bolup gelşi: "Bu gün biz Nowruz aýynyň 4-ne Ministrler Kabinetiniň ýatda galyjy maslahatynda başy başlanan gürrüňiň jemini jemleýäris **diýip**, sarpaly Serdarymyz **aýtdy**" (Mugallymlar gazeti. 03.04.2002).;

"öwretmek" işliginden bolup gelşi: "Hudožnik millilige ýugrulan bolmalydyr **diýip,** sungatyň taryhy **öwredýär**" (Edebiýat we sungat. 12.05.2001);

"hasap etmek" işliginden bolup gelşi: "Maşgalanyň ekabyrragy bolan Ýolaman eklenjiň esasy öz başyna düşdi **diýip hasap edýärdi**";

"hasaplamak" işliginden bolup gelşi: "Zyba munuň üçin hökman Kerimi habardar etmeli **diýip hasaplady**" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak);

"göwnüne getirmek" işliginden bolup gelşi: "Muhammet şu çaka çenli ejesi öýkeländir **diýip, göwnüne-de getirenokdy**" (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar);

"kellesine getirmek" işliginden bolup gelşi: "şunuň ýaly duşuşyk bolar **diýip**, ol ýatsa-tursa, **kellesine hem getirmeýärdi**" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak);

"çaklamak" işliginden bolup gelşi: "Hemişekisi ýaly, ahyrym, özi gürrüň açar **diýip çaklady**" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak); "Ýaragsyz çöle çykan beg ogly öz maşgalasyny, ýaş çagalaryny görmek arzuwy bilen barýandyr **diýip çaklasa boljakdy**" (Edebiýat we sungat. 22.02.2002);

"düşünmek" işliginden bolup gelşi: "Onuň ýüreginde razyçylyk bardyr **diýip düşündi**";

"güman etmek" işliginden bolup gelşi: "Siziň bu pyglyň yza ýol berer **öýdüp gümanam etmäň**" (Edebiýat we sungat. 22.02.2002);

"pikir etmek" işliginden bolup gelşi: "Sonuň üçinem bir dile höwesek bolup, ony öwrenmek isleýänler üçin iki aý ýeterlik **diýip pikir edýärin**" (Diýer. 2002. №6).



5. Doldurgyç eýerjeň sözlemi XVIII–XIX asyr ýazuw edebiýatynyň dilinde baş sözlem bilen "ki // kim" baglaýjylary arkaly baglanyşyp gelýär: "ýene diýr **ki,** mugt, tükenmez nan bolsa" (Magtymguly. Saýlanan eserler); "Atasy gördi **kim**, Mejnunyň jynyny barha zyýada bolar..." (Andalyp. Leýli–Mejnun).

6. Doldurgyç eýerjeň sözlemi özüni eýerdýän söz bilen ýanaşyk gelmek arkaly baglanyşýar. Olaryň baglanýan sözleri "diýmek, hasap etmek, hasaplamak" ýaly işliklerden bolup gelýär:

"diýmek" işligi tarapyndan eýerdilişi: "Şu ýerden bir perwaýsyz çykyp gitmesinler **diýdim**";

"hasap etmek" işligi tarapyndan eýerdilişi: "Ol öz missiýasynyň başlangyç şerti, esasan, çözüldi **hasap etdi**" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak);

"hasaplamak" işligi tarapyndan eýerdilişi: "Şol gijeki gürründen soň mal sanag işini biryüzlüräk **hasaplasa-da**, bir howsala Atanyýazdan hiç elini üzmedi" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak).

7. Doldurgyç eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "welin" baglaýjysy arkaly hem baglanyşýar. Şunda "Seredip görmek, oturyp pikirlenmek" ýaly baş sözlemiň işlikden bolan habarlarynyň manysyna hem köp zat baglydyr, çünki ol işlikleriň manysy doldurgyjy talap edýärler. Şonuň üçin doldurgyç eýerjeň sözlemi olaryň manysyny dolduryp gelýär: "Bu ahwala geňirgenen Selim Garyp seredip görüpdir **welin**, tagtany bir balyk gerşine mündürip alyp barýarmyş" (Edebiýat we sungat. 12.06.1998); "Indi şol zatlar barada oturyp pikirlenýärsiň **welin**, şol adamlarda ynsançylygyň iň belent nusgalary jemlenen eken" (Mugallymlar gazeti. 10.11.1993); "Indi görýän **welin**, onuň gaýnamy ýetipdir..." ("Ýigrimi üç Ependi"); "Nasreddin görüpdir **welin**, müride ýone sakgalyny selkildedip oturanmyş" (şol ýerde).

8. Doldurgyç eýerjeň sözlemi bilen baş sözlem şert işliginiň "-sa, -se" goşulmasy arkaly hem baglanyşyp gelýär. Bu daşdan göräýmäge şert eýerjeňli goşma sözlemleri ýada salýan hem bolsa, bularyň özara gatnaşygyndan bütinleý şert aňlanylman, eýsem doldurgyçly gatnaşyk ýüze çykýar. Munda baş sözlem birinji bölek

bolup, ol eýerjeň sözlem bilen "-sa, -se" arkaly baglanyşýar: "Günlerde bir gün molla Nasreddin aýagyndaky köwşüne **seretse**, sag aýagyndaky köwşi ýyrtylyp giden eken" ("Ýigrimi üç Ependi"); "Molla aýalyň öýüne **baryp görse**, ol örän owadan eken" (şol ýerde); "**Görse**, gapdalynda öz aýaly ýatanmyş" (şol ýerde); "**Açyp görseler**, dükançy gelen eken" (şol ýerde); "**Görseler**, ýol üçe aýrylýar" ("Hüýrlükga–Hemra"); "**Görseler**, daşdan bir garry görünýär" (şol ýerde).

9. Doldurgyç eýerjeň sözlemi "ýagny" baglaýjysy bilen baglanyp, baş sözlemdäki "bir zady" diýen doldurgyjyň manysyny açyp, düşündirip gelýär. Ol ýene **bir zady** bilmelidir, **ýagny** danalar" biz hakda söhbetdeşimiziň akyly boýunça baha kesip bilýärler" (Türkmen gündogary. 13.04.2002).

## *Wagt eýerjeňli goşma sözlem*

Wagt eýerjeň sözlemi ir wagtlardan bäri işlenilip gelnen hem bolsa, hakyky wagt eýerjeň sözlemine derek wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalaty öwrenilipdir. M.Geldiýewiň we G.Alparowyň kitabynda wagt eýerjeňli goşma sözleme şeýle mysallar getirilýär: "Men mekdebe baramda, ýaňyja gün dogupdy. Akylly saýgarýança, däli ogluny iki öýär. Ol gelen boýyna, men çykyp gitdim. öten gije daň atýança uklamadym. Ol baran saýyn tersleşýär"[1].

Şu mysallarda wagt eýerjeň sözleminiň habary ortak işliklerden, hal işliklerden we iş atlaryndan bolup, düşüm goşulmalaryny, şeýle hem sözsoňulary kabul edip gelýärler. Görnüşi ýaly, bularyň wagt eýerjeň sözlemi diýip öwrenýänleri iş ýüzünde wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatlarydyr. Çünki olar ortak işlik, hal işlik we iş at öwrümleri bolup, bularda grammatiki eýe-de, grammatiki habar-da ýokdur. Olaryň ýok ýerinde bolsa, sözlem ýokdur.

---

[1] **Geldiýew M., Alparow G.** Türkmen dilinin grammatikasy. Sarf we nahuw. – Aşgabat: Türkmendöwletneşir, 1929. 233–234 s.



Wagt eýerjeň sözlemlerine derek wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatynyň öwrenilmegi ondan soňky döwürde çykan mekdep grammatikalarynda, ýokary okuw jaýlary üçin ýazylan "Häzirki zaman türkmen dili. Sintaksis" (1962) kitabynda hem dowam etdirilýär.

Häzirki zaman türkmen dilinde hakyky wagt eýerjeň sözlemleri hem bar. Ýöne olaryň birnäçesi häzire çenli doly öwrenilmedik bolsa, başga bir topary düzmeli goşma sözlemleriň içinde berlipdir. Wagt eýerjeň sözlemine derek wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalatlaryň şu güne çenli öwrenilip gelinmegi bolsa eýerjeňli goşma sözlem meselesiniň türki dillerde, şeýle hem türkmen dilinde çözülmänligi bilen baglanyşyklydyr.

Wagt eýerjeň sözlemdäki hereket bilen baş sözlemdäki hereket wagt taýdan baglanyşykly ýüze çykýar. Eýerjeň sözlem baş sözlemdäki wagt aňladýan sözüň manysyny açyp görkezýär ýa-da baş sözlemdäki hereketiň haýsy wagtda ýüze çykýanlygyny bildirýär. Ol baş sözlem bilen aşakdaky ýaly baglanyşýar:

1. Wagt eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "haçan, haçan-da" baglaýjylary arkaly baglanyşýar. Eýerjeň sözlemiň habary işligiň şert şekiliniň "-sa, -se" goşulmasyny kabul edip, şahs görkezýän goşulmalar bilen üýtgäp gelýär. Many taýdan baş sözlemdäki hereketiň eýerjeň sözlemdäki hereket bilen bir döwürde bolup geçýänligi aňlanylýar: "Haçan-da ogly atasyndan ozduryp, iş-zähmet, at-abraý, rysgal-döwlet babatda atasynyň ýeten derejesinden ençe menzil öňe geçse, ene-ata bagtyýar bolar!" (Saparmyrat Türkmenbaşy Ruhnama); "**Haçan-da** şol goýunlaryň gaýadan özüni zyňmagy gözümiň öňünden aýrylsa, men gowy bolaryn"; "**Haçan-da** gazet döwür bilen deň gadam urup, il-günň agysyny aglap, şatlanan gününde begenjini deň paýlaşsa, şol gazet adamlara ýakyn bolýar" (Türkmen gündogary. 12.02.1992); "**Haçan-da** biz şu borjumyzy doly berjaý etsek, onda türkmen halkynyň arkama–arka gelýän gyzyla gaplaýmaly asylly häsiýetleri nesillerimiziň kalbynda berk orun alar" (Türkmen dili. 27.06.2001).

Eýerjeň sözlem baş sözlem bilen "haçan-da" hem "welin" baglaýjylaryň ikisiniň bir wagtda gatnaşmagy arkaly hem baglanyşýar:

"**Haçan-da** men medisina ensiklopediýasyny okaýan **welin,** özümde kesel köpeliberýär" (Edebiýat we sungat. 12.02.1999); "**Haçan-da** gar ýagýar **welin**, ol güýzlük bugdaýlaň üstüni örtýär" (Telewideniýeden. 30.11.1995).

Eýerjeň sözlemiň işlik zamanlaryndan bolan habaryndan soň "hem" güýçlendiriji kömekçisi hem getirilip ulanylýar. Ýöne "hem" kömekçisi öz durkuny saklaman, köplenç, öňündäki söze goşulyp aýdylýar. Many taýdan eýerjeň sözlemdäki hereket ýüze çykan badyna, örän tizlik bilen baş sözlemdäki hereketiň hem amala aşýanlygy düşünilýär: "**Haçan-da** äri **işe giderem** (gider **hem**) **welin**, mes gelin öýüň ähli keşigini gaýnynyň üstüne ýükläpdir" (Mugallymlar gazeti. 31.08.1998).

2. Wagt eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "haçan – şonda, haçan – şol gün" ýaly taýly görnüşde ulanylýan baglaýjy sözler arkaly baglanyşýarlar. Şunda "haçan" diýen sorag çalyşmasy – eýerjeň sözlemde, "şonda, şol gün" diýen wagt görkezýän sözler baş sözlemde ulanylýar. Şularyň manysyny açyp görkezmek üçin eýerjeň sözlem hyzmat edýär. Many taýdan eýerjeň hem baş sözlemdäki hereketler bir wagtda bolup geçýärler: "**Haçan** duşmanlary ýeňsek, **şonda** uruş gutarar" (B.Hudaýnazarow. Gumlular); "Daýza jan, **haçan** biz duşmany ýeňsek, **şol gün** uruş gutarar" (şol ýerde).

3. Eýerjeň sözlem baş sözlem bilen "-my, -mi" arkaly baglanyşýar. Sorag goşulmasy eýerjeň sözlemiň habarynyň soňuna goşulyp gelýär. Many taýdan eýerjeň sözlemdäki hereket ýüze çykan ugra, baş sözlemdäki hereketiň hem amala aşyrylýanlygy hem aňlanylýar: "Myhmanlar **geldimi**, tabaklary çekip başla. Ýat adam **gördüňmi**, derrew bize habar bergin" (Ç.Aşyrow. Yzçy).

4. Eýerjeň sözlemiň habary işligiň öten zaman şekilinden bolup, barlyk hem ýokluk galyplarynda "-my, -mi" sorag goşulmasyny kabul edip gelýär. Many taýdan eýerjeň sözlemdäki hereket ýüze çykyp-çykmanka (muny sözleýän adamyň özi hem bilmeýär), çaltlyk bilen baş sözlemdäki hereketiň hem bolup geçýänligi aňlanylýar: "Şundan soň ýarym aý **geçdimi-geçmedimi**, birden şäheriň asmany durlandy" (N.Jumaýew. Ýuwaş gelin).



5. Eýerjeň sözlem degişlilik goşulmasyny kabul eden "-dyk, -dik" şekilinden bolup, "bes" sözüniň getirilmegi bilen ulanylýar. Many taýdan eýerjeň sözlemdäki hereket ýüze çykan dessine, baş sözlemdäki hereketiň amala aşýanlygy aňlanylýar: "Haý, atly, haw!" diýip, jarçynyň sesi **çykdygy bes**, hemme aýak üstüne galyp atlanýardy" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler); "– Agşam ýerime geçip, gözümi **ýumdugym bes**, her gapdalymda äpet bir ýylan süýnýär ýatyberýär" (Edebiýat we sungat. 01.04.1994).

6. Eýerjeň sözlem baş sözlem bilen "niçikmi" baglaýjysy arkaly baglanyşýar. Wagt eýerjeň sözlemi başda gelip, onuň habary işligiň şert şekilinden bolýar. Many taýdan eýerjeň sözlemdäki hereketiň ýüze çykýan wagtynda, baş sözlemdäki hereketiň amala aşýanlygy aňlanylýar: "Emma **niçikmi** ony başga bir zenanyň gujagynda göz öňüne getirsem, däliräýjek bolýan" (A.Atajanow. Teke gyzy Tatýana); "**Niçikmi** birek-birege alagöz bolnup, arada ynam bolmasa, näme edip, näme goýanyňy bilmersiň" (Edebiýat we sungat. 31.01.1992).

"Niçikmi" baglaýjysy azrak ýagdaýda işligiň şert şekili bilen ulanylman, ýeke özi hem wagt eýerjeň sözlemini baş sözleme baglap gelýär. Munuň manysynda uly bir tapawut duýulmaýar: "**Niçikmi** Azady ýogaldy, şahyryň soranjaňlygynyň öňem ýok, soňam" (Edebiýat we sungat. 08.04.1988).

Eýerjeň sözlem baş sözlem bilen "niçikmi,...weli" baglaýjylary arkaly baglanyşýarlar. "Niçikmi" baglaýjysy adatça eýerjeň sözlemiň başynda getirilýär, "weli" baglaýjysy bolsa eýerjeň sözlemi aýyklap gelýär. Many taýdan eýerjeň sözlemdäki hereketden soň, baş sözlemdäki hereketiň hem yzysüre bolup geçýänligi aňlanylýar: "...**Niçikmi** "uruş başlandy" diýdiler **weli**, indi sakgalyňy iki-üç mertebe gatyga ýuwup, gulaja getiräýjek bolýarsyň..." (A.Gowşudow. Saýlanan eserler); "**Niçikmi** dessana girip, naýbaşy aýdymlardan tutup ugradymam **weli**, otyrýerine bir zat dürtülýän ýaly gorsanyp ugrady" (H.Diwangulyýew. Çuwal bagşy).

7. Wagt eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "tä" baglaýjysy arkaly baglanyşýar. Eýerjeň sözlemiň habary işligiň şert şekilinden

bolup gelýär. Munda eýerjeň sözlemdäki hereket ýüze çykýança, baş sözlemdäki hereketiň amala aşýanlygy aňlanylýar:

"Hiç kim bu hyzmaty bitire bilmez,
**Tä** özüm **barmasam** ýaryň ýanyna"
(*Halk aýdymy*).

"Tä" baglaýjysynyň ýeke özi hem wagt eýerjeň sözlemini baş sözleme baglap gelýär:

"**Tä** jan bardyr bu tende,
Köňlüm meniň ýar sende"
(*Magtymguly. Saýlanan eserler*).

Ol baş sözlemdäki hereketiň näçe wagta çenli dowam etjekdigini, ýagny belli bir wagt aralygyny görkezýär: "**Tä** janym bar, mundag işlerini kylmas men diýdi" (Andalyp. ýusup–Züleýha).

"Täki" /<tä+ki/ baglaýjysy hem türkmen nusgawy edebiýatynyň dilinde wagt eýerjeň sözlemini baş sözlem bilen baglamaga hyzmat edipdir:

"Magtymguly, neçün gapyl ýörer sen,
Bibaky dünýäde **täki** durar sen,
Niçe söwda bar başyňda, biler sen,
Syrat üzre intizarlar alnyňda"
(*Magtymguly. Saýlanan eserler*).

8. "Ki" baglaýjysy wagt eýerjeň sözlemini baş sözleme baglap biler. Munda "ki" baglaýjysynyň üsti bilen eýerjeň hem baş sözlemleriň arasyndaky wagt gatnaşygy aňlanylýar:

"Wagt bolar **ki**, bir ah düşer serimge,
Hyýal hüjüm eýläp, joşy ýandyrar"
(*Magtymguly. Saýlanan eserler*).



9. "Kim" baglaýjysy hem "ki" bilen ugurdaş bolup, eýerjeň sözlemi baş sözleme baglamaga hyzmat edýär: "Uç gün bolup erdi **kim**, Ýusufny agalary kudukga taşlar erdi" (Andalyp. Ýusup–Züleýha).

10. Eýerjeň sözlem baş sözlem bilen "weli // welin" baglaýjysy arkaly baglanyşýar. Şunda wagt eýerjeň sözlemi baş sözlemden öňde gelip, ikinji bölekdäki hereketiň wagtyny bildirýär, ýagny eýerjeň sözlemdäki hereket bilen baş sözlemdäki hereket ugurdaş bir ugra bolup geçýär, ýöne baş sözlemdäki hereket eýerjeň sözlemdäki hereketiň yzysüre ýüze çykýar: "Bu jaraňlykdan geçip, birsalym ýörärsiň **welin, belentli-pesli gum depeleri başlanar** (M.Seýidow. Kesearkaç); "Hezil edip işiň başyna geçensiň **welin**, gapy kakylýar" (Edebiýat we sungat. 18.09.1998); "Onsoň Kakabaý Baýrammyradow gelerdi **welin**, oňa tabşyrjak zatlarymy tabşyrardym" (Edebiýat we sungat. 01.04.1994).

Şu hili eýerjeň sözlemlerde güýçlendiriji hyzmatynda gelýän "hem" sözi hem ulanylýar. Ol kömekçi eýerjeň sözlemiň habarynyň yzyndan getirilýär, ýöne bu söz gysgalan görnüşinde habaryň soňuna goşulyp gelýär. Wagt eýerjeň sözlemiň habaryndan soň "hem" güýçlendiriji kömekçisiniň getirilmegi bilen eýerjeňli goşma sözlemdäki many gatnaşygy has güýçlendirilýär, ýagny eýerjeň sözlemdäki hereket ýüze çykan badyna, baş sözlemdäki hereketiň hem amala aşýanlygy aňlanylýar: "Noburyň günbataryna geçmek maksady bilen köprä dyrma**şdylaram (hem) welin**, Orazyň aty tüwdürilip gitdi"; "Ol köwşüni çykaryp, agaja müner **welinem (welin hem)**, onuň köwşüni gizläris..." ("Ýigrimi üç Ependi"); "Hezil edip, çilim çekip **durunam (durun hem) welin**, bir görsem, bölüm komandirimiz dazlap gelýär" (H.Diwangulyýew. Çuwal bagşy); "...Biri çala **pyşyrdadam (pyşyrdady hem) welin**, şol gündizki meniň salamymy çala alan komandir onuň alkymynda häzir boldy" (şol ýerde).

Türkmen dilinde "welin // weli" baglaýjysynyň hyzmaty gaty giň bolup, ol hem düzmeli goşma sözlemi hasyl edýän ýönekeý sözlemleri hem eýerjeň sözlem bilen baş sözlemi biri-birine baglamaga kömek edýär. "Welin" baglaýjysy bilen baglanyşýan eýerjeňli goşma sözlemleriň hem aňladýan manylary dürli-dürlüdir. Ol bir ýerde wagt

aňlatsa, başga bir ýerde wagt-netije gatnaşygyny bildirip gelýär. Ýöne bu ýerde many gatnaşygy "welin" baglaýjysyndan çözülmän, köpräk eýerjeň hem baş sözlemleriň özara gatnaşygyndan dürli manylar gelip çykýar: "Ol daga dyrmaşyp, bir jülgä barypdyr **welin**, perizat kysmy bir näzenin gyz öňünden çykypdyr" (Edebiýat we sungat. 12.06.1998). "Geň görmeli zat, olar şeýdip, çala ugrukdyrypdyrlar **welin**, gaýygyň özi suwy ikä bölüp, zymdyrylyp gidipdir" (şol ýerde).

11. Eýerjeň sözlemiň habary işligiň şert şekilinden bolup, baş sözlemdäki hereketiň bir wagtda, ugurdaş bolup geçýänligini aňladýar: "Çary aga Aşgabada **gelse**, göni meniň öýüme gelerdi" (Edebiýat we sungat. 12.02.1999).

12. "Häli" baglaýjysy hem azrak ýerde "tä" baglaýjysynyň hyzmatynda gelip, wagt eýerjeň sözlemini baş sözleme baglaýar. Many taýdan baş sözlemdäki hereketiň eýerjeň sözlemdäki hereket dowam edýän pursatynda bolup geçýänligini aňladýar: "Imanyňy gazan, **häli** wagt bar", "**Hala (häli)** wagt bar, sydkyň birle gurgul söhbet" (Hoja Ahmet Ýasawy).

"Häli" baglaýjysy bilen baglanyşýan wagt eýerjeň sözleminiň habary işligiň şert şekilinde gelýär: "**Häli** bir almany göge **zyňsaň**, ol ýere gaçýança, nämeleriň boljakdygy belli däl" (Türkmen gündogary. 18.04.1995).

13. Wagt eýerjeň sözleminiň habary "mähetdel" sözüniň getirilmegi bilen emele gelip, eýerjeň sözlemdäki hereket ýüze çykaryna mähetdel, baş sözlemdäki hereketiň hem amala aşýanlygy düşünilýär: "Horaşaja öýüň gapysy jygyldap açylaryna **mähetdel**, oba şurasynyň orunbasary Mätkerimiň şaňňy sesi eşidildi" (Edebiýat we sungat. 29.01.1999).

## *Hal eýerjeňli goşma sözlem*

**Hal eýerjeň sözlemi dogrusynda ir wagtlardan bäri gürrüň edilip gelinýän hem bolsa, şu mesele soňky wagtlara çenli doly çözülmedi. M.Geldiýewiň we G.Alparowyň okuw kitabynda hal eýerjeň sözlemi "rewiş sözlemi" diýlip atlandyrylypdyr. Onda aşakdaky ýaly sözlemler**



hal eýerjeňli goşma sözlem hökmünde öwrenilýär: "Onda baryp bir zat edip bolmaz. Düýnki ýygnaga baryp, aýtmaly zatlary aýdyp gaýtdym. Düýn Sapar meniň nirä gidenimi bilmän, uzynly gün gözläp ýörüpdir"[1].

Şu mysallarda hal işlik öwrümleri logiki esasda hal eýerjeň sözlemleri hasaplanylýar. Emma iş ýüzünde bular asla eýerjeň sözlem däldir. Çünki şu hili öwrümlerde ne grammatiki habar bar, ne-de grammatiki eýe. Bular diňe manysy eýerjeň sözlemlere ýakynlaşýan ýaýbaňlandyrylan agzalardyr. Olardan sözlemiň baş agzalaryny tapmak mümkin däl. Şonuň üçin hem şu hili öwrümleri eýerjeň sözlem hasaplamak bolmaz. Bu aýdanlarymyzy mysallar bilen düşündireliň. Birinji mysalda "onda baryp" diýen hal işlik öwrümi hal eýerjeň sözlemi diýlip alnypdyr. Eýsem "onda baryp" diýen hal işlik öwrümi eýerjeň sözlem bolup bilermi? Elbetde, bolup bilmez. Sebäbi onda habarly gatnaşyk grammatiki taýdan doly ýüze çykmaýar. Ony sözlemiň içinden çykaryp alsak, hal işlik öwrümi sözlem görnüşinde ýaşap bilmeýär. Ikinji mysaldaky "düýnki ýygnaga baryp" diýen hal işlik öwrüminiň hem eýesi-de ýok, habary-da. Eýe bilen habaryň ýok ýerinde sözlem hem ýokdur. Şu ýagdaý bu hili öwrümleriň hal eýerjeň sözlemi bolup bilmeýänligini subut edýär.

Soňky ýyllarda çykan mekdep grammatikalarynyň hemmesinde hal işlik öwrümlerine eýerjeň sözlemler hökmünde seredipdirler: "Men **işimi gutaryp**, ol **ýerde oturan ýoldaşlarymyň ýanyna baryp**, olar bilen top oýnamaga gitjek. Ejem işden gelip, çaý içip, çörek iýip, kluba doklad diňlemäge gitdi. Men, kitaplarymy öýde goýup, kluba kino görmäge gitdim"[2].

Şu mysalda sözlemiň eýesi "Men" bolup, habary "gitjek" diýen sözdür. "Men gitjek", hakykatdan hem, sözlem bolýar. Sözlemiň grammatiki eýesi we habary görnüp dur. Ony özbaşyna ulanmak hem mümkin. Emma "işimi gutaryp", "ol ýerde oturan ýoldaşlarymyň ýanyna

---

[1] **Geldiýew M., Alparow G.** Türkmen dilinin grammatikasy. Sarf we nahuw. – Aşgabat: Türkmendöwletneşir. 1929. 234 s.
[2] **Azymow P., Baýlyýew H., Çaryýew M.** Türkmen diliniň grammatikasy. II bölüm. Sintaksis. – Aşgabat: Türkmenistan. 1976. 141s.

baryp" diýen hal işlik öwrümleri eýerjeň sözlem bolup bilmeýärler. Çünki bular sözlemiň ýaýbaňlandyrylan agzalary bolup, sozlem görnüşinde özbaşdak ulanylmaga ukyply däldirler.

Şeýle ýagdaýy "Häzirki zaman türkmen dili. Sintaksis" (1962) diýen işde hem görýäris. Bu ýokary mekdepler üçin ýazylan okuw kitaby bolmagyna garamazdan, hal eýerjeň sözlemi meselesinde köne ýörelgeden çykyp bilmeýär: "Çary magazine baryp, birnäçe täze kitap getirdi. Biz işden çykyp, öýümize ýadaman geldik"[1].

Türkmen dilinde hal işlik öwrümleri bilen bir hatarda, hakyky hal eýerjeň sözlemleriniň hem barlygyny aýtmak gerek. Ýöne bu mesele häzire çenli ýeterlik öwrenilmändir. Hakyky hal eýerjeň sözlemlerine derek hal işlik öwrümleri alnypdyr. Maksat şu ikisiniň arasyny açmakdan, olaryň her haýsyny öz ýerinde derňemekden ybaratdyr.

Hal eýerjeň sözlemi baş sözlemdäki "şeýle // şeýle bir" diýen duýduryjy sözleriň manysyny açyp görkezýär we baş sözlemdäki hereketiň nä halda, nä ýagdaýda ýüze çykýanlygyny bildirýär. Ol baş sözlem bilen aşakdaky ýaly baglanyşýar.

1. Hal eýerjeň sözlemi baş sözlemden soň gelip, onuň bilen "weli // welin" baglaýjysy arkaly baglanyşýar. Ol baş sözlemde gelen "şeýle // şeýle bir" diýen duýduryjy sözleriň manysyny açyp görkezmek üçin hyzmat edýär: "Sowet ýyllarynda gorkudyr zorluk bilen kellä dykylanyp salnan bu düşünje **şeýle bir** ornaşypdy **weli**, millet onuň üstünde çynlakaý pikir ýöredip görmekligi hem unudypdy" (Edebiýat we sungat. 06.11.1998); "Ol bu işlere **şeýle bir** ökdeläpdir **welin**, sorag etmelerden, adamlaryň jebir-sütemden ýaňa jöwlan urmaklaryndan ummasyz lezzet alýan eken" (Edebiýat we sungat. 27.11.1998); "Aýagym **şeýle bir** agyrdy **welin**, heý, çydar ýaly bolmady..." ("Ýigrimi üç Ependi").

Käbir ýerde "weli // welin" baglaýjysynyň getirilmezligi hem mümkin: "Säheriň howasy **şeýle** ujypsyzdy, öwüsýäni gaty bir

---

[1] Häzirki zaman türkmen dili. Sintaksis. – Aşgabat, 1962. 275 s.



duýdurmaýardy" (M.Seýidow. Kesearkaç); "Olar **şeýle bir** iridi, her gaçan damja palç edip düşýärdi" (şol ýerde).

2. "Welin" baglaýjysy arkaly baglanyşýan hal eýerjeň sözlemi "ýaly" sözsoňusy bilen ulanylyp, baş sözlemdäki hereketiň nä halda ýüze çykýandygyny meňzetme ýokundysy bilen aňladýar: "Tarhan barmaklaryny tüýdüginiň deşiginde gybyrdadyp, **şeýle bir** çalýardy **welin**, hol ýokaryk galyp, ganatlaryny gybyrdadyp saýraýan irginsiz jibirdeýän torgaý **ýalydy**" (M.Seýidow. Kesearkaç); "At **şeýle bir** çapýardy **welin,** göýä ýer onuň daşyndan pyrlanýan ýalydy" (şol ýerde); "Ol **şeýle bir** owunjak **welin**, aýdyp diýer ýaly däl" (Edebiýat we sungat. 22.05.1998).

Şu hili mysallarda "weli // welin" baglaýjysynyň getirilmän, "göýä, edil, ýaly" sözleriniň kömegi bilen baglanyşýan halatlary hem bar: "Bireýýäm jan beren Sadabyň penjeleri syrygy **şeýle bir** berk tutýardy, göýä onuň barmaklary syryk bilen bile biten **ýalydy**" (M.Seýidow. Kesearkaç); "Günüň şöhlesine çekgesindäki ak gyllar **şeýle bir** ýaldyraýardylar, edil kümüş külkesi **ýalydy**" (şol ýerde); "Adamlaryň duýgusy **şeýle bir** kadda ýetipdi, birden parkyldap ýarylaýjak **ýalydy**" (şol ýerde).

Şu mysallarda baş sözlem bilen eýerjeň sözlemiň arasynda "weli // welin" baglaýjysy gelmeýär. Emma onuň öwezini "göýä, edil, ýaly" sözleri doldurýarlar. Ikinji sözlemden meňzetme aňlanylýanlygy üçin, bu sözler meňzetmäni ýüze çykarmagyň esasy serişdeleridir. Hatda käbir sözlemlerde meňzetmäni ýüze çykarmak üçin bir wagtyň özünde iki hili serişde: "göýä, edil", şeýle hem "ýaly" kömekçisi ulanylýarlar. Bular meňzetme düşünjesiniň has berk aňladylmagyna kömek edýärler.

Ýokarky mysallarda "ýaly" sözi sözlemi soňlap gelýän bolsa, käbir mysallarda onuň "bolmak" we "etmek" işlikleri bilen ulanylýan pursatlary hem bar: "Ol öz kellesiniň tutan ugruna **şeýle bir** eňdi **welin**, hut böwet **giden ýaly boldy**" (Edebiýat we sungat. 13.03.1998); "Ol öz ýurduny **şeýle bir** öwdi **welin**, ýaşap hem işlemäge höwes bilen **gider ýaly edip goýdy**" (Edebiýat we sungat. 01.04.1994).

Meňzetme manyly hal eýerjeňli goşma sözlemlerde "welin" baglaýjysy we "ýaly" meňzetme aňladýan sözsoňy bilen bir hatarda. "hamala diýersiň. göýä diýersiň" ýaly mahabatlandyrmagy görkezýän baglaýjy serişdeler hem ulanylýar: "Ol muny şeýle bir parahat, arkaýyn aýtdy **welin, hamala diýersiň** gürrüň ony birnäçe ýyl ozal ýüreginiň astynda gögerip, onuň ilkinji ädimlerine, ilkinji sözlerine guwanan mähriban adam hakda däl-de, haýsydyr bir düýpgöter keseki aýal hakda barýan **ýalydy**" (Watan. 17.02.1994): "Men öz kalbymda birhili şatlyk we joşgun duýýardym, bilbilleriň owazyny eşidýärdim we **şeýle bir** heýjana we tebigatyň hemme zadyna şärik ýaly, perişdeler maňa aralaşan ýaly we men-de perişdelere birleşen **ýalydym**" (Edebiýat we sungat. 29.03.1996).

3. Hal eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "welin" baglaýjysy arkaly baglanyşyp, ondaky hereketiň nähili ýagdaýda ýüze çykýandygyny netije ýokundysy bilen aňladýar: "Ol **şeýle bir** arassa ýalady **welin**, soňundan çanaga suw çaýkap, ýuwup oturmagyň geregi ýokdy" (M.Seýidow. Kesearkaç): "Ana, onsoň toý dabarasynda maňa **şeýle bir** sowgat gowşurdylar **welin**, adamlar agyzlaryny açyp, aňalyşyp otyrlar" (Edebiýat we sungat. 06.11.1998).

A.Annanurow "welin" baglaýjysy arkaly baglanyşýan "Bu ýerde ony gaharyna we gynanjyna maýmyn daşyň ýüzüne **şeýle bir** aýlap urdy **welin**, diňe külkeleri uçganaklap gitdi"[1] kysymly sözlemleri rus dilindäki hal eýerjeňli goşma sözlemlere gabat gelýän hem bolsa, olary türkmen dilinde düzmeli goşma sözlemler hökmünde derňeýär.

Ýokarky mysalda goşma sözlemiň ikinji bölegi birinjiniň belli bir agzasynyň ("şeýle bir") manysyny açyp görkezýär. Şonuň üçin ikinji bölegiň aýyklaýjylyk manysy bardyr. Şol sebäpli bu hili goşma sözlemlerde "welin" baglaýjysy eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen baglamaga hyzmat edýär.

---

[1] **Annanurow A.** Вопросы синтаксиса в плане перевода с русского на туркменский язык. – Ашхабад: Туркменгосиздат. 1956. С. 132.



4. Hal eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "ýagny" baglaýjysy arkaly baglanyşýar. Baş sözlemde "**şeýle bir**" diýen duýduryjy hal sözi ulanylýar, onuň manysy bolsa yzyndan gelýän eýerjeň sözlemde açylyp görkezilýär: "Häzirki talyplar okuwyny tamamlaýança, hususy ýeçilik **şeýle bir** öser, **ýagny** daýhan birleşikleri öz-özünden ýok bolup gider diýip, ýurduň baştutany düşündirdi" (Türkmen gündogary. 12.09.1998).

5. Hal eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "hatda" baglaýjysy arkaly baglanyşýar. Bu baglaýjy aslynda güýçlendiriji söz bolup, soň baglaýjy söze öwrülipdir. Onuň baglaýjy söze öwrülmegine iki sözlemiň sepgidinde gelýänligi sebäp bolupdyr. Ýöne bu baglaýjy şol bir wagtyň özünde güýçlendiriji manysyny hem saklap gelýär: "– Siziň erbet garalanan söweşiňizde meniň **şeýle bir** gaharym geldi, **hatda** kellämi togalap goýberenlerinden soňam, duşmanlary gyr-ýap etmegimi dowam etdim – diýipdir" ("Ýigrimi üç Ependi"): "Men siziň öňüňizde şeýle bisyrat, betnyşan ekenim, **hatda** meni göreniňizden ölüp gideniňizi gowy görýän ekeniňiz": "Olar **şeýle** nadan, hatda salan teşeleri öz aýaklaryndan düşüp dur welin, şonam bilmeýäler".

A.Annanurow "hatda" baglaýjysy arkaly baglanyşýan "çeşme Günüň astynda şeýle ýalpyldaýar we lowurdaýar, **hatda** gözleriň gamaşýar"[1] diýen mysaly düzmeli goşma sözlem hasaplaýar. "Hatda" baglaýjysyna esaslanyp, muny düzmeli goşma sözlem hasaplamak dogry däldir. Çünki bu hili goşma sözlemleriň bir bölegi beýlekisini aýyklap gelýär. Şonuň üçin bulary hal eýerjeňli goşma sözlemler hökmünde derňemek dogry bolar.

Şu hili goşma sözlemlerde "welin" baglaýjysy hem gatnaşyp biler: "Matematika ylma **şeýle bir** çuňňur aralaşdy **welin, hatda** ylmyň geljekki ösüşini matematikasyz göz öňüne getirmek asla mümkin däldir" (Mugallymlar gazeti. 22.03.1999): "– Ankaranyň etegindäki söweş **şeýle bir** gazaply boldy **welin**, **hatda** atylýan peýkam oklar,

---

[1] **Аннанурое А.** Вопросы синтаксиса в плане перевода с русского на туркменский язык. – Ашхабад: Туркменгосиздат. 1956. С. 132.

bulut ýaly, Günüň öňüni tutup, ýeriň ýüzi garaňkyrady" ("Ýigrimi üç Ependi").

6. Hal eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "haýsyki" baglaýjysy arkaly baglanyşyp, baş sözlemdäki "şeýle" diýen duýduryjy sözüň manysyny açyp görkezýär: "Işi **şeýle** guramaly, **haýsyki** serhetden aňyrda ol adamlara durarlyk galmasyn" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak).

7. Hal eýerjeň sözlemi türkmen nusgawy edebiýatynyň dilinde "ki" arkaly baş sözlem bilen baglanyşýar: "Zöhre bir gije-gündizde özüne gelip, **şeýle** güýçli aglady **ki**, onuň sesinden yns we jyns lerzana gelipdir" (Mollanepes. Zöhre–Tahyr).

8. XVIII–XIX asyr türkmen nusgawy edebiýatynyň dilinde "kim" baglaýjysy arkaly hem hal eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen baglanyşýar. Munda baş sözlemde "andag" sözi getirilýär, onuň hakyky manysy bolsa eýerjeň sözlemde açylyp görkezilýär: "Döwsepit leşger birlen **andag** gyrdy **kim**, hasabyny Alla bilsun" (Şabende. Şabähram); "Rawylar **andag** rowaýat kylarlar **kim**, Diýarbekir atly bir şäher bar erdi..."("Şasenem–Garyp").

Görnüşi ýaly, türkmen dilinde hal işlik öwrümleri bilen bir hatarda, hal eýerjeň sözlemleriniň hem ulanylýanlygy äşgärdir. Şonuň üçin bularyň birini beýlekisiniň ýerine çalşyryp ulanman, olaryň her haýsyny öz ýerinde peýdalanmak gerek.

## *Netije eýerjeňli goşma sözlem*

Netije eýerjeňli goşma sözlem diňe bir türkmen dilinde däl, eýsem beýleki türki dillerde hem jedellidir.

Netije eýerjeňli goşma sözlem bilen düzmeli goşma sözlemiň arasyny açmak kyn meseledir. Şonuň üçin hem birnäçe işlerde bu ikisiniň arasy açylyp görkezilmeýär. Mysal üçin; "Ýagyş ýagdy, ýer batga boldy. Gün çykdy, jahan ýagtyldy. Gyş düşdi, howa sowady. Howa maýlady, otlar gögermäge başlady. Ýagyş ýagyp, ýer batga boldy. Bulut geldi-de, ýagyş ýagdy. Jaň kakyldy-da, okuw başlandy.



Ýaz çykdy-da, howa maýlady. Otlar gögerdi-de, mal doýdy"[1] kimin sözlemler netije eýerjeňli goşma sözlem hasap edilýär.

Şu getirilen mysallardan "ýagyş ýagyp, ýer batga boldy" – hal işlik öwrümli ýönekeý sözlem, galanlary bolsa düzmeli hem baglaýjysyz goşma sözlemlerdir. Dogrudan hem, bulardan sebäp-netije gatnaşygy aňlanylýar. Emma ol many gatnaşygy tebigy hadysalaryň içki baglanyşygyny aňladýanlygy üçin, olar düzmeli hem baglaýjysyz goşma sözlemlere mahsusdyr.

Şol kitapda "Depesine gürzi bilen bir goýýar **welin**, onuň beýnisi çogup çykýar"[2] diýen mysalyň netije eýerjeňli goşma sözleme degişli alynmagy dogrudyr. Ýöne munda "Eýerjeň sözlem baş sözlemden öň gelip, onuň ýüze çykmagynyň netijesini görkezýär"[3] diýilmegi ýerine düşmändir. Çünki munda baş sözlem öňde gelip, eýerjeň sözlem yzda ulanylýar. Umuman, baş sözlemden soň gelmeklik netije eýerjeň sözleminiň häsiýetli aýratynlygydyr.

Netije eýerjeňli goşma sözlemi sebäp eýerjeňli goşma sözlemden tapawutlandyrmak hem ýeňil däl. Çünki sebäp eýerjeňli goşma sözlemlerde hem birinji sözlem netijäni aňlatsa, ikinji sözlem onuň sebäbini bildirýär. Şunlukda, netije-sebäp gatnaşygy emele gelýär. Şuňa esaslanyp, käbir işlerde[4] netije eýerjeňli goşma sözlemi özbaşdak öwrenmän, ony sebäp eýerjeňli goşma sözlemlere goşup goýberýärler. Bulary bir zat hasaplamak dogry bolmasa gerek. Çünki sebäp eýerjeň sözlemi baş sözlemdäki hereketiň sebäbini bildirse, netije eýerjeň sözlemi baş sözlemdäki hereketiň netijesini görkezip gelýär.

Netije eýerjeňli goşma sözlemleri hasyl edýän ýönekeý sözlemleriň özbaşdak derejesi beýleki eýerjeňli goşma sözlemlere garanda has güýçlüdir. Şu babatda ol düzmeli goşma sözlemleri ýada salýar. Munuň özi şu hili eýerjeňli goşma sözlemleriň aslyýetinde düzmeli goşma sözlemlerden gelip çykanlygy bilen düşündirilýär.

---

[1] Häzirki zaman türkmen dili. Sintaksis. – Aşgabat, 1962. 273 s.
[2] Şol ýerde. 274 s.
[3] Häzirki zaman türkmen dili. Sintaksis. – Aşgabat. 1962. 274 s.
[4] **Zäkiýew M.Z.** Häzerge tatar ädäbi tele (sintaksis) – Ķazan, 1966. 223 s.

Netije eýerjeň sözlemi baş sözlemden soň gelip, onuň bilen aşakdaky serişdeler arkaly baglanyşýar.

1. Netije eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "oňa görä, onuň üçin" diýen baglaýjy sözleri arkaly baglanyşýar. Netije eýerjeň sözlemi baş sözlemdäki hereketiň esasynda şeýle netijä gelmeýänligini aňladýar. şu hili eýerjeňli goşma sözlemleriň birinji bölegi – sebäbi, ikinji bölegi hem netijäni aňladýar: "Sen nikany zor edip gyýypsyň, **oňa görä** biz nikany çözýäs": "– Däde, ýöne şeýle soraýypdyryn-da, **onuň üçin** gaharlanmaň ahyry – diýdi": "Her kim öz edim-gylymy bilen özüni tanydar, **onuň üçin** urşup-ýakalaşmak nämä gerek bolupdyr, hökman oňşukly bolmak gerek" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

2. Netije eýerjeňli sözlemi baş sözlem bilen "welin // weli" baglaýjysy arkaly baglanyşýar. Munda netije eýerjeň sözlemi baş sözlemdäki hereketiň netijesi hökmünde ýüze çykýar. Bularyň habarlary, köplenç, mälim öten zaman, nämälim geljek zaman işliklerinden bolup, birmeňzeş şekilde ulanylýarlar: "Walla lap edip onuň sakgalyndan ebşitläp tutup bir dartdy **welin**, bendäniň alkymy baryp, ýere degdi, gözünden boýur-boýur ýaş akdy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler): "Olar balygyň toruna düşüp, ölümiň bäri eteginden gaýdan sypjyk ýigidi başaşak tutdular **welin**, onuň agzyndan-burnundan joralanyp, suw akdy" (N.Pomma. Düýe ýuwudan bokurdak): "Ynha, ejeň bir unaş edip berer **weli**, kellagyryň, saglyk bolsa, edil el bilen aýrylan ýaly göçer ötägider" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak).

3. Netije eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "diýmek" arkaly baglanyşýar. Şundan birinji sözlemden netije çykarylýar: "Sazlaryň ýaňlanýar, **diýmek**, diri sen" (Radiodan, 09.01.1999): "Biziň gündelik durmuşymyzda ulanyp ýören birtopar sözlerimiziň taryhy döräň wagtyndan aňyrda başlanýar, **diýmek**, olar häzirki eýýamymyza müňýyllyklary geçip gelipdir" (Edebiýat we sungat, 09.01.1999).

4. Netije eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "ol sebäpden" diýen baglaýjy sözler arkaly baglanyşýar:



"Gara saçyň garly dagyň şamary,
**Ol sebäpden** boldum ýşkyň bimary"

(*Halk aýdymy*).

## *Orun eýerjeňli goşma sözlem*

Orun eýerjeňli goşma sözlemi baş sözlemdäki orun gatnaşygyny bildirýän sözleri anyklamak üçin hyzmat edýär: "**Nirede** porsap, suw sadyr atan bolsa, **şol ýerde** mesgen tutmaýarlar" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama). Şunda eýerjeň sözlem baş sözlemdäki "şol ýerde" diýen orun gatnaşygyny görkezýän sözüň hakyky manysyny açyp görkezýär.

Orun eýerjeňli sözlemi baş sözlem bilen baglaýjylar we goşulmalar arkaly baglanyşýar. Baglaýjylar bilen baglanyşanda, "nirä – şol ýere // şol tarapa, nirede – şol ýerde, nireden – şol ýerden, hanjadan – şondan" ýaly baglaýjy sözler ýöneliş, wagt-orun, çykyş düşümlere getirilýärler. Şulardan "nirä, nirede, nireden, hanjak" ýaly sorag çalyşmalary – eýerjeň sözlemde, "şol ýere, şol ýerde, şoňa" ýaly, olara jogap bolup gelýän görkezme çalyşmalary bolsa baş sözlemde ulanylýarlar.

Eýerjeň sözleminiň habaryň şert işlik şekilinde gelmegi sözlemiň goşulmalar arkaly baglanyşýanlygyna şaýatlyk edýär. Onuň eýerjeň sözleminiň habary işligiň şert şekilinde gelýän hem bolsa, onuň manysyndan şert oňly aňlanylmaýar. Çünki bu hili sözlemlerde many gatnaşygyny işligiň şert şekili ýüze çykarman, degişli baglaýjy aňladýarlar:

"nirede – şol ýerde" baglaýjy sözleri arkaly: "**Nirede** köp geplenýän bolsa, **şol ýerde** dawa-da köpdür" (Türkmen nakyllary):

"nirä – şoňa" baglaýjy sözleri arkaly: "Çöp dik-de, akyl et, köp **nirä** gyşarsa, şoňa git" (Nakyllar we atalar sözi):

"nirä – şol tarapa" baglaýjy sözleri arkaly: "Depä çyk-da, seret, köpüň ugry **hanjak** bolsa, sen hem **şoňa**" (Nakyllar we atalar sözi).

## *Sebäp eýerjeňli goşma sözlem*

Sebäp eýerjeň sözlemi baş sözlemdäki hereketiň sebäbini bildirýär: "Atyň aşygy bolan halkymyz bedew aty ýetişdirmegi, gapyňda saklamagy döwlet bilipdir, **çünki** türkmen ençeme eýýamlarda ençeme döwletleri atyň arkasyndan gurapdyr" (Garagum. 2002. №1). Şunda baş sözlem "Atyň aşygy bolan halkymyz bedew aty ýetişdirmegi, gapyňda saklamagy döwlet bilipdir" diýen sözlem bolup, "Çünki türkmen ençeme eýýamlarda ençeme döwletleri atyň arkasyndan gurapdyr" bolsa eýerjeň sözlemdir. Eýerjeň sözlem baş sözlemdäki pikiri esaslandyryp, şonuň sebäbini görkezip gelýär.

Sebäp eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen aşakdaky serişdeler arkaly baglanyşýar.

1. Sebäp eýerjeň sözlemi baş sözlemden soň gelip, "sebäbi, çünki" baglaýjylarynyň kömegi bilen baglanyşýar:

"sebäbi" baglaýjysynyň kömegi bilen: "Başlangyç mekdepde okuwyny gowy okasa, ony geljekde-de okadypdyr, **sebäbi** türkmen abraýyny mydama baýlygyndan ileri görüpdir" (Garagum. 2002. №1).

"çunki" baglaýjysynyň kömegi bilen: "Emma bu sapar diňe dört sany baý ýaşulyny çagyrdy, **çünki** bu üýşmeleňde çözülmeli mesele öňki ýygnanyşykdakydan has ýeňildi".

2. Sebäp eýerjeňli sözlemi baş sözlem bilen "sebäbi diýseň // sebäp diýseň, sebäp näme diýseň // sebäbi näme diýseň, näme üçin diýseň" ýaly aslyýetinde başganyň gepi görnüşinde şekillenen baglaýjy sorag gurnamalary arkaly baglanyşýar:

"sebäbi diýseň // sebäp diýseň" arkaly: "Ol durmuşdan yza galýar, **sebäp diýseň** okanok";

"sebäp näme diýseň // sebäbi näme diýseň" arkaly: "Siz oňa begenmeli, **sebäp näme diýseň** ol näçe daşlaşsa, şonça Size zyýansyz bolýar"; "– Eý, Görogly, sen baryp, Bezirgen bilen öz güýjüňe synaşsaň synaş, emma gaýtjak wagtyňda, onuň bilen dogan okaşyp gaýtgyn, **sebäbi näme diýseň** Bezirgen gaty gowy ýigitdir..." ("Görogly");

"näme üçin diýseň" arkaly: "Seniň goýnuňy ogurlan, ähtimal, ýa ýetginjek oglan bilen ogurlandyr, ýa-da – aýaly bilen. Megerem, aýaly bilendir, **näme üçin diýseň** ýetginjek oglan ogurlyga köwüşli gelmese gerek".

Magtymgulynyň dilinde ýokarky baglaýjylaryň hyzmatynda "neçün // näme üçin diýseň" sorag çalyşmasy ulanylypdyr: "Ýagşy-ýaman sözüm köpdür, galyşmaň / **Neçün** her kim bildijegin diýr gider" (Magtymguly. Saýlanan eserler).

3. Sebäp eýerjeň sözlemi baş sözlemden öň gelip, "diýip, öýdüp" baglaýjy sözleri arkaly baş sözlem bilen baglanyşýar:

"diýip" baglaýjy sözi arkaly: "Gyş gutardi **diýip**, odunyňy baýytma, ýagy gelýär **diýip** – unuňy" (Nakyllar we atalar sözi);

"öýdüp" baglaýjy sözi arkaly: "Nepes gaçar **öýdüp** gorkdy".

4. Sözleýän adam baş sözlemdäki hereketiň ýüze çykmagynyň sebäbini açyk bilmedik wagtynda, eýerjeň sözlemiň habary "-my, -mi" sorag çalyşmasyny kabul eden işligiň öten zaman şekilinden bolup gelýär: "Han şuny **duýdumy** ýa-da özüniň-de **ýüregi** syrylyp **başladymy**, garaz, hemmeden öň onuň özi dillendi"; "Emma ondan **çekindilermi-nätdilermi**, garaz, kän bir **garşysyna** çykan bolmady"; "Onuň aýagy **döwüldimi** ýa bir ýerinden **çykdymy**, garaz haý, galyp bilmedi".

## *Maksat eýerjeňli goşma sözlem*

Maksat eýerjeň sözlemi baş sözlemdäki hereketiň näme maksat bilen edilýänligini bildirýär: "Ýaş ýigitdir, bolgusyz zatlaram ýüreginde besläp ýörmesin **diýip**, bir gün oňa gönüsini aýtdym".

Maksat eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen baglaýjylar arkaly baglanyşýar:

1. Maksat eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "diýip" baglaýjy sözi arkaly baglanyşýar. Eýerjeň sözlemiň habary işligiň buýruk, isleg, şert şekillerinde bolýar: "Öý eýeleri muny utandyrmaly **diýip** eşitmedik kişi bolupdyrlar" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak).

"Şu bir zat özümiňki bolsun **diýip** hiç haçan göwün ýüwürtmändi" (Garagum. 2001. №1).

2. Maksat eýerjeň sözleminiň habary üçünji ýöňkemede gelen işligiň buýruk şekilinde bolup, "üçin" sözsoňusy arkaly baş sözleme baglanyşýar: "Ýöne beýle ýagdaý **bolmasyn üçin**, wagtal-wagtal duşmanyň üstüne prožektor tutup, goşunyň ýöremeli ugruny görkezýärdiler"; "şol demriň üstündäki deşijekden içindäki därä ot **düşsün üçin**, ol deşige-de däri dykypdyr" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

3. Maksat eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "täki" baglaýjysy arkaly baglanyşýar. Eýerjeň sözlemiň habary işligiň buýruk şekilinden bolup gelýär: "Ylym öwrenmäge çalyş, **täki** her kim senden ylym öwrensin" (Muhammet pygamber):

"Başyndan geçenin men saňa diýrem,
**Täki** saňa sözüm ygtybar olsun"
*(Seýdaýy. Gül Senuber).*

4. **Maksat** eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "ki" arkaly baglanyşýar: "Hak tagaladan seda geldi **ki**, eý Jebraýyl, bar **ki**, dostum Muhammedi alyp gelgin" (Mugallymlar gazeti. 06.09.1999).

5. Eýerjeňli sözlem baş sözlem bilen "kim" hem "diýip" baglaýjylary arkaly baglanyşýar: "Muhammet pygamber 51 ýaşa ýetende arzuw kyldylar **kim**, magrajy görsem **diýip**" (Mugallymlar gazeti. 06.09.2000).

## *Şert eýerjeňli goşma sözlem*

Şert eýerjeň sözlemi baş sözlemdäki hereketiň ýüze çykmagynyň şertini bildirip gelýär. Ol baş sözlem bilen aşakdaky ýaly baglanyşýar:

1. Şert eýerjeň sözleminiň habary düýp işlikleriň yzyna "-sa, -se" işligiň şert şekiliniň goşulmasynyň goşulmagy arkaly baş sözlem bilen baglanyşýar: "Yhlas bilen **aglasaň**, sokur gözden ýaş çykar" (Nakyllar we atalar sözi).



2. Şert eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen baglaýjylar we goşulmalar arkaly baglanyşýar. Baglaýjy hökmünde "eger", goşulma hökmünde hem "-sa, -se" işligiň şekili hyzmat edýär: "Eger Oguz hanyň ýoly gönümellik, halallyk hem adyllyk ýoly bolsa, onda ol ýoldan ýöremegiň dyzmaçlyk, gaýduwsyzlyk hem-de mertlik diýen ýörelgeleri bardyr" (Saparmyrat Türkmenbaşy. **Ruhnama**).

3. Şert eýerjeň sözleminiň habary işligiň mälim öten zaman, azrak häzirki zaman şekillerinden, "bar, ýok" ýaly modal sözlerden bolup, "-my, -mi" sorag goşulmasyny kabul edip gelende, ýerine ýetirilen şert aňlanylýar: "Ştaba **çagyryldyňmy**, gizlin ýumuş buýrulýar" (Edebiýat we sungat. 20.07.2000).

4. Şu hili sözlemlerde stilistik hem baglaýjy serişde hökmünde "rast", "bardy-geldi" ýaly baglaýjy sözler hem ulanylyp biler: "**Rast** duşman barmy, boluber hüşgär" (Edebiýat we sungat. 17.07.1989); "**Rast köpelýärmi** ýagşylaň sany / Diýmek, azalýandyr ýagşylaň sany" (B.Hudaýnazarow. Döwrüň depesindäki adam); "**Rast dünýä indiňmi**, diýmek göreşmek üçin imipsiň" (O.Akmämmedow. Meni ýazgaryň); "**Bardy-geldi** öý goşlarynyň biri **ýetmedimi**, onsoň, Gurbanyň başyndan inip ugraýardy" (şol ýerde).

5. "Gördüň" baglaýjy sözüniň gatnaşmagy arkaly hem şert eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen baglanyşyp biler. Eýerjeň sözlemiň habary işligiň şert şekilinde ("-sa, -se") getirilýär: "**Gördüň** sypaýyçylyk **başa barmasa** / At başyn dönderip gaýtmagyň gerek" (Halk aýdymy).

6. "Gördüň" baglaýjy sözüniň ýeke özi eýerjeň sözlemi baş sözleme baglaýar: "**Gördüň** ýaryň är däldir, terk eýlemek ar däldir" (Türkmen nakyllary); "**Gördüň-ä** biwepadyr, göwün bermek jepadyr" (şol ýerde).

Şert eýerjeň sözlemi baş sözlemdäki netijäniň ýüze çykmagynyň dürli hili şertini görkezip gelýär.

1. Eýerjeň sözlemde goýulýan şertiň amala aşmagy hakykata ters gelmeýär. Şonuň üçin onuň amala aşmagy bütinleý mümkin. Bulary **hakykatda amala aşýan şert eýerjeň goşma sözlem** diýip atlandyrmak bolar.

Bu hili eýerjeň sözlemleriň habary belli bir zamana degişli bolmadyk işligiň şert şekilinden, baş sözlemiň habary, köplenç, işligiň mälim, nämälim geljek zaman şekillerinden, buýruk, isleg, hökmanlyk galyndylaryndan bolup gelýär: "Emma siz bilen **barsak**, sesini çykaryp bilmez" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Gün-günden kämilleşip, il bilen gatnaşygyňy gowulandyrar. Daşyňda gowy adam köpelse, galaly bolarsyň" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Arpa **ýykylsa** – ammaryňy, bugdaý ýykylsa, samanhanaňy taýýarla!" (Nakyllar we atalar sözi).

Ýokarky mysallarda şert eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen goşulmalar arkaly baglanyşýar. Şert eýerjeň sözleminiň başynda "eger // eger-de" baglaýjysy gelip, sözlem baglaýjylar hem goşulmalar arkaly hem baglanyşyp biler: "**Eger** ähli kürekçi bir başa bakyp, şonuň buýruşy boýunça agzybir, birsydyrgyn **kürek ursalar**, gämi çalt hem uzaklara gider" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

Şert eýerjeňli goşma sözlemlerde eýerjeň hem baş sözlemleriň ikisiniň hem eýeleriniň sözlem içinde getirilmezligi mümkin. Mysal üçin, "**Guýmasaň – goýalmaz, iýmeseň – doýulmaz**" diýen atalar sözüniň birinji böleginde eýerjeň sözlemiň eýesi umumy bolup, sözlemiň içinde gatnaşmandyr. Baş sözlemiň eýesi bolsa galdyrylyp ulanylypdyr. Goşma sözlemiň ikinji böleginde eýerjeň sözlem – eýesi umumy sözlem bolup, baş sözlem hem eýesiz sözlemdir.

Käbir nakyllarda sözlemleriň eýesi bilen habary ýa-da habaryň düzüm bölekleri ýerlerini çalşyp gelýärler: "**çekseň zähmet, ýagar rähnet**" (Nakyllar we atalar sözi). Şunda baş sözlem "Rähnet ýagar" bolmaly, emma bu ýerde "ýagar rähnet" görnüşinde eýe bilen habat ýerlerini çalşypdyrlar. Eýerjeň sözlemiň habarynyň düzüm bölekleri bolsa "Zähmet çekseň" ýerine "çekseň zähmet" şekilinde üýtgäpdir.

Şert eýerjeň sözlemi, düzgün boýunça, baş sözlemden öň gelýär. Ýöne käbir halatlarda we goşgy setirlerinde eýerjeň sözlemiň baş sözlemden soň gelýän ýagdaýlary hem bar: "Gury sözden palow bolmaz, **tüwüsi, ýagy bolmasa**" (Nakyllar we atalar sözi); "Bahyr wezir bilen eýlediň peýman / Dönmegil ähdiňden, **ger bolsa iman**" (Mollanepes. Zöhre–Tahyr).



2. Eýerjeň sözlemde goýulýan şert hakykatda amala aşmaýar. Şonuň üçin muňa **hakykatda amala aşmaýan şert eýerjeňli sözlem** diýilýär. Bu topara girýän şert eýerjeňli goşma sözlemlerde goýulýan şert aslynda bolmandyr ýa-da şonuň hakykatda amala aşyrylmagy mümkin däl.

Bu hili goşma sözlemlerde eýerjeň sözlemiň habary "-sa, -se" şert işlik şekilinden bolup, "-dy, -di" öten zaman kem işlik goşulmasyny kabul edip gelýär. Many taýdan amala aşyrylmagy mümkin bolmadyk arzuw, hyýal, ökünç aňladýar. Baş sözlemiň habary dowamly öten zaman we geljek öten zaman şekillerinden bolup gelýär. Bu adatça işligiň nämälim we mälim geljek zaman şekilleriniň yzyna "-dy, -di" kem işlik goşulmasynyň goşulmagy bilen ýasalyp, başa barmadyk hereketi "geljek öten zamana" degişli edip görkezýär: "Meşigimi göterip, bazarda **aýlanan bolsamdym**, bu suw bärsinden on bäş teňňe **pul bolardy**" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler); "Torbanyň içinde iki däne iým **tagyrdaýan bolsady**, onda hokranyp, onuň özem **gelerdi**".

Şu hili eýerjeň sözlemleriň başynda "eger" sözüniň ulanylyşyna köp duş gelinýär: "... **Eger** ony tüpeňlemän, diri **ele salan bolsaňdyň**, hemme syrlaryň **üsti açylardy**" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler); "Ine, **eger** ol dönügi diri **ele düşüren bolsadyk**, hemme hakykatlaryň üsti şol minutda açylardy" (şol ýerde).

Baş sözlemiň habary "-dy, -di" kem işlik goşulmasyny kabul eden modal sözlerden bolup biler: "**Eger** ahun **gelmedik bolsa**, olaryň igenişiginiň gykylyk-gowga bilen gutarmagy **ähtimaldy**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler).

Şert eýerjeňli goşma sözlemde "eger // eger-de...onda" ýaly baglaýjy serişdeleriniň ulanylyşynyň işeňňirleşýänligini bellemek gerek. Mälim bolşy ýaly, "eger // eger-de" sözleri eýerjeň sözlemde gelip, "onda" bolsa baş sözlemiň öň ýanyndan getirilýär. Munuň eýerjeň sözlemde goýulýan şerti jemlemek, netije çykarmak ýaly manysy bar: "– Wah, onuň näsini aýdýarsyň, **eger** biziň arçynymyz **Garly ussa bolsady**, **onda** ol biziň hemmämiziň **ýagdaýymyzy bilerdi**, bize ýalkawly gözi bilen **serederdi ahyryn...**" (A.Gowşudow. Saýlanan

eserler); "**Eger** men **ýetişmedik bolsamdy, onda** ol molla Gylyjy çeýnejekdi" (şol ýerde).

Amala aşmaýan şert eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "Käşgä" baglaýjysy arkaly baglanyşýar. Eýerjeň sözlemiň habary işligiň şert şekiliniň goşulamasyny kabul edip gelýär: "**Käşgä** men içip, soňam işe **gelmedik bolsam** ýa-da gören bilen **ýaka tutuşyp ýören bolsam**, onda gürrüň etse gatam görjek däl" (T.Jürdekow. Başlyk aga, bagyşla).

## *Gaýdym eýerjeňli goşma sözlem*

Gaýdym eýerjeňli goşma sözlemde eýerjeň sözlemden garaşylýan pikir baş sözlemde ýüze çykman, onuň tersine gaýdýar. şonuň ücin muňa **gaýdym eýerjeňli goşma sözlem** diýilýär.

Gaýdym eýerjeňli goşma sözlem baş sözlem bilen aşakdaky serişdeler arkaly baglanyşýar.

1. Eýerjeň sözlemiň habary işligiň şert şekilinden bolup, "-da/-de, hem" ownuk bölekleri bilen ulanylýar. Bular, köplenç, habardan soň we azrak goşma habaryň arasynda ýa-da ondan öň gelip bilerler:

"-da/-de" ownuk böleginiň getirilmegi arkaly: "Bu günler howa gaty **sowuk bolmasa-da**, ertirine-agşamyna çigrek bolýardy"; "Gaz **çölde-de bolsa**, gözi kölde" (Nakyllar we atalar sözi); "Garga müň **gagyldasa-da**, ýaz çykmaz, gaz bir gygyrsa – çykar" (şol ýerde);

"hem" ownuk böleginiň getirilmegi arkaly: "Eger meni her günde Jirjis kimin öldürip **direltseler hem**, Hezreti Zekeriýa aleýhyssalam dek başyma erre goýup, **para-para etseler hem**, tä Dabbetilarz turup, kyýamat magşara çenli maňa senden başga dost-duşmanyň **eli ýetmez...**" (Mollanepes. Zöhre–Tahyr).

"Hem" goşma habaryň arasynda-da gelip biler: "Aýdylýan oklar **meňzeş hem bolsa**, täsiri üýtgeşik. Atylýan oklar **meňzeş hem bolsa**, diňe käbiri nyşana degýär" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

"Hem" gysgalan görnüşinde ýüze çykanda, goşulyp ýazylýar: "Indi **ölsemem** (<ölsem+hem) armanym ýok" (Edebiýat we sungat. 22.02.2002).

2. Eýerjeň sözlemiň habary işligiň şert şekilinden bolup, "-da/-de, hem" ownuk bökleriniň getirilmegi bilen aňladylýar. Ýöne munuň ýokarkydan aýratynlygy eýerjeň sözlemde "**näçe, her neneň, nirede, kimiň**" ýaly sorag çalyşmalarynyň ulanylýanlygyndan ybaratdyr. Bu çalyşmalaryň jemleýji manysy bar:

"näçe" sorag çalyşmasynyň ulanylmagy bilen: "Atyşyk **näçe güýçli bolan hem bolsa**, ýitginiň sany juda ujypsyzdy" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak);

"her neneň" sorag çalyşmasynyň ulanylmagy bilen: "Emma **her neneň** ýagty bolsa, yz çalmak mümkin däldi" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak);

"kimiň" sorag çalyşmasynyň ulanylmagy bilen: "**Ol kimiň gözüne kyn görünse-de, ikimiziň gözümize kyn görünmeli däldir**".

3. **Eýerjeň sözlemiň habary işligiň şert şekilinden bolup, barlyk** hem ýokluk galyplarynda gaýtalanyp ulanylýar. Many taýdan eýerjeň sözlemdäki herekete parh goýmazdan, baş sözlemdäki hereketiň ýüze çykýanlygyny bildirýär: "Öz häsiýetine laýyk **gelse-gelmese**, oňa kän bir gaty-gaýrym söz diýmezekdi" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak).

4. Gaýdym eýerjeň sözleminiň habary üçünji şahs üçin ulanylýan işligiň buýruk galybyndan bolýar: "Howa **açyk bolsun – bulutly bolsun**, onuň üçin tapawudy ýok"; "**Her kimden bolsun**, garaz, seni gaçyr-da...".

5. Eýerjeň sözlemiň habary "gitse-gitsin" ýaly tirkeşdirilip ulanylýan goşma işliklerden bolup, "haýsy, kim" ýaly jemleýji manysy bolan sorag çalyşmalary gatnaşýarlar. Munda ol, **gaýdym düşünjesini aňlatmak bilen birlikde, hereketiň ýüze çykmagyna parhsyz garamak** ýaly **modal manylary hem aňladyp gelýär: "Gürrüň edebiýat işiniň** haýsy **uçastogy barada gitse-gitsin**, Gorkiý her bir adamdan doly **jogapkärçiligini, aň-düşünjeliligi talap edýärdi**" (Edebiýat we sungat. 08.11.1976); "**Kim-de bolsa-bolsun**, çagyrylmadyk ýerime barmaryn" (A.Durdyýew. Saýlanan eserler).

## *Mukdar eýerjeňli goşma sözlem*

Mukdar eýerjeň sözlemi baş sözlemdäki düşünjäniň mukdaryny bildirýär. Ol baş sözlem bilen aşakdaky ýaly baglanyşýar.

1. Mukdar eýerjeňli goşma sözlem, köplenç, "näçe – şonça-da" diýen baglaýjy sözleriň üsti bilen aňladylyp, şert işlik şekilinde gelýän eýerjeň sözlemiň habary arkaly baş sözleme baglanyşýar.

Ýöne bularda, eýerjeň sözlemiň habary bolup gelýän işligiň şert şekiliniň baglaýjylyk roly bolsa-da, many gatnaşygyny ýüze çykarmak ukyby ýokdur. Eýerjeň sözlemiň habary işligiň şert şekilinden bolmagyna garamazdan, onuň manysyndan şert aňladylmaýar. Sebäbi munda sözlemleriň arasyndaky sintaktik gatnaşyk "näçe – şonça-da" diýen mukdar gatnaşygyny bildirýän baglaýjy sözleriň üsti bilen ýüze çykarylýar. Şonuň üçin hem bu hili sözlemlere **mukdar eýerjeňli goşma sözlem** diýlip at berilýär: "Aýrybaba tarap näçe seretsek, ol bizi şonça-da howatyrlandyrýardy" (Garagum. 2001. №7).

2. Magtymgulynyň dilinde mukdar eýerjeňli goşma sözlem "ne mukdar – şol mukdar" ýaly taýly görnüşde ulanylýan baglaýjy sözleriň üsti bilen hem aňladylypdyr:

"Her kimiň **ne mukdar** bolsa yhlasy, –
**Şol mukdar** açykdyr hakyň dergahy"
(*Magtymguly. Saýlanan eserler*).

3. XIX asyr türkmen edebiýatynyň dilinde mukdar eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "ki" baglaýjysy arkaly baglanyşypdyr. Şunda mukdar gatnaşygyny ýüze çykarmak üçin baş sözlemde "ol gadar" diýen sözler ulanylýar. Olaryň manysy eýerjeň sözlemiň üsti bilen açylyp görkezilýär: "Zöhre gyza kän-kän gymmat bahaly daşlar dakyp, zibu-zinet urup, **ol gadar** araýyş berdiler **ki**, göýä behiştden, bir hüýr çykan ýaly, köşküň içinde gün dogan dek bolup, mejlisiň içine gelip oturdy" (Mollanepes. Zöhre–Tahyr).





Meňzetme eýerjeňli goşma sözlemde baş sözlemdäki hereketiň ýüze çykyşy eýerjeň sözlemdäkä meňzedilýär. Eýerjeň sözlem baş sözlem bilen aşakdaky ýaly baglanyşýar.

1. Meňzetme eýerjeňli goşma sözlem "nähili – şonuň ýaly" diýen baglaýjy sözleriň üsti bilen baglanyşýar. Şunda "nähili" diýen sorag çalyşmasy eýerjeň sözlemde ulanylyp, oňa jogap bolup gelýän "şonuň ýaly" diýen görkezme çalyşmasy bolsa baş sözlemde getirilýär. Eýerjeň sözlemiň habary işligiň şert şekilinde bolýar. Eýerjeň sözlem baş sözlemdäki meňzetme düşünjesini aňladýan sözüň ("şonuň ýaly") manysyny açyp görkezýär: "Çary bilen Gullynyň ýüz keşbi, göwresi bir-birinden **nähili** tapawutly bolsa, goýnam onuň üçin edil **şonuň ýaly**" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak); "**Nähili** düşünseň, **şonuň ýalam düşüniber**!" (G.Gurbansähedow. Toýly Mergen).

2. Meňzetme eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "Nä tetelli – şol tetelli" baglaýjylary arkaly hem baglanyşýar: "Mollasy **nä tetelli** bolsa, talybam **şol tetelli** bolar" ("Ýigrimi üç Ependi").

3. "Neneňsi – şonlugynda" baglaýjy sözleri arkaly meňzetme eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen baglanyşýar: "Onuň özi bolsa ozal **neneňsi** bolan bolsa, **şonlugynda-da** galypdy" ("Ýigrimi üç Ependi").

## *Degşirme eýerjeňli goşma sözlem*

Degşirme eýerjeňli goşma sözlemde baş sözlemdäki pikir eýerjeň sözlemden aňlanylýan pikir bilen degşirilýär.

Şu ýerde baş we eýerjeň sözlem diýen düşünjeleriň örän şertlidigini aýtmak gerek. Sebäbi bu hili eýerjeňli goşma sözlemler manysy boýunça, düzmeli goşma sözlemlerdäki ýaly, ýönekeý degşirilýär, köplenç, biri beýlekisine garşy goýulýar. Şu ýagdaý bolsa bulary düzmeli goşma sözlemler bilen ýakynlaşdyrýar we käbir işlerde düzmeli goşma sözlemleriň içinde derňelmegine sebäp bolýar.

Dogrudan hem, bularda düzmeli goşma sözlemlere häsiýetli bolan ugurdaşlyk, bölünişik–sanama, garşylyk, gaýdym–garşylyk gatnaşyklarynyň ýüze çykýanlygy äşgärdir. Mysal üçin, "**Kimse** Kemerli dagyndan sag-aman aňryk aşmagyň **aladasyny etse, kimse** onuň aňyrsynda läş bolmazlygyň arzuwyny çekýärdi" (G.Kulyýew. Ýowuz günler) diýen mysalda bölünişik–sanama gatnaşygyny görkezýän sözlemler özara degşirilýär.

Şu getirilen mysallar degşirme eýerjeňli goşma sözlemiň many taýdan düzmeli goşma sözleme ýakynlygyna şaýatlyk edýär.

Bu goşma sözlemler many taýdan düzmeli goşma sözlemler bilen meňzeş hem bolsa, grammatiki taýdan biri beýlekisine garaşlydyr. Şunda ikinji sözlem grammatiki hem many taýdan özbaşdak häsiýete eýe bolup, birinji sözlem oňa eýerip gelýär. Şu hili goşma sözlemlerde esasy pikir baş sözlemden aňlanylyp, eýerjeň sözlem degşirme maksady bilen ulanylýar. Şonuň üçin eýerjeň sözlem özbaşdak ulanylmak mümkinçiliginden bütinleý mahrumdyr. Bular, göräýmäge, düzmeli goşma sözlemlere çalymdaş bolsa hem, eýerjeň we baş sözlemleriň arasyndaky degşirme düzmeli goşma sözlemlerdäki ýaly däldir. Düzmeli goşma sözlemlerde degşirilýän ýönekeý sözlemler belli bir derejede özbaşdaklygyny saklap gelýän bolsalar, eýerjeňli goşma sözlemlerde degşirilýän taraplar, hususan-da, birinji tarap özbaşdak häsiýete eýe däldir.

Degşirme eýerjeňli goşma sözlem gelip çykyşy taýdan şert eýerjeňli goşma sözlemler bilen baglanyşyklydyr. Ýöne häzirki wagtda bularyň manysyndan şert aňlanylmaýar. Bu hili sözlemler gurluşy boýunça hem şert eýerjeňli goşma sözlemlerden tapawutlanýarlar. Bularda adatça degşirme gatnaşygyny görkezýän "bir görseň – bir görseňem, bir tarapdan – ikinji tarapdan" ýaly sözler ulanylýar: "Saz, **bir görseň** lummur-lummur suwuny alyslara äkidýän çeşmäni aňyňda **janlandyrsa, bir görseňem** ümmülmez sähralaryň üstünden aşyrymlap–köwsarlap öwüsýän bady-sabalary ýada salýar" (Garagum. 2000. №8); "Bu, bir **tarapdan**, gören-eşideniň ýatda galmagyna täsir etse, **ikinji tarapdan**, Garaşsyz, baky Bitarap ýurdumyzyň baýlyklaryny gözelligini äleme ýaýýar" (Diýar. 2002. №6).



Eýerjeň sözlem mydama baş sözlemden öň gelýär. Ol baş sözlemden soň ýa-da baş sözlemiň içinde gelip bilmeýär. Galyberse-de, eýerjeň sözlemiň habary belli bir zamana degişli bolmadyk işligiň şert şekilinde gelýän bolsa, baş sözlemiň habary diňe mälim galypda ulanylýar. Degşirme eýerjeňli goşma sözlem aşakdaky ýaly baglanyşýar:

1. Häzirki zaman türkmen dilinde degşirme eýerjeň sözleminiň habary işligiň şert şekilinde bolup, baş sözlem bilen, köplenç, goşulmalar arkaly baglanyşýar: "Gawunyň ýagşysyn şagal **iýr bolsa** / Namarda duş etdiň ýaryň ýagşysyn" (Magtymguly. Saýlanan eserler); "Gyz-gelinleň ketenisi **köz bolsa**, öýmeleri älemgoşar ýalydy" (B.Hudaýnazarow. Döwrüň depesindäki adam).

2. Azrak ýerde "eger" sözüniň we eýerjeň sözlemiň habarynyň şert şekilinde getirilmegi arkaly baş sözleme baglanyşýar: "Eger öňki ýyllarda geçirilýän maslahatlarda talyplaryň nutuklary has köpräk guraksy häsiýete **eýe bolan bolsa**, soňky ýyllarda olarda talyplaryň öz gözegçilikleriniň netijeleri, jemlemeler, täzelikler barha köp orun alýar".

### *Düşündirme eýerjeňli goşma sözlem*

Düşündirme eýerjeň sözlemi baş sözlemdäki pikiri düşündirmek, üstüni doldurmak, anyklaşdyrmak üçin ulanylýar. Ol baglaýjylar arkaly baglanyşyp, baş sözlemden soň gelýär. Şu babatda ol düzmeli goşma sözlemlere örän ýakyn duýulýar. Düzmeli goşma sözlemlerde bolşy ýaly, bu hili eýerjeňli goşma sözlemleri hasyl edýän ýönekeý sözlemler hem belli bir derejede özbaşdaklygyny saklaýarlar. Emma muňa esaslanyp, bulary düzmeli goşma sözlemleriň hatarynda öwrenmek bolmaz. Çünki bu goşma sözlemlerde ikinji sözlem birinji sözleme gönüden-göni bagly bolup, şoňa eýerip gelýär. Şonuň üçin bu hili goşma sözlemleri eýerjeňli goşma sözlemleriň içinde derňemek dogry bolar.

Düşündirme eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen aşakdaky serişdeler arkaly baglanyşýar:

1. Düşündirme eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "ýagny" baglaýjysy arkaly baglanyşýar. Onuň üsti bilen baglanyşýan sözlem baş sözleme eýerip, şony aýyklap, düşündirip gelýär: "Garaşsyzlygyň on ýyllygy üýtgeşik bellenildi, **ýagny** on günläp toý tutuldy".

2. Düşündirme eýerjeň sözlemi baş sözlem bilen "ylaýta-da, hususan-da, aýratyn-da, has takygy" ýaly baglaýjy hyzmatynda gelýän sözler arkaly baglanyşýar. Munda baş sözlemdäki umumyrak pikir eýerjeň sözlemde anyklaşdyrylýar, şonuň belli bir bölegi alynýar, has takyklanylýar we güýçlendirilýär.

Ýokarky baglaýjy sözleriň manysy bir-birine ýakynrak görünse-de, olary bütinleý bir zat hökmünde kabul etmek bolmaz. Çünki bularyň manysynda hem ulanylyşynda käbir tapawutlaryň barlygy äşgärdir. Mysal üçin, "ylaýta-da, aýratyn-da" sözleri güýçlendirmek, nygtamak ýaly many aňladýan bolsalar, "hususan-da" diýen baglaýjy söz umumy zatdan bölünip aýrylýan bölegi görkezmek üçin hyzmat edýär. "Has takygy" diýen baglaýjy söz bolsa öň ýanyndaky sözlemden aňlanylýan pikiri takyklamak gerek bolanda ulanylýar: "Ýara düşen ýeri ýokdy, emma endam-jany syzlap durdy, **ylaýta-da**, ýeňsesi sorkuldap agyrýardy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler).



## EDEBIÝAT


**Saparmyrat Türkmenbaşy**. Ruhnama. – Aşgabat, 2001.

**Azymow P., Baýlyýew H.** Türkmen diliniň grammatikasy. II bölüm. Sintaksis. – Aşgabat: Türkmenistan, 1969.

**Azymow P., Garaýew N., Sopyýew G.** Türkmen diliniň orfografiýasy we punktuasiýasy. – Aşgabat: Türkmenistan, 1983.

**Аннануров А.** Вопросы синтаксиса в плане перевода с русского на туркменский язык. – Ашхабад: Туркменгосиздат, 1956.

**Baýlyýew H.** Saýlanan işler. – Aşgabat: Ylym, 1981.

**Баскаков N.A.** Историко-типологическая характеристика структуры тюркских языков. Словосочетание и предложение. – М., Наука, 1975.

**Derýaýew H.** Grammatika. II bölüm. Nahuw. – Aşgabat, 1935.

**Дмитриев Н.К.** Основные вопросы туркменского синтаксиса. Строй тюркских языков. – М.: ИВЛ, 1962. С. 395–430.

**Geldiýew M., Alparow G.** Türkmen diliniň grammatikasy (sarf, nahuw). – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýaty, 1929.

**Hamzaýew M.** Türkmen diliniň morfologiýasynyň we sintaksisiniň meseleleri. – Aşgabat: Ylym, 1969.

**Jumaýewa P.** Öwrümmi ýa-da sözlem? – "Magtymguly sözlär tili türkmeniň". – Çärjew, 1998. 35–36 s.

**Jumaýewa P.** Hal eýerjeň sözlemi barmy? – "Magtymguly sözlär tili türkmeniň". – Çärjew, 1999. 39–40 s.

**Кононов А.N.** Грамматика современного турецкого литературного языка. – М. –Л.: Изд-во АН СССР, 1956.

**Nartyýew N.** Häzirki zaman türkmen dilinde eýe we habar eýerjeňli goşma sözlemler // TSSR YA-nyň habarlary. Jemg. ylyml. seriýasy. 1969. №6. 64–73 s.

**Nartyýew N.** Aýyrgyç eýerjeňli goşma sözlemler // TSSR YA-nyň habarlary. Jemg. ylyml. seriýasy. 1970. №1. 83–91 s.

**Nartyýew N.** Doldurgyç eýerjeňli goşma sözlemler // TSSR YA-nyň habarlary. Jemg. ylyml. seriýasy, 1971. №1. 76–84 s.

**Nartyýew N.** Häzirki zaman türkmen dilinde eýerjeňli goşma sözlemleriň görnüşleri // TSSR YA-nyň habarlary. Jemg. ylyml. seriýasy. 1971. №4. 79–86 s.

**Nartyýew N.** Şert we gaýdym eýerjeňli goşma sözlemler // TSSR YA-nyň habarlary. Jemg. ylyml. seriýasy. 1972. №2. 59–66 s.

**Nartyýew N.** Eýerjeňli goşma sözlem. Türkmen sowet dil biliminiň ösüşiniň käbir meseleleri. – Aşgabat, 1972. 82–83 s.

**Nartyýew N.** Eýerjeňli goşma sözlemleriň baglanyş tärleri we toparlara bölünişi // TSSR YA-nyň habarlary. Jemg. ylyml. seriýasy. 1973. №3. 57–63 s.

**Nartyýew N.** Eýerjeňli goşma sözlemleriň gurluşy. Türkmen diliniň we dialektologiýasynyň meseleleri. – Aşgabat, 1974. 41–47 s.

**Нартыев Н.** Сложноподчиненное предложение в тюркских языках // Советская тюркология. 1975. №5. С. 12–20.

**Nartyýew N.** Eýerjeňli goşma sözlem problemasy hakynda. – Материалы XV научнотеоретической конференции. – Чарджоу, 1975. С. 94–98.

**Nartyýew N.** Eýerjeňli goşma sözlemleri kesgitlemek dogrusynda. Türkmen diliniň we dialektologiýasynyň meseleleri. – Aşgabat, 1980. 30–40 s.

**Nartyýew N.** Häzirki zaman türkmen dilinde goşma sözlemiň gurluşy. II bölüm. Eýerjeňli goşma sözlem. – Aşgabat, 1981.

**Nartyýew N.** Öwrümleriň eýerjeň sözlemler bilen çalşyrylmak tendensiýasy dogrusynda. Türkmen diliniň we dialektologiýasynyň meseleleri. – Aşgabat, 1982. 104–111 s.

**Nartyýew N.** Eýerjeňli baglaýjylaryň gelip çykyşy dogrusynda. Türkmen dil biliminiň aktual problemalary. – Aşgabat, 1984. 91–103 s.

**Нартыев Н.** Строй сложного предложения в современном туркменском языке. –Ашхабад: Ылым, 1988.



**Nartyýew N.** Eýerjeňli goşma sözlemleri kesgitlemek meselesi dogrusynda // TSSR YA-nyň habarlary. Gum. ylyml. seriýasy. 1990. №5. 54–61 s.

**Nartyýew N.** Eýerjeňli goşma sözlem problemasy. – Aşgabat, 1993.

**Nartyýew N.** Eýerjeňli goşma sözlem. –Türkmenabat, 2000.

**Nartyýew N., Jumaýewa P.** Hal eýerjeň goşma sözlem // Magtymguly sözlär tili türkmeniň. – Çärjew, 1999. 27–28 s.

**Nartyýew N., Rozyýew S.** Sokma konstruksiýaly goşma sözlem // Magtymguly sözlär tili türkmeniň. – Çärjew, 1999. 22–24 s.

**Поцелуевский А.П.** Основы синтаксиса туркменского литературного языка. Избранные труды. – Ашхабад: Ылым, 1975. С. 167–268.

**Виноградов В.В.** Основные вопросы синтаксиса предложения (на материале русского языка) // Вопросы грамматического строя. –М. –Л.: Изд-во АН СССР, 1955.

# BAGLAÝJYSYZ GOŞMA SÖZLEM

## Umumy maglumat

Baglaýjysyz goşma sözlemleri hasyl edýän ýönekeý sözlemler düzmeli ýa eýerjeňli baglaýjy serişdeler arkaly däl-de, sözlemleriň tertibi, gurluşy, manysy, leksika-grammatiki serişdeler we baglaýjy dyngy (pauza) arkaly baglanyşýarlar. Şu hili goşma sözlemlere ***baglaýjysyz goşma sözlem*** diýilýär.

Baglaýjysyz goşma sözlemlerde düzmeli ýa eýerjeňli baglaýjy serişdeleriň gatnaşmaýanlygy üçin, bulary düzmeli we eýerjeňli goşma sözlemlere bölmäge esas ýok. Çünki goşma sözlemler düzmeli we eýerjeňli diýen toparlara bölünende, meseläniň logiki tarapyna esaslanylman, anyk grammatiki görkezijilere daýanylýar. Şeýle şekil görkezijiler bolsa düzmeli we eýerjeňli baglaýjy serişdelerdir. Olaryň ýok ýerinde, baglaýjysyz goşma sözlemleri düzmeli we eýerjeňli diýen toparlara bölmek mümkin däl. Çünki baglaýjysyz goşma sözlemleriň many tarapy has umumy we örän sypjyk bolup, dürli tarapa çekelemäge ýol goýýar. Türkmen dilinde goşma sözlemleriň heň gurluşy bolsa entek öwrenilmän gelýär. Şonuň üçin baglaýjysyz goşma sözlemleriň heňine ýa-da ondan gelip çykýan many gatnaşygyna esaslanyp, düzmeli we eýerjeňli goşma sözlemleriň arasyny açmak örän kyn düşýär, käbir halatlarda bolsa bütinleý mümkin hem däl. Häzire çenli şol bir sözlemleriň käbir işlerde düzmeli goşma sözleme, käbirinde bolsa eýerjeňli goşma sözleme goşulyp gelinmegi hem anyk grammatiki tutarygyň bolmazlygy sebäplidir. Mysal üçin, "Oglan howlugar, tudana wagtynda bişer" ýaly baglaýjysyz goşma sözlemler bir işde düzmeli goşma sözlem hökmünde derňelýän bolsa, başga bir işde eýerjeňli goşma sözlem hasaplanýar. Düzmeli goşma sözlem diýýänler ýokary sözlemi üýtgedip, "Oglan



howlugar, emma tudana wagtynda bişer" görnüşinde düzmeli goşma sözlemiň galybyna salýarlar.

Eýerjeňli goşma sözlem hasaplaýanlar bolsa "Oglan howlugsa-da, tudana wagtynda bişer" ýaly ulanyp bolýanlygyna salgylanyp, gaýdym eýerjeňli goşma sözlem diýip ykrar edýärler.

Edil şunuň ýaly, "Gyş düşdi, howa sowady" diýen sözlem bir ýerde düzmeli goşma sözlem hasaplansa, başga bir işde netije eýerjeňli goşma sözlem diýlip düşünilýär. Munuň ýaly mysallary başga-da köp getirmek mümkin. Munuň özi baglaýjysyz goşma sözlemleri düzmeli we eýerjeňli diýen toparlara bölmekligiň juda şertlidigini, onuň üçin ýeterlik grammatiki tutarygyň ýoklugyny bildirýär.

Baglaýjysyz goşma sözlemleri düzmeli we eýerjeňli goşma sözlemlere böljek bolmaklyk aslyýetinde olary baglaýjyly goşma sözlemleriň galybyna salyp öwrenmeklikden gelip çykypdyr. Dogry, baglaýjyly goşma sözlemler bilen baglaýjysyz goşma sözlemleriň arasynda many we heň taýdan belli bir umumylygyň bardygy düşnüklidir. Emma şunuň bilen birlikde baglaýjysyz goşma sözlemleriň özboluşly aýratynlyklarynyň hem barlygy äşgärdir.

Bularyň arasyndaky many ýakynlygyna esaslanyp, baglaýjyly goşma sözlemler bilen baglaýjysyz goşma sözlemleriň hyzmatlary bütinleý birdir diýen netijä gelmek bolmaz. Baglaýjyly goşma sözlemleriň many hem grammatiki gatnaşygynyň has berk hem anykdygyny, giň hem köpdürlüdigini aýtmak gerek. Munuň tersine, baglaýjysyz goşma sözlemlerde grammatiki hem many gatnaşygy birneme gowşak hem umumyrakdyr, gerimi dar hem çäklidir. Çünki baglaýjylar goşma sözlemleri hasyl edýän ýönekeý sözlemleri baglamak bilen, olaryň arasyndaky heň baglanyşygy has hem berkidýärler. Sözlemleriň özara mynasybetinden dürli anyk many gatnaşyklarynyň ýüze çykmagyna kömek edýärler. Galyberse-de, baglaýjysyz goşma sözlemleri hemme halatlarda baglaýjy goşma sözlemler bilen çalşyryp ulanmak mümkin bolmaýar: "Oňat, obanyň ýaşulularynyň hemmesi bar"; "– Wah, Abadan jan, şol aýdanyň, ol bir garry adam-da".

Şunlukda, baglaýjysyz goşma sözlemleri düzmeli hem eýerjeňli goşma sözlemlere bölmän, özbaşyna derňemek gerek. Bu pikir baglaýjysyz goşma sözlemleriň özboluşly aýratynlyklaryna üns çekýär

we olara baglaýjyly goşma sözlemleriň taýy görnüşinde seredilip gelmeginiň soňuna çykýar. Umuman, sözlemleriň many tarapyna esaslanyp, düzmeli we eýerjeňli goşma sözlemleri kesgitlemek mümkin däl. Şeýle-de, baglaýjysyz goşma sözlemleri, göwnüňe gelşine görä, dürli galyplara salyp üýtgedibermek bütinleý ýol berilmesiz ýagdaýdyr. Mysal üçin, "Agaç garrar, guş gonar" diýen baglaýjysyz goşma sözlemi käbir işlerde "Agaç **garrasa, guş gonar**" görnüşinde üýtgedip, şert eýerjeňli goşma sözlem hasaplaýarlar. Şeýle ýol bilen gitseň, onda şol bar sözlemden ähli eýerjeňli goşma sözlemi emele getirmek bolar. Çünki bularyň arasyndaky many umumylygy leksik düzüminiň birliginden gelip çykýar. Emma sözlemler derňelende, olaryň gurluşyny esas edip almak gerek we ony üýtgetmän, şol durşuna derňemek zerurdyr. Baglaýjysyz goşma sözlemleri hem haýsydyr bir baglaýjyly goşma sözlemleriň galybyna saljak bolup azara galman, olaryň hut öz tebigatyny açyp görkezmeklik maksat edilip goýulmalydyr. Şeýle edilende, baglaýjysyz sözlemleriň tebigatyna aýdyň düşünmek we olaryň aýratynlyklaryna göz ýetirmek bolar.

Baglaýjysyz goşma sözlemler, köplenç, bir wagtda ýa yzygiderli bolup geçýän hereketleri görkezmek üçin hyzmat edýärler. Şoňa görä olaryň böleklere bölünmän, tutuş bir sözlemde aňladylmagy dil üçin oňaýlydyr: "Ýaşyl mahmalyň üstüne sepilen ýaly, gülgün, gyzyl, ýaşyl, sary, ak gülleriň daşynda dürli kebelekler pyrlanýarlar, gara tomzaklar wazzyldaýarlar; çekirtgeler güzzüldeýärler, boz goýunlar, göýä kynçylyk bilen ganat urýan ýaly, wyžžyk-wyžžyk edip uçýarlar" (N.Jumaýew. Ak derek).

Baglaýjysyz goşma sözlemler ýönekeý sözlemleriň birikmeginden emele gelýänligine görä, olaryň düzüm bölekleri ýygnak, ýaýraň, doly, doly däl, ikidüzümli, birdüzümli görnüşlerde ýüze çykyp, ýönekeý sözlemleriň dürli hillerinden bolup bilýärler. Mysal üçin, "**Ýaman biter, ýalan doýar**" (Nakyllar we atalar sözi), "**Ýaltanmaz ussa bolar, aýňalmaz – hassa**" (şol ýerde) diýen baglaýjysyz goşma sözlemleriň her birinde iki sany ýygnak ýönekeý sözlem bar. "Bedew **atlar semiz bolar**, goç ýigitler – **tämiz**"(Nakyllar we atalar sözi); "**At aýlanyp**, gazygyn **tapar, suw** aýlanyp – **pesini**" diýen baglaýjysyz goşma sözlemler bolsa ýaýraň ýönekeý sözlemlerden düzülipdirler. "Emma **ol** beýleki galalara garanda giňdi, **diwarlary belent** hem



**galyňdy**, dört burçunda uzaga-ýakyna ser salar ýaly, ýokarsy seleňläp duran. öňi eýwanlyja **küňreler bardy**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler) diýen goşma sözlemde bolsa üç sany doly ýönekeý sözlem bar.

Baglaýjysyz goşma sözlemleri hasyl edýän ýönekeý sözlemleriň habarlary şol bir sözlerden bolanda, köplenç, ikinji sözlemiň habary galdyrylyp ulanylýar. Munuň özi sözlemiň manysyna zyýan ýetirmän, eýsem onuň ýygjam bolmagyny üpjün edýär. Birmeňzeş sözleriň birini gysgaltmak bilen, dil sözleri tygşytlaýar, sözlemiň pikir aňladyjylyk hem-de çeperçilik derejesini gowulandyrýar. Bu, köplenç, halk nakyllarynda we atalar sözünde duş gelýär: "**Iş akyly tapar, akyl - işi**" (Nakyllar we atalar sözi); "Ýalta ýaryny iýer, **ökde – baryny**" (şol ýerde).

Käwagt baglaýjysyz goşma sözlemleri hasyl edýän ýönekeý sözlemleriň ikisiniň hem habarynyň galdyrylyp ulanylyşyna duş gelmek bolýar. Bu, köplenç, atalar sözünde, nakyllarda bolanlygy üçin, haýsy sözüň galdyrylany kynçylyksyz bilnip durýar we şonsuz hem onuň manysy düşnükli: "Bedew **jul içinde**, göwher **kül içinde**" (Nakyllar we atalar sözi); "Goýunda **erek eti**, guşda **barak eti**" (şol ýerde).

Şu mysallaryň birinjisinde, sözlemiň habary – "belli", ikinjisinde "gowy" diýen sözler bolmaly. Emma şol sözler galdyrylyp ulanylanda hem, sözlemden aňlanyljak many üýtgemeýär.

Baglaýjysyz goşma sözlemleri hasyl edýän ýönekeý sözlemleriň habarlary isimlerden bolup, kem işlik böleklerini kabul edip gelende, her sözlemiň yzynda aýratyn getirilmän, köplenç, ikinji sözlemiň habarynyň yzyna goşulyp gelýär. Baglaýjysyz goşma sözlemiň düzüminde gelýän ýönekeý sözlemleriň habarlarynyň meňzeş şekilde ulanylýanlygy we sözlemiň tutuşlygyna bir bitewi many aňladýanlygy üçin, kem işlik goşulmalarynyň tutuş sözlemiň ahyrynda getirilmegi bütinleý tebigydyr. Munuň özi gaýtalanýan şekilleriň birini galdyrmak bilen, sözlem gurluşynda tygşytlylygyň bolmagyny üpjün edýär we stilistik taýdan sözlemleriň has ýygjam baglanyşmagyna şert döredýär: "Şol wagtam eli**m** **kesewi** saçym **sübsedi**"; "Onuň her gözi **kersen ýaly**, her gabagy **elek ýaly eken**".

"Agyr jemende kepbäniň çar tarapyny **gurşap alypdy**, ykylyk-gowgadan ýaňa **üýn alşar ýaly däldi**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler) diýen mysalda baglaýjysyz goşma sözlemiň iki tarapy hem

ikidüzümli ýönekeý sözlemlerdir. "Il agzyny **ýygyp bolmaz**, çelek agzyny – **bogup**" (Nakyllar we atalar sözi) diýen baglaýjysyz goşma sözlemde gatnaşýan ýönekeý sözlemleriň ikisi hem eýesizdir. "Arkasyz millet, eýesiz ýurt..." (G.Kulyýew. Ýowuz günler) diýen baglaýjysyz goşma sözlem bolsa at sözlemlerinden emele gelipdir. Şoňa görä bularyň eýesini, habaryny ýüze çykarmak mümkin däl. "– **Haý, ýangyn**, dünýä ot aldy!..." (A.Gowşudow. Saýlanan eserler) diýen baglaýjysyz goşma sözlemiň birinji bölegi birdüzümli at sözlemi bolup, ikinji bolsa ikidüzümli ýygnak sözlemdir.

Baglaýjysyz goşma sözlemleri hasyl edýän ýönekeý sözlemleriň habarlary orunlaryny üýtgedip, eýeden öň hem gelip bilerler. Şeýlelik bilen, bu hili goşma sözlemlerden aňlanylýan many güýçlendirilýär. Şunda güýçlendirme maksady bolan "bir" sözüniň hem täsiri bardyr: "Halmergeniň mallarynyň ýatagynda **boldy bir güpür-tapyrlyk, turdy bir tozan**" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

Şunlukda, baglaýjysyz goşma sözlemi hasyl edýän bölekler gurluşy taýdan ýönekeý sözlemlerden tapawutlanmaýarlar. Munuň özi baglaýjysyz goşma sözlemleriň emele gelmeginde ýönekeý sözlemleriň gatnaşygynyň bardygyna şaýatlyk edýär.

## Baglaýjysyz goşma sözlemleriň toparlara bölünişi

Baglaýjysyz goşma sözlemleri hasyl edýän ýönekeý sözlemleriň neneňsi heň bilen baglanyşýanlygyny nazarda tutup, olary degişli toparlara bölüp görkezmek boljak.

### *Sanama heňi arkaly baglanyşýan baglaýjysyz goşma sözlem*

Sanama heňi arkaly baglanyşýan baglaýjysyz goşma sözlem adatça birnäçe deňdeş ýönekeý sözlemlerden düzülýär we olardaky hereketler yzygiderli tertipde sanalyp görkezilýär: "Öý **çaýkanýardy**, uklar **şatyrdaýardy**, gapynyň kilimini galgadýan ýel köwsarlap içine **urýardy**".

Şu bolsa sanama heňi arkaly baglanyşýan baglaýjysyz goşma



sözlemleriň gurluşynyň häsiýetli aýratynlygydyr. Baglaýjysyz goşma sözlemiň düzüminde ikiden artyk ýönekeý sözlem gatnaşsa, olaryň deňdeşligi has güýçlenýär we sanama heňi bütin aýdyňlygy bilen ýüze çykýar.

Sanama heňi arkaly baglanyşýan baglaýjysyz goşma sözlemleri hasyl edýän ýönekeý sözlemleriň habarlary adatça birmeňzeş şekillerde ulanylýarlar: "Hanha, goýunlar **mäleşýär**, owlak-guzular bökjekläp **oýnaýar**, itler **üýrýär**..."(T.Taganow. Dürler hazynasy); "Demir esbaplar bir-birine degip seslenýärdi, motorlaryň sesi güwläp **eşidilýärdi**"; "Gandym awçynyň howla girenini görüp, sygyr we goýunlar hantamalyk bilen **dyzanyşdylar**, eşek **hynçgyrdy**" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

Sanama heňi arkaly baglanyşýan baglaýjysyz goşma sözlemleri hasyl edýän ýönekeý sözlemleriň özara gatnaşygyndan aşakdaky ýaly manylar gelip çykýar:

hereketiň bir wagtda bolup geçýänligi aňlanylýar: "Onda-munda lowurdap ot **ýanýardy**, serbazlaryň gopgun-gowgasy **eşidilýärdi**. Emma çadyrlaryň töweregi **sustlukdy**, toplaryň golaýynda ýedi-sekiz sany serbaz ot ýakyp, **hümürdeşip otyrdy**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler);

hereketiň wagt taýdan yzygiderli bolup geçýänligi aňlanylýar: "Ynha, jahanyň gylla ýaryny symgylt şöhle bilen bezän ikindin şapagy barha **öçüp ugrady**, töwerek-daş **garaňkyrap başlady**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Ölme eşegim, ýaz **çykar**, ýorunja **biter**..." (Nakyllar we atalar sözi); "Gün **gyzdy**, günorta wagty **boldy**";

birinji sözlemden aňlanylýan hereketiň esasynda soňky sözlemlerdäki hereketler gelip çykýar. Ikinji we soňky sözlemlerdäki hereketler birinji sözlemiň netijesi hökmünde duýulýar: "Golaýdan eşidilen wagyrdy Magtymgulyny geçmişiň çalpawyndan **çekip aldy**, geçen günleriň gara suraty **gaýyp boldy**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler);

birinji sözlemdäki pikir soňky sözlemlerde dowam etdirilýär, anyklaşdyrylýar, böleklere bölünip görkezilýär: "Gurduň asylky öňki sypaty hem şeýle bir syratly **uz-owadan görnüşde däldi**, garaýagyz at ýüzi, kiçiräk gara gözleri **bardy**, onuň çagajyk wagtynda hemişe

ýaglyk bilen saralan kellesi **süýrelip durýardy**" (A.Gowşudow. Mähri–Wepa); "Daşary haryt dolanyşygy ABŞ-nyň 1 milliard 200 million dollaryna baradar boldy, şunda Türkmenistan daşary ýurtlardan 500 million dollar bahasy bilen haryt we enjamlar satynaldy, 700 million dollardan gowrak harytlary daşary ýurtlara iberdi" (Türkmenistan. 07.05.2002);

soňky sözlemlerde birinji sözlemdäki pikiriň üsti doldurylýar, güýçlendirilýär, nygtalyp görkezilýär: "Emma ýagyş diňer ýerde **diňmedi**, töwerek barha **gapyşdy**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Soňabaka güýcli ýel **turdy**, birdenkä bolsa **şabyrdap, ýagyş ýagmaga başlady, harasat gopdy**..." (şol ýerde);

baglaýjysyz goşma sözlemi hasyl edýän ýönekeý sözlemleriň manysy gitdigiçe, basgançak-basgançak bolup, kem-kemden ýokary galýar, güýçlenýär: "Gün **geçýär**, aý **geçýär**, ýyl **dolanýar**, Gajar aganyň meýlis halkasynyň gürrüňçileri-de **täzelenip** durýar" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler).

### *Degşirme heňi arkaly baglanyşýan baglaýjysyz goşma sözlem*

Bu hili baglaýjysyz goşma sözlemleri hasyl edýän ýönekeý sözlemler degşirme heňi arkaly baglanyşýarlar. Many taýdan ýönekeý sözlemlerdäki hereketler, wakalar bir-biri bilen degşirilýär, biri beýlekisine garşylykly häsiýetde bolup geçýär. Şonuň üçin bu hili sözlemleriň habary ýa beýleki bir agzasy, köplenç, garşylykly many aňladýan sözlerden bolýar ýa-da sözlemleriň habary barlyk şekilde gelse, beýlekisiniňki ýokluk galypda ulanylýar. Mysal üçin, "– Meniň zorum **ýokdur**, zarym **bardyr**" diýen baglaýjysyz goşma sözlemiň düzüm bölekleriniň diňe bir habarlary "bar-ýok" ýaly gapma-garşylykly sözlerden bolup gelmän, eýsem olaryň "zor-zar" diýen eýeleriniň manysy hem bir-birine tersdir.

"Gaçan **gutular**, duran **tutular**" (Nakyllar we atalar sözi), "Gezen **derýa**, oturan **gümra**" (şol ýerde), "Gahar öňden **ýörär**, akyl – yzdan" (şol ýerde) diýen nakyllarda hem degişli agzalaryň gapma-garşy goýulýanlygy bellidir.



"Gylyç ýarasy **biter**, dil ýarasy **bitmez**" (Nakyllar we atalar sözi) diýen baglaýjysyz goşma sözlemde bolsa **iki bölegiň habary** şol bir sözlerden bolup gelipdir. Ýöne birinji sözlemiň habary – "biter" ikinji sözlemiň habary hem "bitmez" görnüşinde barlyk **hem** ýokluk şekillerde ulanylmak bilen, sözlemler bir-birine **gapma-garşy** goýlupdyr. Şunlukda, degşirme gatnaşygy diňe baglaýjy dyngynyň ýa-da baglaýjy sözleriň üsti bilen aňlanylman, eýsem tutuş **sözlemiň** süňňüne ornaşyp gidipdir.

Degşirme heňi arkaly baglanyşýan baglaýjysyz goşma sözlemleri hasyl edýän ýönekeý sözlemleriň özara gatnaşygyndan aşakdaky ýaly manylar aňlanylýar:

iki düşünje bir-biri bilen degşirilýär, biri beýlekisine garşy goýulýar: "Düýe **menzil garar**, eşek – **aýagynyň astyny**" (Nakyllar we atalar sözi); "Towuk **tutanyňky**, towşan **turzanyňky**" (şol ýerde);

ikinji sözlemden birinji sözlemiň tersine many aňlanylýar: "Hiç ýerde aşa baha **ýok**, işe baha **bar**" (Nakyllar we atalar sözi);

baglaýjysyz goşma sözlemi hasyl edýän ýönekeý sözlemlerdäki deňeşdirilýän zatlar tersleýin gatnaşyk esasynda ýerlerini çalşyp gelýärler: "Topraklar **sil boldy**, siller **gum boldy**. / Humlar **jam boldular**, jamlar **hum** boldy" (Magtymguly. Saýlanan eserler);

ikinji sözlem birinji sözleme garşylykly many aňladyp, ondaky hereketiň amala aşmagyna ýol bermeýär: "Ol daşaryk **böküp çykmak isledi**, adat gapyny **ýapdy**. Aýnany kakmak **isledi**, adat **ellerini tutdy**";

baglaýjysyz goşma sözlemiň birinji bölegindäki hereketiň ýüze çykmazlygy ikinji bölegindäki hereket bilen şertlendirilýär: "Bir gezek tas meniň hem budumy **parçalapdy**, taýagym janyma **ýetişäýdi**" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler);

birinji sözlem umumy düşünjäni aňladýar, ikinji sözlemde ondan çykgyt edilýär: "Uzadanlar **geldi**, bular **gelmedi**" (Magtymguly. Saýlanan eserler); "...Hemme **şady-horram**, seň lapyň **keçdi**" (B.Hudaýnazarow. Döwrüň depesindäki adam);

baglaýjysyz goşma sözlemlerden garşylyk – gaýdym

gatnaşygy aňlanylýar. Ikinji sözlemden çykýan netije birinji sözlemiň tersine gaýdýar: "Iki derwüş bir düşege **sygar**, iki patyşa ýer ýüzüne **sygmaz**" (Nakyllar we atalar sözi);

gaýdym – netije gatnaşygyny aňladýar: "Her bir ýerde ýagşy tebipler bolsa **getirdiler** – hiç biriniň däri-dermany peýda **etmedi**" (Andalyp. Leýli–Mejnun).

## *Şertlendirme heňi arkaly baglanyşýan baglaýjysyz goşma sözlem*

Bu hili baglaýjysyz goşma sözlemler hem iki bölekden ybarat bolýar. Birinji bölegi, baş sözlemden öň gelýän eýerjeň sözlemlerde bolşy ýaly, beýgelýän heň bilen aýdylyp, tutuş sözleme gutarnykly häsiýet berýär. Many taýdan baglaýjysyz goşma sözlemiň birinji bölegi ikinji bölegindäki hereketiň ýüze çykmaklygyny şertlendirip gelýär, şonuň wagtyny, sebäbini, şertini bildirýär.

Şertlendirme heňi arkaly baglanyşýan baglaýjysyz goşma sözlemleriň düzüm bölekleriniň özara gatnaşygyndan aşakdaky ýaly manylar gelip çykýar:

baglaýjysyz goşma sözlemiň birinji böleginiň habary işligiň öten zaman şekilinden bolup gelýär. Many taýdan birinji sözlemdäki hereket ýüze çykan dessine, ikinji sözlemdäki hereketiň hem amala aşýanlygy aňlanylýar. Şunda birinji sözlemiň habary batly heňde aýdylyp, basym hem soňky bogundan öň ýanyndaky bogna süýşýär: "Çagalar okuwyny **gutardy**, oba iberjek. Hat **geldi**, otla mündüm";

baglaýjysyz goşma sözlemiň birinji böleginiň habary häzirki zaman ortak işliklerinden, isimlerden we modal sözlerden bolup, "-dyr, -dir" kem işlik goşulmasyny kabul edip gelýär. Şunda basym "-dyr, -dir" goşulmasynyň öň ýanyndaky bogna düşýär we beýgelýän heň bilen aýdylýar. Many taýdan birinji sözlem ikinji sözlemiň sebäbini bildirýär: "Gowy **şahyrdyr**, kitaby **çykýandyr**" (G.Gurbansähedow. Toýly Mergen);

baglaýjysyz goşma sözlemiň birinji böleginiň habary işligiň buýruk şekilinden bolýar. Göräýmäge, baglaýjysyz goşma sözlemiň



birinji bölegi ikinji şahs üçin ulanylýan buýruk sözlemi ýaly bolup duýulsa-da, bu hili sözlemlerde hakyky manysynda buýruk ýokdur, eýsem onuň üsti bilen ikinji sözlemdäki hereketiň ýüze çykmagy üçin şert goýulýanlygy aňlanylýar. Many taýdan bu sözlemlerde synag etmek ýokundysy bolan şert gatnaşygy ýüze çykarylýar. Bular, köplenç, nakyllarda, atalar sözünde we azrak beýleki ýerlerde gabat gelýär: "Çöregiň dörtgülini **ulurak et** – göreýin doýmaýşymy, balagy **ulurak biç** – göreýin sygmaýşymy" (Nakyllar we atalar sözi);

baglaýjysyz goşma sözlemiň iki böleginiň hem habary işligiň nämälim geljek zaman şekilinden bolup, birlik sanda, ikinji şahsda ulanylýar. Eýeleri bolsa umumy bolany üçin, sözlemde gatnaşmaýar. Many taýdan birinji bölegi – şert, ikinji bölegi hem ondan çykjak netijäni aňladýar. Bu, köplenç, nakyllarda, atalar sözünde duş gelýär: "**Ekersiň** – orarsyň, **eklärsiň** – görersiň" (Nakyllar we atalar sözi).

## *Düşündirme heňi arkaly baglanyşýan baglaýjysyz goşma sözlem*

Düşündirme heňi arkaly baglanyşýan baglaýjysyz goşma sözlemleriň ikinji bölegi birinjisiniň üstüni doldurýar, anyklaşdyrýar, düşündirýär. Bularyň özara gatnaşygyndan aşakdaky ýaly manylar gelip çykýar.

1. Baglaýjysyz goşma sözlemiň ikinji bölegi birinji böleginiň belli bir agzasynyň (eýesiniň, habarynyň, aýyrgyjynyň, doldurgyjynyň, ahwalatynyň) hyzmatyny ýerine ýetirýär:

baglaýjysyz goşma sözlemiň ikinji bölegi birinjisiniň eýesi şekilinde ýüze çykýar. Şunda birinji böleginiň habary "oňat", "belli zat", "ýadyma düşýär", "bes", "mälim" ýaly sözlerden bolup, eýesiniň ýerini baglaýjysyz goşma sözlemiň ikinji bölegi tutýar: "**Oňat**, obanyň ýaşulýlarynyň hemmesi bar"; "**Ýadyma düşýär**, sen mundan on-on iki ýyl ozal hem edil şu hili şygyrlar ýazýardyň" (H.Ysmaýylow. Öküz gödek);

baglaýjysyz goşma sözlemiň ikinji bölegi birinjisiniň habarynyň ýerini tutup gelýär. Mysal üçin, "**Ýöne olaryň utan zady**, pellehana

weli, **hemmeden** öň geldiler-dä" diýen baglaýjysyz goşma sözlemiň birinji **bölegiň** öz habary bolman, ikinji bölegi onuň habary görnüşinde ulanylýar;

**baglaýjysyz** goşma sözlemiň ikinji bölegi birinjisiniň aýyrgyjy şekilinde duýulýar. Ol öz aýyklaýan adynyň tapawutly alamatyny görkezip gelýär. Onuň aýyklaýan sözüniň manysy bolsa umumy ýa-da nämälim bolýar:

"Bir şahyr bar – diňe ady ýörýändir,
Bir şahyr bar – ýazýan zady ýörýändir"
(K.Gurbannepesow);

**baglaýjysyz** goşma sözlemiň ikinji bölegi birinjisiniň doldurgyjy şekilinde duýulýar: "Aşyk diýr: bakmanam imdi ol huba / Ýol üstünde düşdi gözüm, tört oldy..." (Magtymguly. Saýlanan eserler); "Men bilmedim, bir zat guýdy üstümden" (şol ýerde);

**baglaýjysyz** goşma sözlemiň ikinji bölegi birinjisiniň ahwalaty şekilinde duýulýar, baglaýjysyz goşma sözlemiň ikinji bölegi birinjisiniň sebäbini bildirýär. Bu hili baglaýjysyz goşma sözlemleriň birinji böleginde haýsy-da bolsa bir fakt barada gürrüň berilýär ýa-da bir hereketiň durmuşa geçirilmeginiň zerurlygy esaslandyrylyp görkezilýär: "Seýdi – **namart**: meniň **kömegim degmez**" (Seýdi. Saýlanan eserler); "**Diýme syryň dostuňa, dostuňam dosty bardyr**"; "**Halky ýersiz soýma, hor bolarsyň**, **gatygy ýersiz dökme, zar bolarsyň**" (Nakyllar we atalar sözi);

**baglaýjysyz** goşma sözlemiň ikinji bölegi birinjisiniň maksadyny bildirýär. Bu hili baglaýjysyz goşma sözlemleriň birinji böleginiň habary, köplenç, işligiň buýruk şekiliniň ikinji ýöňkemesinde, ikinji böleginiň habary hem buýruk işliginiň üçünji ýöňkemesinde ulanylýar: "**Ýagşylaryň ýagşylygyn aýt – sahawat gelsin**, ýamanlaryň **ýamanlygyny aýt – pälinden gaýtsyn**" (Nakyllar we atalar sözi); "Dostuňy **egleme – nepden galmasyn,** duşmanyň **saklama – syryň aňmasyn**" (şol ýerde).



Baglaýjysyz goşma sözlemiň ikinji bölegi birinjisiniň wagtyny bildirýär. Bular aşakdaky ýaly manylarda ulanylýarlar:

– baglaýjysyz goşma sözlemiň ikinji bölegi birinjisiniň wagt araçägini görkezýär, birinji bölegindäki hereketiň nä wagtdan bäri dowam edýänligini bildirýär. Baglaýjysyz goşma sözlemiň birinji böleginde "hepde, gün" ýaly wagt aňladýan sözler getirilmek bilen, ikinji bölegindäki hereketiň ýüze çykaly bäri, şonça wagtyň geçenligini aňladýar: "Bir **hepdeden geçdi**, men Siziň öňüňizde günäkärdirin"; "**Bu gün ýedi gündür**, "alham" okyryn / Şat eýle köňlümi, goýber, Azadym" (Magtymguly. Saýlanan eserler);

baglaýjysyz goşma sözlemiň birinji bölegindäki hereket ýüze çykyp ýetişmänkä, ikinji bölegindäki hereket amala aşýar. Şunda, köplenç, baglaýjysyz goşma sözlemiň birinji böleginde wagt görkezýän "heniz" diýen hal sözi ulanylyp, habary bolsa adatça öten zamanyň ýokluk şekilinde getirilýär: "**Heniz bäş minut hem geçmändi**, gyzyl çog obanyň bir çetini ýagtylandyrdy" (A.Gowşudow. Saýlanan eserler);

baglaýjysyz goşma sözlemiň ikinji bölegi birinjisiniň esasynda netije çykarylýanlygyny aňladýar. Baglaýjysyz goşma sözlemiň birinji bölegi – sebäbi, ikinji bölegi hem netijäni aňladýar, ýagny sebäp – netije gatnaşygyny aňlanylýar: "Şowhun şirin gördüm, bu ýola girdim / Imdi çäre ýokdur, dözmeli boldum" (Magtymguly. Saýlanan eserler);

baglaýjysyz goşma sözlemiň ikinji bölegi birinjisiniň manysyny anyklaşdyryp, düşündirip gelýär. Bu hili baglaýjysyz goşma sözlemleriň birinji böleginde haýsy-da bolsa bir zat barada umumyrak gürrüň berilýär, ikinji böleginde ol başga söz bilen has anygrak edip düşündirilýär: "Eýgilik üçin çagyrmaýanlygy belli zat: ýa at gerekdir, ýa-da nöker" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Emma ýatanyň ýüreginiň urgusynyň kesilmänligi bes-bellidi: haşlap agyr-agyr dem alýardy" (şol ýerde). "Ýöne onuňky çüwdi, başgaça boldy – on ýedi ýaşly ýigdekçe buýrugy ýerine ýetirip, sag-aman geldy" (Türkmenistan. 07.05.2002).

2. Baglaýjysyz goşma sözlemiň ikinji bölegi birinjisiniň belli bir agzasynyň manysyny anyklap gelýär. Manysy anyklanýan sözler,

köplenç, "bu, şu, ol şol" ýaly görkezme çalyşmalaryndan we nämälim düşünjäni aňladýan käbir beýleki sözlerden ("bir zat") bolup, leksika-grammatiki serişde hökmünde sintaktik baglanyşygy ýüze çykarmaga hem gatnaşýarlar. Bular baglaýjysyz goşma sözlemiň birinji böleginiň eýesi, habary, aýyrgyjy, doldurgyjy we ahwalaty şekilinde ulanylýarlar. Olaryň anyk manysy baglaýjysyz goşma sözlemiň ikinji böleginde açylyp görkezilýär:

"bu, şu, bir zat // ýekeje zat" ýaly görkezme we nämälim çalyşmalaryndan bolan eýäniň manysy anyklaşdyrylýar: "**Bu** mertlikdir, degmedige degenok";

"bu, şu, ol, şol, beýle, şeýle" ýaly görkezme çalyşmalaryndan bolan habaryň manysy anyklaşdyrylýar: "Şertim **budur**, ýene bu jaýa gelseň..." (Mollanepes. Zöhre–Tahyr); "Bimamlalygyňyz **şu**: ...bir agyz söz aýdyp bilmediňiz"; "Ýeriň ýerden, äriň ärden parhy köp / Müşgil **oldur,** sözleşende deň bolar" (Magtymguly. Saýlanan eserler);

"şeýle, şol" ýaly görkezme çalyşmalaryndan bolan aýyrgyjyň manysy anyklaşdyrylýar: "Halkymyzda **şeýle** adamlar bar, olar halal adamlar, olar aňsat eklenje-de kowalaşmaýarlar, olar jemgyýetiň emlägine-de göz gyzdyrmaýarlar, olar hemişe asudalygyň, agzybirligiň, ynsaplylygyň tarapynda";

"şuny, muny, şu sözi, bir zady, bir ahwal" ýaly görkezme we nämälim çalyşmalaryndan ýa-da şolaryň gatnaşygyndan emele gelýän doldurgyjyň manysyny anyklaşdyrýar: "Ýöne siz **muny** ýadyňyzdan çykarmaň, işiňize ägä boluň";

"şeýle" görkezme çalyşmasyndan bolan ahwalatyň manysy anyklaşdyrylýar: "Emma bu sapar ýagdaý **şeýle** bulaşykdy, her kim janyny gutarsa kaýyldy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler).



# ÇYLŞYRYMLY GOŞMA SÖZLEM

## Umumy maglumat

Goşma sözlemler adatça iki sany ýönekeý sözlemden düzülýän bolsalar, çylşyrymly goşma sözlemleri emele getirmek üçin üç hem ondan köp ýönekeý sözlemler gatnaşýarlar. Şu hili goşma sözlemlere ***çylşyrymly goşma sözlemler*** diýilýär.

Çylşyrymly goşma sözlemler baglanyş aýratynlyklary boýunça düzmeli, eýerjeňli, baglaýjysyz we garyşyk görnüşlerde duş gelýärler.

## Çylşyrymly düzmeli goşma sözlem

Çylşyrymly düzmeli goşma sözlem üç hem ondan köp ýönekeý sözlemleriň düzmeli baglaýjylar arkaly baglanyşyp gelmegi netijesinde hasyl bolýar. Şu hili goşma sözlemlere ***çylşyrymly düzmeli goşma sözlemler*** diýilýär.

Çylşyrymly düzmeli goşma sözlemleriň düzüm bölekleri ugurdaşlygy ýa-da bölünişi görkezýän baglaýjylar arkaly baglanyşýarlar:

ugurdaşlygy görkezýän baglaýjylar arkaly: "Onda **ne** ot ýanýardy, **ne** gazan atarylýardy, **ne-de** göle molaýardy"; "Onda erik-de bardy, alma-**da** bardy, ülje-**de** bardy, garaly-**da**, şetdaly-**da** bardy, hatda nar-**da** bardy";

bölünişi görkezýän baglaýjylar arkaly: "– Aýsoltan, Görogly bilen at üstünde naýzabazlyk ederdik, naýzanyň ökjesi bilen kä ol meni atdan agdarardy, **kä** men ony agdarardym, ikimiziň güýjümiz deňräk bordy" ("Görogly"); "– Pagta berilmeli **suwuňam** (<suwyň hem) çägi bar, bugdaýa berilmeli **suwuňam** çägi bar, beýleki ekinlere berilmeli **suwuňam** çägi bar" (Garagum. 2002. №6); "Nurjanyň **belki** şoňa akyly ýetendir, **belki**, ýeke-täk öýlerini geldi-

geçer ýele beresi gelen däldir, **belki hem**, ejesiniň nalyşy ony özüne çekendir".

## Çylşyrymly eýerjeňli goşma sözlem

Çylşyrymly eýerjeňli goşma sözlemlerde üç hem ondan köp ýönekeý sözlemler gatnaşyp, eýerjeňli baglanyşyk esasynda baglanyşyp gelýärler. Şu hili goşma sözlemlere ***çylşyrymly eýerjeňli goşma sözlemler*** diýilýär. Eýerjeň sözlemleriň hemmesi bir baş sözleme hem baglanyp biler ýa-da özara bir-birlerine hem eýerip gelip biler. Şu tarapdan olary iki topara bölüp görkezmek boljak.

1. Eýerjeň sözlemleriň hemmesi bir baş sözleme baglanyp, şony aýyklap gelýärler. Bu hili çylşyrymly goşma sözlemlerde baş sözlem bir bolup, eýerjeň sözlem iki we ondan hem köp bolup biler. Şonuň üçin bulara ***köp eýerjeňli goşma sözlemler*** diýip at bermek bolar.

Eýerjeň baş sözlemi bir ugurdan ýa-da dürli ugurdan aýyklap bilerler. Şu esasda bulary iki topara bölüp öwrenmek mümkin.

Eýerjeň sözlemleriň hemmesi bir baş sözlemiň belli bir agzasyna baglanyp, şony bir ugurdan aýyklaýarlar. Muňa ***deňdeş eýerjeňli goşma sözlem*** diýilýär. Deňdeş eýerjeň sözlemler öz aralarynda biri-biri bilen düzmeli baglaýjylar hem-de sanama we degşirme heňleri arkaly baglanyşýarlar: "Siz bir **patyşa bolsaňyz**, men bir işigiňizdäki **hyzmatkär bolsam**, bu nähili ähdi-peýman bolar?" (Mollanepes. Zöhre–Tahyr).

Eýerjeň sözlemleriň hemmesi bir baş sözleme baglanyp, şony dürli ugurdan aýyklap gelýärler. Şonuň üçin bular deňdeş eýerjeň sözlem bolup bilmeýärler. Bu hili eýerjeňli goşma sözlemlere ***deňdeş däl eýerjeňli goşma sözlemler*** diýip at berilýär. Bular baglanýan sözüne garap iki hili bolýarlar:

eýerjeň sözlemleriň hemmesi baş sözlemiň belli bir agzasyna baglanman, hersi bir agzasyna baglanyp gelýär: "Biziň ülkämizde nirä suw **barsa**, şol ýeri jennet bolup, nirede suw **kesilse**, şol ýeri dowzaha



aýlanýar"; "Türkmenler, gar-ýagyş ýagsa, bereket ýagýar **diýip** begenipdirler" (Garagum. 2002. №6);

eýerjeň sözlemleriň hemmesi baş sözlemiň belli bir agzasyna baglansa-da, ony dürli ugurdan aýyklap gelýärler: "Bu pel suwy näçe **çişirse-de**, ol böwet **bişişendir** diýip arkaýyn boldy"; "**Kim günäkär bolsa** – şoňa, hatda **senem bolsaň**, men saňa goşa atanak çekjek"; "Men bir zady hak diýip **ýüregime düwdümmi** – kesip **aýraýmasaň** butnadyp bilmersiň".

Käbir ýagdaýlarda baş sözlem hem öňünden hem yzyndan gelen eýerjeň sözlemler tarapyndan aýyklanýar. Eýerjeň sözlemleriň baş sözlemiň öňünden gelip baglanyşmagy türkmen dili üçin geň hadysa däldir. Ýöne eýerjeň sözlemleriň baş sözlemden soň gelip baglanyşyna türkmen dilinde azrak duş gelinýär. Şoňa görä yzdan baglanyşmaklyk has köpräk "çünki, sebäbi" ýaly baglaýjylaryň kömegi bilen baglanyşýan sebäp eýerjeňli goşma sözlemler üçin mahsusdyr: "Bu atlylaryň, göni yzlaryna dolanyp gaýdybermeseler, Nurmämmediň edil gapdalyndan geçip, şu obada biriniň öýüne gelip düşjegine-de şek-şübhe ýokdy, **çünki** bu ýol şu oba gelip gutarýardy".

"Çünki, sebäbi" ýaly baglaýjylar diňe bir eýerjeň sözlemi däl, eýsem tutuş eýerjeňli goşma sözlemi hem baş sözleme baglamaga hyzmat edýär. Şunda olaryň baglanýan sözlemleri gurluşy boýunça eýerjeňli goşma sözlem bolsa-da, düzmeli ýa baglaýjysyz goşma sözlem bolsa-da, barybir, olar sebäp eýerjeň sözlemi hökmünde baş sözleme baglanyp, şonuň sebäbini görkezmek üçin ulanylýarlar: "Saçlynyň Gylyjy saýlamagy, onuň üstesine-de, bu ýagdaýyň ullakan gep-gürrüňe sebäp bolman geçip gitmegi, il arasynda Saçly bilen Gylyç ikisine däli-mejnun bolşup ýören aşyk-magşuklar däl-de, ýönekeý bir adaglylar ýaly ýa-da zat hakda ylalaşylyp, indem toýa garaşyp ýören ýaşlar ýaly garalmagy Aýbölek ejäniň öz gyzyna ynamyny, söýgüsini hasam artdyrypdy, **sebäbi**, eger onuň özi gyzy üçin birini saýlamaly bolsa hem, ilki bilen Gylyjy tutjakdy" (N.Hojageldiýew. Gülle degen sünbüller); "Hiç kim bu taryhy akymdan çetde bolup bilmeýär, **sebäbi** geçmiş hiç kime sen geljekden üzňe bolsaňam bolar **diýip** dilhaty bermeýär" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

Baş sözlem ikitaraplaýyn hem aýyklanyp gelip biler: bir tarapdan, baş sözlemi öňünden gelýän eýerjeň sözlem aýyklaýar, ikinji tarapdan, baş sözlem yzyndan gelýän eýerjeňli goşma sözlem tarapyndan aýyklanýar: "– Her ýerde başyňyza müşgil iş düşse, düýt kylyň, men nirede bolsam, şol demde ýüz müň aždarha birlen häzir bolar men" (Şabende. Gül–Bilbil).

2. Eýerjeň sözlemler bir baş sözleme baglanman, öz bir-birlerine hem eýerip gelýärler. Mysal üçin, birinji sözlem – ikinjä, ikinji sözlem – üçunjä, üçunji sözlem – dördünjä we ş.m. görnüşinde baglanyp, bir-birlerini aýyklaýarlar. Şunda bularyň ortada gelýäni öň ýanyndaky eýerjeň sözlem üçin baş sözlem bolup hyzmat edýän bolsa, yz ýanyndaky üçin onuň özi eýerjeň sözlem bolýar. Şu hili çylşyrymly goşma sözlemlere ***tirkenjeňli eýerjeňli goşma sözlemler*** diýilýär: "Türkmenler, gar-ýagyş **ýagsa**, bereket ýagýar **diýip** begenipdirler" (Garagum. 2002. №6); "Yeňerin diýlen umyt **bolmadyk bolsa**, beýle jogapkärçilikli işi boýna almazdyk".

Çylşyrymly eýerjeňli goşma sözlemleriň görnüşleriniň utgaşyp gelmegi hem mümkin: "Eger aýagyň aşagyna sabynly suw **akyp gelse**, senem taýyp **ýykylsaň**, şonda nähili bolýar **diýip** soramagyňyz mümkin"; "**Eger** Gylyç bilen bir gün ýaşaşmak meniň bar **bagtym bolýan bolsa**, ol edil ertir **öljek bolsa hem**, meniň şol günümi ol özüme bagyş etmelidir diýip hasaplaýardy" (N.Hojageldiýew. Gülle degen sünbüller).

## Çylşyrymly baglaýjysyz goşma sözlem

Üç we ondan artyk ýönekeý sözlemleriň baglaýjysyz, ýagny heň arkaly baglanyşyp gelmegi netijesinde emele gelen goşma sözlemlere ***çylşyrymly baglaýjysyz goşma sözlemler*** diýilýär. Bular aşakdaky ýaly baglanyşýarlar.

1. Çylşyrymly baglaýjysyz goşma sözlemleriň düzüm bölekleri sanama heňi arkaly baglanyşyp gelýärler: "Gün **dogdy**, sene **çalyşdy**. kime toý, kime ýas günleriň ornuny **eýeledi**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Säheriň çaň-tozaňsyz tämiz howasy onuň janyna **lezzet**



**berýärdi**, ýoredigiçe, **süňňi ýeňleýärdi**, el-aýagynyň gurşy ýazylyp, teniniň **kuwwaty artýardy**" (şol ýerde); "Ahunyň-ýüregi has hem **gopdy**, gorkusyndan ýaňa **demligi daraldy**, gözüniň öňi **garalyp gitdi**, başy aýlanyp, öýüne **zordan ýetdi**" (şol ýerde).

Çylşyrymly baglaýjysyz goşma sözlemleri hasyl edýän ýönekeý sözlemleriň habarlary, köplenç, şol bir söz toparyndan bolup, mydama diýen ýaly meňzeş şekillerde ulanylýarlar. Munuň özi çylşyrymly baglaýjysyz goşma sözlemleriň düzüm bölekleriniň belli ölçegde sazlaşykly aýdylmagyny we gurluş–heň bitewiligini üpjün edýär: "Döwletmämmet Azady "Baýlyklaryň baýlygy–parasat, miraslaryň iň gymmatlysy – edep-terbiýe, gedaýlygyň gedaýlygy – nadanlyk" diýipdir" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Gözi **şully**, kellesi **keljyrun**, aýagy **ýelkenli**, ökjesi **jaýryk-jaýry**"..." (Edebiýat we sungat. 02.02.2002); "Biragzyna **işlekli**, bir agzyna **börek**, bir agzyna **jüýjeli palaw**, çiggaýmak, agaran..." (Türkmenistan. 05.04.2002).

Çylşyrymly baglaýjysyz goşma sözlemleriň düzüm bölekleriniň eýeleri we habarlary şol bir sözlerden bolup biler:

eýeleriniň şol bir sözlerden bolşy: "Ýetim **gözi** çemçede, odunçy **gözi** omçada, ogry **gözi** oljada" (Nakyllar we atalar sözi);

habarlarynyň şol bir sözlerden bolşy"Çünki suwsuz janlanyş **ýok**, suwsuz dirilik **ýok**, suwsuz ýaşaýyş **ýok**" (Garagum. 2002. №6).

Çylşyrymly baglaýjysyz goşma sözlemleri hasyl edýän ýönekeý sözlemleriň habarlary, köplenç, şol bir sözlerden bolanda, soňky sözlemde onuň galdyrylyp ulanylmagy hem mümkin. Şunda düşüp galýan habaryň öwezini heň doldurýar: "Akmak **aşda belli**, ýigit **işde belli**, är – **söweşde**" (Nakyllar we atalar sözi).

Şu hili çylşyrymly baglaýjysyz goşma sözlemler, köplenç, üç sany ýönekeý sözlemden düzülip, şolaryň üçünjisi adatça tamamlaýjy häsiýete eýedir. Ol öňdäki ýönekeý sözlemleriň manysyna esaslanyp, netije çykarmak ýaly gutarnykly many aňladýar we tutuş sözleme many hem heň taýdan gutarnykly häsiýet berýär: "Öýüň içine-daşyna asudalyk **aralaşdy**, ses-üýn tapba **ýatdy**, üns-dykgat ýene-de şahyra bakan **öwrüldi**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Suw **akdy**, daş **çökdi**, gury **haýat** boş **galdy**".

Bölünişik – sanama gatnaşygyny bildirýän "kimse" sözi çylşyrymly baglaýjysyz goşma sözlemleriň her böleginde gaýtalanyp ulanylýar. Munuň özi bölünişik – sanama gatnaşygynyň has açyk ýüze çykmagyna kömek edýär: "**Kimse** suw alýardy, **kimse** mal ýakýardy, **kimse** ogryn duşuşyk üçin amatly pursat agtarýardy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler).

Çylşyrymly baglaýjysyz goşma sözlemleriň düzüm bölekleri degşirme heňi arkaly baglanyşýarlar: "Emma aýlar **geçdi**, ýyllar **ötdi**, garaşylýan bereket iner ýerde **inmedi**, sahawatyň gapysy açylar ýerde **açylmady**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "**It öýkelär – eýesi bilmez; pişik öýkelär – bibisi bilmez**" (Nakyllar we atalar sözi).

## Çylşyrymly garyşyk goşma sözlem

Çylşyrymly garyşyk goşma sözlem dürli goşma sözlemleriň (düzmeli, eýerjeňli, baglaýjysyz) ýa-da goşma sözlem bilen ýönekeý sözlemiň gatnaşmagyndan hasyl bolýar. Şu hili goşma sözlemlere ***çylşyrymly garyşyk goşma sözlemler*** diýilýär. Olar aşakdaky ýaly görnüşlerde duş gelýärler.

1. Birinji bölegi düzmeli ýa baglaýjysyz goşma sözlemden, ikinji bölegi ýönekeý sözlemden düzülip, garşylygy görkezýän baglaýjylar ýa-da degşirme heňi arkaly baglanyşýar: "Jumada hyjuw **bardy**, kuwwat hem **ýeterlikdi**, emma hile-tejribede heniz **agzy sarydy**" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Meňli gyz häzir gabadynda ýüzüni aşak salyp, ýylgyryp **durdy**, onuň maral gözleriniň ýiti şöhlesi heniz hem şahyryň gartaň kalbyna ýagty nuruny **saçýardy, emma** ol nur juwanlykda dowamly lezzet bermeýşi ýaly, häzir hem garaňky göwni çala ýagtyldyp, tiz **gaýyp boldy**" (şol ýerde); "Eşek **depişsin**, it **uruşsyn**, sen bir olar ýaly zada **baş goşmawergin**" (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar); "Bürgüt kebaphanadan bir bölek goýun etini alyp göteripdir, özi-**de** iýipdir, çagalaryna-**da** beripdir, **ýöne** şol ete ýapyşan bir bölek közi görmändir" (Türkmen gündogary. 13.04.2002).

2. Birinji bölegi ýönekeý sözlemden, ikinji bölegi düzmeli ýa baglaýjysyz goşma sözlemden düzülip, garşylygy görkezýän baglaýjylar arkaly baglanyşýar: "Şatyr begiň howlusynyň içi-daşy alagowgady, **emma** Magtymgulynyň **ne** gulagyna gowga ilýärdi, **ne** gözi zat görýärdi" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Ol (Begenç) indi özüni dürsäpdi, **emma** ünji-aladasynyň biçak agyrlygyndanmy ýa-da bütin gijäni syňsyraklap geçirenligindenmi, heniz hem süňňi gowşakdy, beýnisi gyzyp durdy" (şol ýerde).

3. Birinji bölegi ýönekeý sözlemden, ikinji bölegi eýerjeňli goşma sözlemden düzülip, garşylygy görkezýän düzmeli baglaýjylar ýa-da degşirme heňi arkaly baglanyşýar: "Dama-dama köl bolar, hiç dammasa - çöl" (Nakyllar we atalar sözi); "Tohum al-da, ýere bar, gögermese, maňa gel" (şol ýerde); "Ýarma gaýnar ýal ýaly, dadyp görseň – bal ýaly" (şol ýerde). "Ýöne günleriň birinde tilki öz çagalary üçin iýmit gözlegine çykypdyr, bürgüt bolsa mundan amatly pursat bolmaz diýip, tilkiniň çagalaryny öldüripdir" (Türkmen gündogary. 13.04.2002).

4. Birinji bölegi eýerjeňli goşma sözlemden, ikinji bölegi ýönekeý sözlemden düzülip, garşylygy görkezýän baglaýjylar arkaly baglanyşýar: "Ýönekeý wagt **bolan bolsa**, ol setirleri eýýäm ýat tutjak bolup **çalşardy, emma** häzir onuň göwnünde başga niýet, başga höwes bardy" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Onuň endamynda ýel bardyr öýtjek gümanyň ýokdur **welin**, howa yssy bolanda, olam il ugruna çygjaran bolýardy" (O.Akmämmedow. Jezalandyrylmaýan jenaýatçylar); "**Suw bolsa** – jennet, **bolmasa** – dowzah hasaplanan gurak howaly ýurtda ýaşan ata-babalarymyz oňa keramatly zat hökmünde seredipdirler" (Garagum. 2002. №6).

5. Birinji bölegi eýerjeň sözlemden, ikinji bölegi düzmeli ýa baglaýjysyz goşma sözlemden düzülip, eýerjeňli baglanyşyk esasynda baglanyşýar. Şunda eýerjeň sözlem bir wagtyň özünde birnäçe baş sözlemi aýyklap gelýär: "Bu adamyň ýaşy **elliden geçen-de bolsa**, eti-gany ýerinde, aýak basyşy sagdyndy"; "Leýla bu barada aladalanyp pikir **etse-de**, Tarhanyň ýüreginiň bükgüldisi ýokdy, göwni göçgündi" (G.Kulyýew. Ýowuz günler); "Tarhan şu bela özüni mert **saklajak bolşa-da**, ýüreginiň urgusy barha artýardy, gitdikçe, persi bozulýardy" (şol ýerde); "Baý her günki endigine görä, bu günem ertir namazyndan soň uly aýalynyň öýünde tirsegini ýassyga berip ýaplandy **welin**, onuň

öňüne guşdyrnak gök çaý demlenip goýuldy, agyz süýjedýän ak gant, pürçükli kemput, halwa, hurma, kişmiş, kak ýaly zatlar üýşürildi" (Edebiýat we sungat. 22.02.2002).

6. Eýerjeň baglanyşyk esasynda baglanyşýan çylşyrymly garyşyk goşma sözlemlerde eýerjeň we baş bölekleriň ikisiniň hem deňdeş bolmagy mümkin: "Il içinde onuň abraýy **kän bolsa-da**, islän zadyny **bolduryp bilýän bolsa-da**, onuň özbaşyna howlusy ýokdy, kemally tutumy-da ýokdy, maşgalasyny hem obada saklaýardy, ýönekeý düzgün bilen mydar etmäni hem özi üçin bir senet saýýardy".

7. Iki bölegi hem eýerjeň goşma sözlemlerden düzülip, degşirme heňi arkaly baglanyşýar: "Garyp **ölse**, gamhor ýok, ýetim **ölse** – hossar" (Nakyllar we atalar sözi); "Aç behişde **barsa**, it barar, dok barsa – **doňuz**" (şol ýerde); "Ikewiň **agzy bir bolsa**, asmandakyny inderer, altawyň **agzy ala bolsa**, agzyndakyny hem aldyrar" (şol ýerde); "Gar ýagsa, bugurçy aglar, garyp **ölse**, kim aglar" (şol ýerde); "Görgüliniň gözi **agyrsa** – goňşusy duýmaz, arzylynyň gözi **agyrsa** – ýedi günlük ýere habar ýeter" (şol ýerde); "Bar **magtansa** – tapylar, ýok **magtansa** – gapylar" (şol ýerde); "Sürülmedik, arassalanmadyk hapa-haşal otly, ýere **tohum taşlasaň**, ozal-a, tohumyň gögerenok, ýek-tüki **gögerse-de**, erbetlikleriň garşylygyny ýeňip bilmän, olaryň içide ýitip gidýär" (Garagum. 2002. №4).

## Düzüm

Türkmen dilinde birnäçe deňdeş agzalaryň ýa-da deňdeş sözlemleriň özboluşly häsiýetde düzülip, belli bir ölçegde, sazlaşykly heňde aýdylyşyna duş gelinýär. Şu hili sözlemlere *düzüm* diýip at berilýär.

Düzüm gurluşy boýunça sanama we düýp böleklere bölünýär.

**Sanama bölek** deňdeş agzalardan ýa-da deňdeş sözlemlerden, käbir wagtlarda bolsa bularyň ikisiniň hem gatnaşmagyndan hasyl bolup, hemmesi bir ýerde toplanyp gelýär. Bular, köplenç, birdeň ölçegde beýgelýän heňde, yzygiderli häsiýetde sanalyp geçilýär. Deňdeş agzalar ýa-da deňdeş sözlemler birsydyrgyn



ýokarlanýan heňde aýdylanda, olaryň her biriniň arasynda gysgajyk dyngy berilýär. Sanalýan deňdeş agzalar we deňdeş sözlemler gutarandan soň, söze biraz dyngy berlip, düýp bölege geçilýär.

**Düýp bölek** ýönekeý sözlemlerde – deňdeş agzalaryň, eýerjeňli goşma sözlemlerde – deňdeş eýerjeň sözlemleriň, düzmeli we baglaýjysyz goşma sözlemlerde hem deňdeş ýönekeý sözlemleriň baglanýan bölegi bolup, peselýän heňde aýdylýar. Ol sanama bölekdäki deňdeş agzalaryň we deňdeş sözlemleriň hemmesini özünde jemläp, tutuş sözleme gutarnykly häsiýet berýär. Şunlukda, düzüm köplenç, beýgelýän heň bilen aýdylyp, peselýän heň bilen hem gutarýar. Şuňa laýyklykda adatça sanama bölek öňden gelip, düýp bölek bolsa soňunda getirilýär: "Emma dura-bara olar hem täze şäherçä göçýärler, kerpiç jaýlary salýarlar, köçeleri tekizleýärler, pyýada ýollary çekýärler, täze baglary oturdýarlar"; "Obalaryň arasynda at salyp aýlanýan jigitler, olar bilen edilýän dawa-jedeller, tamdyrlaryň başynda gopýan gykylyk, aýallaryň ahy-nalasy, Maryda näçe tamdyr bar bolsa, barysynyň birden burugsap çykýan tüssesi, şähere tarap barýan nan, bede ýükli sansyz arabalaryň sesleri, Baýramalydan iňňildäp gelýän uly toplaryň sesi **asmany tutup, ýeri sarsdyrýardy**".

Emma käbir halatlarda deňdeş agzalaryň ýa deňdeş sözlemleri jemläp gelýän düýp bölek öňde hem getirilip bilner. Munda ol peselýän heň bilen aýdylyp, ondan soň gelýän deňdeş sözler ýa-da deňdeş sözlemler beýgelýän heňde sanalyp görkezilýär.

"**Agyr halda mundakylaň hemmesi**,
**Käsiniň** eşidilýär iňleýän sesi,
**Käbiri** özüni her ýana urýar,
Aýylganç ses bilen gaty gygyrýar.
**Käsi** basyrganyp, uzak samraýar,
**Käsi** däli gözli, gorkunç garaýar.
**Käsi** sessiz-üýnsiz gidipdir uka,
**Käsi** ýüz tutupdyr panydan baka"

(*A.Kekilow. Söýgi*).

Şeýlelikde, düzümleriň köpüsinde sanama bölek öňde gelip, düýp bölek soňda ýerleşýän bolsa, birnäçesinde düýp bölek öňde ulanylyp, sanama bölek onuň yzyndan getirilýär. Sanama bölek öňde gelýän düzümler – peselýän, yzda gelýänler bolsa beýgelýän heň bilen aýdylýarlar. Heňiň neneňsiligine garap **beýgelýän heňli** hem-de **peselýän heňli düzümler** diýip iki topara bölüp görkezmek boljak.

Käbir düşümlerde bularyň garyşyk – beýgelýän hem peselýän ýa-da peselýän hem beýgelýän heňli görnüşlerine hem gabat gelinýär.

"Wahyt, gider bolsaň mundan,
**Janym söýen jany getir.**
Derdim zyýada gün-günden,
Şirin janym çykar tenden.
Pynhan syrym ýokdur senden,
Seň hem el göterme menden,
Maňa dost bolmaz her kimden,
Geler wagtyň çyksa çenden,
El götermen bu watandan,
Öldüm aýralyk odundan,
**Derdime dermany getir**".

(*Mollanepes. Zöhre – Tahyr*).

Şu mysalda heň iki ýerde: ikinji hem ahyrky setirlerinde aşak düşýär. Beýleki setirleriň hemmesi beýgelýän heňde birsydyrgyn sanalyp geçilýär.

Düzüm many taýdan sözlemiň adatdaky görnüşlerinden has dolulygy bilen tapawutlanýar. Ol bir zadyň ýagdaýyny, häsiýetini, bolşuny has töwerekleýin beýan etmek üçin ulanylýar. Mysal üçin, Mollanepes Zöhräniň görk-görmegini şeýle taryp edýär: "Bu gyzyň **agzy gunça, lebleri lagyl, gözleri mestana, galam gaşly, hünji dişli, syýa saçly, ýüzi jennetiň güli, owazy Bagy-Eremiň bilbili, owadanlygy on tördi gijäniň Aýyna barabar** erdi, şöhlesi asmana düşer erdi, gören adamlarda bir mähir peýda bolar erdi" (Mollanepes. Zöhre–Tahyr).



Düzüm bir grammatiki düşünje bolman, eýsem çeperçilik serişdesi hökmünde edebiýat ylmynyň hem öwrenýän zadydyr. Ol beýgelýän heňde aýdylyp, birdeň ölçegde sazlaşykly ulanylýan setirleriň üsti bilen adamlaryň içki duýgusyny, daşky keşbini we tebigatyň dürli hadysalaryny has doly hem töwerekleýin, akgynly hem çeper beýan etmek üçin hyzmat edýär. Düzümiň ajaýyp nusgasy hökmünde beýik söz ussady Magtymgulynyň:

"Galam alyp, namany gönderdigim bilmezmiň?
Efsun urup, hüthütni inderdigim bilmezmiň?
Arş üstüne galdyryp, mindirdigim bilmezmiň?
Tört gije, üç gün aglap, diňdirdigim bilmezmiň?
Eşek minip, Isa dek ýeldirdigim bilmezmiň?"

– diýip başlanýan "Bilmezmiň?" atly bäşleme goşgusyny tutuşlygyna mysal almak bolar.

## Başganyň gepi[1]

Sözleýän adam öz sözüniň içinde başganyň gepini hem ulanýar: "Wezir: "Men bu ýurda garyp bolup geldim, özüm hem saňa gul boldum, onuň üçin ogluma Garyp diýip at goýýaryn" diýdi" ("Şasenem–Garyp"); "Peri onuň bilen ýedi yklymy aýlanyp: "Hiý, meniň dek perizat gördüňmü?" diýip soraýar. Onda ýigit oňa: "Ýok, görmedim, asyl seniň dek perizat dünýä inen däldir" diýdy" ("Görogly").

Şu mysallarda goşadyrnagyň içine alnan sözlemler başganyň gepi bolup, awtor olary öz sözüniň içinde getiripdir. Şu hili sözlemleriň

[1] Soňky wagtlara çenli şuny atlandyrmak üçin "Başganyň sözi" ulanylýardy. Emma "söz" sintaksisiň öwrenýän zady bolmandan soň, ony "Başganyň depi" diýip atlandyrmagy dogry tapdyk. Ol adalga ýokary mekdebiň maksatnamasyna (2002) hem girizildi.

başga biri tarapyndan aýdylan bolmagy hökman däl, eýsem onuň oýundaky pikiri, gelen netijesi hem başganyň gepi bolup biler: "Kim depäniň çür depesine öňurti çyksa, şol baştutan bolmaly" diýip şert goýupdyrlar" (Ý.Mämmediýew. Şapak); "Barsam, onuň: "Sen indi menden aýrylyşyp bilmersiň!" diýmejek gümany ýok" (N.Saryhanow. Saýlanan eserler).

Sözleýän adam öz aýdan ýa oýuna getiren gepini hem başganyň gepi görnüşinde ulanyp biler: "Onuň beýle diýmeginden: "Garry gowşandyr" diýip düşündim" (N.Saryhanow. Saýlanan eserler); "Bularyň bir gizlin maslahaty bardyr" diýip, men öz ýanymden çak etdim" (şol ýerde).

Şunlukda, başga biri ýa-da özi tarapyndan aýdylan ýa bolmasa pikirine getirilen gepe ***başganyň gepi*** diýilýär. Başganyň gepi neneňsi aýdylyşyna, ýagny bolşy ýaly ýa-da üýtgedilip berlişine garap göni, gytak we ortak gep diýip, üç topara bölünýär.

## Göni gep

Başganyň gepiniň hiç bir hili üýtgedilmän, gönüden-göni bolşy ýaly aýdylyşyna ***göni gep*** diýilýär. Göni gepde başganyň gepiniň ähli grammatiki, stilistik aýratynlyklary doly saklanýar. Başgaça aýtsak, munda bir söz-de galdyrylyp ýa üýtgedilip aýdylmaýar. Hatda sözlemiň heň we duýgy aýratynlyklary hem özboluşlyklaryny ýitirmeýärler. Bu hili sözlemlerde başganyň gepiniň häsiýetli alamatlary: ýüztutma we modal sözler, şiwe sözleri hem kesp-kär sözleri doly beýanyny tapýar. Çünki ol gep kimiňki bolsa, şol adamyň gepleýiş aýratynlyklary onda büs-bütin bolşy ýaly ýüze çykýar. Şoňa görä göni gep çeper edebiýatda gahrymanlaryň dilini aýratynlandyryp görkezmekde möhüm ähmiýete eýedir. Munuň çeper edebiýatyň dilinde köp duş gelmegi hem şonuň üçindir:

"Ezber, kyýamatlyk agam bol!" diýdi,
"Ýarymny getirip, ýaryn al!" diýde,



"Garybyň yzyndan sorag sal!" diýdi,
Men seniň ýaryňy şundaýyn gördüm"
("Şasenem–Garyp").

Göni gep ulanylyş aýratynlyklaryna garap, ***bir adamyň gepi*** (monolog) ***we iki adamyň gepi*** (dialog) diýen iki topara bölünýär. Bir adamyň gepi bolanda, kimdir biriniň öz-özüne ýa-da köpçülige ýüzlenip aýdýan gepine düşünilýär. "Hut şol wagtyň özünde: "Men näme üçin beýle ganygyzgynlyk edýärin? Bulara öz dilim bilen özüm tutaryk berýärin" diýip ýüregimdäkini orta taşlanyna, wagtlaýynça hem bolsa, ýüzündäki perdesini syranyna ökünjek bolýardy" (G.Kulyýew. Köpetdagyň aňyrsynda).

Iki adamyň gepi bolanda, gürrüň iki ýa ondan köp adamyň arasynda barýar:

"– Mertlik näme?
– Ötünç soramagy başarmak.
– Iň ýagşy hünär haýsy?
– Ylym hünäri.
– Kim bilen dost bolmaly?
– Bahyllykdan daş ýören kişi bilen.
– Akylly kişileriň kimlerden ätiýaçly bolmagy gerek?
– Nadan ikiýüzlülerden hem gysganç baýdan" (Türkmen gündogary. 28.12.2001).

Gepleşik awtoryň sözünden soň ikinokat goýlup, setir başyndan keseçyzyk bilen başlanýar we awtoryň sözünden keseçyzyk bilen aýrylyp ýazylýar. Bir adamyň gepi ýa alnym (sitata) görnüşinde ýüze çykanda bolsa, köplenç, goşadyrnagyň içine alynýar.

Göni gep awtoryň sözi bilen "diýip, diýen" sözleriniň üsti bilen baglanyşýar. Olar bolmadyk ýagdaýynda, "diýmek, aýtmak, soramak" ýaly geplemek, pikirlenmek bilen bagly bolan işlikler hem ulanylyp biler. Şunda ol, köplenç, awtoryň sözüniň ortasynda gelýär. Awtoryň sözüniň eýesi adatça göni gepden öň gelip, habary bolsa ondan soň, sözlemiň ahyrynda getirilýär:

"Günleriň bir güni üç dogan işe gideninde, ýagşyzada uly doganyň gelniniň ýanyna baryp:

– Gyzym, meniň müddetim doldy, men ýola gitmeli, näme gerek-ýaragyň bolsa, dile – diýýär" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

Göni gep tertip boýunça awtoryň sözünden öň gelip biler:

"– Gyzym, meniň barmaly ýerim köp, näme baýlyk gerek bolsa, dile, men gitmeli – diýipdir" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama);

"–Dünýä nireden başlaýar?

– Iki garagyňdan – diýip, dana jogap beripdir" (şol ýerde).

Göni gep "diýip, diýen" sözleriniň üsti bilen baglanmadyk halatynda, ol awtoryň sözünden soň gelip, heň arkaly onuň bilen baglanyşýar: "Ýagşyzada lampa özüni ýere goýberipdir:

– Haý, gyzym, men agzybirligi goýup, hanjak gideýin. Meniň bar baýlygymyň açary – agzybirlik. Men ömürlik siziňkide galmaly boldum" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

## Gytak gep

Başganyň gepi gönüden-göni, bolşy ýaly berilmän, üýtgedilip hem aýdylýar. Şuňa ***gytak gep*** diýilýär. Gytak gepde başganyň gepiniň şahsy aýratynlyklary: ýüztutma, giriş sözleri, ümlükler galdyrylyp ýa üýtgedilip aýdylýar. Başgaça aýtsak, onuň esasy mazmuny saklanyp, sözlem gurluşy degişli özgerişlere sezewar bolýar:

"– Näme beýle giçläpsiň-le? – **diýip**, ondan sorady.

– Aý, ertir gaza ýetişmelidirin – diýip, durman geçip gitdi".

Şu mysallarda başganyň gepi bolşy ýaly, hiç birhili üýtgedilmän göni şekilinde berlipdir. Şuny birneme uýtgedip, gytak şekilde hem aýtmak mümkin: "**Onuň näme beýle giçlänini** sorady. **Ertir gaza ýetişmelidigini** aýdyp, durman geçip gitdi". Ynha, şu mysallardan görnüşi ýaly, başganyň gepi gytak şekilde berlende, "-le, aý" ýaly ownuk bölekler bütinleý taşlanýar. Birinji sözlemdäki



"diýip" sözi galdyrylyp, ikinji sözlemdäki "aýdyp" sözi bilen çalşyrylýar. Sözlemiň beýleki agzalary hem göni şekilde däl-de, grammatiki taýdan üýtgedilip, gytak goşulmalaryň we baglaýjylaryň üsti bilen aňladylýar. Goşulmalar üsti bilen aňladylanda, göni gepdäki eýe gytak gepde doldurgyja öwrülýär. Şunda sözlemiň habary işliklerden bolsa, ortak işlik şekilinde "-dyk, -dik // -lyk, -lik" goşulmasyny kabul edip ýa etmän, degişli ýöňkemede, ýeňiş düşümde getirilýär. Sözlemiň habary sypatlardan, atlardan, işligiň hökmanlyk şekilinden, "bar, ýok" ýaly modal sözlerden bolup gelende hem, ýokary tertipde "-dyk, -dik, // -lyk, -lik" goşulmasyny kabul edip, degişli ýöňkemede, ýeňiş düşümde ulanylýar. Ýöne şunda "-dyk, -dik, // -lyk, -lik" goşulmalary käbir halatlarda galdyrylyp hem ulanylyp biler.

Gytak gep baglaýjylar bilen aňladylanda, "diýip" sözüniň üsti bilen ýüze çykarylýar. Munuň baglanyşy göni gepe çalym edýär. Ýöne bularyň aýratynlygy şundan ybarat: baglaýjylar bilen aňladylýan gytak gepde ýöňkemede üýtgeşme ýüze çykýar: "Haçan **öňüňde** goýlarka diýip **garaşyp** oturmagyn – diýip, Durda hoşamaýlyk bilen ýyly sözler aýtdy". Şunda "haçan **önüňde** goýlarka" gytak sorag sözlem bolup, baş sözlem bilen "diýip" sözüniň üsti bilen baglanyşýar. Şunuň göni görnüşi – "Haçan **öňümde** goýlarka" bolmaly. Göni gep gytak gepe öwrülende, birinji ýöňkemäniň goşulmasy ikinji ýöňkemäniň gosulmasy bilen çalşyrylypdyr. Başga bir mysal: "**Ejesi** bularyň yzyndan ýeter, **özüni** halas eder diýip garaşdy" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak) diýen sözlemde başganyň gepi gytak şekilde baglanyşýar. Munda birinji ýöňkemede gelýän sözler, şekiller üçünji ýöňkemedäki sözleriň we şekilleriň üsti bilen berilýär.

## Ortak gep

Ortak gep başganyň gepiniň bir görnüşi bolup, gurluşy hem ulanylyşy boýunça onuň göni hem gytak şekillerinden tapawutlanýar. Munda awtor gahrymanyň pikirini, içki duýgusyny, tolgunmasyny öz dilinden berýär.

Gytak gepde hem başganyň gepi awtoryň öz sözi bilen aňladylýar. Ol sintaktik taýdan özbaşdaklygyny ýitirip, dürli öwrümler ýa-da eýerjeň sözlem görnüşinde ýüze çykýar. Onuň kime degişlidigini, nähili ýagdaýda ýüze çykanyny bildirip gelýän awtoryň sözi bolsa baş sözlem görnüşinde ulanylýar. Gytak gepde başganyň gepiniň heň aýratynlygy saklanmaýar. Ol grammatiki taýdan käwagtlar azrak, köplenç bolsa düýpli özgerişlere sezewar bolýar. Mundan hem başga, gytak gepde başganyň gepi sözlük düzümi boýunça hem üýtgeýär. Mysal üçin, ümlükler, ýüztutma hem modal sözleri taşlanýar, olaryň manysy beýleki serişdeleriň üsti bilen aňladylýar.

Emma ortak gepde ýagdaý beýle däl. Bu belli bir derejede grammatiki hem heň taýdan özbaşdaklygyny saklaýar. Şu babatda ol göni gepe çalym edýär. Ýöne muny göni gep bilen bütinleý birmeňzeş hasaplamak bolmaz. Mälim bolşy ýaly, göni gep başganyň gepiniň üýtgedilmedik görnüşidir. Şona görä ol grammatiki, heň hem sözlük düzümi boýunça özbaşdak häsiýete eýedir. Emma ortak gepde bu özbaşdaklyk çäklidir. Çünki munda başganyň gepi sözleýän adamyň gönüden-göni özi tarapyndan aýdylman, awtoryň öz dilinden berilýär. şona görä munda şahs görkezýän işlik şekillerde we degişli at çalyşmalarynda ýöňkeme taýdan üýtgeşmeleriň ýüze çykýanlygy bellidir. Mysal üçin: "Birden gorkularyna **ony** taşlap gidäýseler?...Onsoň olar öňünden çykana-da gürrüň ederler. Ýok, olary her zat etmeli weli, ynandyrmaly. Olara eýe däl-de, **adamdygyny** bildirmeli!" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak) diýen sözlemlerde gahrymanyň ýüreginde dörän wehimi awtoryň özi beýan edýär. Şonuň üçin "Birden gorkularyna **ony** taşlap gidäýseler?.." diýen sözlem, eger gahrymanyň öz dili bilen aýdyljak bolsa: "Birden gorkularyna **meni** taşlap gidäýseler?!" şekilinde bolmaly. Emma bu sözlemiň gahryman tarapyndan däl-de, awtor tarapyndan aýdylýany üçin, birinji ýöňkemedäki "meni" at çalyşmasy üçünji ýöňkemede gelen "ony" sözi bilen çalşyrylypdyr.

Ortak gep awtoryň gepinden heň hem grammatiki taýdan tapawutlanyp, köplenç, ondan aýry ulanylýar. Emma munuň özi ortak



gep bilen awtoryň gepiniň arasynda hiç hili baglanyşyk ýoklugyny aňlatmaýar. Eýsem bularyň arasynda many taýdan baglanyşyk saklanýar. Ol, köplenç, öň ýanyndaky sözlemlerde "oýlanmaga mejbur etdi", "sorag berdi", "ýadyna saldy", "oý-pikirler onuň başynda", "pikir geldi", "ýoluny gözledi" ýaly sözleriň getirilmegi bilen aňladylýar: "Özündäki bolan şu üzül-kesil özgerme Zybany çynlakaý **oýlanmaga mejbur etdi.** Öz ýüregine **özi sorag berdi.** Bu näme boldugy? Şu indi däliräp ýördügimikä? Aý, ýok-la, onuň akyly ýerinde ahyry. Gaýtam, ol gün-günden ýagşyny-ýamany gowy aýyl-saýyl edýär, gün-günden duýgur bolýar. Hey, olam däliräp bilermi?! (Ý.Mämmediýew. Ene toprak); "Ol Aýsoltanyň öýündäki duşuşygy **ýadyna saldy.** Şol ýönekeýje az salymlyk gürrüňiň özi eýsem uly zatlara wada bermeýärmidi?" (şol ýerde); "**Ýüz müň oý-pikirler onuň başynda:** hojaýyn gör näme iş üçin çagyrypdyr? Belki, öýünde bir betbagtçylyk bolupdyr ýa-da onuň tarapyndan bir ýaman gep-gürrüň eşidipdir...": Olara hökman kömek bermek gerek diýen **pikir geldi.** Emma nädip? Şunuň ýaly ýagdaý bolanda näme etmelikä? Tejribeli adamlar bolanlarynda, häzir nähili ederdiler? (şol ýerde); "Ol onuň öňüni almagyň **ýoluny gözledi.** Emma nädip? Oňki gezekki ýaly, ol oňa gabat geler durarmy? Niçesar onuň yzyna göz-gulak bolup gezjek?" (şol ýerde).

Ortak gep bilen awtoryň gepini many taýdan baglanyşdyrýan "şu pikirler bilen", "şu oýlar bilen" ýaly sözler ortak gepden soň gelýän awtoryň gepiniň içinde hem getirilip ulanylýar: "Häzir onuň zada eli ýetjekmidi? Asyl-ha ölüme gynanýan bu günki günde zada göwni galarmy? Yşkyň heserine düşmek bilen dostuň patasy bir ýere sygşarmyka beri? Ol **şu pikirler bilen** şu ýere ýetenini duýman galypdy" (Ý.Mämmediýew. Ene toprak): "Ol **şu oýlar bilen** hiç zady aýgyt edep bilmän durka, süri jaýyň deňine ýetdi" (şol ýerde).

Ortak gep ulanylyşy boýunça göni we gytak geplerden tapawutlanýar. Göni gep has köpräk çeper edebiýatda ulanylyp, gahrymanlaryň dilini ähli aýratynlygy bilen görkezmek üçin peýdalanylýar. Munuň özi hakykatda bolup geçýän wakalary, gahrymanlaryň özara gürrüňlerini hiç bir hili üýtgetmän, bolşy ýaly ýazyp görkezmek üçin iň bir oňaýly serişdeleriň biridir. Eserde

gatnaşýan gahrymanlaryň gepleýiş aýratynlyklary doly saklanyp, durmuşda bolşy ýaly teswir edilýär.

Gytak gep, munuň tersine, köpräk ylmy edebiýatlarda her dürli habarlarda köp ulanylýar. Ol başganyň gepini bolşy ýaly görkezmegi göz öňünde tutman, diňe onuň mazmunyny beýan etmek bilen çäklenýär. Çünki ylmy edebiýatlarda we her hili habarlarda başganyň gepini bolşy ýaly getirmegiň onçakly zerurlygy bolmaýar Bu hili ýagdaýlarda okyjyny ýa diňleýjini gyzyklandyrýan zat başganyň gepiniň neneňsi aýdylanlygy, ýagny onuň ähli jikme-jikligi däl-de, onuň mazmuny bolup durýar. Eger başganyň gepini bolşy ýaly getirmäge zerurlyk bolsa, mysal üçin, düşünişmezlik ýüze çyksa, mesele çakdanaşa jedelli bolsa. ýa başganyň gepiniň ýütgedilip berilmegi onuň manysyna düýpli zeper ýetirýän bolsa, ylmy edebiýatlarda, şeýle hem habarlarda başganyň gepi alnym görnüşinde üýtgedilmän, bolşy ýaly ulanylyp biler.

Ortak gep bularyň ikisinden hem tapawutlanyp, diňe çeper edebiýatda gahrymanyň içki duýgusyny: oýlanmasyny, şatlygyny, tolgunmasyny... ýazyp görkezmek üçin hyzmat edýär. Munda gahrymanyň içki dünýäsi, oý-pikiri, harasady awtoryň özi tarapyndan beýan edilýär. Ýöne ol awtor tarapdan beýan edilse-de, aslyýetinde gahrymanyň içki duýgulary, aýdaýjak sözleridir. Bu ýerde awtor diňe şolary ýüze çykarmakda öz gahrymanyna "kömege ýetişýär". Şunlukda, ortak gep grammatiki taýdan başganyň gepiniň bir görnüşi bolmakdan başga-da, çeper edebiýatda gahrymanyň içki dünýäsini açyp görkezmek üçin hyzmat edýän derwaýys stilistik serişdedir.



# DYNGY BELGILER

## Umumy maglumat

Dyngy belgilere nokat, ýüzlenme, sorag, sorag-ýüzlenme, otur, nokatly otur, ikinokat, köpnokat, goşadyrnak, keseçyzyk, ýaý degişlidir. Bular sözlemleriň manysyna dogry düşünmekde uly ähmiýete eýedir. Sözleýiş dilinde dyngy belgileriň hyzmatyny, köplenç, dyngy we heň öz üstüne alýar. Ýöne bular bütinleý bir-birine dogry gelýär diýip bolmaz. Dyngy goýlan ýerde oturyň goýulmagy hem, goýulmazlygy hem mümkin. Mysal üçin, "Däli – porhan baharyň mylaýym demi bilen dür damjalaryndan heýjana gelen mukaddes toprak // bu ýyl Balkan welaýatynyň aglaba ýerini gül-pürçükli lälezarlyga besledi" (Türkmenistan. 01.05.2002) diýen sözlemiň eýesinden soň sözleýiş dilinde biraz säginilip geçilýär. Käbir wagtlar dyngy berilýän ýerlerde otur bolmalymyka diýip, ýalňyşyp, oturyň goýulýan wagtlary hem bolýar. Emma dyngy berilýänligine garamazdan, ýazuwda hemme ýerde otur goýmaly däldir. Dyngy belgiler aýry-aýry grammatiki kadalar bilen baglanyşykly bolup, olaryň her biriniň ulanylýan ýerleri we ýerine ýetirýän hyzmatlary bolýar. Türkmen dilinde dyngy belgiler şu aşakdakylardan ybaratdyr.

### *Nokat*

1. Habar sözleminden soň nokat goýulýar: "Men bir zada begenýärin. Atamdanam, kakamdanam maňa miras galan zat ýok. Emma olar maňa gaty ummasyz uly mirasy galdyrypdyrlar" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

2. Buýruk sözleminden soň nokat goýulýar:

"Biliň baglap düşseň uzak ýollara,
Ýol başynda galan ýaryň **unutma**.
Seýran etseň sowsan-sünbül güllere,
Ýol başynda galan ýaryň **unutma**"
(*Mollanepes. Zöhre–Tahyr*).

3. Tertip görkezmek üçin ulanylýan sanlardan soň ýaý bolmasa, nokat goýulýar: "1. Guramaçylyk meselesi. 2. Gatnaşyk meselesi".

4. At sözlemlerinden soň nokat goýulýar: "Gijara. Bahar. Institutyň baş binasy".

5. Gysgaldylan sözleriň her haýsy aýratyn many aňladanda, olaryň soňundan nokat goýulýar: "A.Kekilow, B.Hudaýnazarow, we ş.m.".

6. Başganyň gepinde habar sözlemi diňe ahyrda gelse, onuň yzyndan nokat goýulýar: "Bähbit pälwan häzir özüni däl-de, Söýnüň ykbalyny gaýgy edýärdi: "Bujagaz töhmetjik maňa kär etmez. Emma Söýnüň haly teň. Jemhur arkasyny tutaýmasa, beladan nädip gutuljagy belli däl" (N.Jumaýew. Welaýat).

7. Sahna eserlerinde gahrymanlaryň adyndan soň nokat goýulýar: "**Seýidow**. Giriberiň".

Nokat aşakdaky ýerlerde goýulmaýar:

1. Habar sözlemi şekilinde gelen sözbaşylardan soň: "Pagta ýygymy başlandy"

2. Gysgaldylan sözlerde "BMG, TDH".

3. Ölçeg birligini görkezýän gysgaltmalarda: "sm, m, mm, dm, km, g, kg, s, t, l, kub, sek, min, sag, ga, ar, kw" we ş.m.

4. Bildiriş, arza, dil haty, we ş.m.

5. Rim we "-nji, -njy" bilen gelýän arap sanlarynda: "I bölüm, 45-nji otag..."



## *Ikinokat*

1. Sözlemde deňdeş agzalardan öň jemleýji söz gelýän bolsa, şonuň yzyndan, deňdeş agzalaryň hem öňünden ikinokat goýulýar: "Ol **hemme zady**: adamlary, köşejikleri, eldäki keýik owlajyklary, guzujyklary, guba düýäniň mylaýym selinlerini, älemgoşary, bahar ýagşyny, giň sährada biri-birini kesip geçýän ýodalary, bütin tebigaty söýýärdi" (B.Hudaýnazarow. Gumlular).

2. Eýerjeň sözlemlerden, hal işlik öwrümlerinden soň başganyň gepi ýa-da gepleşik gelýän bolsa, eýerjeň sözlemlerden, hal işlik öwrümlerden soň otur goýulman, ikinokat goýulýar: "Onuň ýanynda durup:

"– Ýaragyňyzy beriň, Süleýmanow" – diýende, ol agraslyk bilen baş galdyryp, oňa manysyz nazar saldy" (N.Jumaýew. Welaýat).

3. Başganyň gepi alnym şekilinde alynsa, öňünden ikinokat goýlup, goşadyrnaga alynýar: "Türkmenistanyň halk şahyry Aman Kekilow:

"Gyş gara görkezmez, hemişelik ýaz,
Sen azat ýaşarsyň, şöýgüli Kawkaz!"

diýip, uruş ýyllarynda ýazypdy".

4. Gepleşige gatnaşýan adamlaryň atlaryndan soň ikinokat goýulýar:

"Ýaşuly iç işikde aýak çekdi-de;

– Oturyň, ogullarym, oturyň! – diýip, mylaýymlyk bilen ýüz tutdy.

"Begenç:

– Hoş gün hemmä hesip etsin, Magtymguly aga – diýip, çekinjiräp jogap berdi" (G.Kulyýew. Ýowuz günler).

5. Aýdyljak pikiriň öňünden duýduryş berlende:

"Häzir **iki mesele** biziň ünsümizi çekýär:

1) synaglara taýýarlyk;

2) tertip-düzgün barada".

6. Düşündiriji sözlerden, sözlemlerden öň ikinokat goýulýar:

"Edil şol pursatda töwerekden kömek soramaga-da ýagdaý ýokdy: iki gapdaldaky rotalar öz pozisiýalaryny saklamalydy, batalonyň ştaby bilenem aragatnaşyk ilki atyşykda kesildi" (A.Orazmyradow. Üç duşuşyk).

7. Alnymlardan, başganyň gepinden öň duýduryş berilmeýän bolsa, olaryň öňünden ikinokat goýulman, diňe goşadyrnak açylýar. "Ikisinde-de", "Atamyrat Annanyýazyň aýaly, çagalary ýer titremede wepat boldy diýip maglumat berlipdir" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

8. Habary galdyrylan baglaýjysyz goşma sözlemleriň birinji böleginden soň ikinokat goýulýar: "Iň ýamany: bahar tamam bolup barsa-da, bir damja suw gelmän, Tejen derýasynyň taňkyrap ýatmagydy" (N. Hojageldiýew. Gülle degen sünbüller); "Geň göräýmeli zat: Ildeşi Naýzaly halapdyr" (A.Atajanow. Öt tanyşlaryň).

### *Köpnokat*

Köpnokat aşakdaky ýerlerde goýulýar:

1. Pikir doly aýdylyp gutarylmadyk ýagdaýynda köpnokat goýulýar: "– Men olara-da **düşünýän**... Emma men baş gahrymanyň üýtgedilmegine garşy bolup, eserimi yzyna aldym... Saparmyrat jan, oglum, kakaň hakyky gahrymandy, onuň ykbalyny, söweş ýoluny hökman **öwrengin** (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama). "Oň bäş million dowar dört million töweregi türkmen üçin köp mal däl, emma". (Garagum. 2002. №1).

2. Giň säginme bilen aýdylanda: "Men şonda Göroglyny ýatlaýardym. Emma duşmanlar Göroglynyň hem başyny alyp gitdiler: "Gaýdyp türkmeniň başy birikmesin diýip... Emma... Emma Jygaly beg diri ahyry!" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

3. Deňdeş agzalar doly sanalmadyk ýagdaýynda köpnokat goýulýar: "Pespällik, göwnükiçilik, sabyr – kanagatlylyk, rehim-darlyk... türkmeniň asyl häsiýetleridir" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Söýgi – dowzah hem jennet, bal hem zäher, gül hem tiken, **ot hem buz**...".



4. Başganyň gepi gysgaldylyp alnanda, şony bildirmek üçin gysgaldylýan ýerinde köpnokat goýulýar: "Ýagşy söz ýylany **hininden çykarar**..." diýýä".

1. Aýratyn duýgy bilen aýdylýan ümlüklerden soň: "**Ah-h**... Men ellinji ýyla çenli ýaşan bolsam, ýetmişe ýeten adam bolardym; "**Ah**... Aýlar geçer, Ýyllar geçer"; "**– Hüm-m**... onda nutuk aýtjak däl-dä?".

### *Sorag belgisi*

Sorag belgisi sorag sözlemlerinden soň goýulýar:

– Dermanlaryňyz **ýeterlikmi**?" (Türkmenistan. 01.05.2002).

– Suw üpjünçiligiňiz **nähili**?" (şol ýerde).

"Hiý, gezip ýören ýerleriňde şuna taý geljek kitaba dus gelen ýeriň **boldumy**?" (N.Sazyhanow, Saýlanan eserler).

– Şeýle köp guzy almagyň öz **syr-a bardýr**? (Türkmenistan. 01.05.2002).

### *Ýüzlenme belgisi*

Ýüzlenme belgisi şu aşakdaky ýerlerde goýulýar:

1. Ýüzlenme sözlemlerinden soň: "Ruhuňyz hemişe **belent bolsun**!" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Şonuň üçin hem kalbyňyzy **arassa şaklaň**, ruhuňyzy **gözden salmaň**!" (şol ýerde); "Sahawatyň üçin **taňryýalkasyn**, Beýik Serdar!" (Türkmenistan. 03.12.2001). "Täze ýylyňyz **gutly bolsun**, eziz adamlar!" (Türkmen gündogary. 01.01.2002). "Munuň her bir sözi köşekli düýä degýändir"!.. (N.Saryhanow. Saýlanan eserler).

2. Belent heňde aýdylýan buýruk sözlemlerinden soň: "**– Ur!** Tä hasaň omrulýança **ur!**"; "– Seniň diliňi **keserin!**"; "**Garaş,** gyz! **Garaş**! Döwlet guşuna **garaş**!"; "– Biziň **öňümize düş**!".

3. Ýüztutma, jogap sözleri, ümlükler sözlemiň başynda gelip, belent heň bilen aýdylanda, olaryň yzlaryndan ýüzlenme belgisi goýulýar: "Mähriban halkym!" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Mähriban türkmen halkym! Eziz ilim!" (şol ýerde).

4. Aýratyn güýçli duýgy bilen aýdylanda, ýüzlenme belgisi yzly-yzyna üç gezek hem goýulýar: "**– Baý, heleý-eý!.. Gid-eý!.. Güm bol-uw-w!**"; "**– Wah!.. Eje jan!.. Men öldüm-le!!! Ýüregim ýaryldy-la!!! Ah!.. Wah!!!**".

### *Sorag – ýüzlenme belgisi*

Sorag hem ýüzlenme heňi bilen aýdylanda goýulýar: "Ibn Sina oňa: –Ýaş sanaşmaga başlamazdan öňinçä, bir gije-gündizi nähili geçirýändigiňizi **aýtsaňyzlaň**?!" – diýipdir" (Türkmen dili. 02.05.2001); –"Kitap bilen iş salyşýandyryn – diýdiňmi, **ýagşy ýigit**?! (N.Saryhanow. Saýlanan eserler). "**Nämä** mümkinçilik, **nämäniň** puryjasy?!" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

### *Otur belgisi*

Otur belgisi şu aşakdaky ýerlerde goýulýar:

1. Giriş sözler we sözlemler otur bilen aýrylyp görkezilýär: "**Diýmek**, gowy adam bolmak özgä däl, **öňi bilen**, özüňize zerur" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "**Elbetde**, Ýaradan gudratlydyr" (şol ýerde); "Men ýeke çagym, **köplenç**, eziz käbämi ýatlaýaryn" (şol ýerde); "Men, **ertekilerdäki goja kişi ýaly**, ähli keselimden gutulýaryn" (şol ýerde).

2. Ýüztutma sözler otur bilen tapawutlandyrylyp görkezilýär: "Eý, **eziz ildeşim**, **mähriban halkym**, buýsanjaň başyňyzy belent tutuň, ruhubelent boluň, gadamyňyzdan uçgun syçradyp geziň, siziň ajaýyp döwletiňiz bar!" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "– Haý, gyzym, agzybirligi goýup, hanjak gideýin" (şol ýerde).

3. Jogap sözler otur arkaly aýratynlanyp görkezilýär: "– **Hawa**, men akyl-huşumy aldyryp, muňa üns bermändirin" (Türkmen gündogary. 29.12.2001); "– **Ýok**, ol beýle däl…"; "– **Ýok**, beýle zat bolup bilmez".

4. Ümlükler otur bilen aýrylýar: "**Baý**, sen-ä uly iş bitiripsiň" (A.Durdyýew. Saýlanan eserler); "**Wah**, inim, beýle boljagyny men näbileýin. **Wah**, ýaňyja-da bardy. **Päheý**, **näheý**, oňard-ow" (şol ýerde).

5. Deňdeş agzalar öz baglanýan sözlerini bir tarapdan aýyklanlarynda, olaryň arasynda otur goýulýar: "Türkmen, tapawut goýmazdan, ähli adamlar bilen **dogruçyl bolmalydyr, kezzaplyk etmeli däldir, ýalan sözlemeli däldir**, **göriplik etmeli däldir**, **utanjaňlyk**, **ýumşaklyk**, **mähremlik** oňa ýaraşýan ahlak sypatlaryndandyr" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

6. Deňdeş agzalaryň şeýle hem düzmeli goşma sözlemleriň arasynda "we, hem, -da // -de, bilen, emma, ýöne, weli, ýogsam, bolmasa, ýa // ýa-da, kä // käte, ne // ne-de, -dyr // -dir" ýaly baglaýjy serişdeler ulanylýarlar. Şulardan "we, hem, bilen, -dyr // -dir, ýa // ýa-da, kä // käte" baglaýjylary gelip, birden artyk gaýtalanmasa, olaryň arasynda otur goýulmaýar.

"-da // -de" baglaýjysy ýekelikde ulanylsa-da, gaýtalanyp ulanylsa-da, otur goýulýar:

ýekelikde ulanylyşy: "Demirgazykdan gara bulut **geldi-de**, güýçli ýagyş ýagdy".

gaýtalanyp ulanylyşy: "Geçen bagtyýar ýyllaryň dowamynda ýurduň **içinde-de**, **daşynda-da** Beýik Serdarymyza düşünmedikler, onuň syýasatyna müňkürlik edenler, öz bähbitjikleri, gara nebisleri üçin il-günüň, Watanyň bähbidine hyýanat edip ynamyny ýere çalanlar hem boldy" (Türkmenistan. 28.11.2001).

"Adamkärçilik bitewi bir düşünje bolup, onda **mertlik-de**, **gaýrat-da**, **lebiz-de**, **dogruçyllyk-da**, **halallyk-da**, **adalat-da** jemlenendir" (Türkmenistan. 31.12.2001).

"Hem, ýa//ýa-da, ne//ne-de, kä//käte" baglaýjylary gaýtalanyp ulanylanda, otur goýulýar: "Ol **ne** suw, **ne-de** saman"; "Pikiriň-niýetiň **hem** halal bolsun, sözüň, **hem** halal bolsun, işiň **hem** halal bolsun. Diňe şonda hakyky halallyk kemala geler" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "**Bir görseň-ä** şat, **bir görseňem** gamgyn" (G.Gurbansähedow. Toýly Mergen); "**Ýa** lal otur, **ýa** dür saçgyl"

(Magtymguly. Saýlanan goşgular); "Emma indi Gyrmyzy **ne-hä** soraga jogap berýärdi, **ne-de**, başyny ýaýkaýardy" (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy); "Arkaç mukamynyň" tahyş äheňi gapydan **kä** çykyp, **kä** girip byzbydyklap ýören Şekil ejäni-de duran ýerinde doňduryp goýdy" (şol ýerde).

"Emma, ýöne, ýogsa, bolmasa" baglaýjylaryndan öň "welin" baglaýjysyndan hem soň otur goýulýar: "Elli ýyldanam köp wagt geçdi, **emma** mähriban ejemiň ýylgyryşlary şindizem gözlerimiň öňünde" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Ol haýat ýene bolar, **ýöne** ol indi palçykdan däl-de, göm-gök öwüsýän daragtlardan bolar" (şol ýerde); "Uly geplemek günädir **welin**, öz güýjüne ynanmazlygam är kişä gelişmeýär" (N.Jumaýew. Welaýat); "Wah, Bähbit sowatsyz-da, **ýogsam** ony welaýat ýolbaşçylygyna çekerdik" (şol ýerde); "Bu ülkäniň, adamlary aýratyn myhmanparaz, **ýöne** bu häsiýetiň sap adamkärçilikden gelip çykýan bolmagy-da mümkin **welin**, ýürekgysdyryjy çola durmuşyň etdirýän oýny bolmagy-da ahmal (B.Hudaýnazarow. Suwuň ysy).

7. Eýerjeňli goşma sözlemlerde eýerjeň sözlem bilen baş sözüň arasynda otur goýulýar:

eýerjeň sözlem baş sözlemden öň gelse, eýerjeň sözlemiň soňundan otur goýulýar: "Pakyry mundan beter horlamaýyn **diýip**, men ýylgyrdym" (B.Hudaýnazarow. Akar suwuň aýdymy); "Goçgarow üçin adam **näçe peýdaly bolsa, şonça-da** onuň bahasy beýgelýärdi" (N.Jumaýew. Welaýat);

eýerjeň sözlem baş sözlemden soň gelse, eýerjeň sözlemiň öňünden otur goýulýar: "Ol işe baranda halyçy gelin-gyzlar geňirgendiler, **çünki** bu gün olaryň gözüniň öňünde duran düýnki şadyýan Bahar däldi" (A.Gowşudow. Köpetdagyň eteginde);

eýerjeň sözlem baş sözlemiň ortasynda gelse, onda onuň iki tarapyndan hem otur goýulýar: "Mugallym, **okuwçylar gelendir öýdüp**, mekdebe gaýdypdy".

8. Eýerjeň sözlem baş sözlem bilen "sebäbi, çünki, ýagny" ýaly baglaýjylar bilen baglanyşanda, otur şol baglaýjylardan öň goýulýar: "Pökgen hem soň ol barada gürrüň etmedi, **çünki** şol wagt gelip girenler gürrüňiň arasyny üzdüler" (A.Gowşudow. Köpetdagyň eteginde); "Annaguly sölpi at şundan galypdy, **ýagny** ol geýen eşigini, balagynyň uçguryny, çarygynyň bagyny oňarman süýräp, hopul-sopul gezerdi" (A.Durdyýew. Saýlanan eserler); "Dostluk beýik zatdyr, **çünki** ol adamy ruhy-aň ýalňyzlygyndan halas edýär..." (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Beýik hemişelik bolup bilmez, **sebäbi** ol bir ýerde durup bilmeýär" (şol ýerde).

9. "Diýip", "öýdüp" baglaýjylary arkaly eýerjeň sözlem baş sözlem bilen baglanyşsa, olaryň yzyndan otur goýulýar. "Käte-käte geplejek gepimi tapamok **diýip**, ozal boýun alypdym" (B.Hudaýnazarow. Akar suwuň aýdymy).

Eýerjeň sözlem öz baglanýan sözüniň öň ýanyndan gelende, baglaýjyly ýa baglaýjysyz baglanyşýanlygyna seretmezden, eýerjeň sözlem bilen baş sözlemiň arasynda otur goýulmaýar: "Bu işeňňir gyzymyz başga bir oba gidäýmeli bolarmyka **diýip** gorkup ýördüm, hernä ýene öz obamyzda galdy" (A.Gowşudow. Köpetdagyň eteginde);

"diýen" sözi bilen baglanyşýan eýerjeň sözlemlerden, şeýle hem başganyň gepinden soň otur goýulmaýar: "Dogrusy, ol bu saparky haýyşymy artykmaç görer **diýen** howatyrym bardy" (B.Hudaýnazarow. Akar suwuň aýdymy); "Käte gazetlerde diýmedik zadyňy hem diýdirip ýazaýýarlar **diýen** gürrüň bar" (şol ýerde); "Olar günorta çölden kanal geçirmek mümkinçiligi ýok **diýen** netijä gelipdirler" (şol ýerde).

10. Giriş sözi şekilinde ulanylýan "ýeri, tersine, hany, umuman, esasan" ýaly sözleri hem otur bilen aýryp ýazmaly diýlip görkezilýär: "**Umuman**, ilatyň ýüzden bäş bölegini başga milletiň wekilleri tutýar" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Ygally, boz toprakly demirgazyk ýurtlarda, **esasan**, mymyk ösümlikler ösýär, emma howasy yssy, gurak Gündogarda ähli ösümlikler diýen ýaly tikenlidir. Ygally, boz toprakly Demirgazykda ir-iýmişler turşy, hatda gawuna-da şeker sepip iýmeli, **tersine**, yssy, gurak Gündogarda ähli miweler bal ýaly" (şol ýerde).

## *Nokatly oturyň ulanylýan ýerleri*

1. Baglaýjysyz goşma sözlemleriň düzümine girýän ýönekeý sözlemler belli bir derejede özbaşdaklygyny saklanda, beýleki sözlemlerden nokatly otur bilen aýrylýar: "Gum tozaýar, oba ýazlaga göçýär; ýene-de şu gola göçüp gelýär" (N.Saryhanow. Saýlanan eserler).

2. Sözlemde deňdeş agza bolup gelen düşünjeler öz içlerinde belli bir meňzeşlikleri, ýakynlyklary, tapawutlydyklary boýunça deňdeş agzalaryň beýlekilerinden tapawutlanýarlar. Ýazuwda şuny görkezmek üçin hem nokatly otur goýulýar: "Gyz-gelinler dürli-dürli otlary ýygyp, ýene belent-belent alaňlaryň üstüne çykdylar; ýüzlerini şemala tutuşyp, töwerege syn etdiler...".

## *Keseçyzygyň ulanylýan ýerleri*

1. Sözlemiň baş agzalarynyň arasynda grammatiki taýdan berk baglanyşyk bolmasa, olaryň arasynda keseçyzyk goýulýar: "Halkyň ýoly – Hakyň ýoly" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama); "Türkmen halkynyň tugy – ary-namysy" (şol ýerde); "Bu – bir tarapdan" (şol ýerde).

2. Iki sany wagt, orun ýa san görkezýän sözüň arasynda keseçyzyk goýulýar:

"Türkmenabat – Atamyrat";

"Sanjar–Bitaraplyk".

3. Deňdeş agzalary jemleýän söz yzdan gelende, jemleýji sözden öň keseçyzyk goýulýar: "Seljuklar hem Magtymguly, osmanlylar hem Görogly – **bular** bir-birinden bihabar ýaly-ha görünýän däldir?" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

4. Baglaýjysyz goşma sözlemleriň düzüm böleklerinden aňlanylýan pikir özara deňeşdirilende, bir-birine garşylykly goýlanda ýa-da birinji böleginden aňlanylýan pikiri ikinjisi düşündirende, bularyň arasynda hem keseçyzyk goýulýar: "Gözel garrar – sünbül gider / Agaç garrar – bilbil gider" (Nakyllar we atalar sözi).



5. Giriş sözlemleri sorag, ýüzlenme we sorag-ýüzlenme heňinde aýdylyp, esasy sözlemiň ortasynda gelende, olar keseçyzyk bilen esasy sözlemden aýrylyp ýazylýar:

"Ata-babalarymyzyň öňünde men-menlik etmek, olaryňka pitjiň atmak niýetim ýok – **Hudaý saklasyn**! – ýöne Oguznamalaryň döwründen tapawutlylykda Ruhnamanyň döwri taryhy özakymlylygyň däl-de, taryhy döredijiliginiň döwrüdir" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

6. Başganyň gepi gepleşik görnüşinde berlende, köplenç, keseçyzyk bilen setir başyndan ýazylýar:

"– Adamlaryň ymtylmazlygy lazym bolan närseler nämedir? – diýip, Buzurgmehrden sorapdyrlar:

Ol şeýle jogap beripdir:

– Näkesleriň öwgüsini eşitmezlik, namart kişilerden umyt etmezlik" (Türkmen gündogary. 29.12.2001).

7. Eger başganyň gepi awtoryň sözi bilen "diýip", "diýen", "diýdi" ýaly sözler bilen baglanyşýan bolsa, onda başganyň gepinden soň, baglaýjy sözlerden hem öň keseçyzyk goýulýar:

"Gyzym, meniň barmaly ýerim köp, näme baýlyk gerek bolsa, dile, men gitmeli – **diýipdir**" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

## *Goşadyrnagyň ulanylýan ýerleri*

1. Göni gep goşadyrnaga alnyp ýazylýar:

"Geýim adamy bezeýär, göze mährem görkezýär. Özüňize gelişýän eşikleri geýniň" **diýip**, Nuh pygamber tabşyrýardy" (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama).

2. Ýaňsa alynýan sözler goşadyrnaga alynýar: "Pälwan" iş bitirdi"; "Görmegeý" ýigit tanyşlyk berdi".

3. Sözlemde gazet-žurnallaryň, buggämileriň (parohodlaryň) zawodlaryň, fabrikleriň, kitaplaryň we ş.m. atlary goşadyrnaga alnyp ýazylýar: "Edebiýat we sungat" hepdeligi"; "Garagum" žurnaly.

4. Orden we medallaryň atlary goşadyrnaga alnyp ýazylýar:

"Galkynyş" ordeni"; "Gaýrat medaly"; "Watana bolan soýgüsi üçin" diýen medal".

5. Göçme manyda ulanylýan käbir sözler goşadyrnaga alynýar: "Ak altyn"; "Gara altyn".

### *Ýaýyň ulanylýan ýerleri*

1. Sahna eserlerinde gatnaşýan gahrymanlaryň etmeli hereketlerine degişli awtoryň bellikleri ýaý içine alnyp ýazylýar: "**Amanow**. Ýok-ýok. Meň edip biljek zadym ýok. Hanha, özi edipdir, goý, özem jogap bersin" (Gidýär).

**Bossan**. (dergezap bolup, Seýidowa topulýar). Meň ärimi nä güne saldyň?..

**Seýidow**. Ýok, köşeşiň…

(Perde ýapylyp-açylýar. Seýidowyň özi şol öňki jaýynda işläp otyr. Birazdan gapy kakylýar).

**Seýidow**. Giriberiň".

2. Düşündirişler ýaý içinde berilýär. Awtor düşnüksiz hasaplan sözlemini ýa-da sözüni ýaý içinde düşündirýär: "Şygryýet (goşgy bilen ýazylan eserler) gün-günden ösýär".

3. Alnymdan soň awtoryň we eseriň ady ýaý içinde görkezilýär: "Altmyş, ýetmiş, ýüzden aňry ýaş bolmaz" (Magtymguly. Saýlanan eserler).

4. Şol sözlem bilen grammatiki taýdan baglanyşmaýan sözleriň we sözlemleriň (sokma sözler we sokma sözlemler) ýaý içine alnyp görkezilişi bar: "Men düýn Amany (ol barada soň gürrüňleşeris) gördüm"; "Gözel düýn (aýtmak ýadymdan çykypdyr) saňa köp garaşdy".

5. Dürli sebäplere görä sözlemiň içinde sorag, ýüzlenme belgileriniň ýaý içinde goýulmagy mümkin. Awtor şularyň üsti bilen şol söze ýa-da sözleme okyjynyň ünsüni çekýär we özüniň şübhelenýänligini, geň galýanlygyny, düşünmeýänligini mälim edýär.

6. Tertip görkezmek üçin sanlaryň we harplaryň soňunda ýaýyň ýapylýan bölegi goýulýar: "Werziş meselesi: a) ýeňil atletika; b) göreş".



## EDEBIÝAT


**Saparmyrat Türkmenbaşy**. Ruhnama. – Aşgabat, 2001.

**Гаджиева Н.З.** Бессоюзные сложные предложения в современном азербайджанском языке. // Исследования по синтаксису тюркских языков. – М.: ИВЛ, 1962. С. 3–23.

**Nartyýew N.** Baglaýjysyz goşma sözlem. – TSSR YA-nyň habarlary. Jemg. Ylyml. seriýasy, 1973. №5. 53–58 s.

**Nartyýew N.** Baglaýjysyz goşma sözlemiň gurluşy // Türkmen diliniň we dialektologiýasynyň problemalary. – Aşgabat, 1974. 9–20 s.

**Nartyýew N.** Çylşyrymly goşma sözlemiň gurluşy // Türkmen diliniň we dialektologiýasynyň meseleleri. – Aşgabat, 1978. 24–37 s.

**Nartyýew N.** Häzirki zaman türkmen dilinde goşma sözlemiň gurluşy. III bölüm. Baglaýjysyz goşma sözlem. – Aşgabat, 1982.

**Nartyýew N.** Çylşyrymly goşma sözlem // Häzirki zaman türkmen dilinde goşma sözlemiň gurluşy. – Aşgabat, 1982. 71–83 s.

**Nartyýew N.** Düzüm // Häzirki zaman türkmen dilinde goşma sözlemiň gurluşy. – Aşgabat, 1982. 84 –97 s.

**Nartyýew N.** Başganyň gepi // Häzirki zaman türkmen dilinde goşma sözlemiň gurluşy. – Aşgabat, 1982. s. 98–117.

**Nartyýew N.** Punktuasiýa // Häzirki zaman türkmen dilinde goşma sözlemiň gurluşy. – Aşgabat, 1982. 118–132 s.

**Нартыев Н.** Строй сложного предложения в современном туркменском языке: Автореф. докт. дис. – Баку, 1984. С. 49.

**Nartyýew N., Berdiýew D.** Häzirki zaman türkmen dilinden praktiki işler. – Aşgabat, 1972.

**Nartyýew N., Berdiýew D., Myradow A.** Dyngy belgiler we olara degişli gönükmeler. – Aşgabat, 1993.

**Nartyýew N., Penjiýew M., Myradow A.** Häzirki zaman türkmen dili. Sintaksis. – Aşgabat: Ylham, 1998.

**Nartyýew N., Berdiýew D., Myradow A.** Häzirki zaman türkmen dili. Gönükmeler ýygyndysy. – Aşgabat: Ylham, 1998.

Резолюция II Лингвистического съезда ТССР по вопросам орфографии, пунктуации и терминологии туркменского литературного языка (09.10.1954). – Ашхабад, 1956. С. 48.

# MAZMUNY

Sözbaşy ........ 9
Giriş ........ 14

## SÖZ DÜZÜMI

Söz düzüminiň görnüşleri ........ 19
Eýerjeňli baglanyşyk ........ 20
Sintaktik gatnaşyklar ........ 21
Sintaktik baglanyşygyň tärleri ........ 22
Ýanaşma ........ 22
Dolandyrma ........ 24
Ylalaşma ........ 25
Ýönekeý we çylşyrymly söz düzümleri ........ 27
Söz düzümleriniň toparlara bölünişi ........ 28

## SÖZLEM

Sözlem gurluşy ........ 29
Sözlemiň alamatlary ........ 38
Sözlemiň görnüşleri ........ 44
Habar sözlemi ........ 44



Tassyklaýjy sözlemler ........ 45
Inkärleýji sözlemler ........ 49
Analitiki inkärleýji sözlemler ........ 49
Sintetiki inkärleýji sözlemler ........ 52
Buýruk sözlemi ........ 52
Sorag sözlemi ........ 57
Ýüzlenme sözlemi ........ 66
Edebiýat ........ 74

## SÖZLEM AGZALARY

Umumy maglumat ........ 77
Sözlemiň baş agzalary ........ 78
Eýe ........ 78
Habar ........ 81
Eýe bilen habaryň ylalaşmagy ........ 85
Sözlemiň aýyklaýjy agzalary ........ 86
Aýyrgyç ........ 86
Doldurgyç ........ 89
Ahwalat ........ 92
Anyklaýjy ........ 97

## SÖZLEMIŇ GRAMMATIKI TAÝDAN BAGLANYŞMAÝAN AGZALARY

Giriş sözler ........ 99
Ýüztutma sözler ........ 101
Ümlükler ........ 102

## SÖZLEMIŇ ÝAÝBAŇLANDYRYLAN AGZALARY

Umumy maglumat ........ 103
Ýaýbaňlandyrylan eýe ........ 104
Ýaýbaňlandyrylan habar ........ 107
Ýaýbaňlandyrylan aýyrgyç ........ 107
Ýaýbaňlandyrylan doldurgyç ........ 110
Ýaýbaňlandyrylan göni doldurgyç ........ 111
Ýaýbaňlandyrylan gytak doldurgyç ........ 112
Ýaýbaňlandyrylan ahwalatlar ........ 113
Wagt ýaýbaňlandyrylan ahwalaty ........ 113
Orun ýaýbaňlandyrylan ahwalaty ........ 118
Hal ýaýbaňlandyrylan ahwalaty ........ 119
Sebäp ýaýbaňlandyrylan ahwalaty ........ 121
Maksat ýaýbaňlandyrylan ahwalaty ........ 124
Şert ýaýbaňlandyrylan ahwalaty ........ 124
Gaýdym ýaýbaňlandyrylan ahwalaty ........ 125
Meňzetme ýaýbaňlandyrylan ahwalaty ........ 127
Deňeşdirme ýaýbaňlandyrylan ahwalaty ........ 128
Mukdar ýaýbaňlandyrylan ahwalaty ........ 129

## SÖZLEMIŇ DEŇDEŞ AGZALARY

Umumy maglumat ........ 131
Deňdeş agzaly sözlemlerde baglanyşyk ........ 132
Heň arkaly baglanyşýan deňdeş agzalar ........ 132
Düzmeli baglaýjylar arkaly baglanyşýan deňdeş agzalar ........ 133
Ugurdaşlygy görkezýän baglaýjylar arkaly baglanyşýan deňdeş agzalar ........ 133
Bölünişigi görkezýän baglaýjylar arkaly baglanyşýan deňdeş agzalar ........ 140
Garşylygy görkezýän baglaýjylar arkaly baglanyşýan deňdeş agzalar ........ 145

## DEŇDEŞ AGZALARYŇ GÖRNÜŞLERI

Umumy maglumat ........ 146
Deňdeş agzalarda jemleýji sözleriň ulanylyşy ........ 148
Aýratynlanma ........ 149
Aýratynlanan agzalaryň görnüşleri ........ 156
Aýratynlanan eýe ........ 156
Aýratynlanan habar ........ 156
Aýratynlanan aýyrgyç ........ 157
Aýratynlanan doldurgyç ........ 158
Aýratynlandyrylan ahwalatlar ........ 158
Sözlemde sözleriň tertibi ........ 159
Edebiýat ........ 162

## ÝÖNEKEÝ SÖZLEMIŇ GURLUŞY

Umumy maglumat ........ 165
Ikidüzümli sözlem ........ 166
Ikidüzümli işlik sözlemi ........ 166
Sada habarly ikidüzümli işlik sözlemi ........ 166
Goşma habarly ikidüzümli işlik sözlemi ........ 169
Ikidüzümli isim sözlemi ........ 172
Sada habarly ikidüzümli isim sözlemi ........ 173
Goşma habarly ikidüzümli isim sözlemi ........ 173

Birdüzümli sözlem ........ 174
Birdüzümli işlik sözlemi ........ 175
Eýesi mälim sözlem ........ 175
Eýesi nämälim sözlem ........ 176
Eýesi umumy sözlem ........ 179
Eýesiz sözlem ........ 182
Birdüzümli isim sözlemi ........ 185
At sözlemi ........ 185
Söz sözlemi ........ 187
Ümlük sözlemi ........ 191
Ýüztutma sözlemi ........ 196

## DOLY WE DOLY DÄL SÖZLEMLER

Umumy maglumat ........ 201
Doly däl sözlemleriň döreýiş çeşmeleri ........ 202
Doly däl sözlemleriň görnüşleri ........ 209
Eýesi galdyrylan doly däl sözlemler ........ 209
Habary galdyrylan doly däl sözlemler ........ 210
Aýyrgyjy galdyrylan doly däl sözlemler ........ 211
Doldurgyjy galdyrylan doly däl sözlemler ........ 211
Ahwalaty galdyrylan doly däl sözlemler ........ 212
Birnäçe agzalary galdyrylan doly däl sözlemler ........ 212
Edebiýat ........ 214

## GOŞMA SÖZLEM

Umumy maglumat ........ 217



## DÜZMELI GOŞMA SÖZLEM

Umumy maglumat ........ 222
Düzmeli goşma sözlemleriň toparlara bölünişi ........ 228
Ugurdaşlygy görkezýän baglaýjylar arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlem ........ 229
Bölünişigi görkezýän baglaýjylar arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlem ........ 232
Garşylygy görkezýän baglaýjylar arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlem ........ 234
Edebiýat ........ 239

## EÝERJEŇLI GOŞMA SÖZLEM

Umumy maglumat ........ 240
Eýerjeňli goşma sözlemiň gurluşy ........ 245
Eýerjeňli goşma sözlemleriň baglanyş tärleri ........ 249
Eýerjeňli goşma sözlemleriň toparlara bölünişi ........ 252
Eýerjeňli goşma sözlemleriň görnüşleri ........ 257
Eýe eýerjeňli goşma sözlem ........ 257
Habar eýerjeňli goşma sözlem ........ 259
Aýyrgyç eýerjeňli goşma sözlem ........ 260
Doldurgyç eýerjeňli goşma sözlem ........ 265
Wagt eýerjeňli goşma sözlem ........ 268
Hal eýerjeňli goşma sözlem ........ 274
Netije eýerjeňli goşma zözlem ........ 280
Orun eýerjeňli goşma sözlem ........ 283
Sebäp eýerjeňli goşma sözlem ........ 284
Maksat eýerjeňli goşma sözlem ........ 285

Şert eýerjeňli goşma sözlem ........ 286
Gaýdym eýerjeňli goşma sözlem ........ 290
Mukdar eýerjeňli goşma sözlem ........ 292
Meňzetme eýerjeňli goşma sözlem ........ 293
Degşirme eýerjeňli goşma sözlem ........ 293
Düşündirme eýerjeňli goşma sözlem ........ 295
Edebiýat ........ 297

## BAGLAÝJYSYZ GOŞMA SÖZLEM

Umumy maglumat ........ 300
Baglaýjysyz goşma sözlemleriň toparlara bölünişi ........ 304
Sanama heňi arkaly baglanyşýan baglaýjysyz goşma sözlem ........ 304
Degşirme heňi arkaly baglanyşýan baglaýjysyz goşma sözlem ........ 306
Şertlendirme heňi arkaly baglanyşýan baglaýjysyz goşma sözlem ........ 308
Düşündirme heňi arkaly baglanyşýan baglaýjysyz goşma sözlem ........ 309

## ÇYLŞYRYMLY GOŞMA SÖZLEM

Umumy maglumat ........ 313
Çylşyrymly düzmeli goşma sözlem ........ 313
Çylşyrymly eýerjeňli goşma sözlem ........ 314
Çylşyrymly baglaýjysyz goşma sözlem ........ 316
Çylşyrymly garyşyk goşma sözlem ........ 318
Düzüm ........ 320
Başganyň gepi ........ 323



Göni gep ........ 324
Gytak gep ........ 326
Ortak gep ........ 237

## DYNGY BELGILER

Umumy maglumat ........ 331
Nokat ........ 331
Ikinokat ........ 333
Köpnokat ........ 334
Sorag belgisi ........ 335
Ýüzlenme belgisi ........ 335
Sorag-ýüzlenme belgisi ........ 336
Otur belgisi ........ 336
Hokatly oturyň ulanylýan ýerleri ........ 340
Keseçyzygyň ulanylýan ýerleri ........ 340
Goşadyrnagyň ulanylýan ýerleri ........ 341
Ýaýyň ulanylýan ýerleri ........ 342
Edebiýat ........ 343

**N.Nartyýew, M.Penjiýew, A.Myradow**

# HÄZIRKI ZAMAN TÜRKMEN DILI

## Sintaksis

Jogapkär redaktory *B.Weýisow*
Redaktory *G.Ataýewa*
Operatory *L.Tokar*
Tehredaktory *M.Hudaýgulyýew*

Ýygnamaga berildi 18.06.2001. Çap etmäge rugsat edildi 16.10.2002. Ölçegi $60\times84^{1}/_{16}$. Şertli çap möçberi 20,9. Hasabat-neşir möçberi 18,47. Sany 1500. Neşir 52. Sargyt № 232.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky YTÝG-niň "Ylym" neşirýaty. 744000, Aşgabat, Bitarap Türkmenistan köç., 15.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky YTÝG-niň çaphanasy. 744012, Aşgabat, Esgerler köç., 92a.